**Türkmenistanyň Bilim Ministrligi**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**A.Gubaýew,  MGurbanow**

# Umumy Arheologiýa okuw kitaby

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

**Aşgabat-2010**

## *Giriş.*

## Gadymy mirasymyzyň Täze Galkynyşlar eýýamynda öwrenilişi.

Türkmenistan Garaşsyzlygyny alanyndan soň jemgyýetiň ähli gatlagynda bolşy ýaly taryhçylarymyza hem dünýä derjesinde türkmen taryhynda ornyny kesgitlemäge giň mümkinçilik döredi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň üstümizdäki ýylyň dowamynda türkmeniň ýer asty we ýer üsti baýlygyny öwrenmek üçin 31 sany halkara ylmy maslahaty geçirmek baradaky kararyna gol çekmegi hem Hormatly Prezidentimiziň ynsanperwerliginiň halkymyzyň gahrymançylygyny geçmişini çuňňur öwrenmek üçin ýörite ylmy taglymat işläp düzüldi. Aspirantura, doktorantura halkara derjesinde geçirilen ylmy maslahatlara iberen gutlag hatlaryndaky taryhy gözleg halkymyzyň ruhuny galkyndyrdy. Dünýäniň dürli künjeklerinden gelen adamlaryň türkmen milli sungatynyň gözbaşynyň taryhyň has gadymy zamanlardan alyp gaýdýandgyny arheologiki taryhy we antropologiki tassyklaýjy maglumatlar esasynda erkin öz pikirlerini beýan etdiler. Türkmeniň geçmiş taryhyny dikeltmek boýunça Garaşsyzlyk ýyllarynda has takygy milli Galkynyşlar döwründe geçirillýän ylmy gözlegler türkmen halkyny milli ruhy taýdan has hem ýokary galdyrandyr. Biziň Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen döwletini ösdürmek, berkitmek bilen ony dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşmak üçin milli Galkynyşlar zamananyň maksatnamasyny täzeçe işläp düzende milli taryhymyza uly orun berdi.

Türkmen topragynda biziň eýýamymyzdan öňki VI müňýyllygynda has takygy VII-VIII müňýyllygyndan ozal Türkmenistanyň ýerinde ylaýtada Köpetdag eteklerinde ekerançylyk ösüp, ol bu medeniýetiň gadymy medniýetleriň biri hasaplanýar. Şonuň ýaly hem Änew topragynda ak bugdaýyň ýetişdirilendigi bardaky maglumatlar hem türkmen

topragynyň gadymy gündogarda irki ekerançylyk medeniýetleriniň biri bolandygynyň aýdyň şaýadydyr.

Arheologiki gazuw barlag işleriniň netijesinde häzirki Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabyndaky Pessejikdepe we Aşgabat şäheriniň demirgazyk gündogaryny Jeýtundepe ýadygärliklerinden dürli tapyndylar bilen birlikde bugdaý we arpa däneleri olaryň guma siňen samanlary alymlar tarapyndan öwrenildi. Biziň şu gysgajyk maglumatlarymyzda ýatlamaly zatlaryň biri ol hem bolsa biziň eýýamymyzdan öňki VI müňýyllyklarda Türkmenistanyň ýerinde şol önümleri kimler öwrenipdir. Şol gadymy ýadygärliklerinden öwrenilen arheologiki tapyndylar bilen birlikde adam kelleçanaklary antropolog alymlar tarpyndan öwrenilip, şolaryň şü günki türkmeniň kelleçanagyna çalymdaşdygyny dünýäniň belli alym antropologlary doly kesgitleme berdiler. Dogrusyny aýtsak bu çaklama ozaldan ylymda bardy, ýöne bu önümleri öndüren şol döwürde ýaşaýan adamlar diýen kesgitleme bardy. Garaşsyzlyk ýylarynda şol ýaşan adamlar diýen sözüň ýerine türkmenler diýen adalatly söz girizildi. 1904-nji ýylda Änew galasynda Pampelli tarapyndan geçirilen gazuw agtaryş işleriniň netijesinde Gadymy Änew galasyndan arheologiki tassyklaýjy tapyndylar bilen bir hatarda öwrenilen adam kelleçanaklary şu günki Britan muzeýinde saklanyp, ol antropolog alym tarpyndan öwrenilip, olary Don Fosefal süýri kelle görnüşinde bolmagy şu günki türkmeniň şeýle alamatlarynyň biridigini Ýewropanyň we Aziýanyň antropolog alymlarynyň dünýä ylmyna doly we anyk kesgitleme berdiler. Beýik Galkynyşlar we Täze Özgetmeler zamanasynda türkmen ylmynda bolan täsinlikleriň ýenede biri b.e.öň VI müňýyllygyň ortalarynda ýaşan adamlaryň durmuşynda jemgyýetiň gadymy taryhynda Merkezi Aziýada ilkinji gezek Türkmenistanyň ýerinde “Öndürijiliksiz hojalykdan öndürijilikli hojalyga geçiş döwrüniň bolmagy türkmen halkynyň Beýik Galkynyşlar zamanasyndaky gazanan zähmet üstünlikleriniň gözbaşynyň

taryhyň has gadymy zamanlaryndan başlanandygyna göz ýetirmek bolýar. Bu okuw gollanmasyny taýýarlamakda Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň, Taryh inistutynyň baş ylmy işgäri, taryh ylymlarynyň doktory Hemra Yusubowyň günorta-günbatar we Uzboý boýlaryndan ilkinjileriň biri bolup taryhyň has gadymy zamanlaryna (daş-mis) degişli arheologiki ýadygärlikleri öwrenen alymyň işlerinden, şonuň ýaly hem Arheologiýa we Etnologiýa Inistitutynyň bölüm müdiri belli Türkmen Numizmanty Dosent Tirkiş Hojanyýazow tarapyndan öwrenilýän tezisleri şu okuw gollanmasynda ulanmaklyga mümkinçilik döretdiler. Siziň dykgatyňyza hödürleýän "Arheologiýanyň esaslary" atly okuw gollanmasynda Türkmenistanyň dürli künjeklerinden alym arheologlar tarapyndan öwrenilen we çap edilen tapyndylary mümkin boldugyndan ulanyldy.

Umumy arheologiýa dersiniň esasy maksady Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taryhy çykyşlaryndan ugur alyp türkmeniň geçmiş taryhyny arheologik esasda talyplara düýpli öwretmekdir. Hormatly Prezidentimiz :"Türkmenistan-Änew, Altyndepe, Margiana, Ürgenç, Maşat-Misirýan, Sarahs, Ferawa, Şährislam, Şähri-Bossan, Amul, Namazgadepe, Abywerd, Nusaý we köpsanly beýleki ýadygärlikler ýaly dünýä ylmynyň üns merkezinde duran, özüne müňýyllyklaryň taryhyny siňdiren ýüzlerçe arhitektura we arheologiýa ýadygärliklerine, medeni-ruhy gymmatlyklara baý ülke" diýip belleýşi ýaly, Ata Watanymyz Türkmenistan gadymy we orta asyrlara degişli arheologik ýadygärliklere diýseň baýdyr. Olaryň her biri ýurdumyzyň gadymy we orta asyr taryhyny öwrenmekde möhüm ýadygärlikler hasaplanýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň gadymy we orta asyr taryhynyň arheologik esasda öwrenmegiň köp sanly meseleleri bar. Şolaryň esasylaryda gadymy paleolit, mezolit, neolit, eneolit, bürünç asyry, demir asyry we orta asyr zamanlarynyň

taryhy maglumatlaryny beýan edip, halka ýetirmekde gadymy ýadygärlikleriň arheologik taýdan öwrenilişini we olaryň bu ugurda wajyp ornuny ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Şeýle hem Hormatly Prezidentimiziň "Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy" atly taryhy eserinde: "Türkmen halky adamzadyň gadymy döwürlerinden bäri dünýäniň medeni-ruhy, ykdysady ösüşine ummasyz goşant goşan halkdyr. Biziň baý hemde gadymy mirasymyz , bahasyna ýetip bolmajak medeni ruhy gymmatlyklarymyz bar" diýip belleýşi ýaly, türkmen halkynyň geçmişde dünýäniň beýleki ýurtlary bilen alyp baran ykdysady, syýasy gatnaşyklary, ata-babalarymyzyň dünýäniň gadymy swilizasiýalary bilen alyp baran ykdysady syýasy gatnaşyklary, ata-babalarymyzyň dünýäniň gadymy swilizasiýalarynyň ösüşine goşan goşandy baradaky maglumatlary açyp görkezmek we bu ugurda talyplara düýpli bilim bermek dersiň maksadydyr. Arheologiki maglumatlar esasynda Türkmenistanda dörän swilizasiýalary Gadymy Gündogaryň ösen swilizasiýalary bilen deňeşdirmeleri (sinhronizasiýa) geçirmek usulyny talyplara öwretmek dersiň meseleleriniň biridir. Türkmenistanyň çäklerinde 1million, 800 müň ýyl mundan öň adamlaryň ýaşanlygyna Hazar deňziniň kenar ýakalaryndan (Girkaniýadan), Jebel gowagyndan, Damdam çeşmeden, Murgabyň ýokary akymlaryndan (Tagta-Bazar) we Uzboýdan, Bathyzdan, Köýten dagyndan tapylan, çakmak daşdan ýasalan iş gurallary güwä geçýär. Bu ders arheologiki barlag işleriniň netijesinde türkmeniň medeniýetiniň we sungatynyň iň gadymy ojaklarynyň biri günorta Türkmenistanda irki ekerançylyk medeniýetiniň gelip çykyşy baradaky wajyp meseleleri çözmäge ýardam edýär. Çünki Günorta Türkmenistan alymlar tarapyndan dünýäniň gadymy ösen swilizasiýalarynyň bäşinjisi hökmünde yglan edildi.

Dürli döwürlerde türkmen topragy bol hasyl getirýän ekinleriń, miweli agaçlaryń, ýaşaýyş üçin gymmatly ot çöpleriń

ajaýyp mesgeni bolupdyr. Türkmenistanyň ýerleri bäş müń ýyl mundan ozal dänelik ot-iýmlik, bakja, ýagly-kösükli ekinleriń, ir-iýmişleriń ençeme görnüşleriniń döräp, sońra başga ülkelere-de ýaýran ýeridi.

Şu günem özüniń tebigatynyń gözelligi, köp öwüşginliligi, özboluşlulygy, ösümlikleriń seýrek duş gelýän görnüşleri bilen häsiýetlendirýän diýarymyz köpleri haýran galdyrýar. Çylşyrymly suwaryş ekerançylygy esasynda azyk önümleriniń öndürilip başlanmagynyń ilkinji döwürleri biziń ýurdumyz bilen, hususan-da, onuń dag etek, derýaýaka ýerleri bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.

Oguz han Türkmeniń döwründen başlap, türkmenler giń sonarly, gül-pürçükli sähralarda ýaşapdyrlar, ýazlamaga ýazlaklara çykypdyrlar, gyşyna gyşlaklarda bolupdyrlar. “Garahan (Oguzyń kakasy) ýaz paslyny Ur dag, hem Kör dag diýen daglarda geçirdi. Häzir oňa Ulydag we Kiçi dag diýýärler. Ol gyş paslyny Ýedi derýanyň aýaklarynda Bursukda geçirerdi” diýip, Hywa hany, taryhçy Abulgazy Bahadyr ýazýar. Mukaddes Ruhnamada şeýle ýazylýar: “Oguz han döwründe biziń ata-babalarymyz dag eteklerine, Bäherden taraplaryna Durun taraplaryna ýazlamaga geler ekenler, ol ýerler biziń halkymyzyń oturymly ýerleridir. Dagdaky arçalary çapmak günä hasaplanypdyr”.

Köpetdagyń belentliklerinde, we eteklerinde peýwagtyna ösüp, inini alyp, ep-esli boýa galan şol arçalaryń sońra, XIX asyryń 80-90-njy ýyllarynda, Zakaspi demir ýolunyń gurlan döwründe çapylyp, relsleriń düşekleri (sypallary) hökmünde ulanylandygyny aýdasymyz gelýär. Halkymyz topragyny-ýerini, onuń baýlyklaryny eý görüpdir, gorapdyr, ýaşaýşyń gözbaşynyń şondadygyna gowy düşünipdir, her daban ýeri ekip, bejerip, köp zähmet sińdiripdir. Bu zatlar düýp babamyz Oguz handan gaýdýar. Onuń toprak, ýer-suw barada aýdanlary “Oguzhanyń ýörelge kitabyna” girip, biziń günlerimize gelip ýetdi.

Taryhy çeşmelerimize türkmen topragynyń bereketlidigi, görklüdigi barada gadymy döwrüń taryhçylary Diodor (b.e.öńki I asyr), Strobon (b.e. I asyr) gymmatly maglumatlar galdyrypdyrlar. Diodor şeýle ýazýar: Aleksandr Makedonskiý Girkaniýanyń ähli şäherlerini basyp almak bilen "Bagtly ilat" diýen ýere ýetdi. Dünýäniń hiç bir ýurdy özüniń baýlygy hem-de täsin miweleri bilen ońa taý gelip bilmez. Girkaniýa köp şäherli, gaty uly, mes toprakly, düzlük ýurt. Bir düýp üzümiń hasyllylygy 450 kilogram, injirińki 3 tonna barabar bolýar. Orak wagty ýere dökülýän däneler bolsa geljek ýylyń bol hasylynyń düýbüni tutmaga bolelin ýetýär. Ol ýerde dub agajyna meńzeş daragt bar. Onuń ýapraklaryndan bala meńzeş suwuklyk akýar. Ýerli ilat ony iýmit üçin peýdalanýar. Tokaýlarda balçylyk bilen meşgullanýarlar". Mukaddes Ruhnamada ýene şeýle maglumatlar getirilýär: "Cöller bilen gurşalan oazis Marg derýasy bilen suwarylýar. Margiananyń ýerleri örän täsin. Ol ýerde bitýän üzümler örän ajaýyp, olaryń her hoşasy iki tirsek boýuna çenli ýetýär. Bu üýtgeşik mes toprakly oazisi goramak üçin Antioha Soter onuń daşyna ini 5,2 metr bolan, uzynlygy 250 kilometre ýetýän beýik haýat aýlady".[2] Dińe bir soňky 5-6 ýylyň içinde miweli we saýaly agaç nahallarynyń 20 mln. düýbünden gowragy oturdyldy. Elbetde, şeýle çäreler ülkämizde howanyń arassalanmagyna, topragyń gowulanmagyna, ekin meýdanlarynyń gurplanmagyna uly täsirini ýetirýär. Mundan birnäçe müň ýyl öň gadymy Maryda (Margianada kenep ösümliginiń ösdürilip ýetişdirilendigi, ondan berkligi bilen ińńän tapawutlanýan inçe süýümleriń alnyp, matalaryń dokalandygy mälim boldy. Bu ösümlikden şeýle hem hoamin diýilýän suwuklyk alnyp, ondan dabaraly ýagdaýlarda içilýän içgiler ýasalypdyr. Kendir ösümliginiń Ýewropada dińe XVI asyrda peýda bolandygy bellidir. Öz döwründe hytaýlylar Türkmenistandan ýorunja tohumyny, üzüm çybyklaryny äkidipdirler. IV asyr Rim

[2] Şol ýerde, 179 s.

taryhçysy Ammian Marsellin özüniń “Taryhlar” diýen işinde türkmen topragy barada, Hazar deńziniń günorta-gündogaryndaky ýerler, olaryń ilaty barada şeýle ýazýar: “Ýerli ilat azalyń nämedigini bilmän duranok: mes toprakly käbir ýerlerde ekin ekilýär, munuń üçin amatly şertiń bar ýerinde bag hem bar”. Şu ýerde arheologlar tarapyndan geçirilýän gazuw-agtaryş işleriniń netijesiniń Ata-Watanymyzyń gadymy ekerançylyk medeniýetiniń ýokary derejede ösen ýeridigine şaýatlyk edýändigi barada durup geçmek has hem ýerlikli bolsa gerek.

Arhelogiýa ylmynyň şu günki ýeten derejesinde adamzadyň ilkinji yzlary Gündogar Afrikada-Keniýada, Tanzaniýada, Efiopiýada aýan edilen we 2,5-3 million ýyl bilen senelenilen, Ýewropa, Aziýa ýurtlaryna, şol sanda Türkmenistanyňam çäklerine aralaşan senesi bolsa 1million, 800 müň ýyllyk bilen kesgitlenýär. Ol gojaman zaman barada Mukaddes Ruhnamada: “Taňrynyň Zeminindäki ýaradan gudratlarynyň iň gudratlysy, iň kämili bolan ynsan millionlarça ýyllyk garaňky taryhynda gowaklarda ýaşap, tebigy güýçleriň garşysynya göreşip, ýaşaýyş üçin jeňňellerde garpyşyp, birek-birek bilen gyrlyşyp, orän ýowuz we gazaply möwrüti başdan geçirdi”[1] diýlip, takyk bellenilişi ýaly, 1 million, 800 müň ýyl mundan öň, Türkmenistanyň çäginde peýda bolan, adamzat, ilkidurmus zamanynyň soňky müňýyllyklarynda oturymlyga, ekerançylyga, maldarçylyga geçip ugraýarlar.

Merkezi Aziýada ilkinjileriň hatarynda, şol beýik özgerişlige geçilip ugralandygynyň alamaty, Aşgabatdan 28 çakyrym (çakyrym bir kilometr töwregi uzynlyk) demirgazyk-günbatarda ýerleşýän “Jeýtun medeniýeti” ady bilen dünýä meşhurlygyny gazanan mekanda aýan edildi. Jeýtun medeniýetiniň ýadygärliklerinden ýer işläp bejerilendigine şaýatlyk edýän gurallar tapyldy.Şeýle-de irki neolit eýýamynyň birnäçe ýadygärliklerinde duş gelýän irki ekerançylaryň daş

---

1 . Ruhnama. A., 2001.s. 20 .

kätmenleriniň uçluklary tapylypdyr.[2] Jeýtunlylar pagsadan (toýundan, palçykdan) we çig kerpiçden salnan inedördül görnüşli, giň otagdan ybarat jaýlarda ýaşapdyrlar. Emma Nuh zamanynyň miladydan öňki 13-9-njy müňýyllyklarynda, entek palçykdan ýasalan gaplaryň uly Balkanyň güneýinde ýerleşýän Jebel we Damdamçeşme gowaklarynyň aşaky medeni gatlaklary subut edýär.

Jeýtun, Änew, Pessejikdepe ýadygärliklerinde geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleri wagtynda aýan edilen gurluşykda ulanylan çig kerpiçde, pagsada, suwag laýlarynda bugdaýyň we arpanyň gabygy, teňnesi, gylçygy, sümmüli, samany we aýratynlykda dänesiniň tapylmagy şol zamanlarda rowaçlanan ekerançylygynyň bolandygynyň anyk şaýadydyr. Jeýtunda, Änewde, Pessejikdepede äsgär edilen bugdaýyň görnüşleriniň akbaşly, sünbülli we däneli bolandygy üçin, halk ony ak bugdaý diýip atlandyrypdyr. Şol ýadygärlikden tapylan bugdaý däneleriniň häzirki döwürde ösdürilip ýetişdirilýän ak bugdaýyň dänelerinden tapawudy ýok diýen ýalydyr. Diýmek mundan bäş müň ýyl ozal kämil ak bugdaý däneleri kemala gelipdir. Munuň ýaly bugdaýy, onuň tohumyny kemala getirmek üçin ata-babalarymyza bu ugurdan ençeme ýyllaryň tejribesiniň gerek bolandygy öz-özünden düşüniklidir. Sebäbi bir ýa-da iki üç ýyl ekerançylyk bilen meşgul bolup ýokary hili ( süýji tagymly, iýende siňňitli, bol hasylly, reňki ak …) kämil bugdaýy ösdürip ýetişdirip bolmaýar. Munuň şeýle bolandygyny günorta Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýäň täze daş we daş-mis asyrlaryna degişli ýadygärlikde geçirilen arheologik gazuw-agtaryş wagtynda gadymy ekerançylyk bilen baglanyşykly tapylan tapyndylar-da subut edýär.

Türkmenistan ak bugdaýyň Watany diýmek onuň ekerançylygyň gadymy ojagydygyny hem aňladýar. Ol oba

---

2 Очерки истории земледелия и аграрных отношений в Туркменистане (с древнейших времен до присоединения к России) -ашхабад.,1971. с.16

hojalygynyň gülläp ösmeginde uly orun tutýan ýeri işläp bejermegiň, suwy tygşytly ýagny gerekli möçberde peýdalanmagyň we ş.m. ilkinji tejribeleriniň şu ýerde jemlenip soň dürli gatnaşyklaryň we wagtyň geçmegi bilen dünýäniň köp ýerine ýaýrandygyny-da görkezýär. Sebäni bu ýerlerde irki ata-babalarymyzyň öz ýaşaýyş durmuşlaryny oňatlaşdyrmaklary üçin üçin oturymly ekerançylyk hojalygyny we irki ekerançylyk medeniýetini döretmeklerine hem-de ösdürmeklerine mümkinçilik berýän amatly tebigy şertler bolupdyr.” Eneolit ( daş-mis ) eýýamynda günorta Türkmenistandaky dag jülgeleri ýeterlik derejede hasylly bolupdyr. Günorta Türkmenistanda ygalyň düşýän ýerleri bolan daglaryň günbatar bölegi ösümlikler bilen basyrynypdyr. Üsti tekiz belentliklerde ýabany ösýän arpalyk meýdanlar ýaýylyp gidipdir. Köpetdagyň demirgazyk eňňidi uly bolmadyk dag derýajyklary we wagtlaýyn akýan sil akymlary bilen insiz jülgelere bölünipdir. Köpetdagyň demirgazy bilen Garagum çölüniň aralygyny gnligi 10-20 km. bolan gowşak ýapgytly düzlük meýdanlar tutupdyr.”[1]

Dag jülgeleri ekin üçin ýaramly bolan tokaýly we jyglym daşly, çal we takyr, sular bilen bir hatarda şorrak ( duzlyrak ) toprakly bolupdyr. Dag eteklerinde klimat ýiti kontinental bolup, demirgazyk tarapdan sowuk howa akymy jülgä giripdir. Ygalyň möçberi ujypsyz bolupdyr. Çyglygyň aşak derejesi 250mm.bolup, diňe dag eteklerinde ol 350-450mm.ýetipdir. Bu bolsa ekerançylyk meýdanlaryny suwarmak üçin uly bolmadyk derýalaryň we çeşmeleriň suwyndan peýdalanýan emeli suwarşyň zerurlygyna eltipdir. Ekerançylykda bir ýylda iki hasyl almagyň düýbüni tutmaga mümkinçilik beren ekinleriň ösüş döwri Gurbansoltan aýyndan Garaşsyzlyk aýyna çenli bolan ep-esli döwri öz içine alypdyr.

1 Очерки истории земледелия и аграрных отношений в Туркменистане ( с древнейших времен до присоединения к России ).- ашхабад, 1971. с 17

Türkmenistanyň ýerlerinde geçirilýän arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijeleri hem Watanymyzyň gadymy ekerançylyk medeniýetiniň dörän ýerleriniň biridigine güwä geçýär. Arheologik maglumatlarynyň şaýatlyk etmegine görä mundan 7-8 müň ýyl ozal Günorta Türkmrnistanyň ýerlerinde ýaşan ilatyň durmuşynda düýpli özgertmeler bolup geçipdir. Şol wagta çenli ýabany ösýän däneli ösümlikleriň dänelerini ýygnap iýmit hökmünde peýdalanyp gelen adamlar indi emeli usulda şol ekinleri ösdürip ýetişdirmeklige girişipdirler. Şeýlelikde täze daş eýýamynda Türkmenistanyň ýerlerinde adamzat jemgyýetiniň taryhynda uly osüşe-siwilizasiýa aýak basylýar. Ilkinji gezek Günorta Türkmenistanda, ýagny Köpetdagyň demirgazyk etekleri bilen Garagum çägelikleriniň arasyndaky ýerlerde ilat oturymly ýaşaýyşa geçip ekerançylyk bilen meşgul bolup başlapdyr. Bu barada akademiki W. M. Masson özüniň “ Türkmenistan dünýä taryhynyň aýnasynda ( Beýikligiň we şöhratyň üç eýýamy )”atly işinde şeýle diýip ýazýar: “ biziň eramyzdan ozalky VI müňýyllykda Günorta Türkmenistanyň çäklerinde Orta Aziýanyň we dünýäde iň gadymylaryň biri bolan gadymy ekerançylyk medeniýeti gülläp ösüpdir. Jeýtun adyny göterýän, has oňat öwrenilen we Aşgabadyň 20 kilometrlik demirgazyk-günbatarsynda ýerleşen ýadygärlik, tutuş medeniýet Jeýtun medeniýeti diýip at alypdyr. Jeýtun ýadygärliklerini giňden öwrenmäge baryp 50-nji ýyllardan başlandy. 1989-1992-nji ýyllarda bolsa Jeýtundaky işler iňlis hünärmenleriniň gatnaşmagynda täzeden başlandy, olar häzirki zaman seljeriş iş usullarynyň kömegi bilen ösümlik galyndylaryny we gadymy topraklary öwrendiler. Şu täze barlaglar şol döwürde hojalygyň esasy bolup ekerançylygyň hyzmat edendigini ynandyryjylyk bilen görkezýär. Ýazyň ýagyş-ýagmyryny saklaýan çöketlik meýdanlarda ýeke däneleýin bugdaý ekilipdir ”.[1]

---

[1] Masson W. M. Türkmenistan dünýä taryhynyň aýnasynda ( beýikligiň we şöhratyň üç eýýamy )-Aşgabat, 2000.9s.

Ekerançylyk bilen meşgul bolýan taýpalar kem-kemden ýagny ilat sanynyň köpelmegi bilen günorta Türkmenistanyň hemme ýerlerine ýaýrap, täze-täze ýerleri özleşdiripdirler.

Jeýtunlylaryň nesilleri b.e. öň V müňýylygyň ikinji ýarymynda Änewiň ( Ak bugdaý etraby ) demirgazyk depesi diýip atlandyrylýan ýerde uly bolmadyk oba esaslandyrypdyrlar. Änewiň demirgazyk depesinde ýaşaýyş uzak wagt dowam edipdir. Şonuň üçinem bu ýerde ekerançylyk bilen meşgul bolmak has kämilleşipdir.

Adamzat oturymlylyga geçmek bilen ilki dag derýajyklarynyň suwyndan peýdalanyp başlan bolsa, soňra kem-kemden Tejen derýasy ýaly derýalaryň bütin aşak akymlaryny hem özleşdiripdirler. Şeýlelikde Göksüýri oazisi ady bilen taryha giren ekerançylyk medeniýeti ýaly ýerler Türkmenistanda irki döwürlerde emeli suwarymly ekerançylygyň giň girime eýe bolandygyna güwä geçýär. Käbir alymlaryň pikirine görä Göksüride ýaşan ilat şol döwürde bir ýylda däneli ekinlerden iki hasyl almagy-da başarypdyrlar. Göksüri oazisinde ekin ekmeklik diňe suw joşgunlary peselenden soň başlanypdyr. Tejen derýasynda suw joşgunlary ( daşgynlary ) köplenç Nowruz-Gurbansoltan aýlarynda bolupdyr. Şonuň ücin ekin ekmeklik Gurbansoltan aýlarynda Magtymguly aýlarynyň başlarynda başlanypdyr. Bu wagtda toprakda entek ýeterlik mukdarda yzgar ( suw) saklanypdyr. Ýumşak topraga tohumy taýajyk bilen gaty aňsat ekipdirler. Gaty gysga wagtlyk ösüş döwründen soň ýagny eýýam Oguz aýynyň ahyrlarynda, güýçli tomus gurakçylygynyň başlanmagy bilen birinji hasyly ýygnapdyrlar. Şondan soň güýzlik ýagny bir ýylda ikinji gezek ekin ( arpa, bugdaý ) ekipdirler.Güýzlik ekiniň hasylyny Baýdak-Nowruz aýlarynda ýygnapdyrlar.

Hasylyň esasy köp bölegini güýzlik ekinlerden alypdyrlar. Baharda (ýazda) ekilen ekinler (arpa, bugdaý) köplenç hatardan çykýan (guraýan) eken. Sebäbi diňe joşgun suwlary ekiniň (arpanyň, bugdaýyň) ösmegini üpjün etmek ücin

ýeterlik bolmandyr. Ekinleri (arpany, bugdaýy) iň bolmanda iki gezek maýsa bolan ýagny gögeren wagty we baş çykaryp başlan wagty goşmaça suwarmak zerur bolupdyr.

Şeýleikde ekinleriň (arpanyň, bugdaýyň) ösüşiniň biologiýasy ekerançylaryň öňünde emeli suwaryş meselesini çözmegi goýupdyr. Şu we ş.m. beýleki tebigy şertlere görä dag etek zonalarynda, şeýle-de uly derýalaryň jülgelerinde ýaşaýan ilatyň arasynda emele hem-de ýarym emeli suwaryş desgalary has irki etaplarda ýüze çykypdyr. Munuň haykatdanam şeýle bolandygyny Göksüýri oazisinde uzunlygy birnäçe km çenli uzalyp gidýän kanallardyr-ýaplar gazylyp, Tejen derýasyndan suw alyp ekin meýdanlarynyň suwlandyrylandygy baradaky maglumatlar hem görkezýär.

Görşümiz ýaly ata-babalarymyz emeli usulda dürli suwaryş desgalaryny gazyp olardan suwarymly ekerançylykda peýdalanypdyrlar. Bu zatlar bolsa olaryň ekerançylykda baý tejribesiniň bolandygyny, özleriniň ata-baba gelýän gadymy kärlerini barha kämilleşdirendiklerini görkezýär.

## *Arheologiýa sapagyna giriş. Arheologiki çeşmeler. Arheologiki döwürlendiriş.*

“Arheologiýa” sözi 2 sany grek sözünden, ýagny “arhaýos” – gadymy, “logos” – ylym ýa-da söz bolup “gadymy ylym” diýmekdir. Emma şeýle terjime etmeklik onuň mazmunyna doly laýyk gelmeýär. Arheologiýa ylmy diňe adamzat jemgyýetiniň geçmişini öwrenýändir. Diýmek arheologiýa adamlaryň iş-hereketi esasynda galdyryp giden maddy-medeni yzlary boýunça ( iş gurallary, ýaşaýyş jaýlarynyň galyndylary, gap-gaçlar, ýollar, kanallar, köpriler, mazarlar we ş.m.) adamzat jemgyýetiniň uzak geçmişini öwrenýän ylymdyr.

Arheologiýany taryhdan bölüp aýyrmak bu dogry däldir. Bularyň ikisi bir ylymdyr. Ikisi hem adamzat jemgyýetiniň taryhyny öwrenýän ýeke-täk bir bitewi ylymdyr. Ikisiniň hem maksady birdir. Egerde adamzat jemgyýetiniň geçmişini taryh ylmy öwrenýär diýsek, onda arheologiýa onuň bir saldamly bölümidir.

Taryh ylmy umuman 2 hili çeşmäni ulanýar: adamlaryň galdyran harytlary hem-de ýazgy çeşmeleri.

Arheologiýa esasan hem adamlaryň galdyran harytlaryny öwrenýär. Adamzat taryhynyň köp döwründe entek ýazgy bolmandyr. Ýazgy diňe soňky 5-6 müň ýylyň dowamynda ulanylypdyr. Arheologiýany taryhdan bölüp aýyrmaklarynyň esasy sebäpleriniň biri-de şudur.

Adamzadyň döränine takmynan 3 million ýyl bolsa, şonuň 2 million 995 müň ýyly arheologiýa tarapyndan öwrenilýär.

Ýazgy çeşmeleri, aýratyn hem irki döwürler üçin üzlem-saplam bolup, yzygiderli maglumat berip bilmeýär. Şoňa görä-de soňky-giçki döwürler üçin hem arheologiýanyň roly uludyr.

Biziň günlerimize ýakynlaşdygymyzça ýazgy çeşmeleri-de baýlaşýar. Şoňa görä-de arheologiýa b.e. XVI-XVII asyrlaryndan soňky döwür üçin kän ulanylmaýar.

Diýmek, arheologiýa adamlar bilen bagly bolan haryt çeşmeleriniň esasynda adamzat jemgyýetiniň taryhyny, onuň ösüş kanunlaryny öwrenýän taryh ylmynyň bir bölümidir.

Arheologiki materiallar köplenç ýeriň aşagyndan gazylyp alynýar. Şoňa görä-de arheologlara pil bilen ýaraglanan taryhçylar diýýärler.

Arheologiki tapyndylar (gap-gaçlar, gurluşyk materiallary, peçler, küreler, obalaryň, şäherleriň galyndylary, iş gurallary, ruhy medeniýete degişli yzlar) gös-göni öndüriji güýçler bilen bagly bolup, önümçilik gatnaşyklaryny görkezýär. Adamzat her wagt öz zamanasyny häsiýetlendirýän zatlary öndüripdir. Adamlaryň öndürýän harytlary şol döwrüň ösüş derejesini, önümçilik gatnaşyklaryny, tehniki we akyl-paýhas derejesini gös-göni görkezýär. Şoňa görä-de arheologiki tapyndylar gadymy taryhy wakalary, hadysalary, umuman adamlaryň ýaşaýyş durmuşyny rekonstruirlemekde bahasyna ýetip bolmajak ylmy çeşmedir.

Arheologiýa tarapyndan öwrenilýän predmetler esasan hem gadymy guburlardan we adamlaryň ýaşap giden ýerlerinden tapylýar. Adamynyň barmadyk ýerinde arheologik material hem ýokdur.

Adamlar haýsy-da bolsa bir ýerde mesgen tutup ýaşap başlanda, ol ýerde şol döwre gabat gelýän durmuş-ýaşaýyş üçin ähli zerur zatlary edipdir: ojak gazmak, nahar bişirmek, ýaşaýyş jaýlaryny gurmak we ş.m. Ol ýerden göçüp gidiläýse, gazylan ojaklar, jaýlaryň galyndylary, döwük-ýenjik gap-gaçlar, süňkler galypdyr. Şol galyndylaryň esasynda arheologiýada giňden ulanylýan “medeni gatlak” emele gelipdir. Eger-de adamlar bir ýerde uzak wagtlap ýaşasa (meselem: asyrlar boýy), onda medeni gatlak hem galyň bolupdyr. Mysal üçin Gadymy Sarahs galasy: ol ýerde adamlar ilkinji gezek b.e.ö. I müň.ý.

ortalarynda mesgen tutupdyr. Soňra takmynan 2,5 müň ýylyň dowamynda üznüksiz ýaşaýyş bolupdyr. Netijede medeni gatlaklaryň umumy galyňlygy 20 m. ýetipdir. Gäwür galada medeni gatlaklaryň galyňlygy 13-15 m., Moskwanyň merkezinde 8 m. ýetýär. Umuman medeni gatlagyň galyňlygy birnäçe sm.-den 30-35 m. çenli bolup biler. Medeni gatlaklaryň emele gelşini biziň günlerimizde hem synlap bolýar. Mysal üçin käbir köçeler gazylanda düşelen asfaltyň birnäçe gatlagyny görmek bolýar. Medeni gatlak köp ýyllaryň dowamynda emele gelipdir. Şoňa görä-de has irki gatlaklar iň aşakda, giçki gatlaklar bolsa ýokarda ýerleşipdir.

**Arheologiki ýadygärlikleriň görnüşleri.** Arheologiki ýadygärlikleriň görnüşleri dürli-dürli bolup, olary guburlar, obalar, tehniki desgalar ýaly görnüşlere bölýärler. Öz gezeginde olar hem birnäçe tipe bölünýär.

***1.*** Guburlar-olar dürli döwürlerde adamlaryň dini ynançlary, dünýägaraýyşlary esasynda dürli usulda gurlupdyr: Esasy 2 görnüşi bardyr.

- ***A)*** ýer üsti desgasyz mazar.
- ***B)*** ýer üsti desgaly (kurganlar, mawzoleýler we ş.m.).

***2.*** Gadymy oturymly ýerler (obalar). Bu hem birnäçe tipe bölünýär.

- ***a)*** daşyna gorag diwarlary aýlanmadyk obalar.
- ***b)*** daşy gorag diwarly oturymly ýerler. Olara gala ýa-da şäherjik diýýärler.
- ***c)*** has irki döwürlerde awçylaryň, soňra çarwalaryň wagtlaýyn ýaşan ýerleri. Olara düşelgeler diýipdirler (стоянки п/б. людей.). Şeýle düşelgeler ilkidurmuş obşina jemgyýeti döwründe iş gurallary ýasalýan ýerlerde hem döräpdir.

3. Gadymy tehniki desgalar: ýollar, kanallar, köpriler, bentler, sardabalar we ş.m.

Arheologiki ýadygärlikleriň ähli görnüşleri öz döwrüniň adamlary we olaryň ýaşaýyş şertleri, durmuşy barada maglumat berýär. Çünki adamlar taryhyň ähli döwürlerinde özlerine zerur bolan, öz talaplaryna laýyk gelýän harytlary döredipdirler. Şoňa görä-de arheolog gadymy tapyndylary, galyndylary öwrenende gaty ymykly çemeleşmelidir. Arheologiýanyň esasy wezipesi gadymy döwürlerden saklanyp galan ýadygärlikleri öwrenmekdir. Ýeriň üstünde saklanyp gös-göni görnüp duran ýadygärlikler gaty azdyr. Şeýle ýadygärliklere gadymy şäherleriň galyndylary, mawzoleýler, kurganlar degişlidir (Mysal üçin, Gadymy Merw). Emma köp arheologiki ýadygärlikler mese-mälim göze görnüp durýan däldir (guburlar, düşelgeler, gadymy kerwen ýollary, suwaryş desgalary we ş.m.). Olary gözläp tapmaly bolýar. Şoňa görä-de arheologiki barlaglar adatça gözleg geçirmeklikden başlanýar. (Meselem- şurfowki, tranşen we ş.m.) Soňky wagtlarda arheologlar tehniki serişdeleri köpräk ulanýarlar. Muňa mysal edip awtogözlegny görkezmek. Ýeriň üstünden görünmeýän köp obýektler: guburlar, kanallar, ýaplar, ýollar ýokardan has gowy görünýär. Ösümlikler boýunça gadymy diwarlaryň ugruny, aýry-aýry monumental ymaratlaryň ýerleşen ýerlerini, guburlary tapmak mümkin. Gadymy obalaryň çäklerini topragyň düzümini analizlemek boýunça kesgitlemek mümkin. Dürli jisimleriň tok geçirijilik ukybyny nazara alyp, gazuw-agtaryşa başlamazdan öň, nähili zatlaryň bardygyny anyklamak mümkin.

Suw asty arheologiýanyň kömegi bilen suwuň aşagynda galan obýektleri kesgitlemek mümkin. (Mysal üçin, Krymdaky gadymy Germonassa, häzirki Tmutarakan Ker bogazynyň düýbünde galan) Gözleg döwründe anyklanan obýektlerde gazuw-agtaryş işleri geçirilýär.

Gazuw-agtaryş işleri hökmany suratda spesialist-arheologyň ýolbaşçylygynda geçirilmelidir. Çünki gazuw

işleriniň netijesinde gazylan obýekt düýpli zaýalanýar, şoňa görä-de gazuw-agtaryş döwründe her bir predmet barada doly maglumat almalydyr, olaryň ýerleşen ýerleri çyzgyda, suratda doly görkezilmelidir. Her bir tapyndy doly häsiýetlendirilmelidir.

Gazuw-agtaryş işlerini geçirmek üçin her bir arheolog döwlet edaralary tarapyndan berilýän “Açyk hat” ýa-da “Rugsatnama” almalydyr. Rugsatnamada gazuw-agtaryş işleriniň geçiriljek ýeri, wagty, ýolbaşçysy görkezilýär.

Gazuw-agtaryş işleri diňe el bilen, pil, teşe, pyçak ýaly gurallaryň kömegi bilen örän seresaply geçirilmelidir.

Işiň soňky etaplary tapylan tapyndylary konserwirlemekden, restawrirlemekden, tejribe derňewini geçirmekden ybaratdyr. Iň soňunda ähli alnan maglumatlary ulanyp halkyň taryhyny, medeniýetini dikeltmekdir.

Arheologiýada esasy meseleleriň biri-de hronologiýa meselesidir ýa-da tapylan tapyndylaryň wagtyny kesgitlemekdir.

Arheologiýada aýry-aýry tapyndylaryň wagtyny kesgitlemek örän kyn ýa-da asla mümkin däldir. Şoňa görä-de tapyndylar medeni gatlaklar boýunça aýry-aýry komplekslere bölünip, olaryň netijesi boýunça hronologik şkala düzülýär.

Arheologiýada 2 hili hronologiýa ulanylýar:

***1.*** otnositel hronologiýa – munuň esasy maksady haýsy predmet öň, haýsy predmet soň ulanylandygyny anyklamakdyr.

***2.*** absolýut ýa-da takyk hronologiýa – munda tapyndylaryň anyk wagty kesgitlenilýär.Absolýut hronologiýany kesgitlemekde monetalaryň, ýazgylaryň roly uludyr. Tapyndylaryň, kompleksleriň anyk wagtyny kesgitlemekde paleoantologiki, paleobotaniki maglumatlar-da ulanylýar.

Soňky wagtlarda tebigy hem-de takyk ylymlaryň kömeginden peýdalanylýar:

***a)*** Radiokorbon usuly. Bu usul organiki jisimlerde (haýwanlaryň süňki, ösümlikler) atom agramy 14 (C14) bolan uglerodyň toplanmagy we organizm ölenden soň onuň dargap başlamagyna esaslanandyr.

***b)*** Arhemagnit ýa-da paleomagnit usuly. Ähli dag jisimleri, şol sanda palçyk hem 670 gradus gyzdyrylanda onuň magnitligi ýitip, soňra sowadylanda şol wagtky Ýeriň magnit meýdanynyň ugry geçipdir. Ýeriň magnit meýdany hemişelik däl, ol ýylda, asyrda belli möçberde üýtgäp durýar.

Hronologiýa bilen bir hatarda tapylýan tapyndylaryň ýasalan ýerini kesgitlemek hem möhümdir. Bu meselede tapyndylaryň ýasalan galybyny tapmak ýa-da zaýalanan görnüşlerini tapmak möhümdir (Mysal üçin Merwde lýustr keramikasynyň bişirlen küresiniň we onuň içinden zaýalanan gaplaryň tapylmagy).

Arheologik medeniýet.

Belli bir hronologik çäklerde, belli bir çäkda ulanylyp diňe şol ýere häsiýetli bolan predmetleriň toplumy. Meselem: Jeýtun medeniýeti ( wagty-neolit, çäksy-Köpetdag etegi. Häsiýetli zatlar: 1 otagly öýler, gurluşyk materialy-bulka, daşdan bejerilen orak, ýönekeý we diňe şu medeniýete häsiýetli küýze önümleri we ş.m.).

Arheologiki döwürlendiriş.

Arheologiki döwürlendiriş – bu adamlaryň dürli döwürlerde ulanan zähmet gurallaryny (önümçilik serişdesi) ýasalan materialyna esaslanandyr, ýagny:

Daş asyry – 3 million ýyldan – b.e.ö. V-III müňýyllyga çenli.

Bürünç asyry – b.e.ö. III-II müňýyllyklar.

Irki demir asyry – b.e.ö. I müňýllygyň başy.

Öz gezeginde daş asyry şu bölümlere bölünýär :

Paleolit (gadymy daş asyry) 3 mill. – 10 müňýyllyklar.

Mezolit (orta daş asyry) b.e.ö. 10 müňý. – 8 müňý.

Neolit (täze daş asyry) hemme ýerde bir wagtda däl. Ortaça b.e.ö. VII-V müňý.

Eneolit (mis-daş asyry) b.e.ö. V-IV müňý.

Bürünç asyry – b.e.ö. III-II müňýyllyklar.

## *Daş asyrynyň arheologiýasy*
## *PALEOLIT, IRKI, ORTA WE GIÇKI PALEOLIT.*

Ýeriň taryhy 4,5 – 5 milliard ýyly öz içine alýar. Ýeriň taryhynda adamzat gysgajyk bir epizotdyr. Geologlar ýeriň taryhyny birnäçe geologik döwre bölýärler. Şolaryň iň soňkusy,ýa-da adamzadyň ýaşap ýören kaýnozoý erasy diýilýär. Ol hem adamzat döremezinden has öň, ýagny mundan 60-70 mln. ýyl öň başlanypdyr. Umuman bu süýt emijileriň dörän-ýaşan eýýamydyr. Alymlar kaýnozoý erasyny hem 3 bölege, ýagny-paleogen,neogen we antropogene bölýärler. Geologlar paleogen bilen neogeni birleşdirip oňa tritiçnyý döwür diýýärler. Antropogen (grekçe antropos – adam, genezis – döremek) ýa-da çetwertiçnyý döwür diýlip, ol adamynyň we onuň maddy medeniýetiniň dörän we ösen döwrüdir. Beýik alym W.I.Wernadskiniň bellemegine görä bu döwürde biosferanyň üsti noosfera bilen (grekçe noos – akyl, paýhas) ýetirilipdir.

Antropogeniň başlanyş etapy baradaky mesele entek onçakly anyk däldir. Soňky onýyllyklarda edilen açyşlaryň esasynda käbir alymlar antropogen mundan 3-3,5 million ýyl öň başlanypdyr diýseler, käbirleri bolsa 1,8-2 million ýyl diýýärler.

Antropogeny alymlar 3 etapa, ýagny eopleýstosen, pleýstosen we golosene bölýärler. Şeýle bölüniş klimatyň üýtgemegi, ýagny ägirt uly çäklarda buzluklaryň döremegi we eremegi bilen baglydyr. Buzluklaryň eremegi, ýitmegi bilen pleýstosen döwri gutaryp, golosen ýagny, häzirki döwür başlanypdyr. Buzluklaryň döremegi we eremegi, olaryň netijesinde deňiz derejesiniň üýtgemegi adamzadyň durmuşyna ägirt uly täsir edipdir. Mysal üçin 60-70 million ýyl öň Garagum, Köpetdag hem deňziň düýbi bolupdyr. Adamzadyň döreýşi barasyndaky mesele, onuň maýmynlaryň käbir görnüşlerine ýakyndygy alymlary gaty irki, ýagny antik döwürden bäri gyzyklandyryp gelipdir. Ol diňe XVIII-XIX

asyrlarda ilki Ç.Darwin (Происхождение человека), soňra F.Engels (Роль труда в процессе превращении обезьяны в человека) tarapyndan belli bir ramka salnypdyr.

Adamynyň döreýiş prosessi örän çylşyrymly we uzak bolupdyr. Engelsiň ýazyşyna görä "Hiç haçan, hiç bir maýmynyň eli, hiç bolmanda iň ýönekeý daş guralyny-da ýasamandyr." Ol ynsany maýmyndan tapawutlandyrýan zat näme diýen soragy orta atýar we oňa "zähmet" diýip jogap berýär. Onda-da akyl-paýhasly zähmet diýýär. Akyl-paýhasly zähmet bolsa, iş gurallaryny ýasamakdan başlanýar diýip ýazýar. Umuman adamynyň döreýiş prosesi örän uzak bolupdyr.

Neogen bilen eopleýstoseniň araçäginde Afrikada, Ýewropanyň, Aziýanyň günortalarynda maýmynlaryň örän köp görnüşleri ýaşapdyr. Olaryň köpüsi özleriniň fiziki gurluşy boýunça-da, ýaşaýyş durmuşy boýunça-da adama öwrülen maýmynlaryňka meňzeş bolupdyr. Olardan driopitekleri, ramapitekleri, udobnopitekleri, awstrolopitekleri bellemek bolar. (Pitekos-grekçe maýmyn). Adamynyň ilkinji dörän ýeri baradaky mesele hem entek anyk däldir. Ýöne soňky wagtdaky açyşlara esaslansaň, şol prosess Afrikada bolup geçen ýaly.1960 ýylda arheolog Luis Liki Tanzaniýanyň Olduwaý deresinde (ущелье) ynsana meňzeş jandaryň süňküni tapýar. Onuň beýnisiniň möçberi 657 $sm^3$, 2 aýagynyň üstünde ýöräpdir, elleri ýönekeý iş prosesslerini geçirmäge ukyply bolupdyr. Oňa "Homo habilis" – "başarjaň adam" diýip at berýärler. Onuň ýaşy 1,75-1,85 million ýyl.

Soňra Efiopiýadan ýaşy 2,8 million ýyl bolan "Homo habilis"-iň süňkleri tapylýar. "Geçiş döwründe" ýaşan jandarlary alymlar "arhantrop" diýip atlandyrýarlar. (grekçe arhaýos – gadymy ýa-da gadymy adam) Arhantroplaryň süňkleri Ýawa adasynda, Pekiniň golaýynda Çžoukoutýanda (sinantrop), Germaniýada (Geýdelberg), Wengriýada, Fransiýada, Çehoslowakiýada hem tapyldy. Ýöne olar birneme

ýaşrak. Mysal üçin, Sinantropyň ýaşy 500 müň ýyl. Olar eýýäm otdan peýdalanypdyrlar.

Şeýlelikde häzirki adamlaryň ata-babalarynyň galyndylary Amerika we Awstraliýadan başga ähli ýerlerde tapylypdyr.

Öňden belleýşimiz ýaly ilkidurmuş adamlarynyň taryhyny beýan edýän arheologik döwürlendiriş şol adamlaryň iş gurallarynyň ýasalan materialyna we ýasalyş tehnikasyna esaslanandyr. Ilkinji adamlaryň gurallary näçe ýönekeý, gödek bolsa-da, olarda adamynyň olary ýasamak üçin eden hereketleriniň yzlary saklanyp galypdyr.




**Giçki paleolitde ulanylan zähmet gurallary**

Adamzat taryhynyň iň gadymy döwri p a l e o l i t (grekçe palaýos-gadymy, litos-daş) ýa-da gadymy daş asyry diýlip atlandyrylýar. Ol antropogeniň pleýstosen bilen golosen aralygyny öz içine alýar. Ony irki we giçki ýa-da aşaky we ýokarky paleolite bölýärler. Giçki paleolit örän gysga bolup, ol diňe 30 müň ýyly öz içine alýar. Irki paleolit hem öz gezeginde olduwaý (ozalky şel döwri), aşel hem mustýe döwürlere bölünýär. Iň gadymysy olduwaý bolup, oňa degişli ýadygärlikler Efiopiýanyň West-Gona diýen ýerinden (2,8-2,4 million ýyl), Tanzaniýanyň Olduwaý deresinden (2,85 million ýyl), Keniýanyň Köobi-Fora (2 million ýyl) diýen ýerlerinden tapylypdyr. Şu düşelgelerden 139 predmet (gural) tapylyp olar, 10 km.uzaklykdan getirlen wulkan läbiginden ýasalypdyr. Entek gural ýasamak üçin çakmakdaş ulanylmandyr.

Paleolit – bu adamzadyň kemala geliş döwri. Irki paleolitde arhantroplar we paleoantroplar, giçki paleolitde neoantroplar (Homo sapiens) ýaşapdyr.

Paleolit döwründe adamlaryň jemgyýetçilik gurluşy hem döreýär hem ösýär. Adamlar ilkidurmuş sürüsinden urug gurluşyna baryp ýetýär.

***Olduwaý döwri.*** (2 million-700 müň ýyl) Ilkinji uly açyşlaryň edilen ýeri Olduwaý deresi bilen baglydyr. Bu döwre degişli ýadygärlikleriň hemmesi hem Afrikada ýerleşýär. Bu döwürde iň ýönekeý, iň gödek gurallar bejerilipdir.Ol diňe bir ýasalyş tehnikasynyň pes derejesi bilen bagly bolman, eýsem adamlaryň fiziki gurluşynyň hem kämil däldigi bilen tapawutlanýar. Adamlar entek daşyň gerek ýerine anyk urgular urmaga ukyply bolmandyr. Olduwaý zamanynda adamlar entek diňe üç sany guraldan peýdalanypdyrlar:

***1.*** Köp gyraňly örän gödek işlenen aýlaw görnüşli daş (sferoid). Bu gural esasan hem ösümlik miwelerinden, köklerinden, haýwan etinden iýmit taýýarlamak üçin ulanylypdyr.

2. Urgy netijesinde öňünden taýýarlanylan daş böleginden bölünip aýrylan ýukajyk daş bölegi. Onuň gyralary goşmaça urgular bilen tekizlenipdir. Entek ol daş bölekleriniň belli bir formasy bolmandyr.
3. Çopperler. Bu gural çapmak we kesmek üçin ulanylypdyr. Bu gural güýçli urgy netijesinde bir tarapy bölünip aýrylan (galkadan) çalgy daşyndan ýasalypdyr.

Olduwaý döwründe ýadro görnüşli nukleus hem ulanylypdyr. Nukleusdan urgy arkaly ýokarda görkezilen gurallary ýasamak üçin daş bölekleri alnypdyr. Gurallaryň ölçegleri 8-10 sm. geçmändir. Gurallaryň görnüşleri entek tötänleýin emele gelen görnüşden ybarat bolupdyr. Olduwaý döwrüne degişli daş gurallarynyň arasynda azda-kände işlenen haýwan süňkleri-de gabat gelýär. Ol adamlaryň süňkden hem gural ýasamaga synanyşyk edýändikleri barada habar berýär. Olduwaý jülgesiniň düşelgeleriniň birinde gazuw-agtaryş işleri wagtynda diametri 4 m. barabar bolan daşdan bejerilen krug (aýlaw) gabat gelipdir. Käbir arheologlaryň pikirine görä ol aýlaw ilkinji iň ýönekeýje ýaşaýyş jaýynyň (külbäniň) esasy bolupdyr. Eger şol pikir dogry bolsa, onda öý gurluşygy adamlaryň durmuşynda has ir başlanypdyr diýip bolar. Olduwaý döwründe adamalryň iýmitiniň esasy bölegini ösümlik miweleri, kömelek, dürli gurçuklar düzüpdir. Aw awlamak bolanda bolsa ol entek goşmaça-kömekçi görnüşde bolupdyr. Adamlaryň entek güýçli haýwanlary awlamak üçin degerli aw guraly bolmandyr. Otdan peýdalanmagy-da entek bilmändirler. Şoňa görä-de adamlar entek diňe ýyly klimatly ýerlerde ýaşapdyrlar. Ol wagtyň adamlary süri-süri bolup ýaşapdyrlar. Çünki şeýle ýagdaýda olara iýmit toplamak, ýyrtyjy haýwanlardan goranmak ýeňil bolupdyr.

Adam sürileri özleriniň iş gurallaryny ýasap bilmekligi bilen haýwan sürilerinden tapawutlanypdyrlar. Ýöne

şeýle-de bolsa adamlar kem-kemden kämilleşip, özlerinden öňki nesilleriň tejribesinden peýdalanyp, ot ýakmagy, gurallary kämilleşdirmegi, güýçli haýwanlara garşy göreşmekligi öwrenipdirler. Şeýlelikde ilkidurmuş adam sürileriniň çäklerinde ilkinji, iň gödek we ýönekeý jemgyýet döräpdir.

***Aşel döwri.*** (700 – 150-120 müň ýyl ozal) Bu döwrüň başynda arhantroplar (ozal pitekantrop /maýmyn adamy/ diýilýärdi), giçkiräk basgançagynda paleoantroplar ýaşapdyr. Aşel döwri täze gurallaryň, ýagny el çapgysynyň we kliweriň (üçburç gural) peýda bolmagy bilen başlanýar. Olar Olduwaý gurallaryna seredeniňde has uly bolupdyrlar. Meselem, el çapgysynyň uzynlygy 35 sm. ýetipdir. El çapgysynyň aýlaw ýa-da mindal şekilli formasy bolup, ol çapmak, gazmak üçin ulanylypdyr. El çapgysynyň kömegi bilen agaç şahalaryny, çybyklary çapmak, ösümlikleriň köklerini köwlemek mümkin bolupdyr. Aşel döwründe ulanylan täze gurallaryň biri-de, kliwer ýa-da kolun bolup, ol trapesiýa ýa-da üçburçluk görnüşinde ýasalan ullakan daş böleginden ybarat bolupdyr. Aşel döwrüniň esasy gurallary el çapgysy we kolun bolsa-da, olar bilen bir hatarda deşiji, kesiji, gyryjy gurallary-da bolupdyr. Iş gurallaryny ýasamak üçin esasan kwars, obsidian, slanes we kremen (çakmak daş) ýaly daşlar ulanylypdyr. Kem-kemden adamlar gural ýasamak üçin çakmak daşynyň artykmaçlyklaryna düşünip ugrapdyrlar. Çakmak daşy örän berk gaty bolup, ol başga bir daş bilen uranyňda taraplary örän ýiti bolan ýukajyk gatlaklara bölünipdir.

Aşel döwrüniň käbir agaç gurallary-da saklanypdyr. Mysal üçin Ispaniýada ýerleşen Torralba düşelgesinde aw naýzasynyň, köwlemek üçin ulanylan ujy çiş taýajyklarynyň galyndylary tapylypdyr. Germaniýanyň Leringen diýen düşelgesinde piliň gapyrgalarynyň arasynda uzynlygy 2 m. 15 sm. bolan naýza agajy saklanypdyr. Alymlaryň pikirine görä ol naýza zyňmak üçin däl-de, sançmak üçin ulanylypdyr. Onuň ujy çiş edilip berklik üçin oda bişirilipdir. Aşel döwründe

adamlar esasan gowaklarda ýaşapdyrlar. Oduň giňden ulanylmagy gowaklary sowuk wagtynda ýylytmak üçin, ýyrtyjy haýwanlary gorkuzmak, iýmit taýýarlamak üçin peýdalanylypdyr. Aşel döwrüniň ýadygärlikleri öňki SSSR-iň çäksynda – Kawkazda, Moldowada, Azow deňziniň kenarynda, Orta Aziýada, Gazagystanda tapyldy.

Alymlaryň çak edişine görä arhantroplar Merkezi Aziýa, şol sanda Türkmenistana G.o. Aziýadan, Ýakyn Gündogardan we Gündogar Ýewropanyň çäklaryndan aralaşypdyrlar.

***Mustýe döwri.*** (150-120 – 35-30 müň ýyl ozal) Bu gadymy daş asyrynyň orta döwrüne gabat gelýär. Bu döwür ýumşak hem maýyl klimat bilen häsiýetlendirilýär (межледниковый период). Mustýeniň soňy täze waldaý buzlanmasynyň başlanmagy bilen bagly bolupdyr. Mustýe döwrüne geçilmegi bilen adamlaryň fiziki gurluşynda (keşbinde) hem uly özgerişler bolup geçipdir. Ýagny arhantroplar paleoantroplara öwrülipdir (ozal neandertal adamlary diýilýärdi). Adamlaryň fiziki keşbi entek hem arhantroplaryňka meňzeş, ýagny: ýasy maňlaý, gaşynyň üsti uly bügürçekli, ullakan eňekli hem-de ullakan dişli bolupdyr. Mustýe döwründe paleoantroplaryň arasynda ýaşaýan çäksyna baglylykda rasowyýe (jyns) aýratynlyklary ýüze çykyp başlaýar.

### *Giçki paleolit*

Giçki paleolit (30-35-10 müň ýyl ozal ).

Bu döwrüň iň häsiýetli taryhy häzirki zaman antropologik tipli adamyň kemala gelmegidir. Bu döwür üçin ösen sungat hem häsiýetlidir.

Geologiki tarapdan alanymyzda giçki paleolit iň soňky waldaý buzlanmasynyň soňky etaplaryna gabat gelýär. Döwrüň başynda klimat sowuk hem çygly bolup, soňunda kontinental häsiýete eýe bolýar. Emma soňunda klimat ýylap häzirki görnüşine ýakynlaşypdyr. Klimatyň üýtgemegi bilen haýwanat dünýäsi-de baýlaşypdyr.

Demirgazykda buzlugyň serhedinde sugunlar, öküzler, suwda ýüzýän guşlar mekan tutupdyrlar. Olardan günortarakda mamontlar, uzyn tüýli nosoroglar, gowak ýolbarslary, ýylkylar, sygyrlar, keýikler, antiloplar, möjekler, towşanlar ýaşapdyrlar. Umuman tebigy we klimatik şertler hojalygyň awçylyk pudagynyň has-da ösmegine itergi beripdir.

***Ilatyň köpelmegi***, öndüriji güýçleriň çenden aşa gowşaklygy adamlaryň ýaşaýyş geografiýasynyň giňelmegini talap edipdir. Adamlar täze-täze ýerleri özleşdiripdirler. Giçki paleolite degişli düşelgeler Polýar krugyndan aňyrda hem, hat-da Ýakutiýada hem duş gelýär. Alymlaryň çak edişine görä, adamlar Bering bogazyndan geçip Amerika hem aralaşypdyrlar. Köp alymlaryň pikirine görä, giçki paleolit bir merkezden başlanman, ol dürli-dürli çäklarda takmynan bir wagtda-mundan 30-35 müň ýyl ozal başlanypdyr. Köp ýerlerde giçki paleolit ondan öňki mustýe bilen gös-göni bagly bolup onuň dowamy bolupdyr. Käbir alymlaryň pikirine görä giçki mustýe döwrüne degişli D.g. Kawkazdaky Ilsk, Krymdaky Staroselsk, Dnestrdäki Moldowa I düşelgelerinde giçki paleolite degişli tradisiýalar başlanypdyr.

Giçki paleolit döwründe hem daş gurallarynyň kämilleşmegi dowam edipdir .

Bu döwürde köp gyraňly prizma meňzeş nukleus ulanylypdyr. Onuň häsiýetli tarapy urgynyň netijesinde pyçaga meňzeş ýukajyk uzyn plastikalar bölünip aýrylypdyr. Giçki paleolit döwründe daş gurallarynyň görnüşleri köpelip 92 ýetipdir, (mustýede 60). Olaryň içinde has ýörgünleri pyçaga meňzeş kesiji plastinkalar hem gyrgyçlar bolupdyr. Olary agaç sapa berkidip häzirki pyçaklar ýaly ulanypdyrlar. Kesgiçler has gaty material bolan süňkden gural ýasamak üçin hem ulanylypdyr.

Gural ýasalýan material hökmünde süňküň we iri haýwanlaryň şahlary uly orun tutupdyr. Olar mustýe zamanynda hem ulanylypdyr. Emma indi olary daş pyçaklarynyň we beýleki daş gurallarynyň kömegi bilen kesip, deşip ýylmalap bejeripdirler. Süňkden esasan garmaklary, azallary, temenleri, iňňeleri we uzaga atylýan naýzalaryň uçlaryny ýasapdyrlar. Ok-ýaý entäk bolmandyr, şoňa görä-de uzaga zyňylýan naýzanyň roly aw awlamakda örän uly bolupdyr.

Giçki paleolit döwrüne degişli köp sanly obajyklaryň galyndylary saklanyp galypdyr. Adamlar indi açyk meýdanlarda hem ýaşaýyş jaýlaryny gurmagy başarypdyrlar. Olar, esasan hem ýarym küme görnüşinde bolupdyr. Adamlar esasan haýwanlaryň suwa gelýän ýerlerinde öý tutunypdyrlar. Şeýle ýerlerde ilatyň gürlügi örän ýokary bolupdyr (mysal üçin, Don, Dnepr, Dnestr, Ýeniseý, Angara derýalarynyň orta akymlary).

Sibirde ýerleşen Malta we Buret obalary giçki paleolitiň ortalaryna degişli bolup, olarda örän berk we uzak wagtlap ýaşamaklyga niýetlenen öýler gurlupdyr. Bu döwrüň öýlerinde esasy agram düşýän sütünler mamontyň süňklerinden bejerilipdir. Öýleriň üsti haýwan derileri bilen örtülipdir. Umuman jaý gurluşygynda awçylyk önümlerinden peýdalanylypdyr. Öýler käwagt örän uly ölçegde gurlupdyr. Kostenko obajygynda tapylan jaýyň uzynlygy 35 metr ýetip

onda köp sanly ojak edilipdir. Mümkin bu jaýda bütin bir awçylyk kollektiwi ýaşan bolsa gerek. Ýöne kiçi maşgalalar üçin niýetlenen öýler-de bolupdyr. Her maşgalanyň bir ojagy bolupdyr. Maşgalada adatça bir awçy bolupdyr. Bu döwre degişli obajyklarda adatça 10-a çenli ojak ýerleşipdir. Alymlaryň çak edişlerine görä, şeýle obajyklarda 10-a ýakyn maşgala yaşapdyr. Paleolit döwrüniň jemagatynda adatça 50-60 adam bolupdyr .

Hojalygyň esasy pudagyny öňki döwürlerdäki ýaly uly haýwanlary köpçülikleýin awlamak tutupdyr. Bu döwürde haýwanlary diňe eti üçin däl-de, eýsem derisi üçin-de awlapdyrlar. Meselem, tilki, möjek. Olaryň skeletleri tutuşlygyna duş gelýär. Eşik tikmek üçin haýsy haýwanyň derisiniň oňatdygyna adamlar düşünipdirler. Duralgalarda, esasan hem ýaş haýwanlaryň süňkleri köp tapylýar. Ol adamlaryň ýaş haýwanlary saýlap awlandyklaryny görkezýär.

Umuman aw adamlara diňe bir iýmit we geýim bermän, eýsem olary gural ýasamak üçin amatly bolan süňk bilen hem üpjün edipdir.

Giçki paleolit döwründe ok-ýaý oýlanyp tapylanda bolsa ol entäk giň ýaýrap bilmändir.

Aýratyn hem Günorta etraplarda awçylyk bilen bir hatarda iýmit üçin hoz, kömelek, ösümlik köklerini otlary, bal, guşlaryň ýumurtgalaryny, kiçijik haýwanlar bolan gurbagalary, pyşdyllary, suwlyganlary, balykgulaklary ýygnamaklyk hem uly orna eýe bolupdyr.

Antropologiki çeşmeleriň görkezişine görä, giçki paleolit döwründe diňe häzirki zaman görnüşli adamlar ýaşapdyr. Olaryň jaýlanan ýerleri gaty seýrek duş gelýär. Mysal üçin, öňki SSSR-iň çäginde bary-ýogy 24 adamynyň sklleti tapylypdyr. Olaryň ählisi hem obajyklaryň çäginde, adamlaryň ýaşaýan ýerlerinde jaýlanypdyr. Aýratyn ýerleşen gabrystanlar-öwlýäler bolmandyr.

Wladimir şäheriniň eteginde ýerleşen Sungir diýen düşelgede mundan 25 müň ýyl ozal jaýlanan adamynyň skileti tapylypdyr. Ol ýaşalýan jaýyň içinde jaýlanan bolmaly, çünki onuň ýanynda ojak ýerleşipdir. Merhumyň ýanynda çakmak daşyndan ýasalan gurallar, mamontyň şahyndan kesilip ýasalan atyň heýkeljikleri tapylypdyr. Heýkeljikler iki hatar edip ýerleşdirilen 20 sany bäş-bäşden goýulan nokatlar bilen bezelipdir. Ol bolsa adamlaryň eýýäm hasap ulanyp başlandygyny görkezýär.

Başga bir duralgada jaýlanan erkek adamynyň ýanynda mamontyň şahyndan ýasalan 3500 sany monjuk goýlupdyr. Ol mazaryň 3 metr ýanynda iki sany çaganyň (gyzjagaz-7 ýaşly, oglanjyk-12 ýaşly) jaýlanan ýeri tapylypdyr. Olaryň kelleleri bir-birine degrilip goýlupdyr. Jesediň üstüne gyzyl ohra sepilipdir. Mazardan tapylan köp sanly monjuklar hatar edilip goýulypdyr. Olar çagalaryň egin-başyna tikilen bolmaly. Barmaklaryna bolsa süňkden ýasalan ýüzükler geýdirilipdir. Olaryň ýanynda hakyky ýaraglar (16sany)-mamontyň süňkünden ýasalan kinžallar, naýzalar (olaryň biriniň uzynlygy 2 m 42 sm) tapylypdyr. Oglanjygyň döşüniň üstünde süňkden ýasalan atyň heýkeli hem goýlupdyr.

Giçki paleolite degişli käbir duralgalarda köp basgançakly alyş-çalşyň netijesinde uzak ýerlerden getirilýän harytlar-da gabat gelýär. Mysal üçin, Kostenki obajygyndaky obsidian daşy.

Mustýe zamanynda döräp ugran sungat giçki paleolit döwründe has-da pajarlap ösýär. Bu döwürde sungat diňe bir nagyş bilen çäklenmän, eýsem ol suratkeşlikde-de, heýkeltaraşlykda-da öz beýanyny tapypdyr. Giçki paleolit döwrüniň sungatyna realiziýa ya-da hakykaty görkezmeklik häsiýetli bolupdyr. Ilkidurmuş adamlary öz görýän zatlaryny bolşy ýaly edip şekillendirmäge çalşypdyrlar. Aýallaryň heýkeljiklerinde heýkeltaraşlar öz sungatynda ýetişen aýallary görkezip, aýratyn hem olaryň jyns organlaryny görkezmäge

çalşypdyrlar. Ýüzi, aýagy, eli olary az gyzyklandyrypdyr. Şoňa görä-de olar shemalaýyn çekilipdir. Haýwanlaryň heýkellerinde, aýratyn hem olaryň gözleri, gulaklary üns bilen görkezilipdir.

Paleolit döwrüniň sungaty adamlaryň gündelik durmuşynda zerur bolan zatlary beýan edipdir. Şoňa görä-de awçylygyň esasy obýekti bolan mamontyň şekilleri örän köp duş gelýär. Bu döwrüň sungaty adamlaryň aňynda ýaňy döräp başlan magiýa bilen hem bagly bolupdyr. Adamlar awa çykmazlaryndan öň käbir rituallary, däp-dessur bilen bagly käbir hereketleri ýerine ýetiren bolsalar gerek. Mysal üçin, Pireneý ýarym adasyndaky gowaklarda çekilen suratlarda haýwanlaryň tenine naýza sanjylypdyr. Çünki adamlar suratda ýa-da heýkelde görkezilen hereket real durmuşda hem gaýtalanýar diýip düşünipdirler.

Ýylanlaryň, guşlaryň, balyklaryň şekillerini käbir alymlar mifologiýanyň döräp başlamagy bilen baglanyşdyrýarlar. Sungatda diňe adamlar üçin wajyp ähmiýetli zatlar görkezilipdir (meselem, äpet haýwanlary awlamak). Adatça bolup geçýän gündelik işler bilen bagly bolan hereketler – miwe ýygnamaklyk, balyk tutmaklyk ýaly işler suratkeşleri gyzyklandyrmandyr.

Käbir alymlaryň pikirine görä, soňkurak wagtlarda dörän totemizm (käbir haýwanlara çokunmak) öz gözbaşyny şol döwürden alyp gaýdypdyr.

Paleolit döwrüniň heýkeltaraşlarynda adamlaryň, aýratyn hem aýallaryň heýkelleri uly orun tutýar. Köplenç aýallar ýalaňaç, jyns agzalary mese-mälim görünýän, göwreli ýagdaýy-da görkezilipdir. Adamlar aýallaryň durmuşdaky uly roluna gowy düşünipdirler. Olara adamzadyň neslini dowam etdiriji hökmünde seredip uly sarpa goýupdyrlar. Olaryň şekillerini öz ýanlary bilen göteripdirler (käbirleriniň aýaklarynda deşik bar-boýundan asmak üçin). Her bir

maşgalada aýal heýkeljigini saklapdyrlar. Jemgyýetde enelik urugy başlanypdyr.

Suratkeşlik (žiwopis) giçki paleolitiň soňky döwürlerinde ýüze çykypdyr. Olar esasan gowaklaryň törki diwarlarynda çekilipdir. Olaryň käbirleri şeýle ussatlyk bilen çekilipdir welin, görenleriň aýdyşlaryna görä häzirki surat galereýalaryny ýadyňa salýar.

Giçki paleolit döwrüne degişli suratkeşlik ilkinji gezek Ispaniýada ýerleşen Altamiro gowagynda, soňky wagtlarda Fransiýanyň daglyk ýerlerinde, 1959-ýylda Başkiriýadaky Kap gowagynda, Mongoliýada we başga ýerlerde açyldy. Kap gowagynda 7 sany mamontyň, iki sany atyň şekili çekilipdir. Olaryň çekilen wagty mamontlaryň ýaşap geçen döwri bilen kesgitlenýär. Şeýlelikde, giçki paleolit döwründe adamzat taryhynyň başlangyç etapy tamamlanýar. Adamzadyň (ynsanyň) kemala geliş prosessi gutarýar. Homo Sapiens emele gelýär. Öndüriji güýçler hem paleolit döwründe iň ýönekeýje döwlüp alnan daş böleklerinden başlap ýukajyk kesiji, deşiji ýaly kämilleşen gurallara çenli uzak ösüş ýoluny geçýär. Adamlar köp ýerlerde oturymly ýagdaýa geçip emeli öýler gurup başlaýarlar. Adamlarda dini düşünjeler we sungat barada pikirler we hereketler döreýär. Ilat köpelip urug – kollektiwleriniň sany artýar.

Poleolit (aýratyn hem giçki paleolit) döwründe adamlaryň ykdysady taýdan bir gyradeň ösmezligi ýüze çykýar. Dürli şertlere görä, käbir taýpalar öz ösüşinde öňe saýlanyp, käbirleri bolsa yza galýar. Alynky Aziýada ýaşan taýpalar ykdysady ösüşde has öňe saýlanyp, öndüriji hojalyga geçmeklige has ýakynlaşypdyrlar. Ýewropada, Afrikada, Hindistanda ýaşan taýpalaryň, uruglaryň köpüsi bolsa entek mustýe zamanynda ýaşapdyrlar. Adamzat ähli tebigy zonalarda-tropiki zolokdan başlap tä Afrika çenli ýerlerde ýaşapdyr.

## *Mezolit eýýamy*

Mezolit (b.e.ö. IX-YI müň ýyllyklar).

Grekçe m e z o s – orta. Orta daş asyry diýmekdir. Mezolit adamzat taryhynda paleolitden soňky döwürdir.

Paleolit bilen mezolitiň araçägi barasynda alymlaryň arasynda ýeke-täk pikir ýokdur. Olaryň bir topary arheologik periodizasiýa esaslanyp mezolit paleolitiň soňunda başlanýar diýse, beýleki bir topary mezolit diýen döwür umuman bolman, ol paleolitiň gös-göni dowamydyr diýýär. Üçünji topary bolsa mezoliti ondan soňky gelýän neolit döwrüne goşýarlar. Biziň pikirimizçe mezolit döwri giçki paleolit döwründe ýüze çykyp ugran kiçijik goşma (mikrolit ) gurallarynyň hojalygyň ähli pudaklarynda giňden ulanylyp, beýleki gurallardan agdyklyk etmegi bilen başlanypdyr.

Mezolit döwründe giçki paleolitde ulanylan gurallaryň köpüsi ulanylyp, olar has kämilleşdirilipdir.

Mezolit zamanasynyň häsiýetli tarapy mikrolitleriň durmuşda giňden ulanylmagydyr. Mikrolit-bu kiçijik daş diýmekdir. Onuň manysy – çakmak daşyndan güýçli urgy netijesinde bölünip aýrylýan kiçijik ýukajyk daş böleklerini goşmaça işläp, belli bir şekil berip, olary agaçdan ýa-da süňkden bejerlen başga bir gurala (sap-saplamak) berkidip täze gural hökmünde ulanmakdyr (meselem, pyçak, orak, gyrgyç, naýza). Mikrolitleriň artykmaç tarapy: birinjiden, olary ýasamak örän amatly we ýeňil bolupdyr. Ikinjiden, olary ýasamak üçin material köp bolupdyr (uly gurallary ýasanda bölünip aýrylan galyndylar). Üçünjiden, esasy artykmaçlygy guralyň sapy ýa-da özi (tygy) döwläýse, onuň beýleki bölegini ýene-de ulanmak mümkin bolupdyr.



**Krymyň mezolit ýadygärlikleri**

Mikrolitleriň ýene-de bir ullakan ähmiýeti-olary ýaý okunyň ujy hökmünde ulanypdyrlar. Şeýlelikde adamzat

durmuşynda ok-ýaý döräpdir. Ol iň uly açyşlaryň biridir. Adamlar ilkinji gezek mehaniki güýçden peýdalanypdyrlar. Mezolit döwründe şeýle kiçijik gurallar bilen bir hatarda ullakan daş gurallary-da peýda bolýar. Olara makrolitler (m a k r o s – grekçe uly diýmek) diýipdirler. Makrolitler bilen baglylykda adamzat taryhynda ilkinji gezek daş paltasy oýlanyp tapylypdyr. Ilkidurmuş adamlarynyň durmuşynda, aýratyn hem tokaýlyk raýonlarda ýaşaýan adamlaryň hojalygynda paltanyň orny diýseň uly bolupdyr. (Orsýediň oba ýerlerinde agaçdan öý, mebel ýasamakda häzirki günlere çenli palta esasy gural bolan).

Mezolit döwründe tebigy – geografik şertler-de düýpgöter özgeripdir.

Ol özgerşikler buzluklaryň eremegi bilen baglanyşyklydyr. Buzlugyň eremeginiň netijesinde suwuň möçberi çakdan –aşa artyp täze derýalaryň, kölleriň emele gelmegine, deňizleriň göwrüminiň ulalyp häzirki görnüşine gelmegine getiripdir. Ikinjiden, ýaşamaga ukyply bolan täze ýerler emele gelipdir. Bu döwürde Ýewropanyň çäksy buzlukdan üzül-kesil boşapdyr.

Buzluklaryň eremegi netijesinde tebigy-geografik gurşaw düýpgöter üýtgeýär.

Howaň çyglylygynyň artmagy netijesinde ösümlik dünýäsi hem üýtgeýär. Buzlukdan günortada ýerleşen sowuk düzlük çäkler gür tokaýlyk bilen basyrylýar. Buzlukdan boşan ýerler hem tokaýa öwrülipdir. Ösümlik dünýäsiniň klimatynyň üýtgemegi netijesinde haýwanat dünýäsi-de özgerýär. Täze şertlere uýgunlaşyp bilmän mamontlar, tüýli we beýleki äpet haýwanlar ölüp gutarýar. Haýwanat dünýäsi (fauna) garyplaşýar. Diňe ownuk, çalt ylgaýan we mekir haýwanlar täze şertlere uýgunlaşypdyr. Uly haýwanlaryň ýitip gitmegi bilen awçylykda has kynlaşýar. Adamlar aw gözläp has uzak aralyklary geçmäge mejbur bolýarlar. Şonuň bilen bir hatarda

hojalygyň täze görnüşlerini gözlemäge, aw usullaryny üýtgetmäge mejbur bolýarlar.

Emele gelen täze şertlerde düzlük çäklerde ýabylar, öküzler, saýgaklar, gulanlar, tokaýlyk ýerlerde bolsa sugunlar, keýikler, aýylar, doňuzlar, möjekler, tilkiler we başga haýwanlar ýaşapdyrlar. Täze şertlerde awçylygyň öňki köpçülikleýin gabaw usuly öz ähmiýetini ýitirip,onuň ýerine şahsy (indiwidual) awçylygyň roly artýar. Her bir awçy öz maşgalasyny eklemek üçin ondan-oňa ylgap ýörmeli bolupdyr. Şeýle ýagdaýda uzaga atýan guralyň ok-ýaýyň ähmiýeti hasda artýar. Ok-ýaý bilen tiz ylgaýan haýwanlary hat-da guşlary-da awlamak mümkin bolupdyr. Klimatyň ýylamagy bilen tebigy taýýar önümi ýygnamaklygyň roly artýar. Krym, Kawkaz ýa-da Orta-ýer deňziniň kenarýaka ýerlerinde ýylboýy ýabany önümleri ýygnamak mümkin bolupdyr.

Täze şertlerde balykçylygyň-da orny artýar. Bu döwürde durmuşa girizilen süňkden ýasalan ujy egmek garmaklar ýüze çykýar. Paleolitde olar göni bolupdyr. Mezolit döwründe balyk tutmak üçin tordan we ok-ýaýdan hem peýdalanylypdyr. Ýogyn agaçlardan köwülip ýasalan gaýyklaryň peýda bolmagy hojalykda balykçylyk pudagynyň ähmiýetini hasda artdyrýar

Hojalygyň üýtgemegi ilkidurmuş jemagatynyň ownamagyna getiripdir. Ol barada mezolit obajyklarynyň göwrüminiň kiçelmegi şaýatlyk edýär. Alymlaryň hasaplaryna görä, mezolit jemagatynda 30-dan 100-e çenli adam bolupdyr. Giçki paleolit döwründe ulanylan ullakan jemagat ýaşaýyş jaýlary ýitip gidýär. Mezolite degişli ýaşaýyş jaýlarynyň ölçegi 35 $m^2$-dan geçmeýär, uly jaýlaryň ýerine şalaş tipli kiçijik külbeler ýörgünli bolupdyr.

Paleolit döwründäki ullakan jemagatlaryň bölünmegi taýpalaryň döremek işjeňligini çaltlaşdyrypdyr.

Mezolit döwrüniň duralgalarynda itiň süňkleri gabat gelýär. Ol bolsa käbir alymlara şol döwürde itleriň ilkinji gezek

eldekileşdirilip başlapdyrlar diýmäge esas berýär. Itiň adama wepadar hem kömekçi häsiýetiniň bardygyny adamlar duýup başlapdyrlar

Mezolit döwründe dürli çäklerde ýaşan adamlaryň ösüşi bir gyradeň bolmandyr. Käbir ýerlerde tebigatyň taýýar önümlerini ýygnamakda öndürijilikli hojalyga geçip başlapdyrlar. Mysal üçin, Alynky Aziýanyň çäginde geçirlen arheologik gazuw-barlag işleriniň görkezişine görä, bu ýerde mezolit döwründe öndüriji hojalyga geçilipdir. Öndüriji hojalyga ozaly bilen ekerançylyk we maldarçylyk degişlidir.

Maldarçylygyň döremeginde ok-ýaýyň orny uly bolsa gerek. Çünki aýry-aýry awçylar käwagtlar öýlerine ýaralanan haýwanlary getiripdirler. Olary ilki diri iýmit zapasy hökmünde saklapdyrlar. Kem-kemden adamlar eldekileşdirmek üçin haýwanlaryň görnüşlerini seçipdirler. Orta Aziýa arheologik materiallardan ugur alsak ilkinji eldekileşdirilen haýwan goýun bilen geçi bolupdyr. Süňkleri boýunça eldekileşdirilen we eldekileşdirilmedik haýwanlary aýyrmak örän kyn, ýöne mümkin. Duralgalarda eldekileşdirilmedik haýwanlaryň süňkleri tutuşlygyna hiç wagt gabat gelmändir. Awçylar olary tutan ýerinde öldürip, biderek ýerlerini taşlap gaýdypdyrlar.

Maldarçylyk bilen bir hatarda ekerançylyk-da başlanypdyr. Emma mezolit döwrüne degişli ýadygärliklerde ekerançylygyň dörändigine güwä geçýän gös-göni alamat ýok. Käbirlerinde (Kabardin-Balkariýa) daş oragy gabat gelýär. Ýöne orak bilen ýabany ösen ösümlikleri ormak mümkin.

Mezolit döwründe adamlar täze ýerleri özleşdirmegi dowam edipdir. Aýratyn hem buzlukdan boşan demirgazyk tarapa hereket edipdirler.

Geografiýanyň giňelmegi netijesinde hojalygynyň görnüşi boýunça bir-birinden tapawut edýän birnäçe medeni zona peýda bolupdyr. Merkezi Aziýada iň gadymy mezolit ýadygärlikleri Türkmenistanda ýerleşip, olar: Jebel, Gaýly, Dam-Dam çeşme duralgalarydyr. Bu ýerden tapylan gurallar

Ýakyn Gündogardaky dünýäde iň gadymy mezolit ýadygärliklerinden tapylýan gurallara meňzeşdir. Şoňa göräde olaryň ýaşy b. e. ö. X-IX müň ýyllyklar bilen kesgitlenýär.

Jebelde ýaşan adamlar-awçylar keýik, gulan, ýabany öküzleri awlamak we balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Tapylan balyk süňkleri süýji suwda, ýagny akar suwda ýaşaýan balyklara degişlidir. Ol bolsa mezolit döwründe Amyderýanyň Uzboý boýunça Kaspi deňzine akandygyny görkezýär.

Ozal belleýşimize görä, mezolit döwründe dürli çäklerde ýaşan adamlaryň ösüş derejesi bir gyradeň bolmandyr. Şoňa görä-de mezolit eýýämi dürli ýerlerde dürli wagtlarda başlanypdyr. Mysal üçin, Uralda mezolit b.e.ö. VII-VI müň ýyllyklarda, Moldowada VI müň ýyllykda, Wolga basseýninde VII müň ýyllykda D.g. Ýewropada (Kunda duralgasy Estoniýa) VIII-IV müňýyllykda, Ak deňzi, Kareliýa taraplarda (Olenoostrowskoe) VII müň ýyllyklarda başlanypdyr.

Dürli medeni zonalarda ýaşan adamlaryň hojalygynda iş gurallarynda we medeniýetinde özboluşly üýtgeşikler boludyr. Çakmak daşynyň ýok ýerinde aw gurallaryny daşyň beýleki görnüşlerinden – slanes, kwars, obsedian we haýwanlaryň süňkünden we şahyndan ýasapdyrlar. Mezolit döwründe adam jaýlaýyş däp-dessurynda hem üýtgeşmeler bolupdyr. Merhumlary ýönekeý çukurlarda uzyn boýuna ýatyryp, ýygryp, käbirlerini bolsa dikligine, (Olenoostrowsk gabyry) başyny G.d. garadyp jaýlapdyrlar. Käbir araçäklerde urug mazarystanlary ýüze çykypdyr.

Mezolit döwrüniň sungaty esasan gaýa suratlardan ybarat. Heýkeltaraşlyk düýbünden ýok diýen ýaly. Baku säheriniň golaýyndaky Beýik-daş dagynyň ýapgydyndaky daşlarda köp sanly suratlar saklanypdyr. Gaýalaryň ýüzüne çalaja oýulyp çekilen suratlarda elleri ok-ýaýly böküşip duran awçylaryň, ýabany öküzleriň şekilleri çekilipdir.

Özbegitanyň Zaraut-saý deresindäki Zaraut-Kamar gowagynyň diwarlarynda gyzyl reňk bilen çekilen ýabany öküzleri awlaýyş pursaty şekillendirilipdir. Mezolit döwrüniň sungatynda adatça awçylar elleri ok-ýaýly şekillendirilipdir. Ol bolsa adamlaryň durmuşynda onuň ullakan ähmiýetiniň bolandygyny görkezýär.

Jemläp aýtsak, mezolit eýýämi täze gözlegleriň, açyşlaryň döwri bolup, ol özünden öňki paleolit bilen deňeşdirilende has ösen durmuş hökmünde öňe saýlanýar. Bu döwürde täze öndüriji hojalygyň düýbi tutulýar (maldarçylyk, ekerançylyk). Suwuň köpelmegi bilen hojalygyň täze pudagy – balykçylyk giň gerim alyp, kä ýerlerde esasy pudaga öwrülýär. Gurallar kämilleşdirilýär – ok-ýaý, egri garmaklar, paltalar oýlanyp tapylyp zähmetiň öndürijiligini düýpgöter artdyrýar.

Tebigy-geografik şertleriň üýtgemegi täze görnüşleri durmuşa girizýär. Şahsy özbaşdak awçylygyň ornyy artýar.

Adamzat kollektiwleriniň progressiw ösüşi paleolit döwründe ýüz berip ugran taýpa gurluşygynyň ösmegine getirýär. Mezolit döwründe täze çäkleri özleşdirmeklik dowam edýär.

Şu ýokarda sanalan progressiw öňe gidişlikler, adamzadyň täze, mundan hem ösen jemgyýete geçmegine esas döredýär.

### *Neolit eýamy*

Neolit (grekçe – n e o c) – täze daş asyry b.e.ö. VI-IV müň ýyllyklar.

Hojalygyň täze görnüşleriniň – esasan hojalygyň öndüriji görnüşiniň durmuşa ornaşmagy, buzlukdan soň emele gelen tebigy gurşawy özleşdirmek neolit döwründe bolup geçýär.

Neolit ilki başda ýyly hem çyglyk atlantik klimatly,soňunda gurak hem ýyly klimatly döwri öz içune alýar. Şeýle klimat esasan b.e.ö. VI-IV müň ýyllyklara häsiýetli bolupdyr.

Neolit hem ondan öňki mezolit ýaly dürli çäklerde, dürli wagtlarda başlanyp, dürli wagtlarda gutarypdyr. Umuman alanymyzda neolit b.e.ö. VI-IV müň ýyllyklardan başlap b.e.o. III müň ýyllyga çenli dowam edipdir.

Täze ýerleri özleşdirmeklik neolit döwründe has-da çalt depginde geçipdir. Adamlar dürli klimatik şertlerde ýaşamaga mejbur bolupdyrlar. Ol bolsa dürli ýerlerde özboluşly medeniýetleriň döremegine getiripdir. Medeni aýratynlyklar iş gurallarynyň görnüşlerinde, ýaşaýyş jaýlarynda, gündelik durmuşda ulanylýan zatlarynda, hojalygyň görnüşlerinde öz beýanyny tapypdyr. Günorta ýyly klimatly we hasyldar ýerlerde bolsa eýýäm öndüriji hojalygyga (ekeranç, maldarçylyk) geçipdirler.




**Neolit**

Aýry-aýry çäkleriň bir gyra deň ösmezligi, neolitik medeniýetiň dürliligi "neolit" diýen termini anyklamagy talap edýär.

Käbir alymlaryň pikirine görä "neolit", bu ilki bilen öndüriji hojalygy aňladýar. Dogrudan hem adamlar öň tebigatyň taýýar önümleriniň hasabyna ýaşan bolsalar, neolit döwründe durmuşda zerur zatlary özleri öndürmäge başlapdyrlar.

Ýöne arheologik periodizasiýanyň tarapdarlary neoliti öňki döwürden tapawutlandyrýan bir topar alamatlary belleýärler.

Neolit döwründe hem ozalky döwürdäki ýaly esasy iş gurallary daşdan ýasalypdyr. Esasy material bolsa ozalkysy ýaly çakmak daşy bolupdyr. Emma ilatyň köpelmegi, hojalygyň giňelmegi bilen iş gurallarynyň görnüşleri-de, möçberi-de çenden aşa artypdyr. Gural ýasamak üçin köp material gerek bolupdyr. Emma çakmak daşy bolsa hemme ýerde bolmandyr, bar ýerlerinde hem ýeriň üstünde duş gelýän zapaslary gutarypdyr. Şoňa görä-de käbir ýerlerde adamlar çakmak daşyny daglaryň aşaky gatlaklaryndan köwüp almaklygy-da ýola goýupdyrlar. Çakmak daşyň köwülip alnan sümükleri Orsýetiň Nowgorod welaýatynda, Ýokary Wolgada, Ural daglarynda tapylypdyr. Şeýle-de bolsa çakmak daşy hemme ýere ýetmändir. Onuň az ýa-da ýok ýerlerinde iş gurallaryny, aýratyn hem ullakan gurallary ýasamak üçin daşyň beýleki görnüşleri ulanylyp başlanypdyr.

Aýry-aýry taýpalaryň arasynda alyş-çalyş başlanypdyr, käbir taýpalaryň gural ýasamakdaky ýokary tejribesi goňşy hatda uzak ýerlere hem ýaýrap başlaýar. Dürli ýurtlarda alynýan çakmak daşlary, özleriniň hili boýunça-da, reňkleri boýunça-da tapawutlanypdyrlar. Şol aýratynlyklar boýunça hem olaryň çykarylan ýerlerini anyklamak mümkin. Mysal üçin, Wolga kenarlaryndan çykarylan çakmak daşyndan

ýasalan gurallar Ilmen kölünden başlap Fin aýlagyna, Estoniýa, Kareliýa çenli baryp ýetipdir.

Şeýle-de bolsa çakmak daş ýetmezçiligi köp ýerlerde mese-mälim duýulypdyr. Şoňa görä-de adamlar daşyň göni döwülmeýän beýleki parodalaryny – ýaşma, nefrit ýaly görnüşlerini-de ulanyp başlapdyrlar.

***1.*** Gural ýasamak üçin daşyň beýleki görnüşlerini ulanmaklyk neolit döwrüniň aýratynlyklarynyň biridir.

***2.*** Neolit zamanynda daş gurallaryny ýasamaklyk paleolitdäki usullary, tehnologiýasy saklanyp, ol ýene-de kämilleşdirilipdir. Ýöne ol usullary daşyň beýleki görnüşlerini işlemek üçin ulanyp bolmandyr. Çünki olar göni bölünip aýrylmandyr. Şoňa görä-de neolit döwründe daşlary ýylmamak, kesmek, deşmek ýaly usullary tapylypdyr. Ýylmamaklyk (şlifowka) ýasmak daşyň ýüzüne öl çägäni sepip başga bir daş bilen gyrçapdyrlar. Şu täze usullaryň durmuşa girizilmegi neolit döwrüniň ikinji aýratynlygydyr. Käbir ýurtlarda çakmak daşynyň ýetmezçiligi süňk gurallaryna aýratyn üns bermäge mejbur edipdir. Ýörite süňk gurallaryny ýasaýan işgärler, ussahanalar ýüze çykypdyr. Mysal üçin, Narwa I obajygynda kesilen haýwan şahlarynyň, süňkleriniň, taýýar önümleriň uly üýşmekleri tapylypdyr.

Neolit döwründe daş gurallaryny ýylmamakda ulanylýan dolota, stameski, týosla ýaly gurallar ýüze çykypdyr. Daş paltasy ýokary öndürjilikli gurala öwrülipdir. Arheologlar şol paltalaryň birini synap görenlerinde diametri 25 sm bolan agajy 75 minutda çapypdyrlar. Aýratyn hem tokaýlyk raýonlarda paltanyň roly örän uly bolupdyr. Paltanyň kömegi bolen çapylan agaçlardan öýleriň dürli görnüşlerini,

mallar üçin agyllary we ş.m. gurupdyrlar. Agaçdan derýadan geçmek üçin sallary, gaýyklary, kürekleri, sanýalary (tekersiz araba), lyžalary ýasapdyrlar. Şeýle transport serişdeleriniň ulanylmagy täze çäkleriň özleşdirilişini, progressiň ýaýramagyny çaltlaşdyrypdyr.

**3.** Neolit zamanynyň üçünji esasy alamatlarynyň biri-de küýzegärligiň ýüze çykmagydyr. Küýzegärlik köp ýerlerde bir wagtda diýen ýaly ýüze çykypdyr. Emma alymlaryň pikirine görä dürli ýerlerde ýaşan adamlaryň arasynda tejribe alyşmaklyk bolupdyr.

Küýze ýasamaklygyň esasy usuly lenta usuly bolupdyr. Taýýarlanan, eýlenen palçykdan uzyn ýüp görnüşli massa ýasap, ony aýlap bir-birleriniň üstünde goýup, soňra daşyny we içini tekizläpdirler. (Ýöne käbir ýerlerde, meselem, Jeýtunda başga usullary-da ulanylypdyr). Käbir küýze gaplarynyň ýüzünde barmaklaryň yzlary saklanypdyr. Şol yzlar boýunça ilkinji küýzegärler aýallar bolupdyr diýip çak edilýär. Nahary ilki başda ýörite ýasalan ojaklarda däl-de oduň üstünde küýze gaplarynda bişiripdirler. Tekiz düýpli küýze oduň üstünde berk durmandyr. Şoňa görä-de ilkinji küýze gaplary ýiti düýpli, ýa-da ýumurtga görnüşli bolupdyr.

Ilkinji küýzeleriň bezegleri hem ýönekeý bolupdyr. Küýze entek guramanka ujy ýiti taýajyklar bilen olaryň ýüzüne göni ýa-da egri-bugry çyzyklar, aýlawlar çyzylypdyr. Käbir ýerlerde möhür bilen aýry-aýry bellikleri basypdyrlar. Şeýle belgiler dürli çäkda, dürli taýpalarda ýasalan küýzelerde dürli-dürli bolupdyrlar. Diýmek küýzeleriň ýüzündäki nagyşlaryň görnüşleri boýunça onuň nirede ýasalandygyny, haýsy medeniýete degişlidigini anyklamak mümkin.

4. Käbir öňde baryjy taýpalarda metal ýüze çykyp ugrapdyr. Olaryň üsti bilen goňşy yza galak taýpalara hem ýaýrap ugrapdyr. Emma neolit döwründe adamlar entek tebigatda gabat gelýän taýýar metaldan peýdalanypdyrlar. Adamlar entek metal-magdanlaryny almagy ýa-da düzüminde metal bolan porodolary eredip metal almagy bilmändirler.

Adamlar agaç çybyklardan sebet örmekligi-de ýola goýupdyrlar. Ol bolsa dokmaçylygyň ýüze çykmagyna getiripdir. Adamlar indi diňe haýwan derilerinden tikilen eşikleri däl-de, ýörite dokalan matalardan tikilen eşikleri-de geýipdirler. Dokmaçylygyň bolandygyny neolit ýadygärliklerinde tapylýan daşdan ýa-da palçykdan ýasalan ikbaşlar görkezýär.

5. Dokmaçylyk neolitiň ýene bir aýratynlygydyr.
6. Neolitiň iň häsiýetli, görnükli alamatlarynyň biri-de suwarymly ekerançylygyň ýüze çykmagydyr. Emma ekarançylyk hemme ýerde birden başlanmandyr. Ýönekeý daşdan, süňkden ýasalan azallar bilen gaty, tarp ýerleri özleşdirmek mümkin bolmandyr. Şoňa görä-de ekerançylyk ilkinji bolup möwsümleýin joşup, suwy hanasyndan çykyp durýan derýalaryň kenarlarynda (Nil, Tigr, Ýewfrat, Hind) ýa-da suwlary deňze ýa-da köle guýman giň meýdanlara ýaýrap gidýän derýajyklaryň aşak akymlarynda ýüze çykypdyr (Murgap, Tejen derýajyklary, Köpetdag etegi).
7. Neolit döwründe adamlaryň ýaşaýyş jaýlary-da kämilleşipdir. Öý gurmaklykda adamlar indi diňe tebigatyň taýýar önümlerinden däl-de ( daş, süňk, agaç) eýsem özleriniň taýýarlan önümlerinden (palçyk, çig kerpiç) öňünden planlaşdyrylan jaýlarda ýaşap başlapdyrlar.

Şeýelikde, neolit döwri özünden öňki döwürler bilen deňeşdire-niňde adamzat jemgyýetiniň has ösen basgançagy bolupdyr. Neolit döwri bilen örän uzaga çeken daş asyry tamamlanýar. Daşy işläp bejermekligiň tehnikasy iň ýokary derejesine ýetýär. Neolitden soň daş gurallarynyň köp görnüşleri durmuşda ulanan-da bolsa, olara soňra düýpli özgerişler girizilmändir.

Neolit döwri öndüriji hojalygyň başlanyp, onuň hojalygyň esasy pudagyna (maldarçylyk, ekerançylyk) öwrülen döwrüdir. Şoňa görä-de neolit döwründe durmuşa girizilen täzelikleri göz öňünde tutup oňa “Neolitik rewolýusýasy” hem diýýarler.

Bu döwürde metallurgiýanyň başlanmagyna esas döredilýär.

Neolitde adamlaryň ýaşaýyş şertlerini düýpgöter gowulaşdyran küýzegärçilik ýüze çykýar. Adamlar ilkinji gezek gapda bişirilen çorbaly tagamlary iýip başlaýarlar. Dürli görnüşde we göwrümde ýasalan küýze gaplary diňe bir nahar bişirmek üçin däl, eýsem ir-iýmişleriň käbir görnüşlerini (däne, un, duz, suw) saklamak üçin-de, käbir önümleri başga ýerlere äkitmek üçin-de ulanyp başlaýarlar. Dokmaçylygyň ýüze çykmagy bilen adamlar dürli taýpalara häsiýetli bolan egin-eşikler-de peýda bolupdyr. Adamlaryň aň-düşünjesi artyp, dini düşünjeler kämilleşipdir, asman jisimleri barada, özlerini gurşap alan gurşaw barada belli bir düşünje döräpdir.

Urug gurluşy ýokary derejä ýetip onuň dargap ugramagy üçin şertler döräp başlapdyr. (synplaryň döremegi).

Neolitden öňki döwürlerde ýüz berip başlan aýry-aýry taýpalardaky medeni aýratynlyklar ösüp, kämilleşip, diňe aýry-aýry çäklara häsiýetli bolan medeniýetler döräpdir.

## *Neolit döwrüniň esasy ýadygärlikleri*

### *1. Merkezi Aziýa neolit zamanynda. Jeýtun medeniýeti.*

Jeýtun medeniýeti Merkezi Aziýanyň günortasynda Köpetdagyň eteginde dörän iň gadymy ekerançylyk medeniýetidir. Onuň ady bu medeniýetiň esasy hem iň oňat öwrenilen ýadygärligi Jeýtun obajygynyň ady bilen baglydyr. Jeýtun obasy Aşgabadyň 26-30 km demirgazygynda Aşgabat-Daşoguz ýolunyň ugrunda ýerleşýär. Jeýtun medeniýeti takmynan Bäherden etrabyndan başlap Mäne-Çäçä çenli Köpetdag etegini hem-de demirgazyk Eýranyň çäksyny öz içine alypdyr. Bu medeniýetiň ýadygärlikleri Jeýtun, Pessejik depe, Täze Nusaý galasynyň aşaky gatlagy, Çopan depe, Çakmakly depe Köpetdagdan akyp gaýdýan kiçijik çaýlaryň ugrunda, olaryň guma ýaýrap gutarýan ýerlerinde ýerleşipdirler. Bu ýerleriň klimaty gurak bolup ekerançylyk üçin onçakly amatly bolmandyr. Emma tekiz düzlük bolany üçin suwarymly ekerançylyk mümkin bolupdyr. Obajyklar suwuň basmaýan belentliklerinde ýerleşipdirler. Belentligiň daş-töweregindäki suw basýan tekizliklerde bolsa däneli ekinleri ekipdirler. Jeýtun obasy inedördül görnüşli bir otagdan ybarat bolan 30 sany öýden ybarat bolupdyr. Her öýde 5-6 adam ýaşapdyr. Öýleriň diwarlary entek kerpiçe gaty meňzemedik uzyn süýrmek "baton" görnüşli palçyk böleklerinden örülipdir. Olaryň uzynlygy 60-70 sm. Olar guradylman paşha ýaly bir-biriniň üstüne örülipdir. Her bir otagda diwara ýanaşyk edilip gurulan ojak, gapy tarapynyň bir burçunda bolsa hojalyk gurallaryny goýar ýaly bölüm ýerleşipdir. Otaglaryň aşagy (pol) we diwarlary tekiz suwalyp soňra reňklenipdir. Ýaşaýyş otaglarynyň käbirleriniň ýanynda hojalyk üçin goşmaça jaýlar gurlup, käbirleriniň daşyna palçykdan haýat aýlanypdyr (howly). Howlynyň içinde däne saklamak üçin çukurlar gazylypdyr. Jeýtunlylaryň ekerançylyk bilen meşgul bolandyklaryny suwaga garylan samanyň arasyndan arpanyň, bugdaýyň däneleriniň bolandygy hem-de ulanylan iş gurallary gös-göni görkezýär. Jeýtundan ýygnalan

tapyndylaryň arasynda pyçaklar, oraklar, gyrgyçlar hem-de agaç ýa-da süňk sapyň ujyna berkidilýän dürli görnüşli mikrolitler agdyklyk edýär. Olardan başga-da zernotýorkalar (dänäni öwratmak üçin ulanylan iki sany daş), sapyna salyp atmak üçin ýasalan şarikler, süňkden ýasalan temenler, balykgulaklardan bejerilen monjuklar, dokmaçylykda ulanylýan ikbaşlar we ş.m. zatlar tapylypdyr.

Jeýtundan tapylan süňkleriň arasynda öýdekileşdirilen haýwanlaryň süňkleri agdyklyk edýär. Ol bolsa Jeýtunlylaryň maldarçylyk bilen hem meşgullanandyklaryny görkezýär.;

Küýzegärlik Jeýtun medeniýetiniň iň aşaky gatlaklaryndan başlap bellidir. Küýzegärlik ilkinji gezek b.e.öň VII müň ýyllykda Ýakyn Gündogarda ýüze çykypdyr diýilýär. Jeýtunda hem şol wagt döräpdir diýip aýtmak bolar.Jeýtunyň ilkinji küýze önümleri tekiz düýpli bolup, lenta usulynda ýasalypdyr.. Küýze ýasalýan palçyga owradylan saman garylypdyr. Küýze önümleriniň köpüsi gyzyl reňk bilen çekilen nagyşlar bilen bezelipdir. Nagyşlar ýönekeýje bolup, dikligine ýa-da ýatyk çekilen we egri-bugry çyzyklardan ybarat bolupdyr.

Jeýtun medeniýetine degişli Pessejik depede (Gökdepe etraby) örän galyň we berk daşky diwarly, meýdany has uly adaty bolmadyk bir jaýyň üsti açyldy. Jaýyň içinde hiç hili tapyndy ýok. Meýdany bolsa örän uly bolup, oňa obanyň ähli ilaty ýerleşip biljek. Ol bolsa bu ymaratyň jemgyýetçilik, ýagny köpçülik üçin niýetlenendigine güwä geçýar. Jaýyň diwarlary ak suwagyň ýüzüne gyzyl we gara reňkler bilen çekilen toýnakly we wagşy haýwanlaryň, agaçlaryň, üçburçlyklaryň we adamlaryň suratlary bilen bezelipdir. Pessejik depäniň suratlary b.e.öňki VI müňýyllyga degişli, adamzat taryhynda iň gadymy suratlaryň hataryna girýär. Şeýle gadymy suratlar Türkiýäniň Çatal-Guýuk obasynda tapylypdyr. Bu öý mümkin adamlaryň dini düşünjeleri bilen bagly bolan, haýsy-da bolsa bir zada sežde edilýän jaýdyr. Başgaça  aýtsaň iň gadymy ybadathana jaýy bolmagy mümkin. Pessejik obasynda tapylan adamlaryň we

haýwanlaryň heýkeljikleri-de ony tassyklaýar. Käbir heýkeljikleriň ýokarsynda deşik edilipdir. Ol bolsa heýkeljikleriň doga-tumar hökmünde boýna dakylandygyny görkezýär.



**Jeýtun medeniýeti**

Köpetdag eteginde Jeýtun medeniýetine degişli başga-da bir näçe ýadygärlik bar. Mysal üçin, Gökdepe etrap merkezinden 7-8 km gündogarda ýerleşen Çopan-depe. Onuň günorta-günbatardan demirgazyk gündogara uzalyp gidýän süýrmek plany bolup, umuman tutýan meýdany 2 ga ýakyndyr. Geçirlen gazuw-agtaryş işlerinde bu ýerde hem Jeýtunyňka meňzeş bolan bir otagly jaýlaryň üstüni açdy. Togolak depe Çopan depäniň 4-5 km demirgazygynda ýerleşýär. Onuň uzynlygy 50 m. belentligi 10 m. ýetýär. Bu ýerde hem öýler "batona" meňzeş çig kerpiçlerden Jeýtunyňky ýaly gurlupdyr.

Jeýtun medeniýetine degişli ýadygärlikleriň iň günbatardakysy häzirki Bamy stansiýasynyň 2 km günbatarynda ýerleşen Bamy obajygydyr. Ol entek ylmy taýdan gowy öwrenilenok, ýöne onda gazylan strategrafik şurflary onuň neolit döwrüne degişlidigini görkezdi.

Jeýtun medeniýetiniň günorta-gündogary Altyn-depäniň golaýynda Mäne we Çäçe obalarynda ýerleşen Monjukly-depe we Çagylly depe bilen çäklendirilýär. Umuman alanymyzda mezolitiň soňky etaplaryndan we neolitiň başlaryndan başlap dürli klimatik we geografik zonalarynda ýaşan adamlaryň hojalygynda düýpli özgerişler başlanýar. Käbir ýerlerde (Meselem, Köpetdag eteginde Jeýtun medeniýeti) ekerançylyk bilen meşgullansalar ekerançylyk üçin şertleriň ýok ýerlerinde maldarçylyk we awçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Merkezi Aziýada hojalyk esasan iki ugur boýunça ösüp başlaýar.

Türkmenistanyň Günbatarynda Kaspi deňziniň Gündogar kenarynda Jebel medeniýeti ýaýrapdyr. Jebelliler gowaklarda ýaşap maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Oňa olaryň ýaşan ýerlerinden tapylýan öý haýwanlary – goýnuň, geçiniň köp sanly süňkleri şaýatlyk edýär. Jebellileriň daş gurallary örän kämil ýasalyp, esasan hem prizma görnüşli nukleuslardan we mikrolitlerden ybarat bolupdyr. Däne owradyjy daşlar hem duş gelýär. Jebelliler küýze ýasamagy hem başarypdyrlar. Umuman Jebel medeniýetiniň gurallary Jeýtun medeniýetiniňkä meňzeş

bolsa-da onda özboluşly aýratynlyklar duýulýar. Alymlaryň pikirine görä bularyň ikisiniň-de köki bir bolup bir medeniýetiň iki uçlary (ekerançylyk we maldarçylyk) bolupdyr.

Gaýly gowagynyň golaýynda urug mazarçylygy öwrenilýär. Gabyrlaryň hemmesi bir meňzeş. Merhumlar bir tarapa seretdirilip, olaryň jesediniň üstüne gyzyl reňk (ohra) sepilipdir. Bularyň hemmesi Gaýlyda ýaşan adamlarda “Ol dünýä” bolan ynamy barasynda gürrüň berýär.

***Kelteminar medeniýeti***. B.e.öňki V-IV müňýyllyklara (mümkin II müňýyllyga çenli) degişli bolup, ol Aral deňziniň töwereklerine ýaýrapdyr. Onuň esasy çäksy Amyderýanyň Akjaderýa deltasydyr. Jeýtun medeniýeti bilen deňeşdireniňde Kelteminar medeniýeti birneme yza galak ýaly bolup görünýär. Ony şu medeniýete degişli taýpalaryň durmuşynyň köp taraplary görkezýär. Olaryň öýleri köp halatlarda ýönekeýje, wagtlaýyn häsýetinde gurlupdyr. Obalaryň galyndylary gaty seýrek duş gelýär.



### Kelteminar medeniýeti

Horezmde Amyderýanyň kenarynda ýerleşen Janbasgala 4 oňat öwrenilen ýadygärlikdir. Adamlar ol ýerde topar bolup bir jaýda ýaşapdyrlar. Öýleriň tutýan meýdany 300 m kw çenli bolup, olar uçlary birleşdirilen agaçlardan konus formasynda ýasalyp gamyş bilen basyrlypdyr. Öýlerde köp sanly ojak bolup, olar hatar edilip ýerleşdirilipdir. Ojaklaryň ýanynda gap-gaçlaryň bölekleri, haýwan süňkleri tapylypdyr. Her ojak bir aýratyn maşgala degişli bolsa gerek. Öýüň

ortasynda ullakan ojak ýerleşip, onuň töwereginde ýaýaly tapyndylar ýok. Ojagyň aşagyndaky toprak 0,5 m çenli ýanypdyr. Alymlaryň çak edişine görä ol ojak kult häsiýetli bolup, onda baky ot ýanypdyr. Eger-de şol pikir dogry bolsa, onda ol Merkezi Aziýada soňra giň ýaýran ot kultunyň iň gadymy alamatydyr. Janbas galada başga medeniýetlere häsiýetli bolan geometrik görnüşli gurallar-da, oragyň ujuna daňylýan ýiti daşlar-da asla ýok. Ýöne ýaý oklarynyň uçlary örän köp. Kelteminarlylaryň hojalygy awçylyga we balykçylyga esaslanypdyr. Medeni gatlaklarda balyklaryň dürli görnüşleriniň (soň şuka), ýabany doňzunyň, sugunyň, suwda ýüzýän guşlaryň süňkleri köp duş gelýär. Iýmit ýygnamaklyk hem uly rol oýnapdyr. Ol hakda guş ýumurtgalarynyň gabyklary, balykgulaklar (mollýuski) şaýatlyk edýär. Käbir ýadygärliklerde öý haýwanlarynyň süňkleri duş gelýär. Ol maldarçylygyň döräp başlandygyny görkezýär. Arheologlaryň pikirine görä Kelteminar medeniýeti Merkezi Aziýanyň we Eýranyň medeniýetleriniň täsiri astynda ösen Uralyň we Günbatar Sibiriň neolit döwründäki medeniýetine çalymdaşdyr.

Kelteminar medeniýetiniň irki döwründe küýze gaplary togolak we ýiti düýpli bolup olar kese we dik çyzyjaklar bilen bezelipdir. Giçki döwürlerine tekiz düýpli nagyşsyz gaplar häsiýetlidir.

B.e.öň V müňýyllygyň başlarynda Günorta Kawkazda hem öndüriji hojalyk ýüze çýkyp başlaýar.

Neolitiň irki döwründe bu ýerde hojalygyň esasy pudaklary giçki paleolit we mezolit döwründäki ýaly awçylyk we ýygnamaklyk bolupdyr. Giçki döwründe Kawkazyň daglyk hem düzlük ýerleri özleşdirilip derýajyklaryň kenarlarynda obajyklar peýda bolupdyr. Gowaklarda hem ýaşalypdyr. Mikrolit gurallary ýaýrapdyr. Ullakan pyçaga meňzeş plastinalar, paltalar, azallar, sokylar, däne owradyjy daşlar, oraklar bu ýerde ekerançylyk hojalygynyň dörändigini görkezýär. Küýzegärlik başlanypdyr. Bularyň hemmesi neolit

döwründe Kawkazda ýaşan taýpalaryň Ýakyn Gündogar bilen aragatnaşykda bolandygyna şaýatlyk edýär.

B.e.öňki V-III müňýyllyklara degişli özboluşly neolit tipli mede-niýetler Kawkazyň Gara deňiz kenarlarynda (Nižneşelowskaýa bliz Adlera), Ukraina-Belorussiýa taraplarda (Dnepro-doneskaýa), Azow deňziniň kenarlarynda (Mariupolskiý mogilnik) we başga-da köp ýerlerde (Wolganyň ýokary akymlary, Baýkal köli töwerekleri) hem döreýär. Ýöne öndüriji hojalygyň iň gadymy ojaklary Alynky Aziýada döräpdir hem ösüpdir. Ozal belleýşimiz ýaly, neolit döwründe ähli welaýatlar bir gyradeň ösmändir. Neolitiň esasy alamatlarynyň biri-de öndüriji hojalygyň adamlaryň durmuşyna ornadylmagydyr. Şeýle oblastlaryň biri-de Alynky Aziýadyr. Bu ýerde öndüriji hojalyk ýa-da irki ekerançylyk hojalyk üç sany merkezden ýaýrap başlapdyr.

***1. Ýakyn Gündogar merkezi nordan-palestin kompleksleri.*** Bu zonanyň iň görnükli ýadygärligi Iýerihon ýadygärligidir. Iýerihon Jansyz deňziniň demirgazygynda Iýerdan derýasynyň jülgesinde ýer-leşýär. Geçirlen gazuw-barlag işleri neolitiň bu ýerde VIII-VII müňýyllyklarda başlanandygyny görkezýär. Onuň esasy aýratynlygy entek küýze önümleriniň bolmandygydyr. Ýöne neolit gatlaklary gös-göni mezolit gatlagynyň üstünde ýerleşipdir.

Alymlar Iýerihon neolitini 2 etapa – Neolit – A VIII müň ý. hem Neolit – B VII müň ý. gatlaklara bölýärler. Neolit A döwründe Iýerihon obasy 4 ga meýdany tutupdyr. Daşyna gorag diwary aýlanypdyr. Gorag diwarlarynyň ini 1,6 m. bolup daşdan örülipdir, käbir ýerleri diňler bilen berkidilipdir. Diňleriň diametri 7 m, belentligi 8m ýetipdir. Diwaryň iç tarapynda iýerihonlylaryň öýleri ýerleşipdir. Jaýlar entek belli bir galypda ýasalmadyk kerpiçe meňzeş palçyk böleklerinden gurlupdyr. Jaýlaryň görnüşi aýlaw (tegelek) görnüşli bolup girelgeden başlap töre tarap çuňlaşyp gidýär. Arheologlaryň pikirine görä bu görnüş mezolit döwrüniň ýarym

ýerkümelerinden baş alyp gaýdýan bolsa gerek. Merhumlaryny ýaşaýyş jaýlarynyň polunyň aşagynda jaýlapdyrlar. Tapyndylaryň arasynda awçylyk hojalygyna degişli ok-ýaý uçlary agdyklyk edýär. Haýwanlaryň hamyny işlemek üçin ulanylýan kesgiçler, gyrgyçlar hem duş gelýär.

Ekerançylyk pudaga degişli oraklar, bugdaýyň, arpanyň däneleri tapylypdyr. Gural ýasamakda çakmak daşy bilen bir hatarda obsidion hem ulanylypdyr. Umuman Iýerihon A obasyny sözüň doly manysynda irki ekerançylaryň obasy diýip, Iýerihonyň ösüşiniň 2 etapy Iýerihon B döwrüne (VII müňý. b.e.öň.) degişlidir.

Iýerihon B döwrüniň artykmaçlygy aýratyn hem öý gurluşygynda mese-mälim görünýär. Bu döwürde ölçegler 6,5x4 m, 7x3 m bolan gönüburçly öýler gurlupdyr. Ýaşaýyş otaglaryna ýanaşyk edilip hojalyk hajatlary üçin (iş gurallaryny, däne saklamak üçin) kiçijik otaglar gurlupdyr. Ýaşaýyş otaglarynyň aralarynda kiçijik açyk howlylar bolup, ol ýerde nahar bişirilipdir. Jaýlaryň pollary, diwarlary tekiz suwalyp dürli reňkli boýaglar bilen reňklenipdir. Ýaşaýyş otaglarynyň diwarlarynyň aşak bölegine gyzyl reňke boýalan panel edilipdir (häzirki döwürde hem edilýär). Ýokarsy dürli reňklere boýalypdyr.

Jaýlaryň pollarynyň aşagynda belli bir tertip boýunça ýerleşdirilen kelleçanak süňkleri gömülipdir. Käbirleriniň ýüzüne palçykdan bejerilen maska geýdrilip, gözlerine balykgulaklar goýlupdyr.

Hojalyk gurallary, esasan hem ok-ýaý uçlaryndan, kesiji, deşiji gurallardan, ýüz tarapyna ``diş`` kesilen daş oraklaryndan, däne owratmak üçin ulanylan ýasy daşlardan, paltajyklardan ybarat bolupdyr. Daş gurallary bilen bir hatarda süňkden bejerlen gurallar-da ullanylypdyr.

Palçykdan haýwanlaryň, adamlaryň heýkeljikleri ýasalypdyr. Olaryň arasynda has ululary-da gabat gelýär.

Iýerihon B döwründe hojalyk ösmegini dowam etdiripdir. Däneleriň möçberleriniň ulalmagy, ekin ýerleriň

gowy özleşdirilýändigi, däneli ekinleriniň sortlarynyň gowylaşýandygy barasynda gürrüň berýär.

Keýikleriň, goýunlaryň, geçileriň, doňuzlaryň, eşekleriň süňkleriniň köp mukdarda duş gelmegi hojalygyň awçylyk pudagynyň-da entek rolunyň uly bolandygyny görkezýär. Pişigiň süňküniň bolmagy däne baýlyklarynyň emele gelmegi bilen baglanyşdyrýarlar.

Alymlaryň pikirine görä, Iýerihon B döwründe geçi, it, pişik eldekileşdirilipdir. Iýerihon medeniýetine degişli ýadygärlikler Ortaýer deňziniň gündogar kenarynyň başga ýerlerinde hem duş gelýär. Mysal üçin, Iýerihondan 320 km günortada ýerleşen Beýda obajygy. Bu ýerde jaýlaryň diwarynyň aşak bölegi ýörite işlenilen daş plitalaryndan örülip, diwarlary, pollary hek goşulan suwag bilen suwalypdyr. Jaýyň ortasynda az-kem ýokary galdyrylan ojak ýerleşip, diwara ýanaşyk edilip daş oturgyçlary goýlupdyr. Beýdada ilkinji gezek palçykdan gap-gaçlary ýasap başlapdyrlar. Ýöne olar entek bişirilmändir.

***2.*** Irki ekerançylyk medeniýetiniň ýene-de bir merkezi ***Kiçi Aziýada*** döräpdir diýmek bolar. Kiçi Aziýanyň günorta-günbatarynda ýerleşen Hajylar obasynyň aşaky gatlaklary b.e.öňki III müňýyllygyň aýaklaryna VII müňýyllygyň başllaryna degişlidir.

Bu ýerde öýler palçykdan gurlup, olaryň pollary, diwarlary üns berlip suwalypdyr. Suwagyň üsti gyzyl reňke boýalyp, geometrik nagyşlar bilen bezelipdir. Küýzegärlik entek ýok. Emma daşdan bejerlen gap-gaçlar duş gelýär. Süňkden ýasalan temenler, çakmak daşyndan hem obsidiandan bejerlen oraklar, daşdan bejerilip, örän oňat ýylmanan daş paltalary bu medeniýetiň häsiýetli gurallarydyr.

Kiçi Aziýada ýerli irki ekerançylyk medeniýeti b.e.öň VII müňýllygyň II ýarymyna – VI müňýyllygyň I ýarymyna degişli Çatal-Guýuk ýadygärliginde öz beýanyny has gowy tapypdyr. Çatal-Guýuk Koni jülgesinde ýerleşýär. Ol 13 ga

meýdany tutýar. Bu jülgede Çatal-Guýukdan başga-da 20 sany obajyk ýerleşipdir. Emma Çatal-Guýuk olaryň iň ulusy bolup, ol özboluşly bir merkez bolupdyr.

Çatal-Guýuk obasy gönüburçly çig kerpiçlerden gurlan öýlerden ybaratdyr. Otaglarda palçykdan adam oturmak üçin sekiler-sufalar edilipdir. Käbir aýratyn hem uly möçberli otaglaryň içki diwarlary dürli reňkli nagyşlar, palçykdan bejerlen relýefler bilen bezelipdir. Olaryň dini maksatlar üçin ulanylan bolmagy mümkin. Merhumlaryny otaglarynyň polunyň aşagynda jaýlapdyrlar. Üstüne gyzyl reňk (ohra) sepipdirler. Merhumlaryň ýany bilen aýallaryň ýanynda monjuklar, daşdan bejerilen azallar, süňkden temenler, çemçeler; erkekleriň ýanynda, kürsiniň ýokarsy, obsidiandan bejerilen pyçaklar, ok-ýaýyň we naýzanyň uçlary, kemeriň tokalary goýlupdyr. Iş gurallary esasan daşdan we süňkden bejerilipdir. Tebigatda taýýar halda gabat gelýän metallar hem ulanylypdyr. Küýze önümleri seýrek gabat gelýär. Mümkin gap-gaçlaryň köp bölegi agaçdan ýasalan bolsa gerek. Olaryň görnüşleri dürli-dürli bolup, esasan gabyrlarda, merhumyň ýanynda gabat gelýär.

Çatal-Guýuklylaryň hojalygynyň esasyny ekerançylyk we maldarçylyk tutupdyr. Arheologlaryň sanawy boýunça däneli we beýleki ösümlikleriň 14 görnüşi ekilipdir. Olaryň arasynda arpa, bugdaý, garoh has uly orun tutýar. Mundalyň, pissäniň çigitleri-de gabat gelýär. Mümkin olardan ýag alandyrlar.

Öý haýwanlarynyň arasynda iri we ownuk şahly mallar agdyklyk edipdir. Öňki döwürlerden dowam edip gelýän awçylyk-da bolupdyr. Diwar ýüzi nagyşlardan ugur alsaň esasan hem öküz hem sugun awlapdyrlar. Çatal-Guýuk medeniýetiniň ýene-de bir häsiýetli tarapy ýaşaýyş şertleriniň ýokary derejede bolmagydyr – öýleriň tertipli hem tämiz gurulmagy, gös-göni önümçilik prosessleri bilen bagly bolmadyk zatlaryň agdyklyk etmegi. Mysal üçin, dürli görnüşli bezeg şaýlary, monjuklar, tumarlar, kosmetiki gaplar we ş.m. Çatal-Guýuklylaryň ruhy dünýasi-de örän baý we giň bolupdyr. Oňa Çatal-Guýuklylaryň

dini düşünjeleri bilen bagly bolan “mukaddes” (swýatilişe) jaýlarynyň bezelişi-de güwä geçýär. Şeýle jaýlaryň diwarlaryny tekiz ak suwagyň ýüzüne tebigy reňkler bilen çekilen suratlar, agaçdan ýasalan karkasa palçyk ýelmemek arkaly bejerilen heýkeller bezäpdir. Esasan öküziň we goçuň kelleleri asylypdyr. Sufanyň üstüne uzyn hatar edip ýerleşdirilen äpet şahly öküzleriň kelleleri jaýyň içinde nähilidir bir galagoply atmosfera döredipdir. Heýkelleriň arasynda ellerini galdyryp ýa-da iki tarapa uzadyp duran aýal heýkeljikleri bar. Çatal-Guýuklylaryň aýalyň obrazynda görkezilen hasyldarlygyň hudaýyna sežde edendiklerini görkezýär.

Heýkelleriň köpüsi daşdan ýasalypdyr. Olaryň arasynda mermer daşyndan ýasalan ellerine hem eginlerine bilezik geýdirilen erkek adamynyň şekili has-da täsirli.

Çatal-Guýuk medeniýetiniň gelip çykyşy entek onçakly anyk däldir. Çatal-Guýuk obasynyň häsiýeti barada hem anyk pikir ýok. Günbatar alymlarynyň köpüsi ony neolit şäheri diýip häsiýetlendiýärler. Hasaplamalara görä onda iki müňden alty müňe çenli adam ýaşapdyr. Emma käbir alymlaryň pikirine görä Çatal-Guýuk entek söwdanyň we hünärmentçiligiň merkezi bolmandyr, şoňa görä-de oňa şäher diýmek bolmaz. Ýöne onuň haýsydyr bir oba hojalyk okrugynyň obalaryny birleşdirýän funksiýany ýerine ýetiren bolmagy mümkin (meselem, dini Tx.).

***3. Alynky Aziýada*** iň gadymy ekerançylyk medeniýetiniň III merkezi, Demirgazyk Mesopotamiýada we onuň bilen serhetdeş Günbatar Eýranda ýerleşipdir. Bu ýerde b.e.öňki VII-VI müňýyllyklarda Jarmo atly medeniýet ösüpdir. Bu medeniýete Jarmonyň özünden başga Tell-Şimşara (Yrak), Tee Sorab we Tepe Guran (Eýran) ýadygärlikleri degişlidir.

Jarmo obasy 750 m belentlikde tokaýlyk zonada ýerleşipdir. Bu ýerde jaýlar palçykdan, käbirleri bolsa daş fundamentiň üstünde gurlupdyr. Medeni gatlagyň galyňlygy 7 m bolup 15 gorizonta bölünýär. Olaryň ýokarky 5 gorizontynda küýze önümleri gabat gelýär. Jarmo medeniýetiniň häsiýetli

taraplarynyň biri – onda mikrolitleriň giň ýaýramagydyr. Ortaýer deňziniň gündogar  kenarlaryna hem-de Kiçi Aziýa häsiýetli bolan ok-ýaý uçlary Jarmo medeniýetine degişli ýadygärliklerde ýokdyr. Maddy medeniýetiniň ýene-de bir häsiýetli tarapy daşdan ýonulyp ýasalan dürli görnüşli bilezikleriň we gap-gaçlaryň köplügidir. Küýzegärligiň ýüze çykmagy bilen daş gap-gaçlar ulanmakdan galmandyr.

Küýze gap-gaçlaryň käbirleri goýy hem açyk gyzyl reňklerde göni, egri, kese çyzykly nagyşlar bilen bezelipdir. Palçykdan ýene-de dürli zatlar – haýwanlaryň şekilleri ýasalypdyr. Olaryň arasynda oturan ýalaňaç aýallaryň-da şekilleri bar.

Jarmonyň ilatynyň ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanandygy şübhesizdir. Kömre öwrülen bugdaý dänesiniň 2 sorty, arpanyň, nohudyň däneleri tapylypdyr. Öý haýwanlary bolan goýunyň, geçiniň, doňzyň süňkleri köp gabat gelýär. Günbatar Eýranda ýerleşen Sorab depäniň maddy medeniýeti Jarmodan bir neme tapawut edýär. Daş gurallary küýze önümleri, palçykdan bejerilen heýkeljikler Jarmonyňka meňzese-de bu ýerde öýler örän ýönekeý, wagtlaýyn häsiýetde gurlupdyr. Sorab depe 1260 m belentligi bolan daglyk ýerde ýerleşipdir. Mümkin ol maldarlaryň wagtlaýyn ýaşaýan ýerleridir.

Luristanda ( günorta Sorab depe) ýerleşen Guran depe, Yragyň demirgazygynda dag eteginde ýerleşen Tell-Magzali, Umm-Dagiýa, Tell-Sotto ýadygärlikleri hem b.e.öňki VII-VI müňýyllyklara degişli bolup Jarmo medeniýetine çalymdaşdyr. Bu ýadygärlikleriň hemmesi üçin hem palçykdan salnan alibastr polly öýler, reňklenen küýze önümleri, adam we haýwan heýkeljikleri häsiýetlidir.

B.e.öňki VII-VI müňýyllyklarda Eýranyň günorta-günbatarynda ýaşan taýpalar özleriniň medeni ösüşinde başga ugur boýunça gidipdirler. Bu ugra degişli ýadygärlikleriň iň gowy öwrenileni Dehi Luran jülgesinde ýerleşen Ali-Koş

ýadygärligidir. Bu ýadygärligiň iň aşaky gatlaklaryndan başlap jaýlar gönüburçly uzyn kerpiçlerden bina edilip olaryň diwarlary gyzyl reňk bilen reňklenipdir. Ähli irki ekerançylyk taýpalarynda bolşy ýaly Ali-Koşlylar öz merhumlaryny obanyň çäklerinde ýygrylan (skorçennyý) görnüşde jaýlapdyrlar. Reňklenen küýze gap-gaçlary ulanylypdyr. Ýöne nagyşlaryň görnüşleri Jarmonyňka meňzeş däl. Neolit döwrüniň irki ekerançylyk medeniýetine degişli ýadygärlikler Hindistanyň we Hytaýyň çäklarynda hem ýerleşipdir. Olar Hindistanyň çäginde ýerleşen Mergar, Hytaýda ýerleşen Ýanşau medeniýetleridir.

### *Eneolit eýýamy*

Neolit döwründe daş gurallaryny kämilleşdirmek iň ýokary derejesine ýetýär. Soňky döwürlerde daş gurallary ulananda bolsa, olaryň tehnologiýasyna ullakan özgerişler girizilmändir.

Metalyň ýüze çykmagy bilen gural ýasamakda daş ýeke-täk material hökmünde öz ähmiýetini ýitiripdir. Başga söz bilen aýdanymyzda oňa güýçli konkurent ýüze çykýar.

Himiki analizleriň görkezişine görä metaldan ýasalan gadymy gurallar arassa misden ýasalypdyr.Gural ýasamak üçin adamzadyň ulanan iň gadymy metaly mis bolupdyr.Misiň ulanyp başlanmagyny bürünç asyrynyň gözbaşy diýmek bolar. Şoňa görä-de köp alymlar eneolit döwrüni bürünç asyryna goşýarlar.

Eneolit iki sözden ybarat bolup, grekçe enus-mis, litos-latynça daş, ýagny mis-daş asyry diýmekdir. Beýle diýildigi eneolitde mis gurallary ýüze çykýar, ýöne daş gurallary agdyklyk edýär diýmekdir. Ol dogrudan hem şeýledir. Hat-da bürünç asyrynyň iň ösen döwründe hem daş gurallaryny ulanmaklyk dowam edipdir. Daşdan pyçaklar, paltalar, gyrgyçlar, ýaý okunyň we oraklaryň uçlary ulanylypdyr. Metal gurallarynyň şübhesiz agdyklyk etmegi ol soňky döwürlerde bolup geçýär. Metalyň ulanylyp başlanmagy bilen adamzadyň durmuşynda ullakan hojalyk hem durmuş özgerişler bolup

geçýär. Eneolit eýýamynyň esasy mazmuny hem şondan ybaratdyr.

Metalyň we metal önümleriniň ýüze çykmagy we ýaýramagy barasynda alymlaryň arasynda iki hili pikir bar. Olaryň bir topary metal öndürmeklik dünýä boýunça bir regionda, ýagny b.e.ö. VIII-VII müňýllyklarda Kiçi Aziýadan Huzistana çenli (Eýranyň günorta-günbatar tarapy) bolan çäklerde döräpdir diýýärler. Oňa mysal edip, Türkiýedäki Çatal-Guýuk hem Çeýnýu depesini görkezýärler. Ol ýerde metaldan ýasalan monjuklar, temenler, iňňeler tapylypdyr. Olaryň pikiriçe metal önümçiligi ol ýerden goňşy çäklara ýaýrapdyr. Başga pikir boýunça metal önümçiligi kähalatlarda aýry-aýry çäklarda özbaşdak hem döräpdir. Mysal üçin, mis magdanlaryna baý ýerlerde misden örän gödek we ýönekeý gurallary ýasapdyrlar. Olaryň pikirine görä eger şol gödek gurallary ýasan adamlar öňdebaryjy taýpalaryň tejribesinden peýdalanan bolsalar, olaryň gurallary hem kämil bolardy diýýärler. Umuman metal önümçiligi mis magdanly raýonlar bilen bagly bolupdyr. Mysal üçin, Ýewropada ilkinji mis gurallary b.e.ö. V we IV müňýyllyklaryň çatrygynda ýüze çykyp Balkan-Karpat magdanly raýony bilen bagly bolupdyr. Gündogar Ýewropada ondan başga Ural zapasy hem bolupdyr. Merkezi Aziýada metal önümçiligi Týan-Şan raýony bilen bagly bolupdyr.

Reňkli metallurgiýanyň ösmeginde dört etapy belleýärler.

Birinji etapynda adamlar diňe tebigy taýýar misi ulanypdyrlar. Adamlar ony daşyň bir görnüşi hasaplap daş gurallarynyň ýasalyş usulynda, ýagny kesmek, ýonmak, ýylmamak arkaly gural ýasapdyrlar. Nähili ýagdaýda metalyň açylandygy belli däl. Mümkin adamlary onuň gyzyl reňki gyzyklandyrandyr. Şoňa görä-de ondan ilki diňe bezeg şaýlaryny ýasapdyrlar. Mis magdanlarynyň käbir görnüşi (meselem malahit) örän owadan we özüne çekiji bolupdyr. Ondan ilki diňe bezeg şaýlaryny ýasap, has soňrak mis magdany

hökmünde ulanyp başlapdyrlar. Ol häzir ýene-de ýarym gymmat bahaly daş hökmünde ulanylýar.

Mümkin tebigy taýýar mis böleginiň tötänden oda düşmegi we eräp başga görnüşe geçmegi mis metallurgiýasynyň başlangyjy bolandyr.



**Eneolit**

Ikinji etapynda tebigy taýýar görnüşde duş gelýän mis bölejiklerini eredip ondan dürli zatlary ýasap başlapdyrlar.

Üçünji etapda ikinji etapda ýetilen derejäniň esasynda taýýar mis bölegini däl-de, mis magdanyny eretmegi we ondan mis metalyny alyp, gural ýasap başlaýarlar. Ol hojalykda metallurgiýa pudagynyň hakyky başlangyjy bolupdyr. Ol b.e. ö. V müňýyllykda bolup geçipdir.

Reňkli metallurgiýanyň ahyrky dördünji etapynda bürünç almaklyk, ýagny mis bilen başga bir metalyň erginini garyp täze misden berk metal alyp başlapdyrlar. Mis känleri ilki başda tötänleýin açylan bolsa gerek. Mis magdanlary ýeriň ýokarky gatlagynda ýerleşen bolsa, onda ýeriň üsti ýam-ýaşyl bolup duryar. Ol mis magdanynyň alamatydyr. Ony gadymy magdançylar gowy bilen bolsa gerek.

Ilki başda ýeriň ýokarky gatlagynda ýerleşen magdanlar özleşdirilipdir. Emma soňy bilen ýeriň aşaky gatlaklaryna aralaşyp has çuň ýerleşen magdanlarda özleşdirilipdir. Altaýdaky Belousow käninde bir magdançynyň skileti tapylypdyr. Onuň ýanynda bolsa malyň hamyndan tikilen halta bar eken. Şeýle halatlarda mis känlerinde işlän işçiler magdany ýokaryk çykaran bolsa gerek. Aşaky gatlaklarda magdan alnanda daş paltalary, çekiçleri ulanylypdyr. Çuň gatlaklardan mis magdanyny almaklyk eneolit döwründe başlanypdyr.Oňa şol döwre degişli küýze önümleri şaýatlyk edýär.

Soňky wagtlara çenli ylymda mis örän ýumşak metal bolany üçin daş bilen bäsleşip bilmändir. Şoňa görä-de eneolit döwründe daş gurallary agdyklyk edipdir diýen pikir öňe sürülýärdi. Dogurdan-da mis gurallarynyň ujy çalt küteklenipdir . Ýöne daş gurallarynyň hem uçlary owranyp zaýalanypdyr. Şeýle ýägdaýda mis guralynyň ujuny täzeden ýitilemek mümkin bolupdyr. Emma daş gurallaryny täzelemeli bolupdyr. Arheologlaryň geçiren tejribeleriniň görkezişine görä, mis guralynyň öndürijiligi şonuň ýaly daş guralynyň öndürijiliginden has artyk bolupdyr. Diýmek mis gurallarynyň az ýaýramagyna

onuň ýumşaklygy däl-de, gytlygy we gymmat düşýänligi sebäp bolupdyr. Şoňa görä-de misden ilki başda diňe bezeg şaýlaryny we ownuk gurallary ýasapdyrlar (deşiji we kesiji gurallar-pyçak,temen we ş.m.). Eneolit eýýamynyň hronologik çäkerini nähili kesgitlemeli?

Eneolidiň çäkleri metallurgiýa pudagynyň ösüş derejesi bilen kesgitlenýär. Metallurgiýa bolsa magdan eredip arassa metal almakdan başlanýar. Diýmek eneolit reňkli metallurgiýanyň taryhynyň üçünji etapynda başlanypdyr. Şeýlelikde, eneolit döwri şu iki sany ajaýyp tehniki täzeligiň aralygydyr ýa-da dördünji etapyna çenli döwrüdir. Metalyň durmuşa girizilmegi bilen köp sanly hojalyk we durmuş özgerşikler bolup geçýär. Bu özgerşikler dürli çäklarda dürli wagtlarda bolup geçipdir. Meselem G.d. Ýewropada b.e.ö. IV-II müňýyllyklarda, Zakawkazýada we Merkezi Aziýada V-IV müňýylyklarda .

Eneolit döwründe adamzadyň iň esasy açyşlarynyň biri-teker oýlanyp tapylypdyr. Tekeriň oýlanyp tapylmagy bilen adamlaryň ýaşaýyş şertleri düýpgöter ýeňilleşýär.

Maldarçylyk has ösüp açyk düzlüklere çykýar. Ýewropanyň we Aziýanyň hemme ýerinde diýen ýaly mallaryň esasy görnüşleri bolan sygyr, goýun, at, doňuz ýaýrapdyr. Düzlük sähra taýpalarynyň sürülerinde kem-kemden dowarçylyk we gylýalçylyk agdyklyk edip başlapdyr. Kem-kemden maldarçylyk bilen meşgullanan taýpalar çarwalara öwrülipdir. Şeýlelikde taryhda ilkinji jemgiýetçilik bölünşigi bolup geçýär. Çarwalar ekerançylardan bölünip aýrylýar. Emma durmuşda arassa çarwa ýa-da arassa ekerançy taýpalar bolmandyr. Olaryň hojalygynda diňe çarwa ýa-da ekerançylyk pudagy agdyklyk edipdir .

Adamlaryň maddy durmuşynda bolup geçen özgerişler düzgünleriniň hem özgermegine getiripdir. Jemgiýetde erkek adamlaryň orny artypdyr. Eneolit we bürünç asyrlarynda patriarhal urug gatnaşyklary höküm sürüpdir.

Hojalygyň hünärmentçilik pudagy hem ýüze çykyp başlaýar. Mis magdanlaryna baý raýonlarda mis gurallaryny ýasaýan ýöriteleşdirilen obalar peýda bolýar.

Eneolit döwrüniň küýze önümleriniň kämilligi, olaryň ýokary hünärli ussalar tarapyndan ýoriteleşdirilen ussahanalarda bejerilendigini görkezýär. Ýöne küýzegärligi has ýeňilleşdirilen küýze çarhy soňrak irki bürünç asyrynda ulanylyp başlanylypdyr. Meselem, Mesopotamiýada V – müňýyllygyň aýagynda – VI müňýyllygyň başynda, Merkezi Aziýada (Türkmenistanda ilkinji)-III müňýyllykda (Namazga 4 )ýüze çykypdyr.

Jemläp alanymyzda eneolit döwründe ýaşan taýpalar ähli ýerde öndüriji hojalyga geçipdir. Metallurgiýa öndüriji hojalygyň bir pudagyna öwrülýär. Ekspluatasiýanyň we synplaryň döremegine getiren ýeterlik derejede önüm öndürilip başlanylýar. Merkezi Aziýada ýaşan taýpalarda hünärmentçiligiň ekerançylykdan bölünip aýrylmagyna itergi beren ilkinji alamatlaryň biri bolan küýze çarhy peýda bolýar. Hünärmentçiligiň ereranççylykdan bölünip aýrylmagy öz gezeginde synplaryň ýüze çykyş işjeňligiini ýitileşdiripdir. Eneolit döwri käbir etraplarda (Meselem, Ortaýer deňziniň Gündogar tarapy) synpy jemgiýetleriň dörän döwrüdir.

## Eneolit döwrüniň esasy ýadygärlikleri.

Merkezi Aziýada eneolit döwrüniň ýadygärlikleri esasan Köpetdagyň eteginde – dag bilen gumuň aralygyndaky inçejik zolakda ýerleşýär. Bu döwrüň ýadygärlikleri özleriniň daş görnüşi boýunça belent depelerden ybarat bolup öz göwsünde köp metrlik medeni gatlaklary jemleýär. Ol depeler palçykdan ýa-da çig kerpiçlerden gurlan ýaşaýyş jaýlarynyň galyndylaryndan ybaratdyr.

Merkezi Aziýada eneolit döwrüne degişli iň owal öwrenilen ýadygärlik Aşgabadyň etegindäki Änew obasynda ýerleşen iki sany depedir. Ol ýerde 1904-nji ýylda Paşpelli tarapyndan ýolbaşçylyk edilen Karnegi institutynyň (ABŞ) arheologik ekspedisiýasy işläpdir. Soňra ol depeleri XX asyryň 40 ýyllarynyň aýagynda ÝuTAKE öwrenipdir. Geçirlen gazuw agtaryş işleriniň netijesinde Änew depeleriniň (Änew medeniýeti) hronologiýasy düzüldi:

Änew I (A-B)- b.e.ö. V-IV m.ý. Änew I A = b.e.ö. V m.ý.

Änew II –b.e.ö. IV-III m.ý. Änew I B =Namazga I

b.e.ö IVm.ý.

Änew III – b.e.ö.II m.ý. Änew II = Namazga II

Änew IV Namazga III

b.e.ö. III m.ý.

Namazga IV

Änew III = Namazga V-IIm.ý. I ýarymy.

Namazga VI-IIm.ý. II ýarymy.

Merkezi Aziýanyň eneolit döwrüne degişli ýadygärlikleriniň hronologiýasy köp wagtlap şu tablisa boýunça kesgitlendi.

Soňky döwürde bu hronologiýa üsti doly gazylyp açylan Kaka etrap merkezine ýakyn ýerleşen Namazga depäniň materiallary esasynda jikme-jik takyklandy. Namazga depäniň töwereginde eneolit döwrüne degişli ýene-de birnäçe ýadygärlik açyldy. Olardan Artygyň ýanyndaky Garadepäni we Mäne obasyndaky Altyndepäni, Tejeniň ýanyndaky Göksüýri oazisini görkezmek bolar. Öz gezeginde olaryň töwereginde hem köpsanly obajyklar ýerleşipdir. Meselem, Göksüýri toparyna 9 sany ýadygärlik girýär.

Ylymda berk ornan hronologiýa boýunça Merkezi Aziýada eneolit eýýamynyň irki döwrüne Änew I (A) we Namazga I kompleksleri girýär (b.e.ö. V-IV müňýyllygyň ortasyna çenli). Bu döwürde Köpetdag eteginde neolit zamanynda başlanan ekerançylyk medeniýeti ösmegini dowam etdiripdir.Ekeran ýerler çiller arkaly kartalara bölünip, olarda dagdan akyp gelýän suwlar saklanypdyr, iş gurallary kämilleşdirilipdir. Esasan bugdaý we arpa ekipdirler. Amerikan ekspedisiýasy 1904-nji ýylda bu ýerde – Änewde b.e.ö. V müňýyllyga degişli ak bugdaýyň dänesini tapypdyr. Maldarçylyk hem ösdürilipdir. Gazuw agtaryşda sygryň, goýnuň, doňuzyň süňkleri tapylypdyr. Maldarçylyk awçylygy doly gysyp çykarypdyr.

Ilkinji gezek çig kerpiç ulanylyp başlanýar. Bu döwrüň öýleri çig kerpiçden gurlupdyr. Öýler öňküsi ýaly bir otagdan ybarat bolupdyr, ýöne olaryň ýanynda dürli hojalyk hajatlary üçin goşmaça otaglar, ambarlar gurlupdyr.

Obalar entek uly bolmandyr. Olaryň tutýan meýdany entek 2 gektardan geçmeýär. Döwrüň aýagynda 10 gektara çenli bolan obalar döräp, olaryň planlaşdyrylyşy kämilleşip köçeler peýda bolýar.

Misden ýasalan ilkinji zatlar – bezeg şaýlary, iki tarapy hem ýiti pyçaklar, temenler ulanylyp başlapdyr. Geçirlen analizler olaryň tebigy taýýar misden däl-de, mis magdany eredilip alnan misden ýasalandygyny görkezdi. Ol metallurgiýanyň ösüşiniň 3-nji etapyna gabat gelýär. Alymlaryň çak edişine görä, ilkinji mis zatlary başga ýerden (mümkin Eýrandan) getirlen misden guýlupdyr. Galyplar entek bir taraplaýyn bolupdyr. Mis gurallarynyň ulanylyp başlanmagy bilen daş gurallarynyň roly peselen-de bolsa, olar entek ulanylmagyny dowam etdiripdir. Küýze önümleri tekiz düýpli bolup, olaryň daş tarapynyň ýokary bölegi bir reňkli geometrik nagyşlar bilen bezelipdir. Palçykdan bejerlen ikbaşlar tiz-tizden gabat gelýär (dokmaçylyk). Daşyna nagyş çekilen aýal heýkeljikleri-de gabat gelýär. Olar aýal hudaýynyň kulty barada gürrüň berýär.

Merhumlaryň jesetleri Jeýtun medeniýetinde bolşy ýaly obalaryň içinde jaýlanypdyr. Jesetler ýygrylan halda goýlup, olaryň üstüne gyzyl reňk sepilipdir. Merhumyň ýanynda goýulýan zatlar entek örän az. Durmuş deňsizligiň alamatlary-da entek duýulmaýar.




**Namazga medeniýeti**

***Namazga II döwri.*** B.e.ö. 3500-nji ýyllarda başlanypdyr diýlip çak edilýär. Obalaryň sany köpelip, tutýan meýdany 12 gektara çenli artýar. Obalar topar-topar bolup ýerleşip, adatça olaryň ortasynda bir uly oba ýerleşipdir. Her obanyň özüne degişli umumy däne saklanýan ambary we sežde edilýän jaýy bolupdyr. Namazga II-ň başynda entek bir otagly jaýlarda ýaşapdyrlar. Ýöne soňabaka köp otagly öýler ýüze çykyp başlaýar. Namazga II-ä degişli Garadepede we Göksüýri oazisinde kiçeňräk ýapjagazlar görnüşinde ilkinji suwaryş sistemasy tapylypdyr. Ol bolsa suwarymly ekerançylygyň ýüze çykandygyny görkezýär. Maldarçylykda dowardarçylyk agdyklyk edipdir. Azda-kände doňzuň hem süňki gabat gelýär. Entek öý guşlary (towuk) düýbünden bolmandyr. Mis gurallary mis magdanyndan eredilip alnypdyr, ýöne indi diňe bir guýmak usuly bilen däl-de, eýsem metaly gyzdyryp çekiçlemek arkaly hem gurallary ýasapdyrlar. Gyzyldan, kümüşden ýasalan bezeg şaýlarynyň tapylmagy bu metallaryň hem özleşdirilip başlanandygyny görkezýär.

Daş gurallarynyň sany barha azalypdyr. Adatça daşdan ýaý okunyň uçlary, däne owgyçlary ýasalypdyr. Süňkden temenleri ýasapdyrlar. Ýarym aýlaw görnüşli jamlar, garşoklar, uzyn okaralar küýze önümleriniň esasy görnüşleri bolupdyr. Emma nagyşlar çylşyrymlaşyp olar köp reňkde çekilipdir. Küýze nagyşlarynda geometrik şekiller agdyklyk edýär. Küýzeleriň hili diýseň ýokary. Palçykdan aýallaryň we haýwanlaryň şekillerini-de ýasapdyrlar.

Merhumlar ýekelikde günorta garadyp jaýlanypdyr. Gabyryň gyraňlary köplenç çig kerpiçlerden örülipdir. Merhumyň ýany bilen goýlan zatlaryň esasynda jemgyýetiň baý-garyba bölünip başlandygyny görmek bolýar. Mysal üçin, bir çaganyň gabryndan 2500 sany monjuk tapylypdyr. Olaryň içinde gyzyldan, kümüşden, gipsden bejerilenleri-de bar. Bu döwürde demirgazyk Owganystandan getirlen, ýöne ýerinde

(Türkmenistanda) ýasalan lazurit monjuklary-da duş gelýär. Ol bolsa alyş-çalyşyň bolandygyny görkezýär.

***Namazga III.*** Bu eneolitiň giçki döwrüni öz içine alýar. Alymlar Namazga II bilen Namazga III araçägini häzire çenli doly anyklap bilenoklar. Ýöne onuň gutaran wagtyny b.e.ö. 2750 ýyl ýa-da b.e.ö. III müňýyllygyň 2-nji çärýegi diýip kesgitleýärler. Namazga III döwründe şu medeniýetiň günbatar we gündogar raýonlarynda ep-esli ýerli aýratynlyklar ýüze çykýar. Ol aýratynlyklar ilkinji nobatda keramiki önümlerinde mese-mälim görünýär. Namazgadepe, Altyndepe ýaly iri merkezler ýüze çykýar. Bu döwürde obalaryň dürli görnüşleri, ýagny uly, orta we kiçi möçberlileri döräpdir. Obalarda köp otagly öýler adaty zada öwrülýär. Olaryň arasynda 20 otagly öýler bar.

Çak edilişine görä, şeýle uly öýlerde uly maşgalalar, jemagatlar ýaşapdyr. Ekerançylykda hem uly üstünlikler gazanylypdyr. Emeli suw howdanlary, suwaryş kanallary ulanylypdyr. Şeýle howdanlaryň biriniň 1100 $m^2$ meýdany we 3 metr çuňlugy bolupdyr. Şeýlelikde ekerançylar ekin meýdanlaryny köp gezek suwarmaga we ýylda iki hasyl almaga mümkinçilik gazanypdyrlar.

Mal sürüleriniň düzüminde känbir üýtgeşiklik bolmandyr. Ozalkysy ýaly dowarçylyk agdyklyk edipdir.

Gazuw agtaryş döwründe jylawlanan at goşulan palçykdan ýasalan tekerli arabanyň modeli tapylypdyr. Ol bolsa tekeriň we iş haýwanlarynyň bolandygyny görkezýär. B.e.ö. III-II müňýyllyklarda düýe hem ulanylyp başlapdyr.

Metallurgiýada galyplaryň ýapyk görnüşleri ulanylyp başlanýar. Şeýle galyplarda guýlup ýasalan aýna, deşgiç, iňňebagjyk, bilezik we gylyç tapylypdyr. Giçki eneolitiň keramiki önümleri esasan ýarym aýlaw formaly jamlardan, okaralardan, kuboklardan we gorşoklardan ybarat bolupdyr. Göksüýri obasynda küýze bişirilýän küre hem tapyldy. Daşdan sokulary, olaryň sapyny, däne owujylary we ýer işlenýän käbir

gurallary ýasapdyrlar. Daşdan möhür hem ýasapdyrlar. Möhürler şahsy eýeçiligiň ýüze çykyp başlandygyny aňladýar. Ozalkylary ýaly aýal heýkeljikleri-de ýasalypdyr. Ýöne bu döwürde sakgally erkek adamlaryň şekilleri-de gabat gelýär.

B.e.ö. VI müňýyllygyň aýaklaryna – IV müňýyllygyň başlaryna degişli irki ekerançylyk bilen bagly ýadygärlikler Zakawkazýe ýurtlarynda hem köpdür. Ýöne olaryň hiç biri-de doly öwrenilmändir. Olaryň içinde iň bellisi Nahiçewanyň (Azerbaýjanda) golaýynda ýerleşen Küldepe ýadygärligidir. Bu ýeriň obalary kiçijik bolup, adatça 1-2 gektar meýdany tutupdyr. Öýler bir otagdan ybarat, hemmesi bir görnüşli aýlaw şekilli, pagsadan ýa-da çig kerpiçden gurlupdyr. Her otagda bir maşgala ýaşapdyr. Obalarda 30-40 öý bolup, obanyň umumy ilaty 120-150 adamdan ybarat bolupdyr. Obalar adatça derýalaryň kenarlarynda ýerleşipdir. Obalardan esasan mallaryň şahyndan we süňklerinden ýasalan ekerançylyk gurallary tapylypdyr. Gurak raýonlarda emeli suwaryş desgalary zerur bolupdyr. Aruhlo I (Ermenistan), we Imrisgora (gora-gruzinçe depe) (Gruziýa) obalarynda iň ýönekeýje ýaplar, kanallar tapylypdyr. Bugdaý bilen arpadan başga dary, rož, noýba we üzüm hem ekilipdir.



**Namazga III medeniýeti**

Metal gurallary örän az bolupdyr. Eneolitiň diňe giçki döwrüne degişli monjuklar, temenler, pyçaklar tapylypdyr. Daş gurallary esasan obsidiýandan ýasalypdyr. Ýöne obsidiýanyň işlenen ýerleri ýok. Şoňa görä-de alymlar ony alyş-çalyşyň netijesinde başga ýerden getirlen diýip çak edýärler.

Küýze önümleri has gödek we ýönekeý. Durmuş deňsizligiň alamatlary ýok. Eneolit döwründe öndüriji hojalygyň uly merkezleriniň biri Moldowada we Ukrainada döräpdir. Ol medeniýet Rumynyýanyň käbir raýonlaryna-da ýaýrapdyr. Ol Tripolýa medeniýetidir ( b.e.ö. V müňýyllygyň soňy – III müňýyllygyň 3-nji çärýegi). Ol medeniýet Kiýewiň golaýynda ýerleşen Tripolýa obasynyň ady bilen baglydyr. Tripolýa medeniýeti ekerançylyk medeniýetidir. Bu ýerde ekerançylyk ýerleri tokaýlardan arassalamak bilen bagly bolupdyr. Agaçlary çapyp olaryň düýplerini aýyrmak fiziki zähmeti örän köp talap edipdir. Şoňa görä-de bu ýerlerde erkek adamynyň roly has artýar. Tripolýa taýpalarynda patriarhat gurluşy başlanýar.

Käbir obalaryň daşyna palçykdan, gumdan ullakan çil çekilipdir. Ol bolsa taýpalaryň arasynda çaknyşyklaryň bolup durýandygyny görkezýär.

Tripolýe medeniýeti 3 sany uly döwre bölünýär.

***1. Irki döwrüniň (V müňýyllygyň soňy – IV müňýyllygyň ortasy)*** obalary adatça meýdany boýunça uly bolman, Moldowanyň, Günbatar Ukrainanyň hem-de Rumynyýanyň Karpat dag etegini öz içine alypdyr. Obalaryň açyk meýdan tarapy berkidilipdir. Ýaşaýyş jaýlarynyň ölçegi 15-30 $m^2$ aralygynda bolupdyr. Öýler esasan daşy we içi palçyk bilen suwalan örülen gamyşlardan we beýleki çöplerden gurlupdyr. Ýerkümeleri-de bolupdyr. Öýüň ortasynda ojak ýerleşip, onuň ýanynda maşgala altary bolupdyr. Obalarda dini ymaratlary-da bolupdyr. Obalarda öýler adatça aýlaw görnüşinde ýerleşip, onuň ortasynda boş meýdan goýlupdyr. Arheologlar ony mal gabalýan ýer diýip çak edýärler.

Tripolýe medeniýetiniň hojalygynda doly kemala gelen ekerançylyk bolupdyr. Ýerler azal bilen sürlüpdir. Hasyly daş oraklary bilen orupdyrlar. Esasan, bugdaý, arpa, dary, nohut ýaly däneli ekinleri ekipdirler. Käbir obalarda maldarçylyk agdyklyk edipdir. Olar esasan, sygyr we doňuz saklapdyrlar. Awçylyk hem ähmiýetini ýitirmändir. Tripolýeliler metal işlemegi bilipdirler, ýöne olar köp duş gelmeýär. Meselem, Luka Wrublýowskaýa obasy gazylyp açylanda, ondan baryýogy 12 sany mis predmeti tapylypdyr (monjuklar, garmak we temen). Metal önümçiliginiň ösendigini Moldowanyň Karbuna obasynda tapylan hazyna görkezýär. Hazynada jemi 850 zat bolup, onuň 444 sanysy misden ýasalypdyr. Geçirlen barlaglar Tripolýelileriň misi gyzdyryp seplemegi, eretmegi we guýmagy başarandyklaryny görkezýär. Hazynada 2 sany arassa misden ýasalan ullakan palta bolup, onda sap geýdirmek üçin deşigi hem bolupdyr. Tripolýe medeniýetiniň irki döwründe daş gurallary agdyklyk edýär. Ýüzi tekiz ýylmanan paltalar, deşiji, kesiji gurallar giň ýaýrapdyr. Gural ýasamakda süňk hem ulanylypdyr. Küýze önümleri aýlaw ýa-da ýylan görnüşli çyzyklar bilen bezelipdir.



1
2
3
4
5
6
7
8
9
10
11
12
13
14
15
16
17

## Tripolýe medeniýetine degişli ýadygärlikler

***2. Tripolýe medeniýetiniň orta döwründe ( IV müňýyllygyň II ýarymy)*** onuň çägi has giňelýär. Ilat sany artypdyr. Onuň bilen baglylykda öýleriň ölçegleri-de artýar. 2-3 etažly jaýlar giň ýaýrap, olaryň tutýan meýdany 60-100 $m^2$-a ýetipdir. Bir gat öýleriň käbirleriniň uzynlygy 45 m, ini 4-5 m-e ýetipdir. Şeýle öýlerde köp maşgaladan ybarat jemagat ýaşapdyr. Jaýlaryň pollary we diwarlary saman bilen garylan palçyk bilen suwalypdyr.

Obalarda ilatyň köpelmegi obalaryň meýdanynyň giňelmegine getirpdir. Indi her obada 200 we ondan köp öýler ýerleşipdir. Öýler tegelek halka görnüşinde ýerleşdirilipdir. Wladimirowka diýen obada öýler bäş hatar halkadan ybarat bolup, onda 3000-e ýakyn adam ýaşapdyr. Öýleriň halka görnüşinde ýerleşdirilmegi gorag maksatlary üçin edilen bolsa gerek. Käbir obalaryň tutýan meýdany 35 gektara çenli bolupdyr. Mümkin olar ýaňy döräp başlan taýpa merkezleri bolsa gerek. Hojalykda maldarçylyk hem uly rol oýnapdyr. Küýzegärçilik ösüpdir. Dürli reňkler bilen nagyşly gap-gaçlar durmuşa girýär. Suratlar (nagyşlar) küýze bişirilmezden öň ak, gyzyl, gara reňkler bilen çekilipdir. Nagşyň esasy motiwi çylşyrymly aýlaw bolupdyr. Kähalatlarda haýwanlaryň esasan tekäniň suraty çekilipdir. Küýzeler iki kameraly peçlerde bişirilipdir. Mis gurallarynyň sany we görnüşleri artýar. Misden esasan temenleri, garmaklary, halkalary, kinžallary, paltalary ýasapdyrlar. Ýöne oňa seretmezden daş gurallary entek agdyklyk edipdir. Merhumlar ozalkysy ýaly obalaryň içinde ýeke-ýekelikde jaýlanypdyr.

***3. Giçki Tripolýe (b.e.ö. III müňýyllyk).*** Ýaýran çäksy giňelmegini dowam edip, Dnepriň orta akymlaryna we Gara deňzine çenli ýaýrapdyr.

Bu döwurde daşy berkidilen we berkidilmedik ululy-kiçili obalar bolupdyr. Olaryň arasynda meýdany 400 gektara ýetýän has ululary-da bolupdyr. Öýler 1-2 gat.

Aýratyn ýerleşen mazarystanlar we kurganlar peýda bolýar.

Metal hünärmenleri metal eretmegi we iki taraplaýyn galyby doly özleşdiripdirler. Küýze önümleri esasan iki görnüşde: gödek hem ýylmalan. Ilkinji gezek haýwanlar we adamlaryň suratlary çekilen suratly küýzeler ulanylyp başlanýar. Dini düşünjeleri aňladýan küýze gaplary-da ýüze çykypdyr. Mysal üçin, dürbi görnüşli düýpsiz gaplar. Küýze bişirilýän peçler iki kameradan ybarat bolup, aşakysy ot ýakylýan kamera, ýokarkysy gaplary ýerleşdirmek üçin niýetlenipdir.

Giçki Tripolýede patriarhal urug gurluşy dowam edipdir. Bu döwre degişli mazarystanlar hem bellidir. Käbir guburlar özleriniň çylşyrymly konstruksiýalary bilen tapawutlanýar. Olaryň diwarlary daşdan örülip, içinde merhumyň ýanynda misden bejerilen zatlar, şol sanda ýaraglar hem goýlupdyr. Bu fakt Tripolýe jemgyýetinde urug ýolbaşçylarynyň (begleriniň) döräp başlandygyny görkezýär. Emma emläk deňsizligi entek duýulmaýar.

## Türkmenistanyň arheologiki ýadygärlikleri ilkidurmuş döwri

Gadymy Änew bugdaýyny arheologiki maglumatlaryň esasynda öwrenmeklikde ilkinji gezek uly siwilizasion açyş eden amerikan alymy Rafaella Pampellidir. Alym R. Pampelli Änew galasynyň baý geçmiş taryhyny öwrenmäge gelende ol 73 ýaşynda bolup, öz käri boýunça arheolog bolmasa-da şol wagtda Waşingtondaky Karnegi fondy (maýa goýum )alyma Änewde arheologiki gazuw-barlag işlerini geçirmek üçin maliýe çykdaýjylaryny hödürlänlerinde özüniň geologlygyna garamazdan razyçylyk beripdir. Alym R. Pampelli Türkmenistanda entäk ylymda belli bolmadyk siwilizasiýany açyp boljakdygyny aňlapdyr.

R.Pampelli öz ýany bilen şol döwrüň meşhur, tanymal alymy Genrih Şliman bilen bile işlän arheolog Guberd Şmidi öz ekspedisiýasyna goşup, Türkmenistana arheologiki gazuw-barlag işlerini geçirmäge gelenine indiki 2004-nji ýylda 100 ýyl dolýar. Änewiň demirgazyk we günortasyndaky depelerinde geçirilen gazuw-barlag işleri alymyň çaklamalaryny tassyklady.

1908-nji ýylda Waşingtonda alym R. Pampelliniň Änew medeniýeti ady bilen 2 tomluk kitaby çapdan çykandan soň, dünýä alymlary Günorta Türkmenistanda b.e. öňki VI-V müňýyllyklarda suwarymly ekerançylygyň bolandygyny tassyklaýjy maglumatlaryň esasynda gündogary öwreniji alymlaryň arasynda uly-uly ylmy seslenmeler bolup başlaýar. Netijede, şu güne çenli "Änew medenýeti" atly taryhy döwür dowam edip gelýär. Änew depesi R. Pampelli tarapyndan öwrenilip başlanyp, 70 ýyl geçenden soň, Türkmen-amerikan alymlary bu medeniýeti öwrenmekligi dowam etdirdiler.

Amerikan alymy Hibert Fret 8 ýyl bäri Änew galasynda arheologiki gazuw-barlag işlerini geçirmek bilen Änew medeniýetine degişli ýene-de birnäçe has gadymy

medeni gatlaklaryň barlygyny we olaryň taryhy seneleniși has gadymy taryhy döwürler bilen ýagny biziň eýýamymyzdan öňki VII-VI müňýyllyklar bilen döwürleşdirilýär.

Alymlar R. Pampelli we H. Fret gadymy türkmen topragynda ýaşap, ekerançylyk bilen meşgul bolan adamlaryň ýerli, ýagny şu günki türkmenleriň ata-babalary bolandyklaryna güwä geçýän antropologiki maglumatlara esaslanyp (tapylan adam kelle çanaklaryny) dünýä ylmyna doly girizdiler.

Garaşszylyk eýýamynda "Galla" maksatnamasyna esaslanyp Ak bugdaýyň görnüşleri we ýaýraýyşy barada köp işler edilýär.

Änew galasyndan tapylan arheologiki tapyndylaryň arasynda gadymy jaýlaryň düşeginden beýleki ösümlikleriň galyndylary hem öwrenildi. Alym Şellenberg Türkmenistandan tapylan bugdaý galyndylarynyň dört görnüşiniň bolandygyna güwä geçýär. Belli gündogary öwreniji alym T. Hojanyýazow birnäçe ýyl bäri Marguşda Goňur galasynyň dürli künjeklerinde ozal galla saklanan ambarlarynda b. e.ö. III-II müňýyllyklara degişli medeni gatlagyň galyňlygy 50 sm. bolan reňki garalan bugdaý galyndylarynyň bolandygyny habar berdi.



## Jeýtun medeniýeti

Jeýtun (b.e.ö. VII-VI müňýyllyklar) medeniýeti zamanynda ekilip başlanan bugdaý tä Marguşdaky Goňur galasynda bolan ekerançylyga çenli birnäçe kämillik ýollaryny geçipdir. Arheologiki medeni gatlaklardan tapylýan galla galyndylarynyň görnüşleri dörtden köp hat-da 9 görnüşleri hem bolupdyr.

## Bürünç asyrynyň arheologiýasy

Giriş.

1. Kawkaz we gündogar Ýewropa ýurtlary bürünç asyry döwründe.
2. Sibir Gazagystan ýerleri bürünç asyrynda.
3. Orta Aziýa bürünç asyry zamanynda.

Uzak wagta çeken daş asyry öz taryhy döwrüni geçip gutaransoň bürünç ýa-da mis asyry başlaýar. Beýle diýildigi mis indi döräpdir diýildigi däl. Ol jemgyýetde peýdalanylyp başlan döwrüdir, ýagny indi misden adamlar özlerine gerek zähmet gurallary we bezeg şaý-seplerini ýasap başlapdyrlar. Gurşun bilen galaýynyň birleşmesinde emele gelen metal öz düzümi boýunça has gaty bolupdyr. Şol gaty demiri agaçlaryň ujuna berk daňyp, ýeri agdarmaga (sürmäge) peýdalanypdyrlar. Jemgyýetde köpsanly gyzyl we kümüş gyryndylary peýdalanypdyrlar, esasan hem dini maksatlar üçin ýasalýan, ýagny doga, tumarlary-da jaýlaryň tekjelerinde goýulýan (çokunylýan) heýkeljikleri ýasamakda peýdalanypdyrlar.

Kawkaz ýerlerinde hojalygyň gurluşynda uly-uly zähmet özgerişleri bolupdyr. Köp taýpalarda maldarçylyk hojalygyň esasy görnüşine öwrülipdir. Ilatyň köp böleginiň maldarçylyk bilen meşgul bolmagy jemgyýetiň ilkinji gezek zähmet bölünişigi boldy. Gurşunyň hem-de misiň durmuşa ornaşmagy jemgyýetiň durmuş sferasynda gyradeňsizligi aýryp, indi hojalykda haýsy pudak metaly durmuşa ornaşdyrsa, şonuň hem öndürijiligi ýokary bolupdyr. B.e.ö. II müňýyllykda Kawkaz ýerlerinde öndürijiligiň ýokarlanmagy bilen jemgyýetde enelik urugyndan atalyk urugyna geçildi. Durmuşda zähmetiň esasy ugurlaryny kesgitleýän indi erkek adamlar bolýar. Maldarçylyk hojalygyň esasy pudagy bolup, ol hem öz gezeginde mallaryň görnüşleri boýunça toparlara bölünip başlaýar. Şeýle özgerişlikler Gara deňziň, Powolžýanyň, demirgazyk Kawkazda, Orta Aziýanyň, günorta Sibiriň çöllerinde giň gerim alypdyr. Sanalan regionlaryň

käbirlerinde maldarçylyk bilen birlikde ekerançylyk hem ösüp başlapdyr. B.e.ö. II müňýyllygyň dowamynda ekerançylygyň dürli görnüşleri bilen meşgul bolup başlan uruglar öz ekin meýdanlaryny giňeldip başlaýarlar. Bürünç asyrynda Zakawkazýe ýerlerinde has gowy öwrenilen medeniýetleriň biri Kuro-Aransk medeniýetidir. Bu medeniýetiň düýbi eneolit zamanynda tutulýar. Kura-Aransk medeniýeti diňe bir Kura ýa-da Araks derýalarynyň kenarlarynda bolman, gündogar Antalyada, Demirgazyk-Günbatar Eýranda, Dagystanda, Çeçen-Inguşetyada we Demirgazyk Osetiýa ýerlerine ýaýrandyr. Bu zamanda oturymly ekerançylyk bilen meşgul bolýan taýpa toparlaýň sany artyp başlaýar. Maldarçylyk toparlary pasyllaýyn öri meýdanlaryny saýlapdyrlar. Mallary gyşlatmak üçin tebigy tarapdan ýylylyga pena berýän dag gaýalarynyň aşaklarynda ýaşapdyrlar. Arheologiki materiallaryň esasynda demirgazyk Kawkazyň käbir ýerlerinde ozaldan gelýän enelik urugy dowam edipdir. Jaýlaryň gurluşy tegelek görnüşde, ortasynda hem ojak bolupdyr. Otaglar birnäçe bölege sektora bölünipdir, her birinde hem ojak bolan. Şonuň ýaly hem her bir otagda galla saklanýan çukurlar bolupdyr. Ekerançylygyň has kämilleşendigine şaýatlyk edýän ýene-de bir zat, indi ýer sürmekde mallary ulanyp başlapdyrlar. Käbir obajyklarda (ýadygärliklerde) mis galaýy, gurşun eredip palta, kätmen, orak görnüşli gurallary ýasapdyrlar. Kuro-Arans medeniýetine degişli ýadygärlik Ýerewanyň golaýynda ýerleşen Şengawitdir. Bu galanyň daş-töweregi daşdan örülen diwar (gala) bilen gurşalandyr. Galanyň dört çünkünde garagul durýan diňler bolup, umumy meýdany 6 gektar bolandyr. Şengawit galasynyň daşynda uzak bolmadyk aralykda mazarçylyk hem tapylandyr. Jaýlaryň diwary çig kerpiçden salnyp, togalak görnüşde bolupdyr. Küýze gaplary gara reňkler bilen dürli haýwanlaryň şekillerini aňladypdyrlar. Şol Kuro-Arans obasynda ýerleşen ikinji bir ýadygärlik Mingeçaur ýadygärligidir. Bu ýadygärlik Äzerbegjandaky Kury diýen

derýanyň kenarynda ýerleşip, ol 25 gektar meýdany tutýandyr. Jaýlar ýerküme görnüşinde bolup, otaglaryň merkezi böleginde ojak bolupdyr. Soňky ýyllarda geçirlen arheologiki gazuw barlag işleri netijesinde anyklanan zatlaryň biri hem Kura-Arans medeniýetiniň Kiçi Aziýanyň demirgazyk Kawkazda bolan siwilizasion ösüşler bilen arabaglanyşykda bolanlygy anyklandy. Maýkop medeniýeti b.e.ö. III müňýyllyga degişlidir. Onuň ýaýrawy Prikubaniýadan Çeçen-Inguş ýerlerine çenlidir. Maýkop medeniýetine degişli obajyklar ýerleşen ýerlerine görä, obalaryň daşyna berkitmeler (galalar) salypdyrlar. Her obadan daş bolmadyk mazarystanlyk bolupdyr. Bürünç zamanynda jemgyýetde baýlykda tapawutlanan adamlary aýratyn jaýlap, olaryň üstüne agyr daşlary goýup 1,5-2 metre çenli beýgeldipdirler (kurgan). Erkek adamlaryň mazaryna gyzyldan ýasalan ýaragdyr, zähmet gurallaryny we bezeg şaý-seplerini goýupdyrlar. Käbir ýagdaýlarda ölen adamyň meýdiniň üstüne ownuk gyzyl sepipdirler we gaplaňyň, öküziň suratlaryny şekillendiripdirler. Maýkop medeniýetiniň bir täsin tarapy ol hem şu zamanda jemgyýetiň durmuş gurşawynda synpy gatnaşyklaryň käbir elementleri ýüze çykýar. Öndürilýän önümler biri-birinden hil tarapdan düýpli tapawutlanyp, olaryň gymmatlary artýar. Ylaýta-da ýasalýan küýze gaplarynyň has kämilleşen görnüşleri peýda bolýar. Zähmet gurallarynda orak, kätmen, palta, agajyň (taýagyň) ujuna daňylýan naýzalaryň peýda bolmagy şol zamanda dünýäniň ösen ýurtlary bolan Krit we Mesopotamiýa medeniýetleri bilen aragatnaşygyň bolandygyna şaýatlyk edýändir. Ýakyn Gündogar ýurtlarda gymmatbahaly daşlar serdolik, lazuritden ýasalan bezeg şaý-sepleriniň Gara deňiz kenarlaryna ýetip gelmegi Maýkop medeniýetiniň ösmegine belli bir derejede täsir edendir. Hojalykda maldarçylyk we ekerançylyk deň derejede ösdürilipdir. Adamlaryň jaýlanyşlaryna (ölen adam) seredeniňde şol öwrenilen mazarlardan tapylan gymmat bahaly zähmet hem ýarag

gurallary şol zamanda Maýkop medeniýetiniň Kura-Arans medeniýetine meňzeşligini hem görmek bolýar. Gazuw barlag işleri netijesinde galla saklanýan çukurlar we küýze gaplary hem tapylandyr. Ukrainanyň Meşko, Domensk diýen ýerlerinden ýerküme görnüşli birnäçe jaýlaryň daşy daşdan örülen galalar bilen berkidilipdir. Indi Ukrainanyň köp ýerlerinde zähmet bölünişigi başlanýar. Ýagny maldarçylyk ekerançylykdan bölünýär.

B.e.ö. III müňýyllygyň ahyrynda II müňýyllygyň başlarynda Maýkop medeniýetiniň synmagy bilen indi regionda täze Demirgazyk Kawkaz medeniýeti döreýär we Maýkop medeniýetini dowam etdirýär. Bu medeniýetiň tutan meýdany has giňdir, ýagny Gara deňziň kenaryndan başlap, tä Kabardino-Balkariýa çenli bolan aralykdyr. Hojalygyň esasy kärleri göçme çarwaçylyk we ekerançylyk bolupdyr, jemgyýetiň durmuş gurluşynda hem uly özgeriş bolandyr, ýagny atalyk urugyna geçiş bolýar. B.e.ö. II müňýyllykda gündogar Gruziýanyň we Ermenistanyň bir böleginde ýaşaýan halkyýetleriň medeniýetine ***Trialet*** diýip atlandyrypdyrlar. Bu medeniýete degişli ýadygärlikler öz tutýan meýdanlary boýunça uly bolmandyr. Merhumlaryň jaýlanylyşy dürli-dürli bolupdyr. Merhumyň meýdini ýakmak, içki öýde jaýlamak ýa-da çukuryň düýbünde goýup üstüne gum sürmek ýaly görnüşleri bolupdyr. Baý adamlary jaýlanlarynda onuň mazarynda gara reňkli küýzeleri, gymmat bahaly zähmet gurallaryny, bezeg şaý-seplerini goýupdyrlar we ol mazaryň üstüne daş örüp ony beýgeldipdirler, kähalatlarda guburly tümmegiň (kurganyň) beýikligi 2,5-3 metre golaý bolupdyr. Başga guburly tümmegiň birinde 24 sany nagyşlanan küýzeler, orak, pyçak, palta, bir küýzäniň düýbünde uly bolmadyk ýantar saklanypdyr. Alymlaryň çaklamalaryna görä, Zakawkazýe ýerinde häzire çenli ilkinji gymmatbahaly daşlaryň biri hasaplanýar. Küýze gap-çanaklaryň saplarynda haýwan şekillerini aňladýan görnüşleri ýasapdyrlar. Başga bir gubur

tümmekden tapylan kümüşden ýasalan çäýnegiň ýüzünde 23 sany adamyň tagtda oturan hudaý şekiline sežde edip duran wagtyny aňladypdyr. Trialet medeniýetine degişli şekiller we nagyşlar öz aňladýan manylary boýunça Alynky Aziýa ýerlerinden tapylan we öwrenilen arheologiki tapyndylara meňzeşdir. B.e.ö. XI-IV asyrlara degişli guburly tümmekleriň biri hem Koban ýadygärligidir. Demirgazyk Kawkaz ýerlerinde belli ýadygärlikleriň biridir. Bu medeniýete degişli adamlaryň esasy kärleri goýundarçylyk bolupdyr.

## *RUSSIÝANYŇ ÇÖLLÜK RAÝONLARY.*

Russiýanyň çöllük raýonlarynda b.e.ö. IV müňýyllykda ýaşan adamlaryň galdyran medeni mirasyna ***Hwalyn*** medeniýeti diýip atlandyrylýar. Ol Saratow oblastynda ýerleşendir. Şoňa degişli gubur tümmeklerinden tapylan arheologiki tapyndylar Russiýanyň şol zamandaky beýleki ýerlerinde bolan medeniýetlerine çalymdaşdyr. B.e.ö. IV müňýyllygyň II ýarymyna degişli Srednesgogow medeniýetidir. Ol Kuýbyşew oblastynda ýerleşendir. Bu agzalan medeniýetlere degişli arheologiki tapyndylar daşky görnüşleri boýunça dürli-dürlidirler. B.e.ö. III-II müňýyllyklara degişli has gowy öwrenilen medeniýetleriň birine ***drewneýama*** diýilýär. Munuň ýaýran ýerleri Kaspi deňiz kenarlaryndan tä Gara deňze çenlidir. Bu döwürde küýze önümleriniň dürli görnüşleri öndürilip, köpsanly nagyşlar bilen bezelipdir. Merhumlaryň jaýlanylyşy hem birmeňzeş bolmandyr. Rus ýolbaşçylarynyň gabyrlaryna göyulýan zatlar beýlekilere garanyňda has artykmaçlyk edýändir. Wolga-Ural sebitlerinde ýaşan taýpalara hwalynlar diýlip atlandyrylypdyr. Olar günorta Kaspi kenarynda ýaşamak bilen esasy kärleri maldarçylyk bolupdyr. Dnepr derýasynyň aşaky akymlaryndan öwrenilen ýadygärliklere Mihaýlow medeniýeti diýilýär. Ol zamana degişli otaglar dürli ölçegden ybarat bolupdyr. Tapylan zatlaryň arasynda san tarapdan agdyklyk edýän zatlar temen, pyçak, teşe. Jaýlar ýerküme görnüşinde bina edilipdir. Her bir obalarynda metal eredýän peçler bolandygy we olarda islendik görnüşli gap-gaçlary ýasaýandyklary hem anyklandy. Gündogar Ýewropada iň giň ýaýran medeniýetleriň biri, ol hem Drewneýam medeniýetidir. Käbir deňeşdirmelere görä Drewneýam medeniýeti Ukrainada bolan Maýkop medeniýetine-de merhumlaryň jaýlanyşlary boýunça meňzeşlik bardyr. Umuman taryhyň irki zamanlaryna degişli Tripol, Usatow, Baýkal-Dunaý medeniýetlerine degişli arheologiki

tapyndylar şol zamandaky Orta Aziýa ýerlerindäki ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolan taýpalaryň medeniýetinde käbir meňzeşlikler mälim edilendir. Ýokarda bellenişi ýaly Drewneýam medeniýetinde jemgyýetiň durmuş gurluşynda uly özgeriş bolandyr. Şonuň ýaly hem belli medeniýetleriň biri ***Katakom*** medeniýetidir (b.e.ö. 2000-1600 ýyllar). Bu medeniýet öz ýaýrawy boýunça Wolgadan Dnepre we Krymdan Kurska çenli ýaýrandyr. Katakom medeniýeti bäş sany regiona bölünip, biri-birinden tapawutlanýandyrlar. Ýöne hemmesinde merhum jaýlamak, küýze nagyşlary gabatlaşýarlar. Katakom medeniýetine degişli gubur tümmeklerinden öwrenilen jesetleriň ýanyndan tapylan arheologiki tapyndylaryň esasynda şol jemgyýetiň jemgyýetçilik gurluşyny öwrenmek bolýar. Ýagny derýa ýakasynda ýaşanlar maldarçylyk, belli bir derejede bolsa ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Ýadygärliklerden köp sanda balyk süňkleriň tapylmagy olaryň esasy kärleriniň maldarçylyk bolandygyna şaýatlyk edýär. Tapylan zähmet gurallarynyň içinde reňklenen palta, süňkden ýasalan temen, daşdan ýasalan naýzalar we beýleki käbir gurallar alymlaryň çaklamalaryna görä, iş üçin peýdalanylman, diňe dini maksatlar üçin peýdalanypdyrlar. Katakom medeniýetine degişli Rostow oblastyndan tapylan dört tigirli araba görnüşli hojalyk serişdesi, urug ýolbaşçylary üçin ulanylan arabalar diýip çaklaýarlar. Atlara we öküzlere tirkäp, hojalykda hem peýdalanypdyrlar. B.e.ö. II-I müňýyllyklarda giň ýaýran medeniýetleriň biri ***Surub*** medeniýetidir. Ol Wolga, Kuýbyşew, Wolgograd, Ural ýerlerinde giňden ýaýran medeniýetdir. Bu medeniýete degişli ýadygärlikler Dnepr, Buga derýalarynyň gyralarynda ýerleşendir. Surub medeniýetine degişli zähmet hem-de ýarag gurallary has kämilleşendirler. Ýaşaýyş üçin mahsus bolan jaýlar ýerküme görnüşinde bolup, tutýan meýdany kähalatlarda 150 $kw^2$ bolupdyr. Otaglaryň merkezi böleginde ulanylan ojagyň yzy galypdyr. Ojagyň töwereginde dürli ölçegli

haýwanlaryň süňkleri saklanypdyr. Jaýlaryň gurluşlary boýunça bir otagda iki maşgalanyň ýaşandygy hem anyklandy.



## Wolgo Oks deryasynyn golayyndaky tapylan ýadygärlikler
## Mezolit döwri

B.e.ö. III-II müňýyllyklaryň başynda Altaý daglarynyň eteginde Ýeniseý derýasynyň ýokary akymlarynda eneolit zamanyndan başlan hünärmentçiligiň käbir görnüşleri ýaýrapdyr. Mis asyrynda Sibir ýerlerinde giň ýaýran medeniýetiň biri hem Afanasýewa diýilýän medeniýetdir. Bu medeniýete degişli ne gubur tümmekleri öwrenilmegi netijesinde jaýlanan erkek adamlaryň jesediniň ýanyndan 2-3 sany aýal adamyň jesedini hem tapypdyrlar. Tapylan adam kelleçanaklaryny tertipleşdirip öwrenmekde antropologlar köp işler bitirdiler. Netijede Afanasýew medeniýetine degişli adamlar özleriniň etniki düzümleri boýunça Katakom medeniýetiniň adamlaryna meňzeşdir. Ýöne başga bir aýratynlyklary hem bardyr. Ilki bilen küýze gaplaryndaky nagyşlar, olaryň käbirleri täze daş asyry zamanynda ýüze çykan nagyşlardyr. Küýze gaplarynyň görnüşleri hem biri-birinden tapawutlanýandyr. Käbirleri ýumurtga görnüşinde bolsa, başga biriniň düýbi tegelek özlerinde hem möhür nagyşlar bezelipdir. Küýze gap-çanaklary ozalky medeniýetlere çalymdaşdyrlar. Afanasýew medeniýetine degişli gabyr tümmeklerinden, ýagny adam mazarlarynda goýulýan gymmatbahaly zähmet hem-de ýarag gurallary, bezeg şaý-sepleri ozalky medeniýetlere garanyňda has azdyr. Afanasýew medeniýetine degişli küýze gaplarynyň düýbi indi tegelek bolupdyr, ýagny ýerde goýanyňda berk saklanmak üçin, ikinji bilen hem olaryň indi göçme däl-de oturymly hojalyga geçendigine şaýatlyk edýär. Afanasýew medeniýeti has öndürijilikli hojalyk bolmak bilen olaryň esasy kärleri maldarçylyk bolupdyr. Ylaýta-da, atçylyk köp ösdürilipdir. Ilatyň başga bir bölegi balykçylyk hem-de awçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Ýaşaýyş üçin mahsus bolan jaýlary indi ýer küme däl-de ýeriň üstünde daşdan ýa-da agaçdan bina edipdirler. Zähmet we ýarag gurallarynyň köpüsi

daşdan bolsa-da has öndürijilikli bolupdyr. Şol baý tapyndylaryň arasynda haýwan süňkünden ýasalan temen özüne-de ýüň sapak ötürlen. Misden ýasalýan önümler has köp öndürilip başlapdyr. Afanasýew medeniýetine degişli gyzyldan ýasalan bezeg şaýlary Minusin mazarçylygyndan tapylandyr. Günorta Priaral ýerlerinde b.e.ö. II-I müňýyllyklarda Andronow atly medeniýet Uraldan tä Ýeniseýe çenli we belli bir derejede Orta Aziýanyň hem bir çetine degişlidir. Andronow medeniýetine degişli ýadygärlikler ol diýen beýik bolmaýar. Gubur tümmeklerinde jaýlanan jesetleriň ýanyndan tapylýan gymmat bahaly senetler we olaryň sany şol zamanda atalyk urugynyň jemgyýetde esasy orun alandygyna şaýatlyk edýär. Andronow medeniýetine degişli ýasalan gap-çanaklaryň metaly Uraldan alnypdyr. Küýze gap-çanaklarynyň düýbi tegelek bolup, hojalykda ulanmaga oňaýly bolupdyr.

B.e.ö. II müňýyllykda Priaral ýerlerinde Kelteminar medeniýetiniň ýerine Suýargan medeniýeti peýda bolýar. Suýargan taýpalarynyň esasy kärleri ekerançylyk bolup, onda-da suwarymly ekerançylyk has uly orna geçipdir. Ekerançylygyň ösmegi netijesinde el degirmenleri köpelip başlaýar. Ozalky sokynyň ýerine el degirmenleriň ýüze çykmagy jemgyýetde öndürijiligiň has ösendigne şaýatlyk edýändir. B.e.ö. XV asyrda Suýarganlaryň goňşy taýpasy täze bagýan taýpalary gelip şol medeniýeti ösdürýärler.

Täze Bagýan medeniýeti Amyderýanyň aşaky akymlarynda bolmak bilen, oňa degişli ýadygärlikler Akçaderýanyň kenarlarynda ýerleşipdirler. Olara degişli ýadygärlikler gabyr tümmekleri bolmak bilen jaýlanan adamlar dürli görnüşlerde bolupdyr. Esasy kärleri oturymly ekerançylyk bolupdyr. Maldarçylygyň dürli görnüşleri ösdürilip olar hojalykda giňden ösdürilipdir.

B.e.ö. 2000-nji ýylyň II ýarymynda Suýargan medeniýeti peýda bolýar. Bu taryhy döwürde jemgyýetiň maddy medeniýetiniň osüşi ozalky Surub hem-de Andronow

medeniýetlerine meňzeş bolupdyr, şonuň üçinem olaryň (suýarganlaryň) dilleri hem hindi-ýewropa dili bolan. Alymlaryň, ylmyň dürli ugurlarynyň çaklamalaryna görä, suýarganlar hindi-ýewropa dilinde gürläpdirler, alymlaryň çaklamalaryna görä, hindi-ýewropa dili ilki Priaral ýakalarynda ýaşan taýpalaryň esasy dili bolandyr. Soň, ýagny Priaraldan soň, günorta Türkmenistana, Eýrana soň Hindistana baran. Emma bu mesele heniz doly çözülmedik meseledir. Bize taryhy materiallardan belli bolşy ýaly, demirgazyk Türkmenistanda ýa-da Gadymy Horezmde ýaýran Suýargan medeniýetine degişli taýpa toparlary hindi-ýewropa dilinde gürlän hem bolsalar, onuň dogry bolmagy mümkin, emma şol zamanda günorta Türkmenistanyň ýerinde ýaşan adamlar, birnjiden-ä Suýargan medeniýeti bilen känbir umumylygy ýok, ikinjiden hem b.e.ö. III müňýyllykda ýaşan adamlar drawid dilinde gürläpdirler diýen pikire gelýäris (D.A.Awdusiniň "Arheologiýanyň esaslary" diýen okuw kitabyndaky öňe sürülýän pikir bilen biz ylalaşyp bilmeris). Esasan hem biz şu leksiýada Priaral medeniýetini Russiýanyň çöllük raýonlary toparyna goşulan hem bolsa, biz soňky Orta Aziýa bürünç asyrynda diýen leksiýamyzda has giňişleýin bereris.


1
2
3
4
5
6
7
8
9
10
11
12
13
14
15

B.e.ö. III müňýyllygyň başlarynda Priaral ýerlerinde Suýargan medeniýetinden soň Karasuk medeniýeti peýda bolýar. Adamlaryň esasy kärleri maldarçylykly ekerançylyk bolupdyr, şol sanda oturymly ekerançylyk hem uly orun tapandyr.

## *BÜRÜNÇ ASYRYNDA RUSSIÝANYŇ TOKAÝÇYLYK RAÝONLARY.*

Russiýanyň gündogar raýonlary bürünç asyrynda özüniň ösüş derejesi boýunça ýokary derejä ýeten hem bolsa, öndürijilik tarapy ýokary hem bolsa olaryň daşky görnüşleri täze daş asyryna meňzeş bolupdyr. Bürünç asyrynda Russiýanyň Yewropa ýerlerinde has giň ýaýran medeniýetleriň biri ol hem küýze gaplarynyň ýüzünde çekilen nagşa sapak görnüşli bolup, ol köp ýerlere ýaýrapdyr. Ekerançylyk bilen meşgul bolýan adamlar sugunyň şahyndan ýeri agdarmak üçin kätmen görnüşli gurallar ýasapdyrlar. Palta görnüşli gurallaryň iki görnüşi, ýagny hojalykda ulanylýan we söweş ýa-da aw awlamakda ulanylýan gurallar. B.e.ö. III müňýyllygyň ortalarynda we II müňýyllygyň II ýarymynda Srednedneprowskiý medeniýeti ýüze çykýar. Bu medeniýet öz gelip çykyşy boýunça öňki Tripol medeniýetine meňzeşdir. Srednedneprowsk medeniýetine degişli ýadygärlikler heniz doly öwrenilmedi. Jaýlar agaçdan bina edilen we olaryň merkezindäki ojak bolsa daşdan bejerilipdir. Bu medeniýete degişli ýadygärlikleriň köpüsi mazar tümmeklerdir. Olardan tapylýan zähmet we ýarag gurallary san tarapdan agdyklyk edýär. Daşdan ýasalan sokylar we el degirmenleri ekerançylygyň ýokary derejede bolandygyna şaýatlyk edýändir.

B.e.ö. III-II müňýyllyklarda günorta-günbatar Pribaltikada ýaşan adamlar esasan balykçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Olara gündogar Pribaltika medeniýeti diýilýär. Bu medeniýetiň esasy ýadygärlikleri Litwa we Belorussiýa ýerlerinde ýerleşendirler. Bu zamanda Wolganyň orta akymlarynda Fatýanow medeniýeti bolup geçendir. Bu zamanda taýpa toparlarynyň etniki düzümlerinde uly üýtgeşiklikler bolup geçýär, ýagny ozalky ýerli ýaşap oturan toparlaryň üstüne başga ýerde ýaşaýan toparlaryň adamlary

göçüp gelip başlaýar. Bu bolsa olaryň etniki düzüminiň üýtgemegine alyp barýar. Fatýanow medeniýetiniň taryhy köplenç mazar tümmeklerinden tapylan arheologiki tapyndylaryň esasynda öwrenilendir. Bu medeniýete degişli adamlaryň jaýlanyş usullarynda içki öý bolman, uly çukuryň düýbünde goýup, üstüne hem gum sürüpdirler. Merhumyň ýanyndan köpsanly haýwan süňkleriniň tapylmagy, şol zamanda merhumyň ýanynda haýwanlary öldürip goýupdyrlar. Ylaýta-da itiň, atyň, goýnuň süňkleri san tarapdan agdyklyk edýär. Tapylýan gurallaryň arasynda söweşde ulanylýan paltanyň agdyklyk etmegi şol zamanda adam toparlarynyň arasynda hususy baýlyk üçin agzalalygyň köpelendigini çaklamak bolýar. Käbir çaklamalara görä, Fatýanow medeniýetine degişli adamlar harby söweşler wagtynda öz tarapyndan söweşe gatnaşyp ölen adamlary jaýlap gidipdirler. Fatýanowyň adamlary köplenç ýagdaýda Wolosowýanlar bilen çaknyşypdyrlar. Olaryň ýeňlişe sezewar bolandyklaryna ol ýerdäki merhumlaryň jesedinden aňlamak bolýar. Ol hem Wolosowskileriň ýerinde Fatýanowlaryň ölen adamlarynyň jaýlanmagy bilen düşündirilýär. Eger-de söweş wagty Wolosowskiler ýeňilmeseler, onda olar duşmana meýdini öz ýerlerinde jaýlamaga rugsat bermezdiler. Fatýanow medeniýeti birnäçe toparlara bölünýärler we olar biri-birinden hünärleri we kärleri boýunça tapawutlanýarlar. Şolardan has bellileri Moskwa-Klýazmin, Ýokary Wolga, Orta Wolga, Dnepriň Ýokary akymy. Arheologiki materiallara esaslanyp Fatýanowlylar günbatardan gündogara göçüp başlapdyrlar diýmek bolýar.

Fatýanow medeniýetine degişli ýadygärliklerden irki demir asyryna degişli zähmet hem-de ýarag gurallary tapyldy. Ýöne bir bellemeli zat ol hem bolsa, Fatýanow medeniýetine degişli gündogar raýonlarda demir gurallary jemgyýetiň durmuşyna doly ornaşandyr, çünki her obada demir eredilýän ojaklaryň üsti açyldy. Ýokarda ýatlaýşymyz ýaly, Orta Wolga

Fatýanow medeniýetine degişli ýerlerde, şol Fatýanow medeniýetiniň esasynda Balanow medeniýeti ýüze çykýar. Bu medeniýetiň taryhy şol Fatýanow medeniýeti bilen bile öwrenilýär. Orta Dnepr ýerlerinde ýaşan adamlaryň ýene bir topary Abaşow medeniýeti ady bilen öwrenilýär.

B.e.ö. 2000-nji ýylyň II ýarymynda peýda bolan Abaşow medeniýeti özara üç sany medeni zona bölünýär. Ýagny tokaýçylyk, tokaý-çöllük hem-de Ural (günorta Priural). Netijede Abaşow medeniýetine degişli belli bir raýon ýokdur. Onuň her bir bölegi özbaşdak bolup, birek-biregiň üstüne howp abanan mahaly goldamandyrlar. Her hili aýratynlyklar bolsa-da taryhda olaryň medeniýeti bilelikde öwrenilýär, hojalygynda balykçylyk uly orna eýe bolandyr. Jemgyýetçilik gurluşy boýunça atalyk urugydyr. Bu medeniýetiň beýlekilerden bir tapawudy, ol hem bolsa erkek adamlaryň heýkellerini köp önderipdirler. Beýle bolmagy durmuşda erkek adamlaryň ornunyň ýokary bolmagydyr. Russiýanyň Gorkiý şäheriniň golaýynda b.e.ö. II müňýyllyga degişli Seýmin-Turbin medeniýeti hem öwrenilendir.

## *ORTA AZIÝA BÜRÜNÇ ASYRY ZAMANYNDA.*

B.e.ö. IV-III müňýyllyklara gelenden soň Orta Aziýanyň şertlerinde birnäçe ýüzmüňýyllar dowam eden adamzat taryhynyň daş döwri tamam boldy. Onuň ornuny eneolit we birneme soňrak bürünç döwri eýeledi. Ilkidurmuş obşinalary zähmet gurallaryny ýasamakda ilkibada misden peýdalanypdyrlar. Şonuň üçin bu döwre eneolit, ýagny mis-daş döwri diýlip at berildi. Atlandyrylyşy urugçylyk obşinasynyň bar bolan mümkinçiliklerinden gelip çykan zerurlykdyr. Çünki mis metal hökmünde ýumşak we ondan bejerilen gurallar hem döwlegen bolany üçin zähmet gurallarynyň köpüsi heniz daşdan bejerilýärdi.

Ozalky eneolit döwri ýer şarynyň ähli ýerinde bir wagtda däl-de, eýsem her bir sebitiň tebigy-ekologiki mümkinçiliklerine laýyk ýagdaýda dürli wagtlarda başlandy. Meselem, Afrikanyň we Aziýanyň gadymy daýhançylyk bilen meşgullanylan sebitlerinde ilkidurmuş obşinalary metal bilen irräk, başga çäklarda bolsa az-kem soňrak tanyş bolupdyrlar. Orta Aziýada metal b.e.ö. VI müňýyllykdan bäri mälimdir. Orta Aziýanyň daglyk raýonlarynda bu wagtda neolit döwrüniň Kelteminar medeniýetiniň obşinalary gülläp ösýär. Kelteminar medeniýetini döreden ata-babalarymyz arheologiki maglumatlara görä, metal bilen ilkinji gezek b.e.ö. III müňýyllyklaryň ortasynda tanyşdylar. Gadymy “metallurglar” belli wagtdan soň galaýyny mise garyp bürünç alypdyrlar. Bürünç maýyşgak we berk metaldyr. Ondan ýiti tygly gurallary ýasap bolýar. Bürünjiň bu sypaty gadymy “metallurglaryň” ünsüni özüne çekdi.

Indi ilkidurmuş adamlary öz zähmet hem-de ýarag gurallaryny bürünçden ýasap başlaýarlar. Gysga wagtyň içinde bürünç durmuşda öz ornuny tapdy, hojalygyň ähli pudaklaryna ornaşdy. Bürünç asyry öz taryhy döwri boýunça daş asyryna garanyňda gysga aralyk bolsa-da, ol taryhda uly yz

galdyrandyr. Ýagny b.e.ö. III-I müňýyllyklarda bürünç asyrynda Orta Aziýa rsebitlerinde hojalygyň ähli pudaklarynda uly ewolýusion ösüşler bolandyr.

Ilkinji gezek bürünç b.e.ö. III müňýyllykda Alynky Aziýada we Hindistanda açyldy. Orta Aziýada bolsa b.e.ö. III müňýyllygyň ahyry II müňýyllygyň başlaryndan bäridir. Bürünç zamanynyň "metallurglary" ilkibada ýeriň üstündäki metaly alan bolsalar soň magdan ojaklaryndan ýumşak metallary almagy başarypdyrlar we jemgyýete gerek gap-çanaklary, şaý-sepleri galyplar arkaly ýasapdyrlar. Bürünjiň hojalygyň ähli pudaklaryna ornaşmagy we ondan gerekli enjamlary ýasamaklary ilkidurmuş zamanynda ýene-de bir öňegidişlik bolandyr.

Bürünjiň gytlygy sebäpli ol hemme ýere deň ýaýramady. Köp ýerlerde misiň ýa-da galaýynyň özüniň ýumşak bolany üçin zähmet hem-de ýarag gurallaryny ýasap bilmändirler, bürünç hem ýeterlik bolmansoň ozaldan dowam edip gelýän daş gurallary durmuşda öz ähmiýetini ýitirmän saklapdyr. Bürünçden zähmet we ýarag gurallaryny ýasamak üçin belli-belli obalarda demir eredilýän peçler bolupdyr we ussaçylyk birnäçe görnüşlere bölünipdir. Zergärler we beýleki hünär pudaklary biri-birinden bölünip aýrylýarlar. Netijede öndürilýän önümiň hili gowulanýar hem-de jemgyýetiň toparlarynyň arasyndaky alyş-çalyş gatnaşyklary has hem ösüpdir. Meselem, Orta Aziýanyň günorta raýonlaryny Hytaý bilen baglanyşdyryp duran "Ýüpek ýoly" ýa-da Badahşan merjeniniň Ýakyn gündogara ýaýramagyny üpjün edýän lazurit ýoluny ýatlamak ýeterlikdir. Aragatnaşyk babatda gury ýerde ulag hökmünde haýwanlaryň (at,öküz,eşek,düýe) güýjünden peýdalanylyp başlandy. Haýwanlara goşulan tigirli arabalaryň peýda bolmagy hem köp zada şaýatdyr. Meselem olaryň toýundan bejerilen nusgalary bürünç zamanyna degişli ýadygärliklerinden tapyldy. Orta Aziýa arheologlarynyň alyp barýan gözlegleriniň netijesinde bürünç döwründe awçylyk we

ýygnaýjylyk durmuşda özüniň ilkibaşdaky ornuny ýitirdi we hojalygyň esasy pudaklary maldarçylyk we daýhançylyk boldy.



Orta Aziýada maldarçylyk hojalygynyň ilkinji yzlary hatda mezolit döwrüniň soňky basgançaklaryndan ýa-da neolit

zamanyndan bäri mälimdir. Ýakyn ýyllarda Özbegistanyň Magaý dag gowagyndan öwrenilen medeni gatlaklardan öwrenilen haýwan süňkleri haýwanlaryň eldekleşdirilendigine doly subutnamadyr. Sankt-Peterburgdaky arheologiýa institutynyň ylmy tejribeliginde geçirlen barlaglar netijesinde Magaý gowagyndan U.Islamow tarapyndan öwrenilen haýwan süňklerini iki topara bölünýär, ýagny eldekleşdirilen we ýabany haýwanlaryň süňkleridigini anykladylar. Barlaglar netijesinde Orta Aziýada ilkinji eldekleşdirilen haýwanlar geçi, goýun, at, düýedir. Alymlaryň çaklamalaryna görä bu ýagdaý durmuşda haýwanlary eldekleşdirmeklige ilkinji ädimlerdir. Mezolit zamanynyň soňky basgançaklarynda başlanan işiň (eldekleşdirmek) netijesini biz neolit zamanynda görýäris. Orta Aziýada Jeýtun ýadygärliginden tapylan arheologiki tapyndylaryň esasynda maldarçylyk hojalygy daýhançylyk bilen bir hatarda jemgyýetiň durmuşynda möhüm orun tapandyr.

Arheologiýa ylmynda ýene-de bir täsin pikir ol hem bolsa adamlar aw awlanlarynda olaryň çagalaryny öldürmän öýe getirip ýaşlykdan saklapdyrlar. Soňabaka şol ýaş haýwanlar adamlaryň yzyna düşüp, aýlanyp ýörüpdirler. Başga-da bir çaklama awçylyk pasyllaýyn bolany üçin şol eldeki haýwanlaryň käbirlerini mejbury ýagdaýda öldüripdirler. Şeýle haýwanlardan alymlaryň çaklamalaryna görä, geçi, goýun ýaly ownuk haýwanlardyr. Maldarçylygyň ösmeginde eneleriň orny ýokary bolan bolsa, onda daýhançylygy ösdürmekde uly orna eýe bolan erkek adamlardyr. Bürünç asyrynda Orta Aziýanyň hemme ýerinde ekerançylyk bir wagtda deň derejede ösen däldir. Käbir sebitlerde b.e.ö. III müňýyllygyň başlarynda bolsa, käýerlerinde şol senäniň ahyrlarynda ýüze çykandyr. Mysal üçin, Özbegistanyň günorta-gündogar we Merkezi raýonlarynda, Daşkent oazisiniň derýa ýakalarynda, Garşy oazisinde, şonuň ýaly hem Özbegistanyň suwsuz we sähra

sebitlerinde tebigy-geografik şertlere görä birneme gijräk peýda bolandyr.

Orta Aziýanyň Amyderýa ýa-da Syrderýa kenarlarynda bürünç asyrnyň ahyrynda ululy-kiçili obalar peýda boldy. Şol ýerlerde suwarymly ekerançylyk hem-de oturymly ekerançylyk uly orun tapandyr. Arheologiki materiallaryň esasynda Orta Aziýanyň günortasyndaky daýhan hojalyklary bilen demirgazykdaky maldarçylyk hojalyklarynyň arasynda özara ykdysady we ýakyn garyndaşlyk gatnaşyklarynyň bolup, olaryň biri-birlerine duşmançylyk etmediklerine şaýatlyk edýän maglumatlar bardyr. Jemgyýetiň ykdysadyýetiniň esasyny düzýän daýhançylyk we maldarçylyk Gazagystanyň sähralarynda ýaşan taýpalar Andronow medeniýeti ady bilen atlandyrylandyr (bu medeniýet barada ozal Russiýanyň gündogar Ýewropasyny geçenimizde hem ýatlapdyk). Netijede, Orta Aziýanyň ýerinde şol bir bürünç zamanynda etniki tarapdan dürli bolan halklaryň we halkyýetleriň ýaşandyklary antropologiki materiallaryň esasynda doly göz ýetirildi. Arheologiki materiallaryň esasynda jemgyýetde jübüt maşgalanyň bolandygy ýagny jemgyýetde nika gatnaşyklarynyň bolandygy hem anyklanandyr. Arheologiki materiallaryň esasynda erkek adamlaryň durmuşda çäklenmedik hukugy bolan bu ýagdaý mazar tümmeklerinden tapylan arheologiki tapyndylardan görünýändir. Özbegistanyň Zaman baba medeniýetine degişli arheologiki tapyndylar şol zamanda dokmaçylygyň bolandygyna şaýatlyk edýändir.

Ýene-de bir daýhançylygyň merkezi bolan Sarazm medeniýetidir. Bu medeniýete degişli arheologiki tapyndylar Täjigistanyň döwlet muzeýinde saklanýandyr. Sarazm oazisinde ýaşan adamlaryň esasy kärleri daýhançylyk we maldarçylyk bolupdyr. Sarazmda birnäçe medeni gatlaklar bardyr.

Günorta Özbegistanda ýerleşen Sapaly depe bürünç asyryna degişli esasy ýadygärlikleriň biridir.

Bürünç zamanynda Türkmenistanyň ýerinde ähli pudaklarynda uly-uly özgerişleriň bolandygyny Änew, Namazga, Altyndepe, Göksüýri, Marguş, Lebap kenarýakalary Horezm ýerlerinden arheologiki ýadygärlikler doly şaýatlyk edýändir. Birnäçe ýyllaryň dowamynda Altyndepe ýadygärliginde ady belli gündogary öwreniji W.M.Masson tarapyndan gadymy jemgyýetiň ösendigine şaýatlyk edýän arhitektura ymaratlarynyň galyndylary, möhürdir küýze gap-çanaklary öwrenildi. Netijede Altyndepe b.e.ö. III müňýyllygyň başlarynda şäher-döwlet borjuny ýerine ýetiripdir diýen pikire geldiler. Altyndepeden tapylan möhürler, dini ymaratyň (zikkurat) galan bölekleri ol ýerde synpy jemgyýetiň ilkinji alamatlarynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Ulug-depeden, Namazgadepäniň alty sany medeni gatlagyndan tapylan arheologiki materiallar şol zamanda ösen siwilizasiýanyň bolandygyna güwä geçýändir. Göksüýri oazisinden tapylan gap-çanaklaryň ýüzündäki nagyşlar hem türkmen halkynyň şu günki milli sungatynyň gözbaşy hasaplanýandyr.

Birnäçe ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň Marguş diýen ýerinde gadymy, ýagny b.e.ö. III müňýyllyga degişli arheologiki ýadygärlikleri öwrenmek bilen şol zamanda dünýäniň öňdebaryjy merkezleri bolan Mesopotamiýa, Kiçi Aziýa, Hindistan ýaly ýurtlaryň gadymy medeniýetiniň göwnejaý öwrenilmegi netijesinde Marguş medeniýetiniň bolandygy ýüze çykdy. Alym W.I.Sarianidi şol ýadygärlikleri yzygider öwrenmek bilen türkmen taryhynyň gadymýetini öwrenmekde uly goşant goşan adamdyr. Netijede ol ýerde diňe bir ekerançylyk bolan taýpa toparlarynyň ýaşan ýa-da sadaja bina eden jaýjagazlaryny öwrenmän, eýsem özüniň monumentallygy we belentligi bilen at alan köşkleriň we ybadathanalaryň bolandygyny has taryhy takyklaýjy materiallaryň esasynda subut etdi. Marguşda ýaşan adamlaryň esasy kärleri ekerançylyk bolup, olaryň bugdaý, arpa ýaly ekinleri ekendiklerine Kelleli oazisinden öwrenilen

ýadygärlikler subutnama bolup biler. Bu ýerde käbir obalaryň daşy hiç-hili goranyş diwary bilen gurşalmandyr. Emma bu ýagdaý belli-belli regionlarda bolupdyr. Käbir ýerlerde obalaryň daşyna berkitmeler salyp, olary beýik minaralar bilen berkidipdirler. Obalaryň içinde çig kerpiçden ýa-da pagsadan bina edilen ýaşaýyş üçin mahsus bolan otaglar hem öwrenildi. Şeýle jaýlaryň içinden ýaşaýyşa zerur bolan öý hojalyk esbaplary tapyldy. Käbir halatlarda ýörite aýallaryň iýmit taýýarlaýan kiçeňräk howlujyklary hem bolupdyr. Uly bolmadyk ýaşaýyş üçin mahsus bolan otaglarda howanyň sowuk wagtlary otagy gyzdyrmak üçin diwar peçleri hem edilipdir. Şol zamanyň arhitekturasyna mahsus zatlaryň biri otaglarda dynç almak ýa-da ýatmak üçin sekiler edilipdir.

Şunuň ýaly ýönekeýje obalar bilen bir hatarda jemgyýetiň ýolbaşçylyk edýän toparlary üçin has uly öz zamanasyna görä haýbatly köşkdir, dini ymaratlar gurlupdyr. Gadymy Marguş ýerlerinde onlarça we ýüzlerçe obalaryň taryhyň kanuny esasynda merkezi bir paýtagt bolmaly, şonuň üçinem Gadymy Goňur-depe galasy Marguşyň paýtagty bolandyr diýip çaklamak bolar. Goňur, Togalak we beýleki galalaryň çykalgalarynyň golaýynda hünärmentçileriň, demirçileriň, küýzegärleriň, gaýyşçylaryň, zergärleriň we beýleki hojalykda ulanylýan önümleriň işlenýän ýerleriniň her biri özbaşdak toparlar bolup ýerleşipdirler we özara gatnaşykda bolupdyrlar. Häzirki güne çenli bularyň arasynda has doly öwrenileni küýzegärleriň toparydyr.

Goňur we Togalak galalaryndan tapylan küýze gaplarynyň ýüzünde biri-birine haýbat atýan adamlar şekillendirilipdir. Emma haýwan, guşlar hem-de süýrenijiler alymlaryň çaklamalaryna görä gadymy Marguşlylaryň dini düşünjeleri bilen baglanyşykly bolan gadymy rowaýatlardaky hyýaly (fantastiki) görnüş berýän şekiller hem uly orun tapandyr. Marguşda ýaşan zergärler we demir ussalary öz öndürýän önümleriniň köp böleginde gadymy Müsür

piramidajyklaryna meňzeş, kähalatlarda bolsa köp gün şöhlesi çykýan germewleri aňladýan bolsalar, başga bir tarapdan ylgap barýan towşanyň, içýanyň, guşlaryň dürli görnüşlerini öz ýasaýan möhürlerine aýna görnüşinde suratlandyrypdyrlar. Marguş ýurdunda daş seýrek hem bolsa, oňa garamazdan zergärler daşdan ýasalýan möhürdir, dini dogajyklar daşdan bejerilen. Bu ýerde alymlar şeýle çaklamany öňe sürýärler, ýagny gadymy Marguşlylar daşy ýa-ha Köpetdagdan, Horezmden ýa-da Baktriýadan (Amyderýanyň ýokary akymy) getirmek üçin ýörite ekspedisiýalar gurapdyrlar. Daşyň dürli jynslaryndan bezeg, dini maksatlar üçin ýonup has tämiz görnükli möhürleriň şekillerini ýasanypdyrlar. Gadymy Marguşdan tapylan käbir daşdan, bürünçden ýasalan möhürleriň ýa-da gap-çanaklaryň ýüzünde ýanyp duran oduň töwereginde ýaşuly adamlaryň, kiçi ýaşlylaryň toplanyp (bir ýere üýşüp) olara has bir elhenç, aýylganç aždarha ýaly haýwanlar hakynda gürrüň berýän pursadyny hem ussatlyk bilen ýerine ýetiripdirler.

Bu hili dürli many berýän gap-çanaklardaky şekiller şol zamanlarda Gresiýada, Rimde öndürilen zatlara meňzeşdigi aýratyn manysy bardyr. Ozal Türkmenistanyň ýerinde ýaşap, soň dürli sebäplere görä göçüp giden adamlaryň ata-watanlary Türkmenistandyr.

## Bürünç asyrynyň arheologiýasy
## Günorta-günbatar ýurtlaryň arheologiýasy.(Mesopotamiýa, Gündogar Azitya ,Ortaýer deňzi, Kiçi Aziýa, Eýran, Owganystan, Merkezi Aziýa ýerleri.)

1. Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlary.
2. Günorta Aziýa. Gadymy Hindistanyň medeniýeti.
3. Gündogar Aziýa. Hytaý, daş-mis-demir asyry zamanlarynda

Daş asyrynyň taryhy şol zamanlarda daşdan ýasalan zähmet gurallarynyň kömegi bilen arheologiki medeni gatlaklar öwrenilýär. Ýasalan zähmet gurallary nesilden-nesle geçmek bilen kem-kemden kämilleşipdir. Orta we Ýakyn Gündogaryň arheologiýasy esasan hem XX asyryň başlaryndan dünýä alymlary (gündogarşynaslar) tarapyndan öwrenilip başlanýar. 1930-1936-njy ýyllarda iňlis alymy D.Garrod gadymy Palestinanayň Karmen diýen dag gowaklarynda Paleolit zamanynda ýaşan gadymy adamlaryň ýasan hem peýdalanan daş gurallaryny öwrenipdir. Dünýä ylmynda kabul edilmegiene görä alym D.Garrod Palestinanyň gadymyýetini öwrenmekde uly yz galdyran alymlaryň biridir. Paleolit zamanyna degişli daşdan ýasalan zähmet gurallarynyň dürli görnüşlerini we olaryň öndürijiliklerini öwrenen alymlar: D.Garrod, R.Newill, A.Rust, G.Watanabe we başgalar. Gündogar Ortaýer deňziniň dag kenarlarynda paleolit we mezolit zamanlaryna degişli ýaşaýşyň bolan ýerlerindäki adamlaryň öndüren önümlerini olaryň dag gowaklarynyň iç tarapyna tebigy reňkler bilen çekilen haýwan şekillerini alymlar I.I.Korobkow, Konlend, DJ. Skinnar we başgalar şol şekilleriň üsti bilen paleolit zamanynda adamlaryň maddy medeniýetindäki bolan taryhy ösüşleri öwrenipdirler. Howa şertleriniň durnukly bolan ýerlerinde adamlaryň ýaşaýşy birnäçe ýyllar dowam eden ýerlerinde medeni gatlaklaryň galyňlygy 20 metre çenli galyňlykda saklanypdyr.

Şel, aşel zamanlarynda (300-100 müň ýyllarda) adamlar Umm-katafaiýudeý çöllügindäki gowaklarda ýaşapdyrlar. Olaryň ýaşan gowaklaryndaky medeni gatlagyň galyňlygy 12 metre barabar bolupdyr. Has takygy şol gowakda ýaşaýşyň uzaga çekenligine göz ýetirmek bolar. Orta we giçki aşel medeniýetine degişli daş gurallary ozal zähmetiň diňe bir görnüşine bir gural ýasalan bolsa indi bir gural birnäçe işlerde (malyň derisini etinden aýyrmak ýa-da haýwanlaryň görnüşine görä, ýagny uly haýwan bolsa uly daş (ýadro) kiçi haýwan bolsa kiçi gural ýasap zähmetiň birnäçe görnüşlerinde ulanylypdyr.



Demirgazyk Siriýada ýerleşen Yabrud we Tabun gowaklaryndan Aşel zamanyna degişli öwrenilen daş gurallarynyň arasynda kämilleşen gurallaryň saýlanmagy umumy jemgyýetdäki ösüşleriň mysalydyr. Ýakyn Gündogaryň Kafzeh diýen ýerindäki mustýe zamanyna degişli gowagyň

agzyndan adam jaýlanan mazarlaryň ýeri açyldy. Antropolog alymlarynyň kesgitlemegine görä egerde çaganyň ejesi ölse näçe wagt geçenden soň ejesini hem çaganyň ýanynda jaýlapdyrlar. Iragyň Barda Balka diýen ýerinde häzirki Kirnu-Süleýmany obasynyň golaýynda daş asyrynyň mustýe diýen döwrüne degişli daşdan ýasalan gurallaryň dürli görnüşleri öwrenildi. Demirgazyk Iragyň Şanidar, Hazar-Merd gowaklaryndan adamlar tarapyndan awlanan haýwanlaryň süňkleriniň öwrenilmegi şol ýerde haýwanlaryň haýsy görnüşleriniň awlanandygyny ýada eldekileşdirilendigini bilmek bolar. Şonuň ýaly Eýranyň Bisütün jülgesindäki dag gowaklaryndan gaýalarynyň ýüzüne ilkidurmuş adamlarynyň çeken suratlaryndan adamlara haýwanlaryň haýsy görnüşleriniň durmuşda peýdalanylandygyny görmek bolar. Paleolit zamanynda Eýranyň ýerinde ýaşan adamlaryň durmuşynda peýdalanandygyny görmek bolýar.

Irki daş asyry döwrüne degişli Owganystanyň Badahşan ýerlerinden 30-golaý taryhyň dürli zamnalaryna degişli arheologiki ýadygärlikler öwrenildi. Demirgazyk Owganystanyň Daşti-Nawur gowagyndan mustýe zamanyna degişli daş gurallarynyň öwrenilmegi, şol zamanda ýaşan ilkidurmuş adamlarynyň arasynda medeni gatnaşyklaryň bolanlygyny görmek bolýar. Gindikuş daglyklarynda Kara-Kamar gowagyndan öwrenilen gödek ýasalan daş gurallarynyň san we görnüş tarapyndan köpelmegi ýaşan adam toparlarynyň durmuşynda öňegidişligiň bolandygynyň alamatydyr.

Orta daş asyry zamanynda Türkmenistanyň ýerinde Jeýtundan öňki medeniýet, Eýran, Owganystan, Palestina, Siriýa ýerlerinde Hatufiýe medeniýeti ady bilen dünýä taryhyna girendir. Jemgyýetiň durmuşynda ekerançylyk we maldarçylyk durmuşa ornaşyp başlaýar. Balyk tutmak üçin gurallaryň has peýdaly görnüşleri ýüze çykýar. Hatufiýa medeniýetine degişli adam toparlarynyň durmuşynda adamlar gowakdan çykyp açyk meýdanlarda jaý gurup ýaşap başlapdyrlar. Ýewfrat

derýasyndan 80 km gündogarda ýerleşen Şanidar gowagyndan öwrenilen daş gurallary b.e.öň 9-8 müň ýyllyklar bilen kesgitlenýändigini bilýäris. Ýewfrat derýasynyň aşaky akymlarynda ýaşan toparlar tomsuna derýanyň aşaky akymlaryna düşen ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Şanidara ýadygärliginden suwarymly ekerançylygyň bolanlygyna şaýatlyk edýän Ýakyn Gündogar, Merkezi Aziýa ýerlerinde suwarymly ekerançylygyň durmuşa ornaşmagy bilen jemgyýetiň taryhynda irki ekerançylyk medeniýeti ýüze çykýar. 1948-nji ýylda Iragyň Zagrose diýen dag etek raýonlarynda Amerikan alymy R.Breýdwud tarapyndan b.e.öňki 5 müň ýyllyga degişli ösen ekerançylyk medeniýetiniň bolandygyny alymlaryň labaratoriki barlaglarynyň netijesinde anyklandy. Alym R.Breýdwudyň Irakda, Eýranda we Tursiýada, alym K.Kenwonyň Ierihonda, Dj. Mellaryň günorta Tursiýanyň Çatal-guýuk diýen ýerlerinde geçiren işleriniň netijesinde ýokarda agzalan b.e.öňki 5 müň ýyllykdaky taryhy ösüşlerden öň hem ýagny b.e.öňki 8-7-6 müň ýyllyklarda Demirgazyk Mesopotamiýada alym D.Kirkbraýt tarapyndan, alym Munçaýew R.M tarapyndan Irakda ekerançylyk medeniýetine degişli swilizasiýon ösüşleriň bolandygyna alymlar anyk kesgitleme berdiler. Belli gündogarşynas alymlar W.M.Masson, N.Ýa.Merpert, G.N.Lisisina we başgalar şol taryhy zamanda Mesopotamiýa we Merkezi Aziýa sebitlerinde ozal tebigatyň taýýar önümini çöpleýänler indi özleri belli bir derejede ekip başlamaklary jemgyýetiň taryhynda öndürijiliksiz hojalykdan öndürijilikli hojalyk görnüşine geçýär. Bu hilli ewalýusion (pudagara) ösüşe swilizasion ösüş diýmek bolar.

Gadymy Mesopotamiýanyň arheologiki ýadygärlikleri esasan hem XIX asyryň ahyrlary we XX asyryň başlaryndan iňlis, fransuz, rus alymlary tarapyndan öwrenilip başlandy. Iňlis arheology L.Bully 1928-1934-nji ýyllar aralygynda gazuw agtaryş işlerini geçirip 1929-ýylda Demirgazyk Mesopotamiýadan patyşanyň jaýlanan mazarynyň üsti açyldy

we onuň mazaryndan öwrenilen arheologiki tapyndylaryň esasynda Gadymy Mesopotamiýanyň taryhyny üç döwre bölmeklige: Ubeýd, Uruk, Djem-det-Nasr. Bu üç döwrüň her birinde birnäçe arheologiki medeniýetler ýüze çykandyr. Meselem: Hassun medeniýeti umuman Günorta Mesopotamiýa ýerlerinden başgada birnäçe medeniýetler dünýä taryhyna girizildi. Irakda alym R.M.Munçaýew tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän şol wagtky sowet arheologiki ekspedisiýasy Demirgazyk Bagdad ýerlerinden Tell-es Sahhan atly arheologiki medeniýet öwrenildi. Netijede b.e.öňki 6-5 müň ýyllyklarda Mesopotamiýanyň taryhynda uly synpy ösüşler döreýär. Has takygy ilkidurmuş (arhaiki) döwürden synpy ýada swilizasion synpy jemgyýetiň döremegine alyp barypdyr. Netijede b.e.öňki 6-5-müň ýyllyklarda Mesopotamiýada synpy jemgyýet ýüze çykýar. Jemläp aýdanymyzda Günorta Mesopotamiýanyň taryhynda üç sany taryhy medeniýet ýüze çykýar:

1) B.e.öňki 6-5 müň ýyllyklar. Bu döwür oturymly ekerançylygyň gülläp ösen döwrüdir. Ikinji bir tarapdan ekerançylygyň maldarçylykdan bölünip aýrylmagydyr. Bu döwre degişli Hassuny, Samarry, Halafa we irki Eredu medeniýetleri bilen atlandyrylýar.
2) Ikinji döwür. B.e.öňki 5 müň ýyllygyň birinji ýarymy. Bu döwürde Gadymy iki Derýaaralyk arasynda suwarymly we oturymly ekerançylygyň ösen döwri ýada Şumerden öňki döwür ýada irki Şumer medeniýeti diýip atlandyrylýar. Bu döwre häsiýetli alamatlaryň biri hem jemgyýetiň ösmeginde synpyň döremeginiň, şäheriň ilkinji alamatlaryny döreýär hem-de dini ybadathanalaryň döremegi, binagärçilik sungatynyň ösmegi bilen tapawutlanýar.
3) Üçünji döwür. Bu döwre amatly alamatlary ilkinji hat we onuň alamatlary (Döwleti ýada şäheri dolandyrmak üçin, dini ymaratlaryň görnüşleriniň köpelmegi, möhürleriň döremegi, hünärmentçiligiň kämilleşmegi, jemgyýetde

deňsizligiň alamatlary). Ortaýer deňziniň gündogar kenaryndaky gadymy medeniýet barada iňlis, amerikan we rus alymlary yzygiderli arheologiki gazuw agtaryş işlerini geçirip ol ýerdäki gadymy arheologiki medeni gatlaklary we swilizasiýalary dünýä taryhyna girizdiler. Täze daş asyry zamanyna degişli SiroKilikiýeme medeniýeti b.e.öňki 6 müň ýyllyk bilen senelenýändir. Bu medeniýete degişli arheologiki ýadygärlikler diňe bir täze daş asyryna degişlileri öwrenilendir. Gadymy Eýranyň Hajiler, Kumdepe diýen ýerlerinden birnäçe arheologiki medeniýetler öwrenilendir. Gadymy Eýran ýerlerinden taryhyň has gadymy zamanlaryna degişli arheologiki medeniýetler 5-2 müň ýyllyklar bilen kesgitlenýändir. Gadymy Eýranyň taryhy arheologiki tapyndylaryň esasynda b.e. öňki 5-2 müň ýyllyklar aralygynda 3 sany taryhy döwürlere bölünýär:

I. Birinji döwür. Irki eneolit b.e.öňki 5 müňünji we 3 müň ýyly öz içine alýar. Bu döwür oturymly we suwarymly ekerançylyk Sisalk I medeniýeti diýip atlandyrylýar. Şonuň ýaly hem Suz we Tali-Basuna medeniýetleri. Eýranyň günortasyndaky medeniýetiň ösüşi öz meňzeşligi boýunça Elam medeniýeti ady bilen atlandyrylýar. Eýranyň demirgazyk medeniýeti ekerançylyk we maldarçylyk medeniýeti diýip atlandyrylýar.

II. Ikinji döwür, daş asyrynyň ahyrlary we mis zamanynyň baş etaplary bilen senelenýär. B.e. öňki IV müň ýyllygyň ahyrlary III müň ýyllygyň başlary bilen senelenýär, käbir çeşmelere salgylansak onda Elam döwri hem degişli

III. Üçünji döwür b.e III-II müň ýyllyklar bilen kesgitlenýär. Bu döwre degişli esasy arheologiki ýadygärliklerden Sisalk II, Kaşana, Teşme-Ali Tähran oazisinde b.e.öňki VI-V asyrlara degişli gadymy şäher galyndylary saklanyp galypdyr. Sisalk I ýadygärliginden daşdan ýasalan zähmet gurallaryň dürli görnüşleri, bezeg şaý-seplerini öwrenmek bolýar. Tiýana diýen arheologiki

ýadygärligi öz medeni gatlagy boýunça 5 metre barabar bolup, ol ýerden Elam we Ahameni zamanlaryna degişli bezeg şaý-sepleri we hatyň ilkinji alamatlaryny aňladýan belgiler öwrenilendir. Bu döwre degişli Jafarabad, Bendebal medeniýetlerine degişli keramiki gap-gaçlardaky nagyşlar Mesopotamiýa medeniýetine çalymdaşly, şol döwürde ýurtlaryň arasynda medeni aragatnaşygyň bolanlygynyň alamatydyr. Gadymy Owganystanyň ýerindäki arheologiki ýadygärlikleri öwrenmeklik XX asyryň 30-njy ýyllaryndan başlanandyr. Owganystanyň demirgazyk raýonlaryndaky ýadygärlikleri we Kandagar sebitlerindäki gadymyýete degişli gadymy oba, şäher galyndylaryny 1960-njy ýyllardan başlap sowet-owgan arheologiki ekspedisiýasy yzygiderli öwrenip başladylar. (A.A.Winogradnikow, W.I.Sarianidi, T.Hojaniýazow). Gadymy Owganystanyň ýerinden öwrenilen arheologiki tapyndylaryň esasynda 2 sany uly taryhy döwre bölmek mümkindir:

1) Birinji döwür. B.e.öňki 4-3 müňýyllyklarda Owganystanyň günorta welaýatlarynda oturymly ekerançylygyň durmuşa ornaşmagy (Mundigan I-III) hünärmentçiligiň kämilleşmegi ýerli ybadathanalaryň döremegi. Ýerli medeniýetiň gadymy Hind medeniýetine çalymdaşlygynyň artmagy (Mundigan IV), Günorta Owganystan medeniýetiniň Harappa medeniýetleriniň biri-birine meňzeşliginiň artmagy bilen tapawutlanýandyr. Şortunaý demirgazyk Owganystan, Harappa-Hindistanyň maddy medeniýetindäki meňzeşlikleriniň artmagy.
2) Ikinji döwür. B.e.öňki 2 müňýyllykda günorta Owganystandaky ýaşaýşyň pese gaçmagy, onuň tersine demirgazykdaky owgan durmuşynyň ondanda suwarymly we oturymly ekerançylygyň özbaşdak hojalyk hökmünde bölünip aýrylmagydyr. Amyderýanyň orta akymlarynda ululy-kiçili suw ýaplarynyň çekilmegi, durmuşda belli bir derejede demriň ulanylmagy bilen baglylykda zähmet gurallarynyň

kämilleşmegi, daşy berkidilen obalaryň ýüze çykmagy bilen ilkinji döwür tapawutlanýandyr. Günorta Owganystanyň ýerindäki ýaşaýşyň derjesiniň pese gaçmagynyň esasy sebäpleriniň biri Mundigar IV we Şahri-söhte ýerlerinde jemgyýetiň durmuşynda suw ýetmezçiligi (derýajyklaryň guramagy ýada akymlaryny üýtgetmekligi) zerarly ikinji bir tarapdan Günorta Owgan ýerlerine demirgazykdan çarwa taýpalaryň peýda bolmagy bilen düşündirilýär. Demirgazyk Owganystan ýerlerinde b.e.öňki 3-müň ýyllygyň ahyrlarynda 2 müň ýyllygyň başlarynda 2 müň ýyllygyň başlarynda Daşly ýadygärliginde ýaşaýan jemgyýetiň durmuşynda uly ösüşler bolýar, ol ösüşler taryha Daşly we Sapaly döwrüniň swilizasion ösüşleri ady bilen girendir. Has ösen komplekslerden ýenede biri Tylladepe medeniýetidir. Bu gadymy ýadygärlikde türkmen alymy T.Hojaniýazow hem birnäçe ýyllaryň dowamynda arheologiki gazuw-agtaryş işlerine ýolbaşçylyk edenleriň biridir. B.e.öňki 3 müň ýyllagyň ahyrlarynda 2 müň ýyllygyň başlarynda günorta Türkmenistanyň ýerlerinde Murgap, Altyndepe, Ýazdepe, Marguş swilizasiýalary bolandyr.

## Mis asyry
## Mis-demir asyry
## Altyn depe we Marguş siwilizasiýalary

Oguz han zamanyndan binýat edilen türkmen ruhy we medeniýeti dünýä halklarynyň ruhy medeni mirasynyň kämilleşmegine we ösmegin eitergi berendir. Türkmenler dünýäniň köp ýerlerinde parahatçylyk söýüjilik syýasatlary netijesinde beýik imperiýalary döretmegi gazanypdyrlar.

Türkmen Watanyny şirin janyndan hem eziz görýändir.Oguz han atamyz ýurdy akyl – paýhas bilen goramagyň tarapdary bolupdyr.Bu barada mukaddes Ruhnamada şeýle rowaýat bar: Oguz han döwleti heniz gaty berkemänkä, haýsydyr bir döwlet uruş howpuny salýar. Şonda duşman yrsarap ilki bedew atly, soň zenan maşgalany, soň Oguz han döwletinden ýer soraýar we her gezekde hem serkerdeleri uruşmaly diýenlerinde, Oguz han atamyz pähim – paýhasy bilen wagt utup, urşa taýýarlanypdyrlar we duşmany kül peýekun edipdir. Türkmeniň ýerinde näçe uruş bolandygyny Mukaddes Ruhnamada aýdylyşy ýaly, hiç taryhçy aýdyp bilmez. Emma onuň her bir daban ýeri biziň merdana ata – babalarymyzyňgyrmyzy gany bilen, enelerimiziň gözýaşy bilen goralandyr. Türkmen ruhynyň ösmegi, baýlaşmagy we kemala gelmegi esasan, bäş sany taryhy döwre bölünýär

**Birinji b.e.ö.V müň ýyldan başlap, tä biziň eýýamymyzyň 650- nji ýylyna çenli aralygy öz içine alýar.**

Bu zamanada milletiň ruhy gözbaşy Oguz handyr. ýaly, Oguz han, halal, sada türkmen zähmeti bilen gün görýär.

Öküz öz zähmeti bilen tebigaty özgerdýär. Öküz ýene ýeriň hasyl bermegine sebäp bolýar. Mukades Ruhnamada ýazylyşy ýaly, öküz ýaşaýyşy, dünýäni, jemgyýeti herekete getirýär. Ýene – de mukaddes Ruhnamada ýazylyşy ýaly, Oguz han türkmeniň öküz sypaty, zähmet söýerlik, jepakeşlik, erklilik, güýçlülik, döwletlilik alamatlaryny özünde jemleýär.

Has takygy, jemgyýetiň aňyýetinde öküziň orny ýokary bolupdyr.

**Türkmeniň ruhynyň ikinji eýýamy biziň eýyamymyzyň 650 – nji ýyllaryndan başlanýar.** Bu eýýamda jemgyýetiň ruhy ýolbaşçysy belli şahsyýetleriniň biri Gokut atadyr. Bu döwürde türkmen taryhynyň sosial gurluşynda uly özgerişler bolýar, ýagny, türkmeniň ýerinde ozaldan gelýän otparazlar dini yslam bilen çalşyrylýar. Bu döwürde türkmen Oguzhanyň " bir ýerde durma" diýen pendini esasy ýörelge edindi. Gorkut ata türkmen ruhynyň täze bir giňişligini açdy. Gorkut ata özüniň dünýägaraýşy boýunça jemgyýetiň ýaşaýyşyny ozalky ýaly üç bölege bölmän, eýsem öz pelsepesi boýunça iki bölege bölýär. Ýagny, bu dünýäde eden işleriňe hasap geçmeli, ahyryýetiň bardygyna iman getirmeli.

Bu zamanda – da türkmenler şat gününde mesirgemedi, hor gününde hem peselmedi.Mukaddes Ruhnamada ýazylyşy ýaly,"Gurt ýüzi – mübärek!" diýdirdi.

**Türkmen ruhynyň üçinji döwri X – XVI asyrlary öz içine alýar.**Bu zaman diňe türkmeniň at üstünde oýnap, gylyç aýlan döwri bolman, **türkmen ruhynyň** dünýä älemine özüni äşgär eden, tanadan döwri boldy. Bu eýýam – Görogly eýýamynda türkmen döwletleriniň Magrupdan Maşryga özüni tanadanlygyna taryh şaýatlyk edýär. Türkmenler merkezi Aziýada, Kawkazda birnäçe döwletleri bina edendirler. Türkmenleriň at – abarýy has hem belende galyp, indi dünýä halklarynyň arasynda şeýle nakyl döreýär, ýagny döwlet gurjak bolsaň, türkmeni çagyr ". Hindistan, Müsür ýa- da Gündogar Ýewropa ýurtlarynda gurlan türkmen döwletleriniň sany artyp başlaýar. Şol döwletleriň soltanlarynyň köpsüniň bürgüt bilen baglanyşykly lakamlary bolupdyr.

Mukaddes Ruhnamadan belli bolşy ýaly, Beýik Seljuk türkmenleriniň döwletlerini esaslandyran Dawudyň hem ruhy ady bürgüt bolan. Türkmen soltanlarynyň käbirleriniň lakamlary şol döwürde has ýaýran Symrug hem – de Humaý

guşlary bilen bagly bolan, şol guşlar mukaddes Ruhnamada görkezilişi ýaly, türkmen ruhynyň daýançlary bolupdyr.

**Türkmen ruhunyň dördünji eýýamy XVII – XX asyrlar, ýagny Magtymguly Pyragynyň eýýamydyr.** Bu döwürde türkmenleriň milli bitewiligi arzuwlan, şonuň üçin hem göreşen döwrüdir. XIII asyrda Çingiz hanyň, XIV asyrda Teýmir agsagyň, soň 1787 – nji ýylda Buhara emiriniň talaňçylykly herektleri türkmen döwletliligine zarba urupdyr. Emma şeýle agyr taryhy döwürde türkmeniň arslan ýürekli, pähim – parasatly ogullary **Magtymguly**, soňra **Zelili, Seýidi, Mollanepes, Kemine, Mätäji** – bular özleriniň döredijiligi bilen türkmeniň öz milli döwletlilik hyjuwlarynyň öçmezligine, ruhuň galkynmagyna hyzmat edipdirler.

SSSR döwründe Türkmenistan dine çig mal üçin merkezdi. Türkmenistan şol imperiýanyň hazynasyna her ýylda 10 – 18 mlrd. Dollarlyk girdejini berýärdi we yzyna bir million dollar hem gaýdyp gelmezdi.

**Milli türkmen ruhunyň bäşinji Altyn eýýamy 1991 – nji ýylyň garaşsyzlyk aýynyň 27 – sinden başlanýar.** Ruhnamada beýan edişi ýaly, türkmeniň ruhy, medeni mirasy her täze müňýyllygyň başynda ýene-de belende galýar. Űçünji müňýyllygyň başynda hem şeýle boldy. Hudaý türkmene taryhy döredijilik ylhamyny berdi – bu eýýam **türkmen ruhynyň** kämillik eýýamydyr.

Türkmeniň şu günki ruhy misli çapyp barýan ýyndam bedewe öwrüldi. “ At türkmeniň döwletiniň rysgal – bereketiniň, altyn ruhynyň, altyn durmuşunyň nusgasyna, nyşanyna öwrüldi” diýip, Ruhnamada bellenýär.Türkmen halysy, dutary, şaý – sepleri Oguz han zamanyndan bäri halkyň içki duýgularyny, begenjini, gynanjyny beýan eden maddy gymmatlyklardyr.

Ruhnamada aýdylyşy ýaly, her bir müň ýyllygyň başynda türkmen taryhynda uly özgerişler bolýandyr. Űçünji müňýyllygyň başynda türkmen jemgyýetinde bolan, bolýan we

boljak ykdysady, syýasy we medeni ösüşlere syn salanyňda hem muňa juda aýdyň göz ýetirmek bolar.Oguz han döwründe binýat edilen türkmen ruhynyň, milli medeniýetiniň, dünýaniň köp halklarynyň ruhy we medeni mirasynyň ösmegine, kämilleşmegine itergi berendigi hakykatdyr.

## Gara deňziň demirgazyk kenaryndaky şäherleriň we döwletleriň antik döwrüň arheologiýasy

b.e.öňki VII asyrda ara deňziň demirgazyk kenarynda grekleriň ilkinji söwda merkezleri emele gelip başlaýar. Ilkibaşda olar arassa söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar. Olar söwda etmek üçin ol ýerlerde wagtlaýyn ýaşapdyrlar. Şular ýaly ýaşaýjyklaryň yzlary Betezan adasyndaky Denestr-bugs derýasynyň aýlaga guýýan ýerlerinden tapyldy. Şolar ýaly şöwdagärleriň ýörite ýaşaýan ýerleri gara deňziniň demirgazyk

tarapynda grekler tarapyndan emele getirilipdir. B.e.öňki VI asyrda şol ýerlerde şäherler he dikeldilipdir. Gara deňziniň demirgazyk kenaryndaky şäherler kiçi aziýadaky grekleşen şäherler degişli bolupdyr. Esasanam Miletu şäheri muňa degişli bolupdyr.




**Gara deňiz kenaryndaky ýadygärlikler**

Tiru şäheri limikler tarapyndan Dnestr derýasynyň aýak ujunda esaslandyrylypdyr. Buga drýasynyň aýak ujunda bnolsa

olwiýa şäheri esaslandyrylypdyr. Feadosi şäheri krymda esaslandyrylypdyr. Kerçiniň golaýynda gadymy Pantikopeý esaslandyrylypdyr. Tritaka nimopeý we nermeki ýaly iri aýry-aýry merkezler pantikopeýiň golaýynda ýerleşipdir. Birnäçe täze şäherler gara deňziniň kawkaz kenar ýaksynda emele gelip başlapdyr. Şol şäherlerden dios kupiada Abhaziýada, rionafasis bolsa deýanyň aýak ujunda esaslandyrylypdyr. Birnäçe wagtdan soň bu ýerde agalyk ediji dorislar b.e.öňki V asyrda hersonda peýda bolpudyr. Bu gadymy grek kolonnalary soňky wagtda peýda bolan kalonnalardan tapawutlylykda özlerini ýerli saýypdyrlar. Olar metropolilara düýbünden garaşly bolmandyrlar. Bu kalonnalaryň özleriniň döwlet dolandyrylyşy, kazyýeti kanuny bolup hiç kime düýbünden garaşsyz syýasaty bolupdyr. Olaryň ýörite zikgelenen pul birlikleri bolupdyr. Şol aýry-aýry kolonnalar soňra özbaşdaklygyny dikeldipdirler. Şäherlerde oba hojalyk ýerleriniň bolşy ýaly ýörite hünärmentçilik merkezleri hem peýda bolupdyr. Olar öndüren önümleri bilen ýerli urug taýpalar bilen söwda gatnaşyklatrn alyp barypdyrlar. Kolonnnalar grekleri çörek balyk guzlar we beýleki harytlar bilen üpjün edipdirler. Ýeri gelende grekler bilen ýerli urug taýpalarynyň arasyndaky gatnaşyklar ösüpdir.

Gara deňziniň demirgazylk kenaryndaky grek şäherleriniň köp bölegi syýasy we ykdysady taýdan birleşmändir. Kimmeristlaeriň waspor kenarynda ýerleşýän şäherler ýeke täk waspor patyşalygyna birikdirilipdir.

## 1.Waspor şäherleri

Kerçen aýlawynyň kenar ýakalry örän amatly geografiki şertlerde ýerleşipdir. Kerçek aýlagynyň üsti bilen kimmeristlere, skiflere, meotlara, sinklara we beýleki halklara baryp bolupdyr. Öşonuň üçin bu ýerde örän kän şäherler emele gelipdir. Olar; pantikope, feodos, tritaka, nimfeý we nirmeki ýaly şäherlerdir. B.e.öňki VI asyrda wasporda köp şäherler esaslandyrylypdyr. Şol şäherleri esaslandyryjylaryň aglabasy

wiletden gelenler bolupdyr. B.e.öň 480-nji ýylda olar monarh görnüşli ýeke-täk waspor patyşalygyna birigipdirler. Şol waspor patyşalygy 900 ýyla golaý ýaşapdyr. B.e IV asyrynda gunlaryň çozmagy netijesinde dargapdyr. Pantikopeý onuň iri şäherleriniň biri bolupdyr. B.e.öň IV-III asyrlarda şol ýerleri spartokid dinastiýasy dolandyrypdyr. Olar ýerli urug taýpalry öz täsiri astynda saklapdyrlar. Paýtagt şäher bolan pantikopeý Mitridat dag gerişlerinde ýerleşipdir. Onuň daşynda berkidilen diwar aýlanypdyr. Şäheriň içindäki akropol galasy dagyň üstünden howalanyp görnüpdir. Pantikopeý şäheri beýleki şäherlerden arhitektura ymaratlary ajaýyplygy we salnyş sungaty bilen tapawutlanýar.

Jaýlar hek plitalaryndan örülip çerepitsa bilen üsti basyrylypdyr. Aýlagyň gündogar kenar ýakasyyň iri şäheri Fanogoriýa bolupdyr. Arheologlar şol ýerden gredkleriň ýaşan daş jaýlarynyň üstüni açypdyrlar. Has ünsüňi çekiji jaýlaryň biri gimnaziýa desgasy bolupdyr. Ol ýerde ýaş grekler fizki maşklary ýerine ýetirip öwrenipdirler. Derýanyň aýak ujundaky gämi gatnawly portlar Kubanyň we Fanagoriýanyň iri söwda merkezleri bolupdyr. Gazuw agtaryş döwründe b.e.öňki V asyrda has ownuk azyk harytlaryny saklamaga niýetlenen ambaryň üsti açyldy. Hojalykda esasan azal bilen ýer sürmek we däne ösdürip ýetişdirmek we ony satmak has giň ýaýrapdyr. Hojalygyň bu görnüşiniň adamlaryň arasynda has giň gerimde alnyp barylandygyny bellemek gerek. Olar ýer sürmek işini şeýle ýokary derjede goýupdyrler. Hatda antik döwrüniň azalyny teňňleriň ýüýzünde hem şekillendirpdirler. B.e.öň III asyrda bu ýerde degimenler we zernatýorklar peýda bolupdyr.

Üzümden çakyr ýasamak waspor şäherinde has uly orun eýeläpdir. Köp şäherlerden çakyr öndürilýän ýerleriň üsti açyldy. Ýörite daşlar bilen üzümi gysypçakyr alynýan ýerleriň preslaryň sürüji trezerwalaryň we çakyr saklanýan ambarlaryň üsti açyldy. Çakyrlary saklamak we daşamak üçin toýundan edilen ullakan kamforlar we pifoslar ulanylypdyr. Amfor- bu

syrdam inçe bokurdakly bolup aşaklygyna giňelip düýbi birden inçelen ullakan iki gulply gap bolupdyr. Pifos-bu has uly göwrümli gap bolup onuň içinde adam arkaýyn ýerleşip bilipdir. Grekleriň ähli gap gaçlary gowy eýlene toýundan ýasalyp gowy edip bişirilipdir. B.e.öň VIII-IV asyrlardaky gp gaçlar gara boýaglar bilen örtülipdir. Şol gaýa boýaglar bilen örtülen gaplar çyglygada gyzgynlygda çydamly bolupdyr. B.e.öň IV asyrda gyzyl reňkli gaplar peýda boupdyr. B.e.öň III asyrda keramikalaryň ýüzüne ak, sary we gök reňkleri çalmagy ulanyp ygrapdyrlar wasporlaryň synpy jemgyýetiniň arasynda zergärçilik hünäri uly derejä ýetipdir. Grekler gap-gaçlary çeperçilik bilen döredipdirler. Altyn lawr ýapraklary bilen bezelen benoklary ýaspdyrlar ajaýyp altyn gulaksyrgalary we bezeg şaý seplerini ýasapdtyrlar. Oba hojalyk we hünämentçlik önümleri söwda satyk işleri bilen berk bagly bolupdyr. Hünärmenler öz zatlaryny ýerli urug taýpalarta satyňpdyrlar. Waspor aýalagynyň ýaşöaýjylary gresiýa esasan çörek bilen duzlanan balyk satmaga gidipdirlaer. Grekler waspor aýlagyna çaky mata zeýtun ýagyny gap-gaç önümleri kosmetiki önümleri we şaý-sepleri satmak üçin getiripdirler. B.e.öňki II asyrda waspor aýlagynda gullar güýçli gozgalaň turuzýar, oňa skifli gul Sawmak ýolbaşçylyk edipdir. Gozgalaňçylar Spartadik patyşalygynyň dinastiýasyny basyp ýatyrypdyrlar. Pantikopeý bir ýyla golaý gozgalaňçylaryň gol astynda bolýar. Ellinistik döwlet bolan pont bnu ýgdaýdan peýdalanypdyr. Pont serkerdesi diofant gozgalaňçylary derbi dagyn edip Sawnagy ýersir alýar. Netijede waspor aýlagyndaky şäherler pont döwletiniň düzümine girýär. B.e.öňki III asyryň ortalarynda waspor aýlagy syýasy ykdysady taýdan pese düşýär. Grek aristokratlary sarmat we meot pandeýleri bilen gatnaşykda bolupdyrlar. Munuň şeýle bolandygan jaýlaýyş dessurlary şaýtlyk edýär. B.e.öň IV asyrynda waspor şalygyny gunlar debi dagyn edýänçä bu ýagdaý dowam edipdir.

## Olwiýa

Miletiň kaloniýasy bolan Oliwiýa b.e.öň VI asyrda esaslandyrylýar. Onuň harabalygy Nikol;aý oblastynda ýerleşýär. Şäheriň ýerleşýän ýeri hem onuň d.g Gara deňziň kenarynda iň uly şäherleriň biri bolandygyna şaýatlyk edýär. Ol mes toprakda ýerleşip, baýlyga baý bolupdyr.

Şäher ýokarke we aşaky şähere bölünipdir. Ýapgytlykda bolsa ýaşaýyş jaýlaryny gutrmaga niýetlenen zatlar ýerleşiopdir.

Gerodotyň sözlerine göre b.e öň 5 asyrda Oliwiýanyň gülläp ösen döwründe ol krepostnoý diwarlary, başnýalary bilen berkidilipdir. B.e.öň5 asyra degişli bolan diwarlaryň galyndylarynyň şäheriö g.o-g.b da saklanyp galypdyr.

Arhologik barlaglar şäheriň ýokarky böleginde b.e.öň 6 asyryň II ýarymynda ýaşaýyş jaýlarynyň we hünärmentçilik kwartallaryntyň bolandygyny görkezýär. Şäheriň teritoriýasy göni kesişýän köçeleriň burçunda ýerleşen kwartallara bölünipdir.

b.e.öň 6 asyrda ýokarku şäheriň merkezinde Agora meýdançasy bolupdyr.

Agora meýdançasyna girilýän ýerde b.e.öň 5 asyrda Hram we Alta bolupdyr.

Eýýäm b.e.öň 6 asyrda Olwiýa ösen söwda merkezi bolupdyr. Bu ýerde metal önümçiligi we keramika ösüpdir. Olwiýe ussalary bürünçden we altyndan her hili suratkeşlikm önümlerini we şonuň bilen bir hatarda aýna we bilýaha ýagny skifleriň
“wagşylar stilini ulanypdyr.

B.e.öň 6-5 asyrda önümleri bolsa g.o Urala çenli baryp ýetipdir. Olwiýa harytlarynyň ýerine skiflerden çörek alypdyrlar. Gazuw artaryş geçirilende Olwiýada ullakan birnäçe çukurlar we ýerzeminler tapylýar, ýagny olar däne saklamakda ulanylypdyr.

Gresiýada keramika önümleri, wino, zeýtun ýagy, ýüň mata, demir bezegleri getirilipdir.

B.e.öň 4 asyrda Olwiýada hojalykda we medeniýetde uly ösüş bolýar. Şu döwürde Olwiyaň töwereginde Grek, skif ekerançylarynyň ýerleri döräp, olar Olwiýanyň garamagynda bolupdyr.

Çöregiň, malyň we balkygyň Gara deňziň kenarlaryndaky şäherlerden, şol sandan Olwiýadan hem alynmagy bilen Orta ýer deňzi bilen söwda gatnaşygy ýopla goýuldy.

Olwiýada ähli altyn-kümüş çekanlary, ýagny teňňe-monetalary ulanmaga rugsat berilipdir. Olardan biri kizikinler(altyn moneta, Mermer deňziniň g.o kenaryndaky Kizika şäheri bilen bagly) güýçli gözegçilikda ulanylypdyr.

Bu moneta kanuny we beýleki bize gelip ýeten Olwiýa dekretleri, ýurduň ýokary häkimýeti bolan Olwiýa sowetiniň we halk maslahatynyň adyndan kabul edilipdir. Halk ýygnagyna deňhukukly hemme raýatlar gatnaşypdyr.

Maslahat bolsa halk ýygnagynda saaýlanan birnäçe adamlar ybarat bolup, olar onuň iş toparyny düzüpdir. Döwletiň bu gurluşy antik döwrüniň demokratiýasydyr. Şular ýakly demokratiýa gurluşy bolsa diňe erkek adamlaryň nesillerine degişle bolupdyr.

Gullar şäheriň köpçülik jemgyýetçilik işlerine goýberilmändir we olaryň hiçhili raýatlyk hukugy bolmandyr. Olwiýada ýaşaýan daşary ýurtlylar hem raýat hukugyndan peýdalanyp bilmändirler.

B.e.öň 4 asyrda Olwiýanyň ykdysady we syýasy taýdan has ösmegi bilen, şäheriň territoriýasy has giňäpdir. Täze gala diwarlary we diňleri salnypdyr. Ýokary şäheriň d.g böleginde geçirilen gazuw agtaryşda 4 sany gorag diňleri bilen gurşalan şäheriň esasy derwezesi tapyldy.

Ykdysadyýetiň baýlygy onuň beýleki taýpalaryň üstünden garamagyna getirýär.

B.e.öň III-II asyrda d.g Gara deňziň kenarynda sarmatlaryň gelmegi bilen, beýleki taýpalaryň göçhä-göçlügi

başlaýar. Olar ykdysady we syýasy taýdan pese düşen Olwiýanyň garamagynda saklanyp bilmediler.

B.e.öň I asyryň ortasynda Olwiýa uly betbagtçylyga sezewar bolýar. Bugadan g.b-da ýaşaýan frank taýpalary-gotlar çozupdyr. Gotlar şähere çozup girip, talap, ony harabalyga öwüripdirler. Şäher çöküpdir, soň ýuwaş-ýuwaşdan ýaşaýyş janlanypdyr.

**Hersones Tawraly**

Mälim bolşuna görä, Olwiýadan gijräk, b.e.öň 5 asyryň soňky çärýeginde Krymyň g.o-g.b-da Hersones şäheri döräopdir. Ony atdaş şäherlerinden tapawutlandyrmak üçin, oňa Hersones Tawraly diýipdirler. Sebäbi ol tawralylaryň ýaşaýan welaýatyna goňşuçylykda ýerleşipdir. Gadymy Hersonesiň harabalygy Sewastapoldan 3 km g.b-da ýerleşýär. Şäheriň daş-töweregi mülklere bölünendi.

Bospor patyşalygynyň şäherlerine seredeniňde, grekleriň hojalyk durmuş ukladynyň elementleri Hersonesde has köp saklanypdy.

B.e.öň 5 asyrda şäheriň territoriýasy uly däldi, emma b.e.öň III asyrda şäheriň territoriýasy giňäp, onuň meýdany 38 ga ýetipdir. Onuň daşy gala diwarlary bilen gurşalypdyr.

Arheologik galyndylaryň tassyklamagyna görä eýýam, antik döwürde hem geometrik düzgünleriň berk berjaý edilendigini gaty giň bolmadyk 4-5 m köçeleriň ýerleşişinde görüp bolýar. Şäheriň territoriýasynda örän owadan binalar bolup, olar bilen bir hatarda hramlar Hudaýlaryň we meşhur şahsyýetleriň heýkelleri bilen bezelen meýdançalar hem ýerleşýär.

B.e.öň 4-3 asyrda Hersonesiň ykdysady we syýasy taýdan iň ösen döwri. Bu döwürde ol Krymyň g.b kenarlaryny eýeläpdi. Hersonesiň ykdysadyýetiniň özenini özüniň oba-haojalyk we hünärmentçilik önümleri düzüpdir.

Hersones oba-hojalygy we önümleri özüne ýakyn bolan Krymyň g.b kenarlarynda şeýle hem “Hersonesiň körpesi”

diýip atlandyrylan Gerakl ýarym adasynda hem giňden ulanylypdyr.

Güýçli çaknyşyklarda hersonesliler harby injinerçiligiň düzgünleri bilen gurlan şäheriň diwarynda goralypdyrlar.diwaryň ini 3.8 m, beýikligi 8-10 m, diňler bolsa ondan hem beýikde bolupdyr. Diwarlardaky derwezeler diňler bilen gurşalyp, olara giň basgançaklar bilen barylýar.

Hersonesde we onuň töweregindäki ýerlerden küýzegärçilik ussahanasy tapyldy. Gazuw agtaryşlar netijesinde şäheriň d.g-g.b-da b.e.öň III asyrda keramika kwartaly tapyldy.

Tapyndylara laýyklykda, olar diňe bir oba-hojalyk önümlerini öndürmän, ýene-de dokmaçylyk, zergärçilik we süňkleri işlemek we ş.m bilen meşgullanypdyrlar.

Döwlet gurluşy boýunça Hersones hem Olwiýa ýaly demokratik şäher döwleti bolupdyr. Ýokary häkimiýet Halk ýygnagyna degişli bolupdyr. Düzümi her aýdan üýtgedilipdir

B.e.öň III asyryň ahyrynda II asyryň başynda Hersonese birleşen döwleti Krymda döreden skifler çozupdyr. Öz güýjüne ynanmadyk hersonesliler özlerine soýuzdaş gözläp başlaýarlar. Şeýlelikde b.e.öň 179 ýylda Hersones bilen Pon patyşalygynyň arasynda ylalaşyk gazanylýar. Oňa laýyklykda, eger “warwarlar” şähere çozsa, patyşa hersoneslileri kömek etmäge boprçlanýar.

Skifler öz çozuşlaryny dowam etdiripdir. Hersoneslilere bolsa skifler boýun egmek ýa-da Pon paryşasy Mitridat ýaly güýçli penakär gözlemek galypdyr.

Özüniň syýasy özbaşdaklygyny ýitirmegi, b.e.öň II asyrda ykdysadyýetiň hem tozmagyna getirýär.

B.e.öň 63 ýylda Hersones Rimiň golastyna düşýär, şäherde Rim legionlary ýerleşdirilipdir. Rimiň döwründe ykdysadyýeti öňki ýaly ösüşini dowam edipdir.

## Demir asyrynyň arheologiýasy

B.e.öňki müň ýyllygyň başlarynda dünýäniň köp ýerlerinde ozaldan dowam edip gelýän ilkidurmuş obşinasy özüniň soňky etaplarynda bolup jemgyýetiň dyrmuş gurşawynda uly-uly ewolýusion ösüşlere eýe bolandyr. Daş asyryndan demir asyryna geçmek iki-üç ýüz ýyllygyň dowamynda bolan hadysadyr (wakadyr). Käbir halklarda demir durmuşa b.e.öňki X asyrda, kä birlerinde b.e.öňki VII-VI asyrlarda doly ornaşandyr. B.e.öňki VIII-VII asyrlarda Russiýanyň günorta raýonlaryna, Ukraina, Kawkaza, Orta Aziýa, Sibire we Uzak Gündogara ýaýrandyr. Beýle diýildigi şu ýokarda görkezilen taryhy senelerden ozal hem adamlar demir bilen tanyş, ýöne demiri eredip ondan islendik görnüşdäki zähmetdir ýarag gurallaryny ýasamany başarmandyrlar. Indi b.e.öňki I müň ýyllygyň başlarynda demiri eretmekligi, olardan dürli görnüşli gurallary ýasamagy başarypdyrlar, şonuň üçinem ol döwri demir asyry diýip atlandyrýarlar. Adamzat taryhynda demiriň doly suratda durmuşa ornaşdyrylan ýeri gadymy Gündogar ýurtlarydyr, has takygy Müsür we Mesopotamiýa ýerleridir. Demiri eretmek gaty kyn bolan soň, ol gaty gymmat hem gyt bolupdyr, şonuň üçinem demirden has zerur we mukaddes zatlary ýasapdyrlar. Demiriň beýleki metallardan tapawudy ol mydama ýeriň aşagynda gömülip durýar, ýeriň üstünde açyk ýerde bolmaýar. Arassa demir almak üçin onuň birnäçe zatlary (jisimleri) düzümine goşmaly bolýar. Demiri durmuşda doly ulanmakda

adamlaryň bürünç asyrynda toplan akyl-paýhaslary köp peýda beripdir. Demir eredilýän peçleriň özboluşly gurluşy bolupdyr, çünki örän ýokary gyzgynlykda demir eredilipdir, şol peçleri gaty gyzdyrmak üçin ýörite goýnuň derisinden ýasalan, howa üfleýän körükleriň birnäçesi bir wagtda işledilipdir. Demiriň durmuşa doly ornaşmagy ekerançylygyň ýokary göterilmegine uly ýardam edipdir.

Demiriň doly özleşdirilmegi agaçdan, demirden, süňkden, reňkli demirlerden islendik görnüşdäki zähmet we ýarag gurallaryny ýasamaga mümkinçilik berýär we jemgyýetiň taryhynda uly-uly ösüşleriň netijesinde zähmet bölünişigi bolup hünärmentçilik ekerançylykdan bölünip aýrylýar. Netijede alyş-çalyş söwda aragatnaşygy belli-belli adamlaryň elinde jemlenýar. Indi jemgyýetde baýlyklar urug ýolbaşçylarynyň ýa-da uly topar ýolbaşçylarynyň elinde jemlenipdir. Adamzat taryhynda bolup geçýän özgerişler we ösüşler ilkidurmuş jemgyýetiniň ýuwaş-ýuwaşdan dargamagyna we synpy jemgyýetiň döremegine alyp barandyr. Ýöne bu ösüş dünýäniň hemme ýerinde bir meňzeş däldir. Jemgyýetde salgyt hökmünde gök önümleri berip bilmedik hojalyklar öz bergisiniň ýerine mallaryny berip hasaplaşypdyrlar. Jaý gurluşygynda hem indi bir otagly jaýlaryň ýaýramagy synpyň dörändigine şaýatlyk edýändir. Jemgyýetiň hemme pudaklary belli-belli adamlaryň elinde jemlenýär. Önümçilikde maşgala agzalarynda käbirleri urug ýolbaşçylaryna bagly bolup durmuşda köp hukuklardan kesilipdir. Netijede gula öwrülip galypdyr. Jemgyýetde hojalygyň aýry-aýry pudaklarynda hususy eýeçilik döreýär, ýagny ekerançylyk ýerlerine, mallaryň aýry-aýry görnüşlerine, mal bakylýan meýdanlara hususy eýeçilik döreýär. Iri gul eýeleri öz baýlyklaryny artdyrmak üçin mugt işçi güýjüni toplapdyrlar.

Hususy eýeçiligiň giňden ýaýramagy jemgyýetde zähmet toparlarynyň birikmesine alyp barypdyr. Toparlar biri-biri bilen birleşip goranmak diwarlaryny bina edipdirler, uly-

uly suw desgalaryny gurupdyrlar, taýpalar goňşularynyň üstüne çozup, talap öz hususy baýlyklaryny artdyrypdyrlar.

Ykdysady tarapdan güýçlenmek täze has oňaýly ýarag, zähmet gurallaryny durmuşa özleşdirmäge mümkinçilik beripdir. Taýpalar öz dillerine ýakyn toparlar bilen has ysnyşykly gatnaşypdyrlar. B.e.öňki I müň ýyllykda Zakawkazýe ýerlerinde Ermeni, Gurzin, Orta Aziýada bolsa Täjik halkyýetleri döreýär. Bu halkyýetler regionda dil birligini saýlap alyp şol dilde hem gepläpdirler. B.e.öňki I müň ýyllygyň ahyrynda hem-de biziň eramyzyň başlarynda Ukrainanyň, Powolžýäniň, Priural ýerlerinde, Gazagyztanda, Günorta Sibir ýerlerinde Skif-sibir medeniýeti döreýär. Bu medeniýete degişli halklar we halkyýetler skifler, sarmatlar, gunlar. Bu ýokarda agzalan ýerlerde ýaşan adamlar etniki tarapdan bir-birlerine meňzeş bolupdyrlar, olar Ýewropoid toparyna degişli bolupdyrlar. Bu halklar biri-biri bilen diňe bir ykdysady tarapdan birikmän, syýasy tarapdan hem birigipdirler. Käbir ýagdaýlarda bir ýa-da iki halkyň birikmeginde emele gelen uly-uly toparlar öz garşydaşlarynyň emläklerini talapdyrlar, bir-birleriniň hasabyna baýlyk toplapdyrlar hem-de merkezleşen döwlet gurmagyň ugrunda bolupdyrlar. Goňşy ösen döwletler bilen gatnaşmak bilen bir tarapdan olara howp salan bolsalar, ikinji bir tarapdan olaryň ösen siwilizasiýalaryndan öwrenipdirler. Bir tarapdan Gersiýa, Rim ýaly döwletler bilen gatnaşan bolsalar, Gündogarda Eýran döwleti bilen gatnaşypdyrlar. Adamzat taryhynda demir asyry has tapawutly taryhy döwürdir. Çünki demir asyryndan soňky dörän zähmet hem-de ýarag gurallary we metalyň dürli görnüşlerinden ýasalan şaý-sepler özleriniň gözbaşyny demir onda-da irki demir asyryndan alyp gaýdýandyr. Ýene-de bir bellemeli zat, ol hem bolsa synpy jemgyýetiň ösmegine we berkleşmegine demir gurallary uly täsir we ýardam edendir.

## *Russiýanyň Gundogar raýonlary irki demir asyry zamanynda*

### *1. Skifler we Skif medeniýeti.*

B.e.öňki I müň ýyllykda demirgazyk Garadeňiz kenarynda ýaşan halklarda synpy gatnaşyklaryň ýitileşmegi we täze döwletleriň döremegi çalt depgin bilen ösendir. Ol dörän döwletleriň taryhy skif taýpalarynyň taryhy onda-da baý taryhy bilen baglydyr. B.e.öňki I müňýyllygyň II ýarymynda birnäçe taýpalaryň birikmesinde Skif patyşalygy döreýär. Bu dörän patyşalyk Ýewropanyň gündogar böleginde uly yz galdyrandyr. Taryhy maglumatlara görä demirgazyk Gara deňiz kenarynda ilkinji dörän Kimmerisler döwletidir. Ýöne Skifler Kimmerisleri gysyp çykarypdyrlar we olary Kiçi Aziýa göçmäge mejbur edipdirler. B.e.öňki V asyrda Dunaý derýasynyň aşaky akymlarynda, Don derýasynyň kenarlarynda Skifleriň iň giň ýaýran we ösen döwri hasaplanýar. Skif diýmek antiki döwrüň taryhçylarynyň aýtmaklaryna görä, ömrüni çarwaçylyk bilen geçirýän, göçüp-gonup ýören halkyýetleri Skifler diýip atlandyrýarlar. Käbir maglumatlara görä Günorta-gündogar Ýewropa hat-da Gündogar ýurtlardaky çarwalary Skifler diýip atlandyrmak bolar diýen pikiri öňe sürýärler. Taryh ylmynda heniz doly çözülmedik mesele, ol hem Skifler kimler, nirede ýaşan çarwalara Skifler diýilýär, ýa-da hemme çarwalar skiflermi belli däl. Taryhda arheologiki materiallaryň esasynda hakyky Skif medeniýetiniň gülläp ösen ýeri we wagty b.e.öňki VII asyrda demirgazyk Garadeňiz kenarydyr. Gara deňiz kenarynda ýaşan kimmerisler barada hem köp maglumat bardyr. Bularyň ýaşan ýerleri Kerç we Taman ýarym adalarydyr.




**Skifleriň ulanan zähmet gurallary**

Olaryň has ýaýran ýerleri Kiçi we Alynky Aziýadyr. Taryhy çeşmelere seredeniňde Kimmerisler we Skifler özleriniň etniki düzümleri boýunça ýakyn bolmaklary ähtimaldyr. Skifleriň etniki düzümi ýa-da gelip çykyşy barada alymlaryň arasynda köp hilli pikirler bardyr. Alymlaryň bir topary mongollardan, başga biri türki taýpalardan, beýleki bir topary finlerden, ýene-de biri Skifler slawýanlaryň ata-

babalarydyr diýip aýdýar. Soňky ýyllarda Skif dili alymlar tarapyndan düýpli öwrenilýär, netijede Skifler Eýran dil toparyna degişlidir diýen pikire geldiler. Alymlaryň üçünji bir toparynyň çaklamalaryna görä Skifler Don we Wolga derýalarynyň kenar ýakalarynda ýaşan Srub medeniýetine has ýakyndyr diýen pikire gelýärler. Käbir arheologiki we taryhy maglumatlara görä Skifler Don hem Wolga derýasynyň kenarlarynda ýaşan Kimmerisleri derbi-dagyn edipdirler, diri galanlary hem Skiflere goşulyp skifleşipdirler.



**Skifleriň keramiki gap-gaçlary**

B.e.öňki VII-VI asyrlarda Skifleriň soýuzy has hem köpelipdir we has uly taýpa birikmeleri netijesinde konfederasiýalar, ýagny taýpa birikmeleri netijesinde döwlete has meňzeş taýpa birikmeleridir, çünki bu ýerde döwlete meňzeş alamatlar bardyr. Skifler dünýäniň köp bölegine ýaýran hem bolsalar, olaryň medeniýetiň has giň ýaýran ýeri demirgazyk Gara deňiz kenarydyr. Skif medeniýetiniň ösmegine we ýaýramagyna ol ýere göçüp gelen taýpalaryň hem täsiri ýetendir. Krymda we Tawry ýarym adasynda ýaşan tawry taýpalary öz gelip çykyşlary boýunça Kimmerislerden diýen pikir hem dowam edýändir. Skifleriň esasy kärleri maldarçylyk bolany üçin olaryň medeniýetinde esasy orny haýwanlaryň görnüşleri tutýandyr, şonuň üçin hem Skifler tiz wagt aralygynda öz öri meýdanlaryny täzeläp durupdyrlar. Olaryň jaýlary hem arabalarda bolup, göçüp-gonup ýörüpdirler. Skiflerde esasy iýmit et, ýag, süýt bolman olar etleri guradypdyrlar. Skif medeniýetine degişli hem gowy öwrenilen ýadygärlikleriň birine Komenskiý diýýarler. Öwrenilen ýadygärliklerden tapylan gymmat bahaly tapyndylar esasan hem haýwan şekillilerdir. Dnepr derýasynyň kenarynda ýerleşen Belskiý şäherinden hem Skiflere degişli jaýlanan adamlaryň jesedi öwrenilipdir. Demirgazyk Gara deňiz Çertomlyk we Soloha diýen ýerlerinden öwrenilen gabyr tümmeklerinden tapylan jesetleriň ýanynda goýlan gymmat bahaly arheologiki gap-gaçlar adamlar tarapyndan talanypdyr. Tapylan gyzyldan ýasalan darak, pyçak, gylyç, gaýçy we gap-gaçlar gadymy Skif sungatyna şaýatlyk edýändir. Şonuň üçin hem Skif sungatyna "haýwan şekilleri" (зверинный стил) diýen termin hem ylymda doly kabul edilendir. Maglumatlardan görnüşi ýaly, Skifleriň baýamagy üçin esasy çeşme, ol hem basybalyjylykly uruşlardyr. Taryhy maglumatlara görä, b.e.öňki 343-nji ýylda Skifler Aleksandr Makedonskiniň goşuny bilen çaknyşypdyr. 331-nji ýylda Makedonskiniň 3-müňden ybarat bolan goşuny Skifler

tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Giçki skif medeniýetine Grek we Rim medeniýetleriniň täsiri ýetendir.

### *Sarmatlar*

Skifler bilen goňşy ýaşan, ýagny Don hem-de Wolga derýalarynyň kenarlarynda maldarçylyk bilen meşgul bolan Sarmat taýpalary öz dilleri we medeniýeti boýunça Skiflere ýakyn bolupdyrlar. Sarmatlara käbir taryhy çeşmelerde sowromatlar hem diýilýär. Sarmatlaryň gelip çykyşy srub hem-de andronow medeniýetine hem meňzeşdir. Powolžýe we Ural ýerlerinde sowromat taýpalary öz etniki düzümleri boýunça biri-birine ýakyn bolupdyrlar, has takygy Sarmatlar Sowromatlardan gelip çykandyr. Şonuň üçin hem Sowromatlar iki sany taryhy döwre bölünýärler:

1) Irki Sowromatlar b.e.öňki VIII-IV asyrlar,
2) Giçki sowromatlar b.e.öňki IV asyr. Sowromatlara degişli ýadygärlikler gabyr tümmekleridir (kurgan).

Olar Wolga derýasynyň kenarlarynda ýerleşipdirler. Olaryň arasynda patyşa gabur tümmekleri hem bardyr, olar öz baýlyklary bilen tapawutlanýandyrlar. Don derýasynyň kenarlaryndan, gubur tümmeklerinden tapylan tapyndylaryň esasynda olaryň jemgyýetde tutýan ornuny kesgitlemek bolýar. Küýze gap-çanaklary dürli nagyşlar bilen bezelipdir, ol nagyşlar Srub medeniýetine çalymdaşdyrlar. Arheologiki tapyndylaryň arasynda çüýşe gaplary hem gabat gelýär. Olar öz nagyşlary we görnüşleri boýunça Eýranyň, Alynky Aziýanyň we Gresiýanyň sungatyna çalymdaşdyr. Tapyndylaryň arasynda diňe bir hojalyga mahsus bolman, gap-çanaklaryň din üçin bejerileni hem bolupdyr. Mysal üçin bürünçden ýasalan tegelek ýüz görülýän aýna ýa-da palçykdan ýasalan günüň şöhlesini aňladýan alamatlar bolandyr. Gap-çanaklaryň ýüzünde ýyrtyjy haýwanlaryň şekillerini has köp aňladypdyrlar. Ylymda ol şekillere “Skif Sibir” alamatlary diýip atlandyrypdyrlar. Sowromatlar Günbatara we Günorta-

günbatar ýurtlara tarap öz basybalyjylykly herekedini dowam etdiripdirler. Olarda, esasan hem atly goşun bolup ok-ýaý, peýkam esasy ýaraglar bolupdyr. Harby ýaraglaryň käbirleri Skifleriňkä çalymdaş bolupdyr. B.e.öňki IV asyrda Sowromatlar Don derýasynyň sag kenarynda ýerleşen Skif hem-de Meotlaryň ýerine aralaşýarlar. Wagtyň geçmegi bilen Sarmatlar (Sowromatlar) bilen Skifleriň arasyndaky göreş has hem ýitileşýär. Netijede b.e.öňki II asyrda Sowromatlar tarapyndan Skifler doly ýeňilýärler we Gara deňiz kenarlary doly suratda Sarmatlaryň garamagyna geçýär.



**Sarmatlaryň ulanan zähmet gurallary**

Taryhda indi Sarmatlar üçin täze döwür başlanýar. Indi bölekleýin sarmat harby soýuzlary döräp, olar biri-birinden tälim alypdyrlar. Bu harby soýuzlar birigip bir uly merkezleşen

(döwlet derejesindäki) soýuzy döredipsirler. Olar Ýagyzlar, Aorslar, Siranlar ýaly uly toparlary emele getiripdirler. B.e.öňki III asyrda Sarmat goşunlarynyň ýaraglanyşy has güýçlenýär. Indi uzyn naýza, kesgir gylyç, ok-ýaý, peýkam ýaly has oňaýly ýaraglaryň peýda bolmagy urşuň ýagdaýyny, görnüşini üýtgedýär. Indi Sarmat pyýada goşunlary elleri naýzaly, atly goşunyň öňünden çykyp duşmana gaýtawul berýan ekenler. Sarmat goşunlarynyň beýle ýokary tälim almaklaryna basyp alan, boýun egdiren ýurtlarynyň ýesirleri goşun hataryna alynyp, olardan tälim öwrenipdirler. Netijede sarmat goşunlary uly ýeňilmez ada eýe bolýarlar. B.e.öňki III-II asyrlarda Dnepr we Don derýalarynyň kenarlarynda ýaşan Sarmatlara degişli gabyr tümmeklerinden tapylan arheologiki tapyndylara görä, Sarmatlar demirgazyk Kawkaza aralaşypdyrlar. Sarmatlaryň hojalygy iki topara, ýagny maldarçylyga we ekerançylyga bölünýär. Sarmatlar basyp alan ýerlerindäki adamlary ýerleşen ýerlerine görä hojalyk bilen meşgul bolupdyrlar. Don derýasynyň aşaky akymlarynda Prikuban ýerlerinde ýaşan Sarmatlara degişli adamlar hünärmentçilik bilen meşgul bolupdyrlar. Sarmatlar öz ýaşan obalarynda töwereklerine goranyş diwarlary bolmadyk ýagdaýynda beýik gum üýşüripdirler ýa-da obanyň töwereginde çuň çukur gazypdyrlar. Esasy maksady çozup gelýän duşmana bökdenç bermekdir. Nowoçerkasski şäheriniň golaýynda Hohlaç diýen ýerden tapylan mazar tümmeginden (kurgan) baý aýal adamynyň jesediniň ýanyndan tapylan baý şaý-sepler, gymmat bahaly daşlardan ýasalan haýwan şekilleri Sarmat medeniýetiniň ösenligine şaýatlyk edýär. Sarmatlarda beýleki halklarda bolşy ýaly oda, agaja, suwa, haýwanlaryň käbir görnüşlerine ynanmak bolupdyr. Olarda hasyllylyk hudaýy ýagny “Мать плодородия” ýa-da “Великую мать” we başgalar bolupdyr. B.e. I asyrynda Sarmatlar Rim imperiýasyna howp salypdyr. B.e.V asyryna çenli Gara deňiz kenarlarynda Sarmatlar agalyk

eden hem bolsa, soň ýokarda agzalan ýerlerde gun halkyýetleri ýa-da Gunlar peýda bolýarlar.

## *Russiýanyň demirgazyk tokaýçylyk raýonlary irki demir asyrynda*

B.e.öňki I müň ýyllygyň ortalarynda Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň ösen medeniýeti Günbatar ýurtlara hem täsir edipdir. Pribaltika ýerlerinde ýaşan halkyýetler öz medeniýetleri boýunça skif, sarmat halkyýetlerinden tapawutlanypdyr. Çünki demir Pribaltika ýerlerinde has giç ornaşýar, şonuň üçin hem ozaldan dowam edip gelýän süňkden, haýwanlaryň şahyndan ýasalan zähmetdir, ýarag gurallary durmuşda öz ornuny ýitirmän saklap gelipdir. Oka hem-de Polžiýe derýalarynyň kenarlaryndan öwrenilen arheologiki ýadygärliklerden tapylan tapyndylar şol döwrüň medeniýeti barada doly maglumat berýär. Dýakow ýadygärliginden tapylan zähmet hem-de ýarag gurallary özleriniň köplügi boýunça taryhda Dýakow medeniýeti adyny alandyr. Dýakow ýadygärliginiň daşyna berkitme edipdirler, olar agaçdan ýa-da çukur görnüşinde bolupdyr. Ýasalýan gurallar pyçak, peýkam, ýaý we başgalar. Arheologiki materiallaryň esasynda mata dokamaklyk hem bolupdyr. Dýakow medeniýetine degişli adamlary fino-ugor medeniýeti diýilip atlandyrylypdyr. Estoniýanyň, Latwiýanyň ýerlerinde ýaşan adamlaýň medeniýeti hem Dýakow medeniýetine meňzeş bolupdyr. Olaryň hojalygy ekerançylyk, maldarçylyk, awçylyk bolupdyr. Ýene-de bir medeniýet Ananin ýadygärlikleridir. Bu ýadygärliklerde medeni gatlagyň beýikligi onçakly uly bolmansoň bu zamana degişli ýadygärlikler we medeni gatlaklaryň öwrenilikşi ýagdaýlydyr. Ananin medeniýetine degişli gabyr tümmeklerinde jaýlanan adamlaryň ýanyndan tapylan baýlyklar deň däldir. Käbiriniň ýanynda köp, käbirinde bolsa sähelçe zat goýlupdyr. Bu hili waka jemgiýetde deňsizligiň bolandygyna şaýatlyk edýär. Harby adamlaryň ýanynda harby ýaraglar goýlupdyr. Ananin medeniýetine häsiýetli hojalyk görnüşleri maldarçylyk, ekerançylyk, awçylyk

bolupdyr. Köp ýerlerde balykçylyk hem ösendir. Jemgyýetiň ösüş ýagdaýy deň däldir, şonuň üçin hem käbir toparlar tebigatyň taýýar önümlerini toplap ýaşapdyrlar. Maldarçylygynda geçi, goýun, doňuz, it we iri şahly mallar köpeldilipdir. Tapylýan arheologik maglumatlaryň arasynda balyk tutulýan gaňyrçaklar köp sanda öwrenilendir. Harby adamlaryň eşigi skifleriňkä meňzeş bolupdyr. Erkek harby adamlarda gysga balak, zömmek telpek, boýnunda gymmat bahaly zynjyr bolup elinde naýza hem gylyç şekillendirilipdir. Anan medeniýetine degişli adamlar häzirki Komi we Utmurt halklarynyň ata-babalary diýen çaklama hem bardyr.

### *Altaý Günorta Sibir ýerleri irki demir asyr zamanynda*

B.e.öňki VII-II asyrda Ýeniseý derýasynyň boýunda ***Minusin*** diýen ýerindäki ýadygärlikler Tagar medeniýeti ady bilen taryha girendir. Tagar medeniýetine degişli gabyr tümmekleri (kurgan) M.P. Grýaznow diýen alym tarapyndan öwrenilendir.


1
2
3
4
5
6
7
8
9
10
11
12
13
14

## Tagar medeniýeti

Bu medeniýete degişli ýadygärlikler Ýeniseý derýasynyň boýunda we dag gaýalarynyň ýüzünde saklanyp galypdyr. Barly baý urug ýolabaşçylarynyň ýanynda köp zatlar galdyrlan bolsa garyplaryň ýanynda az sanly gap-çanaklar goýlupdyr. Bu medeniýete degişli adamlar ekerançylyk, maldarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Arheologiki tapyndylaryň esasynda Gara deňiz kenaryndaky skif we Orta Aziýadaky Sak medeniýetleri Tagar medeniýeti bilen bir meňzeşligi bardyr. Tagarlylar bürünçden zähmet we ýarag gurallaryny ýasapdyrlar. Tokaý agaçlarynyň dürli görnüşlerinden ýaşaýyş we hojalyk harytlary hem-de mallar üçin jaýlar salypdyrlar. Tagar medeniýetine degişli adamlar öz etniki düzümleri boýunça andronow we karasuk medeniýetine çalymdaş bolupdyrlar. Altaýyň daglyk sebitlerinde öwrenilen arheologiki ýadygärlikleriň içinde Pazyryk depesi has gymmatly materiallary berendir. Ol ýerden gadymy haly-düşegi hem tapylandyr. Ol haly barada alymlaryň arasynda dürli düşünjeler bar. Altaý derelerinden Eýranyň Ahemeniler döwründe dokalan mata bölekleri we Indiýadan Hind okeanyndan getirilen balykgulaklaryň tapylmagy, şol zamandaky ýurtara aragatnaşyk barada habar berýändir. Jemi bäş sany Pazyryk (kurgan) gabyr tümmekleri öwrenilmek bilen Pazyryk sungaty özüniň käbir alamatlaryna görä, Gadymy Gündogar sungatyna çalymdaşlyk edýändir, şolaryň has takygy hem Eýran Ahemeniler döwletiniň sungatyna çalymdaşlygy bardyr. Tapylan haly galyndylary dünýäde ilkinji köp reňkli dokalan halydyr. Ýene bir ýadygärlikden dört tekerli araba hem tapylandyr.

### *Orta Aziýa we Gazagystan demir asyry zamanynda*

B.e.öňki I-müň ýyllygyň başlarynda Orta Aziýa Gazagystan ýerlerinde ýaşan adamlar ekerançylykdan başga-da göçme maldarçylyk bilen hem meşgullanypdyrlar. Bu toparlar bir biri bilen medeni gatnaşykda bolan hem bolsalar, çarwa taýpalar öz gezeginde emläklerini artdyrmak üçin çapawçylyk edipdirler. Orta Aziýa çarwa taýpalary çapawçylygy diňe bir öz ýerlerinde etmän, goňşy Eýran, Hindistan ýaly ýurtlara hem irginsiz howp salyp durupdyrlar. Ahemeniler zanabyba degişli bolan Eýranyň Behstun dagynyň gaýalarynda ýazylan ýazgylar patyşa Dariý I döwründe Orta Aziýanyň ýerinde ýaşaýan Sak taýpalaryna garşy uruş yglan edipdirler we köp ýerleri talapdyrlar. Ikinji bir çeşme taryhyň atasy Gerodot patyşa Dariniň Orta Aziýada ýaşan – Türkmenistanyň ýerinde ýaşan massaget taýpalarynyň üstüne çozup, birnäçe gezek uly betbagtçylyklara duçar bolany barada doly maglumat berýär. Sak we massaget taýpalary Türkmenistanyň ýerinde ýaşan halkyýetlerdir. Şol zamanlarda Orta Aziýanyň ýerlerinde kähalatlarda Hytaý serhedine çenli, Týanşan, Pamir daglaryna çenli ýaýran çarwa taýpalarynyň, olaryň maddy medeniýetinde umumy meňzeşlikler bardyr. Ol meňzeşlikler ölen adamlaryň jaýlanyşynda, gabyrlaryň gazylşynda, ýanynda goýulýan zatlaryň görnüşlerinde we arhitekturasynda görunýändir. Alma-Ata şäheriniň golaýynda ýerleşen Besşatyr ýadygärligindäki gabyrlar öz arhitekturasy bilen agzalan medeniýetlere meňzeşdir. Gyrgyzystanyň Yssyk-köl diýen ýerinden tapylan hazynadaky arheologiki tapyndylar, ýagny bürünçden ýasalan ýüz görülýän aýna, pyçak, naýza ýaly zatlar tapyldy.

Gazagystanyň ýerinde ýaşn taýpalaryň antropologik görnüşleri alymlaryň çaklamalaryna görä, ýewropoid jynsyna degişlidir.

### *Zabaýkal Gunlary.*

Gazagystanyň Mongoliýa bilen bolan araçäginde b.e.öňki I müňýyllygyň başlarynda ýaşan halkyýetdir. Şol ýerden gunlara degişli gabyr tümmekleri öwrenildi. Ölen adamlar jaýlananda olaryň mazarlary biri-biriniň ýanlarynda goýlan baýlyklar we mazarlaryň arhitekturasy boýunça tapawutlanýan ekenler. Gunlara degişli belli ýadygärlikleriň biri ol hem Iwolçina şäherjigidir. Olaryň esasy kärleri maldarçylyk bolupdyr. Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatyna görä, Gunlar üçin iň ýakyn halk hytaýlylardyr. B.e.öňki I-müň ýyllygyň ortalarynda Gunlar bilen Hytaýlylaryň arasynda ýer meselesinde harby çekeleşmeler başlanýar. Gunlaryň we beýleki çarwa taýpalalaryň irginsiz çozup durmagy Hytaýyň daşyna «Beýik Hytaý» galasyny (berkitmesini) salmagyň işini çaltlaşdyrýar. Gunlar öz basybalyjylykly hereketlerini çaltlandyryp günorta Sibiriň hemme ýerini, Kaspi kenar ýakalaryny boýun egdirip Rime çenli barypdyr. Ýöne Rime ýetip bilmändir.

### *Taştyk medeniýeti.*

B.e.öňki III-II asyrlarda Demirgazyk Aziýa ýerlerinde ýaşan adamlaryň durmuşynda, olaryň durmuş gurşawynda uly özgerişler bolup geçdi. Olara degişli ýadygärlikler arheologiya medeniýetinde Taştyk medeniýeti ady bilen bellidir. Taştyk taýpalary gündogardan gelen tagar taýpalaryny gysyp başlapdyrlar. B.e.öňki III asyrda ýaşan Ýuem Mode tarapyndan uly soýuz birikdirmeleri döreýär. Netijede, Merkezi Aziýada Hytaýa garşy Gunlar soýuzy döreýär. Gunlara degişli arheologik ýadygärlikler Taştyk medeniýeti ady bilen öwrenilýändir. Bu medeniýete degişli ýadygärlikler Uýbatski, Syrski, Izyhski gabyrlary bilen bellidirler. Taştyk medeniýetine

degişli gabyr tümmekleri dürli arhitektura görnüşden ybaratdyrlar. Bu medeniýete degişli taýpalar ekerançylyk, maldarçylyk, balyk tutmaklyk bilen meşgul bolupdyrlar. Ýasalýan küýze gaplary öz ýasalýan görnüşleri, nagyşlary bilen tapawutlanypdyrlar. Hojalykda atçylyk we iri şahly mallar köpeldilipdir. Taştyk medeniýetine degişli adamlaryň etniki duzumi dürli dürli bolupdyr. Bu medeniýete degişli adamlaryň jemgyýetçilik gurluşynda heniz synpy jemgyýetiň ýa-da döwletiň alamatlary bolmandyr. Olar etniki tarapdan hem dürli-dürli bolupdyrlar.

### *Sibiriň we Uzak Gündogaryň ýerlerindäki arheologiki ýadygärlikler.*

B.e. öňki I-müň ýyllykda Sibir we Uzak Gündogar ýerlerinde ýaşan taýpalaryň dürli etniki düzümi bolupdyr, şonuň üçinem ol ýerde birnäçe medeniýetler bolupdyr. Ust-Polus diýen ýerde geçirlen arheologik barlag işleriniň netijesi ol ýerde oturymly halkyýetiň bolanlygyna şaýatlyk edýär. Ýaşan adamlaryň esasy kärleri balykçylyk hem awçylyk bolupdyr. Ust-Poluý medeniýetine degişli adamlar öz ýasaýan küýze gaplaryny geometrik çyzyklar bilen bezäpdirler. Olar ekerançylykda kätmen ulanypdyrlar. Belli bir derejede maldarçylak hem bolupdyr. Olaryň esasy iýmitleri balyk we balyk önümleri bolupdyr. Jaýlary agaçdan, zähmet gurallary we ýarag gurallar uly haýwanlaryň süňklerinden bolupdyr. B.e.öňki VII-I asyrlarda Priboý derýasynyň boýlarynda ýaşan taýpalar oturymly bolup, esasy kärleri balykçylyk bolupdyr. B.e. öňki I müňýyllygyň ahyrlarynda Sibiriň tokaýlyk sebitlerinde Kulaý medeniýeti ady bilen belli bolan taryhy döwür bolandyr. Bularyň sungatynda haýwan şekilleri uly orun tutandyr. B.e.öňki I müňýyllygyň başynda Primorýe ülkelerinde ýaşan taýpalaryň ady “Balyk-gulak” ady bilen öwrenilendir. Bu medeniýete degişli adamlaryň kärleri balykçylyk hem-de awçylyk bolupbyr. Bu ýerlerde irki demir asyryna degişliýadygärlikler “Sidemin” medeniýeti ady bilen

atlandyrylypdyr. Demiriň durmuşa ornaşmagy bilen ozalky haýwanlary tutmak we ösümliklerin miwelerini çapmak bilen meşgullanýan taýpalar indi maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Tapyndylaryň içinde itiň,doňuzyň süňkleri has köp tapylypdyr. Demir asyryna degişli ýadygärlikler ***Çanigau*** atly medeniýetiň üsti bilen öwrenilýändir. B.e.IV asyrda has giň ýaýran medeniýetleriň birine Suýfun medeniýeti diýilýär.

***Türkmenistan irki demir asyry zamanynda.***

B.e.öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda I müňýyllygyň birinji çärýeginde jemgyýetiň taryhynda we onuň durmuş gurluşynda uly özgerişler bolup geçýär. Günortanyň çarwa we ekerançylyk taýpalary Orta Aziýanyň demirgazyk raýonlarynda ýerleşen maldarçylyk we ekerançylyk taýpalaryndan bölünip aýrylypdyr. Başga bir tarapdan uly-uly taýpa birleşmeleriniň günortadan demirgazyga we gündogar Türkmenistandan göçmekleri olaryň maddy medeniýetiniň ösmegine, birek-biregine ýardam bermegine alyp barypdyr. Beýle ösüşler bürünç asyryndan irki demir asyryna geçiş zamanynda bolandyr. B.e.öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda Kaspi kenar ýakalarynda has takygy Missirian düzlüginde jemgyýetiň ösüşi bilen bagly bolan arhaiki ýa-da “Dehistan”, “Arhaiki Dehistan” medeniýeti döreýär. Bu medeniýetiň taryhy hronologiýasy irki demir asyryna gabat gelýän hem bolsa, ol döwürde ýasalan gap-çanaklary öz görnüşi boýunça irki bürünç asyryna çalymdaşdyrlar. Bu medeniýete has ýakyn medeniýetleriň biri Gadymy Margiýanada ýerleşen Ýaz-depe medeniýetidir. Günorta Türkmenistanyň çäginde has giň ýaýran medeniýetleriň biri Köpetdagyň eteginde ýerleşen Änew medeniýetidir. Änew medeniýetiniň soňky döwürleri bürünç asyrynyň ahyrlary bilen kesgitlenýär. Bu medeniýetleriň ikisinde hem ýaşan adamlar ösen ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolan hojalyklardyr. Bu iki, ýagny Murgap we Köpetdag etegindäki medeniýetleriň ösüş meňzeşlikleri we

käbir aýratynlyklary keramiki nagyşlar we küýzeleriň görnüşleriniň birligi we aýratynlyklary bilen tapawutlanýandyr. Bu zamanlarda iki medeniýete degişli raýonlarda arhitektura birlikleri we aýratynlyklary ýüze çykýandyr. Indi daşy berkidilen galalar we obajyklar tebigy beýik ýerlerde (baýyrlaryň üstünde)bina edilipdir.

Türkmenistanyň ýerinde irki demir asyryna degişli medeni gatlaklar Änewiň I-gatlagy hem-de Ýaz-depäniň I-gatlagydyr. Bu meňzeş medeni gatlaklardan tapylan küýze önümlerindäki nagyşlar we gap-çanaklaryň daşky görnüşleridir. Änew hem-de Ýaz-depe medeniýetleri Owganystanyň demirgazygyndaky Tylla depe we Özbegistanyň Baktriýa medeniýetine özleriniň taryhy döwri we küýze önümlerndäki nagyşlar bilen bir-birine meňzeşdirler. Bu medeniýetlere günorta Özbegistanyň Kuçuk depe, Mirşade diýen ýadygärlikleri hem degişlidir. Irki demir asyry zamanlarynda Türkmenistanyň ýerlerindäki halkyýetleriň medeniýeti Baktriýa medeniýetine meňzeşligi, olaryň arasyndaky medeni gatnaşyklaryň has ýakyndygyna şaýatlyk edýändir. Ýöne başga bir bellemeli zat, ol hem şol zamanda, ýagny b.e.öňki II müňýyllygyň ahyrynda I müňýyllygyň başlarynda Gyrgyzystanyň Çu diýen ýerinde ýaşan ekerançylyk we maldarçylyk taýpalarynyň medeniýeti ýokarky iki medeniýetden tapawutlanýandyr. Birinjiden, küýze gaplary el bilen ýasalan hem daşky görnüşi gödekdir. Ikinjiden gap-gaçalaryň ýüzündäki nagyşlar sadalygy we az manylygy bilen tapawutlanýandyr. Türkmenistanda irki demir asyry hakynda gürrüň edilende, esasy ýadygärlik Ýaz-depedir. Bu ýadygärlik ilkinji gezek A.B.Kamarow tarapyndan 1885-nji ýylda hasaba alynýar. 1888-nji ýylda A.W.Kamarow Änew depelerinde gazuw-barlag işini geçirýar. Ýöne ýeri gelende bir zat bellemekçi, ol hem bolsa amerikan alymy R.Pompelli Änewde ilkinji gezek gazuw işlerini geçirýär. Netijede köp zatlary tapyp, ol arheologik maglumatlar dört tomluk bolup iňlis

dilinde “Turkestan” ady bilen çapdan çykarylandyr. Änew maglumatlarynyň esasynda şol zamanlarda  ahal ýerleride dokmaçylygyň ösenligine şaýatlyk edýän dokma senetleri tapylandyr. Şol tapyndylar bilen birlikde adam kelle çanaklarynyň tapylmagy antropologlar tarapyndan olaryň owrenilmegi, olaryň taryhynyň baýlaşmagyna uly ýardam edendir. Ýagny şol kelle çanaklar, Türkmenistanyň ýerinde oturymly ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolan ýerli adamlaryň kelleçanagydyr. Bu bolsa şu günki türkmeniň kelle çanagyna meňzeş bolmagydyr. Netijede, çünki türkmen bir ýerden göçüp gelmän, ol öz ýerinde dörän halkdygyna şaýatlyk edýär. Irki demir asyryna degişli ýadygärlikler Gowşut demir ýol duralgasynyň golaýynda ýerleşmek bilen ony ilkinji öwrenen alymlaryň biri A.A.Maruşenko, S.A.Ýerşow dagydyr. Şonuň ýaly Gäwersiň golaýynda Ýaşylly depe G.Gutlyýew tarapyndan öwrenildi. 1956-njy ýylda B.A.Kuftin Duşagyň golaýynda ýerleşen Ulug-depeden irki demir zamanlaryna degişli jaý galyndylaryny öwrendi. Bu ýadygärlik soňky ýyllarda W.I.Sarianidi we G.N.Lisisina tarapyndan has ýerlikli öwrenildi. G.Gutlyýew  Ýasy-depede gazuw işlerini geçirip, ol ýerden gadymy jaý galyndylaryny tapdylar. Murgap derýasynyň köne akymlarynda ýerleşen Ýaz-depe, Arabaly depe, Üç depe, Köne  depe – bu ýadygärlikler XIX asyryň başlaryndan öwrenilip başlanypdyr we bularyň medeni gatlaklarynyň meňzeşligi Änew medeniýeti bilen gabatlaşýandyr. Arheologik maglumatlaryň esasynda ýokarda agzalan ýadygärlikleriň taryhy hronologiýasy doly öwrenilipdir.

Ýaz-depe I (b.e.öňki 900-650 ý.)
Ýaz-depe II (b.e.önki 650-500 ý.)
Ýaz-depe III (b.e.öňki 500-400 ý.)

Şu taryhy hronologiki seneleriň esasynda, Köpetdagyň etegindäki ýadygärlikleri hem kesgitläp bolýandyr. 1972-nji ýylyň başlaryndan başlap, Murgabyň Tahyr baý, Üç-depe ýaly

ýerlerinde hem arheologik işler başlandy. Irki demir asyrynda bina edilen ýadygärliklerden berkitmeler has beýik we berk edilip salnypdyr. Obalar garagul durýan beýik diňler bilen gurşalan bolsa, başga bir ýerinde, beýik gala bilen berkidilipdir. Obalaryň ýa-da şäherleriň tutýan meýdany hem ozalkydan artyp başlapdyr. Meselem, Ulug-depe, Ýelken-depe, Ýasy-depe we beýleki depeler. Agzalan ýadygärliklerden tapylan arheologik tapyndylar, dowrüň taryhyny, medeni mirasyny öwrenmäge kömek edýändir. Küýzeleriň nagyşlary özleriniň täsinlikleri bilen tapawutlanýandyrlar. Geçirilýän arheologiki gazuw-barlag işleri netijesinde şol ýadygärliklerde birnäçe medeni gatlaklaryň bolandygy anyklanyldy. Öz tutýan meýdany boýunça irki demir asyryna degişli ýadygärlikleriň içinde iň ulularynyň biridir. Bu ýadygärlik ilkinji gezek A.A.Maruşenko tarapyndan öwrenilendir. Ýelken-depäniň gurluş arhitekturasy öz zamanynyň iň tanymal ýadygärlikleriniň biridir. Irki demir asyryna degişli ýadygärlikleriň tutýan meýdany boýunça iň bir ulularynyň biridir. Irki demir asyryna degişli ýadygärlikleriň käbirisi çig kerpiçden bina edilipdir. Kerpiçleriň ölçegi dürli bolupdyr. Ýagny 50x25x10sm, 60x25x30sm. Öndürilen küýze gaplary dürli görnüşli, dürli ölçegden ybaratdyr. Olaryň arasynda okara, banka, kürşge, ýalpak gap-çanaklar bardyr. Ýaz-depede we Ýelken-depede üç sany medeni gatlagyň bolandygy hem doly anyklanylandyr. Ulug-depede we Ýelken-depede arheologiki gazuw işleriniň netijesinde jaý gurluşygynda baý adamlar üçin has belent jaýlary bina edipdirler. Ol otaglar özüniň içki arhitekturasy bilen tapawutlanypdyrlar. Arhitektura galyndylary boýunça käbir otaglaryň içi has anyk many berýän diwar şekilleri bilen bezelipdir. Dini maksatlar üçin mahsus bolan otaglaryň meýdany has uly bolupdyr. Alym G.Gutlyýewiň gazuw-barlag işleri netijesinde irki demir asyryna degişli merkezli şäheriň (город с садилью) Goşa-depe diýeniniň bolanlygyna tassyklaýjy maglumatlaryň esasynda

güwä geçýär. Çünki şäherleriň tutýan meýdany 5-6 gektardan ýokarydyr, käbir şäherleriň tutýan meýdany bir – bir ýarym gektardyr. Netije: gadymy galalar öz tutýan meýdany boýunça birnäçe böleklere bölünýändir. Arheologik tapyndylaryň esasynda Ýaz-depe öz zamanynyň gadymy Margiananyň merkezi bolanlygyna şaýatlyk edýändir. Irki demir asyryna degişli Daşlyja-depe, Ýelken-depe öz zamanlarynda ýa-da taryhy döwründe iň bir ösen şäherler bolandyklaryna şaýatlyk edýär. Ýokarda agzalan ýadygärliklerden tapylan arheologik tapyndylar özleriniň meňzeşligi bilen Owganystanyň Mundiçak, Fergana, Hindistan, Eýran, Mesopotamiýa ýerlerindäki medeniýete gabat gelýändir. Günorta Özbegistanyň Kuçuk-depe diýen ýadygärligi öz tutýan meýdany boýunça bir gektar bolup, obanyň daşy berk gala bilen berkidilipdir. Owganystanyň Tyiýa-depe diýen ýerinden tapylan gymmat bahaly daşlardan ýasalan bezeg şaý-sepleri, gap-çanaklary hem öz meňzeşlikleri boýunça Gunorta Türkmenistanyň Murgap medeniýetine çalymdaşdyr.

## Gadymy –Rus şäherleriniň arhelogik öwrenilişi.

Gündogar slawýanlaryň şäherleriniň döremegi söwdanyň, senetçiligiň, bilimiň hatda synpy jemgyýetçiligň we knýaz hökümetiniň ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Dörän şäherler aýratyn feodal knýazçylygyň paýtagtlary we merkezleri bolupdyr. Meselem: Kýew, Smolensk, Nowgorod, çernigow we ş.m. şäherleriň ösmegi IX-X asyrlarda başlandy we XII asyryň ahyrlarynda Russiada 224 sany ululy-kiçili şäherler peýda boldy. Gadymy rus şäherleriniň esasy alamatlarynyň biri hem onde senetçilik önümçiliginiň köplügi mydama söwda we adminstratiow knýazlygynyň hökümininiň köplügidir. Şäherler söwda senetçilik bazasynda dörände wagtyň geçmegi bilen oba hojalygyň ilkinji plana süýşürildi. Dörän şäher öz töwereginde ilaty üýşürdi. Her bir şäherde üç sany esasy bölekler boupdyr: berkitme, (kreml), söwda senetçilik obasy (posad) we bazar meýdany (söwda). Şäherde ýerleşen: knýazyň howlusy, onuň dogan garyndaşlary, boýarlaryň jaýy we družinnikleriň ýaşaýyş jaýlary. Şäheriň esasy ýaşaýjylary her hili senetçiler. X-XII asyrlarda rus şäherlerinde 60-dan gowrak senetçilik kärl;eri bolupdyr. Esasy senetçilik önümleriniň esasyny demri taýýarlamak, demir ussaçylyk işi bolupdyr. Zergärçilik önümçiligi hem uly ähmiýetli ösüşi aldy. Russiada aýnadan ýasalan önümleri hem uly ösüşe eýe boldy. Esasy senetçilik önümçiliginde palçykdan ýasalan gaplaryň hem uly ähmiýeti boldy.

X asyrdan Russiada kerpiç esasy gurluşykçy önüm peýda bolýar. Baý adamalaryň owadanlamak üçin kerpiç ulanypdyrlar. Şäherlerde kerpiç ýakyjylar, daşçylar, agaç ussalary we agaç kesiji senetçiligi ösüp başlady. X-XI asyrda Kiýewde we beýleki şäherlerde birinji rus teňňeleri döredi.

Rus medniýeti öz slawýan özeninde ösdi, çöl sergezdanlary bilen gutarnyksyz göreşdi. Kiýew Russianyň ýaşaýjylarynyň öz elleri bilen ymaratlar, köşkler, şaý-sepler, korabllar guruldy. Gadymy rus şäherlrinde uly we giň ýaýrawy

ýazuw aldy. Käbir knýaz köşklerinde ybadathanalarda "Ýyl ýazgylary" ýöredilipdir. Köp knýaz aktlaryň wesýetnamalar we beýleki dokumentleri tapylypdyr.

Feodal begleri köplenç pergamentde (göläniň derisinden taýýarlanan) ýazypdyrlar. XIV asyrda bolsa kagyzda aýazypdyrlar. Şäherlerde gadymy rus arhitektura pikiri hem ýüze çykýar. Ol şäher medenietiniň ösmegi bilen baglanyşykly. Rus jaý gurujylar mongol döwrüne çenli eýýäm umumy rus arhitektura stilinde döretdiler.

### 1.Gadymy Kiýew

"Öten ýyllar hakynda hekaýtda" aýdylyşy ýaly kiýewi üç dogan döredipdir: Kiýem, Şekom, Horiwom. Birinjiniň ady şäherde galdy. Ikinjiniň ady şäheriň böleginde-Şehowisa. Ýöne ýykl ýazgysynda belli bir senäni görkezilmändir. Şäheriň dörän senesi belli däl. Şäheriň gazuw-agtaryş işlerinde belli bolşy ýaly onuň töwereginde birnäçe slawýan obalaryň ýerleşendigi belli bolupdyr. Kiýewiň esasy özeni VIII-X asyrlarda Andreýew dagynda ýerleşipdir. Ol uly bolmadyk bir köşgi göz öňüne getirýär. Onuň golaýlarynda kermaki bölekleri we gurban edilen haýwanlaryň süňkleri tapylypdyr. Şol baýryň daş töweregine aýlanan şäher diwary agaçdan bolupdyr. Knýaz Wladimiriň hööküm süren döwründe diwarlar täzeden gurlan boldy we şäher territoriýasy goňşy baýyrlara hem uzady. Gazuw agtaryşlarda belli bolşy ýaly knýaz Ýaroslow Mudryý täze şäher diwaryny gurdurypdyr. Ol diwar meýdany boýunça birnäçe esse köp ýer tutudyr. Bu diwarlar dub agajyndan ýasalypdyr. Syýasy we administratiw durmuşda kiýewde esasy orny knýaz howlusy eýeläpdir X asyrda knýaz howlusynda geň zatlar guruldy. Her hili kabul edişler üçin, knýaz družinnikleriň ýygananyşy üçin ýörite gurlupdyr.

Wladimir döwrüniň knýaz howlusy buthana Kiýewiň arhitektura merkezi bolupdyr. Knýaz howlusynyň sentçilik ussahanalry we feodal begleriň jaýlary gurşap alandyr. Sofiý soboronyň gurulmagynyň öňi Desýatiýnoýa buthanasy şäher

merkezinde uly rol oýnady. Buthnanyň demirgazyk we günorta tarapynda uly köşkleriň galyndylary tapylypdyr. Iň esasy ýadygärlikleriň gadymy rus arhitekturasynyň galyndysy sofiýa derwezesi bolup durýar. Ol daşlardan gurlan.

Iň belli arhitekrura ýadygärlikleriniň biri hem sofiýiskiý buthanasydyr. XI asyryň başlarynda gurlan. Ol kiýew döwletiniň durmuşynda buthana-syýasatynda merkezi roly oýnady. Özüniň 600 yllyk durmuşynda birnäçe gezek düzedüşliklere sezewar boldy. Soboryň gurluş sungaty Wizantiýa sungatyna kybapdaş gelýär, bärde diýmek Kiýew russianyň arhitekturasy, Wizantiýanyň köp arhitektura stillerini öz içine alýar. Ýaroslawl knýazlygynyň hökümdarlyk süren döwründe äpet daşdan ýasalan derwezeler guruldy. Olar özüne “Altyn derwezeler” diýen ada eýe boldylar. Ýönekeý şäher ýaşaýjylarynyň ýaşaýyş jaýlary hem gazylyp lananda tapylypdyr. Olar adaty ýarym kümeler patalokly we palçykdan edilen peçli jaýlar bolupdyr. Gazuw-agtaryş ileri kioýewiň bir uly gadymy rus sentçiliginiň merkezi XII – birinji ýarymýyllygynyň XIII asyrda bolandygyny subut edýär. Kiýew senetçileri hemme zady taýýarlamagy başarypdyrlar, ýönekeý palçyk gabyndan başlap, we inçe zergärçilik önümine çenli esasan hem kiýewde demir ussaçylygy bilen küýzegär zergärçilik agaç bejerijilik, aýna ýasaýjylyk ýaly sentçiligi ösen eken. XI-XII asyrlarda daşdan zat ýasamak sungaty we kerpiç öndürmek senetçiligi uly ösüşe eýe bolýar. 1240-njy ýylyň ahyrynda Kiýew mongol goşunynyň Batyý hanynyň baştutanlygynda basyp alyndy we derbi-dagyn edildi. X buthana kiýewlänleri iň soňky bolup goralan ýerleri bolupdyr, olaryň ýykyk-ýumrulan çuňluklarynda bäş metr çuňlukda birnäçe süňkleriň we gymmat bahaly şaý-sepleri tapylypdyr. Elbetde baý adamlary wepat bolupdyrlar. Mongol goşunlarynyň ýörişinden soňra Kiýewi ýykan-ýumranlykda galyp onuň ähmiýeti doly aşak gaçypdyr. Syýasy we ykdysady durmuşynyň merkezi demirgazyga tarap süýşdi.

## Gadymy Nowgorod

Beýleki gadymy rus şäherleinden tapawutlylykda nowgorod şäheri gowy öwrenilen. Bu ylmy arheologik öwreniliş toparynyň MGU-nyň professory A.N.SSSR-yň agzasy A.B.Arşihowskiýni we W.L.Ýanin bolupdyr. Özüniň çyg topragy sebäpli nowgorod topragy biziň günlerimize çenli derini, agajy we birnäçe önümleri saklanyp galypdyr. Beýleki tebigy şertlerde bolsa olar yzsyz ýitip giderdiler. Nowgorodda medeni gatlaklary gowy yzarlanýarlar we arkaýyn arheologik materiallaryň kömegi bilen seneleşdirilip bolýar. Ýöne şäheriň dörän senesi örän çylyşyrymly bellenildi. Nowgorod boş ýerden salynmady. Onuň töwereklerinde ýaşaýyş bolupdyr. Olar gadymy döwrüň gündogar Ýewropanyň slawýan kolonizasiýasynyň netijesi bilen döräpdir. Nowgorod X asyrda täze gurlan. Eýýäm X asyrda agtaryş işlerini görä ol uly meýdanly Wolkow derýasyny sag we çep kenarlarynyň meýdanyny hem tutupdyr. Özüniň söwda ýollarynyň kesişýän ýerlerinde ýerleşendigi sebäpli nowgorod eýýäm iri söwda we senetçilik merkezine öwrüldi. XI-XII asyrlarda Nowgorod esasy uly şäherleriň orta asyrlar Ýewropda bolupdyr. Ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda şäher içerki we daşarky söwdany ýerine ýetirdi. Wolkowda aşaklygyna Ladožskoýe kölüne we Newadan Nowgorodlylar Şwesiýa düşüpdirler we Pribaltikaly slawýanlara garydyrlar. Ilşenden Wolga boýunça Bolgriýa ýol açylypdyr, Hazardan Kawkaza we Orta Aziýaýetipdir. Şonuň bilen Nowgorod şäheri çalt ösýär we öz gatnaşyklaryny berkitdi we özboluşly medniýetini ösdürdi. Şäher ilaty senetçilerden we söwdagärlerden ybarat bolupdyr. Esasy gurluşyk şäherde agçdan jaýlar bolupdyr. Şonuň üçin hem gadymy ýyl ýazgylarynda Nowgorodlylylary agaç ussalary diýip atlandyrýarlar. Nowgorod şäheriniň aýratynlygynyň sebäbi ol ýerde ýer kümeleriniň ýoklugyndandyr. Bu Nowgorod şäheriniň çyg toprakda ýerleşýändigini subut edýär. Şonuň üçin hem şäher ýaşaýjylary agaçdan öýleri özem iki gatly edip

salypdyrlar. Nowgorod şäheriniň agaç köprüleri hem uly býellige eýe boldy. X asyrdan başlap, ol esasy köçeleriň gapdal köçelerine ýazyldy. Jaýlara tarap uly pürsleri ýazypdyrlar. Ýöne pürsler topraga çümüp gidipdirler. Şonuň üçin hem olaryň gatlary köp bolupdyr. X-XIV asyrlarda şeýle gatlamalaryň 28 gatlysy açylypdyr. XI asyrda irki daş gurluşygy Nowgoroda degişlidir. Olaryň içinde iň ajaýyp ýadygärlikleriň biri Sofiýskiý zaborydyr. Buthana gurluşyklarynda akdaş ulanypdyrlar. Şäheriň merkezinde daşdan kreml döredi. Ol öz içine Sofiý saboryny we birnäçe daşdan binalary alýar. Kremliň golaýynda baý täjirleriň jaýlary ýerleşýär. Şäheriň günorta demirgazyk tarapyny buthanalar we galalar gurşap aldylar. Olardan Ýurewskiý we Antonýew özüniň şäher bolup doränliginde bäri ol söwdanyň we snetçiligň merkezi bolup durdy. XI-XII asyrlarda şäherde birnäçe senetçilik ussahanalry açyldy. Ol ussahanalrda 10 adamdan hem köprägi işläp bilipdir. Sentçilik önümçiligniň yzlary şähriň beýleki çetlerinden hem açyldy ýaşaýjylary isleglarini sentçilik önümçiligi doly ýerine ýetiripdir. Çagalaryň oýunjaklaryndan başalp beýleki islegleri ýerine ýetiripdirler. Şäherde agaç ussalary we beýl;eki ussalatr hem ýaşapdyrlar. Olaryň zähmetleriniň ökdeliligi hemm ýerde duş gelýär we olaryň ýaşaýjylarynyň häsiýetini görkezýär. Ussanyňp stanoklarynda ýasalan boçkalar, oturgyçlar, çemçeler, howçlar degişlidir. Käbir ussalar agaçdan ýokary çeper eserleri ýasapdyrlar. Nowgorodçylar lyžalary sankalary we gaýyklary köp ulanypdyrlar. Şähere nemes rysarlarynyň çozuşy bolupdyr. Şonuň arheologhik materiallarda ýaraga duş gelinipdir. Olar demir naýzanyň uçlary ýaýalaryň ujy, gylyçlar, pyçaklar nowgorod arhitekturasynda uiki döwrüň ýüze çykýnadygy bildirýär. Irki nowgorod XI-XII asyr irki Nowgorod arhitekturasy XIV asyrdan başalanan. Irki nowgorod ymaratlary salnyşy boýunça örän çylşyrymly ägirt we dabaraly boldy. Diwarlaryň ýüzüne döňdurylan ýüzüne döňdurylan

şekilleriň berk duruzylan kompozisiýasyny görkezýär. Irki nmowgorod medniýetini adminstratiw we syýasy merkezleriň biri bolan Ýaroslaw howlusydyr. Onuň ady ýaroslaw sudrynyň adyny göterýär. Ol bu ýerde köşk döretdi. XII asyrdan soň knýazlara şäheriň töwereklerine ýaşamak rugsat edilmedi. Bu ýere köşgüniň weçesi ýygnanayp syýasy merkeziň nowgorod respublikasyna öwrüldi. Medeni özgertmeleri Pskow Twer Moskwa Nowgorod şäherlerini öz içine aldy. Russiada arhitektura işlerinde daş binalarynda şäheriň ýaşaýyş durmuşynda demokratiýa ýüze çykdy.

XIV asyrda Nowgorodda köp metjitler gurulýar. Olaryň içinde Ispaniýa metjidi hem bar. Ispaniýa metjidiň gurluşy örän sada, 4 daragt we bi rgümmez. Şonuň ýaly gurluş şol döwrüne mahsus bolupdyr. XV asyrdan başlap bişen kerpiç ýeke-täk gurluşyk materialy bolup galýar.

XIV – XV asyrlarda senetçiligiň önümçilignde ýokarlanma bolup geçýär. Bu wagt senetçilik käriniň çylşyrymly tehniki ulanyşlary ýüze çykýar.

### 3. Gadymy Rýazan

Gadymy Rýazanyň galyndylary täze Rýazandan 50 km-de ýerlerşýär. 1237 ýylda mongollaryň çozmagy zerarly çym-pytrak edilen we ýere gömülip gidilen. Bu boluş arheologlara uly kynçylyklar döretmedi. Gazuw-agtaryş işlerinde Rýazanyň köçeleri, meýdanlary , jaýlary, buthanalaryny ýerleşişi dogry kesgitlenildi. Rýazan barada maglumatlar rus ýyl ýazgylarynda anyk görkezilendir. Iň esasy ýadygärlikleriň biri hem “Batynyň Rýazany dagatmagy barada hekaýatdyr.” Onuň esasynda rowaýatlar bardyr. Emma ýazmaga çeşmeleri taryhy boýunça düşüniksizdir. Şonuň üçin hem birinji planda arheologik açyşlara üns berilýär. Birinji obýektleriň biri hem Gadymy Rýazanyň daşky görnüşi boldy. Onuň uzynlygy 10 m, ini 20 m. bolupdyr. Ýene-de daýhan derwezeleriniň bolan ýerleri tapyldy. Gadym zamanlarda wal diňe bir üýşmegi bolman, ol goranmak häsiýetini saklapdyr.

Gadymy Rýazan ilki başda feodal galasy ýaly bolup döredi, oba ýaşaýjylarynyň arasynda. Ýaşaýjylaryň töwerek meýdany ösdi we wallar bilen aýlandy. Arheologik maglumatlara görä şäheriň güllemegi XI-XIII asyrlarda gaçýar. Bütin gadymy Rýazanyň meýdany ýaşaýjylar bilen gurşap alynýar. Ýaşaýyş jaýlar iki hili bolýar. 1 ýer üsti jaýlar we ýerkümeli jaýlar. Ýerüsti jaýlar derbi-dagyn edilýär, emma ýerkümeler saklanyp galýar. Ýazgylarda aýdylyşy ýaly Rýazanda 3 metjitleri bolupdyr. 1. Borisoglebskiý, Spas we Uspenskiý. Borisoglebskiý zaborynyň fundamenti günorta-günbatar tarapynda açylandyr. Zaworyň diwarlary ak daşdan ýasalypdyr. Poly dürli kerpiç plitalardan, gülgüne ýa-da mawy-ýaşyl reňkde bolupdy. Bu ymarat krest şekilli bolupdyr. Uç buthana hem XII-XIII asyrlarda gurulan. Gadymy Rýazan mongol eýýamyndan öň esasy söwda-senetçiliginiň merkezi bolupdyr. Köne Rýazanyň territoriýasynda senetçiligiň ussahanalty hem açylypdyr. Gazuw-agrtaryş işleriniň netijesi bolýunça fäzde metoloönümçiligi ösen bolupdyr. Demiri gaýtadan işlemeli, reňkli metallary, süňkleri we daşlary arassalamak. Palçykdan ýasalan gapalr hem uly ösüşe eýe boldy. Rýazan gaplary Gadymy Russiýanyň köp böleklerinde hem duş gelýär. Zähmet gurallaryny we ýaraglaryny öndürmekde täze tehniki serişdeleri derrew öwrendiler we özleşdirdiler.

Rýazan demir ussalary orak, palta, ýarag we terezileri ýasamagy başarypdyrlar. Iň kyn önüm gulp we açar bolupdyr. Bir gulpyň 40 detaly bolupdyr. Gulp ýasaýjylaryň abraýlary daşary ýurtlarda hem tanalypdyr. Köne Rýazanda 4 hazyna tapylypdyr. Hazyna esasan ýuwilir, zergärçilik önüminden ybarat eken. Olaryň içinde altyndan ýasalan gynmmat daşly ýüzükler, medalýonlar, monjuklar bolupdyr.

## 4. Moskwanyň arheoloiýasy

Birnji arheologik öwrenişler Moskwada geçen asyryň 20-nji ýyllarynda başlandy. Onda-da 100 ýyldan soň giňişleýin arheologik agtaryşlar kabul edildi. Ilki bilen paýtagtyň ýer işlerine gözegçilik edildi. Moskwanyň metropolitenini gurmak işinda bir topar materiallar tapyldy. Şonuň netijesinde arheologlar medeni gatlaklarynyň uly düzlüginde häzirki Moskwanyň Krym meýdançasyndan başlap Kiýew wokzalyna çenli we Sokolnikowa çenli öwrenildi. Şonda bir topar gadymy gurluşyklaryň üsti açyldy. Esasanam XI-asyrda Iwan Graznynyň köşgüniň ýanany 40-50-nji ýyllarda biziň asyrymyzyň gazuw-agtaryş işleri Kremliniň we zarýadada geçirildi. Grultaý köşgüniň gurluşynda gadymy gurluşyň agtaryşlary köp zat berdi. Bu ýerde galalaryň galyndylary XII-XIII asyrlaryň başynda gurlan. XII asyrda Moskwa gala şekilinde bolupdyr. Ol feodal häkimýetiniň rezidensiýasy bolupdyr. Kremlde boýarlar bilen gurşalan knýaz ýaşapdyr. Kreml XIV asyrda doly giňeldildi. Iwan Kalite



Täze Kreml diwarlary we razmerlary bilen tapawutlanypdyr. Knýaz köşgi gurulypdyr. Ol giňelip we gadymy şäherçäniň tutş meýdanyny tutupdyr, häzir şol taýda ýarag palatasy we uly Kreml köşgi ýerleşýär. Köşgüň gündogar tarapynda Sofor meýdany emele geldi. Ýöne Iwan Kolitiň berkitmeleri uzak durmady. Gyzyl Orda bilen söweşde we ýerli

knýazlaryň arasyndaky söweşlerde ol berkitmä we täze ýarag serişdeleriniň bolmagy berkitmäni berkitmek gerek boldy. 30 ýyldan soň Dmitriý Donskoýyň höküm süren döwri täze berkitme guruldy. Kremliň töweregi has giňedi we 2 km uzynlyp uzagy. Gala häzirki Kremliň ähli meýdanyny tutdy. Galada 3 başnýa bolupdyr. Troiskiý derwezeden Neglin derýasyna birinji daş köprüsi geçirildi. Akdaşly Kremliň diwarlarynda ilkinji rus puşkalary durdular. Gala her hili hüjümlere çydam geldi. Dmitriý Donskoýyň galasy ýüzlerçe ýyl durdy. Ýöne Moskwa Rusiýa döwletiniň merkezi bolanlygy sebäpli täze berk galasynyň gurulmagy zerur boldy. XV asyrda häzire çenli galan diwarlar we başnýalar guruldy. Diş görnüşli Kremliň diwarlary ýokarlygyny uzynlygy 5 m- 9 m çenli boldy. Gala diwarlary 18 sany uzyn başnýalar bilen bölünen. Iki diwary Negliniý we Moskwa derýasy bilen ýuwuldylar. Gyzyl ploşadyň tarapyndaky diwarlar bolsa 7 m çuňlukda, 35 m inliligine row bilen berkidilen, Kreml bolsa ýetip bolmajak ada meňzeýärdi. Girelge başnýalary uzaldylan köprüler zyňylan. Bu gala özboluşly bir gurluşyk binany ýatladýar. Ilki bilen gurluşykçylar içki giňişligini arasyndaky boşlugy daşlar bilen doldurdylar. Diwarlaryň ini 3.5 m, 4,5 m çenli. Şonuň bilen Kremliň goranyş sistemasy birnäçe asyrlaryň dowamynda düzüldi. Kreml Ýewropada iň uly ähmiýeti galalaryň biri boldy. Moskwa diňe bir knýaz –feodal galasy bolup ösmän, ol öz senetçilik söwdalary bilen ösüpdir. Moskwa söwdasy iň janly ýerleriň biri bolupdyr. Bärde ekonomiki, syýasy jemgyýetçilik durmuşy gaýnapdyr. Söwda meýdançalarynda bahalar, şertnamalar, knýaz permanlary jar edilipdir.

Mongol eýýamyna çenli Moskwa günorta-gündogar ýurtlary bilen söwda edipdir. XVIII asyrdan başlap Günbatar döwletler bilen söwda aragatnaşyklary has hem giňeldildi. Olaryň içinde orta söwda meýdanlarynda bahalar, şertnamalar knýaz permanlary çap edilipdir. Mongol eýýamyna çenli moskwa günorta-gündogar ýurtlary bilen söwda edipdir. XVIII

asyrdan başlap günbatar döwletler bilen söwda aragatnaşyklary has hem giňeldi. Towarlary assortimenti has hem giňeýär. Olaryň içinde Orta Aziýanyň gaplary hem peýda bolýar: käseler, küýzeler, ýöriteleşdirilen söwda ýerleri peýda boldy. Esasanam senetçilik önümçiligi uly ösüşe geldi. XV-XVI asyrlarda mongol-tatrlaryndan azat edileninden soň. Aýry-aýry käri boýunça ýaşaýan ymaratlar peýda boldy. Şol ymaratlaryň ady häzire çenli köçeleriň atlarynda galypdyr. Bürünçden iri jaňlaryň we puşkalar ýasalyp, bu önümçilikde Moskwa birinji ýerde durýar. Birinji puşkalar XIV asyrda ikinji ýarym ýyllygynda peýda bolýarlar. Moskwa puşka ýasamakda birinji ýerde durýar. Puşeçniý dworda, howluda rus ussatlarynyň mekdebi döredilýär. Şol mekdebiň ussady A.Çehow bolupdyr. Dünýäde iň uly Şa puşkasyny ýasap tapawutlandy.

Onuň stwolunyň içki diametri (halibi) 89 sm. Uzynlygy 5,5 m. agramy 40 tonna. Şa puşkasynyň atyp bilýändigini öwrenijiler şeýle hasaplaýrlar. Küýzegärler hem öz uly üstünliklerini hem goşdular. XI asyrda olaryň esasy önümi küýzeler we talahlar boldy. Okaralarda nahar bişirdiler, jamdan bolsa iýdiler. Gazuw agtaryş işlerinde moskwaly senetçileriň başga bir tarapy hem ýüze çyldy. Mysal üçin her hilli baý zergäriň mülki tapylan we açylan, peçleriň, kümeleriň guýularyň bölekleri tapylan. Onuň jaýynyň uzynlygy 7 m. ini 4 m. iki otagdan ybarat. Onuň mülki haýatlar bilen aýlanan. Moskwada hakyky feodal köşkleri, feodal baýlaryň öýleri tapylan. Zorýadede, welikiý köçesinde arheologlar tarapyndan gadymy täzeden gurulan jaý hem tapylan. Bu jaý ady belli bir boýara degişli eken. Moskwa iň bir owadan şäherleriň biridir. Onuň territoriýasynda indi uly binalar gurulyp, gadymy ýerleri beklenen. Şonuň üçin hem arheologik gazuw-agtaryş işleri kynçylyk ýagdaýda bolup geçýär.

Gadymy rus döwletiniň döremegine çuňňur taryhy şertleri sebäp boldy. Birinji bilen beýleki slawýan ýerlerinden aýratyn örän ir umumy hojalygyň ösmegi azal

ýerekereançylygy we öý maldarçylygy. Ikinjiden ösen senetçilik. Üçünjiden eýýäm ýüzlerçe ýyllar taýpa birlerşmeleriniň bolmagy we bir diliň, medeniýetiniň, emläk we sosial deňsizligiň ösmegi. Dördünjiden haýyrly geografiki ýerleşişiň Kiýewiň polýan rosow taýpalarynyň Dneprdäki merkezi. Bäşinjiden şol döwrüň ahyrlarynda feodal synpynyň düzülmegi we merkezleşdirilen hökümiň bölünmegi. Altynjydan hemişelik howpuň göçme halklaryň tarapyndan bolmagy. Bularyň hemmesi Kiýewde merkezi bolan gadymy rus döwletiniň döremegine getirdi. Şonuň bilen taýpa birleşmeleriniň döwri VI-VII asyrlarda tamam boldy. Kiýew Rusiýanyň döredildi we onuň hataryna tokaý sähralyk zonalarynyň köp bölegi girdi.

Arheologik materiallar boýunça bize gözegçilik etmäge mümkinçilik döredýär. Feodal synplarynyň we rus knýazlyklarynyň dörändigini. Bu prosess kiýew rusunyň döremeginden öň hem başlanypdy we gutarmandy.

**Gadymy slawýanlaryň arhelogýasy.**

Slawýan taýpalarynyň we olaryň medenýetiniň düzilmeginde birnäçe etaplar bolup geçdi. Olardan iň irkisi proslawýanlar. Bu döwri slawýan döwri diýip atlandyryp bolmaýar, sebäbi onda arassa slawýan medenýetini bellemek bolmaýar. Ol ýaňy bir gadymy sungat umumylygyna jümmüşinden düzilip başlaýar. Ondan diňe slawýanlar çykman beýleki halklar hem çykypdyr. Bu döwri esasanam b. e. öň I müňýyllygy öz içine alýar.

Ikinji döwri gadymy slawýan döwri diýlip atlandyrmak bolýar. B. e. I müňýyllygyň çäginde eýýäm gadymy slawýanlaryň ýadygärliklerini ýüze çykarmak bolýar. Şol wagtda slawýanlar barada belli bir ýazuw maglumatlar hem ýüze çykýar. Ol döwir b. e. I müňýyllygyň esasy bölegini öz içine alýar. Şol hyjuwly taryhy wakalar döwrinde bir halkyň hereket etmegi, beýleki gadymy halklaryň gysylmagy we ýykylmagy gondogar slawýan medeýetiniň häsýetine güýçli depginde düzilmegine we slawýan teretoriýasynyň düzilmegine getirdi.

Slawýan medenýetiniň ösmeginiň üçinji döwrine feodal diýip atlandyryp bolýar. Ol Kiýew merkezili gadymy rus döwletiniň döremeginde başlanýar.

Slawýanlar barada birinji ýazmaça maglumatlara gadymy girek taryhçy Geradot soňra bolsa b. e. I asrynda rim taryhçy Tasit ýazyp goçdy. Rim taryhçysy slawýanlar barada ýazanda, olary wenedlar diýip atlandyrýar. Wizantiýaly tryhçylary soň- soňlar wenedlaryň neberelerine antomlar we slawinler diýip atlandyrypdyrlar. Emma bu maglumatlar näbelli we olaryň esaaynda wenedlaryň antlaryň çägini kesgitläp bolmaýar. Bu şertlerde esasy arheologik ýadygärlikleriň ähmiýeti bar.

Gadymy slawýanlary öwrenmekde kynçylyk çekdirýän zat, b. e. başynda taýpa göçmeleriniň bolmagy, özara we Rim imperýasy bilen rehimsiz göreşler bolup durýar.

Şol greşlereiňdowamynda bütin etniki toparlaryň ýitmegi, durmuşda we sungatda medenýetde düýpgöter ütgeşmeler bolup geçýär.

Slawýanlaryň medenýeti örän gadymydyr. Ol bütin Ýewropanyň materigini eýelän we Günorta Aziýanyň weGünorta –Günbatar bölegini tutýan indo-ýewropaly taýpalaryň kökleri bilen baglydyr. Şol köpçilik sungatdan we taýpalardan beýleki ýewropa halklary ýaly hem slwýanlar ýüze çykdylar. Taryhy arheologik we magklumatlara görä arheologlaryň köpüsi slwýan taýpalarynyň tutýan meýdany ozeranyň ýokarylygy, ýokary we orta akymy Wisnanyň, Dnerioň we Buganyň derýaaralygy we günorta Belarussia bolupdyr. Gadymy slawýan sungatyny tapawutlandyrmak gaty çylşyrymlydyr. Sebäbi biziň eramyzdan öň I müňýyllykda irki demir asyrynda hakyky slawýan territoriýasynda birnäçe (sungatlar) medeniýetler bolupdyr. Iň bir irki proslawýan medeniýetiniň biri hem lužispi medeniýetidir. Ol wisla we Ozero derýalarynyä gyralarynda ýerleşipdir. Iň gadymy lužiskiý medeniýetiniä ýadygärlikleri bürünç asyryna degişlidir, b.e. öň II müňýyllygyň ahyry.

Emma lužiskiý obalaryny b.e. öň I müňýyllygyň ortalaryna degişlidir. Polşak şäheri bolan Požnanynyň golaýynda Biskupinski köliniň kenarynda ýerleşýän gadymy obsy has gowy öwrenilendi. Bu obanyň daş töweregi äpet uly goraýjy diwarlary bilen aýlanypdyr. Bu diwarelar üç setir agaçdan we içki tarapy palçykdan we daşdan doldyrlyp ýasalypdyr. Obada sekiz sany berk pürsli parellel ýeleşen köçeler açylan. Olaryň gyralary jaýly bolan. Lužiski taýpalary dahançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Gazuw –agtaryş işleri geçirlende agaç azallaryň, kätmenlere, demir oraklara we ýönekeý daş bugdaý geçirjiler tapylypdyr. Bikupiniski obalygynda bolsa kömre öwrilen bugdaý we arpa we noýba däneleri tapylypdyr. B.e.öň I müňýyllykda Lužiski

taýpalarynda demir daşy doly gysyp çykarýar. Soňra bolsa büriji, bürinçden diňe şaý-sepler ýasalyp başlapdyr.

Lužiski medenýetide jaýlarynda edebi hem medeni giňden bellidir. Ölen adamy ýakyp soňra külini bolsa palçykdan ýasalan küzelere salyp döwilen küýzäniň bölegini agzyna ýapyp jykyrda goýupdyrlar. Şonuň ýaly ýakylan külli küýzelere urna diýip atlandyrypdyrlar. Urnalar bilen bilelikde çukurlara neşikler hem atylypdyr. Şonuň ýaly gabyrlara "Jaýlanan urnaly meýdanlar" diýlip atlandyrlypdyr. Şonuň ýaly jaýlanma edebi I müňýyllygyň birinji ýarym ýyllygnyda Günbatar Ýewropanyň slawýan we slawýan däl taýpalarynda giňden ýaýrapdyr.

Lužiski medenýetine garyndaş bolan ýene bir proslawýan medenýeti bar eken. Oňa çernoleski medenýewti diýlipdir. Ol orta Dnepriň we Ýokary Buganyň derýaaralygynda ýerleşip Denpriň sag akymynyň Ingulsa basseýinde Çornyý les(gara tokaý) şäherniň ady bilen dakylypdyr.

b.e.öň II asyrda Günbatar Buganyň ýokary we orta dnepriň takmynan Belarussiýanyň Günorta böleginde we demirgazyk Ukrainanyň tokaýsähralygydaKiýýewiňgünortalygyna çenli we demirgazykda Brýaniskide zarubeniskaýa medenýeti döreýär. Bu medenýetiniň döremeginiň merkezi görkezilen tertorýanyň günbatar bölegi bolup durýar. 400-ýylyň dowamynda zarubiniski taýpalary ýeke-täk we köp ilatly Podneprowiýanyň we Polesiýanyň ilaty bolup hasap edilipdir. Olar Gündogar Ýewropanyň gadymy slawýanlaryň ýeri meýdany diýlip hasaplanýar. Bu medenýete proslawýan medenýetiniň bir topar däleri siňdirlipdir. Zorubiniskiý medenýetiniň obalary derýalaryň kenarlarynda ýerleşipdirler. Adamlary göni burçly ýerzeminlerde (mazanha) ýaşapdyrlar.

Biziň eramyzyň başyndan esasy ýasalýan ýasalýan jaýlar göniburçly ýarym ýer kümeler bolupdyr. Olaryň

meýdany 10-15 $m^2$, iki gatly üçekli, ojakly we peçli. Bu ýaşaýyş jaýlar görnişi Şlawýan taýpalarynyň orta asyra çenli saklanyp galypdyr. Hojalygyň esasy maldarçylyk we kätmen daýhançylygy bolupdyr. Sygyrlary, atlary (ýabylary), goýunlary we doňuzlary köpeldipdirler.

Orta Podneprowiýanyň raýonlarynda taryhy hadysalaryň synpy toparlaryň düzilmegine detirdi. Bu proses şol slawýan teritoeýasy bilen bagly we Rus ýa-da Rus topragy adyny entek Döwletiň döremedik wagty aldy. Köp derňewçileriň derňemegine görä rus topragy Dnepriň, rosiniň, Týasminiň akymynyň Trubeçowska çenli demirgazyk gündogar teritorýalaryny eýeläpdir. Bu ýerde onlarça obalaryň I müňýyllygynda b.e. III çärýeginde belli bolupdyr. Bu teritorýalrda bir topar hazynalar taplypdyr. Bu teritorýada Pasbyr şäheri bar eken. VII-VIII asyrlarda. Ýenede Hatemen Algedir we Gnilopýat. Bu şäherlerde şäher sypatynda biton gurluşyklar we dürli senetçiligiň galyndylary tapylandyr. Zergärçilik, küzegärçilik we demir ussaçylyk ýaly kärler IX asyryň başlarynda rus taýpa birleşmesiniň bazasynda slawýan taýpalarynyň dreweýanlaryň, dregowiçleriň radimiçleriň we bölekleýin demirgazyk kriwiçleriň esasynda täze hilli döreme-gadymyrus döwleti dörýär. Gadymy rus döwleti hopasyrly, taryhy gündogar slawýanlaryň ösişi esasynda döredi.

Rosow- polýan taýpa birleşmeleri onuň esasyny tutdy. Bu oturumly medenýetiniň esasy bellisi Çapliniskoýe şäheri Depirde Ranewanyň golaýynda we gomilonyň eteginde. Çipliniskoýe şäherinide ddemir paltalar oraklar, bugdaý, däne geçirjiler ýaýlaň ujuna geýdirjiler, balyk tutyjy gaňyrçaklar, köp şaý- sepler we palçykdan gaplar tapylypdyr. Esasy bu medenýetiň häsýetlendirmesi “Jaýlanan urnaly meýdan” bolupdyr. Bu dääp posalawýanlarada belli bolupdyr, çäklerde bolsa ol hökimsüriji bolupdyr. Kiýewiň golaýynda hem iki sany uly şunuň ýaly gabyrlar tapylypdyr, zarubiniski we korçewatonski. Gazuw-agtaryş işlerinde ýakylan synplar we

palçykdan ýasalan gaplar tapylypdyr. Ýenede demir pyçaklar, bürinç temençeler, ýaýlaryň we naýzalaryň ujy tapylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen zarubiniski medenýeti demirgazyk tarapa süýşipdirler. Ol ýerlerde goňşy balty atly taýpalar ýaşapdyrlar. Olar öz medenýetiniň elementlerini hem getiripdirler, birinji bilen demir enjamlary.

Demir öndermekde zarubeneskuý taýpalary ýokary derejede ýerine çýetiripdirler. Demir magdanlary batgalykdan alnypdyr.

B.e. II-III asyrlarynda ilki slawýanlaryň taýpalarynyň arasynda ähmiýetli üýtgeşmeler bolup geçýär. Bu üýtgeşmeler slawýan teritorýasynyň giňelmegi bilen we boltlaryň we beýleki halklaryň tertorýasyna geçmegi bilen baglydyr. Bir tarpdan slawýanlar günortanyň syýasatynyň we medenýetiniň täsirine sezewar boldylar, sormatlaryň we gotow taýpalarynyň serhet göçmeleriniň elmydama üýtgemegi we Rim impeýasyna worwarlaryň çozmagy sebäp bolýar. Häli şindi göçmeler zaruleniski medenýetini III asyryň başynda ýokary Dnepra Desna tarapa sarubiniski taýpalarynyň gysylyp çykaryldy. Aşaky we orta Podneproberýada, günorta Bugida we Dnestroda Gara deňze çenli täze bir Çernýakowiskaýa diýen medenýet ornaşdy. Çernekowiskiý medenýetiniň esasy arhelogik ýadygärliklere bolup açyk görnişli obalary bolup durýar, täze döwirli obalar we gabyrlar. Çernekowiskiý medenýetli taýpalaryň arasynda emläkdeňsizligi we synpytoparlar prosesi üşmesi ýüze çykdy. Teňňeleriň köpelmegi içki we daşarky söwda aragatnaşyklaryň we senetçiligiň ösmegini görkezýär. Bu cernokowsylaryň ekonmik we social durmuşynyň ýokary derjededigni subut edýär. Çernýakowskiý medeniýeti özüniň bolmagyny biziň eramyzyň VI asyryň ahyrlarynda bes etdi. Onuň ýitmegi “halklaryň uly göçüşi” sebäp boldy. Biziň eramyzyň 375-nji ýylynda gunlylar Dona geçip, gysga wagtda çernýakowskiý obalaryny ýakdylar we derbi dagyn etdiler.

b.e I müňýyllygynň üçünji çärýeginde zarubineskiý medeniýetiniň slawýan nesilleri öz teritoriýalaryny giňeldip dowam etdirdiler. Ýokary Dnepriň demirgazygyna tarap, günbatar Rwunyň howuzyna tarap, Ilşen kölüne tarap, Çudskiýn kölüne, Podneproriýanyň territoriýasy we Wolga-Oksk howuzynyň bölegi hem özleşdirildi. Ýöne täze slawýanlaryň özleşdirilen ýerlerinde köne baltika we Finno-ugorsk ilaty saklanyp galypdyr. Tokaý sährälyk zolagynda slawýanlaryň hazynasy tapylan, ol gündogar slawýanlaryň özboluşly medniýetiniň ösendigine şaýatlyk edýär we emläk deňsizligininiň güýçli ösendigini aýdýar. Martynowlue obanyň golaýynda hazyna tapylypdyr. Bu hazyna VI asyra degişli bolup onuň içinden ýabylaryň şekilleri, altyn toýnakly we kümüş şekilli sakgally erkek adamlaryň adaty slawýan nagyşly köýnekli şekili tapylan.

VII asyra degişli ýene bir baý hazynlaryň birine pereşeninskiý diýip atlandyrylýar. Ol Preşenino obasynda Poltawşinoda tapylan. Hazyna gymmat Wizantiýa gap-çanaklardan bolup, 25 kg altyn we 50 kg kümüşden bolupdyr. Bu hazyna bir serkerdäniň hususylygy bolandyr. Ol bütinleý Wizantiýanyň we Eýranyň zatlarynda ybarat. Wizantiýa edilen ýörişlerde alnanlara meňzeýär. Uly kümüş gabynda latyn ýazgylary bolup, onuň  ýepiskop Konstantina degişlidigini subut edýär. Bu slawýan hazynlar VIII asyra degişlidir. B hazynalaryň tapylmagy harby howlulygynyň bolandygyny sebäp bolýar. II ýarymýyllygyň b.e I müňýyllygynň ortalarynda gadymy slawýanlaryň göçürilmegi netijesinde bortlaryň teritoriýasynda we ilkidurmuş gurluşynyň dargamagy täze territorial syýasy birleşmeleriň özboluşly feodal gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna getirdi. Gündogar slawýan birleşmeleriniň belli bir döreýşidigi gadymy rus ýyl ýazgysynda “Öten ýyllar hakynda hekaýa” ýatlanylýar. Bu täze birleşmeler taýpalryň baştutanlarynyň atlary bilrn atlandyrylýar. Bu birleşmeleriň içinden öz dilleri we dialektler

medeniýetleri düzülýär. Dnepriň ýokarlygynda şol wagtlar slawýanlaryň köp sanly birleşmeleri slawýan taýpalary döreýär. Olara kriwyçeý diýilýär. Kriwiçiler Pridneprowýanyň ýokarlygyna, şo taýda ýaşaaýan boltlary ýoklap gelipdirler. Kriwiçler bilen baglanyşykly däp-uzyn gurganly jaýlamak bolupdyr.

Şol wagtyň özünde beýleki slawýan taýpalryň we birleşmeleriň anyk döremegi boldy. Okada, Donuň ýokarlygynda Ugra ugrunda gadymy wýatiçiler ýaşapdyrlar. Olaryň ýerlerinde özboluşly görnüşli gorganlar ýaýrandyr: uzyn agaç haýat galyndyly içgi. Şol haýatlara ýakylan ölüleriň külleri ýerleşipdir. Nemanyň ýokarlygynda we Gerezina boýunça batgalykda Polesýede dregowiçler ýaşapdyrlar.

Desnanyň aşaklygynda Seýma boýunça uly meýdany tutup demirgazyklylar göçüp ýerleşipdir. Günorta-Günbatardan, günorta buga boýunça tiwersler we uliçler ýaşapdyrlar. Slawýan teritoriýasynyň demirgazygynda Ladegau Wolkowa boýnça slawenler ýaşapdyrlar. Taýpa birleşmelriniň köpüsi esasanam demirgazyklylar Kiýew russianyň döremeginden hem soň galmagy makul bilipdirler, sebäbi ilkidurmuş gatnaşyklaryň dargamagy örän haýal geçipdir.

Bu taýpalaryň arasyndaky tapawutlar diňe bir mazar depeleri bilen tapawutlanmandyr. Arheologlaryň bellemgine görä çekge halkalaryň slawýan aýallarynda duş gelmegi, aýal şaý-sepleriniň saçlaryna örülmegi slawýan taýpalaryň her territoriýalaryndan üýtgeşik gelinýär. Çekge halkalary boýunça witýaçleriň, kriwiçleriň, polýanlaryň demirgazyklaryň taýpa birleşmelerini tapawutlandyryp öwrenip bolýar.

b.e I müňýyllygynyň II ýarymýyllygynda slawýanlaryň günorta tarapa giňelmegi orta Podneprowiýe we derýa aralygyna Dnepre we Dona, Alona-Worlamskiý, teperkskiý taýpalarynyň we çernýakowskiý medeniýetini göterijilerine tarap giňelmegi gözegçilik edilipdir. Bu tarapa

gelen taýpalar täze territoriýany özleşdirip we VIII-X asyrlarda çep kenar Dnepriň we Derýaaralygynyň orta akymynyň Dnepriň we Ýokary Donuň Romensko Berçenskiý medeniýetini özleşdirdiler.

Bu medeniýetiň esasy ýadygärlikleriniň biri hem Nowatroiskiý şäheri r.Psel we bbyrşewskoýe şäheri. Adamlary ýarym küme agaç diwarly jaýlarda ýaşapdyrlar. Jaýlaryň içinde peçler gurlupdyr. Ýaşaýyş jaýlarynyň töwreginde bugdaý däne üçin çukurlar gazylypdyr. Öndüriji güýjüniň ösmegi we derejesi aýry territorial böleklerinde birmeňzeş bolmandyr. Tokaý sähralygynda we sähraykda ýaşaýan slawýan taýpalary biziň eramyzyň I müňünji ýyllygyna ýer sürme önümçiligi giňden ulanylypdyr. Olary esasy ähl;i däne bakjam önümleri belli bolupdyr. Täze hojalyk tehnikasy ozal täze ýere bolan gyzyklanma döretdi. Gadymy rus döw;etiniň döremegine çuňňur taryhy şertleri sebäp boldy: birinji bilen beýleki slawýan ýerlerinden aýratyn örän ir umumy hojalygyň ösmegi-ozal ekerançylygy we öý maldarçylygy, ikinjiden öňsen senetçiligi. Üçünjiden eýýäm ýüzlerçe ýyllar taýpa birleşmeleriniň bolmagy we bir diliň medeniýetiň, emläk we sosial deňsizligiň ösmegi. Dördünjiden haýyrly geografiki ýerleşişiniň kiýewiň polýan-rosan taýpalarynyň Dneprdäki merkezi. Bäşinjiden şol döwrüň ahylarynda feodal synpynyň düzülmegi we merkezleşdirilen häkimiň bolünmegi. Altynjydan hemişelik howpuň göçme halklaryň tarapyndan bolmagy. Bularyň hemmesi Kiýewde merkezi bolan gadymy rus döwletiniň döremegine getirdi. Şonuň bilen taýpa birleşmekleriniň döwri VI-VII asyrlarda tamam  boldy. Kiýew rossiýanyň döredildi we onuň hataryna tokaý sährалyk zonalaryň köplügi girdi. Arheologik materiallar boýunça bize gözegçilik etmäge mümkinçilik döredýär. Feodal synplarynyň we rus knýazlarynyň dörändigini bu proses Kiýew rusynyň döremeginden öň hem başlanypdy we gutarmandy. Birnäçe ýerlerde gorgan družinnikleriillerine we harby feodal barlylara

IX-X asyrlarda udş gelinýär,. Olar beýleki ilatlaryň jaýlanylyşyndan tapuwtlanýarlar. Smolenşinadaky çernigowşinadaky ýaroslawlylaryň we kiýewdäki hurgan družinnikleri has gowy öwrenilendir. Olaryň içinde iň gyzkyly gorganlylar, smolenskiniň golaýyndaky gnezdawada ýerleşýändir. Mazarlyk äpet meýdanu tutýar. Ol ýerde 3000 gorgan ýerleşendir. Köp gorganlar uly däl, 1 metr uzynlygynda olaryň içinde 10 metr tapawutlanýar. Gorganyň düýbünde ýakylan oduň galyndysy onda knýaz öz ýaraglary we birnäçe aýallary bilen ýakylypdyr. Galyndylarda demir gylyçlary we şlemler galypdyr. Onuň golaýynda knýazyň aty hem jaýlanypdyr. Synopy jemgyýetçiliginiň döremek eýýamynda ýazuw hem döräpdir. X asyrda rus ýazuwynyň tpaylmagy uly gyzyklanma döredýär. Gorgan držuinnikleri we feodal beggleri bilen bilelikde gadymy rus gorganlary we krestýan obşinasy bellidir. Olar gadymy russiýanyň ähli ýrinde ýerleşendir. Köp gorganlar IX-X asyr jeset ýakyşyň gal;yndysyny görkezýärler. Hristian diniň täsiri esasynda bu däp ýuwaş ýuwaşdan ýok bolup başlady. Ilki şäherlerde soňra obalarda jaýlanma däbi Russiýada birmeňzeş boldy. Ýöne aýal şaý-sepleriniň kümüşden we bürünçden saýlanyşy üýtgeşikdi. Feodal gatnaşyklarynyň düzülmegi we ösmegi döwründe ilatyň ýaşaýşy ýerlerini iki hili bolýar: oba ilatynyň ýaşabýan ýeri we berkidilen mülkler feodal gal;asy tapylypdyr. Şol feodal we knýazlyk köşgi XI asyrda akademik B.A. Rybakowyň tarapyndan gazylan we öwrenilendir. Lýubeçedäki II ýarymýyllyk XI asyrda dörän gala depede ýerleşendir we onuň näçe jaýlarynyň gatlaklarynyň bolandygy anyklanandyr. Galalryň diwarlary feodallary daşky duşmanlardan öz hristianlaryndan we goňşy feodallardan gorapdyrlar. Her bir şunuň ýaly hojalyk özboluşly kiçijik döwleti emele getiripdir. Boýarskiý galasy öz kiçijik döwletiniň paýtagty bolupdyr

## Irki demir asyry

b.e.öň I müňýyllygyň başynda SSSR-iň territoriýasynda ýaşaýan halklar esasanam gadymy halklar ilkidurmuş obşina gurluşynyň soňky basgançagyna ýetipdirler. F.Engels şeýle belläp geçýär: demir eretmekden başlanýar, ýagny demi magdanyny eretmek bolup geçýär, ýagny demir gylyjyň, azalyň we demir paltanyň döwri diýip at dakdy. Arheologiýada oňa “demir asyry” diýip at dakdylar. Demre häzirki zaman kämil swilizasiýanyň ykdysadyýetiniň düýbi diýip at berýärler. Bürünçden demre geçmek iki-üç ýüzýyllygyň içinde bolup geçdi. Bir halklarda demir b.e.öňki X asyrda beýleki halklarda VII-VI asyrlarda ulanylýardy. B.e.öňki VIII-VII asyrlarda günorta russiýanyň sähralarynda ýaşaýan halklarda Ukrainada, kawkazda, Orta Aziýada, Sibirde, Uzak gündogar halklarda demri özleşdirildi. Ýöne şondan öňem demriň bardygy şol halklara aýandy. Ol metal olara tanyşdy.

Aýry ýurtdaky halklar eýýäm b.e.öňki II-III müňýyllykda demkirden habarlydylar.

Demirden ýasalan zatlar Gadymy Gündogar ýurtlarynda, ýegipetde we mesopotamiýada b.e. öňki II müňýyllygyň başynda demri ýasap ulanyp bilenokdylar. Demir örän gymmat zatdy. Şonuň üçinem ol gymmat bahaly zatlary ýasamak üçin ulanylýardy. Müsürde Tutanhamonyň guburyndan gzyyldan , demirden ýasaaln zatlary tapdylar. Adamazat şol döwürde arassa demri ulanýardy.

Arassa denmir tebigatda duş gelmeýärdi, edil gyzyl bilen kümşüň gabat gelşi ýaly ol birleşikde gabat gelýär. Ýagny ol kislorod bilen oks görnüşinde we reňki sary ýakymsyz reňkde onuň içki gurluşy ýumşak we pytraýan görnüşde bolýar. Şonuň üçin demir çykarm,ak misden kyn düşýärdi.

Ýöne demriň metallurgiýasy misiň we bürünjiň sisitemasy boýunça ýöredilýärdi. Adam mis bilen olwiýany

gözläp ýörkä demri tapypdyr. Ýöne mis çykarmagyň ýollary demir üçin bolanokdy. Demir gatylygy we berkligi boýunça misi eretmekden gaty uly temperatura gerekdi. Demir almak örän kyn ýol we örän köp zähmet talap edýärdi. Demir gadymy ýeriň aşagynda suwuň ýada batganyň içinde sataşýar. Ony başda arassalap ýuwýarlar, uly bölekleriniň kiçi böleklere bölýärdiler. Soňra ony açyk otda ýakaýrdylar. Soňra ony peçlere goýýardylar. Peçler slindr görnüşinde bolýardy. Pejiň aşakybölegi agaç bilen doldurylýardy. Soňra şol odun ýakylýardy. Ýokarky bölekde şol demir magdany goýýardylar. Temperaturany deriden ýasalan Meha bilen howa kowup galdyrýardylar. Howa geçirmek üçin pejiň aşaky böleginde toýundan edilen turba görnüşli howa ýoly bardy. Şeýle temperaaturany $900^0$ – a çykarýardylar. Emma şol temperaturada demir ergin hala geçmerýärdi. Demir $1530^0$ – da erýän metal. Emma şol temperaturany gadymy metallurglar alyp bilmeýärdiler.

Şonuň netijesinde pejiň düýbünde krisi diýilýän bir massa galýardy. Ony köp gezek gzygyn görnüşde ýenjip-ýenjip demir metaly alaýrdylar. Şol ýol bilen demir almak syradutnym ýol bilen almak. Şol ady XIX asyrda dakdylar. Şonda öý peçleriň içine howa kowup şol howanyň kömegi bilen belent temperaturany alyp bilýärdiler.

Demir adamzadyň taryhynda uly rol oýnady. Ol adamy zähmetini ýokary galdyrdy we hakyky tehniki rewalýutsiýa döretdi.

Hünärmentçilikde we ekerançylykda demriň orny uly boldy.demriň kömegi bilen uly meýdanlarda ýer sürmäge mümkinçilik boldy. Tiokaýlary aýryp ol ýerleri ekerançylyga ýaramly ýerler etmäge rugsat berdi. “ Demir “ hünärmentçä şeýle bir gural berdi. Hiç bir daşyň hiç bir metalyň şonuň ýaly mümkinçiligi ýokdy.” Diýip F.Engels belläp geçýär. Agaç,deri, süňk we dürli metallar bilen işlemek demir gurallar ýüze çykanda, bürünç asyryna garňda uly öňegidişlik boldy. Demir

çykandan soň ikinji zähmet bölünişigi boldy. Ýagny ekerançylyk bilen hünärmentçilik ýaratyn boldy. Jemgyýetde zähmet bölünende alyş-çalyş başlandy. Aýratyn adamlaryň elinde baýlyk dörap başlady.

Bürünç asyrynyň guburhanalarynda gymmatbahaly zaätlar ýüzük we beýleki zaätlardy. Bürünç asyrynda zähmet gurallary bir adamyň elinde jemlenmändir. Ol zatlar jemgyýetiňki umumydy. Wagtyň geçmegi bilen umumumylyk dagaýady. Sebäbi aýratyn admlaryň elide baýlyk düşýärdi. Umumylygyň dargamagy haýallyk bilen uzak wagtyň dowamynda boldy.

Başda maşgala aýratyn jaýa ýaşamaga geçdi. Soňera ol birnäçe hojalyk işleri özi alyp baryp başlady. Ol jemgyýetiň zatlaryny özüne aldy. Mysakl üçin öň jemgyýetden et alýan bolsa indi jemgyýetiň sürüsinden haýwanlar alýardy.

Meýdanlarda aýratyn maşgaklalara ýer bölüp beridiler. Şol ýölüp bermekleri ekin seretnmegi we hasyllylygy artdyrmak üçindi, ýöne soň hemme işler şol ýerlerde şol maşagalalara tabşyryldy. Şonuň ýaly hojalykklar maşgalanyň agzalarynyň zähmetiniň netijesinde alnyp barylýardy. Ýa bolkmasa birnäçe adamlaryň, ýagny gullaryň zähmeti ulanylýardy. Zähmetiň ösüşi bilen gullaryň zähmetini ulanyp başladylar.

Şol öz elinde uly býaýlyk ýygnan maşgalalar jemgyýetden çykjak bolýardylar we olar jemgyýetiň üstünde durjak bolýardylar. Garyp hojalyklar basym baý maşgalalara garaşly boldylar. Jemgyýetiň kanunlarynyň başynda ýer maşglaňky dälde ýerler jemgyýetiňkidi, ýöne ýerem haýallyk bilen maşgalalaryňp eýeçiligine geçiňp başlady. Başda şertli eýeçiligine soňra bolsa şertsiz hereketsiz boldy.

Soňra uly baý hojalyklar ýerleri basyp alyp başladylar. Maldarçylyk bilen meşgullanýan jemgyýetde olaryň jemgyýetio dargaýardy. Dar maşgala ýerçiligine geçýärdi. Diňe mallar alynman otly meýdanlaram baýklaryň eline geçýärdi.

Demir asyrynyň baş uly aýratynlygy jemgyýet gerek dälde indi hojalyklar aýratyun ýagny gatlak emele geldi. Hususy eýeçiliginiň netijesinde adamy-adamy ezmegiň görmüşi başlaýar. Ýagny gulçulyk formasy emele gelýär. Indi ykdysady tarapdan deňsizlik ýüze çykýar. Jemgyýetiň bir bölegi beýleki bölegine boýun egýär. Şonuň netijesibnde synplar ýüze çykýar. Şondan soň ilkidurmuş jemgyýeti dargaýar. Jemgyýetiň syýasy tarapyndan harby demokratiýa alyp barýardy. Sebäbi zähmet bölününde alyş-çalyş başlandy. Aýratyn baýlyk döredilende we gulçulyk başlananda uruş diýilýän zat uly rol oýnap başlady.

Kesekiniň zähmetiniň netijesinde miwelri bir alyş-çalyş bilen dälde talanmak bilen köpelýär. Birnäçe taýpalarda uruş diýilýän zat olaryň jemgyýetde ýaşaýyş formasy bolup başlaýar. Ilkidurmuş jemgyýetinde umumy taýpanyň ýerine döwlete ýerini döwlete berýär, ýagny döwlet emele gelýär. Döwletiň emele gelmegi synp aragatnaşygyny tamamlaýar. Şeýdip, demir asyrynda ilkidurmuş jemgyýeti dargaýar. Zähmet bölünişigi jemgyýeti synplara bşlünişigi ilkidumuş jemgyýetçilik gurluşynyň içinden böwsüp çykypdyr. Ol döwlet bilen ýalyşylýar. Zähmet bşlünişigi taýpalaryň arasynda ykdysady gatnaşyklary başlaýar. Tyaýpalar özüni goramak ýada basyp almak üçin jemgyýetde harby bileleşikler döredýärler. Käbir taýpalkarda dili bir bolsa etnosy bir bolsa onda şol bileleşikler ýagny harby bileleşikler örän güýçli bolupdyr.

Şeýlelikde döredilýän bileleşiklerde iň uly taýpalryň dilinde gepläp başlaýatrlar. Şu dil ýuwaşlyk bilen döredilýän halkyň dili bolp ýüze çykýar.

Şeýdip, b.e.öňki I müňýyllykda Zakawkaziýada ermeni, gruzinlerriň orta aziýda täjikleriň halklary döredilipdir.

Halkyýet-diýmek etnos tarapyndan admalaryň umumylygy bir territoriýa bilen bir dil we medeniýet bilen şol umumylyk, umumy taýpa aragtnaşygynda däl welin syýasy we

ykdysady gatnaşyklarda dur, şol gatnaşyklar synp gatnaşyga degişli.

Halkyýet diýen zat milletiň öňünde duran zat.

B.e.öňki I müňýyllykda we b.eramyza çenli demir asyrynda ukrainanyň, powolžýäniň, priuralýanyň, kazagystanyň we günorta sibiriň sähralarynda skif-sibior dünýä medniýetleri döredilýär. Şol medeniýetiň birnäçe halkjlarynyň ady belli. Bu skifler, sarmatlar, gunlar başga bir taýpalaryň maddy we ruhy ýadygärlikleri boýunça belli.

Irki demir asyrynda şol uly territoriýada döredýän maddy zatlary boýunça medeniýeti boýunça etnosy boýunça Ýewropa jeynsyna ýakyn. Irki demir asyrynyň gadymy taýpalrynyň we halklarynyň beýik medeniýeti döredilýärdi we ösdürilýärdi. Şol gadymy halklar günbatar gresiýda we rim bilen gündogar persiýa ýaly döwletler bilen medeni we syýasy ýakyn aragatnaşyklary alyp barypdyr. Bu diýildigi güýçli döwletler bilen güýçli gatnaşyklar alyp barypdyrlar.

## Irki demir asyry Dünýäniň Ýewropa böleginde

GDA-nyň territoriýasynda synpy jemgyýetde gadymy döwletler Gara deňziniň GD kenar ýakalarynda b.e.öň I müňýyllykda ösüp başlady. Gara deňziniň GD kenar ýakalarynda ol taryhy döwürede skif taýpalary güýçli birleşýärler. Şu ýerde b.e.öňki I müňýyllygyň II ýarymynda skif patyşalygy döredilýär. Bu patyşalyk halklaryň taryhynda uly rol oýnaýar. Gara deňziniň demirgazyk kenarynda ýaşaýan bize belli halklardan kişmeriler boldy. Olary skifler Kiçi Aziýa göçüp gitmäge mejbur etdiler. B.eöňki V asyryň ortasynda skifiýa diýilýän ýurt dunaý deryasynyň aşaklaryndan dobn deýasynyň deňze guýýan ýerine çenli aralykda bolupdyr.

Ýöne skif diýilýän söz bilen antiki awtorlar diňe bir skifiýanyň ýaşaýjylary däl eýsem beýleki günorta gündogar ýewropada ýaşaýan we göçüp gonup ýören halklar olardanam gündogar taraopda ýaşaýan halklara diýilýärdi. Şeýdip biz hakyky skifleri we antiki awtorlaryň skif diýip at dakýan halklarynyň tapaudyny builmeli arheologik tapyndylar boýunça Gra deňziniň demirgazyk kenarlaeryndaky medeniýeti b.e.öňki VII-VI asyrlarda degişli edilýär.

Kimmeristleriň ýaşaýan territoriýasy barada Geradot hem birnäçe maglumatlar berýär. Olaryň ilkinji ýaşaýan ýeri kerç we Tamau ýarym adalarydy. Kiçi aziýa we Alynky Aziýa kimmerileriň talaňçylyk bilen gelip gidýän ýerlerini bilýäris. Şol territoriýadan degişli b.e.öňki I müňýyllyga gedişli arheologik ýadygärlikler öwrenilmändir. Şonuň üçin entek belli däl, ýagny kimmeristleri haýsy arheologik komplekse degişlidigi belli däl.

Kimmeristler döreden medniýeti we onuň ösüşi hemde skifleriň medeniýetleri ösüşiniň soraglary meňzeş. Şonuň üçin alymlaryň arasynda her hili pikirler bar. Skiflere mongollar, biri türk tatarlar birem arinler, birem slawýanlaryň ata-babalary diýýärdiler. Käbir güýçli alymlart skifleriň aziýdan çykan diýip we eýran milletiniň halkyýeti diýip hasaba alýarlar.

Ýöne köp arheologik materiallara seredip adamlar skifleri Dondan we Wolgadan gelen halklar diýip çaklaýarlar.

Srybnoý medeniýeti degişli taýpalar günorta günbatar tarapynda gelmegi örän ir wagtda başlady we ýuwaşlyk bilen geçýärdi. Mümkin birnäçe tolkun bilen geçendir. Wolgadan we Dondan gelen taýpalar kimmeristklari derbi-dagyn etdiler. Köp bölegini kowupdyrlar. Beýlekilerem assimilýasiýa edilipdir. Ýagny öz aralarynda paýlaşypdyrlar we olar dilini ýitiripdirler.

Şeýdip, b.e.öňki VII-VI asyrda skifleriň taýpa birleşigi döredilýär. Döwletiň birnäçe alamatlary bolan birleşik döredilýär. Şeýle pikir bar; skifleriň medeniýeti Gara deňziniňp gündogar kenarlarynda taýýar ýagdaýynda ýetirilipdir. Ýöne hakykatda gara deňziniň demirgazyk kenaryndaky skifleriň medeniýeti gelen we ýerli halklarynyň medeniýetleriniň garyşmagynda döredilýär. Gürrüňsiz kimmeristleriň kowulmagy we skifleriň medeniýetleriniň döredilmegi birbada däldi.

Şeýle pikir bar: skifler boilen garyşmadyk kimmeristleriň halkynyň galan böleginiň ady tabrydy. Krym ýarym adasynyň dag ýerlerinde ýaşaýan halklardy. Soň şol halkyň ady boýunça kryma Tawriýa ýarym ada diýýärdiler. Skifler maldarlardy. Şonuň üçin olar uly mal sürüleri iým tapmak üçin bir otly meýdandan beýleki otly meýdana geçýärdiler. Özem hemişe şeýledi. Şu skifleriň hojalygynyň şertli belligidi. Şonuň üçin olaryň ýaşaýyş jaýlary tihirlariň üstündedi.(kibitka) Gadymy awtorlaryň köpüsinde skifleriň göçýändigi ýazylýardy.

Olaryň iýmiti süýt we etdi. Mundan başga olaryň atlaryň süýdünden peýnir ýasaýardylar. Olar sogan näme, sarymsak näme dary näme bilýardiler. Gürrüňsiz arpada, bugdaýam ekilýärdi. Sebäbi olar dnepr derýasynyň boýundaky belli ösümlikdi. Ýer öküz güýji bilen azal bilen sürülýärdi.

Skif ýer sürüjileri barada arheologiki maglkumatlar az. Skif oraklary barada biz Kamonskiý şäherjiginde gazuw işler geçirilende seredeňde orak bardygyny bilýäris. Ýöne oraklar skifleriň Kurganlaryndan hem tapylýardy. Şondan başgada birnäçe jaýlamalarda we şäherjiklerde soňky tapylýar. B.e.öňki V-IV asyrlarda skifler ýapyk görnüşli gözlegler başlaýar. Şonuň ýaly ýaşaýyş ýeri Zaporažki oblastynyň komenko obasynyň ýanynda tapylýar. Şol ýer B.N.Garakowyň gazuw-agtaryş işleri boýunça onuň umumy meýdany 12 $km^2$ tutuş meýdany ýer bilen galdyrylan diwaryň galyňlygy 11 m, beýikligi hem 11 m. Diwaryň öňünde ýagny çukur gazym gazypdyrlar. Ýaşaýyş ýerde berk okropal diýen ýer bar. Ýagny Hramm metallurgiýdan başgada süňki haşamlamak toýundan zatlar ýasalypdyr. Mundan başgada olar mata çykarypdyrlar. Hünärmenler ýeriň üstünde ýer kümelerdede ýaşaýardyklar. Jaý köp otaglydy. Iki sany ýaşaýyş jaýda ojagyň yzy bar.

Akraploda skifleriň oristrakraflary ýaşaýardy. Olaryň jaýy tapawutlanýardy. Orta Dnepirde tokaý sähra Pobužýadea Buk derýanyň boýunda ýene birnäçe ýaşaýyşyň bolan ýeri belli. Olar uly däl derýlaryň içinde Motronskýa şäherjigi Nemiroskýa şäherjigi Buk derýasynyň baseýininde we Beliskoýe (44 $km^2$). Şolaryň ullakandygyny näme aňladýar. Şonuň içinde ýaşaýan adamlar kändi. Dogudanam köp ilata beter uly diwar gurulyp bilinmezdi. Şonuň ýaly diwary gurmak üçin köp adam gerek bolýar.

Belskaýa şäherligine göçip gidýän bardy. Ýöne hemişe ýaşamak bardy. Ýöne olaryň hemmesi hemişelik ýaşanokdy. Şäherjigiň ilaty her hili kär bilen meşgullanýardy. Olaryň köp mata çykarýanyny tapylýan mata çykarýan gurallardan hem aýdyň görinýär. Mundan başga olar süňk, şah, daş we agaç haşamlaýardylar.

Beliskaýa şäherjiginden mis we demir magdanlaryň galyndylary, ýagny gerekmejek artykmaç

galyndylary tapyldy. Skifleriň medenýetiniň ýagty ýadygärlikleri patşalaryň Kurganlarydyr. Şolardan biz Gara deňziniň demirgazyk kenarlarynda skif patyşlarynyň jaýlanyş usuly barada maglumat alyp bilýäris. Şol kurganlaryň içinde iki sany belli kurganlar Soloka we çertomliksiý karganlarydyr. Beýleki kurganlar eýýäm gadymy döwirde talnan kurganlardyr.

Soloka diýen kurganda N.I. Weselowskiý (1912-1913 ý) köp işler bitirdi. Ol kurgan Nikopol şäherinden 15 km günorta tarapda ýerleşýär. Ýagny Uly Zanmenko obasynyň ýanynda ýerleşýär. Bu kurganyň beýikligi 18 metr Soloko kurgany özinde iki sany gabyr saklaýardy. Merkezi gabyr guýy formasynda bolup gapdallarynda iki sany kamera bardy. Ýöne ol eýýam gurulan döwrinde talanan eken. Diňe atlaryň gabyryna degilmändir. Ol ýerde iki sany atyň skleti bar. Olar gyzyl bilen bezelen. Ikinji gabyr edil birinji gabyr ýaly guýy şekilli bolupdyr. Guýudan uzyn karidol kamera tarap barýardy. Kamerada adamlar üçin üç sany tagça bar. Şolaryň üçisiniň birinde patşa ýatan eken. Ol ýerde geometriki dogry şekiller we haýwan şekiljikleri bar. Olar patşanyň üstinde ýatan eken. Patşanyň sag tarapynda gylyç ýatan eken. Gylyç gyzyldan edilen zadyň üstinde ýatan eken. Onuň hem üstinde haýwan şekiljikleri bar. Gylyjyň sapy hem gyzyl bilen owadanlanan eken. Onuň sapynda haýwanlaryň we guşlaryň figuralaryoňat edip şekillendirilipdir. Ýene-de sg tarapynda patşanyň elinde edil boýuna dakylýan zat bolup, onuň soňy iki sany arslanyň kellesiniň ýanynda bürünçden ýasalan baş gaby hem bar. Mundan başga edil şol ýerde gyzyldan ýasalan darak hem ýerleşdirlipdir. Daragyň üstinde iki sany uruşýan skif esgerleriniň şekili bar. Ýene sag elinde alty kelleli şalar hasasy bar. Ol patyşanyň häkiýetiniň belligi bolmagy mümkin. Şol ýerde alty sany grek ussalaryň ýasan kümüşden gaplary bar. Birnäçe gaplaryň üstinde aw pusatlary şekillendirlen. Şolgaplaryň ýanynda bir jam bar. Ol jam gyzyl bilen owadanlanan. Diwaryň içinde ýörite ýasalan tagçalarda

bürünçden ýasalan gurallar bar. Içinde atlaryň, goýunlaryň süňkleri bar eken. Beýleki tagçada 10 sany grek küýze amforolary bardy. Olarda çakyr ýa-da ýag bolanbolmagy mümkin. Şol tapylan zataryň içinde iň belli zatlar gyzyl darak we üç uruşýan skif urşujylarybar. Kompazidsiýa ajaýyp ýasalyşy şeýle owadan. Dünýädäki belli ýuwilirler şolar ýaly ýasap bilmediler. Onuň agramy 294 gram. Bu gadymy grekleriň sungatynyň saklygydyr.

Nikopol şäheriniň ýanynda 60-njy ýyllarda çertomlik Kurganyňda uly işler alnyp baryldy. Onuň beýikligi 20 metr giňligi 350 metr. Arhelogik Zabelin Iwan Ýegorowiç Kurganyň orta bilinden daşdan ýasalan gümmez (sokul) ýerleşdirlipdir. Gümmeziň aşagynda çuň şahta bar eken. Şahtanyň dört burçunda dört kamra bar eken. Şonuň birinden ýeriň içindäki uly jaýlara geçelge bar eken. Diwarlarda zat goýmak üçin ýerler bar eken. Patyşanyň gabyry talanan. Diňe bürünçden ýasalan gazan bilen haýwan süňkleri bar eken we gizlin ýerde goýlan zatlar hem bar eken. Şolaryň içinde iň belli zatlaryň biri gyzyldan ýasalan pyýala käsedir we gylyçlaryň saplary we gyzyl gyzyl bilen owadanlanan gynlary bar eken. Merkezi jaýa geçýän bir ýer bar eken. Merkezi jaýda bir kamerada ýa aýal patyşa ýa-da onuň gowy görýän duky we ony goraýan goragçy hem jaýlanandyr. Şol ýerde kümüşden ýasalan uly çakyr üçin niýetlenen gap amfora duran eken. Ol gabyň üstinde ösimlik we guşlaryň şekilleri şekillendiripdirler. Haýwanlaryň bir-biri bilen göreşi şekillendirlen. Ol görelýefniý fuz bilen şekillendirlen. Bu ýerde-de solokyň kurgany ýaly atlaryň gabyry bar eken. Dördisinde gyzyldan ýasalan bar eken. Dördisinde gyzyldan ýasalan zatlar bar. Üene beýleki dördisinde kümüşden ýasalan zatlar bar. Galany bolsa bürünçden ýasalan bar eken . edil atlaryň ýanynda atçylaryň gabyrlary bar eken. Solokoda we Çertemlýukda guburlary IV-III asyrlaryň I ýarymyna degişli.

Ýöne köp belli kurgan IV-III asyrlara degişli baý adamlaryň gabyrlary belli. (Žabatiuskiý) Kurowskiý kurgan şumuýko Kuforyň ýanynda kurgan we başgalar. Olar sähradaky kurganlar uly baý däl. Ýöne şondada gyzyl zatlar, ýaraglar import gerek zatlar bar. Atlaryň we gullaryň we aýal gullaryň jaýlananlary sähra kurganlary ýala köp sataşanok. Bu gabyrlar sähra gabyrlary ýaly däldi. Uly çukur gazylýardy. Konstruksiýasy ýaşaýyş jaý ýaly agaçdan ýasalýardy. Şonuň ýaly skif kurganlar Prikubanýada belli, sarmatlaryň we melotlaryň ýurdundada bellidir. Kubanlaryň kurganlarynda köp atlaryň kurganlary bar.

Ulskiý kurganlaryň birinde beýikligi 15 metr, ýokarky meýdançasynda 50 sany atlaryň skletleri tapylypdyr. Düýbinde diňe iki gazylan tarapynda 360 atlaryň skletleri tapylypdyr.

Prikubarýanyň köne kurganlarynda skifleriň ziweriniý görnişiniň eserleri sataşypdyr. Şol eserlerde skifleriň we oňa golaý taýpalaryň din pikiri görinýär. Skifleriň çeperçilik dördijiligi ýaraglarda we atlaryň esbaplarynda aýratynlykda ösip barýardy. Materýallar hökminde agaç, süňk we demir alynýardy. Skifleriň suratkeşleriniň baş temasy haýwanlary görkezmekdi.bu ýerde zweriniý stil diýip (zwer- haýwan, rusça) at dakyldy. Sugunyň, ökiziň, geçiniň, goýunuň, guşlaryň, balyklaryň suratylary aýratyn hem köp sataşýar. Iki, üç hakyky we fantastiki haýwanlaryň şekilleri, suratlary hem sataşýar. Olar şekilller haýwanlar biri-biri bilen uruşan ýada öldiren ýagdaýynda köp sataşýar. Şol suratlar skifleriň sungatyny owadanlamak üçin däl-de olaryň din taýdan hem manysy bar eken. Skifleriň kä bir taýpalary, aýratyn taýpalary özlerini şol haýwanlardan özleriniň dörändigini we ol haýwanlar özlerini goraýarlar diýip pikir edýär ekenler. Ok- ýaý skiflerde iň köp sataşýan ýaraglaryň biri. Okuň ujy bürünçden ýasalýardy. Ýönesüňkdenem, demirdenem sataşýar. Şondan başga ýagny ok ýaýdan skiflere naýza biken Drofikler (arylýan ýarag) hem

köp ulanylypdyr. Gysga gylyç az sataşýardy. Gylyjy sag ýanynda köpleniç gyzyl bilen owadanlanan gyn bilen göterilýärdiler.

B.e öň. VI-V asyrlarda skifiýa döwlet däldi. Ýöne öz patyşalary bilen aýratyn taýpa birleşigidi. Şol patyşalara antiki awtorlar Barilewskiý serdarlar diýýärdiler. Skifleriň bir döwlet bolman aýratyn taýpalaryň birleşigi bolany üçin Gara deňiziň demirgazyk kenarlarynda ýagny skifleriň teretorýasynda grekler öz garaşsyzlygyny agalygyny saklap bilipdir. Skifleriň baýlary grekler bilen gowy ara saklaýardylar. Sebäbi olardan owadan, gymmat zatlary alyp baýaýardylar. Şonuň üçin grekler Garadeňziň demirgazyk kenarlarynda ýeňillik bilen ýaşap bilipdirler. Skifleriň jemgyýetçilik gurluşy entäk ilkidumuş obşina gurluşyndan daşa çykmaýardy. Olaryň başynda halk ýygnaklary, halk maslahatlary, taýpa serdarlary durdy. Geredot skifleriň ýurduny birnäçe okuruga bölinip okuruklaryň başynda okruk baştutany durdy. Okruglar – taýpanyň ýa-da birnäçe taýpalaryň ýaşaýan teritoriýasydyr. Gara deňziniň demirgazyk kenaryna Grekleriň gelişi, olaryň döwlet guruşy, şäher gurluşy, olaryň häkimýeti, skifleriň ilki durmuş gurluşynyň dargamagyna alyp bardy. Skifleriň baýlary Grekleriň döwlet gurlluşyny öwrenýärdiler. Grekler bolsa baýlaryň kömegi bilen sfifiýanyň içine girip ol ýerden baýlyk alýardylar. Skiflerde uly baýamak çemesi uruşdy. Uruş köp ýesir berýärdi. Ýesirlerem gula öwrilýärdi. Uruşyň köp oljasyny serdar we harby serkerdeler alýardy. Uly howpyň öňinde skifleriň taýpalary birleşýärdi we duşmnyň uly bir armiýa garşy durýardy. Skifleriň ýaşaýşynyň soňky ýyllary barada maglumat az. B.e.öň 342-nji ýylda skifler Flipp diýen Makedon patyşasy bilen urşupdyrlar. Skifleriň goşuny ýeňilýär. Aty we serdarlary wepat bolýar. Aleksandyr Makedonski döwrinde skifler günbatarda skifler barada eşidýärler. B.e.öňki 331-nji ýylda Aleksandyr Makedonskiniň serkerdesi Japarýan Olwia garşy ýöriş etdi. Pompeý we Pawel Orosiý ýazgylary

boýunça onuň 30 müňlik goşuny skifler tarapyndan derbi-dagyn edildi. B.e. öňki II asyryda Günorta rus sährasynda uly üýtgeşme bolýar. Skifleriň teretorýasynda Gündogarda ýaşaýan sormatlar çozýar. Skifleriň bir bölegi boýun egdi. Ýöne uly bölegi Kryma gitdi. Şu ýerde skifler öz medenýetini ösdirýärdiler we öz paýtagty Neopol (Neopol skifskiý) döretdiler. Şol şäherleriň galyndylary şu wagtky Simforopol şäheriniň ýanynda-dy.

Şol giçki döwirde skifleriň medenýeti Grek-Rim medenýetiniň kömegi bilen öňe gitdi. Şol geçiş ösiş skiflerň baýlyklarynda arhitekturada aýdyň görinýärdi. Hemme zat skifleriň medenýetiniň täze görnişiniň we olaryň öz medenýetleriniň pese düşişi barada gürriň berýärdi.

## *Merkezi Aziýa ýerindäki gul eýeçilik zamanyna degişli arheologiki ýadygärlikler*

### *Ilkidurmuş jemgiýetinden synpy jemgiýete geçilmegi.*

Türkmenistanyň taryhynda ýazylyşyna görä, demir eýýäminiň başlarynda, ýagny b.e. öňki I müňýyllygyň üçden biriniň ikisinde bu ýerde ilkidurmuş jemgyýeti dargap, synpy jemgiýete geçilipdir. Emma biziň pikirimizçe, eneolit zamanynda, ylaýta-da bürünç zamanynyň soňky müňýyllygynda bolup geçen özgerşikler şol geçiş döwrüni biraz aňyry süýşürmäge mümkünçilik berýär. Bürünç zamanynyň ahyrlary has takygy b.e.öňki II müňýyllyk Türkmenistanyň gadymyýetinde taryhy sepgit bolupdyr. Şu döwürde synpsyz jemgyýet synply jemgyýet bilen ornuny çalyşypdyr. Adamlar durmuş deňsizligiň ilkinji kada-kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda ýaşap başlapdyrlar.

Demir eýýäminiň başlarynda bolsa hususyýetçilik howasyndan hem dem alýan eken. Demir gurallary bilen birlikde hususyýetçilik hojalygynyň ösmegine itergi beripdir. Dehistanda (onuň gadymy ady Girkaniýa, häzir bolsa ýerli ilat Maşat-Missirýan diýýär), Murgabyň hem-de Amyderýanyň aşak akymlarynda uly ýer massiwleri özleşdirilipdir, kanallar çekilipdir. Mysal üçin, Etrek we Sumbar derýalaryndan Maşat-Missirýan düzlügine çekilen kanallar 50-60 km meýdana uzap, orta we ownuk ýaplar bilen bilelikde çylşyrymly suwaryş ulgamyny emele getiripdir. Kürsäp ýatan boz ýerleriň müňlerçe gektarynda gawun, garpyz, bugdaý hat-da şaly ekilipdir, miweli baglar ösdürilip ýetişdirilipdir. Bu bol suwly, mes toprakly ekin dikinli jennete meňzäp duran gülzarlyk jahankeşdeleri haýran edipdir. Gadymy grek alymlary Diodoryň we Strabonyň, Aleksandr Makedonskiniň ýörişlerine bagyşlap ýazan ýazgylarynda şeýle setirler bar: Aleksandr Girkaniýanyň ähli şäherlerini basyp almak bilen “bagyly ilat” diýilýän ýere ýetdi.

Dünýäniň  hiç bir ýurdy özüniň baýlygy hem-de täsin miwelleri bilen oňa taý gelip bilmez. Girkaniýa köp şäherli, gaty üly mes toprakly düzlük ýurt. Bir düýp üzümüň hasyly 450 kg, injiriňki 3 tonna barabar bolup, orak wagtynda ýere gaçan däneler geljek ýylyň bol hasylynyň düýbüni tutmaga ýetýär. Ol ýerde  agajyna meňzeş agaç bar. Onuň ýapraklaryndan bala meňzeş suwuklyk akýar, ýerli ilat ony iýmit üçin ulanýar, tokaýlarda balçylyk bilen meşgullanýarlar. Bu sözler düşündiriş talap etmeýär. Emma setirleriň aňyrsynda ýatan many bar, ýagny Aleksandr bu topraga aýak basýança (b.e.ö. IV a.) ilat eýýäm durmuş deňsizlik bilen öwrenişip (taryhda şeýle durmuş psihologiýanyň ornaşmagy üçin birnäçe asyr gerek bolýandygy bellidir) baý baýlygyna buýsansa, garyp garyplygyna, gulam gullygyna buýsanýan eken. Hut şeýle bolansoň köpüň güýjüni kanallar gurmaga, ýerleri özleşdirmeklige gönükdirmekligi başarypdyr. Ol kanallaryň, ýapdyr çilleriň yzlary häzirem bildirip dur.

Murgabyň aşak akymynda  emele gelen oazisiň merkezinde gurlan oazisdir köşk hem jemgyýetde dörän durmuş deňsizligiň özboluşly görkezijisidir. Şol döwre çenli Namazga depe, Altyndepe şäherleri pese gaçyp başlapdyr. Ýurtdan göçen ilat Murgabyň aşak akymlarynda birnäçe oba emele getiripdir. Ýazdepe şolaryň biri eken. Bu obalar ekerançylygyň dag etek medeniýetini dowam etdiripdirler we ösdüripdirler. Ýazdepe galasynda uly köşk bolupdyr. Onda uzyn koridora meňzeş we inedördül otaglar iki hatar edilip gurlupdyr. Köşkde diwary mäkäm duruzýan dik çykgytly söýgetli bir giň jaýam bar eken. Çig kerpiçden gurlan köşgüň möçberi diwalaryň galyňlygy ünsüňi çekýär. Hasaplamalara görä, ony gurmak üçin ýüz müňlerçe kerpiç harçlanypdyr. Şol zamanlarda şeýle ägirt ymaratlary diňe gul zähmeti ulanylanda gurup boljakdy. Köşgüň bina edilişi Mesopotamiýada gurlan köşklere çalymdaşlyk edýär.

Ýazdepeden tapylan demir eýýäminiň başlaryna degişli küýze gap-gaçlarynyň ýüzünde dürli nagyşlar çekilipdir.

Nagyşlarda hususan-da üçburçlyklara syrygýan şekiller agdyklyk edýär. Üçburçlygyň ýokarsy ýokary garadylyp çekilip, küýze gabyň ýokary gyrasynda jähek emele gelipdir. Şeýle nagyşlar çaklaňrak gaplara mahsusdyr. Uly humlarda bolsa gabyň agzynyň gyrasynda ýa-da şonuň aşak ýanynda iki sany göňi çyzyk çekilipdir. Humuň orta gürpünde hem göni çyzyk bar. Ýokary eňregindäki çyzyklar bilen orta gürpdäki çyzyklaryň arasynda dürli nagyşlardan emele getirlen üçburçlyklar şekillendirilipdir. Çyzyklaryň arasynda uly nokatlar bar. Üçburçlyklar romblara bölünipdirler, olaram nokatlar bilen ştrihlenip ýa-da tutuşlygyna reňklenip küşt tertibinde ýerleşdirilipdir.



Arheologik barlaglaryň netijesinde, Ýazdepäniň aşaky gatlagyndan (b.e.öňki VII-Va.) demir paltanyň bölegi, ýokary gatlagyndan (b.e.öňkiV-IVa.) bolsa, 6 sany demir palta bilen bir demir ýonguç tapyldy. Orta gatlakdan tapylan blýaha(ýasyja

demir), altyndan ýasalan gulak halka, daşy gelşikli çarçuwaly (ramaly) aýna amaly-haşam sungatynyň ösüş geriminiň giňelendigini aňladýar. Bu döwürde gap-çanaklaryň ýüzüne nagyş çekmek kem-kemden azalyp, soňra ýitip gidýär.

Amyderýanyň aşak akymlarynda ýaşan taýpalar Täzebagýap medeniýetini döredipdirler. Aýdylyşyna görä, ol medeniýet Gazagystanyň we Günorta Sibiriň medeniýeti bilen baglanşykly bolupdyr. Täzebagýaplylar Aňkagala diýilýän ýerde gönüburçly ýerkümede ýaşapdyrlar. Olaryň küýze gap-çanaklary elde ýasalypdyr (bularda heniz küýzegärçilik çarhy ýok eken). Gaplaryň ýüzündäki nagyşlar bolsa, ýa oýulyp ýa-da ülňide çekilipdir. Täzebagýaplylar ekerançylyk bilen bir hatarda maldarçylyk, balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

Akademik S.P.Tolstowyň pikriçe, sag kenar Horezmde Täzebagýaplylar bilen goňşuçylykda süýürgen medeniýetine degişli taýpalar ýaşapdyrlar. Janbasgalada süýürgenlileriň ýaşan süýri jaýlary tapyldy. Bularyň hem gelip çykyşy Täzebagýaplylaryňka meňzeş, özlerem şolaryňky ýaly, ekerançylyk bilen bir hatarda maldarçylyk, balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Demir asyrynyň başlarynda bu taýpalaryň hojalygynda ekerançylyk esasy orna geçipdir. Horezmde ekerançylyk medeniýeti çalt ösüp başlapdyr.

Dehistanda, Murgabyň we Amyderýanyň aşak akymlarynda ýaşan taýpalar köplenç ekerançylyk bilen meşgullanan bolsalar, Merkezi Garagumda, Uzboý hem-de Sarygamyş sebitlerinde hojalykda esasy orun çarwaçylyga degişli bolupdyr. Çarwa hem ekerançy taýpalar alyş-çalyş aragatnaşygyny saklaýar eken. Mysal üçin çarwalar ekerançylara et, süýt, ýüň önümlerini berip, deregine bugdaý, arpa, jöwen bag-bakja önümlerini alypdyrlar. Alyş-çalyşyň artmagy bilen çarwalarda hem durmuş differensiýa çuňlaşypdyr. Demir asyrynyň başlarynda bularda hem baýy garyby aýyl-saýyl bidirýän eken.

Türkmenistanyň gadymyýetinde synpy jemgyýetiň ilki başlarynda ilatyň ýerleşişi we olaryň durmuş-ykdysady ýagdaýy şeýleräk bolupdyr. Ýörite belläp geçmeli zat: uzak geçmişiň demir eýýäminiň başlaryna çenli döwri esasy arheologik tapyndylar boýunça öwrenilendir. Ol tapyndylar näçe möhüm bolsa, hemme zat hakynda habar berenok. Mysal üçin, iň gadymy taýpalar öz zamanynda nähili atlandyrylandygyny mälim edenok. Şol sebäpli olar hakda aýdylanda awçylar ýa-da balykçylar, ekerançylar ýa-da maldarlar diýip çäklenmeli bolýardy. Ozal belläp geçilişi ýaly, Jeýtunly, Gubasiňňir, Altyndepeli, Göksüýrli, Täzebagýaply diýilmegi hem şol ýerleriň häzirki zamanda atlandyrylşy bilen baglydyr. Ýazuw ýadygärlikleriniň ýüze çykmasy şondan buýana taýpalaryň ňähili atlandyrylanlygyny bilmäge mümkinçilik döretdi. Ýazuw ýadygärliklerine esaslanyp biz demir eýýäminiň başlarynda Maşat-Missirýanda ýaşan taýpa girkanlylar, Köpetdag etegindäkilere parfiýalylar, Murgap derýasynyň aşak akymlaryndakylara bolsa horezmliler diýlendigini bilýäris. Çölde çarwalyk bilen meşgullanýan taýpalara dahlar, massagetler, sarmatlar diýilipdir. Bu taýpalar etniki taýdan bir-birlerine golaý bolupdyrlar, özlerem ýewropoid jynsyna degişli eken.

Demir eýýäminiň başlarynda, ýagny ýazuw ýadygärlikleriniň ýüze çykan wagtyndan başlap, diňe bir Türkmenistanyň gadymýetine degişli taýpalaryň durmuşy däl, goňşy ýurtlar barada-da ygtybarly maglumatlar peýda bolupdyr. Ol maglumatlar hem üns bermäge mynasypdyr. Çünki geçmişde Türkmenistanyň käbir welaýatlary ençeme gezek ol ýurtlaryň düzümine giripdir. Ata- babalarmyzyň ykbaly haku-nähak ol halklaryň ykbaly bilen çatlyşypdyr. Şeýlelikde, olaryň geçmişinem öwrenmek öz geçmişimizi has doly göz öňüne getirmäge ýardam edýändir.

B.e. öňki VII asyryň başlaryna çenli gadymy parslaryň döwleti Midiýa emele gelipdir. Parfiýa bilen Girkaniýa hem

onuň düzümine giripdir diýlip çak edilýär. Midiýanyň alyp baran uruşlarynyň netijesinde Assiriýa, Urartu döwletleri ýykylypdyr. Midiýada ýurt ilkinji gezek satraplara bölünipdir.

## *Ahemeniler*

B.e. öňki 550-nji ýylda pars taýpalarynyň bir serdary Kir Midiýanyň paýtagty Ektabanany basyp alypdyr we Ahemeniler döwletini esaslandyrypdyr. Öňki Midiýa garaşly welaýatlar Ahemenileriň gol astyna geçipdir. Kir Kiçi Aziýada Lidiýa, soňra-da Wawilony eýeläp, 539-njy ýylda Orta Aziýany basyp almaklyga girişipdir. Ol syýasy taýdan  özara soýuzda duran Baktriýany we Margianany, şeýle hem Sogdianany (Ozbegistanyň Zerewşan we Kaşkaderýa sebitleri), Horezmi boýun egdiripdir. Emma b.e. öňki 530-njy ýyda Orta Aziýanyň çarwa taýpalary bilen bolan söweşde pars goşunlary derbi-dagyn edilipdir. Kir hem öldürilipdir. Uly goşunyň ýeňilip, beýik serkerdäniň özüniň hem öldürilmegi döwürdeşlerini haýran edipdir. Bu hakda köp rowaýatlar, çaklamalar döräpdir. Hat-da ol ýeňiş gazanan çarwalaryň atlary hem dürli çeşmelerde dürli görkezilipdir. Gerodot olara Massagetler diýse, Beros dariler (dahlar), Ktesiýa bolsa derbikler diýipdir.

Şu maglumata görä, Kir massagetleri boýun egdirmegi ýüregine düwüpdir. Massagetler bolsa örän köp hem edermen halk bolupdyr. Şol döwür olaryň patyşasy ölüp, onuň dul galan aýaly Tomiris (häzirki zaman dili bilen aýdylanda Tumar) patyşalyk edýän eken. Kir  Tomirisiň ýanyna ilçilerini iberip onuň özüne äre çykmagyny teklip edipdir. Ýöne  Kiriň düýp maksady  ýene bir gezek öýlenmek däl-de, massagetleri özüne tabyn etmeklik bolupdyr. Tomiris bu mekirlige düşünipdir we onuň teklibini kabul etmändir. Jarçylaryň üsti bilen bolsa öžünede “Sen gowusy yzyňa gaýt, sebäbi söweşiň kimiň peýdasyna gutarjagy belli däl. Eger gaýtmasaň, içjegiňem gan bolsa, men seni gandan doýuraryn” diýen habary ýetiripdir. Kir oňa asla gulagam asmandyr. Araks derýasynyň boýunda söweş başlanýar. Gerodotyň aýtmagyna görä, bu wagşylyk zamanynyň iň aýylganç wakasy bolupdyr. Iki goşun ilki esli aralykda bir-birine garşy durup ýaýdan ok atypdyrlar. Soňra naýzadyr, peýkamlar bilen söweşipdirler. Söweş uzak dowam

edip, ahyry massagetler ýeňipdir. Serilip ýatan läşleriň arasyndan Kiriň maslygyny tapyp Tomirisiň ýanyna eltip beripdirler. Tomiris onuň kellesini gandan doldurylan meşige çümdirip: “men seni gandan doýurmaga söz beripdim, sözümde-de tapyldym” diýipdir.

Gerodotyň aýtmagyna görä, massagetler atlam, pyýada-da söweşip bilýär eken. Olarda ähli zatlar misden we altyndan ýasalypdyr. Sebäbi bularyň ýurdunda mis, altyn köp bolup, demirdir kümüş ýok eken. Massagetler kellä geýilýän sopbaşdyr gulak daňylaryny altyn bilen bezemegi gowy görüpdirler. Olar atlarynyň döşüne çenli misden ýasalan sowut bilen örtüpdirler. Atyň kellekisi, agyzdyrygy uýany bolsa, altyn bilen bejerilipdir. Massagetler Güne hudaý diýip, şoňa çokunypdyrlar. Olar hudaýy ganatly atyň üstünde oturan, kellesi altyn şlemli eli dartylan ýaýly we altyn peýkamly ägirt pälwan şekilinde göz öňüne getiripdirler. Massagetler iň gowy görýän atlaryny Gün hudaýyna gurban berpdirler. Sebäbi bularda at keramatly hasaplanypdyr. Häzirki türkmenlerde at hakda alada etmek, ony göze başa deňemek, ana şol massagetlerden galan endikdir. Alymlaryň kesgitlemeklerine görä, häzirki ahal-teke ýomut atlary-da, şol massaget, şeýle hem dah, parfiýa atlarynyň nesilleridir. Massagetleriň uçup barýan hudaý hakdaky ynançlarynyň esasynda soňra bolsa musulmançylyk döwründe Hezret Aly we onuň (uçýan) Düldüli hakyndaky rowaýaty döräpdir. Ol rowaýat häzirem türkmenleriň arasynda giňden mälimdir.

Kir ölensoň, onuň ogly Kambis Ahemenitler döwletiniň patyşasy bolupdyr. B.e.ö.522-nji ýylda Kambis ölüpdir. Ýöne bu wakalar, Egeý deňzinden Hind derýasyna çenli uzap giden ägirt imperiýanyň hemme ýerinde diýen ýaly Ahemenitlere garşy tolgunyşyklar möwç alýar. Şol ýyl tagta çykan Dariý I (b.e.ö.522-486 ý) bada-bat gozgalaňy ýatyrmaga girişipdir. Dariý I häzirki Eýranyň Hemedan şäheriniň 100 km G.b. ýerleşen Behistun ýazgysynda gadymy pars, elam we wawilon

dillerinde şine şekilli hat-da ýazgy ýazmagy buýrupdyr. Ol soňra behistun ýazgylary ady bilen taryha giripdir. Ol ýazga Dariý I kimdigi, onuň agalyk eden ýyllarynda nirelerde nähili ýeňişler gazanandygy, imperiýanyň düzümine haýsy welaýatlaryň girenligi we ş.m. maglumatlar ýazylypdyr.

Behistun ýazgylarynda Ahemenitlere tabyn edilen döwletleriň arasynda Parfiýa, Horezm, Sogdiana, Baktriýa görkezilipdir. Margiana bolsa Baktriýa bilen syýasy soýuzda durandygy, käwagt olaryň bir welaýat hasaplananlygy üçin aýratyn ýazylmandyr. Emma Ahemenitlere garşy baş göteren ýerler beýan edilende, Margiana ilkinjileriň hatarynda ýazylypdyr. Margianadaky gozgalaň heniz Kambis dirikä başlanyp, soňra Dariý I wagtynda has güýçlenipdir. Gozgalaňa margianaly bir adam Frada ýolbaşçylyk edipdir. Gozgalaňçylary goňşulykda gum içinde ýaşan çarwa saklar goldapdyr. Fradanyň gozgalaňy Türkmenistanyň gadymy ýazuw ýadygärliklerinde mälim bolan ilkinji halk hereketidir. Margianadaky gozgalaňy ýatyrmak üçin Baktriýanyň satrapy Didarşişiň ýolbaşçylygyndaky uly goşun iberilipdir. Behistun ýazgysynyň habar bermegine görä, b.e.ö. 522-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 10-nda gozgalaňçylar derbi-dagyn edilipdir, 55 müň adam öldürilip, 6500-si ýesir alynypdyr. 521-nji ýylda Parfiýadaky we beýleki welaýatlardaky gozgalaňlar basylyp ýatyrlypdyr. Emma Garagumdaky çarwa halklar boýun egmändir. B.e.öňki 517-nji ýylda Dariý I özi saklaryň garşysyna goşun çekip ugrapdyr. Söweşde sak goşunlarynyň esli bölegi ýok edilip, olara baştutanlyk eden Skunha bolsa ýesir alynypdyr. Ýöne munuň bilen hem iş tamamlanmandyr.

Saklardan Syrak diýen bir çopan Dariý I ýamyna girmek üçin öz bedenini gök dalak, ýüz gözüni persala edip, onuň ýanyna gelip, Sak serdaryndan jebir çekendigini, olardan ýaňa içiniň ýanyp durandygyny, eger-de islese oňa saklaryň galan goşunlarynyň nirede gizlenýändigini görkezjekdigini aýdypdyr. Dariý I ynanyp, onuň yzyna düşüpdir. Syrak bolsa olary

suwsuz çölüň jümmüşine alyp gidipdir. B.e. II asyrynda ýaşap geçen Polieniň aýtmagyna göra, Pars goşunlaryny dogry gelen ajaldan diňe tötänleýin ýagan bir ýagyş halas edipdir.

Ahemeni patyşalary öz tabynlygyndaky welaýatlarda ýerli medeniýeti gysyp Pars medeniýetini ornaşdyrmaga synanyşyk edipdirler. Emma ýerli sungat däpleri ýitmän saklanypdyr. Ýöne olar belli bir derejede Ahemeni sungat däpleri bilen goşulyşypdyr. Has takygy iki sungat bir-birine täsir edipdir. Mysal üçin, Kir patyşa özüniň agalyk eden ýyllarynda boýun egdirlen ýurtlaryň iň gözel arhitektura we şekillendiriş sungaty Suz şäherinde gurulýan köşklerde ulanmaklygy buýrupdyr. Şeýlelikde köşkleriň sütünleriniň ýokary bölegi Müsür, Mesopotamiýa, Kiçi Aziýa, Margiana üzüm hoşalarynyň şekilleri bilen bezelipdir. Persopol şäherinde Dariý I mazarynda daşyň ýüzüne gara reňk bilen çekilen äpet uly hoşalar hem Margiana üzümleriniň hoşalarydyr.

Ahemeniler döwründe imperiýada haryt gatnaşyklary ösüp başlapdyr. Altyndan hem-de kümüşden pul (monetalar) ýasalyp, dolanyşyga goýberilipdir. Suz şäherinde we beýleki merkezi welaýatlarda Kiçi Aziýa, Baktriýa, Hindistana barýan ýollar gurlupdyr. Täze şäherler peýda bolupdyr. Behistun ýazgylarynda şeýle şäherleriň hatarynda Parfiýanyň hem iki şäheri Patigrabana we Wişnauzatiş ýatlanyp geçilýär. Bu döwre çenli Parfiýada eýýäm kärizler bar eken. Ahemeniler käriz gurany salgytdan boşadany üçin, ýene encçeme kärizler gurlupdyr. Margianada täze oazisler döräpdir, şol oazisleriň birinde Merw şäheriniň iň gadymy özeni Erk gala peýda bolupdyr. Ol häzir opurylyp giden galalaryň örküçleriniň arasynda äpet uly aý krateri ýaly bolup ýatyr. Diametri ýarym kilometre golaý, özem tegelek görünýän (hakykatynda köp burçly) Erk galany henizem barmasy kyn kert diwarlar gurşap otyr. Erk galada gazuw-agtaryş işleri geçirilende b.e.ö. I müň ýyllygyň ortalaryna degişli gatlakdan düýbi ýalpak banka şekilli küýze gaplar, sapan üçin laýdan edilen göjekler tapyldy.

Erk galanyň gurluşygynda ullakan süýri kerpiçler bilen harsaň-harsaň pagsalar ulanylypdyr. Galanyň merkezinde 15 metirlik beýik platformanyň üstünde ägirt desga, häkimiň köşgi bina edilipdir. Hasaplamalara görä, şol platformanyň gurluşygyna 3-milliona golaý çig kerpiç gidipdir. Şäheriň töweregini gurşap oturan galanyň düýbüniň ini bolsa 20 metrden hem köp bolupdyr. Şol döwürde gurluşykda täze pudak fartifikasiýa, ýagny harby inženerçilik pudagy (söweş edijek ýerleri berkleşdirmek hakyndaky harby inženerçilik ylmy) döräp başlapdyr. Horezmdäki Küýzeligyr şeýle gurluşygyň aýdyň mysalydyr. Galanyň diwarynda süýri diňleri atyjylar galareýasy küşt tertibinde ýerleşdirilen deşikleri bolupdyr. Ahemeniler imperiýasy söwdanyň pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi bilen demirçilik, ylaýta-da ýarag ýasaýan ussaçylyk, zergärçilik örän düşewüntli käre öwrülipdir. Megerem, şu döwürden başlap halyçylyk kämil sungat hökmünde mälim bolupdyr. Häzirki wagtda Sankt-Peterburgdaky Ermitažda saklanýan halylar kolleksiýasy bu sungatyň iň gadymy nusgalary hasaplanýar. Olar b.e.ö.V-IVasyrlarda, ýagny Ahemeniler döwründe G.o. Türkmenistanda we Eýranda dokalypdyr. Ol halylary professor S.I.Rudenko 1947-nji ýylda daglyk Altaýyň Pazyryk diýen ýerinde gazuw-agtaryş işlerini geçirende tapypdyr. Şonuň üçin, olara Pazyryk halylary diýilýär. S.I.Rudenkonyň pikiriçe, olary bu ýere söwda kerwenleri getiripdir. Pazyryk halylary häzirki türkmen halylaryna, ylaýta-da ýomut halylaryna meňzeş. Diýmek, baryp demir asyrlarynda biziň halyçylyk sungatymyz kämil sungat derejesine ýeten eken. Ol oňa çenli lälezar reňkleriň we nagyşlaryň gözleginde näçe asyr sarp etdikä? Belki asyr ýa-da asyrlar däl-de, eýsem eýýämlerdir? Biziň pikirimizçe, türkmen halyçylyk sungatynyň kökleriniň iň bärkisi neolit zamanyndan gözlenilmelidir.

### *Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi.*

Mälim bolşy ýaly, Ahemeniler imperiýasy dünýä agalygy ugrunda grek makedon döwleti bilen b.e.ö. 334-nji ýylda Aleksandr Makedonskiý grek-makedon goşunlaryna baş bolup Dardenelli bogazyndan geçip, Ahemeniler imperiýasynyň çetinden giripdir. Iň soňky Ahemeni patyşasy Dariý III bilen birnäçe agyr çaknyşyklar bolupdyr. B.e. öňki 331-nji ýylda Mesopotamiýada Gawgamelli obasynyň ýanynda bolan aýgytly söweşde pars goşunlary çym-pytrak edilipdir. Bu döwre çenli Orta Aziýa halklarynyň köpüsi Ahemeniler imperiýasyndan özbaşdaklyk gazanypdyrlar. Käbir özbaşdak däl hasap edilenlerinde-de merkezi häkimýetiň täsiri gowşapdy. Şol sebäpden Gawgamelli söweşine gatnaşmandyr. Baktriýalylar, Sogdiýalylar, hindiler Baktriýanyň satraby Bessiň baştutanlyk etmeginde atyjylary, Parfiýa hem-de Girkan atlylary bolsa, Parslaryň soýuzdaşlary hökmünde gatnaşypdyrlar. Gawgamelli söweşinde esasy güýçlerini ýitiren Baktriýaly Bessiň atlylary Baktriýa gaçypdyr. A.Makedonskiý onuň yzyna düşüpdir. Parfiýanyň G.b. çäklerine aralaşandan Dariý III ýanyndaky ýakyn adamlary ony öldüripdirler hem-de Bessy (Aziýanyň patyşasy) diýip, yglan edipdirler. Bes Baktriýa dolanyp barypdyrlar. Oňa Sogd, Ariýa (häzirki Hyrat sebitleri) hem boýun egipdir. Käbir maglumatlara görä, ol öz häkimligini Parfiýa hem ýetirjek bolup çalşypdyr. Bessyň işleri rowaçlanyp gidiberende, Orta Aziýa halklarynyň grek-makedon basybalyjylaryna garşy göreşi has netijeli bolup, olaryň syýasy özbaşdaklygynyň saklanmagy-da mümkin eken, emma Bess turuwbaşdan Beýik döwlet şowinizmi (bu bir milletiň bähbitlerini beýleki milletleriň bähbitlerne garşy goýýan milli duşmançylygy we ýigrenji tutaşdyrýan milletçiligiň iň agressiw görnüşi) syýasatyny ýöredipdir we tizara abraýdan gaçypdyr. Ahemeni agalygyndan ýaňy dynan halklar täze bir hökmirowanyň bolmagyny islemändirler.

Parfiýanyň satrapy Fratafern A.Makedonskiniň öňünden çykyp, oňa özüniň boýun egýändigini mälim edipdir. Grek-makedon goşunlary Prfiýada çadyr dikip, dem-dynjyny alypdyrlar hem-de Orta Aziýanyň jümmüşine aralaşmaga güýç toplapdyrlar. B.e.öň. 329-njy ýylda A.Makedonskiý Baktriýa garşy ugrapdyr. Bessyň ýakyn adamlary ony tutup, grek serkerdeleriniň eline tabşyrypdyrlar. Onda-da A.Makedonskiý ýörişi togtatmandyr we şäher yzyna şäher başyp alypdyr. Ýöne ol ýeňişler oňa ýeňil düşmändir. Orta Aziýa halklarynyň basybalyjylara garşy göreşleri tutaşypdyr. Göreşe Sogdiýaly Spitamen ýolbaşçylyk edeni sebäpli, esasy wakalar şol ýerde bolup geçipdir. A.Makedonskiý Spitameniň üstüne gaýta-gaýta ýöriş gurapdyr. Agyr söweşler bolupdyr. Ol söweşlere Spitameniň tarapyndan massaget, dah taýpalary hem gatnaşypdyr. Çak edilşine görä gadymy grek taryhçysy Arrianyň Baktriýada duran grek-makedon goşunlarynyň üstüne çozan “Skif atlylary” diýýänleri-de G.o.-G.d. Türkmenistanda Margiana oazisiniň çetlerinde ýaşan çarwalar bolmaly. B.e.öňki 328-nji ýylda grek-makedon goşunlary Margiýanany hem eýeläp, ol ýerde Aleksandriýa şäherini esaslandyrypdyrlar. Ýöne beýik serkerdäniň özüniň bu ýerde bolany ýa-da bolmany heniz nämalimdir. Soňky ýyllarda ylmy barlaglar bu barada ahyrsoňy belli bir netijä gelmäge mümkinçilik berdi. A.Makedonskiý b.e.öň. 328-nji ýylda Margiýana gelipdir. Spitameniň gozgalaňyny basyp ýatyrypdyr, onuň özem wepat bolupdyr.

A.Makedonskiý basyp alan ýerlerinde ornaşmak üçin rehimsiz terror bilen bir hatarda ýerli ilatyň ýokary gatlagyny tarapyna çekmek we başga-da dürli heläkçilikli usullary ulanypdyr. Mysal üçin, ol Gawgamelli söweşinden soň, Parfiýada saklanyp, goşunlaryna dynç berýän mahaly ilkinji gezek zynatly tikilen G.d. lybasyny geýipdir. Bu onuň ýerli däpleri “gaýry saýmaýandygyny” alamatlandyrýardy. Rowaýata göra, ol haýsy ýurtda bolsa ýerli bagşylaryda diňlär

eken. Orta Aziýada eşiden aýdymlaryndan “Ýelpeselendi” (türkmenlerde ol “Nar agajy” ady bilen bellidir) aýdymy gulagyna has ýaranmyş. Şol sebäpden bu saz grek-makedon goşunlarynyň gimni hokmünde girizilenmiş. A.Makedonskiniň ýerli ilatdan bolan ýaş ýigitlerde halk ýadynda galmak üçin başga-da eden işleri az däl. Spitameniň gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soňra, ýerli ilatdan bolan ýaş ýigitlerden 30 müňisi grek-makedon goşunlarynyň hataryna alnypdyr. Iş ýüzünde bolsa ol ýigitler ýöne esger däl, tabynlylygyň girewi hökmünde alnypdyrlar. Onuň özi Baktriýanyň satrapy Oksiartyň gyzy Roksana, onuň ýakyn egindeşleriniň biri Selewk Spitameniň gyzy Apama öýlenipdir. Käbir maglumatlara görä, A.Makedonskiniň Amyderýanyň boýunda toý tutup alan Roksanasy onuň 360-njy gyrnagy eken. B.e.ö. 327-nji ýylda ol Hindistana ýöriş edipdir. Ony eýeläp yzyna barýarka,323-nji ýylda 33 ýaşynyň içinde Wawilonda aradan çykypdyr. Arrianyň ýazmagyna görä, ol öz mugallymy beýik Aristoteliň taýýarlan zäheri berlip öldürilipdir. Onuň zorluga daýanýan imperiýasy dargapdyr.

Orta Aziýada grek-makedon agalygy döwründe Horezm, şeýle hem Çarwa massagetler, dahlar, saklar öz erkinligini saklapdyr. A.Makedonskiniň ölen habaryny eşiden Baktriýada we Sogdda duran 20 müň pyýada, 3 müňem atly grek-makedon goşunlary öz watanyna gaýdypdyrlar. Parfiýada duran garnizon hem yzyna çagyrylypdyr. Şu döwürde Orta Aziýa öz erkinligi ugrunda göreşi ýene-de tutaşan bolmaly. Mysal üçin, Margiýanada gurlan Aleksandriýa zuluma garşy baş göteren ýerli ilat tarapyndan ýykylypdyr.

**_Selewkler._**

A.Makedonskiniň ägirt uly imperiýasynyň dargamagy bilen köp sanly özbaşdak döwletler döräpdir. B.e.ö. 312-nji ýylda onuň ýakyn egindeşi Selewk I Wawilony eýeläp, soňra Siriýany, Orta Aziýa welaýatlaryny özüne birikdirýär. Onuň guran döwleti öz ady bilen Selewkler döwleti adyny alypdyr. B.e.ö. 292-nji ýylda Selewk I Spitameniň gyzyndan bolan ogly Antioh kakasynyň gündogar welaýatlaryna häkim bellenipdir. Damarynda sogdy gany urýan Antioh we onuň ogly Antioh I (283-261-nji ýyllar ) döwründe Orta Aziýa welaýatlarynda grek-makedon basybalyşlary wagtynda weýran bolan şäherler gurlupdyr. Mysal üçin, Margiýananyň merkezinde gadymy Erk galanyň töwereginde uly şäher peýda bolupdyr. Oňa Margiýana Antiohiýasy diýilýän eken. Şäheriň daşyna äpet gala aýlanypdyr. Ol gala häzir Gäwürgala ady bilen bellidir. Uzynlygy 250 km töweregi bolan pagsadan galdyrylan ol galanyň galyndylary Baýramaly şäheriniň demirgazyk sebitlerinde saklanyp galypdyr.

Gäwürgala Margiýananyň bol hasylly ýerlerini süýşýän çägeden, şol bir wagtyň özünde-de çarwa taýpalaryň çozuşlaryndan gorap saklamaga niýetlenipdir. Ol 320 gektar töweregi meýdany tutupdyr. Bu bolsa şol döwürdäki Rim şäheriniň daşyna salnan galanyň tutýan meýdanyndan hem ep-esli köpdür.

Gäwürgalanyň özi uly dörtburçlyk görnüşinde gurlup, dört tarapynda dört sany derwezesi bar eken. Şol dört derwezeden çekilen ýollar galanyň ortasynda atanak şekilli kesişip, onuň içini dört sany kwartala bölüpdir. Şol kwartallaryň ýerleşişini, olarda gurulan ymaratlary synlanyňda ilatyň durmuş gatlaklara bölünip ýaşandygyny aňmak kyn däldir. Hökümdar toparlar, gul eýeleri, täjirler öz köşklerini, kaşaň jaýlaryny beýleki ilatdan birneme üzňelikde (açyklykda) gurupdyrlar. Şäheriň günorta tarapynda hünärmentleriň

kwartaly bar eken, demirgazygynda bolsa garyp-gasarlaryň külbeleri ýerleşipdir.

Selewkler döwründe ekerançylygy ösdürmekde uly işler edilipdir. Gadymy grek taryhçylarynyň ýazmagyna görä, Margiýanada, Baktriýada, Parfiýada şäher gurluşygyndaky işlere grekler, makedonlar, Kiçi Aziýanyň we Siriýanyň ellinizmleşen, ýagny grek-gündogar garyşyk medeniýetinden emele gelen şäherleriň adamlary çekilipdir. Biziň pikirimizçe, bular diňe bir şäher gurluşygynda däl, uly suw desgalarynyň gurluşygynda-da möhüm orun eýeläpdirler. Şu döwürde Murgap derýasynyň boýunda uly suw howdany gurlupdyr. Bent gurlan bolmagy-da mümkindir. Şol suw howdany häzirki Soltanbendiň gurlan ýerlerinde bina edilipdir. Margiýanada, Horezmde täze Kanallar çekilip, suwarymly ekerançylyk has giňelipdir. Horezmde Janbas-gala, Bazargala, Galalygyz, Goýungyrlangala diýen ýerlerden tapylan küýze gaplary, terrakota heýkeljikler bu döwürde hünärmentçiligiň hem mese-mälim ösendigine şaýatlyk edýär. Şol küýze gaplarda güberçekli nagyşlar bilen atly esgerler, guşlar, düýeler, keýikler örän çeper şekillendirilipdir. Baktriýada, Parfiýada, Şogdda monetalar zikgelenip başlanypdyr. Ilki ol pullar (altyn moneta-stater: kümüş monetalar-drahma, tetradrahma) biçak gymmat bahaly bolup, diňe lomaý söwda etmäge mümkinçilik beripdir. Soňra ownuk monetalar (obollar), şol sanda mis monetalar hem zikgelenip bölek-satuw söwdanyň ýola düşmegine ýardam edipdir. Heniz Ahemeniler döwründe açylan ýollarda kerwen gatnawy indi has ýygjamlaşypdyr. Mysal üçin, Baktriýany we Hindistany Ikiderýalyk hem-de Siriýa bilen baglanyşdyrýan ýol bu ýurtlaryň arasynda diňe bir haryt gatnaşyklarynyň däl, eýsem medeni gatnaşyklarynyň-da ösmeginde möhüm rol oýnapdyr. Selewkler döwründe dolandyryş (adminstratiw) häkimlik etmekde özgertme geçirilipdir. Ahemeniler döwründen bäri dowam edip gelen satraplyklar ownuk dolandyryş birliklere bölünipdir. Şonda mysal üçin, Parfiýa üç

bölege bölünen eken: Parfiýena (häzirki Ahal sebitleri), Apawrkttikena (Etek), Astauena (Parfiýanyň günorta taraplary). Özgerşme basyp alynan ýerleri edara etmegi ýeňilleşdrmäge, şeýle hem, iri welaýatlarda separizm meýilleriniň döremeginiň öňüni almaga gönükdirlipdir. Emma merkezi häkimýete şol meýillere garşy durmak doly başartmandyr. Sebäbi D.g.-da Horezmiň, Garagumda çarwa taýpalarynyň hiç kime boýun egmän erkinligini saklap oturmagy Parfiýada, Baktriýada we beýleki ýerlerde syýasy özbaşdaklyga islegi artdyrypdyr. Onsoňam Selewk hökümdary bu döwürde G.b.-da Müsür bilen uzak we gazaply uruş alyp baryp, G.d. welaýatlardaky separtistik hereketi doly basyp ýatyrmaga güýç tapylmandyr. Şeýlelikde, b.e.öňki 250-nji ýylda Baktriýa öžbaşdaklyk gazanypdyr. Onuň yzysüre Margiýanada, Parfiýada özbaşdaklygyny yglan edipdir.

Görüşimiz ýaly, grek-makedon agalygy taryhy nukdaý-nazardan uzak dowam etmändir. Käbir taryhçylaryň tekrarlaýşyna görä, A.Makedonskiý we onuň oruntutarlary Orta Aziýada, şol sanda Türkmenistanda siwilizator, ýagny medeniýeti ýaýradyjylar bolanmyşlar. Olar bu ýerde şäher gurmagy öwredenmişler. Ýerli ilat wagşylykdan çykyp medeniýetlenenmişler. Bu, elbetde beýle däl. Olar bu ýere gelmänkälerem bu ýerde medeniýetem bardy, şäherem. Basybalyjylaryň maksady golastyna düşen halklary özlerine ruhy taýdanam tabyn etmek bolupdyr. Musal üçin A.Makedonskiý Ahemeniler döwletini, şol sanda Orta Aziýa welaýatlaryny basyp alanda bu ýerdäki zoroastrizm dininiň ulamalaryny ýoklamak barada ýörite aladalanypdyrlar. Ol bary-ýogy 2 ekzemplýarda ýazylan "Awestanyň" bir ekzemplýaryny oda ýakdyryp beýlekisini Müsüre ýollapdyr. Şondan soň geçen müň ýyldanam köpräk ýazylan ähli çeşmelerde diňe şol beýik kitabyň ýiten tekstini tapmak we öňki kaddyna getirmek barada gürrüň edilipdir. Şu bir mysalyň özem grek-makedon basybalyjylarynyň ýerli medeniýete örän ýowuz darandygyna

subutnamadyr. Diýmek, siwilizasia medeniýetinde Orta Aziýa halklary minneti diňe grek-makedon basybalyjylaryndan çekmeli däl. Biziň pikipimizçe, taryhy hakykat şeýle: ellinizm medeniýeti bilen ýerli medeniýet goşulyşyp has çylşyrymly, ýagny özboluşly täze medeniýet emele gelipdir. Ol ylaýta-da Parfiýa medeniýetiniň döremeginde aýdyň ýüze çykypdyr. Elbetde, grek-makedon agalygy döwründe ýaňy ugurlary mälim bolup başlan eken, kämil görnüşde bolsa ol Parfiýa özbaşdaklyk gazanyp, soňra imperiýa öwrülen döwründe kemala gelipdir.

***Parfiýa.***

Strabonyň ýazmagyna göra, Parfiýa ilki bir kiçiräk ýurt eken. Özem daglyk, tokaýlara bürenip oturyp, ekerançylyk ýerleri hem az eken. Şol sebäpden ýurt garyp bolup üstesine-de ilki uzak wagtlap parslara, soňra bolsa makedonlara paç töläpdirler. B.e.ö. 247-nji ýylda çarwa dah taýpalarynyň biri hasaplanýan panlar selewkilere garşy gozgalaňa başlapdyrlar. Gozgalaňa Arşak, käbir maglumatlara görä-de doganlar Arşak we Tridat ýolbaşçylyk edipdir. Selewkileriň Parfiýadaky dikmesi bilen çaknyşykda gozgalaňçylar ýeňiş gazanypdyrlar. Wakanyň bolan ýeri bilen bagly bolan döwlete Parfiýa ady berlip, oňa Arşak patyşa saýlanypdyr. Emma tiz wagtdan ol söweşde wepat bolup, tagta Tridat çykýar. Häzirki Bagyr obasyndaky Nusaý Parfiýanyň ilkinji paýtagty bolupdyr. Tridat Selewk Patyşalarynyň, şeýle hem ýurduň G.d. tarapynda dörän Grek-Baktriýa patyşalygynyň ýöriş etmeginden ätiýaçlyk edip turuw başdan harby taýýarlyga üns beripdir. Onuň döwründe Selewk II goşunlary bilen bolan söweşlerde ýeňiş gazanylypdyr, Girkaniýa Parfiýa birikdirilipdir.

Mitridat I patyşalyk eden ýyllarynda (b.e.öňki 171-138-nji ýyllar) Parfiýa gadymy dünýäniň uly dowletleriniň birine öwrülipdir. Grek-Baktriýa patyşalygy boýun egdirilipdir. Soňra Selewkiýa basylyp alnyp, Parfiýanyň serhetleri Ýewfrat derýasynyň kenarlaryna çenli giňäpdir. Ondan aňyrda bolsa

Rim imperiýasy başlaýan eken. Fraat II döwründe (b.e.öň. 138-129/8-nji ýyllar.) Parfiýa çarwa Sak taýpalary bilen agyr çaknyşyklara sezewar bolupdyr. Selewkilere garşy söweşlerde saklar Parfiýalylaryň soýuzdaşy eken. Emma Parfiýalylar Selewkilerden üstün çykyp, olaryň at-ýaragyna, hazynalaryna eýe bolanlaryndan soňra, olja paýlaşmak baradaky wadalarynda tapylmandyrlar. Aldanan saklar urşa başlapdyrlar. Olar Parfiýanyň D.g. taraplaryny talapdyrlar. Söweşleriň birinde Fraat öldürilipdir.

Mitridat II (b.e.öňki 124-84-nji ýyllar) saklary boýun egdiripdir. Sakastan (Seýistan) Parfiýa birikdirilipdir. Margiýana bilen Ariýa hem boýun egdirilipdir. Häzirki Ermenistanyň bir bölegi alnypdyr. Arşakiler dinastiýasynda ilkinji bolup, Mitridat II "Patyşalaryň patyşasy" diýen ady alypdyr. Onuň döwründe Parfiýa ilçileri Rime, Hytaýa baryp, gepleşikler geçirip gelýän ekenler. Hytaý resmi hronikasynyň maglumatlaryna görä, şol wagtlar Parfiýa ululy-kiçili ýüze golaý şäherli ägirt döwlet hasaplanypdyr.

Orod I (b.e.öňki 55-38/7-nji ýyllar) döwründe Parfiýanyň şan-şöhraty ýetjek derejesine ýetipdir. Emma Parfiýanyň barha güýçlenip öz serhetlerine aralaşmagy, Rim imperiýasyna ýaramandyr. Iki imperiýanyň arasynda uzaga çeken uruş başlanypdyr. B.e.öňki 53-nji ýylda Demirgazyk Mesopotamiýada Karra şäheriniň golaýynda Parfiýa serkerdesi Suren bilen Rim serkerdesi Krassyň arasynda uly söweş bolupdyr. Söweşde Krassyň goşunlary derbi-dagyn edilip, özi bolsa öldürilipdir. Rimlilerden 10 müň adam ýesir alnyp, Margiýana iberilipdir. Ýesirler şol ýerde onlarça ýyllaryň dowamynda dürli işlerde işledilipdir. Karra söweşinde gazanylan ýeňişden soň Parfiýanyň paýtagty Tigr derýasynyň çep kenaryndaky Ktesifon şäherine geçirilipdir, imperiýanyň serhetleri bolsa Siriýany, Kiçi Aziýany, Palestinany hem öz içine alyp, has günbatara tarap süýşüpdir.

B.e.öňki 30-njy ýyllardan başlap, Parfiýa syýasy we ykdysady taýdan gowşap ugrapdyr. B.e. I asyrynyň birinji ýarymynda imperiýanyň gündogarynda gadymy Baktriýa topragyndan örňän Kuşan döwleti emele gelipdir (Oňa taryhda beýik Kuşanlar döwleti hem diýilýär). 61-nji ýylda Girkaniýa Parfiýadan awtonomlyk hukugyny alypdyr. Biraz soňra Margiýana özbaşdaklyk gazanypdyr. I asyryň ikinji ýarymynda we II asyrda Parfiýa öz bäsdeşleri gündogarda Kuşan, günbatarda Rim imperiýalaryna garşy ençe gezek urşa girmäge mejbur bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde çarwa saklaryň çozuşlary dowam edipdir. Üstesine-de zorluk bilen birikdirilen welaýatlarda ýerli aristokratiýanyň wekilleri özbaşdaklyga ymtylypdyr. Imperiýada baş-başdaklyk başlanypdyr. Parfiýa halys güýçden gaçyp, 224-nji ýylda döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edipdir. Şol döwürde Persida (Pars) welaýatynda häkimýet sasaniler nesliniň eline geçipdir. Olar eýranlylaryň Sasanylar döwletini esaslandyryp, dargan imperiýanyň köp bölegini özlerine birleşdiripdir.

Mälim bolşy ýaly, iki eranyň sepgidinde bäş asyra golaý ýaşan Parfiýa imperiýasy taryhda uly yz goýupdyr. 1948-1956-njy ýyllarda akademik M.Ýe.Masson tarapyndan imperiýanyň paýtagty Nusaý şäheriniň harabaçylygynda, has takygy Köne we Täze Nusaý galalarynda gazuw-agtaryş işleri geçirildi. Arheologik barlaglary soňky ýyllarda hem dowam etdirildi. Galalaryň ikisem baýyrlykda gurlupdyr, ýagny olary bina etmekde tebigy relýef peýdalanylypdyr.

Täze Nusaý üç bölekden ybarat meýilnamada (planda) gurlupdyr: sitadel şäher we şäher etegi. Şäher 18 gektar meýdany tutupdyr. Şäheriň günorta-günbatar tarapynda garyp-gasarlar ýaşapdyr, demirgazyk-gündogarynda bolsa barly gatlaklaryň kwartallary ýerleşipdir. Täze Nusaýyň 2,8 km demirgazygynda ýerleşen Mansur depede Parfiýa döwrüne degişli ymaratyň üsti açyldy. Çak edilişine görä, ol ybadathanalar kompleksi bolupdyr. Täze Nusaýda soňky

döwürlerde hem, tä XYI-XYII asyrlara çenli durmuş dowam edipdir.

Köne Nusaý belentlikde tagaşyksyzrak bäşburçlyk görnüşinde (baýryň durşuna görä) gurlan haýbatly gala 14 gektar meýdany tutupdyr. Galanyň diwarynyň galyňlygy 8-9 metre ýetip, ol goşmaça 43 sany gönüburçly diň bilen birikdirilipdir. Köne Nusaýdaky jaýlar esasan iki (demirgazyk we günorta) kompleksde jemlenipdir. Demirgazyk kompleksde hazyna, çakyr saklanýan we beýleki hojalyk jaýlary bolupdyr. Günorta kompleksde köşk we ybadathana jaýlary ýerleşipdir. Patyşanyň köşgi onlarça uly we kiçi jaýlardan ybarat eken. Şolaryň arasynda meýdany 400 kw metr bolan ägirt inedördül audiýens-zal (resmi kabulhana) has dabaraly görnüpdir. Audiýens-zalyň galyň diwarlary iki ýarusdan (bölekden) ybarat bolup, aşaky bölek ak reňk, ýokarky bölek gyrmyzy reňk bilen reňklenipdir. Ilki gurlanda audiýens-zalyň ortasynda adaty sütünler bolup, diwaryň uzaboýuna göni burçly dekoratiw plýastrlar (dik çykgytlar) bar eken. Soňra onuň interýeri düýpli üýtgedilipdir. Adaty sütünleriň deregine dört sany has berk goşa sütün gurlupdyr. Dört diwaryň hersiniň uzaboýuna ýarym sütünlerden 6-sy ýerleşdirilipdir. Bularyň gurluşygynda ýörite galyplarda guýulan bişen kerpiçler ulanylypdyr. Diwaryň ýokarky, ýagny ikinji ýarusynda daşy ýarym sütünler bilen çarçuwalanan erkek we aýal adamlaryň heýkelleri goýlupdyr. Audiýens-zalyň sütünleriniň gurluşynda we heýkelleriň ýasalyşynda ellinizm däplerine çalymdaşlyk duýulýar.

Imperiýa ýykylyp paýtagta galagoply pursatlar dörän mahaly audiýens-zaldaky köp bezegler, şol sanda heýkellerem weýran edilipdir, olaryň ýüzleri bilkastlaýyn döwülip, käbirleriniň el-aýaklary bolsa hatda goňşy otaglara taşlanypdyr. Bölek-büçeklerden çen tutsaň zalda 10-a golaý heýkel bar eken. Çak edilşine görä, bu heýkeller arşakylar dinastiýasynyň hudaýlaşdyrylan patyşalarynyň we olaryň aýallarynyň şekili bolupdyr.

Günorta komleksde iki sany tegelek ymarat (tegelek zal we minara) bina edilipdir. Tegelek zalyňam ýokarky ýarusynda heýkeller goýlan tekjeler bolan bolmagy mümkin. Minaranyň beýikligi 8 metr bolup, depesinde kiçiräk altar goýlupdyr. Köşk we ybadathana jaýlarynyň gündogar tarapyndan galanyň merkezine çykylýan ýerde üç sany howuz bolupdyr. Howuzlaryň düýbi häzirem mese-mälim bildirip dur.

Demirgazyk kompleksde jaýlaryň arhitektura keşbi başgaça planda gurlupdyr. Bu ýerde eýýäm köşk gurluşygyndaky kaşaňlyk duýulmaýar. Oňa derek jaýlar praktiki ähmiýetine görä, amatly edilip gurlupdyr. Aýratynam, hazynanyň gurluşyna özboluşly arhitekturasy ünsi özüne çekýär. Ol ortarasynda howlusy bolan uly inedördül jaý (60x60m) 12 sany gönüburçly otaglardan (içki howlynyň her tarapynda 3 otag) ybarat. Her 3 otag özara geçelge bilen baglanyşdyrylan, ýöne howla çykalga diňe käbirinde goýlupdyr. Howludan tutuş jaýyň daşyna çykmak üçin bolsa, ýeke-täk insiz koridor edilipdir. Hemme gapylar berk ýapylyp, Parfiýa möhürleri bilen möhürlenipdir. Daşyna-da kerpiç üýşürlipdir. Munça seresaplylygyň näme üçin gerek bolandygy jaýdaky saklanan zatlary göreniňden soň öz-özünden mälim bolýar: otaglaryň birinde mermerden ýasalan heýkeller, ikinjisinde piliň süňkünden (şirmaýydan) ýonulyp bejerilen nepis zatlar, üçünjisinde kümüş hem bürünç gap-gaçlar bar eken. Häzir Sankt-Peterburg ermitažynda we Türkmenistanyň muzeýinde saklanýan meşhur Parfiýa ritonlary hem şol otaglaryň birinden tapyldy. Hazynanyň töwereginde hojalyk ähmiýetli jaýlar, şol sanda uly çakyr sklady gurlupdyr. Onda köpsanly çakyrly humlar saklanypdyr. Her humuň gapagynda milli gara syýa bilen şol huma degişli maglumatlar ýazylypdyr. Mysal üçin, bir gapakdaky ýazgyda şeýle sözler bar: «Şu huma Segabiçiň mülkündäki üzümçilikden salgyt alnan 15 metr kub çakyr salyndy. Ony Bruhmehan obasyndan çakyr getiriji Weýborjan äkeldi. Getirlen wagty 179-njy ýyl». Köne

Nusaýdan şeýle dokumentleriň iki müňe golaýy tapyldy. Ol resminamalarda Parfiýanyň hojalygynyň ýagdaýy, administratiw gurluşy, ilatynyň ýerleşişi barada gymmatly maglumatlar duş gelýär.

Parfiýada resmi din Zoroastrizm bolupdyr. Onuň gumanistik häsiýetli ideallary tutuş Parfiýa jemgyýetine özüniň ynsanperwerlik öwüşginlerini çaýypdyr. «Awestada» eli hünärli adamlara «gul-igdigine» garamazdan uly sarpa goýlupdyr. Onuň esasy ýörelgesi durmuşda haýyr bilen şeriň özara barlyşyksyz göreşinde haýyr iş edýäne söýget bermek, ynsan kalbyny päklemek, bet gylyklary ýoklap, ýagşy niýetleri oýarmak bolupdyr. Bu hakda öňem aýdypdyk, ýene bir gezek ýatlaly: adam zähmetini, on barmagyň hünärini wasp etmekde dünýä dinleriniň hiç birisi Zoroastrizmiň deňine ýetmändir. Hut şol sebäpli Parfiýadaky Rimdäki ýa-da Gresiýadaky ýaly, gullara «janly gural» hökmünde däl-de, «tabyn müşderi», başgaça aýdylanda, erkin däl, emma adam hokmünde garalypdyr. Bu Parfiýa jemgyýetiniň, onuň ruhy medeniýetiniň gürrüňsiz artykmaç taraplarynyň biridir.

Emma taryh ylmynda köp wagtlaryň dowamynda Parfiýa medeniýetiniň äsgerilmän kä halatlarda bolsa inkär edilip gelinendigi mälimdir. Mysal üçin, XIX asyr fransuz alymy M.Dolfuanyň pikiriçe, parfiýalylar “gaty gödek hem wagşy adamlar” bolup, olar “sungaty döredijі dälde ýoýujydyr”, tutuş Parfiýa medeniýeti barasynda aýdylanda bolsa ol ahemeniler bilen sasanyler medeniýetiniň arasynda ýöne bir sandyr. Nemes alymy E.Gresfoldyň pikirem şondan oňly däl. Oňa ynansaň “Parfiýalylarda originallyk yokmuş, olar medeniýetiň we sungatyň ugur tärlerini saýlamakda ellinlere öýkünenmişler”, gödegräk aýdylanda, şolardan göçürenmişler. Aý, garaz, Parfiýa sungaty ýatlanyňa degmeýän bir çig-çarsy zat-da...

Hakykat ýüzünde bolsa Parfiýa sungaty ýöne bir gury san ýa-da göçürlen bir zat däl-de ýerli däplere eýerilip,

ellinlerden hem-de hindidir hytaýlardan öwrenilenlere döredijilikli çemelişilip döredilen özboluşly täze sungatdyr. Sözümiziň gury bolmazlygy üçin bir mysala ýüzleneliň. Dünýä belli Parfiýa ritonlarynyň ýüzüne çekilen olimpiýa hudaýlarynyň şekilleri grek sungat däplerine eýerilmeginiň gözli şaýadydyr. Şol bir wagtyň özünde ritonlaryň şah şekilli bolmagy, galyberse-de, olaryň daýanç bölegininiň gündogara mahsus ganatly guşuň (grifonyň), ganatly adam-öküziň görnüşinde bolmagy Parfiýa sungatynyň hiç-kime öýkünmän ösendigininiň alamatydyr.

Parfiýanyň öz taryhçylary, taryhy edebiýaty bolupdyr. Ýöne olaryň ýazan işleri biziň günlerimize gelip ýetmändir. Parfiýanyň  çeper edebiýatam bar eken. Emma olam tutuşlygyna diýen ýaly ýitip gidipdir. Her niçikde bolsa şol edebiýatyň täsiri Abulkasym Ferdöwsiniň genial eseri bolan “Şanamanyň” käbir bölümlerinde öz beýanyny tapypdyr. Alymlaryň çaklamalaryna görä, eserdäki Rüstem pälwanyň keşbi sak-parfiýa durmuşyndan alnypdyr. Rüstem Zalyň we eserdäki beýleki legendar gahrymanlaryň beýik Magtymgulynyň goşgylarynda öwran-öwran ýatlanýandygy bellidir. Magtymguly Ferdöwsä halypasy hökmünde garadyr, onuň rowaýatlar ummany – “Şanamasyndan” ylham alypdyr.


1
2
3
4
6
7
5
8
9
10
11
12
13

Parfiýa goşunlarynyň gurluşy, harby taktikasy hem ellinistik döwletleriňkiden düýpli tapawutlanypdyr. Ellinlerde goşunyň esasyny pyýada goşun düzen bolsa, Parfiýada atly goşun düzüpdir. Parfiýa goşuny ýeňil ýaraglanan (ok ýaýly) hem-de agyr ýaraglanan (naýzadyr gylyç-galkanly) atlylardan ybarat eken. Pyýada goşun bolsa köplenç garawulçylyk, tertip-düzgüne gözegçilik etmek wezipesini ýerine ýetiripdir. Agyr ýaraglanan atly goşun Parfiýa goşunynyň ujypsyzja bölegini tutup, olar aristokratiýanyň wekilleri bolupdyr. Olaryň özlerem, atlaram mis ýa-da bürünçden ýasalan goranyş esbaplary bilen goragly eken. Grekler olara “katafraktariler” diýen bolsa, Parfiýada “endamyna şikes ýetmedikler” diýipdirler. Gadymy rim taryhçysy Ýustiniň ýazmagyna görä, ýeňil ýaraglanan atlylar Parfiýa goşunynyň aglaba köpüsini düzüpdir. Olar esasan gullardan ybarat bolupdyr. Parfiýada guly azat etmäge hiç kime rugsat berilmändir. Ýöne geň tarapy: parfiýalylar gul çagalary hakda-da edil öz çagalary ýaly alada edipdirler, olara at münmegi, ýaýdan ok atmagy we ş.m. öwredipdirler. Parfiýaly näçe gurply bolsa şonça-da patyşa goşunyna köp esger beripdir, şonçaragam onuň patyşanyň ýanynda, tutuş jemgyýetde hormaty tutulypdyr. Şu jähtden seredilende, Parfiýa gul eýeçilik döwleti diýilse-de, bu ýerde gulçulygyň özboluşly aýratynlygy bardyr. Ol Rimdäki ýa-da Gresiýadaky nusgawy gulçulykdan düýpli tapawutlanýandyr.

Parfiýalylaryň rimliler bilen söweşini gözleri bilen gören rim taryhçysy Plutarhyň ýazmagyna görä, parfiýa atlylary uzyn donly bolupdyr. Olar duşmana golaý gelenlerinde goşun serkerdesi elini galdyryp duýduryş (signal) beripdir welin, tutuş daş-töwerek ala-zenzele bolupdyr. Ol deprekdir we ş.m. beýleki gurallardan çykan batly ses zähräňi ýarara getiripdir. Garaşylman durka çykan eýmenç sese duşmanyň aýagy sandyrapdyr. Edil şol wagt esgerler uzyn donlaryny sypyrypdyrlar weli özleriniň hem-de atlarynyň üstüne örtülen

metaldan ýasalan goraýjynyň esbaplary güne lowurdap duşmanyň gözüni gamaşdyrypdyr.

Parfiýalylaryň harby sungaty söweş hereketlerinde çaltlyga esaslanypdyr. Olar haýal-ýagallygy ýa bolmasa ähli güýji bir galanyň daşyna üýşürip gabap ýatmagy halamandyr. Parfiýalylaryň ýörgünli taktikasy ýeňil ýaraglanan atlylar bilen tüweleý ýaly çalt hüjüm etmek we duşmanyň aýak ýeterinden daşrak aralykdan onuň üstüne ok (ýaýdan) ýagdyrmak bolupdyr. Olar duşman bilen garpyşanlarynda uzak söweşmän, birden yza serpilip, gaçan bolýar ekenler. Bu ýagdaýa duşman äm-säm bolup durka ýene-de täzeden hüjüme geçilipdir. Şol pursatda agyr ýaraglanan atlylaram söweşe girýär ekenler. Şeýle psihologik hüjümden soň söweşiň ykbaly köplenç parfiýalylaryň peýdasyna çözülipdir. Şol söweşleriň birinde bolan ýagdaýy Plutarh şeýle beýan edýär: “...parfiýalylar tarapyndan dar ýere gabalan rimliler bir-biri bilen çakyşyp, duşman tarapyndan urlan zarba çydam edip bilmediler. Olar bedenine çümen peýkamlaryň çekip çydardan çökder agyrysyndan ýer bagyrtlap, towlam-towlam bolup iki ýana urunýardylar”. Parfiýalylaryň harby sungaty, söweş taktikasy hakda aýdylanda Göroglynyň “it urşy” barada aýdanyny ýatlanyňy duýman galýarsyň. Üns beriň, ol näme diýýär:

“Menem bu urşy itden öwrendim,
Gähi gaçyp, gähi kowmagyň gerek”.

Aslyýetinde bolsa “it urşy” gör, kimden öwrenen eken! Ýene-de Göroglydan: “Gaçyşym bar, kowuşyma bermenem”. Bu ýerde şol bir taktika hakda gürrüň gidýändigini aňlamak kyn däldir. Parfiýa serkerdeleriniň ylhamyndan çykan bu sungat, gör, näçe nesillere kuwwat berip, näçe ömürleri aman saklapdyr?! Seniň çeşmäňe bereket! Parfiýalylaryň gazanan ýeňişlerinde olaryň söweş taktikasy bilen bir hatarda kowsa ýetýän, gaçsa gutulýan gamyş gulak bedewleri ägirt uly rol oýnapdyr. Belli atşynas professor W.O.Wittiň ýazmagyna görä,

häzirki zaman türkmen atlary genetiki taýdan şol parfiýa atlarynyň nesilleridir.

Biziň pikirimizçe, Parfiýada gullara özboluşly adamkärçilikli garaýyş ýurtda hojalygyň ýokary göterilmegine has aýgytly täsir edipdir. Mysal üçin, rim serkerdeleri Krassyň (b.e.öňki 53-nji ýyl) we Antoniniň (b.e.öňki 37-nji ýyl) goşunlary ýeňilenden soň Margiana iberlen müňlerçe rimliler diňe oazisi çarwalaryň çozuşlaryndan goraman, eýsem uly ymaratlary, suw desgalaryny gurmaga we beýleki hojalyk işlerine-de gatnaşypdyrlar. Olardan ençemesi bu ýerde maşgalaly bolup nesil öndüripdir, köp ýyllardan soň yzyna dolanmaga mümkinçilik dörände-de, yzyna dolanman galypdyr. Margianadaky suwaryş kanallarynyň gutarnykly ulgamy şolaryň kömegi bilen emele gelipdir. Bu döwürde Merw ( Margiana Antiohiýasy) diňe bir Margianada däl, Parfiya imperiyasynyň demirgazyk gündogar welaýatlaryndaky iň uly şähere öwrülipdir. Gadymy Rim taryhçysy Klawdiya Ptolemeý Margiýananyň şäherleri hakda söz açyp, olaryň sanyny dokuza ýetiripdir. Şolardan ençemesi Parfiýa döwründe gurlupdyr. Häzir Türkmenabat diýip atlandyrylýan gadymy Amul şäheri hem şol zamanda gurlan bolmaly. Köp şäherlerde äpet ymaratlar bina edilip, daşyna gala salnypdyr. Dag eteklerinde kärizler gurulsa, oazislerde kanallar çekilipdir. Bu uly işleri durmuşa geçirmekde gul zähmeti giňden ulanylypdyr.

Köne Nusaýdan tapylan hojalyk dokumentlerinden belli bolşuna görä, Parfiýada miweli baglaryň, üzümçilik plantasiýalarynyň giden meýdanlary emele gelipdir, Häzirki Ahal, Etek, Sumbar sebitlerinde üzümden bol hasyl alnyp, ondan patyşa köşgi üçin ýokary hilli çakyrlar ýasalypdyr. Bugdaý, arpa meýdanlary artypdyr. Adamlaryň durmuşynda uly özgerişlik döreden el degirmenleri hem şol zamanlarda ýüze çykypdyr. Merwdan we Könegaladan (Aşgabadyň etegindäki Köşi obasyndaky) b.e. III asyra degişli el degirmenleri tapyldy. Ozal daş owguçda (зернотёркада)

owulan däneden näme bişirendiklerini anyk aýtmak kyn. Belki, ýarmadyr dänik ýaly zatlar bişirip mydar edendirler, ýöne indi degirmenden çykan unuň peýda bolmagy bilen ýalpyldap duran çörekleriň bişirilip başlanandygyny çaklamak mümkindir. Biziň pikirimizçe, häzirki türkmen tamdyrlarynyň-da has ýönekeýje görnüşleri baryp şol zamanlarda ýüze çykypdyr.

Parfiýada şäher gurluşygynyň giň gerime eýe bolmagy bilen imperiýada gurluşyk materiallarynyň (gipsiň, gök çägäniň, horasan mermeriniň, nişapur pöwrizesiniň, dag hurstalynyň) gazylyp alnyşy artypdyr. Mineral reňkleriň öndürilişi köpelipdir. Parfiýada kükürt,nebit, demir hem çykarylypdyr. Aýratyn hem margiana demiri özüniň ýokary hili bilen tapawutlanypdyr (demiriň köp bölegi Parfiýanyň Astauena welaýatynyň Tus şäheriniň golaýyndan çykarylypdyr). Margiana demiri täzeden işlenende gara öwsüp duran polada öwrülýär eken, ondanam gynyndan çykarylanda gözüňi gamaşdyryp barýan gylyç, galkan ýaly zatlar ýasalypdyr. Margiana demiri Rim bazarynda hem geçginli harytlaryň biri bolupdyr.

Parfiýa gündogarda Hytaý, günortada Hindistan, günbatarda Gresiýa, Müsür, Rim aralygynda emele gelen “beýik ýüpek ýolunyň” ugrunda ýerleşip, dünýä siwilizasiýasynyň bu gadymy ojaklarynyň arasynda özboluşly köpri bolup hyzmat edipdir. Keşpli aýdylanda, şol köprüden diňe bir haryt däl, ylym, medeniýetdir sungatam geçipdir. Şonuň üçin ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşen Nusaý, Merw, Amul we beýleki şäherler gülläp ösüp, öz döwrüniň uly ylmy we medeni merkezlerine öwrülipdir.

Adatça bolşy ýaly, uzak ýurtlaryň arasynda kiçiräk kerwenleriň birikmeginden emele gelen uly kerwenler gatnapdyr. Ýany ýaragly atlylar bilen goralýan bu kerwenleriň ýurt aşyp yzyna dolanyp gelmegi üçin ençeme aý, kä halatlarda ýyl gerek bolýar eken. Mysal üçin, Parfiýa Hytaýdan şeýle uly kerwenleriň ýylda 5-12-si gelipdir. Parfiýa täjirleri hytaý, hindi

harytlaryndan her ýylyň sentýabrynda Mesopotamiýanyň Batnu şäherinde geçirilýän gündogar harytlarynyň sergisine äkidipdirler. Olar bu ýerde siriýa, grek, rim täjirlerine gök, ýüpek, hindi nah matalaryny, gymmat baha daşlary, margiýana hem hindi demirinden ýasalan önümleri, pil süňküni, ýakymly ysly zatlary satypdyrlar. Parfiýa täjirleriniň kerwenleri Arabystana, Palestina, hatda Müsüre-de baryp ýetipdir. Hytaý çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, parfiýa täjirleri halkara söwdasyny diňe kerwen ýollary boýunça däl, derýadyr deňiz arkaly-da alyp barypdyr. Mysal üçin, Merwden Sogda, Toharystandan (Termez, Balh sebitleri) Horezme gidýän ýollaryň çatrygynda ýerleşen Amulda öz söwda gämileri bolan täjirler hem ýaşapdyr. Olaryň gämileri Amyderýada gatnapdyr. Parfiýa harytlarynyň Gara deňizden geçip, onuň demirgazygyndaky gadymy grek şäherlerine hem baryp ýetendigini mälim edildi.

Elbetde, parfiýa täjirleri çet ýurt harytlary bilen birlikde öz ýurtlarynda öndürilen harytlardan ýüküni tutupdyr. Parfiýada altyn-kümüşden, gymmat baha daşlardan, pil süňkünden, metaldan, küýzeden her dürli önümleri öndürýän ussahanalar bolupdyr. Şol ussahanalarda ezber senetkärleriň müňlerçesi işläpdir. Margiýana demirine we demir önümlerine, syrçaly daş çanaklara, nepis halylara we beýleki önümlere dünýä bazarynda ýokary bahalar kesilipdir. Hasam beter parfiýa halylaryna uly isleg bildirilipdir. Şol halylarda ak, gara, gyzyl reňkler ulanylypdyr. Häzirki türkmen halylarynda hem bu reňkleriň ulanylýandygy bellidir. Ozal ýatlanyp geçilen Pazyryk halysy-da şol zamanlarda şu töwereklerde dokalan haly bolmaly. Diýmek, diňe reňkler däl, nagyşdyr göllerde hem mirasdarlyk saklanypdyr.

Parfiýada haly sungaty bilen bir hatarda sungatyň beýleki görnüşleri ýokary derejä ýetipdir. Mysal üçin, heýkeltaraşlyk sungaty biziň günlerimize dürli görnüşlere gelip ýetipdir. Heýkelleriň ýasalyş usullary-da dürli-dürli (palçykdan

ýasamak, daş kesip ýa-da gyryp ýasamak, metaly eredip galypa guýup ýasamak) bolupdyr. Köne Nusaýdaky inedördül audiýens-zalyň we ybadathananyň bezegi hökmünde goýlan heýkeller adam boýundanam uly bolupdyr. Olar örän ussatlyk bilen ýasalyp, ähli proporsiýalarynyň sazlaşyklylygy bilen tapawutlanypdyr. Heýkeller belli bir umumylaşdyrylan şekilde ýasalyp, açyk reňkler bilen reňklenipdir. Bişirlen palçykdan hudaýlaryň, adamlaryň, haýwanlaryň şekillerini aňladýan ownuk heýkellerem ýasalypdyr. Bu sungat esasan hem Margiýanada ösüpdir. Parfiýada we onuň töweregindäki welaýatlarda gliptika, ýagny daşyň ýüzüni haşamlamak süngatyna uly üns berlipdir. Ol nagyşlanyp ýasalan nepis önümler bezeg şaý-sepleri, doga-tumar, ýüzükde bejerilen şahsy möhür hökmünde ulanylypdyr. Köne Nusaýdan ýüzi haşamly daşlaryň (gemmalaryň) ençemesi, şahsy möhürler basylan şekilleriň-de onlarçasy tapyldy.

Parfiýada her hili metaldan dürli galyplara guýubam sungat eserleri ýasalypdyr. Bir galypda metaldan ýüzi ýygyrt-ýygyrt bolup duran dar maňlaý, myşyk burun adam şekili guýulypdyr. Başga birinde üzüm haşalary, ýene birinde jojuklaryny emdirip duran doňuz şekili ýasalypdyr. Parfiýa zamanyna degişli Mansur depeden tapylan žiwopis eserleri (portretler) hem täsindir. Olaryň arasynda bir aýal portreti (oturan şekili) sungaty öwrenijileri hasam haýran galdyrdy. Ol surat humuň daşyna (ýüzüne) çekilipdir. Ýüzüne göni tomaşaça bakyp duran bu portretde aýalyň tegelek ýüzi, gyýma gaşlary, ullakan gözleri, uzyn boýny aýdyň şekillendirilipdir. Şekiliň burny we dodaklary çalaja çyzylan çyzyklar arkaly aňladylypdyr. Onuň kellesinde tegelek we pesräk başgap bolup, başgabyň aşak çetini zenan zülpi bezäpdir. Ol başgap häzirki zaman türkmen zenanlarynyň börügini ýada salýar. Şekil tutuşlygyna tolkunly çyzyklar we tegelekler arkaly bezelipdir. Aýalyň gulaklarynda uly we tegelek gulakhalkalary bar.

Portretde aýalyň boýny göni egninden iki sany parallel çyzyklar arkaly bölünýär. Ol çyzyklar köýnegiň ýakasyny ýatladýar. Häzirki türkmen zenanlarynyň ýakasy hem şol görnüşdedir. Suraty çeken hudožnik Nusaý mekdebinden bolandyr diýip çaklamak mümkin. Çünki ol portret çekmekde ellinleriň çylşyrymly tärlerini däl-de, ýönekeýje usullary ulanyp ýerli real görnüşi şekillendiripdir. Has takygy, suratda kölege we goşmaça ştrihler arkaly çekilýän bezegler ýok, oňa derek üznüksiz çyzyk arkaly ýaş aýalyň ajaýyp şekili gutarnykly eser hökmünde döredilipdir. Aýalyň ýüzünde asyllylyk, oturyşynda edeplilik duýulýar. Çyzyklaryň gyradeň getirilişi hem göwnejaý. Surat edil janly ýaly, synladygyňça synlasyň gelýär. Onuň ullakan gözleri bu täsiri hasam güýçlendirýär. Gözüniň göreçleri biraz çepe seredýär, nazary asuda, bu bolsa zenanyň öz mertebesini belent saklandygyndan habar berýär. Belki, bu asylzada görnüşli şekil öz zamanasynda meşhur bolan bir şahsyýet suratydyr? Ýöne onuň haýsyda bolsa bir aýal hudaýynyň şekili bolmagy-da mümkindir.

Şeýlelikde, gadymy Parfiýa, Margiýana, Girkaniýa (Dehistan), bir söz bilen aýdylanda Günorta Türkmenistan adamzat taryhynda mynasyp orny bolan özboluşly Parfiýa medeniýetiniň we sungatynyň ýüze çykmagynda hem-de ösmeginde uly orun eýeläpdir. Şu ýerde Parfiýa baradaky söhbete nokat goýulsa-da bolardy. Emma ýene bir aýtmaly zat galyp barýar. Ol biziň göz-guwanjymyz Aşgabadyň ady we ýaşy baradaky mesele. Aşgabadyň ady “Aşyk abat” sözünden diýlip, 1981-nji ýylda şäheriň ilkinji kerpijiniň goýlanyna 100 ýyl bellenip geçildi. Ýöne, biziň pikirimizçe, bularyň hiç birem hakykata laýyk gelmeýär. Aşgabadyň ortasynda “Gorka” atlandyrylýan gadymy ýadygärlik bardy. Bary-ýogy 30-35 ýyl mundan öň bolsa şäheriň demirgazyk böleginde “Düýedepe”, gündogarynda-da “Ýaşyldepe” atly ýadygärlikler bar eken. Ýazyjy A.Welisaparyň çaklamasyna görä, şu ýadygärlikler gadymy Arşak şäheriniň galyndylary bolmaly. Bu ýerde

b.e.öňki 247-nji ýylda ilkinji Parfiýa patyşasy Arşak täç geýipdir. Ol şähere gadymy ýazgylarda Asaak şäheri diýilipdir. Emma ýazgyda nätakyklyk göýberilipdir: dogry ýazylanda Arsak bolmaly eken. Aşgabada hem hatda XX asyryň başlarynda-da Asgabat diýilýär eken. Ýazyjynyň pikiriçe, Aşgabat Aşgabat bolup bilen bolsa, Arsagyň-da Arşaga öwrülmegine geň galyp oturasy iş ýokdur. Şäher ilki dörände onuň ady Arsak (Arşak), soňky asyrlarda oňa “abat” sözi goşulyp Arşakabat, indem Aşgabat bolupdyr. Eger Arşak patyşanyň täç geýen ýylyndan hasap edilse, onda Aşgabadyň düýbüniň tutulanyna 100 ýyl däl-de, 2,5 müň ýyla golaý wagt geçipdir. Elbetde, ýazyjynyň çaklamasy entek ylmy esasda derňelmäge degişlidir. Ýöne onuň boş zat däldigi, böwrüňi diňledýändigi ünsden düşürilmeli däldir.

***Horezm***

Parfiýa zamanynda Günorta Türkmenistan barada şu aýdylanlar bilen çäklenip, indi Türkmenistanyň demirgazyk we gündogar etraplaryndaky ýagdaýa ser salalyň. Şol döwürde demirgazykda Horezm, gündogarda Kuşan (b.e.I-IV asyrlary) döwletleri gülläp ösüpdir. Parfiýada bolşy ýaly, bu döwletlerde hem köp sanly şäherler gurlupdyr, senetçilige giň gerim berilipdir. Horezmde Galalygyr, Goýungyrlangala we beýleki şäherlerde bu döwürde hem ýaşaýyş bar eken.

Gandymgala, Maňňyrgala, Toprakgala, Könewas (Daşoguzyň 65 km demirgazygynda) ýaly täze şäherler döräpdir. Häzirki güne çenli ady türkmenleriň dilinden düşmän gelýän Şasenem galasy, Akjagelin galasy hem şol döwürde gurlupdyr. Dowdan, Çermenýap kanallarynyň ugrunda uly ýer massiwleri açylypdyr, täze Könewas, Maňňyr kanallary gurlupdyr. Hünärmentçilikde külalçylyk (keramika) ýokary derejä ýetipdir. Gap-gaçlary aýakly tagalekde galyplamagyň, ýagny olara galypda daş görnüş bermegiň tehnikasy özleşdirilipdir. Şeýle usulda ýuka daşly, sypaýy gap-gaçlar ýasalyp, olar gyzyl, goňur, käbirleri bolsa gara reňkli nagyşlar

bilen bezelipdir. Häzir Moskwanyň taryh muzeýinde we Sankt-Peterburgyň antropologiýa we etnografiýa muzeýinde Horezmiň gadymy külalçylyk (keramika) önümleriniň tutuş kolleksiýasy saklanýar. Olar örän ussat külalçylaryň elinden çykypdyr, ýasalşynda, bezelişinde kemi ýok. Köp ýyllaryň dowamynda Horezm arheologik-etnografiýa ekspedisiýasyna ýolbaşçylyk eden we "Gadymy Horezm" (Moskwa, 1948) diýen düýpli monografiýany ýazan akadamik S.P.Tolstowyň pikiriçe, şol ezber elli külallaryň gullary bolan bolmagy-da mümkindir.

Horezmde zoroastrizm dinine uýlupdyr. Otparazlaryň däbine görä, ölen adamyny jaýlamaýar ekenler. Jeset etden-gandan arassalanyp diňe süňki galan soň, ony bişirlen palçykdan ýa-da daşdan ýasalan süňk gaplarda - ossuariýalarda goýupdyrlar. Horezmliler "Awestada" tarypy ýetirlen ekerançylygyň we hasyllylygyň hudaýy Anahita çokunypdyrlar. Bu aýal hudaýyň keşbi 30 gunduzyň derisinden tikilen päkize geýimde, maňlaýy altyn egmeli, gulakhalkaly boýny dür monjukly göz öňüne getirilipdir. Horezmden tapylan terrakota heýkellerde Anahita hut şeýle görnüşde şekillendirilipdir. Ýeri gelende aýtsak, gunduz palto, altyn egmedir gulakhalka, dür monjuklar häzirem türkmen zenanlarynyň iň arzyly zynatlarydyr.

Horezm ekspedisiýasynyň barlaglary netijesinde, şol döwürde Horezmiň Türkmenistanyň ähli sebitleri bilen söwda aragatnaşygyny saklandygy subut edildi. Garagumuň üstünden geçýän kerwen ýollary bu topragy Murgabyň aşak akymlary, Ahal, Etek, Etrek sebitleri bilen baglanyşdyran bolsa, derýa ýoly Amul, Kerki töwerekleri bilen baglanyşdyrypdyr. Sebäbi, şu ady tutulan ýerleriň hemmesinden Horezm külalçylygyna mahsus gap-gaçlar ýüze çykaryldy.

B.e. I asyrynda Horezmi Kuşan döwleti basyp alypdyr. III asyrda Horezm ýene-de özbaşdaklyk gazanypdyr. Ýurtda merkezleşdirilen döwlet apparaty has pugtalanypdyr. Serhet

ýakalarynda berkitmeler gurlupdyr. Oazisi daşky çozuşlardan goramak üçin güýçli goşun saklanypdyr. Amyderýanyň sag kenaryndaky Toprakgalada geçirlen gazuw-agtaryş işleri Horezm arhitekturasynyň ajaýyp nusgalaryny ýüze çykardy. Horezm şasynyň köşgünde giň zallardyr otaglar bolup, olaryň diwarlary dürli reňkli suratlar, nagyşlar bilen bezelipdir. Ol suratlarda zenan maşgalalaryň ýüzleri, arfa çalyp duran aýalyň keşbi has ussatlyk bilen şekillendirilipdir. Toprakgaladan ýokary çeperçilik derejesinde ýasalan aýal heýkelleri-de tapyldy. Çak edilişine görä, olar Horezm şalarynyň aýallarynyň heýkelleri bolupdyr. Olaryň özleriniň şekilleri bolsa Horezmde zikgelenen monetalaryň ýüz tarapynda görkezilipdir.

Toprakgaladan şa köşgüniň arhiwiniň galyndylary hem tapyldy. Şol dokumentlere esaslanyp, gadymy Horezmiň arameý elipbiýine golaý, emma öz ýazuwynyň bolandygyny aýdyp bolar. Bu bolsa Horezm siwilizasiýasynyň öz ýerli däplerini dowam etdirip örän ýokary derejä ýetendigininiň alamatydyr. Emma bir bellemeli zat, Horezm medeniýetem dünýeden bihabar, diňe öz çygyrlarynda çäklenip kemala gelen medeniýet däldir. Oňa-da ellinizm täsirini özüne siňdiren hindi medeniýetiniň täsiri ýetipdir. Bu ýerden Horezm medeniýetine ýat bolan maýmyn şekilleriniň, grek-budda stilinde ýasalan aýal heýkelleriniň tapylmagy onuň aýdyň şaýadydyr. Ol täsir Horezm medeniýetine Kuşan medeniýetiniň üsti bilen geçipdir.

### *Beýik Kuşanlar.*

Gadymy Baktriýa topragyndan örňän Kuşan imperiýasy Owganystany, Demirgazyk Hindistany öz içine alypdyr. Baktriýa bilen Margiýananyň ösüşinde taryhy parallelleriň köp duş gelýändigi sebäpli bu döwletiň durmuş-ykdysady ýagdaýyna hem gysgajyk göz aýlap geçeliň. Beýik Kuşanlar şäher gurluşygyna, senetçilige örän uly üns beripdir. Imperiýada köp sanly täze şäherler döräpdir. Pakistanly alymlar A.Dani bilen F.Hanyň ýazmagyna görä, mysal üçin, Peşewar jülgesindäki häzirki wagtdaky şäherleriň sany kuşanlar döwründäkiden azdyr. Kuşan şäherlerinde "şäher häkimi" bar eken. Şäher häkimine üç sany ýokary sudýa garaşly edilipdir. Şäher dört bölege bölünip, her bölegiň öz "etrap" serenjam berijisi bolupdyr. Bular özboluşly "şäher geňeşini" emele getiripdir. Şäher häkimleri senetçileriň işini ugrukdyryp, täjirlere, söwdanyň ösüşine gözegçilik edipdirler.

Beýik Kuşanlar döwletinde şäherler haryt önümçiliginiň merkezine öwrülipdir. Ideologiýa taýdan jemgyýete täsir etmek babatda-da şuny aýdyp bolar. Sebäbi ybadathanalaryň hemmesi diýen ýaly şäherlerde jemlenipdir. Şol sebäpli ýurtdaky özboluşly ulgamda - şäher - oba - göçme çarwalar şäherler ösüşiň ähli ugurlarynda baştutanlyk roluna eýe bolupdyr. Netijede, heniz hiç ýerde görülmedik geň, has takygy internasional sypatly şäher medeniýeti döräpdir. Akademik B.A.Litwinskiniň pikiriçe, olar gadymy dünýäniň ösen medeniýetleriniň dördüsiniň, ýagny Orta Aziýa, ellinizm, rim, hindi medeniýetleriniň bir bitewilikde çykyş edip başlamagyndan emele gelen sintezdir. Şeýle sinteziň döremeginde halkara söwdasynyň ägirt uly ähmiýeti bolupdyr.

Mälim bolşy ýaly, Rim imperiýasyny Kuşanlar hem-de Hindistan bilen baglanyşdyrmakda "Beýik Ýüpek ýoly" esasy arteriýa bolup hyzmat edipdir. Emma ol tutuşlygyna Parfiýa imperiýasynyň üstünden geçýänligi sebäpli şonuň talaplaryny berjaý etmeli bolupdyr. Şonuň üçin, eýýäm köne eranyň

ahyrlarynda deňiz ýollary gözlenip başlanypdy. Müsür bilen Hindistanyň arasynda bir näçe marşrut özleşdirilipdir. Şol zamanlarda Müsür Rim imperiýasynyň bir welaýaty bolup, onuň Gyzyl deňiz kenarlarynda iki sany port şäheri (Mios-Gormos, Berenika) bar eken. Şol portlar arkaly-da Rim özi üçin Gündogara "derweze" açypdyr. Strabon B.e.öňki I asyryň 20-nji ýyllary hakda gürrüň berip, Müsür-Hindistan deňiz ýolunyň gatnawy barada şeýle maglumat aýdypdyr: şol döwürde her ýylda diňe bir Mios-Gormos portundan köp ýük göteriji söwda gämileriniň 120-si Hindistana tarap rowana bolupdyr.

Hindistana äkidilýän harytlaryň arasynda kenepden dokalan matalar, şeýle matalardan tikilen geýimler, ýakymly ysly zatlar, çüýşe-faýans önümleri uly orun tutupdyr. Kuşan döwrüne degişli Baktriýadan aslynda Müsürden gelip çykan faýans önümleri (küýze şekilli asmalyklar, tumarlar, monjuklar, hudaýlaryň heýkelleri) köp tapyldy. Şol önümler bilen bir hatarda Müsürden altyndan we kümüşden ýasalan gap-gaçlar, grek hem-de müsür hudaýlarynyň bürünç heýkelleri, grek mifologiýasyndan sahnalary şekillendirýän relýefli medalýonlar hem iberilipdir. Umuman, Hindistana we beýik Kuşanlara rim-grek-müsür eksporty esasan zynatly harytlardan ybarat bolupdyr. Ol täjirleriň bärik gelip alýan harytlaram şeýleräk harytlar eken: her dürli gymmat bahaly daşlar, ýakymly ysly zatlar, ýaglar, reňkler pil süňki, hytaý ýüpegi we ş.m. Antik döwrüniň alymlarynyň maglumatlaryna görä, b.e. I-III asyrlarynda Rim imperiýasyna Hindistan, Baktriýadan, Girkaniýadan ilçiler baryp durupdyr. Emma käbir häzirki zaman alymrlary şol ilçiler Kuşan patyşalarynyň iberen ilçileridir diýjek bolýarlar. B.e. IV asyrynda Kuşanlar eftalylar tarapyndan basylyp alnypdyr we döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edipdir.

## *Sasanylar.*

Bu döwürde eýýäm Parfiýany syndyryp onuň ornunda örňän Sasanylar döwleti dünýäniň uly döwletleriniň birine öwrülipdi. Sasanylar Margiýanany, Dehistany hem özlerine birikdiripdi. Emma Horezmi boýun egdirmek olara başartmandyr. Sebitde agalyk etmek ugrunda sasany-eftaly bäsdeşligi başlanypdyr.

Sasanylar döwründe hojalyk pese gaçypdyr. Jemgyýet çuňňur çökgüde düşüpdir. Parfiýa imperiýasy ýykylanda tozdurylan hem talanan Nusaý şäheri dikeldilmändir. Margiýanada ekerançylyk meýdanlary kemelip, ençeme obalar ýok bolupdyr. Merwde senetçilik we söwda pese gaçýpdyr. Çökgüt Apawerktikenada, Dehistanda hem mese-mälim yz goýupdyr.

Ýurduň beýle ýagdaýa düşmegine näme sebäp bolduka? Marksistik-leninçilik metodologiýa ony gul eýeçilik jemgyýetiniň çökgüdi, ýagny şol jemgyýetiň indi içki ösüş resurslarynyň gutaryp halys “ýer depip” durmagy bilen düşündirýärdi.

Bu hakykatdanam şeýlemikä? Parfiýada gullara nähili garalandygyny, olaryň imperiýanyň diňe bir hojalygyny däl, medeniýetini ösdürmekde-de uly orun tutandygyny ýatlapdyk. Indi Parfiýalylaryň yz ýanynda taryhy arena çykan sasanylarda gullara bolan garaýyş üýtgäýdimikä? Eger üýtgemedik bolsa, onda näme üçin durmuş ykdysady ýagdaý pese gaçypdyr? Taryhy maglumatlara görä, ilatyň durmuş strukturasynda-da bir düýpli özgerişlik bolmadyk ýaly, oba ekerançylyk obşinalary we uly patriarhal maşgalalarda ýaşaýan erkin daýhanlar - oba hojalygynyň esasy: ujypsyz gatlak senetkärler, gullar we gul eýeleri, zoroastr ruhanylary. Bu struktura Parfiýa döwründe-de şeýledi, sasanylarda hem saklanypdyr. Ýöne ol eýýäm öňki netijesini bermändir. Bu ýerde megerem, çökgüdiň ýüze çykmagynyň düýp sebäbini harbylaşan sansyz-sajaksyz çarwa eftalylaryň tükeniksiz çozuşlaryndan gözlemeli bolsa gerek. V

asyrda ol çozuşlar Sasanylaryň demirgazyk welaýatlaryny halys tozdurypdyr. Ýogsam sasany patyşasy Peroz ýa-da Firuz (457-484-nji ýyllar) döwründe Etrekde, Köpetdag eteklerinde, Murgap deresinde goranyş diwarlary hem gurlan eken. Mysal üçin, Perozyň Eýranyň merkezi welaýatlaryna eftalylary geçirmezlik maksady bilen Gürgenden demirgazyga tarap gurduran goranyş diwarynyň uzynlygy 300 km golaý bolupdyr. Merw sebitlerinde ermeni we gürji (gurzin) otrýadlaryndan ybarat harby poseleniýeler bilen berkidilen ýörite goranyş zolagy hem döredilipdir. Emma bu çäreleriň hiç biri garaşylan netijäni bermändir. 484-nji ýylda bolan aýgytly söweşde Perozyň goşunlary derbi-dagyn edilipdir, özem wepat bolupdyr. Şondan soň uzak wagtyň dowamynda Eýran eftalylara paç tölemäge mejbur bolupdyr.

Sasanylar döwletiniň durmuş-ykdysady çökgüdi onuň medeniýetine, sungatyna nähili täsir etdikä? Başgaça aýdylanda, şol döwrüň sungaty jemgyýetde bolup geçen ruhy opuryşyklary, betbagtçylyklary şöhlelendirip bildimikä? Has ýönekeý aýdylanda, sungata irki zamanlara mahsus bolan durmuşy mümkin boldugyça real görkezmek däpleri saklandymyka? Ýok, saklanmandyr. Synpy gatnaşyklaryň kök uran şertlerinde sungatyň ösüşinde adaty erkinlik häsiýeti üýtgäp, ol durmuş zakazy (tabşyrygy) ýerine ýetirip başlapdyr. Taryhy wakalaryň logikasyna görä, baha berilse, onda sasanylar jemgyýetindäki sarsgynlar sungatda öz beýanyny tapyp, döredilen eserleriň köpüsi çykgynsyzlygy, sussypesligi alamatlandyraýjak ýaly. Bu bolsa sungat eserleriňde köplenç aristokratiýa mahsus “dünýäni sil alsa topugyna çykmazlyk” häsiýeti, ýasama ruhybelentlik, patyşalaryň we han-begleriň keýpi-sapaly durmuşy şöhlelendirilipdir.

Baýramaly etrabynyň Merw kolhozynyň golaýyndan ýüzüne dürli şekiller çekilen hum tapyldy. Humyň düýbi ýasy, göwresi gitdigiçe giňelýän görnüşde, tutawaçlarynyň ýokarsy

togalak göjek şekilli şarjagazlar bilen bezelipdir. Şuňa meňzeş küýze gaplary şol döwürde Mesopotamiýada hem ýasalypdyr.

Humyň daş ýüzüne çekilen şekiller Merw hökümdarynyň durmuşyndan dört görnüşi beýan edýär. Hudožnigiň pikiriçe, olaryň iň möhümi toý-meýlis sahnasy. Gymmat bahaly lybaslarda hökümdar we onuň aýaly ložalarda bir-birine seredip otyrlar. Olaryň öňüde pessejik stoljygyň üstünde täç ýatyr. Meýlis bagyň içinde geçýär. Hökümdaryň elinde içi üzümli jam bar. Onuň aýalynyň yzynda hyzmatkär dur. Gündogar sungatynda ýörgünli bolan däbe görä, hyzmatkär bu sahnanyň esasy gahrymanlaryndan kiçi görnüşde şekillendirilipdir. Hyzmatkäriň gollary döşünde gowşurylgy, özüniň "hapa" demi bilen hökümdary we onuň aýalyny bimaza etmezlik üçin, onuň agzy mata bilen örtülen. Ol häzirki zaman türkmen aýallarynyň ýaşmagyna çalym edýär.

Ikinji sahna hökümdaryň aw awlaýan pursatyny şekillendirýär. Ýuwaşjadan ýöräp barýan bezelen gara atyň üstünde hökümdar awa barýar. Ol ýaýy atmakçy bolup çeken wagty sag elini çäkmeniniň ýeňinden çykarypdyr. Ýaý biçak uly, ony çekmek üçin köp güýç gerek. Hökümdaryň aty öňki parfiýa atlaryna meňzänok. At gysgadan gelen ýogyn boýunly, özem semiz. Belki, hudožnik şekili owadanlamak maksady bilen şeýle edipdir. Awçynyň öňünde gonup oturan sülgüniň we gaçyp barýan keýigiň şekilleri çekilipdir. Humyň beýleki tarapynda gam-gussa batyp çäkmene dolanyp ýatan hassa şekillendirilipdir. Hasrat çekýän iki aýal oňa elini uzadýar. Hassanyň başujynda eli dermanly käseli tebip dur. Emma tebibiň emi kömek etmändir. Dört sany hyzmatkär hassanyň jesedini gymmat baha parçalara dolap soňky ýoluna ugradýar. Bu sýužetleriň hemmesi-de örän ussatlyk bilen çekilipdir. Merw humy öz aňladýan manysy boýunça-da, çeperçiligi boýunça-da sasanylar zamanyna degişli Orta Aziýadan tapylan iň täsin tapyndylaryň biridir.

Merw kolhozynyň golaýyndan sasanylar döwrüne degişli ossuariýalar, gemmalar hem tapyldy. Ossuariýalaryň biriniň üsti gümmeze çalymdaş örtülip, onuň gapysynda çüňkünde nämedir bir gurçuk görnüşli zady saklap duran bürgüt şekillendirilipdir. Daşyna şeýle haýbatly şekiller çekilen ossuariýalar Horezmdäki Toprak-galadanam tapyldy. Olar barly adamlaryň süňklerini salyp goýmaga niýetlenipdir. Merwiň Göbekli depesinden, Çilburçdan, Gäwürgaladan, Uzboýdan, Amyderýanyň orta akymlaryndan, Maşat-Misseriandan gemmalaryň ýüze golaýy tapyldy. Bu ýüzi ýylmanyp ýa-da oýulyp hat ýazylan ýa bolmasa nagyşlar bilen haşamlanan daşlaryň hemmesi sasanylar dinastiýany esaslandyran Artaşiri we onuň oruntutarlaryny wasp etmäge bagyşlanypdyr. Olar örän sünnälenip ýasalypdyr. Ýöne kim ýasapdyr? Erkin senetçilermi ýa-da gullar? Bu hakda gemmalar hiç zat aýtmaýarlar. Olaryň çeperçilik derejesinde gadymy Orta Aziýa, pars, hindi, ellinizm sungat däpleriniň goşulyşan yzlaryny görmek kyn däldir.

Gemmalar gadymy sungatyň bir möhüm şahasy hökmünde öwrenilmäge degişlidir. Şol bir wagtyň özünde gemmalaryň gündelik durmuşda ulanmak üçin möhür hökmünde ýasalanlary-da az däl. Türkmenistanyň sasanylar döwrüne degişli ýadygärliklerinden köp sanly möhürler (Göbekliden 500-e golaý, Artygyň golaýyndaky Akdepeden 30-a golaý) tapyldy. Olar ylym üçin biçak gymmatlydyr. Sebäbi bu möhürlerde sasanylar döwründe we ondan has irki zamanlarda (eneolit, bürünç) gap-gaçlaryň ýüzüne çekilen haýwan şekilleri şol bir görnüşde gaýtalanypdyr. Beýle diýildigi gadymy Türkmenistanyň sungatynyň ösüşinde mirasdarlyk saklanypdyr diýildigidir. Şol başda çekilip başlanan haýwandyr ösümlik şekilleri sungat eýeleriniň soňky nesilleriniň hem üns merkezinden düşmändir. Has takygy, ellinizm ýa bolmasa beýleki ösen medeniýetler ýerli medeniýete täsir edenem bolsa onuň düýp özenini üýtgedip

bilmändir. Mysal üçin, möhürlerde bir örküçli arwananyň ýa-da ak maýanyň, dynç alyp ýatan dag goçunyň, ýyldyza seredip duran adamyň şekili, bägül, atyň üstünde oturan adam, ördegiň şekili, bir möhüriň ýüzünde iki adamyň (aýal-erkegiň) keşbi şekillendirilipdir. Şeýle hem möhürleriň arasynda ýolbarsyň, öküziň, sygyryň, keýigiň, guşuň, ösümlikleriň şekilleriniň çekilenleri-de bar. Bularyň hemmesi ata-babalaryň ýerli tebigy şertlere mahsus şekilleridir. Ýene bir gezek gaýtalap aýtsak, olaryň ýasalyş usullarynda dürlu sungat däpleriniň täsiri duýulsa-da, ýerli sungatyň baş obýekti ýa-da üns merkezindäki esasy zatlar üýtgemän galypdyr.

Gadymy Merwde gazuw-agtaryş işleri geçirlende dürli görnüşli we sýužetli terrakota heýkeljikleriniň hem onlarçasy tapyldy. Olardan 14-si dürli haýwanlaryň, galanlary bolsa erkek hem aýal adamlaryň heýkelleridir. Haýwan heýkelleriniň käbirinde haýwanyň üstüne gap-gaç ýüklenipdir. Heýkelleriň palçygy gowy eýlenip göwnejaý bişirilipdir. Reňki sarymtyl. Gabyň iç ýüzüne we haýwanyň göwresiniň daşyna angob (ýokary hilli palçyk bilen timarlap syrçalamak) çalnypdyr. Gap çalt aýlanýan çarhda ýasalypdyr, ýöne çarhyň aýlanyşy tekiz bolmandyr, çünki gabyň daş we iç ýüzündäki yzlar üzlem-saplamrak şekiller emele getiripdir. Haýwanyň öz şekilem şu ussahanada ýasalan bolmagy ähtimal. Emma heýkel döwükden galan bir bölek bolany üçin onuň haýsy haýwanyň şekilidigini seljermek kyn. Ýöne onuň atyň heýkeli bolmagy mümkindir, çünki onda atyň ýalyna meňzeş bir şekil saklanypdyr. Gabyň düýbünde onuň atyň arkasyna berkidilen ýerine seplemek üçin palçyk çalnypdyr. Şol ýerde ussanyň barmagynyň yzy hem saklanyp galypdyr.

Erkek adamyň heýkelinde ol örboýuna dur. Egninde uzyn köýnegi bolup, iki ýeňi dyzyna ýetipdir. Iki eli bilen bolsa uzyn göni gylyjyň sapyndan tutup dur. Onuň bolup durşy hökümdaryň keşbini şekillendirýär. Hökümdaryň gelşikli ýüzünde tüňňiräk burny, pezzik murty agzyny kiçi görkezýär,

sakgaly köseräk bolsa-da uzyn, gür saçy bar, maňlaýyndan gymmat bahaly daşlardan ýasalan maňlaýlyk asylypdyr. Bu Margianada ýasalan erkek adamlaryň heýkelleri üçin häsiýetli şekildir. Ol b.e. öňki IV asyra degişlidir, çünki şol zamanda heýkeller sasanylaryň resmi keşbine berk laýyklykda ýasalypdyr. Şuňa meňzeş heýkeller Kerkiden (häzirki Atamyrat şäherinden) hem tapyldy.

### ***Eftalylar.***

Eftalylar baradaky gürrüňimize dolanýarys. B.e. V asyrynyň ortalaryna çenli olar Hazaryň gündogar kenarlaryny, Garagumy, Amyderýa oazisleri, Murgap hem Tejen derýalarynyň ýokary akymlaryny, ýagny Demirgazyk Owganystany eýeläpdirler. Soňra Merw, Sogd şäherleri, Gündogar Türküstan, Gündogar Eýran, Demirgazyk Hindistan hem olara tabyn edilipdir. Eftalylaryň ägirt uly döwleti emele gelipdir.

VI asyryň başlarynda eftalylaryň sasanylar bilen gatnaşygy belli bir derejede gowulanypdyr. Çünki bu döwürde sasanylarda Perozyň ogly Kawad patyşa bolupdyr. Ol ýaşlykda, eftaly-sasany ylalaşygyna görä, öz kakasy Perozyň deregine girew hökmünde eftalylarda terbiýelenilipdir. 503-nji ýylda eftalylar sasanylar bilen soýuz baglaşyp Wizantiýanyň üstüne ýöriş edipdirler, uly söweşde Wizantiýa goşunlaryny ýeňip, düşen oljany, şol sanda imperiýanyň gyzylyny deň paýlaşypdyrlar.

Wizantiýa taryhçysy Prokopiniň ýazmagyna görä, eftalylarda döwletiň edara edilişi kabul edilen kanunlara esaslanypdyr. Şol kanunlara laýyklykda ogurlyk edene juda ýowuz jeza berlipdir: ogurlanan zat on esse artykmajy bilen töledilip, ogryň kellesi kesilipdir. Özem ogurlanan zadyň az-kändigine garamazdan şeýdilipdir. Hytaý çeşmelerinde eftalylarda ölen adamy jaýlamak bilen bagly däp barada ýazylypdyr: eger ölen baý bolsa ol daş (nowa görnüşli) mazarda jaýlanypdyr, garyby bolsa ýöne ýere duwlaýar ekenler.

Baýyň mazarynda onuň gymmat baha zatlaryndanam goýlupdyr. Prokopiý eftalylarda şeýle bir gadymy däbiň berjaý edilişini-de ýazypdyr: baý özüne 20, kähalatlarda ondanam köpräk dost tutunar eken. Dostlar hemişe baýyň ýanynda bolup, otursa oturyp, tursa turup, iýeninden iýip, geýenindenem geýnipdirler. Ýöne baý ölüp, jaýlamaly bolanynda, şol mazarda onuň dostlary hem diriligine gömülýär eken. Elbetde, bu däbiň soňky kadasy juda aýylganç. Emma töweregine dost, has takygy ýigit toplamak türkmen serdarlarynda däp bolup galypdyr. Munuň aýdyň mysaly hökmünde Göroglynyň 40 ýigidini ýatlamak ýeterlikdir. Göroglydan öňem, soňam bu ýörelgä eýeren gerçekler köp bolupdyr. Diýmek, ol bize eftalylardan galan däp eken. Jemgyýetdäki ýiti durmuş deňsizligem şol döwürden galypdyr. Mysallardan görnüşi ýaly, eftalylar zamanynda emläk deňsizligi ýetjek derejesine ýetipdir. Barly üçin batyl ýollar açylyp, hukuk bary seçilipdir, garyp bolsa gara ýeriň üstünde ýörände-hä däl, onuň astyna girende-de kemsinip girmeli bolupdyr (mazarlardan tapylan arheologiki tapyndylar).

## Merkezi Aziýada we ýakyn gündogarda antiki medeniýet (Parfian, Grekiýa Baktriýa, Kuşan)

Türkmen ruhunyň, türkmen dünýäsiniň at bilen baglanyşygy, aýrylmazlygy barada aýdylanda – da şeýledir. Türkmenistanyň ýerinde taryhynyň has iki irki zamanlarynda başlap adamlar ýabany haýwanlar eldekileşdirip başlapdyr. Ilkinji eldekileşdirilen haýwanlaryň biriniň hem at bolmagy ähtimalydyr. Jemgyýetde eldekileşdirilen haýwanlaryň hiç biri at ýaly adama mährem we peýdaly bolmandyr.

At adamlaryň durmuşynda köp taraplaýyn peýdaly bolupdyr. Ekerançylykda, ýeri agdarmakda, oba hojalyk önümlerini daşamakda, başga ülkelere äkitmekde, maldarçylyk, jemgyýetde toparlaryň arasynda medeni gatnaşyklary ösdürmekde … uly orun tutypdyr. Atyň jemgyýetdäki orny, ylaýta – da, harby maksatlar, il – ýurdy goramak üçin has uly bolupdyr. At bilen üsti ýükli arabalary çekipdirler, soňra at üstünde söweşlere gidip başlapdyrlar. Ynsan durmuşynda atyň tutýan ornunyň has ýokary galandygyny gadymy türkmen dessanlaryndan hem görmek bolýar.

Hojalygyň dürli görnüşlerinde dürli maksatlar üçin eldekileşdirilen atlaryň hem birnäçesi görnüşleri bolupdyr we şolaryň arasynda çydamly, mähirli we owadanlygy bilen özüne çekiji ahal – teke atlarynyň döreýiş – kemala geliş gözbaşy biziň eýýamymyzdan öňki VI müňýyllyga degişlidir. Gökdepe etrabynyň Ahal daýhan birleşiginiň gündogarynda ýerleşen Pessejikdepe diýen ýerden gazyp – agtaryş işleriniň netijesinde anyklanan, şol zamanky dini maksatlara mahsus görnüşdäki

otaglarynyň birirniň diwarlarynyň ýuzi gyzyl we gara reňki bilen çekilen toýnakly we wagşy haýwanlaryň, ösümlikleriň, adamlaryň şekilleri bilen bezelipdir. Bu şekilleriň arasyndaky atyň we öküziň, möjegiň suratlary, aýratyn hem bürgüt guşlaryna meňzeş şekiller alymlaryň ünsüni ýöne ýere özüne çekýän däldir. Pessejikdepäniň suratlary b.e.öňki VI müňýyllyga degişli, adamzat taryhynda iň gadymy suratlaryň hataryna girýär. Diýmek, diwary dürli şekiller bilen bezelen bu otag biziň pikirimizçe, gadymy Gündogaryň ýerinde iň gadymy ybadathana jayydyr, meger! Pessejik obasyndan tapylan adamlaryň we haýwanlaryň heýkeljikleriniň ýokarysynda deşik edilendir. Ol bolsa heýkeljikleriň doga – tumar hökmünde boýna dakylandygyny görkezýär.

B.e öňki VI müňýyllyklarda, has takygy, Jeýtun medeniýeti zamanynda günorta Türkmenistanyň ýerinde adamlaryň öküze, ata, börä, bürgüde we beýleki käbir haýwanlara ynanandyklaryna, olaryň heýkeljiklerini boýunlarynda doga – tumar hökmünde göterendiklerine güwä gecmek bolýar.

Türkmenistanyn ýerinde atlary eldekileşdirmek üç döwürden durýar:

Birinji döwür: b,e.öňki VI – III müňýyllyklar

Ikinji döwür: b,e.öňki XVIII – XVI asyrlar

***Űçünji döwür: b,e.öňki XII – IX asyrlar***

Türkmenistanyň ýerinde ýaşaýan adamlaryň durmuşynda atlaryň ýaýramagy we köpelmegi, ähmiýetiniň barha artmagy olaryň görnüşleriniň artmagyna getirýär, ýagny hojalyk işinde ulanylýan, harby söweşlerde peýdalanylýan, ýyndamlykda tapawutlanýan atlaryň görnüşleri ösüp başlaýar.

Atlaryň görnüşleriniň ösmegine we kämilleşmegine olaryň ýaşaýan tebigaty hem täsir edýändir. Belli alym W. I. Sarianidiniň gadymy Baktriýa we Margiana ýerlerinde heýkeltaraşlaryň ýasan heýkelleriniň we b.e.öňki III müňýyllyklara degişli, ýüzlerinde atyň, öküziň, bürgüdiň we

beýleki käbir haýwanlaryň we ösümlikleriň suratlary, daşlaryň dürli görnüşlerine oýulyp çekilen möhürleri özünde ýerleşdirýän we olar barada söhbet açýan (ol suratlaryň, şekilleriniň bir topary Merkezi Aziýanyň, Owganystanyň bazarlaryndan şahsy kolleksionerlerden toplanan) kitabyndan b.e.öňki III müňýyllyklara degişli jemgyýetiň gündelik durmuşynda öküziň, möjegiň, bürgüdiň, atyň tutýan orny baradaky gymmatly maglumatlary almak bolar.

Biziň eýýamymyzdan öňki VI-V müňýyllyklara Türkmenistanyň ýerinde ýaşaýan adamlaryň durmuşynda atyň ornunyň ýokary bolandygyna arheologiki tapyndylaryň esasynda güwä geçmek bolar. Uzboýda atlaryň ep-esli mukadarynyň eldekileşdirilendigini anyklanyldy. Atlaryň Uly Balkanyň Garawul depe we Içýanly depe diýen ýerlerinden tapylan at toýnaklarynyň we äň süňkleriniň öwrenilmegi bilen gelnen netijeler demirgazyk-günbatar Türkmenistanyň ýerlerinde atçylygyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Gadymy Grek taryhçysy Gerodot b.e öňki VI asyrda gadymy türkmenlerde, has takygy, şol taryhçynyň işinde getirilişi ýaly, Massagetlerde atly goşunyň bolandygyny we goşun ýolbaşçylarynyň atlarynyň keşbiniň ahal – teke atlarynyň keşbine çalymdaşlygyny tassyklaýar we bu hakykat arheologiki şekillerden görünýär.

Bize taryhdan belli bolşy ýaly, atlary eldekileşdirmegiň usullary üç görnüşde bolupdyr. Atlary tokaýçylyk, çägesow we dag etek ýerlerinde eldekileşdirilipdir. Şeýle ýagdaýy atyň görnüşine, boýuna, inçeligine, göwresiniň uzynlygyna täsir edipdir. Biziň zamanlarymyzdan öňki III müňýyllyklarda Elam ýazgylarynyň esasynda Parfian atlary (Bu ýerde Parfiýa döwletlerinden has öňki döwür göz öňünde tutulýar, ýagny, Parfiýa – geografik ýeriň ady ) Baktriýa we Sak atlary barada maglumat berlende, Parfian atlarynyň taryplanyşy, Parfiän atlary barada berilýän maglumatlar şu günki ahal – teke atlaryna kybapdaş gelýär. Elam, Sak,

Baktriýa, Pars atlarynyň owdanlyk babatda kämileşmegine ahal-teke atlarynyň täsiri ulydyr. Türkmenistanyň ýerinde ýaşan adamlaryň durmuşynda atyň şekilleriniň taryhynyň has irki zamanlaryndan peýda bolmagy diňe bir zähmet üçin bolman, adamlaryň durmuşynda dini äheňde hem uly orna eýe bolandyr. Biziň eýýamymyzdan öňki VI müňýyllyklarda Günorta Türkmenistanyň ýerinde ekerançylygyň ösmeginde öküziň, atyň, düýäniň orny artypdyr. Haýwanlar diňe bir hojalyk üçin gerek bolman, olary dini maksatlar üçin hem beýleki haýwanlara garanyňda has köp eldekileşdiripdirler. Atyň, öküziň, bürgüdiň şekilleriniň biziň eýýamymyzdan öňki VI müňýyllyklarda ýasalan keramiki önümlerde duş gelmegi bu jandara bolan garaýyş – ynançlar bilen, dini ynançlar bilen baglanyşyklydyr. Atyň onda – da ak atyň waspyny otparazlar dininiň mukaddes kitaby bolan “Awestada” we “ Rigwed” ýaly beýleki dini eserlerde görmek bolýar, waspy ýetirilýän haýwanlardyr ösümlikleriň arasynda ata bolan hormat uly bolupdyr.

Margușyň arheologiki ýadygärliklerinden, Goňur, Kellet, taýyp galalaryndan tapylan möhürleriň ýüzündäki atyň, şekilleri, onda – da ganatly, uçup barýan atyň şekilleri bu janawaryň ýaşaýşyň esasy pudagynda uly orun tutýandygyna şaýatlyk edýän bolsa, munuň başga bir has üns berilmeli tarapy, şol wagtky adamlaryň düşünjelerine görä at diňe bir bu jahanda däl – de, ol dünýäde hem gerek diýlip, merhumlaryň ýanynda at hem bile jaýlanypdyr we olaryň eýeridir beýleki esbaplarynyn hem goýupdyrlar. Türkmen halkynyň gadymy taryhynda hem atyň iň bir hormat goýulýan haýwanlaryň biri bolandygyna, Nuh zamanlaryndan başlap, Gorkut ata eýýamynda – da adamlaryň medeni we ruhy dünýälerinde esasy orun tutandygyna Namazga, Tenkem, Altyn depe galalarynda tapylan at şekilleri, olardaky ahal – teke atlarynyň görnüşlerini berýän şekiller şaýatlyk edýär. Şol şekiller eýýam baryp b.e. öňki III müňýyllyklarda ahal – teke atlarynyň has

kämilleşendigine ýene bir gezek şaýatlyk edýändir. Ahal –teke atlarynyň boýunlarynyň uzyn, owadan bolmagyna onuň dörän we ýaşan tebigaty hem täsir edipdir. Dag eteginde eldekileşdirilen atlaryň pesde durup otlamagy ýa – da beýikde durup pesden suw içmegi olaryň boýnunyň we göwresiniň uzyn bolmagyna getiripdir.

Türkmenistanyň dag eteklerinde ösdürilip ýetişdirilen atlaryň görnüşindäki arap ýurtlarynda, soňra bolsa Angliýada gabat gelmegi tötänleýin däldir.

Haçan – da VII asyryň ortalarynda araplar Merkezi Aziýa, şol sanda Türkmenistana aralaşanlaryndan soň, olar Türkmenistandan köp gymmatly zatlar bilen bir hatarda Parfian atlaryny hem alyp gidipdirler we soň ol atlar käbir syýsasy sebäplere görä angliýa düşýär. Netijede, arap we iňlis atlary atlandyrylýan atlaryň aňyrsy ahal – teke atlarydyr.

Medeni, taryhda yslam äleminde atyň aýratyn orun eýýleýändigini subut edýän maglumatlar bar. Ýslam dininde ata berilýän bahany Kurany Kerimdäki at bilen bagly maglumatlardan bellemek bolýar. Beýleki bir tarapdan, Hezreti pygamber yslam dini üçin atyň ýerine ýetirýän hyzmatyny belläp:” Bereket atlaryň maňlaýyndadyr” diýip, atlara ýokary baha berýär. Bu sözler at seýislemegiň wajyplygy bilen – de baglanşyklydyr. Hezreti pygamberiň özi hem ençeme atyň seýsi bolupdyr, rowaýatlara görä, olaryň sany 19 bolanmyş. Yslam dünýäsinde ozaldan bäri at bilen bagly ynançlar we olaryň mukaddesligi ilat arasynda saklanypdyr. Bu ýagdaýlar aýratyn hem baý adamlaryň, urug ýolbaşçylarynyň arasynda duş gelipdir, ýagny, şeýle adamlar gaty gowy görýän aty jan berende, oňa gümmez galdyrypdyrlar, şonuň üçin hem halk arasynda “At öwlüýäsi’ ady bilen saklanan mukaddes ýerler duş gelýär. Türkmen halky häzirki gunlerde hem at ölse, maslygyny meýdana zyňman, ony gömýär. “Irden turup atańy gör, atańdan soň atyňy” diýilmegi hem gaty köp zatdan habar berýändir.Ahal – teke atlary gaty duýgur atlar. Parfianlarda atly

goşun bolup, olary söweşe ýörite taýýarlaýan ekenler . Ahal – teke atlarynyň türkmeniň durmuşynda, medeniýetinde, taryhynda galdyran yzlary hiç mahal ýitmez. Türkmen halky öz ýigitlerini:” Atym bar – ganatym bar”.”Ýigidiň bolmasa ýaragy, aty, onuň, belli biliň , ýokdur gaýraty”, “At gazana goç ýigidiň owal bedew aty gerek” diýen pähimlere eýerip terbiýeläpdir. Gahrymaňçylyk häsiýetdäki eserleriň, isle, ol halk döredijiligi bolsun, isle-de beýleki eserler, olarda möhüm orun eýeleýär. Köplenç eseriň baş gahrymanlarynyň ýoldaşy, esasy kömekçisi aty edilip görkezilýändir. Mukaddes Ruhnamada at barada şeýle diýilýär:”At – Göroglynyň Döwleti, onuň tagty”. Görogly btürkmen halkynyň bagtyna goja zeminiň özüniň dogran şahsyýeti.

Diýmek Görogly türkmeniň halasgäri bolsa, at hem onuň döwleti bolsa, onda at – bedewsiz türkmeniň taryhyny hem, medeniyetini hem, durmuşyny hem, döwletini hem, göz öňüne getirmek mümkin däldir. Hut şol sebäpden hem döran Garaşsyz Türkmenistanyň Döwlet nyşanlarynyň biri bolan Döwlet Gerbimiziň merkezinde atyň şekiliniň ýerleşdirilmegi tebigy zatdyr. Şol şekiliň Ýanardag diýen türkmen atynyň şekili bolmagy Türkmen döwletiniň parasatly we gaýratly adamynyň elindedigininiň, halkyň, Watanyň we Berkarar Döwletimiziň bir bitewidigininiň, aýrylmazdygynyň, jebisdigininiň, ýene – de bir subutnamasydyr.

**Günorta Aziýa. Gadymy Hindistanyň medeniýeti.**

Gadymy Hindistan diýlende häzirki Indiýa, Bangladeş hem-de Nepal ýerlerini göz öňünde tutmak bolar. Gadymy Hindi ýadygärliklerini öwrenmeklikde belli alym Anketil Dýuperron ilkinjilerden biri bolup XVIII asyrdan öwrenilip başlanypdyr. 1837-ýyllarda gadymy Hindistan ýerlerinden Brahmy, Kharaşty hatlarynda ýazylan gadymy ýazgy ýadygärlikleri tapylypdyr. 1861-nji ýylda demirgazyk Hindi ýerlerindäki arheologiki ýadygärlikleri öwrenmek maksady bilen alym A.Kannighemiň ýolbaşçylygynda ekspedisiýa guralýar. Edil şol ýyllarda Hindistanyň dürli ýerlerinde tapylan gadymyýet bilen bagly tapyndylary öwrenip başlapdyrlar. 1902-1929-njy ýyllar aralygynda Hindistanyň ýerindäki arheologiki tapyndylary öwrenmekde iňlis alymy J.Marşalla köp işler bitiren alymdyr. Alym J.Marşallanyň ýolbaşçylygynda "Indiýanyň gadymyýeti" atly ylmy-populýar žurnal çap edilen. "Indiýanyň gadymyýeti" žurnalynyň alymlary tarapyndan Harappa we Mohendjo-Daro arheologiki medeniýetleri barasynda doly maglumatlar çap edilipdir. 1946-njy ýyllardan soň Indiýada, Päkistanda, Şri-lankada, Nepalda birnäçe ekspedisiýalar işläp başlapdyr. Olardan "Purabbabbha"-Drewnost, "Indiskaýa Arheologiýa" –Obzor, "Päkistanskaýa arheologiýa", "Drewniý Päkistan", "Drewniý Nepal", "Drewniý Seýlon", we başgalar.

Gadymy Hindistanyň giňden taryhynyň daş-mis zamnalaryna degişli arheologiki ýadygärlikerinden tapylan daşdan ýasalan gurallar şol taryhy döwürleriň medeni ösüşleri barada doly maglumat berýär. Gadymy hindi medeniýetine degişli antropolog alymlaryň ýadygärlikleriden tapan haýwan süňklerinden ýasaln bezeg şaý-sepleri, zähmet gurallary şol gadymy taryhy döwrüň medeniýetini, sungatyny, umuman, maddy medeniýetini öwrenmäge doly mümkinçilik berýär.

Türkmenistan we Hindistan: iki ýurduň gadymy mirasynyň arabaglanyşygy.

1. Altyndepäniň medeniýetiniň köp taraplary onuň öz zamanynda goňşuçylykdaky sebitleriň medeniýeti bilen ýakyn gatnaşykda bolandygyny görkezýär. Altyndepe, Marguş, Amul, Uzboý we Kaspikenar medeniýetleri gadymy gündogaryň medeniýetiniň hem swilizasiýasynyň ulgamyna girip, beýleki ýerler bilen ýygy söwda medeni gatnaşyklarda bolandyklaryny Altyndepeden hem gadymy Hindi Harappa medeniýetlerinde degişli arheologiki tapyndylardan görmek bolýar. Bu ýagdaý aýratynam binagärçilik sungatynda Mesopotamiýadaky basgançakly dini ybadathana “Zikkurat” hem-de Altyndepedäki ybadathanadaky meňzeşlikden görmek bolýar.
2. Gadymy Hindi swilizasiýasy Harappa bilen Altyndepe şäher döwletiniň medeni, ykdysady gatnaşykda bolanlygyna ol ýerlerden öwrenilen arheologiki tapyndylaryň arasyndaky hususyýetçiligiň ilkinji alamatlarynyň bolanlygyna şaýatlyk edýän möhürlerdäki tagmalar (belgiler) şaýatlyk edýändir. Altyndepeli ussalaryň bürünçden hem toýundan ýasalan käbir zatlardyr gap-gaçlaryň görnüşleri Harappalylaryň nusgalaryny gaýtalaýar. Onuň howaýy dälde ýöne bir aragatnaşyk däl-de, gadymy swilizasiýalary birleşdiren söwda gatnaşyklarynyň netijesidigini tassyklamaga doly esas bar.
3. Arheologiki gazuw-barlag işleriniň netijesinde Altyndepeden we Marguşdan heýkeltaraşlyk sungatynda olaryň nepisligine aýratyn üns berlipdir. Heýkeljikleriň elleri gerlen, bykynlary ýasy, billeri inçe, boýunlary uzyn, gözleri uly Altyndepedäki heýkeljikleriň käbirinde kiçijek telpek, beýleki birnäçesinde bolsa täç şekillendirilipdir.

Gözleriniň aýratyn uly ýasalmagy şertli mana eýedir. Edil şu görnüşdäki heýkeljikler gadymy Harappa medeniýetine degişli ýadygärliklerden hem öwrenilendir. Bize belli bolşy ýaly Gadymy gündogarda göz bilen gulak ähli zady görýän hem eşidýän hudaýlaryň paýhasyny alamatlandyrýan beden agzalary hasaplanypdyr. Toýundan ýasalan heýkeljiklerde

başgada bir şol döwürde seýrek duş gelýän kellä geýilýän zatlarda her dürli belgilerdir alamatlaryň görnüşiniň sanynyň artandygy has takygy jemgyýetde köp ulanylanlygy üçin köp sanda ýasalypdyr. Ikinji bir tarapdan kellä geýilýän zenan şekillerine çokunmak (Hudaý) dälde ol ýerde bezeg hökmünde ösümlikleriň görnüşleriniň hem şekillendirilmegi alymlaryň garaýyşlary boýunça ösümlik dünýäsiniň hudaýy hökmünde garalypdyr. Kä haltalarda bolsa şol zenan börüklerinde köp şöhleli ýyldyzlar, kä halatlarda bolsa akarsuwuň egri-bugry akmagynyň şekillendirilmegi suw Hudaýyna çokunylandygynyň alamaty bolmagy mümkindir. Gadymy Harappadan we Artygyň golaýyndaky Garadepeden tapylan erkek kişi kuwwatly öküz keşbinde şekillendirilen Aý hudaýy görnüşiniň aňladylmagy gadymyýetde b.e.öňki III müňýyllyklarda bolan swilizasion ösüşleriň netijesinde medeni gatnaşyklaryň bolanlygynyň ýene bir alamatydyr. Toýundan heýkeljiklerdäki belgiler Altyndepe medeniýetinde b.e.öňki III ýyllyklarda hatyň ilkinji alamatlarynyň bolanlygyna has takygy şol alamatlar şol bir taryhy döwürde gadymy Hindistanda hatyň ilkinji alamatlary diýip dünýä ylmynda kabul edilendir. Altyndepeden alym W.M.Massonyň ýolbaşçylygyndaky arheologiki ekspedisiýanyň tapyndylarynyň arasynda iki belgiden ybarat ýazgyly möhüriň tapylmagy, edil şol belgili (hatly) möhüriň Hindistanyň ýerinden öwrenilmegi alymlaryň pikirlerine görä ol möhürlerdäki ýazgy gadymy Hindistanda "Beýik Hudaý" diýen manyny berýär. (W.M.Masson, W.I.Sarianidi, I.H.Hlopin, G.F.Korabkowa).

Altyndan, kümüşden hem bürünçden ýasalan zatlar çeper medeniýetiň aýratyn görnüşleri bolup durýar. Möjegiň, öküziň altyndan ýasalan kelleleri we beýleki köp sanly möhürler gönüden göni jemgyýetiň sosial durmuşyndaky ýüze çykan maddy medeniýetiň giňden ösenliginiň alamatydyr. Gadymy Hindistanyň Harappa medeniýetine üç kelleli aždarhanyň şekili çekilen möhüriň Garadepeden, Namazga galalaryndan

öwrenilmegi gadymyýetde Harappa bilen Altyndepe swilizasiýalarynyň ösmeginde umumy meňzeşlikleriň bolmagy şol zamanlarda medeni ykdysady gatnaşyklaryň bolanlygynyň alamatydyr.

4. Altyndepäniň medeniýetiniň köp taraplary sebitleriň medeniýeti bilen ýakyn gatnaşykda bolanlygynyň alamatylygyny görkezýär. Ol töwrekeden (goňşulykda) üzňe ýagdaýda bolman, Gadymy Gündogar medeniýetiniň hem swilizasiýasynyň ulgamyna girip, beýleki ýerler bilen ýygy-ýygydan söwda hem medeni gatnaşyklary alyp barypdyrlar. Şeýlelikde, Altyndepäniň medeniýetinde Hindistanyň günorta-günbatar sebitleri, Eýran-Mesopotamiýa bilen aragatnaşygyň bolanlygyna göz ýetirmek bolýar. Bu hili gatnaşyklaryň bolanlygyna adamzat taryhynyň has gadym zamanlarynda bolan swilizasion ösüşlerden bilmek bolýar, çünki iki ýurduň arasyndaky medeni-ykdysady gatnaşyklaryň dowamyýetini şu günki gün hem görmek bolýandyr.

Hindi alymy Dž. Marşall birnäçe ýyllaryň dowamynda Mohendžo-Daro we Harappa ýerlerinde geçiren arheologiki gazuw-agtaryş işleri netijesinde Günorta Türkmenistanyň ýerinde Garadepeden, Namazga galasyndan, Altyndepeden, Marguşdan öwrenilen tapyndylardaky umumy meňzeşlikler (W.M.Masson) Gadymy Harappanyň Narbad ýadygärligindäki şekilleriň çalymdaşlygy gadymyýetde Hindistan-Türkmenistan ýerinde ýaşan jemgyýetiň arasynda medeni-ykdysady gatnaşyklaryň yzygider bolanlygynyň subutnamasydyr. Ikinji bir tarapdan şu iki ýagny Türkmenistan bilen Hindistanyň arasyndaky söwda gatnaşyklary diňe bir Harappa, Mohendžo-Daro ýada Altyndepe, Marguşdan öwrenilen tapyndylaryň esasynda dälde Türkmenistanyň ýerinde 150-den gowrak arheologiki ýadygärliklerden öwrenilen tapyndylaryň esasyndadyr.

Hindi alymy B.Haralliniň aýdyşy ýaly, gadymyýetde Hind deryasynyň kenarynda b.e.öňki III müňýyllykda

swilizasiýanyň gülläp ösen wagtynda jemgyýetiň durmuşynda täze-täze şäher gurluşyna mahsus bolan alamatlar ýüze çykypdyr. Netijede Gadymy Gündogaryň medeniýet ulgamyndaky swilizasiýalaryň döremegini çaltlaşdyrýar. Ýokarda agzalan biri-biri bilen ysnyşykly gatnaşykda bolup, şol gatnaşyklaryň esasynda özleriniň üstünliklerini Hindistan Şumer ýada Müsüriň özleriniň ösüşlerinde peýdalanypdyrlar.

Gadymy Türkmenistanyň we Hindistanyň ýerlerinde arheologik gazuw-agtaryş işleriniň geçirilmegi gadymyýetden başlap, bu ýurtlaryň arasyndaky swilizasion ösüşleriň birmeňzeşligine alyp barypdyr.

## Günorta-gündogar Aziýa.
## Wýetnam, Dongoşonskaýa swilizasiýa.

Günorta-gündogar Aziýa ýerlerinde arheologiki ýadygärlikleriň öwrenilişi birgyradeň däldir. Demirgazyk Wýetnam ýerlerindäki arheologiki ýadygärlikleri amerikan alymy T.Harrison tarapyndan birnäçe ýyllaryň dowamynda gazuw-agtaryş işleri geçirip öwrendi. Wýetnamda "Arheologiýa" ylmy barlag institutynyň işgärleri tarapyndan 1950-1970-nji ýyllar aralygynda yzygider işler geçirip öwrenildi, ýöne soňky ýyllarda dürli sebäplere görä, gazuw-agtaryş işleri belli bir derejede pese düşdi. Tailandda 1980-nji ýylda muzeý açyldy we şol muzeýiň hünärmenleri ýörite ekspedisiýalar gurap, daş-mis zamanlaryna degişli ýadygärlikleri hasaba alypdyr. Laosda, Kampuçiýada taryhyň has gadymy zamanlaryna degişli arheologiki ýadygärliklerde gazuw-agtaryş işlerini geçirýärler. Birmada 80-90-njy ýyllarda arheologiýa muzeýi açylyp, ol ýerden mis-daş zamanlaryna degişli tapyndylary peýdalanyp Wetnamyň taryhynyň gadymy döwürlerini ýazypdyrlar. Demirgazyk Wýetnam, Tailand, Indoneziýa ýerlerinde irki daş (paleolit) zamanyna degişli arheologiki tapyndylaryny öwrenmekde ýerli wýetnam alymlary uly işleriň başyny başapdyrlar. Alym Duke-huan mezolit zamanyna degişli arheologiki ýadygärlikleriň kartasyny taslapdyr. Wýetnam ýadygärliklerini öwrenmekde S.M.Zamýatin, P.I.Boriskowskiý we beýleki alymlar Wýetnamdam tapylan tapyndylary labaratoriýada işläp täsinlikleri öwrenipdirler. B.e. öňki III-II müňýyllyklara degişli ozal adam ýaşan gowaklaryň sany ýyl-ýyldan köpelmek bilen Wýetnamda birnäçe arheologiki medeniýetleriň bolanlygyna şaýatlyk edýär. Anýat medeniýetine degişli öwrenilen haýwan süňkleri şol zamanda haýwanlaryň haýsy görnüşleriniň eldekileşdirilendigini görkezýär. Demirgazyk Wýetnamyň Niadar gowagyndan daşyň ýüzüne çekilen birnäçe haýwan şekillerini görmek bolýar. Paleolit zamanyna degişli Çabenge,

Sumawesi diýen arheologiki medeniýetlerden tapylan daş gurallaryny alym G.P.Grigorýew tarapyndan öwrenilendir. Demirgazyk Wýetnamyň ýerinde ýaşan jemagatyň esasy kärleri balykçylyk, tebigatyň taýýar önümlerini taýýarlamak hemde awçylyk bolanlygyny mustýe döwrüne degişli dag gaýalarynyň ýüzüne çekilen suratlardan bilmek bolýar. Wýetnam taryhynda bu döwre Hoabin medeniýeti atlandyrýarlar. B.e.öňki XII-X müňýyllyklara degişli Duh diýen gowakdan awlanan ýabany haýwanlaryň süňklerini alym antropologlar öwrendi we doly ylmy kesgitleme berdiler. Şol şekilleriň arasynda iki many berýän, ýagny hem adam kellesi, hemde haýwan ondada şahly haýwanyň kellesi aňlanyldy. Şu hili köpmanyly şekiller Gündogaryň taryhynda irki orta asyrlarda hem gaýtalanýar.

Täze daş asyry zamanyna degişli Demirgazyk Wýetnamdan bäş sany gadymyýetde adamlaryň ýaşan gowaklary öwrenildi. Şol gowaklarda uzak wagtlap ýaşaýşyň bolandygyny öwrenilen haýwan süňklerinde we ýasalan daş gurallaryndan bilmek bolýar. B.e.öňki I müňýyllygyň I ýarymynda günorta-gündogar Wýetnam ýerlerinde Dongşon ýerinde hojalygyň dürli görnüşlerinde ylaýtada balyk tutmakda uly ösüşler bolýar. Netijede Dongşon diýen ýerde uly swilizasion ösüşler bolupdyr. Dongşon medeniýeti ýerli obasynyň ady bolup, ol swilizasiýa Gadymy Indoneziýa we Gadymy Hytaý swilizasiýalarynyň täsiri esasynda dörän swilizasiýalardyr.

**Mongoliýa**

Mongoliýanyň arheologiýasy XIX asyryň ahyrlarynda Rus hemde Ýewropa alymlary tarapyndan öwrenildi. 1880-nji ýylda rus alymy W.W.Radlow tarapyndan ýörite arhelogiki ekspedisiýa guralypdyr. 1899-njy ýylda Orhon derýasynyň kenaryndaky aerheologiki ýadygärlikleri öwrenmek maksady bilen N.M.Ýadrinsewiň baştutanlygynda Orhon runy ýazgylaryny öwrenmek üçin ýörite topar düzüp işläp başlapdyrlar. Alymlar N.K.Kozlowa, G.I.Browko, D.G.Bukinç

we başgalar XX asyryň 50-nji ýyllarynda başlap ýerli alymlar H.Perlee, S.Dolžuren, Ser-Odžaw we başgalar öwrendi. 1949-njy ýylda belli alym A.P.Okladnikow Mongol ýerinde yzygider iş geçirip başlady. Mongoliýanyň ýerinde paleolit, mezolit, neolit zamanlarynda degişli arheologiki ýadygärlikleri şol wagtky SSSR-iň arheologiýa intitutynyň işgärleri tarapyndan öwrenilip, daş-mis, demir asyrlarynda degişli arheologiki ýadygärlikleri dünýä ylmyna girizdi.

**Hytaý**

Hytaý arheologiýasyny ilkinji öwrenip başlan alym Syma-Sýan (b.e.öňki 145-86 ý). Bu alym ilkinji Hytaý welaýatlaryna syýahat edip ýerlerden gadymyýete degişli ýazgy ýadygärliklerini ýüzi hatly küýze gap-gaçlaryny, bambuk agajynyň gabygyna ýazylan ýazgylary toplan alymdyr. Hytaýda arheologiýa bilen bagly bolan ylmy iş Syma Sýan tarapyndan ýazylan “Şi szi” (Taryhy ýazgylar) atly eseridir.

B.e I asyrynda ýaşan alym Ýuan-Kan özüniň “Ýue Szýue Şu” (Patyşa Ýueniň ölümi hakda) diýen kitabyny ýazypdyr. Hytaý patyşalary we hanlary üçin, söweş üçin Nefrit diýen gymmat bahaly daşdan ýarag ýasandyklary barada hem maglumat bar.

XX asyryň başlarynda bütin Hytaý ýerleri boýunça 15-20 müňe ýakyn arheologiki ýadygärlikler hasaba alynan. Hytaýyň Şannaban diýen ýerinden paleolit zamanyna degişli adamyň dişleri öwrenilipdir.

Hytaýyň Lantýan diýen ýerinden mustýe zamanyna degişli daşlaryň dürli görnüşlerinden ýasalan zähmet gurallary öwrenilendir. Çjoukou diýen gowagyndan adamlaryň arhantrop görnüşlerine çalymdaşlygyny antropolog alymlar kesgitleme berdiler. Şol gowakdan ýüzden gowrak ýasalan zähmet gurallary öwrenildi. Hytaýyň Tumeni welaýatynyň Toadany diýen obasyndan öwrenilen gowakdan ostrakoneçniki, skrebki, nukleusy diýen ýaly daşdan ýasalan gurallaryň dürli görnüşleri ýasalypdyr. Şol ýerden öwrenilen adam süňkleri alymlaryň

kesgitlemelerine görä homosapines görnüşinde bolandygyny anykladylar. Rus alymy M.M.Gerasimow tarapyndan paleolit zamanyna degişli tapylan adam keleçanaklary sinantrop diýlip atlandyrylýan tapyndylar Hytaý daglyk raýonlaryndan köp öwrenilendir. Hytaýyň Huanýandun gowagyndan neantrop görnüşli adam süňkleriniň öwrenilmegi b.e.öňki XVII müňýyllyga degişli. Esasan iki sany gadymy medeniýet bardyr. Paleolit zamanynyň ahyrlarynda iki sany uly arheologiki medeniýet: Hytaýyň günortasynda Fulin hemde Çanbin (taýwanda) medeniýetleridir. 1960-njy ýylda Fumin diýen gadymy obanyň golaýyndan paleolit döňwrüne degişli daşdan ýasalan zähmetiň dürli görnüşlerine degişli gurallar öwrenildi. B.e.öňki XVII-XV müňýyllyklara degişli Çanbin medeniýeti has gowy öwrenilen medeniýetleriň biridir.

Huanhe derýasynyň kenarlarynda mezolit zamanyna degişli Şaýuny medeniýeti öwrenilendir. Bu döwürde daşlaryň dürli görnüşlerinde zähmediň görnüşine görä, has takygy dini ynançlar üçin has owadan we ýumşak daşlardan, uly ýabany haýwanlary awlamak üçin gödek işlenilmedik, tebigat tarapyndan togalak, ele oňaýly daş gurallaryny ulanypdyrlar. Neolit zamanyna degişli arheologiki müňläp ýadygärlikler, ýüzläp arheologiki medeniýetler öwrenilendir. 1935-1936-njy ýyllarda bary-ýogy ÝanŞao hem Lunşan iki sany medeniýet öwrenilen bolsa XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Hytaýyň neolit zamanyna degişli 20-den gowrak arheologiki medeniýetleriň üsti açylandyr. Hytaýyň günorta raýonlarynda irki neolit zamanyna degişli Huanhe, Henan, Gansu we Şandun medeniýetleri öwrenilendir. Hytaý arheologiýasynda kabul edilmegine görä eneolit bir aýratyn döwür hasaplanman köplenç ýagdaýlarda onuň ösüş derejesi mis we demir zamanlaryna çalymdaşrak eken, çünki bu taryhy döwürlerde Hytaý ýerlerinde jemgyýetiň iň bir ösen ýerleri bolup birnäçe swilizasiýalar ýüze çykýar.

Gadymy Hytaý ýerlerinde mis we demir zamanlarynda howa şertleriniň durnukly bolmagy sebäpli durmuş-ýaşaýyş yzygider dowamyýetli ösendigini Henan, Hebeý, Şensi medeniýetlerinden ýada şol arheologiki tapyndylardan has takyk görünýändir. B.e.öňki XVII-XVI asyrlara degişli Şan medeniýetinde degişli bürünçden ýasalan gap-gaçlar diňe bir hojalykda ulanylman, dini ynançlar bilen bagly binalarda hem ulanylypdyr. Gadymy Hytaýyň Lýuliçe, Erligane, Erlitou diýen ýerlerinden Hytaý arheologlary tarapyndan öwrenilen dini ybadathanalarynyň galyndylarynyň arasynda öwrenilendir. Mis asyry Hytaýyň ýerlerinde 15-20 asyrlap dowam edipdir diýip hytaý alymlary kesgitleme berýär. Has takygy mis asyry b.e.öňki VI asyrda Hytaýda öz ösüş nobatyny demir asyry bilen çalyşýandyr. Indi mis asyry nämeüçin beýle köp asyrlap dowam edipdir, diýeniňde Hytaýyň taryhy ösüşi üç döwre bölünip öwrenilýär.

Demirgazyk günorta gündogar Hytaý ýerleri. Her bir regionyň özboluşly ösüşi bolanlygy üçin bir ýerinde jemgyýetiň ösüşi tabigatyna bagly bolup galýar. Ösen bolsa başga bir ýerinde howa şertleriniň üýtgemegi, derýalaryň öz akymyny üýtgetmekligi bilen bagly bolandyr.

## Koreýanyň gadymy medeniýeti

Koreýanyň arheologiki ýadygärlikleri esasan XIX asyryň başlaryndan yzygider öwrenilip başlandy. 1895-nji ýylda ýapon alymy tokio uniwersitetiniň mugallymy R.Torini Koreýanyň arheologiki ýadygärliklerini öwrenmäge ýörite ekspedisiýa gurapdyrlar. 1946-njy ýylda Koreýa arheologiki ýadygärliklerini gorap saklamak diýen guramanyň açylmagy Koreýa ýerlerindäki arheologiki ýadygärlikleriň ýerleşen ýerleri boýunça kartalar düzülipdir. Koreýanyň her bir welýatynda arheologiki ýadygärlikleri gorpap saklamak maksady bilen ýörite guramalar döredilendir. Günorta Koreýada howa şertleriniň durmuklylygy sebäpli ýaşan jemgyýetiň taryhynda birnäçe arheologiki medeniýetler bolupdyr. Koreýanyň Gongokin diýen ýerinden paleolit zamanyna degişli daş gurallary we awlanan haýwanlaryň süňkleri antropolog alymlar tarapyndan öwrenilýär. Paleolit zamnayna degişli günorta Koreýanyň ýerinden 40-a golaý gowaklar we düşelgelerden daş gurallarynyň 40-dan gowrak görnüşleri öwrenildi. Tunho obasyndan mustýe zamanyna degişli birnäçe gadymy düşelgeler anyklanyldy. B.e.öňki II müňýylyklarda Koreýanyň günorta ýerlerinde täze daş asyryna degişli daşdan ýasalan daş gurallary Sophohan, Pamyý-ky soň Tosonli ýaly arheologiki medeniýetler öwrenildi.

## Gadymy Ýaponiýanyň arheologiki medenýetleri

Ýaponiýanyň ýerindäki arheologiki ýadygärlikleri öwrenmeklige XVII-XVIII asyrlardan başlanypdyr. 1880-nji ýylda Tokioda soňra beýleki raýonlarynda arheologiki ýadygärlikleri öwrenmek maksady bilen 1886-nji ýylda Tokio uniwersitetinde arheologiki jemgyýet soň Antropologiki guramalar döredilýär. XX asyryň birinji ýarymynda N.Munro, R.Torii, S.Sugiýama, E.Morozow, R.Mornito we başgalar. Daş miş zamanlarynda degişli arheologiki ýadygärlikleri öwrenipdirler.

Ýaponiýanmyň ýerinde şel aşşel zamanlaryna degişli arheologiki ýadygärlikleri häzire çenli doly hasaba alynan däldir. Hasina, Sodzýudaý medeniýetleri professor S.Snegami tarapyndan doly öwrenilendir. Hosino medeinýetli Ýaponiýada homosapens ýadygärliginden  arhantroplardan galan medeni gatlakdyr. Uly taryhy döwre degişli ýadygärliklerden Munoýamo, Dazadzari, Babadan şonuň ýaly hem Honsýu ýarym adasyndan birnäçe ýadygärlikler öwrenilen.

Irki paleolit zamanyna degişli Hokkaýdo adasynda mustýe zamanynda ýaşaýşyň bolandygyny şol ýerden tapylan zähmet gurallary şaýatlyk edýändir. Daş asyrynyň (paleolit) zamanynyň ikinji döwrüne degişli ýadygärlikler Siroýani, Horokodazawa, Tatikarisýunaý, Masanru, Tatina, Tarunisa we başgalardan haýwan süňklerinden ýasalan bezeg şaý-sepleri balyk tutmakda gurallaryň käbir görnüşlerini alymlar tarapyndan öwrelindir.

B.e.öňki 9-8 müňýyllyklarda paleolit zamananynyň ahyrlarynda ösüşler mezolit zamany bilen baglydyr. Ýaponiýada iş diýseň belli medeniýetleriň biri Dzýomon ekerançylyk medeniýetidir. Ýapon alymlary Dzýomon medeniýetini bäş sany taryhy döwre bölýärler. Baş döwür, irki, ortaky, giçki, jemleýji döwürdir.

Neolit zamanyna degişli keramiki önümlerdäki nagyşlar has çylyşyrymlaşypdyr.

### *Günorta Sibir, Merkezi Aziýa we Uzak Gündogar ýerleriniň arheologiýasy.*

B.e.ö. I müňýyllygyň ortalarynda günorta Sibir, Merkezi Aziýa ýerlerinde ýaşan, maldarçylyk bilen meşgul bolan taýpalaryň durmuşynda durmuş özgerişler bolup geçýär. Ol jemgyýetde feodal gatnaşyklaryň ilkinji elementleri döreýär. Günorta Sibir ýerlerinde ýaşaýşyň ähli görnüşleri boýunça has ösen taýpalaryň biri hem Altaý taýpalarydyr. VI asyrda günorta Sibir taýpalarynyň birikmelerinde Altaý taýpalarynyň uly taýpa birikmeleri bolup, olaryň döwletleri Mongoliýadan gündogara, günbatarda hem Pamire çenlidir. Altaý taýpalary şol ýerde ýaşaýan türki halklary we halkyýetleri bir ýere jemläp soýuz döredipdirler. Şol soýuza ozal çapawulçylyk edip baý bolan, ýa-da ähli baýlyklary özünde jemlän adamlar ýolbaşçylyk edipdirler. Şol hili taýpa feodal-patriarhal toparlaryň başynda durýan adamlara Kagan ýa-da Kaganlar diýipdirler. Olaryň jemgyýetçilik gurluşy boýunça feodal jemgyýeti bolupdyr. Altaý türklerinde merkezleşen döwlet bolmandyr, ýöne uly tire-taýpa birleşmeleri bolupdyr. Altaý türklerinde käbir halatlarda tire-taýpalar baryndaşlyk boýunça soýuz döreden bolsalar, käbir halatlarda hojalygyň görnüşleri boýunça birigipdirler. Altaý türkleriniň taryhyny b.e. I müňýyllygynyň başlaryna degişli gabyr depelerinden (kurgan) tapylan gymmatbahaly daşlardan ýa-da tylla-kümüşden ýasalan zähmet we ýarag gurallaryň, bezeg şaý-sepleriň kömegi bilen öwrenilýär. Mazarçylygyň merkezi böleginde baý adamlaryň mazary bolup, onuň töwereginde beýleki garamaýak halky jaýlapdyrlar. Harby ýolbaşçylaryň mazarynda ýarag gurallaryndan başga-da, ýönekeý esgerleriň meýdini goýupdyrlar, käbir halatlarda gullary öldürip jaýlapdyrlar. Mazarlar dürli ölçegden ybarat

bolupdyr. Uly mazarlarda köpsanly senetler goýlupdyr, başga bir tarapdan her bir taýpanyň ýa-da urugyň ynanýan (uýýan) dini boýunça hem gabyry bezäpdirler. Altaýdan tapylan Katanda, Tuýahte, Ur derýasynyň boýunda Kuzbasdan mazar depelerinden tapylan kümüş gap-çanaklaryň ýüzüne gadymy türk hatynda ýazgy hem öwrenilendir. Arheologiki tapyndylaryň arasynda harby maksatlar üçin ulanylýan palta, teşe, gylyç ýaly gurallar köpsanlydyr.

IX asyrdan başlap günorta Sibir ýerleri Gyrgyzlaryň garamagyna geçýär. B.e. I müňýyllygynyň ahyrlarynda günorta Sibir ýerlerinde ýaşaýan adamlar arheologik görnüşleri boýunça häzirki kanaslara çalymdaşdyrlar. Günorta Sibir taýpalaryna degiş gubur depelerinden tapylan gap-çanaklarda gadymy türk (runi) hatynda ýazylan ýazgy ýadygärlikleri tapylandyr. Gadymy hakas gabyr depelerinden öwrenilen arheologiki tapyndylaryň esasynda ol medeniýete Çaa-tas medeniýeti diýilýär. Bu medeniýete degişli guburr depeleri özleriniň uly ölçegleri bilen tapawutlanýandyr. Şonuň üçinem uly guburlar baý urug ýolbaşçylaryna degişlisi has uly, belent bolýar, daýhanlara, garyp adamlara degişli guburrlar pessejik bolýarlar. Adamlaryň baýlygy olaryň malynyň sany bilen kesgitlenipdir. Merhum ol dünýäde horluk çekmez ýaly onuň ýanyna goýun, at we beýleki gymmatbahaly baýlyklary goýupdyrlar. Her baý adamyň gabyr depesinde (mazarynda) aýratyn gizlin çukur (taýnik) bolup ol ýerde has gymmat bahaly zatlary gizläp goýýan ekenler. Gadymy Hakas ýädygärliklerinde dag gaýalarynyň ýüzünde, adamlaryň aw awlaýan wagty, harby söweşler, atlaryň, düýeleriň şekillerini daşy oýup şekillendiripdirler. Adamlar ýaşamak üçin türkmeniň gara öýi görnüşli öýlerde ýaşapdyrlar, çünki gara öýleriň şekillerini uly daşlaryň ýüzüne çekipdirler. Arheologiki tapyndylaryň içinde Gyrgyz gap-çanaklarynyň ýüzüne möhür ýa-da basma nagyşlary çekipdirler. Gyrgyz döwleti öz düzümine etniki tarapdan dürli bolan taýpalary birikdirip,

Altaýyň Saýan daglarynda ýerleşipdirler. Olaryň gepleýän dilleri hem dürli-dürli bolupdyr. XIII asyryň başlarynda mongollar tarapyndan Gyrgyzlar döwleti syndyrylypdyr. B.e.ö. I müňýyllygyň ahyrlarynda Uzak Gündogaryň we Merkezi Aziýanyň ýerinde ýaşaýan halklaryň durmuşynda durmuş özgerişler bolup geçdi. Birnäçe taýpalaryň birikmelerinde döwlet derejeli soýuzlar döredildi. Ol soýuzlar şol zamanda ýaşan Aziýa we Ýewropa halklaryň durmuşynda uly orna eýe boldy. B.e.ö. I müňýyllygyň ahyrlarynda Uzak Gündogaryň ýerinde etniki tarapdan dürli bolan medeni toparlar döredi. Olardan has bellileri Iou we Mohe medeniýetine degişli belli ýadygärlikleriň biri Mihaýlow şäheridir. Bu şäheriň daşy galanyň ýerine çuň gabaw (row) bilen gurşalypdyr. Arheologiki gazuw-barlag işleri netijesinde iňňe, temen, balyk tutulýan gaňyrçaklar, pyçak ýaly gurallar öwrenildi. Hojalygyň esasy görnüşi maldarçylyk we balykçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Uzak Gündogaryň käbir ýerlerinde azal bilen ýer sürmek, ýagny ekerançylyk ösüp başlapdyr. VII asyrda Uzak Gündogaryň ýerinde, ýagny Mançžuriýa ýerlerinde Bohaý atly medeniýet ýüze çykýar. VIII-IX asyrlarda Bohaý döwleti öz ýerinde iň bir güýçli döwletleriň birine öwrüldi. Bohaý medeniýetine degişli budda dini bilen bagly gadymy ymaratlaryň galyndylary öwrenildi. Ýene-de bir Bohaý medeniýetine degişli Zmein ýadygärligidir. Ol ýerden gyzyldan ýasalan aýal adamlaryň kelle gaby tapyldy. Ýaşan jaýlary ýerküme görnüşinde bolupdyr. Ýasalýan küýze gaplary syrçaly we syrçasyz bolupdyr. XI asyrda Bohaý döwletiniň ýerine Çžurže döwleti gelýär.

## *Gündogar Ýewropanyň çarwa toparlary.*
## *Wolga Bolgarlary.*

B.e. I müňýyllygynyň dowamynda gündogar Ýewropa ýerlerinde birnäçe täze toparlar döreýärler, käbirleri bolsa ýitip gidipdir. Ol toparlar etniki düzümi boýunça dürli-dürli bolup, biri-birini talamagyň esasynda baýapdyrlar. Çarwa taýpalar ýarym çarwa öwrülipdirler, ýagny belli bir derejede ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Jemgyýetde oturymly ekerançylyk peýda bolýar. Jemgyýetde çarwa taýpalar şäherlere ornaşyp başlapdyrlar. B.e. I asyrynda gündogar Ýewropanyň çöllük raýonlarynda ýarym çarwa we ýarym ekerançy toparlar döräpdir. II-III asyrlarda gündogar Ýewropa ýerlerinde ýaşan ähli taýpalar, Gotlar we Alanlar taýpalarynyň düzümine girip, Alanlar soýuzy ady bilen taryha giripdirler. Don derýasyndan gündogarda ýerleşen taýpalar ekerançylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Olaryň medeniýeti bilen bagly zatlar gabyr depelerinden tapylandyr we şol tapyndylar boýunça merhumlaryň jemgyýetiň haýsy gatlagyna degişlidigini kesgitläp bolýar. Gotlaryň we Alanlaryň medeniýeti Rim medeniýeti bilen çalymdaşdyr.

IV asyrda gündogar Ýewropa ýerleri Gunlar tarapyndan basylyp ýatyrylýar. Gunlaryň uly taýpa birikmeleri netijesinde soýuz emele gelýär. IV-V asyrlarda Gunlar döwleti has güýçlenip, Rim imperiýasyna howp salypdyr.

VII asyrda Priazowýa ýerlerinde ýaşan taýpalary -- Saltow-Maýas medeniýeti, Hazar deňiz kenarynda ýaşan türki taýpalary – Hazar kaganatlary diýip atlandyrypdyrlar. Kagan – diýmek, türki dilinde gürleýän toparlaryň düzümine aýdylýar. Hazar kaganatyna degişli birnäçe şäherler bolupdyr. Olardan: Sarkel, Itil, Semender. Sarkel şäheri IX asyrda bina edilýär, onuň gurluşykçylary Wizantiýa gurluşyk düzümini düzýärler. Şäheriň halky dykyz ýerleşipdir. Ol ýerde 120 sany jaý galypdyr. Ýaşaýan adamlar öz etniki düzümleri boýunça 3

bölege bölünipdir: bolgarlar, slawýanlar, türkler. Sarkellileriň esasy kärleri hünärmentçilik bolupdyr. X asyrda Hazar döwletine garşy Kiýew knýazy Swýatoslaw uly harby ýöriş edýär we ony derbi-dagyn edýär.

Günorta Russiýa ýerlerinde Peçenegler kipçak-polowesler döreýär. Olar Altaýda ýaşamak bilen günorta Sibir ýerdäki halklara howp salypdyrlar.

### *Wolga Bolgarlary.*

VII asyryň ortalarynda Wolga derýasynyň aşaky akymlarynda türki dilinde gepleýän bolgar taýpalary ýüze çykýar. Olar Wolga boýlarynda ýaşanlary üçin, olary Wolga Bolgarlary diýip atlandyrypdyrlar. Olaryň düzüminde çuwaş we tatarlar bolupdyr. Bolgarlar belli bir derejede Hazar döwletine bagly bolupdyr. X asyrda Bolgar, Sumen, Bilýar, Oşel, Kermantup ýaly uly şäherler döräpdir. Bu şäherleriň daşlary berkitme galalar bilen berkidilipdir. Şäheriň ilatynyň köp bölegi grek, ermeni, ruslar bolupdyr. Taryhy çeşmelerde berilýän maglumatlara görä, ýene-de bir uly şäher Suwar, ol Wolgadan 40 km. uzaklykda bolupdyr. XIV asyrda Bolgarda demir eredilýän peçler peýda bolýar. X asyrda Wolga Bolgarlary öz manatlaryny zikgeleýärler. Belli mazar depesi Babiý-bugordan gymmatbahaly gap-çanaklar, zähmet gurallary tapylandyr. Taryhda olar “Beýik Bolgar” hem diýip atlandyrylýandyr. Wolga Bolgarlary 1235-nji ýylda tatar-mongollary tarapyndan syndyrylýar.

### *Gadymy Slawýan arheologiýasy.*

Slawýanlar, olaryň medeniýeti birnäçe ösüş ýollaryny geçendir. Ilkinji olarda Praslawýanlar, bu ýerde diňe bir slawýanlar däl-de, başga halklar hem ýaşaýarlar.

Ikinji döwürde gadymy slawýanlar – I müňýyllygyň dowamynda. Soňky üçünji döwür slawýan medeniýetiniň ösen döwri, bu döwre feodal döwri hem diýýärler. Gadymy rus

şäherleriniň merkezi Kiýew bolpudyr. Gadymy Kiýew döwletinde ýaşan adamlaryň hojalygynda ekerançylyk we maldarçylyk esasy orna geçipdir. Olarda atçylyk (ýaby), sygyrdarçylyk ösen hojalyklaryň biridir. Bu döwre degişli Zarubin medeniýetidir. Bu medeniýete degişli tapylan tapyndylaryň köpüsi hojalyk bilen bagly gurallardyr. Şonuň ýaly hem Çernýab medeniýeti. Çernýab medeniýeti Dnestr derýasynyň kenarlarynda ýaýran medeniýetleriň biridir.

Gadymy rus şäherleri  Kiýew, Smolensk, Nowgorod, Çerniçow. Bu şäherlerde hünärmentçilik güýçli ösüpdir. IX-X asyrlara degişli jemi 224 şäher bardyr. Olaryň köpüsiniň öz önderýän manatlary bolupdyr. XII-XIII asyrlarda Kiýew rusunda hünärmentçiligiň ähli görnüşleri öz ösüşleri boýunça ýokary derejä ýetipdir.

## Gündogar Ýewropa ýurtlarynda gadymy gul eýeçilik we feoldal jemgyýetçilik döwrüniň arheologiýasy.

GDA-nyň territoriýasynda ilkidurmuş jemgyýetinden birleşen urug jemgyýetinde geçmeklik irki bürünç asyrynda ýüze çykypdyr. GDA-nyňp territoriýasynda ilkinji döwletler Zakawkaziýada, Gara deňziniň demirgazyk kenar ýakalarynda şeýlede Merkezi Aziýanyň birnäçe ýerlerinde emele gelipdirler.



**Küldepe medeniýeti**

GDA-nyň territoriýasynda ilkinji döwlet Ermenistnayň daglyk ýerlerinde ýaşan adamlar tarapyndan esaslandyrylypdyr. Olar has gadymy wagtlarda döwletleriň dörän ýeri bolan Alymky Aziýanyň halklary bilen oba hiojalyk we medeni gatnaşyklary saklapdyrlar. Şeýlelikde ilkinji esaslandyrylan döwlet urartu bolupdyr. Gerekleriň ilkinji mekanlary gara deňziniň demirgazyk kenar ýakasyna has irki döwürde ýüze çykypdyr. Grekleriň örän ösen swilizasiýalary bolupdyr. Olar özleriniň ösen medenýetleri bilen goňşy ýurtlaryň halkklaryna öz täsirini ýetirip bilipdirler. Metal işläp bejermek olrda has ösen bolupdyr.

Ilkinji synpy jemgyýet Merkezi Aziaýanyň birnäçe ýerlerinde hem emele gelip başlapdyr. Şeýle jemgyýet sungatyň ösen ýerinde hasda ýaýbaňlanypdyr.

Adamlaryň täze jemgyýete gelmegi oba hojalygynyň ösüşine we tehmikanyň ösüşine bagly bolupdyr. Bu ýerde küýze önümkleri, oba hojalygynda ulanylýan demirden zähmet gurallry has giň ýaýarapdyr. Uly gurluşyklaryň alnyp barylmagy, şäherleriň döredilmegi, hatyň has giň ýaýaramagy, teňňeleriň has giň ýaýramagy adamlary synpy synpy jemgyýete geçmegine sebäp bolupdyr.

## Aziýanyň gul eýeçilik we irki feodalçylyk döwletleriniň arheologik ýadygärlikleri

### 1. Orta Aziýa

B.e.öň 7-6 asyrda Orta Aziýanyň ekerançylyk raýonlarynda, bürünç asyrynyň sepgidinde-jemgyýetçilik durmuşynda hojalygynda we medeniýetinde üýtgeşmeler bolupdyr. Gul eýeçilik gurluşynyň we suwarymly ekerançylygyň ösendigine arheologik ýadygärlikler şaýatlyk edýär.

Eger bürünç asyrynda suwaryş desgalary diňe kenaryň boýlary bilen bolan bolsa bu döwürde emeli suwaryş sistemasy döräp, ekerançylyk ýerleriniň giňelmegine getiripdir, ol d.g-a tarap giňäp, Horezme ýetipdir. Bu ýerde suwaryş sistemasy bütin Amyderýanyň deltasyny tutupdyr.

Sag kenarynda, Goýungyrlanda we Janbasgalada uly kanallaryň yzy tapyldy. Olarda örän köp orta we kiçi kanallar çekilipdir.

B.e.öň 6 asyrda Amyderýanyň we Syrderýanyň aşak akymlaryndaky suwarymly ekerançylyk ýerleriniň meýdany 3.5 mln ga barabar bolupdyr.

Uly ýaplaryň, kanallaryň ýerleşen ýeri esasan gadymy ekerançylaryň duralgalary bolup durýar. Olardan Toprakgala, Gyzylgala, Janbasgala, Goýungyrlangala we ş.m. aýtmak bolar. Iň irki ekerançylyk raýonlary b.e.öň 6-5 asyra degişli, ýagny Ahemenitler döwrüne. Bu döwrüň esasy ýadygärligi Küýzeligyr bolup durýar. Onda bişmedik kerpiçden salnan uzyn koridor görnüşli jaý bolup, onuň giňligi 4 m ýetipdir.

Obanyň merkezinde uly bina ýerleşip, ol oblastyň hökümdarlarynyň köşgi. Onuň diňe merkezi zalynyň meýdany 285 mkwd barabardyr.

Ahemenit agalygynyň soňky döwrüne Orta Aziýada Galalygyr I degişli. Ol b.e.öň 5 asyryň ahyry 4 asyryň başynda Ahemenit häkiminiň rezidensiýasy bolan bolmaly. Ol Horezmdäki iň uly şäher harabaçylygy. Onuň gönüburçly gala

diwarlarynda birnäçe diňler ýerleşdirilen, galanyň içinde ullakan köşk ýerleşdirilipdir. Onuň gurluşynyň tamamlanman galandygyna seretmezden, onuň harabalygy hem uly täsir galdyrýar. Köşgiň meýdany 10500 mkwd barabar. Edil gala ýaly köşk hem toýundan edilen böleklerden ýasalypdyr. Dabaraly zaly sütünler bilen bezelip, ol Persopel we Ekwatanyň köşk gurluşyny ýatladýar.

B.e.öň 4 asyryň meşhur ýadygärligi Goýungyrlan gala hasaplanýar. Gala slinder görnüşli bolup, onuň aýlawly diwarynda 9 sany diňi bar. Diwarlaryň aşagynda birnäçe otaglar bolup, ol ýerde gullar, hyzmatkärler ýaşapdyrlar we ambarlar ýerleşipdir. Goýungyrlan galadan b.e.öň III-II asyra degişli gadymy ýazgylar tapyldy. Ol Horezm hatlarynyň içinde iň gadymysy hasaplanýar. Olar  aromeý hatyna meňzeş bolan harplar bilen ýazylypdyr. Goýungyrlan gala ybadathana we adminstratiw merkez bolupdyr. Onuň töwereginde ruhanylaryň ýaşaýyş jaýlary bolupdyr. Ýene-de ybadathana hyzmatkärleri we gullary ýaşapdyr. Bu ybadathana b.e.öň 5-4 asyrda Horezm Ahemenitleriň agalygyndan çykyp, ösen döwrüne degişli.

B.e.öň I asyryň ahyrynda Horezm Kuşanlaryň düzümine giripdir. Kuşanlar döwrüne, ýagny I-III asyr degişli. Horezm hökümdarlarynyň galasyna Toprak galany meşhur Üçdiňli galany görkezmek bolar. Onuň diwarlarynyň 25 m beýikligi saklanypdyr. Çüňkdäki diňleriniňp aşagynda ýaşaýyş jaýlary ýerleşdirilipdir. Zallar topary gazylyp tapyldy. Olaryň biri ”Patyşalar zaly” bolup, onda patyşanyň heýkelleşdirilen suratyny diwaryň ýüzüne öz ýakynlary, garyndaşlary bilen çekipdir. Ýene-de “Ýeňiş zaly” we  “Urşujylar zaly”, “Garatenli gwardiýaçylar” hem açyldy.

Köşgüň g.o böleginde haremhana tapyldy, ýagny ol owadan hatlar bilen bezelipdir. Tutuş toplumuň jaýlary ýaý ussahanasyndan ýarag we harby esbaplary saklaýan ambarlardan ybarat bolupdyr.

Toprakgaladan III as. b/n senelenýän ýüze golaý toýnuň, agajyň deriň ýüzüne ýazylan tekstler tapyldy.

Horezm medeniýeti Persiýa, Grek-Baktriýa, Hindistan bilen ýakyn balnyşykda bolupdyr.Ýöne şonda-da gadymy Horezmiň özboluşly we aýratyn medeniýeti bar.

Horezmden günortada Baktriýa, Margiýana,Parfiýa,Sogdianaň ýerleri ýerleşipdir.

Antik döwrüniň şäherleri ýene Murgabyň boýunda Margianada hem döräpdir. Ol ýerde ekerançylyk oazisleri b.e.öň I müňýyllygyň başlarynda döreýär. Bu oazisiň merkezi Ýazdepe we Arabaly depe ýaly oturymly ýerleri bolupdyr. Ýazdepäň meýdany 16 ga barabar Şäheriň güýçli sitadeli bolup, ol 8 m. Beýiklikdaäki bişmedik kerpiç edilen platformada ýerleşýär. Onuň içinde ägirt uly jaý bolup, ol 4 tarapdan dyrýan insiz koridor görnüşli jaýlardan we uly gönüburçly zaldan yabarat.

B.e.öň VIII asyrda Orta Aziýaň günorta raýonlary we häzirki Owganystan Baktriýaň ýerleri bolupdyr. Soňra bu ýerler Ahemenitleriň düzümine giripdir, b.e.öň 329-njy ýylda Aleksandr Makedonski basyp alypdyr. Şeýdip grek dilini we mdeniýetini ornaşypdyr. Ýöne Grek-Baktriýa patyşalygynyň medeniýetiniň esasyny ýerli medeniýet tutupdyr. Ýöne ellinizmiň bu döwrüň maddy medeniýetinde uly yz galdyrandygyny bellemelidir. Bu döwürde söwda, hünärmentçilik, täze şäherleriň ösüpdir, bolçulyk bolupdyr.

Grek-Baktriýa degişli arheologik tapyndylaryň arasyndaky b/çe teňňeleriň ters ýüzünde grek hudaýlary we gahrymanlary: Zews, Artemida, Poseýdon we Gerakl şekillendirilipdir.

Baktriýadan demirgazyk, Zerewşanyň suwlary bilen suwarylýan ekerançylyk ýerlerinde gadymy ýurt bolan Sogd ýa-da Sogdiana (ol Marakant ady bilen muşhurdyr.) ýerleşýär. Gadymy persleriň klinopis ýazgylarynda grek maglumatlarynda we arap syýahatçylarynyň ýazgylarynda Sogdiana

hünärmentçileriň, täjirleriň, aýdymçy we tansçylaryň ýurdy diýip bellnýär. B. e. Başlarynda Sogd dili Horezmden başlap, demirgazyk hindistana we Mongoliýa çenli baryp ýetýär. Sogd medeniýeti köp babatda öwrenilmekdir. Häzirki Samarkantdan demirgazyk uly baýryň üstünde gadymy paýtagt bolan Afrasiab ýerleşýär. Ol baradaky maglumatlar b.e.öň VI - IV as. Degişli.Afrasiabyň demirgazyk böl;eginde b.e.öň IV- III as.golaý diwary tapylyp, ol görnüşine görä, ol makedoniýalylaryň çozuşynda berbat edilipdir. Olaryň Sogdianada agalygy örän gysga wagtlyk bolupdyr. Muňa Sogd şekili bilen zıkgelen teňňeler şaýatlyk edýär. Rimden Hytaýa gidýän gadymy söwdä ýoly şäheriäň medeniýetine öz täsirini ýetiripdir. Sogd halkara söwdä ýolunyň merkezinde ýerleşipdir. Bu ýerde baý täjirler düşläp öz harytlaryny hem satypdyrlar. Bu ýerde kölenç deňiz ýakasyna häsiýetli bolan zatlar köp tapylýar. Olaryň arasynda ýene-de halkara söwdä netijesinde bu ýere gelen dürli teňňeler hem bar.

Günorta türkmenistanda demirgazyk- gündogar Eýran bilen goňşuçylykda Parfiýa ýerleri ýerleşipdir. Parfiýa ekerançylyk medeniýetiniň merkezi bolupdyr. B.e.öň VI- VI as. Orta Aziýa beýleki döwletleri ýaly Parfiýa hem Ahemenitleriň düzümine giripdir. B.e. öň III asyryň ortalarynda Parfiýada arşaklar nesilşalygynyň döwri başlanýar.

Parfiýa Eýranyň, Mesopatamiýaň, Owganystanyň, Ermenbistanyň ýerlerini özüne birikdirip güýçli döwlete öwrülýär. Parfiýa Rim imperiýasynyň gündogardaky mynasyp bäsdeşine öwrülýär. Parfiýanyň demirgazyk territoriýasy Türkmenistanyň ýerlerinde ýerleşipdir. Parfiýa patyşalarynyň birnäçe şäherleri bolupdyr. Olaryň Aşgabatdan 18 km günbatarda ýerleşýän Täze we Köne Nusaý diýip atlandyrylýan şäher harabaçylygydyr.

Täze Nusaý bolup, ýöne Köne Nusaý ýa-da öňki ady bolan Mitridat kert patyşa galasy bolup onuň içinde

ynabdathana toplumy ýarag ambarlary, döwlet arhiwi we hazyna ýerleşipdir.

Köne Nusaý, patyşa rezidensiýasy bişmedik kerpiçden beýiklikde bina edilipdir. Şular ýaly görnüşde goşmaça berkitme diňleri bilen galanyň beýikligi 30 m ýetipdir.

Galaň içinde geçirilen barlag netijesinde ajaýyp tapyndy bolan-ýapyk koridorlar bilen birikdirilen 9 jaýdan ybarat bolan köşk tapyldy.

Aýratyn bölegi bolan merkzei zalyň meýdany 400 $m^2$ – a barabar. Ol 4 sany 8 m-lik sütünlere daýanýar. Zalyň içki gurluşynda ellinistik medeniýetiň täsiri duýulýar.

Tagtyň ýerleşýän zalynyň ýanynda meýhan (meýammary) we gazna ýerleşipdir. Onda ummasyz baýlyk saklanypdyr. Ýöne şol döwürlerde ol eýýäm talanypdyr.

Tapyndylaryň arasyndaky ganatly sfinksler ajaýyp erotaň we Afiniň kümüş heýkelleri pil süňkden ýasalan gaplar (şkatulkalar) we şah görnüşli ritonlar aýratyn saýlanýar. Şah görnüşli ritonlar esasan gd ýurtlary üçin häsiýetli, ýöne ritaonyň aşaky bölegindäki şekiller antik döwri üçin häsiýetli ýagny aýal hudaýlatryny we kentawlar (ýarym adam ýarym haýwan ýarym ösümlikler hudaýlaşdyrylan görnüşde) bar.

Ritonlafr grek we ýerli medeniýetiň garyşmagy bilen ýerli ussalar tarapyndan ýasalypdyr.

Tapyndylaryň arasynda grek nusgasynda ýasalan mermer heýkelleri aýratyn orun eýeleýär. Eşikleri aşak goýberilen görnüşdäki aýal hudaýlarynyň heýkelleri has gowy saklanypdyr. Olaryň arasyndaky aýlanyşykly ýüzi we bedeni doly suratlandyrylan ýalaňaç aýal heýkelini parfiýa patyşasynyň gyzy Rodoguna hasaplanaýar.

Köne Nusaý oba hojalyk önümleriniň okrugynyň dolandyryş merkezi bolupdyr. Ýerzeminden tapylan humlar we salgyt tölegleri hakdaky tekstler örän gyzgalaňly durmuşyň bolandygyny görkezýär. Olar “parfiýa patyşalarynyň arhiwi” hasaplanýar. Şeýle hem olar Orta Aziýadaky iň gadymy ýazuw

ýadygärligi hasaplanýar. Çakyryň ýygnalyşy we ş.m baradaky salgysydň ýygnalyşy tapan gaplartyň ýüzüne gara syýa bilen ýazylypdyr. Olar arameý hatyna esaslanan parfiýa hatynda ýazylypdyr. 2500-e golaýy tapyldy.

Parfiýa döwletiniň demirgazyk gündogarynda 100-den gowrak diňler bilen berkidilen galaly merw şäheri ýerleşipdir. Onuň meýdany 360 ga barabar bolupdyr. Bu şäher hünärmentçileriň we täjirleriň şäheri bolmak bilen ol paýtagt bolan Nusaýdan tapawutl;anypdyr. Şäheriň içki gurluşynda ilatyň durmuş derejesini aýdyň görkezýär. Ýagny gul eýeleriniň kaşaň jaýlary öz ussahanasynyň ýanynda ýaşaýyş jaýy bolan ownuk hünärmentçileriň jaýlarynda görmek bolýar.

## *Merkezi Aziýanyň Orta asyr ýadygärlikleri.*

***Täze Nusaý.*** Bagyr obasynyň günorta-günbatar tarapynda ýerleşen Täze Nusaý galasy öz gadymylygy boýunça täze daş asyryndan başlanýandyr. Bu ýerde köp arheologiki gazuw işlerini geçiren professor M.Ýe.Masson, soň A.A.Moruşenko Täze Nusaý galasyndan neolit zamanyna degişli zähmet gurallaryny tapandyklaryny ýa-da şol zamana degişli galyň bolmadyk medeni gatlagyň barlygyny çakladylar. Bu galanyň daşynda galyň we beýik gorag diwarynyň bolandygy hem anyklanandyr. Täze Nusaýyň günorta-gündogar böleginde baý adamlaryň ýaşandyklaryna şaýatlyk edýän arheologiki jaý galyndylary öwrenildi. Ilatyň gurpsyz böleginiň jaýlarynyň galyndylary galanyň demirgazyk böleginde ýerleşendir. Ýöne Köne Nusaýda Arşakidler dinastiýasynyň ýykylmagy bilen Täze Nusaýda ýaşaýşyň pese gaçmagyna alyp barandyr. Dogrudan hem Köne Nusaýdaky talaňçylar belli bir derejede Täze Nusaýa hem täsir edendir.

Muňa garamazdan Täze Nusaýda ýaşaýyş dowam etdirilýär. Nusaýyň arheologiki materiallarynyň esasynda VII-VIII asyrlarda köptaraplaýyn ýaşaýşyň pese gaçandygyna

şaýatlyk edýär. Haçanda Nusaý araplaryň düzümine girenlerinde, Nusaýlylara gaty agyr salgyt salypdyrlar. Netijede arap zulumyna garşy uly gozgalaňlar bolýar, emma ýerli begzadalaryň dönüklik etmekleri netijesinde gozgalaňçylar basylyp ýatyrylýar we agyr salgyt salýarlar. Diňe VII asyryň ahyrlarynda, IX-X asyrlarda Türkmenistanyň ýerinde Gorkut ata zamanynda jemgyýetçilik gurluşynda ösüş bolýar we Nusaýyň taryhynda uly öňegidişlik bolýar. Şol zamanda Horasanda ýaşaýanlaryň durmuşynda uly özgerişler bolýar. Ýaşaýşyň derejesi has ýokary göterilýär. Orta asyr Nusaýy X asyrda arap geograflary tarapyndan “Horasanyň galla mesgeni” diýlip at berlen Nusaý oblastynyň esasy şäheridi. Däne ekini onuň esasy baýlyklaryndan biridi. Şäheriň we obalaryň ýanynda köp ekin meýdanlary bardy. Esasan hem Orta asyrlarda Nusaýda ekilýän badamjan şöhratlanýardy. Nusaýda senetçilik önümçiligi ösüpdir. Senetçilik şäheriň eteginde ýerleşipdir, ony rabat diýip atlandyrypdyrlar. Rabadyň daşyna bolsa ýörite haýat aýlapdyrlar. Bu ýerde suw saklanýan sardowa, bazar we senetçileriň toplumlary saklanypdyr. Ol ýerde demirçiler, küýzegärler, misgärler, çüýşe üfleýjiler işläpdirler. Kerwensaraýlara daş ýerden kerwenler gelipdirler. Ussahanalar we dükanlar önderýän önümleri boýunça ýerleşipdirler. Nusaý senetçileri tarapyndan köpçülikleýin öndürilýän önümler özleriniň ýokary hilleri boýunça tapawutlanypdyrlar. Keramikasy – şa käseler, tabaklar, golçalar ýokary hilli ýasalyp olar dürli nagyşlar görnüşinde açyk reňkler bilen, köplenç bolsa guşlaryň suratlary bilen bezelipdir. Dermanlary saklamak üçin bolsa örän owadan we nepis bezelipdir. Nusaýda nah we ýüpek matalar dokalyp, olar has uzak ýurtlara äkidilip satylypdyr. Nusaý galasynyň içinde on sany biri-birini kesip geçýän köçeler bolup, olar galanyň (diwaryna) derwezesine barýan ekeni. Nusaý örän baglyk ýer bolup, onuň içinde owadan jaýlary salypdyrlar. Şeýle-de bolsa baý, barly adamlaryň arasyndaky agzalalyklar şäheriň

gowşamagyna alyp barýar. Netijede X asyrda şäher syýasy tarapdan we ykdysady tarapdan gowşaýar we şäherde belli bir wagt aralygynda ýaşaýşyň kesilmegine alyp barýar.

Nusaý uly, owadan şäher bolup, onuň süýji suwy bolupdyr, durmuşyň ähli eşretleri Nusaýda önderilipdir, bu şäherde agaçlar örän gür bolupdyr, olaryň ajaýyp miweleri bolupdyr, Nusaýda uly metjit bolup, galasy hem arassa bolupdyr. Bazar hatara ýerleşip, onda seýrek zatlar satylypdyr, hemişe arzançylyk bolupdyr. Nusaý galasynda (şäherinde) nesil yzarlamaçylyga, ylaýta-da ýolbaşçy harby serkerde saýlananda onuň ýedi arkasyny öwrenip, harby serkerde belläpdirler, özlerem gaty batyr bolupdyrlar. Nusaýda bagsyz we akar suwsuz howly bolmandyr. Nusaýyň töwereginde her-hili uly obalar bolupdyr, ýöne gedaýçylyk köp bolupdyr. Nusaý X asyryň ahyrlarynda basybalyjylykly uruşlar tarapyndan tozdurylypdyr, onuň mülkleriniň käbirleri Horezm hökümdarlary Mamunidleriň garamagyna geçipdir. XI asyryň başynda Nusaýda Buharanyň Samanitler dinastiýasynyň iň soňky wekili bolan Muntasiriň garamagyna geçýär. XI asyryň birinji onýyllygynda Nusaý şäheri bir tarapdan horezmli Muntasir, başga bir tarapdan Gaznawidleriň eline bakna bolýar. Taryhy maglumatlara görä, Nusaý şäherini 1035-nji ýylda Horasandaky beýleki türkmen şäherleriniň ilaty ýokarda agzalan zulumdan azat edýär. Umuman Nusaý şäheri XII asyra çenli uly şäherleriň hatarynda öz ösmegini dowam etdirýär. Nusaý şäheri Horosanyň ykdysady we syýasy tarapdan iň merkezi şäherleriniň biri bolupdyr, beýle bolmagynyň sebäpleriniň biri hem Beýik ýüpek ýolunda ýerleşmegidir. Nusaýda dürli görnüşli matalary dokamagy dowam edýärler. Esasan hem has ussat küýzegärler syrçasyz oýulyp edilýän nagyşlar bilen küýzeleri bezäpdirler, giň ýaýran gök, ýaşyl, ak syrçalardyr. Misgärler şakäselere, çyralara, gazanlara örän çylşyrymly nagyşlar salypdyrlar. XII asyryň ahyrlarynda şäher ep-esli giňelipdir. Birnäçe uly jaýlar, baýlaryň öýleri indi bişen

kerpiçden salnypdyr. Şonuň ýaly-da dini ymaratlar-mazarlar, hanaka, medrese salynýar. Şäheri abadanlaşdyrmak işleri amala aşyrylýar. Hammamlar salynýar.

Galanyň gündogar-günortasynda arheologiki gazuw-barlag işleri netijesinde hammamyň diwar galyndylary öwrenildi. Hammam diwarlarynyň birinde suw geçirmeýän açyk reňklerden edilen nagyşlar saklanyp galypdyr.

Nusaýyň günorta tarapynda, Köpetdagyň eteginde mazarçylyklar bolup, ol ýerde şäheriň çetindäki metjit hem bolandyr diýen çaklama bar. Şäher şol wagtda gowy berkidilipdir, ýagny ozal Parfiýanlar zamanyndan galan diwarlary diňler bilen berkidipdirler. Täze Nusaý galasynda doglan şahyr Nesewiniň şaýatlyk etmegine görä, Nusaý galasy tebigy tarapdan beýik baýyrlygyň üstünde salnyp, köp ilatly obalary bolupdyr. Nusaý galasynyň içinde hökümdarlar üçin şäheriň ortasyndan beýik gala salypdyrlar, diýmek Täze Nusaý şäheri iki galadan ybaratdyr. Galany suw bilen üpjün edýän käriz suwy häzirki güne çenli galanyň günortasynda akyp ýatandyr.

Horezm şasy Muhammet 1202-nji ýylda galanyň diwarlaryndan howatyr bolup (gorkup), has hem gorkan zady Nusaýyň halkyndan howatyr edip galanyň ýarsyny sürüp ekin ekmegi buýrupdyr. Beýle ýagdaý galanyň goranmak ukybyny peseldipdir. Şondan soň Horezm şasy Muhammet 1202-nji ýylda Nusaý galasyna zarba urýar we wagtlaýynça galada ýaşaýşyň derejesi has pese gaçypdyr. 1220-nji ýylda Mongol goşunlary Nusaýa ýakynlaşanlarynda şäheriň weziri işe ýaran ähli adamyny şäheriň daşyna berkitme etmäge çagyrýar, ýöne gysga wagtda ol diýen hakyky berkitme edip bolmasa-da garaz bir pena bolar ýaly haýat galdyrypdyrlar. Nusaý galasyna golaý gelen Mongol goşunlaryny öz gözi bilen gören şahyr Nesewi şeýle beýan edýär:

“Köp sanly goşun misli bir gara bulut ýaly bolup Nusaýyň üstüne eňdiler. Gije-gündiz dynman 15 günläp galany

gabadylar. Mongollar basyp alan ýerlerinden alan ýesirlerini gizlinlik bilen gala iberýärler, olar gala barmaly we galanyň diwaryny ýykmaly. Eger yzyna gelse, onda öldürýän ekenler. Şeýlelikde mongollar galany basyp aldy" diýip, Nesewi ýazypdyr. Şeýle wakadan soň Täze Nusaý galasynda ýaşaýyş wagtlaýynça peselipdir.

***Şähryslam IX-XIII asyrlarda.*** Bäherden etrabyndan uzak bolmadyk etrap merkezinden demirgazyk-günbatarda Şähryslam Orta asyr galasy ýerleşendir. Bu gala IX asyrlarda Horezme gidýän kerwen ýolunyň ugrundaky uly berkitmeli söwda punktlarynyň biridir. Orta asyrlarda ol gala "Tan galasy" diýlip atlandyrylypdyr. Bu gala Horezm bilen Horasany birleşdirýän söwda ýollarynyň biridir. Onda günde-günaşa diýen ýaly kerwenler düşläp geçýär ekeni. Şondan soň diňe bir harby punkt bolan gala indi kerwensaraýa öwrülipdir.

Şähryslamda han tarapyndan goýlan bir ýasawuldan galany hünärmentçilik we çarwadarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Çarwadarlar et, süýt, gant, gurt ýaly önümler önderip, mallaryň ýüňlerinden bolsa keçe, haly önümlerini dokapdyrlar. Hünärmentler özlerine gerek we satlyk üçin gap-çanak, zähmet hem ýarag gurallaryny ýasapdyrlar. Şähryslamlylar keçeleriň dürli görnüşlerini ýasap, keçäni diňe bir düşek hökmünde däl-de, gapa tutalga hökmünde hem ulanypdyrlar. Şähryslam demirgazyk Horosanyň esasy şäherleriniň biri bolup, Horezmiň Ürgenç, Ýarbekir, Şasenem, hem Maşady-Misserianyň Paraw, Durun, Kelete, Şährihaýdar ýaly Orta asyr şäherleri bilen bäsleşipdir. Şähryslamyň beýle ýokary ösüşe ýetmegine şol wagtlarda Dehistanyň başynda duran Aýtaga we Horezm şasy Il Arslana ýaramandyr. 1160-njy ýylda bir gün Şähryslamy Horezm goşunlary duýdansyzlykda gabapdyrlar. Şol wagt Şähryslamyň hany Ýagmyr gysga wagtda goşun jemläp, çozup gelen ýaga garşylyk görkezmekçi bolýar. Emma ozaldan taýýarlykly, agyr ýaraglanan Horezm goşunlary Ýagmyr hanyň goşunlaryny

çym-pytrak edýär we Ýagmyr hanyň özi zordan gaçyp gutulýar.

***Şähryslam XII-XIII asyrlarda.*** Bu zamanda şäher ýaňadandan özüne gelýär, berkleşýär. Şäheriň tutýan meýdany ozal 5-6 gektar bolsa, indi 30 gektara golaý barypdyr. Emma şäheriň daş-töwereginde küýzegärdir, demirçi, mis we zergärleriň tutýan orny 100 gektara barabardyr. Şäheriň 40-dan gowrak küňresi we iki sany derwezesi bolupdyr. Galanyň iki sany diwary bolupdyr ýa-da has takygy iki sany şäher bolup, şonuň içkisinde şäher ýolbaşçylary we harby adamlar ýaşapdyrlar. Iki galanyň aralygyndaky meýdançada bolsa şäher ilatynyň jaýlary bolupdyr. Ýaşaýyş jaýlarynyň diňe düýbini bişen kerpiçden tutup, ýokarsyny çig kerpiçden örüpdirler. Her bir hojalygyň 3-4, 5-6 otaglary bolupdyr. Otaglar naharhana, ýatak jaýyna bölünipdir. Ýaşaýyş jaýlarynda gazma tamdyr we ojak bolupdyr. Alym Ýe.Atagarryýewiň çaklamagyna görä, gyşyna howa sowuk bolanda ojakdaky közüň agzyny goparyp, üstünde düşek ýazyp ýatypdyrlar. Ýaşaýyş otaglarynda jaýyň düşeginden 30-40 sm beýiklikde seki (ýatylýan) salypdyrlar. Şähryslamyň bazarynda öz önderýän zatlaryndan başga-da Hytaýdan getirlen farfor gap-gaçlary, gymmatbahaly daşlardan ýasalan bezeg şaý-sepleri, Eýrandan getirlen monjuklar hem-de Eýranyň Nukanda şäherinde halsedon daşyndan ýasalan gap-çanaklar satylypdyr.

Şähryslamda suw meselesi esasy meseleleriň biri bolupdyr. Şähryslamyň 70-80 gektarlyk takyrda ýagyş suwy ýygnalýan kaklary bolupdyr. Şäherde 8 sany guýy bolup olaryň hem suwy zorly ekeni, şonda-da suw ýetmezçilik edipdir. Aýratyn hem küýzegärler we kerpiç guýýanlarda suw ýetmezçilik edipdir. Şäherde mis we kümüş pullar ýöräpdir. XII asyrda Soltan Sanjaryň ady bilen zikgelenen pullar bazarda geçginli bolupdyr. Ondan başga-da Şähryslamda Horezm şasy Muhammet II (1200-1220) we Eýrandaky Hulagitler dinastiýsynyň pullary ýöräpdir. Durundan Şähryslama çenli

keramiki turbalary ýasap käriz suwlaryny Şähryslama äkidipdirler. Şähryslamdan 20 km günortada Abhadaran (Bäherden sözi hem şondan çykan) käriz we ýap suwlarynyň jemlenýän ýerinde köl bolan. XIII asyryň başlarynda Şähryslamyň hany Ýagmyr ölenden soň hanlyk üçin ogullarynyň arasynda dawa başlanýar. Hundy bilen Omar arasyndaky dawa Hundynyň peýdasyna çözülýär. Taryhy maglumatlara görä, Şähryslam Horezm hanlygyna hem tabyn bolupdyr. XIII asyryň 20-nji ýyllarynda Orta Aziýa mongollaryň çozuşy netijesinde uly zyýan çekipdir. Mongollar obalary we şäherleri otlapdyrlar. Köneürgenjiň Şasenem galasyny suwa gark edip, gadymy Marynyň baý kitaphanasyny, ýagny Abu Bekiriň 120 000 tomluk baý kitaphanasynyň ýakylandygyny eşiden Şähryslamlylar gaty gynanypdyrlar. Arheologik barlaglar netijesinde şäheriň daşky galasynyň kerwensaraýynyň jemi 66 sany küňresi bar eken. Galanyň derwezesiniň iç ýüzündäki belentlikde daşdan ýasalan togalak (ýadrolar) uly göjekleri zyňmak üçin ýörite enjamlandyrylan gurallar bar ekeni. Şeýle gurallary (ýadrolar) 100 metrden hem uzaga zyňmaga mümkinçilik bolupdyr. Şonuň ýaly-da gylyç, peýkam, naýza ýaly ýaraglary, ot üstünde söweşmek üçin galkan bolupdyr. Söweşe taýýarlyk işinde diňe bir erkek adamlar däl-de, aýallar hem işeňňir gatnaşypdyrlar. Mongollar tarapyndan şäher weýran edilipdir. Şeýlelikde Şähryslamyň hemişelik ady, dabarasy we owazasy galmandyr. Emma şäher bütinleý boşaýmandyr. Guma, daga gaçyp gidenler ýuwaş-ýuwaşdan şähere gaýdyp gelipdirler we şäheri gaýtadan bejerip (dikeldip) başlapdyrlar. XIII asyryň II ýarymynda Şähryslam Hulagitler dinastiýasynyň düzümine girýär. XII-XIII asyrlarda galadaky ýaşaýyş bir ýere jemlenýär, ýykylan ýerleri dikeldilip başlanýar. Arheologiki barlaglaryň netijesinde jaýyň 14 sanysy öwrenildi, şolardan 10 sanysy XII-XIII asyrlara degişlidir. Türkmenistanyň yssy klimatyndan goranmak we et, gök Şähryslamda geçirlen gazuw-barlag işleri, onda demir

ussaçylygy we zergärçilik sungatynyň kämilleşendigine şaýatlyk edýär. Şäherde zergärleriň işlän kwartallarynyň 4-si bolup, olar birnäçe gektar ýeri eýeleýär. Şäherde zergärleriň işlän toplumlarynyň (kwartallarynyň) 4-si bolup, olar birnäçe ýeri eýeleýärler. Olar öý hojalygy üçin gerek bolan gap-gaçlary, zähmet gurallaryny we gelin-gyzlaryň şaý-seplerini ýasapdyrlar. Ýasalýan gap-gaçlaryň ýüzünde adam we haýwan şekilleri aňladylypdyr. Haýwanlaryň arasynda tilki, towşan, guş bar, olary hudožnikleriň halk rowaýatlaryna we ertekilerine esaslanyp çekendigine doly düşünmek bolýar. Guşlaryň arasynda elguşuň şekili has köp şekillendirilipdir. Şähryslamda gymmat bahaly daşlardan ýasalan monjuk, ýüzük ýaly zatlar hem tapylandyr. Olar esasan ýakut, merjen ýaly daşlardan ýasalyp Şähryslama söwda arkaly düşüpdir. Çüýşe ýasamak Şähryslamda ýeterlik derejede bolupdyr, oňa tapylan çüýşe döwükleri şaýatlyk edýär. Şähryslamda çüýşeden bulgur, çyra, monjuk ýasapdyrlar.

Şähryslamdan Soltan Sanjaryň (1118-1157-nji ýyllar) Horezmiň şasy bolan Muhammet ibn Tekeşiň (1200-1220-nji ýyllar) Hulagitler dinastiýasynyň hanlarynyň ady bilen zikgelenen pullar hem tapyldy. Şähryslamdan tapylan manat pullarynyň içinde Bagdatda, Ysfyhanda ýasalanlary hem bardyr.

## Merw Soltan Sanjaryň döwründe

Meşhur türkmen hökümdary Soltan Sanjaryň dolandyran ýyllarynda Türkmenistanda şäher gurluşygy kämil derejelere ýetipdir. Horasanyň baş şäheri bolan Merw döwletiň paýtagty hökmünde bu döwürde has hem ulalypdyr we giňäpdir. Merwde amala aşyrylan gurluşyk işleri, şäher önümçiligi we medeniýetde gazanylan netijeler soňra Seljuk döwletiniň ähli ýerlerine öz täsirini ýetiripdir.

Horasanda öz häkimýetini berkleşdirenden soň Sanjar Toharistana we Gazna garşy ýörişlere başlaýar. Tiz wagtda Horezm hem Sanjaryň gol astyna düşýär. 1115-nji ýylda gaznawy türkmenlerinde dörän özara göreşe gatyşmak bilen 1118-nji ýylda Sanjar Gaznawy türkmenleriniň tagtyna hem özüniň ynamdar adamy Bähram şany oturdýar.1118-nji ýylda dogany Soltan Muhammet aradan çykandan soň Sanjar Gündogar Eýranda ýaşaýar.Häkimýet ugrundaky göreşde dogany Mahmydy özüne tabyn edipdir.Şeýlelik bilen XII asyryň ortalarynda Soltan Sanjaryň hanlyk süren ýerleri Hint we Syrderýa kenarlaryndan başlap tä Ýefrat derýasyna çenli baryp ýetipdir.Ilkinji gazanylan harby üstünlükler Soltan Sanjaryň at-abraýyny çenden aşa galdyrypdyr. Oňa “Ikinji Isgender”, ”Dünýäniň soltany” diýen ýaly şan-şöhrata eýe bolan atlar dakylypdyr . Soltan Sanjaryň bütün Seljuklar imperiýasynyň “ Beýik soltany” diýlip yglan edilmegine garamazdan döwletiň günbatar böleginde emirler Soltan Sanjara doly boýun bolmandyrlar.Şonuň ýaly hem 1153-nji ýyldaky çarwa Oguzlaryň gozgalaňy Sanjaryň döwletiniň gündogar bölegininiň hem syýasy taýdan gowşamagyna getirýär. Soltan Sanjaryň zamanynda Merwiň şan-şöhraty artypdyr. Soltan Sanjar öz döwründe ybadathanalary we jemgyýetçilik jaýlaryny bina etmek üçin ägrit köp serişdeler sarp edipdir

Ýurduň iň gowy ussalary tejribeli gurluşukçylary, agaja, gap - gaçlara, daşa, ussatlyk bilen nagş

salypdyrlar.Suratkeşler, meşhur hatdatlar bina edilýän arhitiktura ymaratlarynda ýerli sungatyň esasynda Gündogaryň beýleki halklaryna nusga bolan nagşlary girizipdirler. Ymarat gurujylar, hünärmentleriň asyrlar boýy dowam edip gelen ägirt uly tejribesini, bilimlerini,ussatlyklaryny gorap nesilden-nesile geçiripdirler.

Merwde Soltan Sanjaryň zamanynda bina edilen metjitleriň göwrümleri giň, özlerem bezegli bolupdyr. Orta asyrlarda Merwde gurlan binalary belent küňreler, beýik gümmezler we gapynyň iki tarapynda owadan nagyşlar bilen bezelen belent minaralar gurşap alypdyr. Merwşynas alym Tirkeş Hojanyýazow Soltan Sanjar döwründe Merwi şeýle beýan edýär: "Şol döwürde metjitdir mowzaleýler ýa-da döwleti dolandyryjylaryň jaýlary ýönekeý raýatlaryňkydan bütinleý bütinleý tapawut edipdir, ýagny olar bina etdirýän ymaratlarynyň üsti bilen öz mertebelerini görkezmek isläpdirler".

Ýerli sungatyň tilsimleriniň binakeşler tarapyndan giňden ulanylmagy, şahsyýetleriň jemgyýetdäki ornyny aňladypdyr. Soltan Sanjaryň zamanynda bina edilen mawzoleýler uly bir otagdan: bişen kerpiçden ýokarysy gümmezlenen nagyşly bezegli ymaratdan ybarat bolupdyr. Soltan Sanjar eýýamynda mawzoleýleriň üç sany görnüsleri bolupdyr.Olar Horezmiň, Horasanyň we Dehistanyň mawzoleýleridir. Olar biri-birinden tapawut edýärdiler. Horezmde köplenç mawzoleýleriň ýokary ujy çowly gümmez (Tekeşiň mawzoleýi)ediýär, Dehistanda bolsa tegelek ýa-da köp reňkli, ýokarysynda şar görnüşli gümmez bolýar.

Horasanda mawzoleýleriň göwrümleri merkezleşen görnüşdedir. Astanababadaky Muntasir mawzoleýi, Saragtdaky Abul Fazl we Ýarty gümmez mawzoleýleri, Mänedäki Abu Seýidiň we Soltan Sanjaryň mawzoleýleriniň gurluşlary birmeňzişdir. Sanjaryň mawzoleýi dünýä binagärçiliginiň naýbaşydyr. Bu mawzoleýi baryp XV asyrda Isfizari "Dünýä

şalarynyň iň belent gurluşyklarynyň biri” hökmünde häsiýetlendiripdir. Öz möçberi boýunça örän belent bolan bu ymaratyň beýikligi 30 metre golaýdyr. Bu binany ady belli orta asyr binagäri, asly Sarahsdan Muhammet ibn Atsyz gurupdyr. Bu ymarat gurujynyň özi ölenden 300 ýyl soň Ýewropa jaý gurujylaryna nusga bolup hyzmat edipdir.

Soltan Sanjar döwründe Horasanda dokmaçylyk we halyçylyk öňküsi ýaly pajarlap ösüpdir. Horasanda dokalan halylar türkmen taýpalarynyň Ýakyn Gündogara köpçülikleýin göçüp gitmekleri bilen taýplarynyň “Seljuk halylary” diýlip atlandyrylypdyr. Şol halylar Ýewropada hem şöhrat gazanypdyrlar. Alymlaryň çaklamalaryna görä, türkmen “Seljuk” halylary haçly ýörişler wagtynda Ýewropa aralaşypdyr. Gynansakda, “Seljuk” halylarynyň asyl nusgalary bütinleý diýen ýaly näbelli. XI-XIII asyrylaryň halysynyň seýrek nusgasynda iki sany piliň suraty bolup, olaryň daşyna gaýma salnypdyr. Onda kufy haty hem-de düýe kerweni şekillendirilipdir. Arheologiki gazuw-barlag işleriniň netijesinde Soltan Sanjaryň döwründe Horasanyň merkezi bolan Merwde dokmaçylyk, küýzegärçilik, metal işläp bejermek, zergärçilik ýaly dürli hünärmentçilik senetleri ýokary derejede ösüpdir. Aýratyn-da Merw küýzegärleriniň işleri haýran galdyrypdyr. Olar ýokary derejedäki çeper önümlerde, faýanslary, haýwan we adam şekillerini, ösümlik, geometrik we epigrafik äheňleri şekillendirmegiň we sünnälänip edilen zatlary ýasamagyň hötdesinden gelipdirler. Beýik Ýüpek ýolundaky arheologiki ýadygärliklede ýüze çykarylan tapyndylar Sanjaryň zamanynda hünärmentleriň ýüpek, nah, ýüň matalary dokandyklary barada has doly maglumat berýär.

Jemläp aýdanymyzda meşhur hökümdar türkmen taryhynda uly yz galdyrypdyr.Aýdylanlary dürli ýyllarda Türkmenistanda geçirilen arheologik barlaglar doly subut edýär.

### *Dehistan – Maşady Misserian ýadygärligi.*

Gyzyletrek etrap merkezinden 90 km demirgazyk - günbatarda Maşadyň we Misserianyň giň düzlügi bar. Misserian oazisi Orta asyrlarda Dehistan ady bilen mälimdir. Ol dahlar taýpasynyň ady bilen baglanyşykly şeýle atlandyrylandyr. Bu ýerde şäher tipli ýaşalýan ýer baryp b.e.ö. I asyrda hem bolupdyr. Onuň esaslandyrylyşy Parfiýa dinastiasynyň wekillerinden biri bolan Arşakidiň ady bilen baglanyşykly bolupdyr. Arheologiki maglumatlar şäheriň XI-XII asyrlarda, Horezm şalarynyň eýeçilginde bolan wagtlarynda gülläp ösendigini tassyklaýarlar. Mongol çozuşyndan soň hem şäherde ýaşaýyş baryp, XIII-XIV asyrlarda-da dowam edipdir. Şäherde ýaşaýyş XV asyryň ahyrynda gutarnykly ýok bolupdyr. Maşadyň we Misserianyň ululygy hakynda dürli desgalaryň köp sanly ýykyndylary şaýatlyk edýärler. Ondaky çig kerpiçden gurlan gala-diwarlarynyň we diňleriň, metjitleriň belent portallarynyň galyndylary häzir hem baryp 20 metr belentligi bolan iki minaranyň galyndysy, kerwensaraýlaryň we birnäçe mawzoleýleriň ýykyndylary ony aýdyň görkezýär. Käýerlerde jaýlaryň yzlary bilen geçip gidýän köçeleri yzarlamak bolýar. Köp ýerde ozal bolan howuzlaryň çukurlary şaýatlyk edýändir. Günorta minaradan daş bolmadyk ýerde bişen kerpiçden örülen guýy saklanypdyr. Baryp XIX asyryň I ýarymynda bu harabaçylyk kartada görkezilipdir. Bu ýadygärlikler rus ofiserleriniň gündeliklerinde doly görkezilipdir. 1888-nji ýylda A.W.Komarow öz hasabatynda Maşat we Misserianda oňat saklanan mawzoleýleriň 13-siniň bardygyny habar berdi. Harby inžener B.N.Kastalskiý ol jaý galyndylarynyň Horezm şasy Muhammediň ady bilen bagly manatlaryň bardygyny belläp geçýär.

Misserianda gazuw işleri netijesinde gymmat bahaly tapyndylar mongollardan öňki Dehistanyň arhitekturasy hakyndaky düşünjäni giňeltdi. Misserian ýadygärlikleriniň

arasynda Ýe.Atagarryýewiň ýolbaşçylygynda birnäçe kerwensaraýlar hem öwrenildi. Başga bir kerwensaraýyň galyndysy şäheriň günbatar diwaryndan uzak bolmadyk ýerinden tapyldy. Häzir (1970-nji ýyl) ol kerwensaraý peseňräk baýyr bolup ýatyr. Onuň relýefinde bişen kerpiçden gurlan diwaryň galyndylaryny görmek bolýar. Şäher diwarynyň gündogarynda ýerleşen ýene-de bir kerwensaraýyň galyndylary gönüburçly baýyr bolup ýatyr. Bu kerwensaraý hem beýlekiler ýaly gönüburçluk görnüşinde bina edilipdir. Jaýlaryň diwarlary bişen kerpiçden bina edilipdir. Maşat-Misserian şäherindäki kerwensaraýlar X-XI asyrlar bilen kesgitlenýär. Şonuň ýaly hem birnäçe metjitler öwrenilendir. Misserian oazisinde XI-XII asyrlara degişli, ýöne nämä niýetlenendigi belli bolmadyk jaýlar hem öwrenildi. 70-nji ýyllarda taryh instituty tarapyndan öwrenilen ýadygärlikleriň merkezinde diýen ýaly bişen kerpiçden salnan, onuň diwarlarynda ýokary çeperçilik bilen edilen nagyşlar bilen bezelipdir.

Bäherden etrabynda birnäçe Orta asyr galalary heniz taryh ylmynda doly öwrenilmedikdir. Olardan Mürçe obasynyň golaýynda Erk-depe, Durun galasynda Mehin-depe, Akdepe obasynda ilerki Mehin-depesi. Ýokarda ýatlanan galalar XI-XIII asyrlar bilen kesgitlenýärler. Orta asyrlara degişli Kaka etrabynyň Küren obasynyň ýanyndaky Küren-depe öz gadymylygy boýunça Orta asyrlar bilen kesgitlenýändir. Orta asyrlarda Horasanyň iň ösen şäherleriniň biri bolan Peştag şäheri ilkinji gezek belli Gündogary öwreniji A.A.Semýonow tarapyndan, 1929-njy ýylda birinji Howeran ekspedisiýasynyň işgärleri tarapyndan öwrenildi. Häzirki Howuz han suw howdanynyň içinde (suwuň aşagynda) Gülistan atly Orta asyr şäheri hem bardyr. 1960-njy ýylda Türkmenistanyň medeniýet ministrligi tarapyndan K. Adykowyň ýolbaşçylygynda gazuw-barlag işleri geçirildi we birnäçe otaglaryň üsti açyldy. Ol ýerden çüýşe gaplarynyň köp sanly tapylmagy, ol ýerde çüýşe gaplaryň ýasalandygyna şaýatlyk edýän peçler öwrenildi.

Arheologiki keramiki materiallar IX-XI-XIII asyrlar bilen kesgitlenýändir. Howuzhandan Mara tarap ugranyňda Daşrabad galasy ýa-da Dandanakan metjidi ady bilen Orta asyr ýadygärligi bardyr. 1950-nji ýyllarda S.A.Ýerşow diýen arheolog ol ýerde gazuw işlerini geçirdi. Murgap bilen Marynyň aralygyndaky Gökdepe hem Orta asyrlar bilen kesgitlenýändir. Gadymy Merwde Soltangala şäheridir. Galanyň içinde taryhyň dürli zamanlaryna degişli arheologiki galyndylar tapylandyr. Soltangalada köp ýyllar gazuw-barlag işlerini geçiren alym S.B.Luninadyr. Merw seljuklar, aýratyn-da ony seljuklaryň döwletiniň paýtagtyna öwren Soltan Sanjaryň dolandyran döwründe (1118-1157-nji ýyllar) has çalt ösüpdir. Seljuklar döwründe Merwde örän uly gurluşyklar ýaýbaňlandyrylypdyr we onuň meýdany 1500-1800 gektara ýetipdir. Ol özüniň möçberi boýunça diňe bir Ýakyn Gündogaryň Damask, Halap, Iýerusalim ýaly şäherlerinden däl, eýsem Günbatar Ýewropanyň XII asyrda we XIV asyryň başynda belli bolan Pariž, Baloniýa, Milan, Neapol ýaly şäherlerinden hem ep-esli öňe geçipdir. Şol döwrüň şäherlerine häzirki Soltangala (Soltanlaryň galasy) laýyk gelýär, onuň diwarlary Mälik şa döwründe (1072-1092) galdyrylypdyr (bina edilipdir). Şäheriň gündogar-demirgazygynda Şähriýar arkasy bar, şol ýerde Soltanyň köşgi, döwlet diwanhanasy, gazna we gazarma ýerleşipdir. Mätjan kanaly şäheriň günortasyndan demirgazygyna çenli kesip geçýär. Ol bişen kerpiçden gurlan köpsanly suw sowujy ýaplar arkaly şäheri suw bilen üpjün edipdir. Şäheriň merkezinde esasy köçäniň geçýän ýerinde çarsu ýerleşipdir. Şol ýerde hem möhüm döwlet aktlary amala aşyrlypdyr. Onuň golaýynda metjitleriň toplumy, dolandyryjylaryň öýi bar. XII asyryň 40-njy ýyllarynda bu ansambla örän uly desga, Türkmenistanyň Orta asyrdaky gurluşykçylarynyň döreden ajaýyp desgasy Soltan Sanjaryň mawzoleýi goşulypdyr. Şol döwürde Merw ajaýyp haşamly desgalar – metjitler, medreseler, kitaphanalar, mawzoleýler,

köşkler we baý şäherlileriň jaýlary bilen bezelipdir. Merwde dokma, küýzegärçilik, metal işläp bejeriji hünärmentçilik önümi ýokary derejä ýetipdir. Merwden köpsanly ajaýyp alymlar çykypdyr. Olaryň arasynda filosoflsr, astronomlar, lukmanlar, filologlar we taryhçylar bolupdyr. Merwiň kitaphanasynda belli arap geografy Ýakut işläpdir, ol bu ýerde özüniň "Mujaly al-buldan" ("Ýurduň sözlügi") sözlügini taýýarlapdyr. Gündogaryň ajaýyp alymy Omar Haýýam Merwiň Soltan obserwatoriýasynda, şol döwür üçin takyk astronomiki tablisany – "Jemal ed-din kalendaryny" düzüpdir. Mahlasy Merw Orta Aziýanyň möhüm medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Şol ýerde Gündogar halklarynyň maddy we ruhy baýlyklarynyň ep-esli bölegi döredilipdir we saklanypdyr. XIII asyryň başynda mongol talaňçylaryndan soň Merwiň Orta Aziyanyň möhüm medeni merkezleriniň biri hokmündäki ähmiýeti düýpli pese gaçypdyr.

### *Köne Saragt*

B.e.ö. I müňýyllygyň başlaryndan başlap Saragt oazisi özleşdirilip başlanýar. Şol döwre degişli arheologiki tapyndylar gazuw-agtaryş işleri wagtynda Köne Saragt galasynyň ýerinde we Gowşut galanyň harabaçylygynyň takmynan 500 metr demirgazygynda ýerleşýän bäş depeden tapyldy. Şol döwürde häzirki Köne Saragt galasynyň ýerindäki ilatly punkt daşky diwarlary palçykdan dikeldilen, diwarlaryň taraplary 300-320 metr bolan göni däl bäşburçluk görnüşli berkitme gala öwrülýär. Saragt galasynyň harabaçylygy geçmişiň medeni gatlagynyň döreden ägirt uly depesine öwrüldi. Häzirki wagtda şäheriň harabaçylygy takmynan 120 gektar meýdany tutýar. Saragt galasy içki galadan, şäheriň öz meýdançasyndan, ýagny şähristandan we onuň üç tarapyny töwerekläp alan giň şäher eteginden (rabatdan) ybaratdyr. Içki galanyň gündogar tarapynda girelge ýerleşýär, onuň ini 10-15 metre barabar. Şähristanyň üç sany derwezesi bolup, olar goranmak üçin

oňaýly diňler bilen üpjün edilipdir. Derwezeler şähristanyň gündogar, günbatar we günorta taraplarynda ýerleşipdir.

Ýene-de XIII asyra degişli Abiwerd galasydyr. Abiwerd Horosanyň uly şäherleriniň biridir, ol araplar basyp alanlaryndan soňky döwürde ýazuw çeşmelerinde köp gezek gaýtalanýar. Awtory näbelli bolan “Hudud al-Alem” pars geografik ýazgysynda Bawerda (Abiwerd) giň ekin ekilýän we sürülýän meýdan hökmünde häsiýetlendirilipdir. Abiwerdiň çäginde şäheriň suw bilen üpjün edilendigine şaýatlyk edýän, suw howdanlary, ýaplar we guýularyň birnäçesi ýüze çykaryldy. Abiwerdiň XV-XVIII asyrlara degişli medeni gatlaklary galanyň Irki Orta asyrlara degişli medeni gatlagyny ýapypdyr.

Orta asyr ýadygärlikleriniň ýene-de biri Meýhene şäheridir. Musulman sufizmiň dini akymlarynyň biriniň uly wekiline öwrülen şöhrat gazanan akyldar Abu-Seýit ibn Abul-Haýryň Meýhenede önüp-ösendigi we özüniň ömrüniň soňky ýyllaryny şol ýerde geçirendigi üçin hem bu şäher şöhratlanypdyr. Meýhene şäheri administratiw taýdan Abiwerde tabyn bolupdyr. Meýhene diwar bilen gurşalypdyr, onuň metjidi, bazary bolupdyr. Onuň Abiwerdden Saragta barýan ýoluň ugrunda ýerleşendigi hem mälimdir. Kerwenler Merwden çykyp, ýoluň çölüň içindäki iň agyr we jepaly uçastogyndan geçip, Amyderýanyň orta akymyndaky iň uly Amul şäherine barýardylar. Onuň harabaçylygy Türkmenabat (Çärjew) şäheriniň günorta tarapyndadyr. Amulda köne eýýäm bilen täze eýýämiň sepgidinde takmynan 2100-2000 ýyl mundan ozal ilkinji ilat peýda bolupdyr. Bol suw derýanyň geçelgesiniň geografik taýdan amatly ýerde ýerleşmegi bu ilatly punktda ýaşamak üçin oňat şertler döredipdir we ol ýuwaş-ýuwaşdan giňelipdir hem-de ykdysady taýdan pugtalanypdyr. Orta asyr arap awtorlarynyň (Belazury, Ibn-Hordat beg, Istahry, Ýakut) maglumatlaryna görä, ilatyň ýaşan ýerinde dörän Orta asyrda Horasandan çykyp, gündogara-

Mawerennahra we Hytaýa, demirgazyga-Horezme, Günorta Balha we Hindistana barýan kerwen ýollarynyň çatrygynda bolan köp adamly uly şähere öwrülipdir. Amuly 1220-nji ýylda mongollar harabaçylyga öwrüpdirler.

Orta asyrlara degişli kerwensaraýlaryň biri Daýahatyn kerwensaraýydyr. Orta Aziýanyň Orta asyr ykdysadyýetinde söwda kerwenleri bilen amala aşyrlan söwda aýratyn möhüm orun tapypdyr. Şonuň üçin-de kerwenleriň oňat dynç almaklaryny we howpsuzlygyny üpjün etmek üçin giň hem-de oňat enjamlaşdyrylan howlular – kerwensaraýlar gurlupdyr. Uly şäherlerden uzakda ýa-da howply zonalarda bolsa, seýrek bolmadyk halatda berk goranyş diwarlary gurlupdyr. Şular ýaly kerwensaraýlaryň biri Amuldan çykyp, Amyderýanyň ugry bilen Horezmiň paýtagtyna barýan söwda ýolunyň ugrunda gurlupdyr. Orta asyr arhitekturasynyň bu ajaýyp ýadygärligi we Türkmenistanyň ýerinde ýeke-täk oňat saklanan kerwensaraý Daýahatyndyr. Kerwensaraý ozalky Çärjew-Darganata ýolunyň 173 km ýerleşendir.

Orta asyr şäherleriniň biri hem Köneürgençdir. B.e.ö. I asyryň başynda Hytaý ýazuw çeşmelerinde Ýul-Gan şäheri ýatlanýar, ol Gürgençden ýa-da Türkmenistanyň demirgazygyndaky etrap merkezleriniň biri, gadymy we Orta asyr geografik düşünjeler boýunça Horezme degişli bolan häzirki Köneürgenç diýlip çaklanýar. Soňky döwürlerde bu şäher möhüm syýasy wakalar we ykdysady faktorlar bilen baglanyşyklylykda ençeme gezek ýatlanýar. 556-njy ýyla çenli Horezm iki bölege – günorta we demirgazyk Horezme bölünipdir. Günorta Horezmiň paýtagty Kyýat, demirgazyk Horezmiň paýtagty Ürgenç – Köneürgenjiň häzirki harabaçylygy bolupdyr. W.W.Bartoldyň ýatlamasyna görä, “Gürgenç ýylsaýyn däl-de, günsaýyn abadanlaşypdyr we ösüpdir.” Şäherde ajaýyp monumental desgalar peýda bolýar, söwda-hünärmentçilik merkezleri döreýär. Gürgenç şol wagtyň gündogarynyň iri şäherleriniň birine öwrülýär.

Orta asyrlara degişli ýadygärlikleriň has bellisi gadymy Afrasiabdyr ýa-da Samarkantdyr. Gadymy Afrasiab Samarkant şäheriniň günorta-günbatarynda ýerleşmek bilen, ol köp gatlakly we köp medeniýetli Orta asyr ýadygärligidir. Gadymy Afrasiabdan arheologiki barlaglaryň netijesinde küýzegärleriň, hünärmentçileriň, zergärleriň işläp önüm öndüren ýerleri öwrenildi. Afrasiabdan jaý diwarlarynyň ýüzüne çekilen adam we haýwan şekilleri öwrenildi. Afrasiabda yslamdan öňki dinler barada, adamlaryň çokunan haýwanlary barada hem maglumat berýän arheologiki maglumatlar bardyr. Afrasiab Mongollar zamanynda weýrançylyk edildi. XV asyrda Timurlaň döwründe ol ýerde ylym has ýokary ösüpdir. Ol zamanda obserwatoriýa gurlupdyr. Şahyrlar Afrasiabyň gözelligini öz eserlerinde taryplapdyrlar. Gadymy Afrasiab barada köp sanly rowaýatlar saklanyp galypdyr. Häzirki günlerde Afrasiab Özbegistanyň Samarkantdaky Arheologiýa institutynyň işgärleri tarapyndan öwrenilýär.

Penjigent şäheri Täjigistanyň Özbegistan bilen araçäkleşýän ýerinde ýerleşendir. Ol ýerde Sankt-Peterburgyň arheologiýa institutynyň işgärleri 15-20 ýylyň dowamynda iş geçirip ol ýerden irki we Orta asyrlara degişli, onda-da onuň sungatyna we ideologiýasyna degişli diwar şekilleri öwrenildi. Ylaýta-da budda dini bilen bagly şekiller köp öwrenildi. Belli alymlar A.M.Belenisskiý, W.I.Raspopowa, B.I.Marşak we başgalar Penjikenti öwrenijilerdir.

## *Beýik ýüpek ýoly.*

Ýüpegiň ilkinji watany. Rowaýatlar we taryhy hakykat. Ýüpek ýolunyň Orta Aziýanyň halklarynyň ykdysyady durmuşyndaky orny. Ýüpek ýoly – medeniýet we din. Gadymy Merw Ýüpek ýolunda.

Adamzat jemgyýeti peýda bolaly bäri, onuň ösüş prosesi hiç wagt aragatnaşyksyz bolmandyr. Adamlaryň urug obşinalarynyň, taýpalaryň, ýurtlaryň, halklaryň we olary territorial, ykdysady we syýasy taýdan birleşdiren ýurtlaryň arasynda hemişe aragatnaşyk bolupdyr we aragatnaşyklar sebäpli ýollar peýda bolupdyr. Biz gadymy döwür taryhymyza nazar aýlasak, adamzat jemgyýetiniň bürünç zamanyndan başlap, käbir ýurtlarda ondan hem ep-esli ozal aragatnaşygyň peýda bolandygyny bilýäris. Olaryň peýda bolmagyna taýpalaryň, halklaryň we döwletleriň arasyndaky gatnaşyklardan gelip çykýan ykdysady, etnik, syýasy we medeni islegler sebäp bolupdyr. Taryhda b.e.ö. VI-IV asyrlarda Eýran Ahemenitleriniň soltanlygy döwründe onuň çäklerinden "şa ýolunyň" geçendigini bilýäris. Emma ondan hem ozal Ýakyn we Orta Gündogarda Badahşan lazuritine bolan isleg "Lazurit ýolunyň" peýda bolmagyna getiripdir. Badahşanyň lazuriti Mesopotamiýa we Müsür patyşalarynyň köşklerini, ybadathanalaryny bezäpdir, aýallar üçin dürli şaý-sepleri ýasamakda giňden peýdalanypdyrlar. Şeýle Gadymy ýollardan biri Günbatar bilen Gündogary birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda biri-birine baglaşdyryp gelen Ýüpek ýoludyr. Bu ýol arkaly Gündogardan (Hytaýdan) Günbatara (Wizantiýa) äkidilen söwda harytlary, esasan Hytaý ýüpegi bolsa-da, bu ýol ylma diňe XIX asyryň 70-nji ýyllarynda nemes alymy K.Rihtgofen tarapyndan "Ýüpek ýoly" ady biilen girdi. Oňa çenli "Ýüpek ýoly" "Günbatar meridional ýoly" diýlip atlandyrylýardy. Netijede şu söwda ýolunyň kerwen ýolunyň düýp mazmunyny düzen ýüpek – Nähili? Nirede? Haçan?

peýda boldy diýen soraga jogap bermek üçin soňky ýyllarda geçirlen arheologiki işlere daýanmaly.

***Ýüpegiň ilkinji watany.*** Ylymda ýüpegiň watany diýip Hytaý hasaplanýar. Emma bu meselede alymlaryň arasynda jedeller ýüze çykdy. Meselem, Hindi alymy Mukerji, Hindistanda ýüpegiň haçan peýda bolanlygy barada ynandyryjy maglumat berip bilmese-de, ol ýüpek Hytaýda peýda bolup beýleki ýerlere dargandyr diýen pikire garşy çykýar. Ol Hindistanyň daglyk raýonlarynda ýabany ýüpek gurçugynyň tut agaçlarynda pile saraýyşlary barada habar berýär. Hytaýda ýüpek we ýüpekçilik hakynda rowaýatlar köp. Käbir rowaýatlara görä, Hytaýda ýüpekçilik b.e.ö. III müňýyllykda peýda bolupdyr. Hytaý imperatory Çin Çong ýüpek we ýüpek gurçugy, tut plantasiýalaryny giňeltmek barada aýratyn döwlet tarapyndan alada edilmegini ýola goýupdyr. Başga bir maglumatlara görä, b.e.ö. 2698-nji ýylda, beýleki bir çeşmä görä 2600-nji ýylda Hytaý hökümdary Si Lind Çi bagda tut agaçlarynyň saýasynda çaý içip otyrka, onuň käsesine ýokardan pile düşüp, gyzgyn çaýda ýumşap onuň süýümleri ýumşap gidipdir. Umuman Hytaý halky pile kelebini almagyň usulyny beýleki halklara garanyňda has irräk oýlan halklaryň biri bolmaly. Ýüpegiň watanynyň Hytaýdygy hakyndaky maglumatyň hakykata ýakyndygyny arheologiki tapyndylaryň esasynda tassyklandy. Pekin uniwersitetiniň professory Şan Ýuz In dinastiýasyna degişli şäherlerde arheologiki gazuw-barlag işleri netijesinde tapylan pyşdyl (pyşbaga) gapaklaryna çyzylan iýeroglifler ýazylan tapyndylar öwrenildi. Netijede şol tapyndylarda "ýüpek", "tut agajy" ýaly sözleriň ýazylandygyny anykladylar. Hytaý ýyl ýazgylarynyň birinde Fu Gi atly hünärmendiň b.e.ö. 3400-nji ýylda saz gurallaryny ýasap, onuň tarlaryny ýüpekden edenligi hakynda hem maglumat bar. Hytaýda yabany ýüpek gurçugy häzire çenli Hytaýyň Şandun we Hanan welaýatlarynda duş gelýär. Hytaý daýhanlary tut agaçlaryndan her ýyl ýabany gurçuklaryň pilelerini ýygnap

(ýygyp) alyp özleri üçin egin-eşik tikipdirler. Ýabany ýüpek gurçugynyň pilelerinden taýýarlanan ýüpegiň hili, eldekleşdirilen gurçugyň hilinden berk we çydamly bolupdyr. Hytaýda ýüpekçiligiň has giň ýaýran ýeri Şandun welaýatydyr. Gadymy Hytaýda Sian şäherinden günbatarda ýerleşen Şan Si welaýaty ýüpek ýolunyň başlanýan ýeri hasaplanýar. Grek alymlarynyň berýän maglumatlaryna görä, Hytaý ýüpegi demirgazyk Gara deňiz kenarlarynda we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda b.e.ö. V asyrda peýda bolupdyr. Arheologik gazuw-barlag işleri netijesinde ýüpekçilik Orta Aziýanyň Günorta welaýatlarynda bürünç zamanynda (b.e.ö. II müňýyllykda) hem bolupdyr. “Ýüpek ýoly” Hytaýyň gadymy merkezi Siandan başlanyp Dunhuana gelýär. Dunhuanda ol ikä bölünýär. Ýüpek ýolunyň günorta-günbatar şahasy Takla-Mekan çöli arkaly Hotana, ondan Ýarkende gelip Pamir dagynyň jülgeleri bilen Baktriýa gelýär. Balhda bolsa ýol üç şaha: onuň günbatar şahasy Merwe, günorta şahasy Hindistana, demirgazyk şahasy bolsa Termeziň üsti bilen Samarkanta tarap gidipdir. Samarkantdan günbatara Buhara, ondan Warahşa arkaly Faraba, ondan hem Amula barypdyr. Amulda Merwe we Amyderýanyň ugry bilen Ürgenç tarapa gidipdir. Arheologiki materiallaryň esasynda Merwden şol zamanlarda halkyň ynanan dinleriniň biri Otparazlar we Budda dinleri bolupdyr. Gadymy ýüpek ýoly Merwe çenli köp şäherleri geçip, ýagny “Lazurit ýolunyň”, “Şa ýolunyň” üsti bilen Merwden günbatara tarap uly kerwen ýoly Hytaý, Hindistan, Orta we Ýakyn Gündogary hat-da Ortaýer deňziniň kenarlary bilen birikdiripdir. Taryhy ýazuw çeşmelerine we arheologiki tapyndylara esaslanyp, Merwden günbatara tarap gidýän Ýüpek ýoly Parfiýa döwletiniň Nusaý şäheri arkaly Eýranyň Hemedan şäherlerine baryp ýetipdir we olardan geçip Mesopotamiýanyň Ktesifon we Bagdat şäherlerine barypdyr. Ondan Dažla (Tigr) deryasynyň sag kenary boýunça demirgazyga gidip Antiohiýa (Antoniýa) arkaly Damaska, ondan Tir we Nuddus şäherleri

arkaly Müsüre geçipdir. Merwden çykan kerwen demirgazyk Kaspi boýunça demirgazyk Kawkaza, soňra Gara deňziň demirgazygyndan Konstantinopola baryp, Bosfor we Dardenal arkaly Ortaýer deňzine geçip, Wizantiýanyň şäherlerine barypdyr. Hytaý imperatorlary ýüpek ýoly arkaly günbatardaky döwletler bilen söwda we diplomatiki gatnaşyklary edipdir. Olar öz ilçilerini uly sowgat bilen Orta Aziýa, Eýrana, Mesopotamiýa we Kiçi Aziýa döwletlerine iberipdirler. Meselem, Hytaý syýahatçysy Gan In 97-nji ýylda Pars aýlagyna çenli barypdyr. Makedoniýaly Maý Tisian bolsa, 100-nji ýylda Lançmoda çenli baryp ýetipdir. Emma Orta Aziýalylar hem-de Eýranlylar hiç-haçan Hytaý bilen Wizantiýa ýa-da Hytaý bilen Ýakyn Gündogar döwletleriniň arasynda gös-göni söwda gatnaşyklarynyň bolmagyna razy däldirler. Çünki bu hereketiň "aňyrsynda" iňňän uly ykdysady syýasat ýatyrdy. Aýratyn-da III asyrdan başlap Eýranyň we Orta Aziýanyň arasynda ýüpek ýoly ugrundaky göreş ýa almaly ýa-da ölmeli diýen pikirde bolupdyr. Bu barada Eýran bilen Parfiýanyň arasynda uly göreş gidipdir. Orta Aziýa arkaly Hytaýdan günbatara gidýän söwda-kerwen ýollary hemişe Sogdlaryň elinde bolupdyr. Sogd döwletleri özleriniň bu ýoldaky agalygyny saklap galmak üçin, gündogar Türkistanda, Ýedisuwda (Semireçýe) Altaýdan tä Ýeniseýiň kenarlaryna çenli bolan ýerlerde, demirgazyk Hytaýyň Şansi welaýatynda, Dunhuan ýaly şäherleriň birnäçesinde öz kerwensaraýlaryny we obalaryny gurupdyrlar. Meselem, Hytaýyň Dunhuan şäherinde III-IV asyrlarda müň hojalykdan ybarat Orta Aziýaly obalary bolupdyr. Akademik A.P.Okladnikow Lena derýasynyň kenarlaryndan VII-VIII asyrlara degişli Orta Aziýalylaryň gonamçylygyny tapyp öwrendi (antropologiýasy boýunça türki halklar bolmaly). Sogdlar IV-V asyrlarda emele gelen we Turfandan demirgazyk Mongoliýa gidýän uýgur ýolundan hem VIII asyrlarda rowaçlanan we gündogar Türkistandan Jungariýa arkaly Hakasiýa baryp ýeten gyrgyz ýolundan hem

peýdalanypdyrlar. Gadymy döwürde Hotandan Altaýyň üsti bilen günorta Sibire, ondan Lenanyň kenarlaryna baran Nefrit ýoly Hytaý ýüpegi Sibir ülkelerine hem baryp ýetendigini görkezýär. Emma bu ýollaryň arasynda Dunhuandan demirgazyk-günbatara giden ýüpek ýoly aýratyn ähmiýete eýe bolup, bu ýoluň doly beýany Hytaýyň Han dinastiýasynyň imperatory U-di tarapyndan gündogar Türkistan hanlaryna garşy soýuz gözläp, Kanguýa iberlen Hytaý ilçisi we syýahatçysy, köşk ofiseriniň üsti bilen mälim boldy. Oňa çenli Hytaý günbatar Meridional ýoldan diňe Hotan nefritini almak üçin peýdalanýardy. Hotan nefridi Hytaýyň merkezi welaýatlaryna b.e.ö. II müňýyllykda gelip başlapdyr. Nefrit söwdasynda ýue-çji taýpalarynyň soýuzy aralykçy bolup durýardy. Han dinastiýasy döwründe ine, şu nefrit ýoly arkaly gündogar Türkistana köp ýüpek matalar baryp başlady. Hytaý üçin bu ýoly ele almak ykdysady taýdan zerurdy. Demirgazyk-günbatar ýüpek ýoly diňe bir ykdysady ähmiýete eýe bolman, belki ol dini, medeni mirasyň gazananlaryny ýatladýan döwletleriň arasyndaky diplomatik gatnaşyklary üpjün edýän ýoly bolup durýardy. Meselem, Hindistanyň budda dininiň ýoly bilen Hytaýa Orta Aziýa arkaly gelipdir. IV-VIII asyrlarda Hytaýyň daşky dünýä bilen söwda gatnaşyklary giňelýär. Şu zamanda Hytaýda buddizm giňden ýaýraýar. Orta Aziýanyň maddy we ruhy gymmatlyklary giň gerimde Hytaýa barýar. Hytaýda irki feodalçylyk döwürde ýüpekçilik şeýle bir ösdi, Hytaý imperatorlary türki atlylaryna ýüpek parçalaryndan natural görnüşde aýlyk beripdir. Soň şol parçalar Sogdyň üsti bilen Orta Aziýa ýaýrapdyrlar. Ýüpek ýoly söwdasynda atlar aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr. Atyň bahasy-da edil ýüpegiň bahasy ýaly gaty gymmat bolupdyr. Ýüpek ýolunda Orta Aziýa günbatar bilen gündogaryň arasynda aralykçy ýoluny oýnady. Netijede Orta Aziýada migrasiýa prosessi güýçlenip, türk etnik elementleriniň uly-uly toparlary peýda boldy we olaryň Orta Aziýanyň içki raýonlaryna Merwe, Horezme aralaşmagy

çaltlaşdy. Ýerli Eýran diller toparynyň dünýäsinde türki dilli halklaryň sany köpelip, X-XI asyrlara gelende Mawerennahr, Horezm, Merw (gündogar Horosan) ýerlerinde türk diliniň täsiri güýçlendi. III asyrdan başlap ýüpekçiligiň merkezi demirgazyk-günbatara-gündogar Türkmenistana geçdi. Ondan Fergana jülgesine, Sogda (Samarkant), Eýrana we Wizantiýa ýaýrady.

### *Gadymy Merw Beýik ýüpek ýolunda.*

B.e.ö. I müňýyllygyň ortalarynda günorta Türkmenistanyň ýerlerindäki şäherlerde jemgyýetiň öndürýän önümi hem hil tarapdan, hem mukdar tarapdan ýokary ösüşe ýetipdi. Bize gadymy dünýä taryhyndan belli bolşy ýaly, adamzat jemgyýeti peýda bolaly bäri, onuň osüş prosessi hiç wagt aragatnaşyksyz bolmandyr. Adamlaryň, urug obşinalarynyň, taýpalaryň, halklaryň, halkyýetleriň we olaryň territorial, ykdysady we syýasy taýdan birleşdiren ýurtlaryň arasynda hemişe aragatnaşyk bolupdyr we bu aragatnaşyklar sebäpli ýollar peýda bolupdyr. Biz taryhymyzyň has gadymy döwürlerine göz aýlasak, adamzat jemgyýetiniň bürünç zamanyndan başlap (b.e.ö. III müňünji ýyl) gadymy obalarda oňat ýollaryň peýda bolandygyny bilýäris. Olaryň peýda bolmagyna taýpalaryň, döwletleriň arasyndaky gatnaşyklardan gelip çykýan ykdysady, etnik, syýasy we medeni islegler sebäp bolupdyr. Taryhda b.e.ö. VI-IV asyrlarda haçan-da Türkmenistanyň ýeri Ahemeniler döwletiniň düzümine giren mahaly bu ýerden “Şa ýolunyň” geçendigini bilýäris. Emma ondan hem ozal Türkmenistanyň ýerinden Owganystanda önýän gymmatbahaly Lazurit daşy geçirilip, ol ýola “Lazurit ýoly” hem diýipdirler. Bize taryhdan belli bolşy ýaly, ol gymmatbahaly Lazurit daşy gadymy Mesopotamiýa we Müsür patyşalarynyň ymaratlaryny (ybadathanalary, köşkleri) bezäpdirler. Lazurit daşy Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarda

uly isleg bilen ulanylypdyr. Ine, şeýle gadymy ýollardan biri günbatar bilen gündogary birnäçe müň ýyllaryň dowamynda biri-birine baglanyşdyryp gelen ýüpek ýoludyr.

Bu ýol arkaly Gündogardan (Hytaýdan) Günbatara (Wizantiýa) äkidilen söwda harytlary, esasan Hytaý ýüpegi bolsa-da, bu ýol ylma diňe XIX asyryň 70-nji ýyllarynda nemes alymy K.Rihtgofen tarapyndan “Ýüpek ýoly” ady bilen girdi. Oňa çenli “Ýüpek ýoly” “Günbatar meridional ýoly” diýlip atlandyrylýardy. Taryh ylmynda ýüpegiň watany gadymy Hytaý hasaplanýar. Emma alymlaryň arasynda käbir jedelli meseleler hem bardyr. Mysal üçin, hindi alymlary ýüpek we ýüpek gurçugy ilki bilen Hindistanda bolandyr diýen pikiri öňe sürseler, Hytaý alymlary tassyklaýjy materiallaryň esasynda ýüpekçilik ilki bilen gadymy Hytaý imperatory Çin Çong, ýagny b.e.ö. III müňünji ýylda giň ýaýran önümleriň biridir diýen ylmy netijä gelýärler. Taryhy rowaýatlara görä 2698-nji ýylda Hytaýda ýabany tut gurçuklary döräp, soň hem ýüpekçilik ýaýrap başlapdyr. Bize belli bolşy ýaly ýüpek ilki Hytaýda ýüze çykyp, soň gadymy gündogar ýurtlaryna ýaýrap başlapdyr. Beýik ýüpek ýoly Hytaýdan Balha (Baktriýa) gelip, şol ýerden üç şaha bölünýär. Onuň günbatar şahasy Merwe, günorta şahasy Hindistana, demirgazyk şahasy bolsa Termeziň üsti bilen Samarkanta tarap gidipdir. Amulda Merwden Amyderýanyň ugry bilen Ürgenç tarapa gidýän ýola goşulypdyr. Şol döwürde Merw şaheri özüniň gadymy däpleri we her tarapa gidýän söwda-kerwen ýollary birleşýän geografiki amatlyklara baý bolan uly şäherdir. Şonuň üçin Merwde ýerli din bolan otparazlar (Zaratuştira) dini bolmak bilen ol ýerde hristian we budda dinleri hem bolupdyr. Bir bellemeli zat, ol hem şol zamanda Türkmenistanyň ýerinde ýaşan adamlar geçirimli we adalatly bolupdyrlar, çünki öz ynanýan (çokunýan) dinlerinden başga dinleriň wekillerini ýzarlap, olara azar bermändirler. Şu ýokarda aýdylan deňeşdirmelerden hem aýdyň görünýär, ýagny gadymy

Türkmenistanyň ýerinde ýaşan adamlarda şu günki türkmene mahsus bolan gylyk-häsiýetlerdir. Beýik ýüpek ýolunda her döwlet öz öndürýän önümini öndürip, şony bazara çykarypdyr. Mysal üçin, gadymy Merwde mata dokamaklyk has giňden ulanylypdyr. Gadymy Merw ýüpek matalary barada grek taryhy çeşmeleri hem doly habar berýärler.

Taryhy ýazuw çeşmeleriň we arheologiki tapyndylaryň şaýatlyk etmegine görä, Merwden günbatara tarap gidýän ýüpek ýoly Parfiýa döwleti, Nusaý galasy arkaly Eýranyň üsti bilen Mesopotamiýa barypdyr. Beýik ýüpek ýolunda gymmatbahaly daşlardan, ýagny nefrit, ýaşma, halsedon, lazurit uly ymaratlary bezäpdirler. Gadymy döwürde we Orta asyrda Merw özüniň hünärmentçilik baýlygy bilen şöhratlanypdyr. Şol ýerde Merw matalary, galyplarda ýasalan gap-gaçlar satylypdyr. Gadymy Merwden ýüpek ýoly boýunça söwda ýollary dört tarapa, ýagny günorta, günbatara, gündogara we demirgazyga uly söwda-kerwen ýollary gidipdir. Orta asyr taryhçylarynyň biri Merwi "Horosan şäherleriniň enesi" diýip ýazgylar galdyrypdyr. Merwden gidýän kerwenler Saragta, şondan aňryk bolsa Nişapura (Eýrana), ikinji tarap Merw Abiwerde, Nusaýa, Feraba, Dehistana tarap geçipdirler. Üçünji tarap Merwden Amula tarap, häzirki Türkmenabat (Çärjew) şäherine tarap alyp barypdyr. Merwden has uly söwda ýollarynyň biri Merwden Horezme gidýän kerwen ýoludyr. Howuzhan Orta asyr kerwensaraýy bilen Merwiň aralygynda Dandanakan galasy bolupdyr. Munuň has köne ady Daşrabat şäheri hem diýlipdir. Bu gala Saragtdan Merw aralygyndaky uly duralgalaryň biridir. Howuzhan galasy Orta asyrlarda ýaşaýşyň köp ýerleşen ýerleriniň biridir. Howuz galasyna käbir çeşmelerde Tilistan hem diýilýändir. Tilistan Orta asyr şäher bolup, onda ýaşan adamlar keramiki önümleri, ýagny gap-çanaklary öndüripdirler. Tilistandan arheologik gazuw-barlag işleri netijesinde çüýşe önümleriniň döwükleri örän köp derejede tapyldy. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu ýerde

çüýşe önümleriniň dürli görnüşleriniň öndürilendigine şaýatlyk edýär. Gadymy Merwiň ýerinde taryhyň gadymy zamanynda has ösen siwilizasiýalaryň bolandygyna şaýatlyk edýän ösüş siwilizasiýalarynyň bolandygyna olaryň gadymy Şumer, Mesopotamiýa döwletleri bilen ösen döwletleriň hasabyna girendigi hem doly öwrenilendir.

Merw şäherine ýaşaýşyň dürli döwürlerine mahsus bolan Erk-gala, Gäwür-gala, Soltan-gala, Abdylla han gala, Baýram-Aly han galalaryny öz içine alýandyr. Gadymy Merwden Horezme gidýän kerwen ýoly häzirki Göbekli-depäniň üstünden geçipdir. Ol ýerden söwda mahalynda giňden ulanylan palçykdan ýasalan möhürler (bulalar) saýatlyk edýändir. Göbekli-depe Merw-Horezm söwda ýolunda Merw tarapdan iň soňky söwda duralgasy bolandyr.

Irki Orta asyrlarda Merw diňe bir söwda merkezi bolman, ol birnäçe dinleriň hem jemlenen ýeri bolupdyr. Gadymy Merwden Hindistana gidýän kerwen ýollarynda hem birnäçe arheologiki ýadygärlikler ýerleşipdirler. 651-nji ýylda Türkmenistana arap diliniň ornaşmagy ýa-da Türkmenistanyň araplar döwletiniň düzümine girmegi ýurduň ykdysady taýdan ösüşine täsir edipdir. Şol zamanda Merwde zikgelenen manat pullar boýunça jemgyýetiň ösüşini kesgitlemäge şert döredýär. Irki Orta asyrlarda III-VII asyrlarda Merwde mis pullar zikgelenipdir, çünki mis pullaryň gymmatyna düşýän önümler köp öndürilipdir. Gyzyl pullar Merwde şol zamanda (VI-VII asyrlar) öndürilýän önümiň bahasy gyzyl puluň hümmetine ýetmändir. Orta asyrlarda gadymy Merwden Amula (Türkmenabat) tarap uly söwda ýoly gidipdir. Gadymy Merwiň hünärmentçileri öz önümlerini uly bazara çykaryp, ol ýerden hem özlerine gerek önümleri getiripdirler.

Merw ajaýyp haşamly desgalar – metjitler, medreseler, kitaphanalar, mawzoleýler, köşkler we baý şäherlileriň jaýlary bilen bezelipdir. Merwiň merkezinde, has takygy Gäwür-galada dokma, küýzegärçilik, metal işläp bejeriji, ýuwelir gurluşyk

ýaly dürli hünärmentçilik önümçiligi ýokary derejede ösüpdir. Aýratyn-da Merw küýzegärleriniň işleri haýran galdyrýar, olar ýokary derejedäki çeper önümleri, faýanslary, adam we haýwan sýužetli gap-gaçlary, ösümlik, geometrik we epigrafik äheňli sünnälenip edilen zatlary ýasamagyň tehnologiýasyny işläp taýýarlapdyrlar.

Merwiň hünärmentçileri ýüpek, nah matalary, süýji ýaly önümleri onuň halkara söwdasynyň esasy bölegi bolupdyr. Bu Merw önümleri diňe bir Merwde belli bolman, ol söwda ýolunda ýerleşýän ähli şäherlerde hem öz ýokary hilliligi bilen belli bolupdyr. Merwiň söwda ýolunda ýerleşenligi onuň medeniýetiniň, ylmynyň ösmegine hem ýardam edipdir. Merw alymlarynyň arasynda filosoflar, astronomlar, lukmanlar, filologlar we taryhçylar bolupdyr. Merwiň Orta asyr kitaphanasynda belli arap alymy Ýakut işläpdir. Ol bu ýerde “Mužali al-buldan” (“Ýurduň sözlügi”) sözlügini taýýarlapdyr. Ýa-da Gündogaryň ajaýyp alymy Omar Haýýam Merwiň soltan obserwatoriýasynda şol döwür üçin takyk astronomiki tablisany – “Jemal ed-din kalendaryny” düzüpdir. Gadymy Merwiň beýik ýüpek ýolunda ýerleşmegi, onuň gadymy gündogaryň merkezi şäherleriniň biri hasaplanmagyna uly itergi berendir.

## Sarahs – kerwen ýollarynyň çatrygynda

Kitapçada VII-XIV asyrlaryň taryhçylarynyň, geografiýaçylarynyň we XX asyryň arheologlarynyň maglumatlaryna salgylanmak arkaly sarahsyň üstünden geçen kerwen ýollarynyň we olaryň duralgalarynyň umumy häsiýetdäki gysgaça taryhyny döwürdeşlerimiziň aňynda janlandyrmaga synanyşyk edilýär.

Kitapça giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

**“Sarahs… horasanyň merkezi hem äpet bazar ýollarynyň çatlyşýan ýeri… bu şäherde haýsydyr bir zadyň ýetmeýändigini duýjak gümanyň ýok, kerwenler bir tarapdan gelmese, beýleki tarapdan gelýär”.**

**AL-MAKDISI, X ASYRYŇ ARAP TARYHÇYSY WE GEOGRAFIÝAÇYSY.**

Geçmişde türkmenistanyň çäklerinden russiýa bilen hindistany, hytaý bilen günbatar ýurtlaryny birleşdirýän halkara kerwen ýollary geçip, onuň ykdysady we medeni durmuşynda uly orun tutupdyr. şol sebäpden, kerwen ýollarynyň geçen ýerlerini, duralgalaryny ylmy esasda öwrenmek türkmen halkynyň taryhyny, onuň geçmiş medeniýetini we ykdysady gatnaşyklaryny hem belli bir derejede öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň çäklerinden geçen beýik ýüpek ýoluny öwrenmek işi beýik watançylyk urşy ýyllarynda başlandy. urşyň iň bir gowgaly ýyllarynda, ýagny 1941-nji ýylda moskwa döwlet uniwersitetiniň aşgabada wagtlaýyn göçüp gelen taryh fakultetiniň professory, belli rus gündogarşynasy b.n.zahoder we şol wagtky sssr ya-nyň türkmenistan filialynyň taryh, dil we edebiýat institutynyň uly ylmy işgäri s.a.ýerşow 1942-nji ýylyň türkmenbaşy we baýdak aýlarynda ýokarda agzalan institut tarapyndan iki gezek gysga möhletli guralan arheologik ekspedisiýasyna ýolbaşçylyk edip, beýik ýüpek ýolunyň merw-sarahs aralygynyň ugrynda ýerleşýän orta asyr taryhynda belli daňdanakan şäheriniň harabalygynda gazuw-agtaryş işlerini geçirdiler. geçirilen işler netijesinde, daňdanakan şäheriniň taryhyna, topagrafiýasyna, binagärçiligine (arhitekturasyna) degişli gymmatly ylmy maglumatlar ilkinji gezek toplanyldy. Gysga möhletleýin ylmy-barlaglar wagtynda ekspedisiýanyň ýolbaşçylary tarapyndan beýik ýüpek ýolunyň merw-sarahs aralygynyň ugrunda ýerleşýän birnäçe duralgalardyr obalar hem gazuw-agtaryş işleri geçirilmezden, deslapky öwrenildi. ekspedisiýanyň işlän döwründe toplanan maglumatlar orta asyrlar döwründe ýazylan ýazuw çeşmeler arkaly üsti ýetirilip, 1943-nji ýylda b.n.zahoder, 1947-nji ýylda s.a.ýerşow[2] tarapyndan moskwa şäherinde neşir edilýän ylmy žurnallarda çap edilip, ylmy jemgyýetçilige ýetirildi. bu bolsa türkmenistanyň çäklerinden geçen beýik ýüpek ýoluny arheologiki tapyndylary we ýazuw çeşmelerindäki maglumatlary utgaşdyryp öwrenmekde ilkinji ädilen ädimdi.

Türkmenistanyň çäklerinden geçen beýik ýüpek ýolunyň taryhyny öwrenmegi dowam etdirmek ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda, esasanam,günorta türkmenistan arheologik – kompleksleýin ekspedisiýasynyň (gtake) paýyna düşdi. xx asyryň 40-njy ýyllarynyň ahyrlaryndan başlap, gtake orta asyr döwrüniň arap, pars çeşmelerinde agzalýan, üstünden

beýik ýüpek ýolunyň şahalary geçen käbir şäherleriň, obalardyr duralgalaryň atlaryny, ýerleşen ýerlerini, arheologik maglumatlary we ýazuw çeşmeler arkaly deňeşdirmeler üsti bilen öwrenmäge girişildi. netijede, dehistan, maşady-messirian, parow, meýhene (mäne), nusaý, paşan, hurmuzfarra, kuşmeýhan, dargan, farap, amul ýaly şäherleriň, duralgalaryň, berkitmeleriň taryhy topografiýasy düzüldi we olaryň ösüş döwrleri kesgitlenildi.

gtake XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda Türkmenistanyň çäklerindäki beýik ýüpek ýolunyň şahalarynyň geçen ýerlerini, onuň ugrunda ýerleşen şäherlerdir obalary, duralgalardyr kerwensaraýlary öwrenmek bilen has içgin gyzyklandy. 50-nji ýyllarda aspirant g.adykowyň ýolbaşçylygynda gtake-niň ýörite bir topary beýik ýüpek ýolunyň merw-sarahs aralygyny ylmy esasda öwrendi.[1] geçirilen arheologiki barlaglar netijesinde toplanan maglumatlaryň esasynda g.adykow ylmy işini gorap, türkmenlerden arheologiýa ylmyndan ilkinjileriň biri bolup alymlyk derejesini aldy.

türkmenistanyň çäklerinden geçen beýik ýüpek ýolunyň şahalaryny öwrenmekde türkmenistanyň ya-nyň akademigi, gtake-nyň ýolbaşçysy, belli gündogarşynas m.ý.masson uly iş bitirdi. ol birnäçe ýyllaryň dowamynda toplan arheologiki we ýazuw işlerindäki maglumatlaryň esasynda beýik ýüpek ýolynyň ugurlaryny öwrenmekde (merw-amul, merw-köneürgenç) uly göwrümli ylmy işi taýýarlady we oňa gtake-niň işleriniň xiii jildini (tomuny) tutuşlaýyn bagyşlady.

türkmenistanyň çäklerinden geçen beýik ýüpek ýolunyň taryhyna we onuň aýry-aýry şahalaryna degişli ylmy maglumatlar ulyrak ýa-da kiçiräk möçberde XX asyryň 70-90-njy ýyllarynda türkmen arheologlary ý.atagarryýewiň, T.Hojanyýazowyň, J.Durdyýewiň, H.Ýusubowyň, A.Gubaýewiň, G.Hanmyradowyň we başgalaryň çap eden ylmy işlerinde öz beýanyny tapdy.

Eliňizdäki kitapçada VII-XIV asyrlaryň taryhçylarynyň, geografiýaçylarynyň we xx asyryň arheologlarynyň ylmy maglumatlaryna esaslanyp garaşsyz diýarymyzyň günorta etraplarynyň biri bolan sarahsyň üstünden bir wagtlar geçen kerwen ýollarynyň we olaryň duralgalarynyň umumy häsýetdäki gysgaça taryhyny beýan etmeklige synanyşyk edilýär. Kitapçanyň ýazary (awtory) XX asyryň 90-njy ýyllarynda Sarahsyň çäklerinde ýerleşýän arheologik ýadygärlikleriň birnäçesinde gazuw-agtaryş işlerini geçirmeklige gatnaşdy. Şol döwürde ýazar tarapyndan sarahsyň üstünden geçen kerwen ýolunyň käbir duralgalary gazuw-agtaryş işleri geçirilmek bilen ýa-da geçirilmezden öwrenildi. Iş ýazylanda, sarahs topragynda XX asyryň ikinji ýarymynda gazuw-agtaryş işlerini geçiren arheologlaryň A.A.Maruşenkonyň, G.Adykowyň, O.Orazowyň ýazan işleri peýdalanyldy. sarahsyň üstünden geçen kerwen ýollaryny we olaryň duralgalaryny öwrenmekde XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyrynda rus dilinde çap edilen “türkmenistanyň we türkmenleriň taryhy boýunça maglumatlar” ýazara ýol görkeziji bolup hyzmat etdi.

## Ýüpekçiligiň taryhyna nazar aýlap…

Geçen on üç ýylyň içinde Türkmenistanyň halk hojalygy görlüp-eşidilmedik derejede özgerdi. Netijede, täze pudaklaryň birnäçesi döredi. Öň ünsden düşürilen pudaklar bolsa täzeden dikeldildi. Şonuň ýaly täzeden dikeldilen pudaklaryň biri hem türkmenleriň gadymdan gelýän ýüpekçiligidir.

Türkmen ýüpegi geçmişde meşhurlyk gazanypdyr. Türkmenistanda irki döwürlerden, has takygy, 1500 ýyl töwregi wagt bäri ýüpekçilik bilen giňden meşgullanylyp gelinýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda halkymyzyň esasy hünärleriniň biri bolup gelen ýüpekçiligi ösdürmäge, ýüpek matalary

öndürmäge aýratyn üns berildi. 2002-nji ýylda ýurdumyzda 4 müň tonna pile öndürilen bolsa, 2004-nji ýylda 6 müň tonnadan gowrak pile öndürildi.

Şonuň bilen bir hatarda, Garaşsyzlyk ýyllarynda ata-babalarymyzdan galan medeni mirasymyzyň, maddy gymmatlyklarymyzyň gelip çykyşyny we taryhyny öwrenmäge-de giň ýol açyldy.

Ilkinji ýüpegiň Çyn-Maçyndan (Hytaýdan) Beýik ýüpek ýolynyň üsti bilen dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýrandygyna hem-de bu mukaddes ýoluň Türkmenistanyň ençeme şäherleriniň üstünden geçendigine taryh şaýatdyr. Biziň şu söhbetimiz Beýik ýüpek ýolunyň üsti bilen ýaýran ýüpegiň taryhyna degişlidir.

Ýüpek ýoly dünýä halklarynyň diňe ykdysady durmuşyna, söwda işleriniň rowaçlanmagyna däl, eýsem olaryň medeni durmuşyna, sungatynyň baýlaşmagyna, gülläp ösmegine, kämilleşmegine asyrlarboýy uly täsir edip gelipdir. Bu Beýik mukaddes ýol Çyn-Maçyndan başlap, Orta we Alynky Aziýanyň üsti bilen Ortaýer deňziniň kenarýakalaryna baryp ýetipdir. Ol bu ülkeleri köp babatda biri-birleri bilen baglanyşdyrypdyr. Şeýle-de Beýik ýüpek ýoly Gündogardan Günbatara we Günortadan Demirgazyga geçýän ýollaryň özboluşly ulgamyny döredipdir. Türkmenistan bu ýollaryň çatrygynda ýerleşipdir.

Beýik ýüpek ýoly üstünden geçýän döwletler üçin söwda, medeni gatnaşyklary berkitmekde möhüm ähmiýete eýe bolup, harytlary özara alyş-çalyş etmäge, satmaga, satyn almaga mümkinçilik döredipdir. Gymmatly ýüpek mata hytaýly söwdägärleriň esasy harydy bolup, ol Günbatar ýurtlarynda uly islegden peýdalanypdyr. Ýüpek matanyň öndüriliş syry şol döwürde Ýewropa mälim bolmandyr. Ýewropa bazarlarynda çaýa, farfora, lak çalnan önümlere uly isleg bolupdyr, emma esasy haryt ýüpek bolupdyr. Şol sebäpden-de, şol harytlaryň gatnadylan ýoluna "Beýik ýüpek ýoly" diýip at beripdirler.

Alymlaryň pikirine görä, ýüpek gurçugynyň pilesinden ýüpek almagyň syryny hytaýlylar mundan 5 müň ýyl ozal açypdyrlar. Ýüpekçilik boýunça belli alym A.A.Tihomirow bolsa bu babatda anyk senäni b.e.öňki 2698-nji ýyl diýip belleýär.[1]

Hytaý rowaýatyna görä, ilkinji ýüpegiň alynmagy imperator aýal Si Ling-çi tarapyndan amala aşyrylypdyr. Çaý içip otyrka, onuň käsesine agaçdan ýüpek gurçugynyň pilesi gaçypdyr. Haçan-da, ol käseden piläni çykarjak bolup ýüplüginden çekende, pile çözülip başlaýar. Şeýlelikde, ilkinji ýüpek alnypdyr. Si Ling-çi bolsa “Asman imperiýasynyň” hudaýlarynyň hataryna goşulupdyr diýlip rowaýatda aýdylýar.[2]

Käbir alymlaryň pikirine görä, ýüpekçiligiň Watany – Hytaýyň Şandun welaýaty bolup, onuň ilaty b.e. öň 2255-nji ýylda hytaý imperatoryna salgydy ýüpek matalar bilen töläpdir. Birnäçe ýyl geçenden soň, ýüpekçilik Hytaýyň köp ýerlerine ýaýrapdyr. Has takygy, b.e. öňki birinji müňýyllygyň ikinji ýarymynda ýüpekçilik giň gerime eýe bolupdyr. Şol wagt ýüpekden pul ýasapdyrlar, mata dokapdyrlar, salgyt töläpdirler, ony söwda hasaplaşygynda ulanypdyrlar.

Alymlaryň bir topary Hindistanyň dag sebitlerini tebigy ýüpegiň watany diýip hasap etseler, beýlekileri Günbatar Gimalaý daglaryny, hatda Eýrany agzaýarlar. Ýöne ýüpegiň watanynyň Hytaýdygy baradaky çaklama hakykata has golaýdyr.

Piläniň ýönekeýje taýýarlanylmagyndan ýüpek gurçugynyň eldekileşdirilmegine çenli ençeme asyr gerek bolupdyr. Ýüpegiň alnyşy şu wagt hem gadymyýetdäkiden kän bir tapawutlanmaýar. Ýüpek gurçuklary tut ýapraklary bilen

---

1. РтвеладзеЭ. Великий шелковый путь. Энциклопедический справочник. Ташкент.1999.С.11

2.Şol ýerde.

3.Şol ýerde.12-nji sah.

4.Şol ýerde.13-nji sah.

iýmitlenip, olaryň agramlary 30 günlük ýaşaýşynyň dowamynda 10.000 esse köpelýär. [3] Öz ösüşinde, ol 5 döwri geçip, bäşinji döwründe pile sarap başlaýar. Bir piledäki ýüplügiň uzynlygy 600-2000 metre ýetýär.

Mälim bolşy ýaly, ýüpekçilik Hytaýdan b.e. I-II asyrlarynda Hami oazisine (Gündogar Türküstan), III asyrda Koreýa ,IV asyrda Hindistana aralaşypdyr.

Merkezi Aziýanyň günbatarynda ýüpekçiligiň ösüşi biziň eýýamymyzyň V-VI asyrlarynda başlanýar. Emma Özbegistanyň Surhanderýa welaýatynynda ýerleşýän Kempirdepeden (Demirgazyk Baktriýa) tapylan ýerli önüm bolan ýüpek matalarynyň senesi kesgitlenilende, ol b.e. II asyrynyň 2-nji ýarymyna, III asyryň başyna gabat gelýär. Ýüpegiň bu ýerde, mundanam has ir ýüze çykan bolmagam mümkindir.

Rimde ýüpek matalary b.e.öň 46-njy ýylda ulanyp başlapdyr. Emma birnäçe asyryň dowamynda ýüpek bu ýerde entek haryt bolmagynda galypdyr.

Rim imperiýasynyň şäherleriniň birnäçesinde köp sanly dokma ussahanalary bolup, olarda dürli ýüpek matalary öndürilipdir. Mälim bolşy ýaly, b.e.V asyrynda ýüpekden önüm öndürýän ussahanalar Aleksandriýada( Müsür )hem peýda bolupdyr. Eýranda ýüpek mataları önümçiligi sasany şasy Şapur II (304-379 ý.ý) döwründe başlanypdyr. Ol özüniň hökümdarlyk eden döwründe Mesopotamiýadan

Siriýadan ussat dokmaçylary Eýrana çagyrypdyr. Bu ussahanalaryň hemmesinde Hindistandan we Seýlondan Beýik ýüpek ýolunyň üsti bilen getirilýän ýüpekden mata dokalypdyr.

Ýüpek gurçuklaryny ösdürip ýetişdirmek, pile öndürmek Wizantiýada b.e. VI asyrynyň II ýarymynda başlanýar. Bu iş Wizantiýadan Ortaýer deňziniň günorta sebitlerine aralaşypdyr.

Ýüpekçiligiň beýleki ýurtlara ýaýramagy Beýik ýüpek ýolunyň üsti bilen amala aşyrylypdyr. Ilkibaşda bolsa ýüpek diňe Han imperiýasynyň günbatarynda ýerleşýän ýurtlara çykarylýan haryt bolupdyr. Hytaýdan ýüpek gurçugynyň tohumyny çykarmak gadagan edilip, eger bu iş amala aşyrylaýsa, onuň üçin ölüm jezasy berlipdir. Alym Albert Hermanyň bellemegine görä, ýüpek türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlarynda Beýik ýüpek ýolunyň üsti bilen iki aýry-aýry dünýäni Günbatary we Gündogary tanyşdyran esasy haryt bolupdyr.

Beýik ýüpek ýoly bilen ilkinji kerwenleriň gatnap başlan döwürlerinde häzirki Türkmenistanyň çäklerinde türkmenleriň uly we güýçli Parfiýa döwleti bolupdyr.

Parfiýa döwletiniň esaslandyrylmagy çarwa-par taýpalary bilen baglanyşykly bolupdyr. Bu beýik döwleti taýpa serdary bolan Ärsakşa binýat edipdir.

Parfiýa döwleti öz döwründe dünýäniň in güýçli döwletleriniň, ýagny Günbatarda Rim imperiýasynyň, Gündogarda bolsa Kuşan döwletiniň gazaply bäsdeşi bolupdyr.

Biziň eramyzyň I-II asyrlarynda Parfiýa döwletinde birnäçe netijeli diplomatik çäreleri işläp düzüpdirler. Parfiýa-Hytaý diplomatik gatnaşyklary ýola goýlupdyr.

Parfiýa döwleti bilen ýüpekçiligiň mekany bolan Hytaýyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar b.e. II asyryndan başlanypdyr. 107-nji ýylda Hytaý ilçisi ilkinji gezek Parfiýa gelipdir. Oňa belent mertebeli myhman hökmünde, adaty bolmadyk hezzet-hormat edipdirler. Ilçini Parfiýa döwletiniň serhedinde 20 müň adamly goşun bilen garşylapdyrlar we ony Parfiýanyň paýtagt şäheri bolan Gekotompil şäherine çenli ugradypdyrlar. Hytaý ilçisi öz ýurduna gaýdanda, ony Parfiýanyň ilçisi ugradypdyr hem-de ondan Hytaý patyşasyna sowgat iberipdir.

Parfiýa-Hytaý gatnaşyklarynda birnäçe peýdaly netijeler bolupdyr. Parfiýa ýurdundan Hytaýa üzüm we ýorunja tohumy

äkidilipdir. Hytaýdan Parfiýa ýurduna ýüpek, polat ýaly birnäçe zatlar getirilipdir.

Gadymy döwürlerde, orta asyrlarda Merw Gündogaryň iň uly medeni ojagy, içerki we halkara söwdasynyň merkezi bolupdyr. Merw hünärmentçiligiň hem merkezi hökmünde meşhur bolupdyr. Orta asyrlarda oňa “Horasan şäherleriniň enesi” diýilmegi ýöne ýerden däldir. Biziň eramyzyň V asyrynda ýüpekçilik Merwde giňden ýaýrapdyr

Bagdat halyflary Merwe gelenlerinde, türkmen ýüpek matalary, nepis ýüpek halylary olaryň ünsüni özüne çekipdir. Şonuň üçinem olar özleriniň halyflyk derejesini alamatlandyrýan lybaslarynda köplenç Merwiň ýüpek matalaryndan geýmegi halapdyrlar. Munuň özi Merwde dokalan ýüpek matalaryň owazasynyň taryhda bütin yslam dünýäsine dolandygyna şaýatlyk edýär.

Zergärçilik, küýzegärçilik önümleri geçginli harytlar bolupdyr. Merwiň nagyşlanan küýze önümlerine uly islegiň bolandygyny Termezden, Samarkantdan, Sarahsdan we beýleki ýerlerden merwli ussalaryň ýasan gaplarynyň tapylmagy hem subut edýär. Merw bazarlarynda türkmenleriň iň ýörgünli önümleri bolan halylar, düýe ýüňünden dokalan mata, tohum atlar, at esbaplary örän ýokary bahadan alnypdyr.

Merwden soňra ýüpekçilik Beýik ýüpek ýolunyň üsti bilen gündogar Eýrana, Hazar deňziniň günorta-gündogar kenaryna aralaşýar. Biziň eramyzyň VI asyrynda Gündogarda ýüpekçiligiň iň iri merkezleriniň biri-Sogd merkezi döräpdir.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Hytaýdan ýüpek gurçugynyň tohumyny çykarmak gadagan edilip, hytaýlylar ýüpek önümçilik senedini gizlin syr hökmünde saklapdyrlar. Sözümiziň gurak bolmazlygy üçin, şu ýerde ýüpekçiligiň Wizantiýa aralaşmagy barada gyzykly taryhy maglumatlara ýüzlenýäris.

Ýazuw çeşmeleriniň şaýatlyk etmegine görä, b.e. VI asyrynyň 50-nji ýyllarynda Wizantiýanyň imperatory Ýustinian

I buýrugy boýunça birnäçe ruhanylar hasalarynyň içinde köwlüp ýasalan höwürtgelerde ýüpek gurçuklarynyň tohumyny beýleki ýurtlardan getiripdirler. Şondan soň Wizantiýada-da ýüpegiň ýerli önümçiligi ýüze çykypdyr.

Şeýlelikde, Hytaý ýüpek önümçiliginde agalyk etmegini bes edýär. Merkezi Aziýada we Ortaýer deňziniň kenarýaka ýurtlarynda ýüpekçilik giňden ýaýransoň, Beýik ýüpek ýoly boýunça gatnadylýan harytlaryň mukdary has artypdyr.

Türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlaryndan bäri ata-babalarymyzyň esasy hünärleriniň biri bolup gelen ýüpekçilik Garaşsyzlygymyzyň ýyllarynda, türkmen milletiniň Altyn asyrynda ýurdumyzyň oba hojalygynyň girdejili pudaklarynyň birine öwrüldi. Sebäbi, ýokary hilli pile, ondan öndürilýän önümler dünýä bazarynda häzir hem gadymyýetdäki ýaly geçginli harytlaryň biri hasaplanýar.

## Halkara kerwen ýolunyň aýratynlygy

Türkmen taryhynyň Oguz han döwriniň ahyrlaryndan başlap çöllükleriň, sähralyklaryň, daglyklaryň, baýyrlyklaryň içinden geçen Beýik ýüpek ýoly işjeň duşuşyklar we gepleşikler üçin örän uly mümkinçilikler beripdir, ýurtlaryň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine şert döredipdir, ösen ýurtlaryň özara baýlaşmagyna ýardam edipdir. Beýik ýüpek ýoly Hytaýyň merkezi etraplaryndan gözbaşyny alyp, Merkezi we Alynky Aziýanyň üsti bilen Ortaýer deňziniň gündogar kenarlarynyň portlaryna baryp ýetipdir.

Türkmen taryhynyň Oguz han eýýamynyň ahyrlarynda hytaý täjirleriniň günbatara alyp gidýän esasy harytlary ýüpekdi. Şol döwürde bu täsin matanyň taýýarlanyşynyň syry Ýewropada belli däldi, hytaý ýüpekçileri bolsa bu syry örän ýaşyrynlykda saklapdyrlar.

Hytaý diňe bir ýüpek däl, eýsem çaý, farfor, lak ýaly önümleri hem äkidýärdi, bu harytlar örän geçginlidi,

Ýewropanyň bazarlarynda olar gytdy, ýöne her näme-de bolsa, esasy haryt ýüpek ýa-da ýüpekden öndürilen önümlerdi. Şonuň üçin-de, bu kerwen ýoly onuň taryhyny öwrenijiler tarapyndan "Beýik ýüpek ýoly" diýip atlandyrylypdyr.[1]

Biziň döwletimiziň häzirki çäkleriniň üstünden şol döwürde geçen ilkinji kerwenleriň ýol ugrunda uly we kuwwatly Parfiýa döwleti ýerleşipdir. Onuň geografik taýdan ýerleşişi örän amatly, möhüm söwda ýollarynyň çatrygynda bolupdyr.

Hytaýdan gaýdan kerwenler Aziýanyň uly derýasy Jeýhuna ýetmek üçin köp müňlerçe kilometr ýol sökmeli bolupdyr. Kerwenler Jeýhun derýasyndan geçip, Amul şäherine gelipdir, häzir şol şäheriň harabaçylyklary Türkmenabat şäheriniň golaýynda ýerleşýär. Amul şäheri söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşipdir. Şol ýerden bir ýol Owganystana we Hindistana, beýlekisi Horezme, ýene biri Merwe uzapdyr. Amuldan Merwe çenli uzan ýol ýöremesi kyn çägelikleriň arasyndan geçipdir, süýji suwly guýylar seýrek bolupdyr. Merwden gaýdan kerwenler Sarahsa, şondan aňryk bolsa Nişapura (Eýran), Abywerde, Nusaýa, Parowa we aňyrlygyna Gürgen-Dehistana tarap ýönelipdir, soňra olar Hazar deňziniň kenarlary bilen gidip, günorta tarapa, arap ýurtlaryna baryp ýetipdirler. [2] Şeýlelik bilen Beýik ýüpek ýolunyň ep-esli bölegi biziň döwletimiziň üstünden geçipdir.

Biziň eramyzyň IV-VII asyrlaryndan başlap halkara kerwen söwdasy ýurtlaryň arasynda syýasy-ykdysady gatnaşyklaryň hem-de haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmeginde-de uly ähmiýete eýe bolupdyr. Halkara kerwen söwdasy öz ugrynda ýerleşýän obalaryň, şäherleriň hem ykdysady taýdan ýokary göterilmegine uly täsir edipdir. Halkara kerwen ýoly IX asyrdan başlap has-da uly gerime eýe bolup, bu ýokary

---

[1] Atagarryýew Ý., Hojanyýazow T. Türkmenistan "Beýik ýüpek ýolunyň ugrunda". Aşgabat, 1990. 3-nji sahypa

[2] Şol ýerde.

göterilişik tä mongol basypalyşlaryna çenli dowam edipdir. Bu döwür halkara kerwen söwdasynyň iň gülläp ösen döwri hasaplanylýar. Şol döwürlerde Nişapur şäheri Gündogar Eýranyň iň iri söwda merkezi bolupdyr. Merw şäheri bolsa, günorta Türkmenistanyň iň iri syýasy, söwda-ykdysady merkezi bolupdyr. Sarahs bu iki sany iri orta asyr şäheriniň orta-arasynda ýerleşip, söwda uly ýolunyň aralyk şäheri hökmünde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

Wizantiýa, Siriýa we Hytaý çeşmeleriniň berýän habarlaryna görä, III-VI asyrlarda Hytaý bilen Wizantiýanyň arasynda esasy söwda harytlary bolup ýüpek, aýna, gymmat bahaly daşlar, reňkler, hoşboý ysly zatlar hyzmat edipdir. Merkezi Aziýada araplaryň agalygy döwründe, şeýle hem VIII-IX asyrlarda kerwen söwdasy, esasan, zynat harytlara, ýagny bürünçden we kümüşden ýasalan gap-gaçlara, ýokary hilli ýaraglara, ýuwelir önümlerine, gymmat bahaly matalara esaslanypdyr. IX-X asyrlardan başlap harytlaryň sanawynda ilkinji zerur zatlara, ýagny iýmit önümlerine, hünärmentçilik önümçiligi üçin çig mallara duş gelnip ugralýar. [1]

Al-Makdisiniň ýazmagyna görä, X asyrda Merw halkara söwdasyna don, ýüpek we nah mata önümlerini, sygyr, sir, mallar üçin ot-iým, künji ýagy, bal ýaly önümleri, Sarahs bolsa dürli çörek önümlerini, düýeleri çykarmak bilen meşhur bolupdyr. Şol döwürde Merwiň gawunlary özüniň süýji tagamlylygy bilen söwdegärleriň, syýahatçylaryň aklyny haýran edipdir.[2]

Sarahs uly söwda ýolunyň ugrunda ýerleşýändigi sebäpli, Horezm (Ürgenç) bilenem ykdysady aragatnaşykda bolupdyr. Şonuň üsti bilen Wolgadan, Sibirden getirilýän deri,

---

[1] Хыдырова М. Особенности караваннкой торговли// Ашхабад. 25 марта 1999г.

[2] Seret. Материалы по истории туркмен и Туркмении (Мундан бейлэк МИТТ). Т.1 (VII-XV в.в.) Арабские и персидские источники. М.Л., 1939. С.202.

teletin, mumiýa, mis önümleri Sarahsa-da gelip ýetipdir. Al-Makdisi Horasan bilen Arabystanyň arasynda gyzgalaňly söwda gatnaşygyň bolandygyny belleýär. Diýmek, Arabystanda öndürlen önümler Sarahsa-da getirilipdir diýip çaklamak bolar. XX asyryň 90-njy ýyllarynda Köne Sarahs şäher harabalygynyň Beýik seljuk türkmenleriniň döwletiniň ýaşan döwründe gurulan diwarlarynda geçiren arassalaýyş işlerimiz wagtynda Hytaýda öndürilen farfor önümleriniň bölekleriniň tapylmagy Sarahsa ol ýeriniň harytlarynyň-da düşendiginden habar berýär.

IX asyrdan başlap kerwen söwdasynyň giňelmegi, ýoluň ugrynda hyzmat edişiň kämilleşmegini talap edipdir. Şol sebäpden-de, kerwen ýollarynyň geçýän obalarynda, şäherlerinde kerwensaraýlar gurlyp başlanypdyr. Şol döwürlerde gurulan iri kerwensaraýlaryň harabalyklarynyň birnäçesi-häzirki Birata etrabynyň çäginde ýerleşýän Daýahatyn kerwensaraýy, Beýik ýüpek ýolunyň Amul-Merw aralygynda ýerleşýän Akjagala kerwensaraýy, Mary welaýatynyň Garagum etrabynyň çäginde ýerleşýän al-Esger şäher harabalygynyň ýanyndaky kerwensaraýy, Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň çägindäki Gökdepe ýadygärligiň ýerleşen ýerindäki Najaryň galasynyň we Adamölen ýadygärliginiň ýerleşen ýerindäki orta asyr Şiraz obasynyň kerwensaraýlary we başgalar XX asyryň ikinji ýarymynda alymlar tarapyndan öwrenildi. Netijede uly kerwensaraýlaryň daş-töweregine gorag diwarlary aýlanan uly howlulardygy, olarda içinde dynç alar ýaly myhmanhanalar, at, düýe, eşek saklar ýaly jaýlar, söwdegärlere hyzmat eder ýaly hyzmatkärleriň bolandygy anyklanyldy. Kerwensaraýlarda alyjy harydy lomaý alyp ýa-da satyp hem bilipdir. Kerwensaraýlar köplenç bazarlaryň golaýynda ýerleşipdir. Kerwensaraýlarda söwdagärler iň soňky söwda täzeliklerini we harydyň nyrhlaryny hem bilipdirler.

Beýik ýüpek ýoly geçýän käbir ýurtlarda harytlar alyş-çalyş (barter) görnüşinde söwdalaşylypdyr. Söwdagärler öz harytlaryna belli bir möçberde baha kesipdirler we olary şonuň ýaly baha kesilen harytlar bilen çalşypdyrlar. Söwdagärleriň arasynda özara hasaplaşygyň häsýeti köp halatda söwdanyň haýsy ýurtda edilýändigine hem bagly bolupdyr. Mysal üçin, Hytaýda söwdagärlerden kümüş pullary alynmandyr, şoňa görä-de söwda esasy alyş-çalyş görnüşinde amala aşyrylypdyr, Gündogar Ýewropa ýurtlarynda bolsa ýagdaý başgaça bolupdyr. Ol ýerde dirhemler haryt we pul görnüşinde çykyş edipdir. [1] Onuň şeýle bolandygyny şol döwrüň musulman ýurtlarynyň kümüş pully humlarynyň Ýewropada köp duş gelmegi, Hytaýda bolsa beýle ýagdaýa gabat gelinmezligi-de şaýatlyk edýär. Şu ýerde ýene bir zada üns berilse has ýerlikli bolar. Ol hem aralyk çäklerde, ýagny Orta Aziýanyň iri şäherlerinde- Köneürgençde, Samarkantda, Merwde, Balhda lomaý söwda üçin uly bazarlaryň ýerleşmegidir. Bu bazarlarda kümüş pullary giňden ulanypdyrlar. XI asyrda söwdanyň alyş-çalyş görnüşine geçmegi bolsa musulman ýurtlarynda kümüş-pul gytçylygynyň(krizisiniň) başlanmagy bilen baglydyr.

Söwda kerwenleriniň düzüminde diňe söwdagärler bolman, eýsem onda hünärmentçileriň, syýahatçylaryň, alymlaryň, dini ulamalaryň hem köp sanlysy bolupdyr. Diplomatik wekiller we ilçiler hem söwda kerweniniň düzüminde hereket edipdirler. Söwda kerwenleriniň möçberi birnäçe onlukdan birnäçe müň ýük birligine çenli baryp ýetipdir.

Bize ýazuw çeşmelerinden mälim bolan iň uly kerwen 921-922-nji ýyllarda Bagdat halifi al-Muktadiriň Wolga boýundaky bulgar patyşasyna iberen kerwenidir. Kerweniň düzüminde 5000 müň adam, 3000 atdyr düýe bolupdyr. Bu kerwen 921-nji ýylda Nişapurdan gelip, Sarahsda düşläp,

---

[1] Хыдырова М.Особенности караванной торговли// Ашхабад.25 марта 1999г.

Merwe tarap geçipdir. Bagdatdan gaýdan bu kerweniň düzüminde belli syýahatçy Ahmet ibn Fadlan hem bar eken. Ol Sarahs ilatynyň çörek, et, ýüň bilen üpjündigi, daşary ýurt täjirleri bilen şowhunly söwda alyp barýandygy barada öz ýatlamasynda belläp geçipdir. [2]

## Beýik ýüpek ýolunyň Nişapur – Sarahs aralygy

Ozal belleýşimiz ýaly, Beýik ýüpek ýoly, taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, Türkmenistanyň çäklerinde parfiýalylaryň agalygy döwründe Ortaýer deňziniň kenarýaka ýurtlaryny Orta Aziýa hem-de Gündogar ýurtlary bilen baglanyşdyrýan esasy söwda ýoly hökmünde ýüze çykypdyr. Onuň ýüze çykmagy Orta we Alynky Aziýanyň çäklerinde ýaşaýan halklaryň ykdysady durmuşynda möhüm orun eýeläpdir. Emma Beýik ýüpek ýolunyň kadaly hereket edip başlan ilkinji asyrlarynda, ol ýol Sarahsyň üstünden geçmändir. Türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlaryna çenli söwda ýoly Eýrandan demirgazyk Köpetdagyň etegi bilen Nusaýa çenli, ol ýerden hem Merwe tarap gidipdir. Sarahsyň üstünden bolsa, Beýik ýüpek ýoly türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlarynda, Gorkut ata döwrüniň başlarynda geçip başlapdyr.

Bize mälim bolan ýazuw çeşmelerinde, Beýik ýüpek ýolunyň Sarahsyň üstünden geçip başlan döwrüniň anyk senesi görkezilmeýär. Şonuň ýaly-da, kerwen ýolunyň esasy ugrynyň üýtgemegine sebäp bolan ýagdaýlar hem anyk mälim däl. Ýöne bir zat welin belli, olam araplar Türkmenistany basyp alan döwürleri kerwen ýoly Sarahsyň üstünden geçýän eken. Ony türkmen taryhynyň Gorkut ata döwrüniň arap taryhçylary hem öz işlerinde tassyklapdyrlar. Diýmek, Beýik ýüpek ýolunyň esasy ugrynyň üýtgemegine sebäp bolaýjak hadysalar türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlarynda bolup geçipdir.

[2] Hanmyradow G.N. Köne Saragt. Aşgabat, 1992. 23-nji sahypa

Türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlarynda kerwen ýolunyň esasy ugrunyň üýtgemegine, arheolog Ö.Orazowyň pikirine görä, iki hili ýagdaý sebäp bolupdyr.[1]

Birinji sebäbi, Nişapur şäheriniň ýüze çykmagy we onuň çalt depginler bilen ösüp, Eýranyň gündogarynda iri şäher merkezine öwrülmegi bilen baglanyşyklydyr. Nişapur şäheri b.e. III asyrynda ýüze çykyp, Eýranyň wajyp, ykdysady merkezine tiz wagtda öwrülipdir. X-XIII asyrlaryň alymlarynyň Nişapur şäherine "Eýranyň çakdanaşa uly şäheri" diýip atlandyrmaklary hem ýöne ýerden däl bolsa gerek. Ösýän, ulalýan şäherde söwda gatnaşyklary ösmeli. Şonuň üçin ozal başga şäherleriň üstünden geçýän söwda ýollarynyň ugruny üýtgedip, Nişapuryň üstünden geçmeklerine şert döreden bolmagy-da mümkindir.

Ikinji sebäbi, biziň eramyzyň IV asyrlaryndan başlap Hazar deňziniň gündogar kenar ýakalarynda, Dehistanda daşyndan gelen çarwa taýpalaryň goldawyna daýanan häkimlikleriň ýüze çykmagydyr. Şol ýerlerde merkezi hökümýet bilen ýerli häkimlikleriň arasynda ýygy-ýygydan ganly çaknyşmalar bolup geçipdir. Ol uruşlaryň köpüsinde merkezi häkimýetiň goşunlary ýeňlipdir. Bu dartgynly ýagdaý demirgazyk kerwen ýolunyň kadaly hereket etmegine päsgel beripdir. Bu-da öz gezeginde kerwen ýolynyň esasy ugrynyň üýtgemegine sebäp bolup, onuň günorta tarapa, ýagny merkezi Eýrandan Nişapura, ondan Sarahsa, soňra Merwe tarap gatnawyň ýola goýulmagyna şert döredipdir.

IX asyryň arap taryhçysy ibn Hordadbegiň 847-nji ýylda ýazan "Kitab al-mesalik wa-l-memalik" ("Ýollaryň we welaýatlaryň kitaby") diýen işinde Beýik ýüpek ýolunyň Nişapur-Sarahs şahasy barada ilkinji gezek taryhy maglumatlar getirýär. Ýazar: "Nişapurdan Badgysa çenli 4 farsah, soňra Hamra çenli 6 farsah, Tus okrugyndan bolan Musakkaba çenli

[1] Оразов О. Археологические архитектурные памятники Серахского оазиса. Ашхабад, 1973.С.78.

5 farsah, Nukana çenli 5 farsah, Abkina çenli 8 farsah, Sarahsa çenli 6 farsah, Bagdatdan jemi 345 farsah ýol”[2] diýip ýazypdyr. Hordadbegiň ýokarda getiren maglumatlary boýunça Nişapur-Sarahs aralygy 40 farsah (250-260km)ýol bolupdyr.

IX rasyr arap taryhçylarynyň ýene biri al-Ýakubi 891-nji ýylda ýazan “Kitap al-Buldan” (“Ýurtlaryň kitaby”) diýen işinde Nişapurdan-Merwe çenli on günlik ýoldygyny belleýär. Soňra ol: “Nişapurdan Sarahsa çenli esasy ýol bilen 6 günlik ýol. Birinji duralga, parsça “Dizbad” diýlip atlandyrylýan ar-Rih galasy, soňra Haksar, Mazduran galasy, ol ýerde palçykly geçelge bar”[3]…diýip, Nişapur–Sarahs aralygynyň beýleki duralgalaryny sanamaýar.

Bagdatly taryhçy Kudamy ibn Jafar 928-nji ýylda ýazan “Kitab al-haraj” (“Ýer salgydynyň kitaby”) diýen işinde: “Nişapurdan Badgisa çenli 4 farsah, Badgisden Hamra çenli 6 farsah, Hamradan Tus okrugynyň Musakkabasyna çenli 5 farsah, Musakkabdan Nukana çenli 5 farsah, Nukandan dagly Mazdurana çenli 6 farsah, dagly Mazdurandan Ukina çenli 8 farsah, Ukindan Sarahs şäherine çenli bolsa 6 farsah ýol”[1] diýip ýazypdyr.

Al-Makdisi 985-nji ýylda ýazan: “Ahsan at-takasim fi-marifat al-akalim” (“Ýurtlara akyl ýetirmek üçin iň gowy bölünişik”) diýen işinde: “Nişapurdan ar-Rih galasyna çenli bir günlik ýol, soňra Ramada çenli bir günlik ýol, Saha çenli bir günlik ýol, Mazdurana çenli bir günlik ýol, Ukina çenli bir günlik ýol, Sarahsa çenli hem bir günlik ýol” diýip belläpdir. Şeýlelikde, al-Makdisiniň hasaby boýunça Nişapur-Sarahs aralygy 6 günlik ýol bolýar.

Hamdallah Kazwini 1340-nji ýylda ýazan “Nuzhat al-kulub” (“Ýürekleriň eşreti”) diýen işinde: “Nişapurdan Bad obasyna çenli 7 farsahdyr. Bu ýerde sag tarapa Hyrada ýol

---

[2] МИТТ. Т .1.С.144.

[3] Şol ýerde. 147-nji sahypa.

[1] МИТТ . Т.1 С..164.

bolünýär. Bad obasyndan Hakestar obasyna çenli 5 farsah, ondan rabat Sang-basta çenli 3 farsah, rabat Maha çenli 6 farsah, rabat Turana çenli 7 farsah, rabat Abkina çenli-de 7 farsahdyr. Bu ýolda her haýsy ýarym farsahdan iki sany geçelge bar. Abkinden Sarahs şäherine çenli 6 farsah, Nişapurdan Sarahsa çenli, jemi 41 farsah”[2] diýip ýazypdyr. Nişapur-Sarahs ýolunyň birinji duralgasy orta asyr döwrüniň ýazarlarynyň ýokarda getiren maglumatlaryndan görnüşi ýaly, “Badgis”, “Dizbad”, “ar-Rih”, “Bad” diýlip atlandyrylypdyr.

Bu duralga wajyp duralgalryň biri bolupdyr. Çünki bu ýerde Hyrada ýol sowulypdyr. Hyratdan geçýän kerwenler hem ilki Badgisa gelip, soňra Nişapura ugrapdyrlar. Al-Makdisiniň ýazmagyna görä, Nişapur bilen ar-Rihiň arasy bir günlik ýol. Hamdallah Kazwininiň ýazmagyna görä, Nişapur bilen Badyň arasy 7 farsahdyr. Şu ýerde “Dihbada”, “Badgisa” diýen sözlere üns bersek, onda “dih” sözi oba ýa-da ilatly punkt, “bad” sözi “şemal” diýen manyda terjime edilýär. Diýmek, birinji duralganyň häzirki Türkmenistanyň günortasynda ýerleşýän Badhyz goraghanasynyň meýdany ýaly şemally ýer bolan bolmagy mümkin. Nişapur-Sarahs ýolunyň ikinji duralgasy bolsa, orta asyr ýazarlary tarapyndan ‘Hamra” (Kudamy ibn Jafar, ibn Hordadbeg), “Haksar” (Al Ýakubi), “Ronada” (Al-Makdisi), “Hakestar” (Hamdallah Kazwini) diýlip atlandyrylypdyr. Al-Makdisi Tabarana[3] çenli duralgalar sanalanda Hamra ikinji duralga diýlip görkezilýär.[4] Ikinji duralganyň dürli hilli atlandyrylmagy, biziň pikirimizçe, birinjiden, Badgis wajyp duralga bolany sebäpli, ol ýerden dürli ýerlere ýollar aýrylyp gaýdypdyr. Sarahsa tarap hem hiç

---

[2] МИТТ .Т .1.С.509-510.

[3] Ýakutyň ýazmagyna görä: “Tabaran Tusyň iki şäheriniň biri, sebäbi Tus iki şäherden durýar, olardan ulusy
Tabaran, beýlekisi bolsa Nukan” (Seret: МИТ Т .Т.1. С.427)

[4] МИТТ. Т.1.С.207

bolmanda, 2-3 sany ugurdaş ýoluň bolan bolmagy mümkin, oňa al-Makdisiniň işinde berilýän maglumatlar hem şaýatlyk edýär.

Ikinjiden, “Hamra”, “Haksar”, “Hakestar” sözleri bolsa, şol bir sözüň wagtyň geçmegi bilen üýtgän görnüşleri bolmagy mümkindir. Nişapur-Sarahs ýolunyň üçünji duralgasyna orta asyr ýazarlary “Musakkaba”, “Mazduran”, “Saha”, “Sang-bast” diýip at beripdirler. XII asyr Merw taryhçysy as-Samany “Kitab al-ansab” (“Atlaryň gelip çykyşy (genealogik)barada kitab”) diýen işinde: “Sanjabast (ony Sangbast diýip hem atlandyrýarlar) Nişapur bilen, Sarahsyň arasyndaky belli duralga men ol ýerde iki gezek boldum. Bir gezegä Yrakdan dolanyp gelýärkäm birnäçe adam garşylanda, ýene bir gezegem Tus Nukanyndan ol ýere gitdim we ol ýerde bir gijäni geçirdim” diýip ýazypdyr.

Ar-Rawendi 1205-nji ýylda ýazan “Rahat as-sudur” diýen işinde: “Arslan Jazib, Tusuň hökümdary bolan wagtynda, rabat Sangbasti gurdurdy we ol şol ýerde jaýlanandy”[1]… diýip ýazypdyr. Arslan Jazib XI asyryň başlarynda Horasanda gaznalylaryň agalygy döwründe Tusda emir bolupdyr. Şundan ugur alsak, onda rabat Sangbast XI asyryň birinji çärýeginde gurlypdyr. Arheolog Ö.Orazowyň pikirine görä, Musakkab – bu ilatly ýeriň ady, Sangbast bolsa şol ilatly ýerde ýerleşýän rabadyň (galanyň) ady bolupdyr.[2]

Nişapur-Sarahs ýolunyň dördünji duralgasyny IX-XV asyryň ýazarlary, “Nukan”, “Mahi” diýip atlandyrypdyrlar. Al-Makdisi Nişapur-Sarahs ýolunyň duralgalaryny sananda, Nukanyň adyny tutmaýar. Ýöne ol Nukany Tusuň okrugy barada ýazanda agzap geçýär. Ol: “Nukan Tabarandan kiçi, onuň bazarlary juma metjidiniň töwereginde jemlenen. Onuň ilaty daşdan we şuňa meňzeş zatlardan oňat, nepis bezelen gap-gaçlary ýasamaklyga ussat. Onuň ilaty adamkärçilikli, ýöne

---

[1] МИТТ. Т.1.352-nji sahypa.
[2] Оразов О. Археологические…С.82.

olarda suw az”[3] diýip ýazypdyr. Ö.Orazowyň tassyklamagyna görä, “Nukan” ilatly ýeriň ady, “Mahi” bolsa Nukanyň ýanynda gurlan rabat (gala) bolupdyr. [4]

Nişapur-Sarahs ýolunyň bäşinji duralgasyny orta asyr ýazarlarynyň Hamdallah Kazwiniden başgasy, “Mazduran” diýip atlandyrypdyr. Diňe Hamdallah Kazwini “Turan” diýip ýazypdyr. Bu ýerde-de “Mazduran” ilatly ýeriň ady bolup, “Turan” ol ýerde gurlan rabadyň ady bolmagy mümkindir.

Nişapur-Sarahs ýolunyň soňky altynjy duralgasy “Abkina”, “Ukini” diýlip atlandyrylypdyr. Hamdallah Kazwini bolsa “rabat Abkina” diýip aýratyn belläpdir.Diýmek, “Ukini” ilatly ýeriň ady, “Abkina” bolsa, ol ýerde ýerleşýän rabadyň ady bolmagy mümkindir. “Abkina” häzirki Eýranyň çäklerinde ýerleşýän Rabati Şerif bolmagy mümkindir diýip, arheolog Ö.Orazow belleýär. [5]

IX-XV asyrlaryň ýazarlarynyň hemmesiniň işinde Abkinden Sarahsa çenli 6 farsah ýol diýlip bellenilýär. Diýmek, ol aralyk 36-40 kilometr töweregi bolmaly. Abkinden ir bilen çykyp gaýdýan kerwen giçlik Sarahsa gelipdir. Kerwen Sarahsyň alkymyna gelende, Tejen derýasyndan geçmeli bolupdyr. Kerwene geçelge bolup häzirki döwürde Eýran Yslam Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky gara ýol üçin gurlan kopriniň ýerinde, ozal orta asyrlar döwründe bolan köpri hyzmat edipdir.

XVI asyryň ikinji ýarymyndan başlap Nişapur-Merw kerwen ýolunyň ilkibaşda gatnawynyň peselmegi, soňra bolsa ymykly diýen ýaly taşlanylmagy, kerwen üçin Tejen derýasyndan geçelge bolup hyzmat eden köprüniň hem ulanyşdan galmagyna sebäp bolupdyr. Köprüde wagtly-wagtynda bejeriş işleri geçirilmänsoň, dargamak bilen bolupdyr.

---

[3] МИТТ Т.1. С.200.
[4] Оразов О. Археологические… С.83.
[5] Там же. С.84.

Munuň özi hem dargan köprüniň Tejen derýasy joşanda, sil suwy tarapyndan bütinleý gömülmegine getiripdir. 1953-nji ýylda arheolog A.A.Maruşenko Tejen derýasynyň kenarýakalarynda geçiren arheologiki barlag işi wagtynda, şol orta asyr köprüsiniň ýerleşen ýerini anyklamak başardypdyr.[1]

## Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merw aralygy

IX-X asyrlarda Sarahs-Merw aralygynda uly kerwen ýolunyň bolandygy baradaky maglumata we onuň ugrynda bäş sany esasy duralgalaryň ýerleşendigi hakyndaky habara Gündogar ýazarlarynyň işlerinde duş gelmek bolýar.

Şeýle maglumatlaryň saklanyp galan işleriniň ilkinji ýazarlarynyň biri ibn Hordadbeg bolupdyr. Ol Sarahsdan Najar galasyna çenli 3 farsah, Najar galasyndan Uşturmagaka çenli 5 farsah, Uşturmagakdan Tilsitana çenli 6 farsah, Tilsitandan Daňdanakana çenli 6 farsah, Daňdanakandan Ýanujira çenli 5 farsah, Ýanujirden Merw Şahijana çenli 5 farsah ýol,[2] diýip ýazypdyr.

Şeýlelikde, Sarahsdan Merwe çenli kerwen ýoly 30 farsaha ýgny 187,5 kilometre çenli (bir farsah Orta Aziýada 6,25 km deň hasaplanýar) uzalypdyr. Söwda ýoly we onuň duralgalary barada IX-X asyryň arap taryhçylary we geografiýaçylary al-Ýakubi, Ibn al-Fakih, al-Istahry, al-Makdisi we başgalar ýazypdyrlar. Bulardan başga-da bu ýol barada ibn-Fadlanyň syýahatynyň maglumatlary saklanyp galypdyr. Sarahs-Merw aralygyndaky ilkinji duralga ibn Hordadbegiň ýazmagyna görä, Sarahsdan 3 farsah uzaklykda ýerleşýän Najaryň galasy bolupdyr. Sarahs oazisinde geçirilen barlaglaryň esasynda, bu duralganyň galyndylarynyň saklanyp

---

[1] Марущенко. А.А. Старый Серахс (Отчет о раскопках 1953г)// Труды института истории, археологии и этнографии. АН ТССР. Т..2. Ашхабад., 1956.С.166

[2] МИТТ.Т.1.С.144

galan ýeri Köne Sarahsdan 14 kilometr demirgazykdaky Gökdepäniň ýerleşen ýeri bolupdyr diýip çaklanylýar.[3]

Bu ilatly ýeriň gurluşyk desgalarynyň galyndylary, demirgazyga 1450-1500 metr töweregi, gündogardan günbatara bolsa 600 metr uzalyp gidýän uly meýdany tutup ýatyr. Najaryň galasynyň töwreginde ýerleşýän ilatly ýeriň içinden iki sany ýap geçipdir. Ilat şol kanalyň suwyndan peýdalanypdyr. Galanyň demirgazygynda uly kerwensaraý toplumy ýerleşipdir. Häzirki döwre çenli şol kerwensaraýyň dört burçly howlusy saklanyp galypdyr.

Taryhy çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, Najaryň galasynyň ýerinde ilatly ýer b.e VI-VII asyrynda hem bar eken. Şol döwürde ol ýerde begzadanyň mülki ýerleşipdir. Mülkiň ortasynda onuň köşgi bolupdyr. Arheolog G.Adykowyň ýazmagyna görä, Najar şol döwürdäki mülkiň eýesiniň ady bolupdyr.[4] Arap basypalyşlaryndan soň, kerwen ýolunyň Sarahs-Merw aralygyndan gatnawyň kadaly ýola goýulmagy Najaryň galasynyň ýolyň esasy duralgalarynyň birine öwrülmegine şert döredipdir. IX-X asyrlarda kerwen ýolunyň halkara ähmiýetli ýola öwrülmegi bilen onuň ugrynda ýerleşýän duralgalar abadanlaşdyrylypdyr.

Bu döwürde uly bolmadyk ilatly ýer kiçiräk şähere öwrülipdir. Daş-töweregi beýik diwarlar bilen gurşalan şähristan döräpdir. Şähristanyň daş-töwregindäki rabatda köp sanly ýaşýyş jaýlary we jemgyýetçilik ähmiýetli gurluşyk desgalary peýda bolupdyr. Şol döwre çenli ýarysy ýumrulan köşk bolsa, merkezi galanyň (Erkgalanyň) ornuny tutup başlapdyr. Mongol basypalyşlary döwründe şähere uly zyýan ýetip, onda ýaşaýyş örän pese gaçypdyr. XIV-XV asyrlarda şäherde täzeden ýokary göteriliş bolupdyr. Ýöne XV asyrda ýaşaýyş ýene pese gaçyp, XVI asyrdan ol müdimilik taşlanypdyr.

[3] Адыков Г. Главные станции… С.214
[4] Şol ýerde. 216-njy sahypa.

Sarahs-Merw kerwen ýolunyň ikinji duralgasy Najaryň galasyndan 5 farsah uzaklykda ýerleşýän, Hordadbegiň belleýşi ýaly, Uşturmagak bolupdyr. Arheolog G.Adykowyň Sarahs oazisiniň demirgazygynda XX asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalarynda geçiren arheologiki, topografiki barlaglary Sarahs galasyndan 40 kilometr demirgazykda ýerleşýän, ilat arasynda Galaburun ady bilen belli bolan harabalygyň, ýagny orta asyr ýazarlarynyň işindäki Uşturmagak bolandygyny görkezdi.[1] Galaburunyň meýdany 20 gektar bolup, onuň daş-töweregini diwarlar gurşapdyr. Galaburunyň içinde iki sany kerwensaraý, köşk, bazar, hünärmenleriň ussahanalary we ýaşýyş jaý toplumlary ýerleşipdir. Onuň iki sany berkidilen, diňli derwezesi bolupdyr. Derwezeleriň biri galanyň günbatar, beýlekisi bolsa demirgazyk tarapynda ýerleşipdir.

Galaburunda mongol basypalyşlaryndan soň, ýaşaýyş ýuwaş-ýuwaşdan kesilipdir we ol ýer harabalyga öwrülipdir.

Kerwen ýolunyň üçinji bir uly duralgasy Uşturmagakdan 6 farsah uzaklykda ýerleşýän Tilistan bolupdyr. G.Adykowyň kesgitlemesine görä, Tilistan soňky asyrlarda Howuzhangala diýip atlandyrylypdyr.[2] Tilistanda barlag geçiren arheologlaryň pikirine görä, ol gurluş häsýeti boýunça Najaryň galasyna meňzeş bolupdyr. Bu ýerde-de ýaşaýyş türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlarynda, ýagny VI-VII asyrlarda ýüze çykypdyr. XI asyrda ol ýerde ölçegleri 70x50 metr bolan gala gurlupdyr. Biraz soňrak, galanyň günorta günbatar tarapynda oňa degşirilip, ölçegleri 75x75 metr bolan kerwensaraý bina edilipdir. Bu duralga mongol basypalyşlaryndan soň, özüniň öňki ýagdaýyny saklap bilmändir. XV-XVI asyrlarda Tilistan ulanyşdan galypdyr.

Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merw aralygynyň dördünji duralgasy Tilistandan 6 farsah uzaklykda ýerleşýän Daňdanakan bolupdyr. Daňdanakanyň adyna orta asyr

[1] Адыков Г. Главные станции… С.217.
[2] Şol ýerde. 218-nji sahypa.

ýazarlarynyň köpüsiniň işlerinde duş gelmek bolýar. Daňdanakanyň harabalygy inedördül görnüşde bolup, demirgazyk-gündogar tarapa 210 metr, demirgazyk günbatar tarapa bolsa 216 metrdir. Umumy tutýan meýdany bolsa 4,5 ga. [3] Al-Makdisi: “Daňdanakan – kiçi, berkidilen şäher, onda bir derweze bar. Onda hammam, daşynda bolsa al-Juhfa meňzeş we Dehistanyň rabatynyň golaýyndaky ýere meňzeş rabat bar; Ol amatly ýerleşipdir, onda owadan juma metjidi we bir sany adaty metjit bar. ” [4] diýip ýazypdyr. Orta asyr döwrüniň nämälim ýazarynyň “Hudud al-alem” diýen işinde: “Daňdanakan – daş-töweregi diwar bilen gurşalan uly bolmadyk şäher; diwarynyň uzynlygy 500 ädim bolup çöllükde ýerleşýär. Onuň diwarlarynyň daşynda kerwenler üçin hemişelik howly bar”[5] diýlip belläpdir. Daňdanakan barada Ýakut hem XIII asyryň başlarynda şu aşakdaky maglumatlary ýazyp galdyrypdyr:

“Daňdanakan – Merw Şahyjana degişli şäher we ondan 10 farsah uzaklykdaky çölde ýerleşýär. Häzirki wagtda ýumrulan, onda rabatdan we minaradan başga hiç zat galmandyr. Ol Sarahs bilen Merwiň arasynda ýerleşýär. Men ony gördüm, onuň şäher bolanlygyny görkezip duran diwarlaryndan we owadan ymaratlaryň galyndylaryndan başga hiç zat ýok. Ony çäge basyp ýumrupdyr we ilatyny göçmäge mejbur edipdir”[1].

Şeýle-de bolsa, ol ýerde XV asyra çenli uly bolmadyk möçberde ýaşaýşyň dowam edendigini geçirilen ylmy barlaglar görkezdi.[2]

Sarahs-Merw kerwen ýolunyň iň soňky, bäşinji duralgasy, Ibn Hordadbegiň ýazmagyna görä, Dandanakandan

---

[3] Ершов.С.А. Данденакан.(Археологические разведка у Таш-рабата в 1942г). //Краткие сообщения института истории, материальной культуры имени М.Я. Марра. Вып.XV. 1947. С.128.

[4] МИТТ.Т.1. С.195.

[5] Şol ýerde. 213-nji sahypa.

[1] МИТТ Т.1.С.421.

[2] Оразов О. Археологические... С.91.

5 farsah gündogarda ýerleşýän Ýanujir bolupdyr. Bu duralgany al-Ýakuby “Genugrid”, al-Makdisi “Jarujir”, Kudamy ibn-Jafar bolsa “Ýanujird” diýip atlandyrypdyr.

Ýakut bu duralga barada şeýle ýazypdyr: “Janujird Merwiň obalarynyň biri, ondan 5 farsah uzaklykda ýerleşýär. Ol ýerde Merw-Nişapur ýolunyň birinji kerwen duralgasy bar. Parslar ony “Genugird” diýip atlandyrýarlar. Meniň ol ýerde bolan döwrümde, ol uludy, giň bazary, gowy jaýlary, owadan metjidi, üzümleri we bagy bardy. Men ony 614-nji ýylda (milady hasabynda 1217/18-njy ýyl) gördüm”.[3] Janujirdiň ýerinde häzirki döwürde Kelteminaryň harabalygynyň ýerleşendigini, ol ýerde geçirilen ylmy barlaglar subut etdi. Janujirtden ugran kerwenler bolsa 5 farsah ýol geçip Merwe barypdyr.

Ýokarda getirilen arheologik we taryhy maglumatlarymyzdan görnüşi ýaly, Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merw aralygy iň gatnawly ýol bolupdyr. Ol döwür IX-XIII asyryň birinji çärýegine gabat gelýär. Bu döwürde Sarahs-Merw ýolunyň ugrynda ýerleşýän duralgalardyr kerwensaraýlaryň, ilatly ýerleriň sany artypdyr. Ol duralgalarda, ilatly ýerlerde bazarlar döräpdir. Söwda kerwenleriniň kadaly gatnawyny üpjin eder ýaly degerli şertler döredilipdir. Emma mongollaryň basypalyşlary döwründe Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merw aralygynyň ugrynda ýerleşen köp sanly ululy-kiçili obalar, duralgalar, kerwensaraýlar ýumurylypdyr. Horasanda Teýmirleriň agalygy döwründe XV asyryň birinji ýarymynda birmahalky Sarahsyň üstünden geçýän halkara söwda ýolunyň Sarahs-Merw bölegini dikeltmek üçin synanyşyk edilipdir. Şol maksat bilen ýoluň ilatsyz, boşap galan obalarynda (duralgalarynda) guýular, sardobalar, kerwesaraýlar, kerpiç hem-de dürli küýze önümler bişirilýän peçler we şuňa meňzeş zatlar gurlup, olar ilatlaşyp başlapdyr.

---

[3] МИТТ.Т.1.С. 416.

Şeýle-de bolsa Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merw aralygynyň gatnawy soňky asyrlarda özüniň X-XIII asyrlardaky kaddyna ýetip bilmändir.

**Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Mäne aralygy**

Orta asyrlar döwründe Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merw, Sarahs-Nişapur, Sarahs-Hyrat ugurlaryndan başga-da Sarahs-Mäne aralygy-da bolupdyr. Ýöne bu aralyk Sarahs-Nişapur, Sarahs-Merw aralyklaryna seredeniňde, birneme gijräk ýüze çykan bolmagy mümkin. Sebäbi bu aralyk barada ilkinji gezek X-XV asyrlara degişli ýazuw çeşmelerinde azda-kände maglumatlar getirilýär. Megerem, irki orta asyrlar döwründe Hyrat we Nişapur tarapdan gelip, Sarahsda düşläp, Abiwerde we Nusaýa ugramakçy bolan kerwenler Sarahs-Merw aralygynyň üsti bilen Daňdanakana baryp, ondan soň Abiwerd we Nusaýa tarap ýola rowana bolan bolsa gerek. Abiwerde we Nusaýa barýan kerwenler ýoluň ugrundaky uly duralga bolan Mänede durup geçipdirler. Bize mälim bolan ýazuw çeşmelerinde, Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Mäne aralygynyň duralgalary barada, onuň özi barada gönüden-göni anyk habar berýän maglumatlara gabat gelnenok. Ýöne orta asyr ýazuw çeşmelerinde Horasanda bolup geçen syýasy wakalar, ykdysady we medeni gatnaşyklar bilen baglylykda Mäne birnäçe gezek ýatlanýar. Bu ýöne ýerden däl, sebäbi Mäne demirgazyk Horasanyň belli şäherleriniň biri bolupdyr. Mäne gallanyň bol öndürilýän ýerleriniň biri bolup, Horasany çörek bilen üpjün eden sebitleriň biri hasaplanypdyr.

Mäne orta asyrlar döwründe haýsy okruga, ýagny, Sarahsamy ýa-da Abiwerde degişli boldyka? Bu soraga anyk jogap bermek üçin orta asyr ýazarlarynyň işlerine ýüzleneliň. X asyr näbelli ýazaryň “Hudud al-alem” (“Dünýäniň çäkleri”) diýen işinde (ýazylan wagty 982ý.) “Meýhene” (Mäne-G.H) –

Bawerd welaýatyna degişli bolan uly bolmadyk şäher, ol çöllükde ýerleşýär” [1] diýip ýatlanylýar.

Orta asyryň başga bir görnükli alymy al – Makdisi 985 ýylda ýazan “Ahsin-at-takasim fi marifat al akalim” (Ýurtlara akyl ýetirmek üçin iň gowy bölünişik) diýen işinde Mehneniň (Mänäniň) Abiwerde degişlidigini birnäçe gezek belläpdir.

Orta asyryñ merwli taryhçysy as-Samany (1113-1167 ýý) “Kitab al-ansab” (“Atlaryň gelip çykyşy (genealogik)barada kitab”) diýen işinde “Mihana (Meýhene) – Sarahsyň we Abiwerdiň töweregindäki (çäklerindäki) Habaranyň obalarynyň biri … Men ol ýerde birnäçe gezek boldum” diýip ýazypdyr. Ýene şol işinde ol: “Bazana – Habaranyň obalarynyň biri, ol Sarahsyň töwereginde ýerleşýär”[2] diýip belläpdir.

Orta asyr arap taryhçysy Ýakut 1224-nji ýylda ýazyp gutaran “Mudjam al buldan” (“Ýurtlaryň sözlügi”) diýen işinde “Azjah – Habaranyň bir obasy, ol Sarahs welaýatynda ýerleşýär”[3], ýene şol işinde “Bazan – Habaranyň bir obasy ol Sarahs welaýatynda ýerleşyär”[4] ýa-da şol işinde ol: “Habaran-Sebit we şäher”. Onda obalar bar; ol Sarahs bilen Abiwerdiň arasynda, Horasanda ýerleşýär. Onuň obalarynyň arasyndan Meýhene (Habaran) uly şäherdi, (ýöne) onuň uly bölegi ýumrulan”[5] diýip ýazypdyr.

Pars taryhçysy we geografiýaçysy Hamdallah Kazwini özüniň 1340-njy ýylda ýazan “Nuzhat al Kulub” (“Ýürekleriň eşreti”) diýen işinde: “Hawaran – dördünji guşaklyga degişli, ol orta şäher, onda bag köp, akar suwly. Onuň esasy iýmit önümi çörek we miwe.

---

[1] МИТТ. Т.1.С.112

[2] Şol ýerde: 327-nji sahypa.

[3] Şol ýerde:410-njy sahypa.

[4] Şol ýerde: 411-nji sahypa.

[5] Şol ýerde: 418-nji sahypa.

Mehene şäheri, ol ýerde ruhany Abu-Seýid i Abu-l Haýr … ýaşady, ol Hawerana degişli”[6] diýip belläpdir.

Orta asyryň görnükli taryhçylarynyň biri Hafiz-i Abru XV asyryň 20-nji ýyllarynda ýazan geografiýa degişli işleriniň birinde Mehene obasynyň Abiwerd okrugyna degişlidigini tassyklaýar.[1]

Ýokarda getiren maglumatlarymyzdan görnüşi ýaly, orta asyr ýazarlarynyň as-Samany bilen Ýakutdan beýlekileri Mänäniň Hawerana, Haweranyňam Abiwerd welaýatyna degişlidigini belläp geçipdirler. As-Samany bilen Ýakut hem Mänäniň Hawerana degişlidigini ykrar edýärler, ýöne olar Haweran Sarahs welaýatyna golaý ýerde ýerleşýän ýa-da Sarahsa degişli diýip ýazypdyrlar. Şu ýerden orta asyr döwrüniň belli taryhçylary as – Samany we Ýakut öz işlerinde nätakyklyklar göýberdimikä diýen sorag ýüze çykýar. Biziň pikirimizçe, ol ýazarlar, belkem, ýalňyşan däldirler. Sebäbi administratiw taýdan ol ýa-da beýleki ýere degişlilik döwre we syýasata görä üýtgäp durupdyr. Şondan ugur alsaň, onda as-Samanynyň we Ýakudyň ýaşan döwründe Mäne Haweran bilen bilelikde, Sarahs okrugyna degişli bolan bolmagy ähtimaldyr. Çünki orta asyrlarda Sarahs okrugynyň iň gülläp ösen eýýamy Horasanda seljuklaryň agalyk eden döwrüne gabat gelýär.

Seljuklar döwründe Sarahs şäheri möhüm berkitme hökmünde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Çünki ol ýer gerek wagty harby güýçleri Eýrana, Owganystana, başga goňşy ýurtlara ibermek üçin amatly bolupdyr. Seljuk soltanlary öz döwletiniň çäklerini giňeltmek ugrunda alyp barýan syýasatynda bu mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanypdyrlar. Şol sebäpden-de, seljuk soltanlary Sarahsa uly ähmiýet beripdirler. Hat-da Sarahs şäheri Beýik seljuk türkmenleriniň döwletiniň soltanlarynyň bolýan ýerleriniň (rezidensiýalarynyň)

---

[6] МИТТ. Т.2. С.508

МИТТ. Т.2. 528-nji sahypa.

biri hasaplanypdyr.[1] Sarahs galasynda zikgehana ýerleşip, onda altyn, kümüş pullary hem zikgelenipdir.[2]

Biziň pikirimizçe, Haweran Horasanda seljuklaryň agalygy başlan döwründen tä mongol basyp alyşlaryna çenli Sarahs okrugyna degişli bolupdyr. Sebäbi Ýakut 1217-nji ýylda, ýagny mongol basypalyşlarynyň öňüsyrasynda Sarahsda düşläp geçipdir. Mongol basypalyşlaryndan soňrakky döwürlerde Haweran Abiwerde degişli bolupdyr. Ony bolsa XIV asyryň taryhçysy Hamdallah Kazwini öz işlerinde ýazypdyr.

Ýokarda getirilen maglumatlardan ugur alsak, onda Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Mäne şahasynyň ymykly ýola düşen we iň şowhunly gatnawly döwri XI-XII asyrlar bolmaly.

Belkem, ol asyrlar Mänäniň Sarahs okrugyna degişli döwri bolandyr. Şol sebäpden-de, bu döwürde Sarahs bilen Mänäniň arasynda ýygjam ykdysady we medeni gatnaşyklar bolupdyr.

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ikinji ýarymynda orta asyr Mäne obasynyň harabalygynda geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda ol ýeriň şol döwürdäki medeniýetini, goňşy ýurtlar we şäherler bilen aragatnaşygyny görkezýän maglumatlar toplandy. Tapylan möhür galyplarynyň biri pil şekilli bolup, ol esasan küýze gap-gaçlara güberçekli nagyş basmak üçin niýetlenipdir. Möhürde irki arap hatlary (“Nash” we “Kufi”) bilen “Sarahsly ussa Muhammet Aly tarapyndan

[1] Курпалидис Г.М. Государство Великих Сельджукидов. Официальные документы административном управлении и социально – экономических отношениях. М., 1992 С.51.

[2] Hojanyýazow T. Seljuklar döwründe Saragt zikgesi// Saragta 2500. Saragtyň 2500 ýyllygyna bagyşlanan ylmy maslahatdaky çykyşlaryň gysgaça mazmuny. Aşgabat, 1992. 12-nji sahypra;Ходжаниязов Т.Каталог монет государство Великих Сельджуков.Ашхабад.1979.С.52,60.

ýasaldy”[1] diýen ýazgy bar. Bu-da orta asyrlar döwründe Sarahs bilen Mänäniň arasynda medeni gatnaşyklaryň bolandygyndan habar berýär.

Orta asyr Mäne şäheri geografiki taýdan amatly, ýagny Nişapur-Sarahs-Abiwerd söwda ýolunyň ugrunda ýerleşip, Nusaýdan, Abiwerden Sarahsa we Merwe barýan kerwenler ol ýerde düşläp geçipdir diýmäge doly ylmy esas bar.

Orta asyryň pars taryhçysy Mahmud Gardizi 1048-1050-nji ýyllar aralygynda ýazan “Zeýn al-ahbar” diýen işinde Gaznaly hökümdary Emir Masuduň goşuny bilen 1039-njy ýylyň ýazynda Abiwertden Meheneniň üsti bilen Sarahsa gelendigini ýazypdyr.[2] Diýmek, Sarahs-Mäne ýoly şol döwürde gatnawly ýollaryň biri bolupdyr.

XI asyryň birinji ýarymynda Abu-Seýit Mehneýiniň-Mäne babanyň şol ýol bilen birnäçe gezek Sarahsa gelenligi hakyndaky maglumatlara taryhy çeşmelerde gabat gelmek bolýar. Al-Istahri 941-nji ýylda ýazan “Kitab mesalik al-memalik” (“Ýurtlaryň ýollarynyň kitaby”) diýen işinde Sarahs bilen Abiwerdiň arasynda kerwen ýolunyň bolandygyny belläp geçipdir.[3]

Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Mäne şahasy barada ýazuw çeşmelerinde ýokarda getirilen maglumatlarymyz bar hem bolsa, bu şaha gözleg-agtaryş barlaglar esasynda häli-häzire çenli doly öwrenilenok. Hakykatda bolsa, bu ýoluň ugrunda, taryhy jähtden ähmiýetli, öwrenere zat köpdür. Sebäbi, 13 farsahdan gowrak (80 km. gowrak) ýoluň ugrunda birnäçe duralgalar, kerwensaraýlar ýerleşen bolmaly. Çünki Sarahsdan ugran kerwen iki gije ýolda ýatyp, üçünji gün diýlende, Mäne şäherine barypdyr.

---

[1] Orazow O. Orta asyr Mäne obasy Nişapur-Saragt söwda ýolunda// Saragt- 2500. Saragtyň 2500 ýyllygyna bagyşlanan ylmy maslahatdaky çykyşlaryň gysgaça mazmuny. Aşgabat, 1992. 26-njy sahypa.

[2] МИТТ, Т.1.С..223.

[3] МИИТ Т. 1.С.177.

Sarahsyň üstünden geçen kerwen ýollaryny öwrenmek maksady bilen, biziň ol ýerde geçiren barlaglarymyz Sarahs-Mäne kerwen ýolunyň ilkibaşda derýanyň sag kenaryndan gidendigini, soňra bolsa X asyryň geografiýaçysy Ibn Rusteniň agzaýan Köne Sarahsyndan 15 kilometr aşakda Tejen derýasynyň üstünden gurlan köprisi arkaly çep kenara geçip, soňam ýoluň Mäne tarap gönelýändigini görkezdi. Bu köpriniň ýerleşýän ýerini biziň döwrümiziň alymlaryndan ilkinji bolup A.A.Maruşenko 1953-nji ýylda Sarahsda işlände kesgitledi.[4]

## Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygy

Orta asyr döwrüniň arap taryhçysy Al-Istahry 941-nji ýylda ýazan «Ýurtlaryň, ýollarynyň kitaby» («Kitab mesalik al-memalik») diýen işinde kerwen ýoly bilen Hyratdan Sarahsa bäş günlik ýol diýip ýazypdyr.[5] Diýmek, X asyryň ortalarynda Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygy gatnawly ýollaryň biri hökmünde Gündogar ýurtlarynda belli bolupdyr. Emma Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merw we Sarahs-Nişapur aralyklary XX asyryň 50-60-njy ýyllarynda G.Adykow[1] we Ö.Orazow[2] tarapyndan belli bir derejede öwrenilen bolsa, uzak wagtlap Sarahs-Hyrat aralygynyň geçen ýerini, duralgalaryny öwrenmeklik alymlaryň ünsünden düşürilip gelindi. Bu ýoly öwrenmeklik işine XX asyryň 90-njy ýyllarynda girişildi. Şu setirleriň ýazary tarapyndan uzak bolmadyk döwrüň içinde Türkmenistanyň çäklerinde Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygynyň esasy duralgalaryny, geçen ýerlerini anyklamaga synanyşyk edildi.

---

[4] Марущенко А.А.Старый Серахс (Очет о раскопках 1953г). //Труды института истории, археологии и этнографии АН ТССР. Т. 2. Ашхабат., 1956. С 166.

[5] МИТТ.Т.1.С.177.

[1] Адыков К.А. Главные станции на средневековом торговой пути из Серахса в Мерв// Советская археология 1959, №4.

[2] Оразов О. Археологические и архитектурные памятники Серахского оазиса. Ашхабад, 1973.

Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygy, Sarahsyň günortasyny tutup oturan çöllügiň içinden geçmän Tejen derýasynyň sag tarap kenar ýakasyndan geçipdir. Ol ýol Sarahsdan Pulhatyn köprüsine çenli derýanyň kenary bilen, soň bolsa gündogar- günorta tarapa öwrülip, ilki düzlük, soňra günorta tarapda ýerleşýän dag jülgeleriniň içi bilen Hyrada tarap dowam edipdir. Sarahsdan ugran kerwen Sarahsyň 35 kilometr töweregi günorta tarapynda, Tejen derýasynyň sag kenarynda ýerleşýän duralgada gijäni geçirmek üçin goş ýazdyrypdyr. Häzirki wagtda ol duralganyň esli meýdany tutup ýatan harabalygyna Sarahsyň ilaty Şirdepe diýip atlandyrýar. Şirdepäniň orta asyrlar döwründe nähili atlandyrylandygyny ýazuw çeşmeler arkaly anyklamak bize başartmady. Sebäbi orta asyryň belli taryhçylary as Samanynyň, Ýakutyň we beýleki ýazarlaryň obalar, duralgalar, şäherçeler baradaky işlerinde Şirdepäniň ýerleşen ýerine gabat getirip boljak maglumata duş gelmedik. Biziň pikirimizçe, bir günlük ýoly geçip, aryp gelen kerwen, Şirdepede düşläp, gijäni ötürip, ertesi ir bilenem Hyrada tarap ýola düşüpdir. Şirdepe kerwen düşlemek üçin amatly ýerde ýerleşipdir. Çünki Tejen derýasynyň suwy tomsuna dolup akmasa-da, onuň hanasyndan bir uly obany suwlandyrýan çeşme suwy akypdyr, ol häzirki döwürde-de akýar. Bu-da diňe oba ilatynyň içimlik suw meselesini çözmän, eýsem olaryň uly bolmadyk möçberde ekin-dikin işlerini alyp barmaklyga, düşlän kerweniň mallaryny suwa ýakmaklyga mümkinçilik beripdir.

Sarahs-Hyrat kerwen ýolunyň ikinji duralgasy häzirki wagtda Adamölen ady bilen belli harabalygyň ýerleşen ýeri bolupdyr. Görnükli arap taryhçysy Ýakut/Ýakut ibn Abdyllah ar Rumy al Hamawy 1178-1229ýý./1224-nji ýylda ýazyp gutaran “Nujam al buldan” / “Ýurtlaryň sözlügi”/ diýen işinde şeýle mazmunly maglumat getirýär:

“Şiraz-şähere meňzeş Sarahsyň obalarynyň biri. Ikisiniň aralygy düýeler üçin iki günlük ýol. Ol Hyrat ýoly tarapynda

ýerleşýär. Onda şowhunly bazar, köp mukdarda ilat hem-de juma metjidi bar. Ýöne onuň ilaty guýy suwyny içýär. Men ol obany gördüm. Onda dürli adamlar, ýagny Muhammet ibn Omar, as Şirazy, Abu-l-Fath as-Sarahsy … dagy önüp-ösüpdir” … ”[3]

Hakykatdanam, “Adamölen” Sarahsyň 70 kilometr günortasynda, Hyrat tarapynda ýerleşýär. Orta asyrlar döwründe, kerwenler bir günde 30-35kilometr ýol geçýän eken. Diýmek, Sarahsdan Hyrada ugran kerwen iki günden soň, “Adamölene” baryp biljek. “Adamölen” Bathyz baýyrlyklarynyň arasynda ýerleşendigi sebäpli ol ýere akar suwuň barmaga mümkinçiligi ýok. Bu hem bize bu ýeriniň ilaty diňe guýy suwuny içipdirler diýmäge ynamly esas berýär.

“Adamölende” juma metjidiniň, kerwensaraýyň galyndylarynyň bolmagy, bu ýeriň orta asyrlar döwründe uly ilatly oba bolandygyna şaýatlyk edýär. Ýokarda getirilen dilillerimiz, “Adamöleniň” ýerindäki harabalygyň arap taryhçysy Ýakutyň aýdýan Şiraz obasynyň galyndysydygyny subut edýär. Çünki, ol obada Ýakut 1217-nji ýylda Hyratdan Sarahsyň üsti bilen Merwe barýarka bolupdyr. Şiraz obasy barada ýazan zatlaryny ol öz gözi bilen görüpdir. Diýmek, “Adamöleniň” ýerindäki orta asyr obasy seljuklar döwründe /XI-XIII asyryň başy/ Şiraz diýlip atlandyrylypdyr.

Giçlik gelip Şirazda düşläp, gijäni geçiren kerwen ertesi säher bilen Hyrada tarap ýola düşüpdir. Indi kerweniň ýoly Badhyz baýyrlyklarynyň üsti bilen ulgam-ulgam dag gerşlerine baryp ýetipdir. Şondan soň kerwen ýoly tä Hyrat şäherine barýança köplenç dag jülgeleriniň içi bilen gidipdir.

X asyryň görnükli geografiýaçysy we taryhçysy al-Istahri 941-nji ýylda ýazan “Ýurtlaryň ýollarynyň kitaby” (“Kitab mesalik al-memalik”) diýen işinde “Nişapurdan Sarahsa çenli 6 günlik ýol, Sarahsdan Merwe çenli 5 günlük ýol… Balh ýoly bilen Hyratdan Merweruda çenli 6 günlik ýol

---

[3] МИТТ.Т.1.С 426.

we Hyratdan Sarahsa çenli 5 günlük ýol… ” [1] diýip belläpdir. Al-Istahrynyň şu ýokardaky maglumatlaryndan ugyr alsak, onda Sarahs-Merw we Sarahs-Hyrat ýolunyň uzynlygy deň, ýagny 5 günlik ýol bolmaly. Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygynyň uzynlygy 30 farsah töwregi ýa-da ondan sähelçe köp bolan bolmagy mümkindir. Diýmek, Beýik ýüpek ýolunyň Hyrat-Sarahs-Merw aralygynyň umumy uzynlygy 60 farsah ýa-da ondan sähelçe köp bolupdyr. XIV asyryň taryçysy Hamdallah Kazwininiň ýazmagyna görä, Beýik ýüpek ýolunyň Hyrat-Merwerud-Merw aralygynyň umumy uzynlygy 84 farsaha deň eken.[2] Bu maglumatlardan görnüşi ýaly Hyratdan Merwe gaýtjak kerwen üçin Sarahsyň üstünden Merwe gelse amatly bolýar. Şonuň üçin bolsa gerek mongol basypalyşalryndan öňki döwürde Beýik ýüpek ýolunyň Hyrat-Sarahs-Merw aralygy iň gatnawly ýollaryň biri bolupdyr.

Biziň pikirimizçe, Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygynyň şowhunly gatnawly döwri b.e. IX asyryndan XIII asyrynyň 20-nji ýyllaryna çenli dowam edipdir. Sebäbi mongollaryň basypalyşlaryndan soň, Sarahs şäheri Gündogaryň uly halkara söwda we ykdysady merkezleriniň biri hökmünde-de, ýakyn we orta Gündogary Orta Aziýa we Hytaý bilen birikdirýän söwda ýolunyň wajyp ýük ýazdyrylýan ýeri hükmünde-de ähmiýetini doly ýitiripdir. Mongollaryň çozuşyndan soň, Hyratdan gaýdýan kerwen ýoly Sarahsyň üstünden geçmän, Merwerudyň üsti bilen Merwe baryp ýetipdir. Sarahs-Hyrat söwda ýolynyň ugrynda ýerleşýän köp sanly ululy-kiçili obalar duralgalar bolsa mongol basypalyşlary döwründe weýran edilipdir. Şeýlelik bilen, Beýik kerwen ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygy halkara söwda ýoly hökmünde ebedilik ulanyşdan galypdyr. Eýsem Hyrat-Sarahs kerwen ýolunyň mongol basypalyşlaryndan soň, ebedilik ulanyşdan galmagyna näme sebäp boldyka? Göräýmäge, Beýik ýüpek

[1] МИТТ Т.1.С.177.
[2] МИТТ Т.1.С.511.

ýolunyň Hyrat-Sarahs aralygy mongol basypalyşlaryndan soň, bu ýoluň hem beýleki şahalary ýaly, dikeldiş işleri geçirilip ulanylaýjak ýaly. Biziň pikirimizçe, Beýik ýüpek ýolunyň Hyrat-Sarahs aralygynyň ulanyşdan galmagynyň esasy sebäpleriniň biri, mongol basypalyşlary döwründe maldarçylyk bilen meşgullanýan çarwa mongol maldarlaryň uly bir toparynyň Bathyz baýyrlyklarynda mekan tutup, maldarçylyk bilen meşgullanyp başlamaklarydyr. Biziň Batgyz baýyrlyklarynda geçiren arheologiki barlaglarymyz Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygynyň ugrynda ýerleşen obalaryň mongol basypalyşlary döwründe weýrançylyga sezewar edilip, soňam olaryň dikeldilmändigini görkezdi. Çarwa mongollar Bathyz baýyrlyklarynda ýer kümelerine meňzeş jaýlary gurup, uzak wagtlap ýaşapdyrlar. Bathyz baýyrlyklarynda ýaşan çarwa mongollar Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygy boýunça gatnan söwda kerwenlerine belli bir derejede howp salan bolmagy mümkin. Şol sebäpden-de, söwda kerwenleri uzak-da bolsa, mongol basypalyşlaryndan soň, Hyrat-Merwerud-Merw ýoluny saýlap alan bolmaklary ähtimaldyr. Megerem, bu ýol Hyrat-Sarahs-Merw ýoluna seredeniňde, howpsuz bolandyr.

Biz ýokarda Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Hyrat aralygy barada gysgaçarak durup geçdik. Bu kerwen ýoly entek doly ylmy esasda öwrenilenok. Ony doly öwrenmek geljekki barlaglaryň wezipesidir.

## Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merwerud aralygy

Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merwerud aralygynyň haçan ýüze çykanlygy häli-häzire çenli anyk däl. Türkmen taryhynyň Gorkut ata döwrüne degişli arap ýazuw çeşmelerinde bu şaha barada maglumatlar getirilýän-de bolsa, Beýik ýüpek ýolunyň taryhyny öwrenijiler tarapyndan ýoluň Sarahs-Merwerud aralygyndaky duralgalary öwrenmeklik uzak wagtyň dowamynda ünsden düşürilip gelnipdir.

IX asyryň görnükli arap taryhçysy we geografiýaçysy al-Ýakuby 891-nji ýylda ýazan «Kitab al-buldan» (Ýurtlaryň kitaby) diýen işinde Sarahsdan Talkanyň, Farýabyň (Owganystanyň demirgazygynda ýerleşen kerwen ýolynyň iri duralgalary) üsti bilen Balha kerwen ýolunyň bolandygy barada ýazypdyr.[1] Ol: «Sarahsdan Talkana çenli 4 günlük ýol.[2] Talkan iki uly dagyň aralygynda ýerleşýär, onuň ululygy üçin onda her anna güni namaz okalýan iki sany juma metjidi bar. Ol ýerde talkan keçeleri taýýarlanýar. Talkandan Farýaba çenli 4 günlük ýol»[3] diýip belläpdir. Al-Ýakuby Sarahsdan Talkana çenli aralykda näçe sany duralganyň bolandygy barada-da, ol duralgalaryň atlary barada-da hiç hili maglumat galdyrmandyr. Şeýle-de bolsa, al- Ýakubynyň maglumatlarynyň Sarahsdan Merwerudyň, Talkanyň, Farýabyň üsti bilen Balha kerwen ýolunyň bolandygyny tassyklamakda ähmiýeti uludyr.

X asyrda ýaşan görnükli arap syýahatçysy we alymy al-Makdisi 985-nji ýylda ýazan «Ýurtlara akyl ýetirmek üçin iň gowy bölünişik» («Ahsan at-makasim fi-marifat al-akalim») diýen işinde Merwerutdan Sarahsa çenli aralygyň 5 günlük ýoldugyny, ýol ugrynda gije düşlenip geçilýän dört sany duralganyň bardygyny belläpdir. Ol: «Merwerutdan Kasraýa çenli (iki köşk) bir günlük ýol, soňra rabat Amadiýe çenli bir günlük ýol, rabat Jafariýe çenli bir günlük ýol, rabat Abu-

---

[1] Seret: МИТТ. C.148

[2] Al-Ýakubynyň bu maglumaty ýalňyş bolmagy mümkin. Sebäbi Hamdallah Kazwininiň ýazmagyna görä,
Sarahsdan Merwruda çenli 35 farsah, Merwrutdan Talkana çenli 18 farsah, jemi Sarahs-Talkan aralygy 53
farsaha deň bolupdyr. (Seret: МИТТ T.1.C.511). Bu aralygy geçmek üçin düýeli, eşekli kerwene şol döwürde,
megerem, 8-9 gün gerek bolan bolmaly.

[3] Şol ýerde. Bellik. Ýakut Talkandan Farýaba çenli aralygy üç günlik ýol diýip belläpdir. Seret: МИТТ.T.1.C.429

Nuaýma çenli bir günlük ýol,  Sarahsa çenli bir günlük ýol»[1] diýip ýazypdyr.

XIV asyryň taryhçysy, hulagularyň emeldary Hamdallah Kazwini 1340-nji ýylda ýazan «Ýürekleriň eşreti» («Nuzhat al-kulub») diýen işinde al-Ýakubynyň, al-Makdisiniň Sarahs-Merwerud kerwen ýoly barada ýazanlarynyň üstüni anyk maglumatlar bilen  ýetiripdir. Hamdullah Kazwininiň ýazmagyna görä, Sarahs-Merwerud aralygynda 6 duralga bolupdyr.[2] Umumy uzaklyk  35 farsahdan  ybarat eken. Sarahs-Merwerud kerwen ýolunyň birinji duralgasy Sarahsdan günbatar tarapda 9 farsah uzaklykda ýerleşýän Jafari rabaty bolupdyr. Ikinji duralgasy «Mil-i-omari» diýlip atlandyrylyp, ol Sarahsdan 16 farsah daşlykda bolupdyr. Üçünji duralgasy Sarahsdan 23 farsah uzaklykda ýerleşip, ol «Abu-Nuaým» diýlip atlandyrylypdyr. Dördünji duralgasy «Ab-i-şur» diýlip, ol Sarahsdan 28 farsah uzaklykda ýerleşipdir. Bäşinji duralgasy Sarahsdan 30 farsahlykda ýerleşip, ol «Diz-i-hinda» diýlip atlandyrylypdyr. Altynjy  duralga bolsa Merwerud şäheriniň özi bolupdyr. Hamdallah Kazwini Ab-i-şura duralgasyna çenli kerwen ýolunyň çöllükden, çägelikden we akar suwyň ýok ýerinden gidýändigini aýratyn belläpdir. Diýmek, Sarahs-Merwerut kerwen ýolunyň 28 farsahy, ýagny 175 kilometre barabary çöllügiň içinden geçipdir. Megerem, şondan soň kerwen ýoly Murgap derýasynyň kenarýakalaryna baryp ýeten bolmagy mümkin. Sarahs-Merwerud kerwen ýolunyň duralgalarynyň adynyň iki sanysynyň öňünden Hamdallah Kazwini «rabat»[3] sözüni getirýär. Olar «Rabat Jafari» we «rabat Abu-Nuaým» diýlip atlandyrylypdyr.  Megerem, bu rabatlar daşy berkidilen gala görnüşli kerwensaraýlar  bolandyr. Beýik ýüpek ýolunyň Sarahs-Merwerud aralygy we onuň

---

[1] МИТТ Т.1.С.207.

[2] Seret:. МИТТ Т.1.С.510.

[3] «Rabat” sözi daşky şäher diýen manyny aňladýar. Seret: МИТТ. Т.1. С.171

ugrynda ýerleşen duralgalar baradaky maglumatlara XIV asyrdan soňky bize mälim bolan taryhy çeşmelerde duş gelnenok. Bu şaha we onuň ugrynda ýerleşýän duralgalar arheologlar tarapyndan häli-häzire çenli öwrenilmänsoň, Sarahs-Merwerud kerwen ýolunyň haçan ulanyşdan galandygy barada anyk maglumat ýok. Beýik ýüpek ýolunyň beýleki aralyklarynda bolşy ýaly, Sarahs-Merwerud kerwen ýolunyň hem XV-XVI asyrlarda ulanyşdan galan bolmagy mümkindir.

## BEÝIK ÝÜPEK ÝOLYNYŇ DIKELDILMEGI

Türkmenistanyň çäklerinden geçen Beýik ýüpek ýoly gadymy we orta asyrlar döwürlerinde Watanymyzyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni ösüşinde uly orun eýeläpdir. Emma XV-XVI asyrlardan başlap, beýik geografiýa açyşlary Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda ýuwaş-ýuwaşdan deňiz-suw gatnawynyň ýola goýulmagyna şert döredipdir. Wagtyň geçmegi bilen deňiz-suw ýollarynyň gatnawy kämilleşipdir. Bu-da öz gezeginde Beýik ýüpek ýolynyň guryýer gatnawynyň peselmegine sebäp bolupdyr. Sebäbi, halkara söwdasynda guryýerdäki ýollardan deňiz-suw ýollary howpsuzrak bolupdyr. Halkara söwda ýollarynda bolan bu özgerişlik, öz döwründe gülläp ösen, Beýik ýüpek ýolunyň ugrynda ýerleşen duralgalardyr kerwensaraýlaryň, obalardyr şäherleriň köpüsiniň ilatsyzlaşyp, boşap galmagyna sebäp bolupdyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda – XX asyryň birinji ýarymynda Beýik ýüpek ýolunyň geçen ýerlerinden demir ýollar gurlyp, ýurtlaryň arasynda durmuş-ykdysady, medeni gatnaşyklar guryýer üsti bilen dikeldilip başlandy. Emma dürli sebäplere görä, Garaşsyzlyk eýýamyna çenli bir wagtlar Gündogar ýurtlary bilen Günbatar ýurtlaryny birikdiren Beýik ýüpek ýoly polat ýollar arkaly doly dikeldilmedi. Dikeldilmän galan ýerleriň biri hem Beýik ýüpek ýolunyň Merw-Sarahs-Maşat bölegidi. 1992-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda

Türkmenistandan Eýran tarapa, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky menzilden /öňki Parahat/ demir ýoluň ilkinji gollary goýlyp başlandy. Ýol gurujylar duş gelen dürli kynçylyklara döz gelip, uzynlygy 132 kilometr bolan ýoly 1994-nji ýylyň Bitaraplyk aýynda Sarahsa getirdiler. Demir ýoluň uzynlygy 170 kilometr bolan Maşat-Sarahs bölegi hem dagdan geçirilýän üç sany ötügiň gurluşygynyň bolandygyna garamazdan, 1995-nji ýylyň ahyrynda Sarahsa gelen polat ýol bilen birikdi. 1996-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 13-ne bu ýoluň dabaraly açylyşy boldy.

Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly hem-de Sarahs etraby barada pikir edilende, «Ozal akan ýerden akarmyş aryk» diýen dana sözüň hakykata öwrülýändiginiň şaýady bolýandygyňa guwanýarsyň. Çünki, bu söz Sarahsa, onuň üstünden çekilen demir ýola gönüden-göni degişli ýaly bolup dur. Gadymy we orta asyrlarda diýseň şöhratlanyp, soňraky ýüzýyllyklarda unudylan Sarahs indi Garaşsyzlygyň gudraty bilen şol bir wagtky şöhratyna eýe boldy. Indi Sarahsy dünýä halklarydyr ýurtlary täzeden dikeldilen gadymy Beýik ýüpek ýolunyň ugrundaky esasy demir ýol derwezesi hökmünde tanap başladylar. Tejen-Sarahs-Maşat demir ýolunyň ulanmaga berilmeginiň has gymmatly tarapy, olam Beýik ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilmegi, Ýewropa bilen Aziýanyň has golaý ýol arkaly birikdirilmegi, şeýle hem bu demir ýoluň halklary täzeden dostlaşdyrmaga we ysnyşdyrmaga ýol açmagy… Ine, ýoluň ähmiýetiniň doly bolmadyk sanawy şulardan ybaratdyr.

Şu günler günde diýen ýaly Sarahs menziline 50-den 80-ne çenli ýük wagonlary gelýär. Ýük wagonlary Eýran tarapyndanam günde-günaşa gelip dur. Ýöne ýük wagonlarynyň aglaba köpüsi Türkmenistandan, Gyrgyzystandan, Özbegistandan, Täjigistandan, Ukrainadan, Russiýadan gelip Eýrana tarap geçýär. Ol ýurtlardan Eýran tarapa pagta süýümi, metal, nebit önümleri, agaç-tagta, dürli enjamlar iberilýär. Eýran tarapdan Garaşsyz ýurtlaryň

arkalaşygyna girýän döwletlere un, tüwi, kafel we başga harytlar gelýär.

Tejen-Sarahs demir ýoly-da orta hasap bilen her ýylda Türkmenistana 20 milliondan gowrak amerikan dollary möçberinde girdeji berýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Sarahsda bolan özgerişlikler we menzile gelýän ýük wagonlaryny synlanyňda, baryp-ha, 984-nji ýylda görnükli arap taryhçysy al-Makdisiniň birnäçe günläp Sarahsda bolandan soň, ol ýer barada özünde galan täsirleri beýan edişi göz öňünde janlanýar. Ol: "Sarahs… Horasanyň merkezi, onda äpet bazar ýollarynyň çatlyşýan ýeri… Bu şäherde haýsydyr bir zadyň ýetmeýändigini duýjak gümanyň ýok, kerwenler bir tarapdan gelmese, beýleki tarapdan gelýär"[1] diýip ýazypdyr. Ine bu taryhy hakykatyň birnäçe ýüzýyllyklardan soň täzeden janlanmasy aklyňy haýran edýär. Göwnüňe bolmasa, taryh kämilleşen görnüşinde täzeden gaýtalanýan ýaly…

Türkmen taryhynyň Oguz han döwrüniň ahyrlarynda Sarahsyň üstünden geçen kerwen ýollary Sarahsyň we onuň tutuş oazisiniň ykdysady ösüşine oňaýly täsir edipdir. IX-XII asyrlar aralygynda Beýik ýüpek ýolunyň Nişapur-Sarahs, Sarahs-Merw, Sarahs-Hyrat, Sarahs-Mäne, Sarahs-Merwerud aralyklarynyň ugrynda köp sanly kerwesaraýlar gurlupdyr, olardan käbiri Rabati-Şerif ýaly ösen binagärlik sungatynyň nusgasy bolupdyr. Kerwen ýolunyň esasy ösen eýýamy Beýik seljuk türkmenleriniň döwletiniň ýaşaýan döwrüne gabat gelýär.

Bu döwürde kerwen söwdasynyň ösmegi, ony gurşap alan çäkleriň ykdysady taýdan ösüşine hem oňaýly täsir edipdir.

Şeýle ýagdaýda kerwen ýolunyň ugrynda ýerleşýän ilatly ýerleriň ýaşaýjylarynyň ýagdaýy has-da ýokarlanypdyr. Kerwensaraýlaryň ähmiýeti artyp, olar girdeji çeşmelerine

---

[1] Seret: МИТТ. T.1.C 195.

öwrülip başlapdyr. Nişapur-Sarahs, Sarahs-Merw, Sarahs-Hyrat, Sarahs-Mäne, Sarahs-Merwerud kerwen ýollaryndaky ilatly ýerleriň sanynyň birden pese gaçmagy mongol basypalyşlary döwrüne gabat gelýär. Mongol talaňçylygy kerwen söwda ýolaryndaky gatnawlaryň seýrekleşmegine getiripdir, köp sanly duralgalar boşap galypdyr. Kerwensaraýlaryň sany azalypdyr, käbirleri bütinleý tozdurylypdyr. Ýöne welin kerwen ýollarynyň ugrunda ýerleşýän duralgalarda ýaşaýyş birden kesilmändir, ýuwaş-ýuwaşdan pese gaçypdyr. XIV-XV asyrlarda Sarahsyň üstünden geçýän söwda ýollarynda, esasan hem Nişapur-Merw da gatnawlar birneme kadalaşan hem bolsa, XVI asyrdan başlap ol hem kerwen ýoly hökmünde ähmiýetini ýitiripdir. Ýokarda aýdylanlardan görnüşi ýaly, Sarahs we onuň oazisiniň durmuşy dünýä kerwen söwdasynyň ykbaly bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Sarahsyň ösüşine hem-de pese gaçyşyna onuň üstünden geçýän kerwen ýollary öz täsirini ýetiripdir.

1992-1996-njy ýyllarda Türkmenistanyň demir ýolunyň Beýik Saparmyrat Týrkmenbaşy adyndaky menzilinden Sarahsa we ondan hem aňryk Eýranyň Maşat şäherine çenli dowam edýän täze demir ýolunyň gurulmagy Stambul-Pekin transaziýa uly ýolunyň möhüm bölegi boldy we Türkmenistan üçin Eýrana, Türkiýä, Orta ýer deňzine ýol açdy.

Türkmenistanyň üsti bilen Eýrandan Hytaýa we yzyna ýükler daşalyp başlandy. Onuň ugrynda täze menziller, duralgalar, şäherçeler döredi. Şunlukda, Sarahs halkara ähmiýetli möhüm ýere öwrüldi, onuň orta asyrlar döwründäki Gündogar ýurtlarynyň arasyndaky meşhurlygy gaýtadan ýokary göterilip, bir mahalky Sarahsyň üstünden geçen Beýik ýüpek ýoly täzeden janlanandy.

## *Merkezi Aziýa ýerlerindäki Orta asyr arhitektura ýadygärlikleri. Köneürgenç, Maşady-Misserian, Ahal we Etek, Saragt, Gadymy Merw, Türkmenabat (Amul), Sogd-Samarkant, Buhara, Otrar, Türkistan, Owganystan.*

***Köneürgenç*** – Kyrk Molla. Kyrk Molla galasy Gürgenjiň X-XIV asyrlara degişli ýadygärlikleriniň demirgazyk-gündogar çetinde, has takygy Horezm şasy Soltan Tekeşiň ady bilen belli ýadygärligiň gabat demirgazyk-gündogarynda ýerleşýär. Bu gala uly depe. Soňky ýyllarda alnyp barlan gazuw işleriniň netijesinde, Kyrk Molla depesinde üsti-üstüne ýerleşen iki gat gala aýan edildi. Tapylan diwarlar we arheologiki tapyndylar (gap-çanaklaryň bölekleri) b.e. IV asyryna çenli has gyzgalaňly ýaşaýyş bolansoň, ýaşaýyş birneme pese gaçýar. Taryhy maglumatlara esaslanyp, Kyrk Molla galasy Mamunyň akademiýasy bolupdyr diýen çaklama gelip bolýar (H.Ýusubow). Horezmiň baş medresesinde sapak beren Şyhybeddin Hiwakiniň XII asyryň ahyry XIII asyryň başy Magoran ül-Hikmet kitaphanasy bolandyr diýen çaklama bar.

***Akmolla*** – bu ýadygärlik Orta asyr Ürgenjiň (Köneürgenjiň) harabaçylygynyň gündogarsynda ýerleşýär. Onuň ownuk çig (han) kerpiçden salnan beýik diwarlary heniz hem saklanýar. Taryhy çeşmelerde “Köşk-i Ahça” ady bilen belli bolup, soňky ylmy çaklamalara görä, X-XII asyr bilen kesgitlenýär. Häzirki saklanan diwarlaryň beýikligi 6-8 metre barabardyr.

***Daşgala*** – Daşgala Il-Arslarslanyň mazarynyň günbatarsyndan geçýän Guşbegi ýap kanalyndan başlanyp, gündogarda Akgala, günbatarda Horezmbag atly ýerleriň arasynda ýerleşýär. Daşgala Gürgenjiň (Köneürgenjiň) irki galasy bolup, ol (gala) köpburçluk görnüşinde bolup, taraplary 600x800 metre barabar alaň görnüşli, töweregi çuň garymly

galadyr. Daşgalanyň meýdanynda “kerwensaraý” ady bilen mälim ägirt uly desga (häzirki wagtda içki galadygy anyklanyldy), şeýle hem ajaýyp ymarat bolan minara onuň demirgazyk künjeginde ýerleşýär.

***Soltan Tekeşiň ýadygärligi*** – Tekeş soltanyň ady bilen belli ýadygärlikdir. Gürgenjiň edil ýüreginde, Kyrk Molla depesiniň günorta-günbatarynda ýerleşen. Gözelligi babatda oňa Orta Aziýada ýeke-täk gaýtalanmaýan ymarat diýmek bolar. Ylmy edebiýatlarda oňa Tekeşiň mawzoleýi, halk arasynda bolsa, Gökgümmez hem-de din wekili Şeripbabanyň aramgähi diýilýär. Soltan Tekeşiň dolandyran döwri 1172-1200-nji ýyllar ýadygärlik XII asyr bilen kesgitlenýär. Ymaratyň içiniň giňligi 11,45x11,45 m, gümmeziniň beýikligi 18 metre barabardyr. Soňky ylmy çaklamalara görä, bu ýerde soltan Tekeşiň kitaphanasy, metjidi we aramgähi ýerleşipdir.

***Il Arslan*** – bu ajaýyp ymarat Daşgala bilen Tekeşiň ýadyärliginiň arasynda, Kelteminaryň demirgazyk-günbatar tarapynda ýerleşýär. Bu ymaraty halk arasynda Horezm şasy Il Arslanyň we din ugrunda alym, belli filosof Fahreddin Razynyň atlary bilen baglanyşdyrýarlar.

Il Arslanyň dolandyran döwri 1156-1172-nji ýyllar. Soňky ylmy çaklamalara görä, suw hüjresi bolan bolmagy (Sardoba) hem ähtimaldyr. Ýadygärligiň senesi XII asyr bilen kesgitlenilýär.

***Törebeg hanymyň ýadygärligi.*** Törebeg hanymyň ady bilen baglanyşdyrylan ýadygärlik gadymy Gürgenjiň ýadygärlikleriniň demirgazyk çetinde ýerleşýär. Bu ýadygärlik özüniň arhitektura gymmaty boýunça musulman gündogarynda gaýtalanmaýan, çözmesi talap edilýän mataldyr. Ol üç sany hüjreden ybarat bolup, girelgeden çetde garagulhanasy, sagda 45 sany Peştaga çykylýan aýlawly basgançak, 100 $m^2$-a barabar uly zaldan hem-de demirgazykda kiçi günbanyň aşagynda ýerleşen şa tagtyndan ybaratdyr. Soňky ýyllarda geçirlen arheologiki gazuw-barlag işleri netijesinde we taryhy

maglumatlara esaslanyp bu ýadygärligiň XII-XIII asyrlara degişlidigi anyklanyldy.

***Gutlug Temuryň minarasy.*** Gutlug Temuryň adyny göterýän bu minara harabaçylygyň demirgazyk çetinde Soltan Tekeşiň günbatar-demirgazygynda ýerleşýär. Halk arasyndaky rowaýatlar we taryhy çeşmeler Köneürgençde 40 sany metjit we minaranyň bolandygy barada maglumat berýär. Şolaryň içinde dünýäde (Kutup minaradan soň) ikinji ýerde durýan bu minaranyň uzynlygy 64 metre barabardyr. 7 metr belentlikde girelgesi bolup, 145 sany töwerekleýin basgançak bilen ýokarky günbanyň aşagyna çykylýar. Minaranyň özünde bar bolan ýazgylar, soňky rejeleýiş işleri bilen baglanyşyklydyr. Soňky ylmy çaklamalara görä, XI-XII asyrlar bilen kesgitlenilýär.

***Kerwensaraý ýadygärligi.*** Kerwensaraý ady bilen baglanyşdyrylýan ýadygärlik gadymy Gürgenjiň günbatarynda ýerleşen. Taryhy çeşmelere görä, Gürgenjiň üç sany derwezesi bolup, Akabilan, Parahatçylyk ýa-da Nowur, al-Hažaž ýaly derwezeleri bolan ymarat inedördül bolan, demirgazykdan günorta 34 metre uzalyp giden. Soňky ylmy çaklamalara görä, Horezm şalar köşgüniň Peştagy X-XII asyrlar bilen kesgitlenilýär.

***Nejmeddin Kubra.*** Nejmeddin Kubranyň ýadygärligi Köneürgenç ýadygärliginiň (posýologyň) merkeziniň günbatar böleginde ýerleşen. Ýadygärlik 1145-46-njy ýyllarda Ürgençde doglan sufizm mekdebiniň Kubrawidler mekdebini esaslandyryjy Ahmet ibn Omar Abuljennap Nejmeddin al-Kubra, al-Hiwaki, al-Gürgenji bilen baglanyşyklydyr. Nejmeddin Kubra diňe bir dini mekdebiň ündewçisi bolman, özüniň 7-8 kitaby, 24-den gowrak rubagysy, tebipçiligi, ökde küştçi, nakgaşlygy bilen halk arasynda tanalýar we gahryman watançy goşun serkerdesi bolup halkyň öňüne çykan. Onuň hormatyna salnan ymarat bölekleýin bolup, XII-XIII asyr bilen

kesgitlenilýär. Ýazgysynda bellenilen maglumatlar, onuň bina edilen döwri bilen kesgitlenilýär.

***Pirýarweli.*** Pirýarweliniň aramgähi Şyh Nejmeddin Kubranyň ýadygärliginiň günbatar golaýynda ýerleşýär. Bu yädigärligiň Peştagynyň beýikligi 65m, umumy meýdany 48,75 $m^2$.

***Ibn-Hajyb.*** Ibn-Hajybyň medresesi gadymy Gürgenjiň häzirki harabaçylygynyň günbatar gyrasynda ýerleşýär. Bu ýerde Nejmeddin Kubranyň iň talantly şägirtleriniň biri Abuljennap ibn Hajybyň medresesi bolupdyr. Ymaratyň gurluşy birnäçe bölümden ybarat: aramgähi, zyýarathanasy, metjit eýwançasy. Olar dürli döwürlere degişli (XIV, XVI, XIX, XX asyrlara degişli).

***Seýit-Ahmediň mazary.*** Seýit Ahmediň mazary ol Törebeg hanymyň ady bilen baglanyşdyrylýan ýadygärlikden minara tarap gidilýän ýoluň ugrundan sag tarapda ýerleşýär. Seýit Ahmet Nejmeddin Kubranyň döwürdeşi hasaplanýar. Aramgäh onuň hormatyna XIV asyrda bina edilen diýip hasaplanýar. Ol Hoja Ahmet Ýasawynyň mekdebiniň ideýasyny ýaýradyjydyr.

***Horezmbag.*** Horezmbag Köneürgenjiň gadymy harabaçylygynyň (günorta-günbatar) çetinde ýerleşýär. Galanyň gapdallaryndan dörtburç şekilli diwarlary bolupdyr diýip çaklamak bolýar. Horezmbag galasy öňki mongollar döwründe ýaşaýyş bolan harabaçylygyň üstünde salnypdyr.

***Soltan-Aly.*** Soltan-Aly aramgähi Köneürgenç posýologynyň merkeziniň günbatar böleginde Nejmeddin al-Kubranyň ýadygärliginiň gabat garşysynda ýerleşýär. Ýadygärligiň arhitektura gurluşy ony döwlet möçberindäki belent şahslaryň hormatyna bina edilendigine subutlaýjy maglumatlar bardyr. Bu ýadygärlik XVI asyryň ahyrynda Ürgenji Horezmiň han neslinden bolan Soltan Alynyň dolandyran wagty bilen baglanyşdyrýarlar. Soňky çaklamalara görä ymarat 1333 we 1361-nji ýyllarda Ürgenji dolandyran

Gutluk Timur we onuň aýaly Törebeg hanymyň hormatyna dikeldilen bolmaly. Mätkerim işan Aramgäh medrese müderisi Mätkerim işan hem-de onuň ogly Mädemin işanyň hormatyna bina edilen. Bu ýerde 1886-njy ýylda aradan çykan Mätkerim işan jaýlanan. Gadymy Köneürgenç ýüpek ýoluň çatrygyndaky esasy şäherleriň biridir.

***Günbatar Türkmenistan.*** Diametri 8 metr töweregi bolan minara 20 metr belentligine çenli saklanypdyr. Bu minara köpçülikleýin ybadathana metjidiniňkidir. Minaranyň özünde inliligi 90 sm bolan aýlawly merdiwan gurlupdyr. Merdiwanyň her bir basgançagynyň derejesinde minaranyň öz ýüzünde hem-de daýanç sütüninde 20 sm töweregi çuňlukda çukur bar, bu bolsa kerpiçden edilen. Diwarlaryň ýüzünde Kufy hatynda ýazylan ýazgylar alym M.Ýe.Masson tarapyndan öwrenildi. Ol ýazgylar: “Eziz kerimi Allanyň hormatyna, Allanyň medetkärliginde Rabadyň eýesi Abu-Japar Ahmet Abu-l-Agara oglunyň buýrugy boýunça, goý ony Alla belent etsin!” Bu ýadygärlik 1102-1103-nji ýyllarda bina edilen.

***Şirkebir metjidi – mawzoleýi.*** Şäheriň demirgazyk-gündogarynda Maşat diýen uly gonamçylyk bar. Onda bişen kerpiçden örülen köp ýykyndylar we käbir gurluşyklar saklanyp galypdyr. Olardan biri Şirkebir metjididir. Bu ymarat ilki metjit bolup, soň mawzoleý bolmagy hem täsin zatdyr. Bu mawzoleý Türkmenistanyň arhitekturasynda iň gyzykly arhitektura ymaratlarynyň biridir. Ol belentligi 11 metr töweregi bolan çaklaňrak gümmez bilen tapawutlanýar. Bu jaýyň içinde mihrap (mährap) bar. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu ýerde adamlary jaýlamak wezipesi hem berjaý edilipdir ((jaýlanyş dessurlary). Mawzoleýiň iç ýüzündäki nagyşlar boýunça bu ýadygärligi X asyr bilen seneleýärler. Diwarlarynyň galyňlygy 1,5 metr töweregi bolupdyr. Inedördül mawzoleý çig kerpiçden bina edilipdir. Köp gezek edilen rejeleýiş işleriniň netijesinde metjidiň ilkinji görki birneme üýtgäpdir. Has takygy ilkinji görnüşi ýoýlupdyr. XII asyrda

jaýyň demirgazyk tarapynda ymaratyň berkligini üpjün etmek üçin goşmaça jaý salypdyrlar. Jaýyň içi gök, gyzyl, ýaşyl reňkler bilen reňklenipdir.

***Mawzoleýler.*** Maşat gonamçylygynyň harabaçylygynda diňe birnäçe mawzoleý saklanypdyr. Olaryň galyndylary alymlar M.Ýe.Masson we G.A.Pugaçenkowa tarapyndan öwrenilendir. 1947-nji ýylda bir sany metjidiň bolandygy anyklandy, ýöne häzirki bižiň günlerimize çenli saklanany az-azdyr. Käbir öwrenilen mawzoleýleriň diwarynyň iç ýüzünde alibastr bilen suwalan suwaglaryň üsti açylandyr. Mawzoleýleriň ýykyndylary XI-XII asyrlar bilen kesgitlenýärler.

Gadymy Misserianyň ýerinde köpçülikleýin ybadathanalar bolupdyr. metjidiň ortasynda howuz bolupdyr. Töweregi gümmezli arkalar bilen gurşalypdyr. Bu metjitdäki ýazgylar A.A.Semýonow tarapyndan öwrenilipdir.

***Paraw harabaçylygy.*** Paraw bibi Serdar etrap (Gyzylarbat) merkezinden 25 km günbatarda Paraw obasynyň ýanynda ýerleşendir. Halk arasynda Paraw bibi ady bilen has mälimdir.

Paraw mawzoleýi ýa-da harabaçylygy barada X asyr arap geograflary köp ýazgylar galdyrypdyrlar. Parawyň obasyndan daş bolmadyk ýerde dagyň arasynda Paraw bibi mawzoleýi bardyr. Bu ymarat öz gurluşy boýunça Türkmenistanyň Orta asyr metjitdir-mawzoleýlerine çalymdaşdyr. Ýagny X-XI asyrlardaky arhitektura ymaratlaryna çalymdaşdyr. Paraw bibi barasynda il arasynda sanardan köp rowaýatlar bardyr.

***Magtym mawzoleýi.*** Sumbar derýasynyň jülgesinde Garrygalanyň etrap merkeziniň golaýynda bişen kerpiçden bina edilen Magtym mawzoleýi bar. Bu gönüburçly süýri jaýyň gündogara bakdyrylan portal bilen bellenen meýit jaýlanýan jaýy we onuň hüjresiniň iki bölümli ganaty arkaly ložasy bar. Bu gurluşyk XV asyra degişlidir.

***Zeňňibaba mawzoleýi.*** Serdar (Gyzylarbat) bilen Aşgabadyň aralygynda Mürçe obasynda (Bäherden) gaty özgerdilip gurlan Zeňňibaba mawzoleýi bardyr. Taraplary 5 metr töweregi bolan otagly, inedördul gümmezli jaý bişen kerpiçden bina edilen. Bu täsin ymarat birnäçe gezek oba adamlary tarapyndan rejelenipdir. Alym G.A.Pugaçenkowa desganyň gurluşyna seredip, onuň sütünleriniň ýüzündäki nagyşlara we esasan hem gümmeziň görnüşine seredip X-XI we XIII-XIV asyrlar bilen kesgitledi.

***Öwezberdi şyhyň mawzoleýi.*** Garrygala etrabyndaky arhitektura ýadygärlikleriniň arasyndan Ýuwangala posýologyndan 3 km. ýerleşýän Öwezberdi şyhyň mawzoleýini bellemek gerek. Jaýyň esasy tarapyndan başga hemme taraplary daşlaryna “P” harpy şekilli üç sany ýarymaý şekilli (görnüşli) arkalar (geçelge) bolupdyr. Jaýyň äpişge ýerleri hem saklanyp galypdyr. Mawzoleý özüniň stili aýratynlygy boýunça XV asyra degişlidir.

## *Ahal we Etek.*
## *(IX-XVII asyrlar)*

Günorta Türkmenistanyň ýerinde IX asyr arhitektura babatynda özboluşly bir taryhy döwürdir. IX asyrdan başlap Günorta Türkmenistanyň ýerinde arhitektura desgalarynyň täze görnüşleri (tipleri) kemala gelip, täze konstruktiw we kompozision tärleri, gözleýiş we açyş döwri bolandyr diýmek bolýar. Has takygy bu döwüre arhitektorlaryň döredijilikli işlän döwrüdir. IX asyrda birentek babatda arhitekturanyň ösüş ugruny kesgitleýän has öňde baryjy merkezleriň biri Saragt we Merw oazisleridir. Gadymy Merwde ýörite arhitektorlaryň mekdebi bolan, şonuň üçinem ýerli ussalaryň (arhitektorlaryň) şöhraty giň ýaýrandyr.

Biz şu leksiýamyzda ýadygärlikleri taryhy döwürler boýunça öwrenmän, olaryň ýerleşen ýerleri, ýagny regionlar boýunça özleşdirmekçi. Çünki ýadygärlikler öz häsiýetleri ýa-da durmuşda nämä peýdalananlygyndan ugur almaly. Mysal üçin, metjitmi, mawzoleými ýa-da medresemi? Şonuň üçinem asyrlar öňli-yzly gaýtalanar. Ahal boýunça ilkinji arhitektura ymaraty Änew metjididir.

Änew metjidi diýilýän şu gün ýok. 1948-nji ýylda ýer titremesi sebäpli ol weýran boldy. Emma ol biziň günlerimizde hem köp babatlarda diňe bir Türkmenistan we Orta Aziýa üçin ajaýyp ýadygärlik bolmak bilen çäklenmän, eýsem musulman gündogarynyň ähli ýanaşyk ýurtlary üçin hem ajaýyp ýadygärlikdir. “Änew” diýen adyň özi gaty bir gadymdan gelýän at däldir. XIX asyryň ahyrlarynda “Annaw”, “Anow” diýlen bolsa XX asyryň başlarynda “Ab-now” ýagny “täze suw” diýen manyny hem aňladypdyr. Eger-de gürrüň Änewiň ýerindäki wakalar barada gitse, onda ol gadymydyr. Çünki Änew depeleri mis asyry, ýagny Oguz han döwrüniň baş etaplaryny göz öňüne getirmeli. Ýöne biz häzir Änew metjidi barada durup geçmeli.

Änew metjidi XV asyrda, ýagny 1456-njy ýylda bina edilendir. Ol metjitde Şyh Jemal ad-diniň gubury bardyr. Şol döwürden başlap, edebiýatda Änew metjidi ady bilen bellidir. Bu metjide gelen rus hem-de Ýewropaly syýahatçylar öz ýazgy depderlerinde metjidiň täsin galdyryjylygy barada nygtap geçipdirler. Ýazgy ýadygärliklerinde Şyh Jemal-ad-diniň ölen ýyly barada dürli maglumatlar bardyr. Professor M.Ýe. Massonyň aýtmagyna görä, hijri hasaby bilen 856-858-nji ýyllarda Şyh Jemal-ad-din dünýäden ötüpdir. Şondan soň şonuň guburynyň üstüne metjit bina edilýär. Bir bellemeli zat ol hem M.Ýe.Massonyň okan hatlaryny A.A.Semýonow hem makullapdyr. Metjidiň portalynda ýerleşen aždarhanyň şekili barada hem ýeterlik maglumatlar bardyr. Aždarhanyň şekili Türkmenistanyň ýerinde taryhyň irki zamanlaryndan bäri bardyr. M.Ýe.Massonyň ýazmagyna görä, A.A.Semýonow 1924-nji ýylda Änew metjidinden birnäçe ýazgylar okap, ol ýerde birnäçe hüjreleriň bolandygyny anyklap, ol diňe metjit bolman medrese hem bolan bolmagy ähtimaldyr diýen pikiri hödürleýär. A.A.Semýonowyň ýüzi hatly kerpiç böleklerini hem-de arhitektura böleklerindäki hatlary okamak bilen Jemal ad-diniň ogly Muhammet hut özüniň halal zähmetine kakasy Jemal-ad-diniň üstüne mawzoleý bina edipdir diýip hem aýdýar .

G.A.Pugaçenkowanyň çaklamasyna görä nagyşlaryň arasynda “Muhammet” diýen adyň gaýtalanýandygyny tassyklaýjy maglumatlaryň esasynda hem aýdýar. Ýene-de ýeri gelende aýtsak, G.A.Pugaçenkowa şeýle ýazýar: Girilýän arkanyň bezegleriniň içinde, esasy ýazgynyň aşagynda ýerleşdirilmegi, biri-birine bakyp duran fantastiki aždarhalaryň ikisiniň täsin galdyryjy şekilleri Änew mawzoleýini görenleriň hemmesinde aýratyn täsir galdyrýar. Aždarhalar barada halk arasynda dürli rowaýatlar bardyr. Alymlaryň käbirleriniň çaklamalaryna görä, Hytaý sungatyna mahsus bolan

aždarhanyň şekiliniň türkmen sungatyna ornaşmagynda birnäçe umumy meňzeşlikleriň barlygyna güwä geçýändir.

Änew metjidini taryplap asly Änewli şahyrana Saýip diýen zenan özüniň ‘Göz ýaş” diýen eserinde onuň owadanlygyny has belende göteripdir. A.A.Semýonowyň okamagyna görä, ol aýalyň iki gözi hem kör eken. Ýeri gelende bir zady ýatlamakçy, ýöne taryhy döwre gabat gelmese-de territorial gabat gelýär hem-de talyplar üçin hem gyzykly bolarmyka diýýän. Kaka etrabynyň etrap merkeziniň günbatar-demirgazygynda Orta asyrlara degişli palçykdan bina edilen birnäçe jaý galyndylary harabaçylyk saklanyp galypdyr. Ol jaý galyndylary gaty bir irki bolmasa-da ýeriň özi taryhyň gadym zamanlaryndan köp wakalary özünde gizläp ýatyr. Ol ýere halk arasynda Peştag (Peştak) diýip atlandyrýarlar. Käbir taryhy çaklamalara görä, Peştag öz döwründe uly şäher bolup, onuň belli bir döwür aralygynda Bawert, Abiwert diýen merkezi şäheri bolupdyr. Bu barada düýpli maglumaty M.Ýe.Massonyň irki ýyllarda ýazylan, ýagny hristiançylyk bilen bagly bolan ylmy işinde we A.A.Semýonowyň 1930-njy ýyllarda ýazan işlerinden öwrenmek bolýar. Aslyýetinde Kaka etrabynyň ýerine taryhda Apawartika, Apawarktiken hem diýip atlandyrypdyrlar. Apawartiken diýlende Abiwerd göz öňüne gelýär, çünki ol öz döwründe uly merkezi şäherleriň biri bolandyr. Alym G.A.Pugaçenkowanyň ýatlamalaryna görä, asly Bawart-Abiwertli ady belli hudožnik (suratçy) bolupdyr. Onuň ady Soltan Aly Bawertli bolup, G.A.Pugaçenkowanyň ýazmagyna görä, Peştagda ýerleşen Sandykly öwülýäniň baş ujundaky gadymy Hyrat şäherinden getirlen daşyň ýüzüne oýup ýazylan haty şol ady belli asly Bawertli suratçynyň ýazan hatydyr diýip çaklamak bolar. Dogry, Sandykly öwülýä halk arasyndaky rowaýatlara we binanyň gurluşyna (gümmez) üns bereniňde XVI-XVII asyrlaryň giçki Orta asyrlarynyň arhitekturasyny ýada salýandyr.

Ýene-de üns bermeli arhitektura ymaratlarynyň biri Kufen ýa-da halk arasynda Gugundor-Baba hem diýilýändir. Bu ymaratdan diňe az bölegi saklanyp galypdyr. Alym Ýe.Atagarryýew ol ýerde gazuw-barlag işlerini geçirip, Kufende irki Orta asyrlardan başlap, tä XIII asyra, ýagny mongollara çenli ýaşaýşyň bolandygyny anyklady. Alymyň çaklamasyna görä, Kufeniň saklanan diwar galyndylary we gümmezden ýykylyp ýere gaçan bölekler boýunça ýadygärlikde durmuşyň gülläp ösen döwri IX-XI asyrlar bolmaly. Kufeniň gapdalynda ýakyn ýanynda arheologiki gazuw barlag işleriniň netijesinde öwrenilen ýaşaýyş üçin mahsus bolan jaý galyndylaryndan tapylan küýze gap-çanaklarynyň esasynda şol ýerde ýaşaýşyň XIII asyrda kesilendigine şaýatlyk edýär. Şu ýatlanan ýadygärlikler bilen bir hatarda Kaka etrabynyň Mäne obasynda ýerleşen Abu-Seýit-Meýheneýiniň mawzoleýi özüniň taryhy-arhitektura ähmiýeti boýunça möhüm orun tutýandyr. Abu-Seýit mawzoleýi Orta asyr Mäne şäherinde XI asyrda kuwwatly Seljuk döwletiniň emele gelýän we berkeýän döwründe, Horosanyň gülläp ösýän döwründe gurlupdyr. Mawzoleý taryhy şahs hökmünde meşhur bolan Şeýh Abu-Seýit-ibn Abul Haýranyň (968-1049-njy ýyllar) guburynyň üstüne bina edilipdir.

Ýaşlyk ýyllarynda oňat bilim alyp Abu-Seýit öz ömrüni dini taglymaty öwrenmäge bagyşlapdyr we musulmançylygyň dini akymlarynyň biri bolan hem-de şol wagtlarda Horosanda giňden ýaýran sufizmiň uly şahsyýetlerinden biri bolupdyr. Gaznawidler dinastiýasynyň paýtagty bolan Gazna şäherinden gaýdyp, Marydaky şeýhlere okuw geçipdir. Ol ýerden Abu-Seýit Mänä göçüp gelýär, 1049-njy ýylda şol ýerde aradan çykýar.

Abu-Seýidiň öz döwründe Horosanyň syýasy durmuşynda uly orun tutanlygyna seljuk serdarlary Çagry we Togrul begiň uly hormat goýmaklary hem şaýatlyk edýändir.

Abu-Seýidiň uly şahsyýet bolandygyna şaýatlyk edýän zatlaryň ýene-de biri haçan-da Abu-Seýit wepat bolansoň, onuň guburyny ruhanylar keramatly ýer diýip hasaplapdyrlar.

Abu-Seýidiň gubury öz döwründe köpüň ünsüni özüne çeken arhitektura binasydyr. Has takygy XII asyrda Seljuk soltany Soltan Sanjary we Horezm şasy Il Arslanyň ünsüni çekipdir. Abu-Seýidiň mawzoleýinde esasy diwardan gümmeze geçilende uly bolmadyk çaklaňrak sekiz gyranly arkajyklar arkaly geçipdir, wagtyň geçmegi bilen gurulýan binalarda mawzoleýleriň köpüsinde diwardan gümmeze geçiş 16 soň 24 sany gyranly arkajyklar bolupdyr. Günorta Türkmenistanyň yerinde ilkinji gezek XI asyryň I ýarymynda arhitektura ymaratlarynyň gurluşynda täzelikler bolup geçdi. Mysal üçin, iki gat gümmezler peýda bolýar. XI asyryň 20-nji ýyllarynda bina edilen Saragt Baba mawzoleýinde iki gat gümmez ilkinji gezek bina edilendir.

XIV-XV asyrlarda iki gat gümmezli arhitektura binalarynyň sany köpelip başlaýar. XIV asyryň I ýarymynda Abu-Seýidiň mawzoleýinde düýpli rejeleýiş işleri geçirilýär. Bu rejeleýiş işinde mawzoleýiň esasy konstruksiýasyna düýpli täsir edilse-de täze döwrüň we täze dörän medeniýetiň talabyna laýyklykda binanyň bezegini ep-esli derejede üýtgedip bilipdir. Orta asyr arhitektura ymaratlarynda köplenç ýagdaýda ymaratyň çykalgasynyň (portal) ýokarsynda Kufi haty hem bezegler girizilipdir. Kufi haty takyk hat bolman, ol belli bir derejede bir wagtda hem hat, hem nagyş aňladypdyr (paleografiýany ýadyňyza salyň). Nagyşlar ak fonda gyzyl, ýaşyl, sary, gök reňkler bilen ýerine ýetirilipdir. Abu-Seýidiň mawzoleýinde ösümlik motiwli nagyşlaryň içinde açylyp duran pagta-gowaçanyň şekili has täsindir. Abu-Seýit mawzoleýinde käbir nagyşlar Sols we Nash hatlara meňzeş edilip hem bezelipdir. Sols we Nash hatlary pars haty bolsa-da olarda astyn we üstün nokatlar galdyrylyp ýazylypdyr. Jemläp aýdanymyzda, XIII-XIV asyrlarda bütin Orta Gündogaryň

ýerinde bina edilen arhitektura ymaratlarynda Abu-Seýidiň mawzoleýine nusga hökmünde garalypdyr.

Günorta Türkmenistanyň ýerinde arheologiki we arhitektura ýadygärliklere baý şäherçeleriň ýene-de biri ol hem Saragt oazisidir. Gadymy Saragt diýlende taryhy çäklilik tarapdan Merwe degişli bolsa, administratiw taýdan Ahala degişlidir. Saragt oazisi antik zamanynda Makedonskiniň döwleti dargandan soň dörän Selewkid, Greko-Baktriýa, Parfiýa ýaly birnäçe döwletleriň düzümine nobatma-nobat giripdir.

Gadymy Saragtyň ýerinde kuwwatly Selewkid şasy Antioh III-niň goşunlary bilen Greko-Baktriýanyň atly goşunlarynyň arasynda möhüm harby söweşler bolupdyr. Soň III-VII asyrlarda gadymy Saragtyň ýerlerinde täze obalar döräp, ekin meýdanlary giňelýär. Sasanit döwletiniň düzüminde Saragtyň ähmiýeti has hem artýar, onuň hökümdary döwletde iň ýokary atlary (titul), ýagny “Marzban” adyny hem alandyr. Bu döwrüň obalarynyň iňňän gyzykly häsiýetleri bar. Olar durmuş gatnaşyklaryň häsiýetini aýdyň görkezýärler. Obanyň merkezinde Dihkan (kethudalar) ýaşap, onuň töwereginde oňa garaşly bolan daýhanlaryň obajyklary ýerleşýär. Saragt oazisiniň iň gülläp ösen döwri VII asyryň ahyrky wagtlaryndan, mongollar ýörişine çenlidir.

Wagtlaýynça peselen durmuş wagtyň geçmegi bilen ýene-de ösüp başlaýar. Indi bolsa köne Saragt galasy barada gürrüň etmekçi. Biz siziň bilen gadymy Saragtyň oazisi barada gürrüň etdik, indi bolsa onuň ýerinde, ýagny baý wakaly ýerlerde bina edilen arhitektura ymaratlarynyň ýöne ýerden bina edilmän, öňki ösen jemgyýetiň dowamy hökmünde arhitektura ymaratlar barada düşünje bermekçi.

Gadymy Saragt galasyny ilkinji bolup ýewropa syýahatçylary taryhy çeşmeleriň esasynda täsin ymaratdygyny öz gündeliklerinde ýazypdyrlar. Arheologlar (A.A.Maruşenko, O.Orazow, G.Adykow, T.Hojanyýazow, G.N.Hanmyradow)

özleriniň geçiren gazuw-barlag işlerinde Saragtyň galasynyň daşynda bir-biriniň üstünde guralan üç sany yzygiderli we kuwwatly goranyş diwarynyň bolandygyny anykladylar. Arhitektor alym G.A.Pugaçenkowa, akademik M.Ýe.Masson öz işlerinde gala barada köp maglumatlar çap etdiler.

Ýazuw çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, X-XI asyrlarda Saragt öz ululygy boýunça demirgazyk Horosanyň iň uly merkezi şäherleriniň biri Merwiň ýarsyça bardyr diýen ýatlamalary Saragtyň uly şäher bolandygyna şaýatlyk edýär. Saragt Baba we Ýarty gümmez ýaly şeýle täsin arhitektura ymaratlary hem hut şol wagtlarda gurulýar. Saragtyň arhitektorlary we gurluşykçylary Orta Aziýanyň we Eýranyň ýerlerinde giňden tanalypdyrlar we beýik ymaratlary bina edipdirler. Ýeri gelende aýtsak, XI asyrda günorta Türkmenistanyň ýerinde bina edilýän uly-uly ymaratlaryň gurluşynda köp kämilleşikler we özgerişler bolup geçendir, has takygy XI asyr Saragtyň taryhynda arhitektorlaryň döredijilikli pikirleriniň güýçli işlän wagty bolandyr.

XI asyrda köp gurluşyk ymaratlarynda arhitekturanyň ösüş ugruny, ýollaryny özünde jemleýän şäherleriň biri ol hem köne Saragtdyr. Ýerli ussalaryň şöhraty Orta Aziýa we Eýran ýerlerinde öňki ýatlaşymyz ýaly giňden ýaýrandyr. Döwrüň hökümdarlarynyň çagyrmagy bilen Saragt arhitektorlary we ussalary öz tanymallyklary bilen tapawutlanypdyrlar. Ady belli Saragtly arhitektor Aly ibn Muhammet tarapyndan Gündogar ýurtlarda sanardan köp uly-uly ymaratlar bina edilendir. Gadymy Merwdäki Soltan Sanjar mawzoleýini bina eden hem saragtly arhitektorlar we ussalardyr. Saragt oazisiniň özünde ýerleşen Saragt-Baba diýip atlandyrylýan Abul-Fazlyň mawzoleýi Tejen derýasynyň Eýran kenaryndaky Şeýh Lukmanyň mawzoleýi we galyberse-de Saragtdan 8 km ýerleşen Ýarty-gümmez arhitektura ýadygärlikleri Saragt arhitektorlarynyň we ussalarynyň tanymaldyklaryna ýene bir şaýatlyk edýän zatlaryň biridir. Günorta Türkmenistanyň

ýerindäki XI-XII asyrlara degişli arhitektura ymaratlary şol wagtlarda Horezmde gurlan mawzoleýlerden üzül-kesil tapawutlanýardylar. Mysal üçin, Horezmde çadyr görnüşli gümmezli mawzoleýler has köp bina edilipdir. Il arasynda aýdylyşy ýaly, hatda tejribesiz adam hem bir girende Saragt arhitekturasyny Dehistan we Horezm arhitekturasyndan tapawutlandyryp biler diýen düşünje bar. Abul-Fazl mawzoleýi uly, iňňän ýönekeý ýaly bolup görünýär. Käbir maglumatlara görä, XIV asyryň ahyrlarynda mawzoleýde rejeleýiş işleri geçirilýär we şonda hem onuň portaly (esasy girelgäniň ýokarsy) üýtgedilip bejerilipdir. Ýokarda ýatlaýşymyz ýaly, Abul-Fazlyň gümmezi iki gat bolupdyr, bu bolsa onuň ýygy-ýygydan ýeriň yranýan ýeri bolan günorta Türkmenistanyň şertlerinde artykmaçlyk etmeýän, gaýtam ýokary derejede berkligi üpjün etýän element diýip düşünmek bolar. Ýene-de bellemeli zatlaryň biri ol hem gümmeziň beýikligi diwaryň beýikligi bilen deňdir. Bu ýerde arhitektor gümmezleri gadymy Rim panteonlaryndaky ýaly bina edipdir. Has takygy Abul-Fazlyň mawzoleýi günorta Türkmenistanyň XI asyr arhitekturasynyň has kämilleşenleriniň biridir. Ony döreden arhitektor öz öňünde iňňän kesgitli wezipe goýandyr. Ýagny görnüşi boýunça ýönekeý, ölçegi boýunça çaklaňrak, emma iňňän monumental, adam göreninde haýran galdyrar ýaly wezipe goýupdyr. Käbir alymlaryň pikirini göz öňüne getirseň, onda Abul-Fazlyň mawzoleýiniň bina edilmegi Soltan Sanjaryň mawzoleýiniň gurulmagyna giň ýol açandyr. Tejen derýasynyň aňyrky kenarynda duran Şeýh Lukman mawzoleýi Abul-Fazlyň mawzoleýine iňňän meňzeş. Emma onuň uly tapawudy hem bardyr. Ol hem onuň portalydyr. Has takygy portalyň tutýan ölçegi mawzoleyiň göwrümine barabardyr. Bize belli bolşy ýaly, has giçki Orta asyr arhitektura ymaratlarynda şonuň, has köp bina edilipdir. Saragt oazisinde XI asyr mawzoleýlerinden biri Ýarty-gümmezdir. Ýöne onuň saklanyşy häzirki günlere çenli öňki iki mawzoleýden has gözgynydyr. Ýarty-gümmeziň

näme bolanlygy, mawzoleými ýa-da metjitmi takyk anyklanan däldir. G.A.Pugaçenkowanyň pikirine görä, ol mawzoleýdir. Ýarty-gümmezde öňki iki mawzoleýe garanyňda, onuň gurluşynda birnäçe aýratynlyklar bardyr. Mysal üçin, munda içerki tekjeler ýokdur. Esasan hem Ýarty-gümmezde portal ýok, bolmandyr. Indi seredip göreliň, eger-de Abul-Fazlyň mawzoleýinde portala az üns berlen bolsa, Şyh Lukmanyň mawzoleýinde onuň tersine portala köp üns berlipdir. Ýadyňyza düşýän bolsa Şyh Lukmanyň portalynyň tutýan ýeri umumy mawzoleýiň göwrümine barabar bolan bolsa, Abul-Fazl mawzoleýinde portala kän bir üns berilmändir. Bularyň hemmesiniň tersine Ýarty-gümmezde asla portal bolmandyr. Alymlaryň çaklamalaryna görä, Ýarty-gümmeziň ýene-de bir arhitektura aýratynlygy ol hem öňki häsiýetlendirilen iki mawzoleýleriň burçundaky sütünler Ýarty-gümmezde gaýtalanmaýar. Ýarty-gümmeziň burçundaky sütünler öz meňzeşlikleri boýunça IX asyrda Buharada bina edilen samaniler mawzoleýindäki sütünlere çalymdaşdyr.

Netijede biz Saragtyň üç mawzoleýleriniň bir-birlerine meňzeşligini we käbir konstruktiw aýratynlyklaryny hem görýäris. Ýöne bir bellemeli zat ol hem bolsa, Saragt arhitekturasyndaky üç aýratynlyklaryň her bir gündogar arhitekturasynda özbaşdak bir şaha bolup ýaýrandyr. Biz sapakda diňe metjit we mawzoleýler barada durup geçdik, emma arhitektura diýlende oňa beýleki arheologiki ýadygärlikleriň görnüşlerini hem üns merkezinde saklamalydyr. Mysal üçin Orta asyrlara mahsus bolan suw saklanýan sardobalar hem bolandyr. Gadymy Änew galasynyň golaýynda Orta asyrlarda ýagyş, gar suwlaryny ýylyň beýleki pasyllarynda ulanmak üçin peýdalanylan desgalardyr. Ýene bir ýatlamaly ýadygärlik biz Pulhatyn köprüsi barada şu sapagymyzda gürrüň bermedik, çünki rowaýatlardan başga taryhy materiallaryň azlygy sebäplidir.

***Gadymy Merw oazisi*** (Gorkut ata zamany we türkmen halkynyň gülläp ösen döwrüniň soňky zamanlary.)

Taryhy döwri boýunça birneme irräk hem bolsa, antiki zamana degişli Durnaly galasy II asyra degişlidir. Bu galanyň diwarlary inedördül uly ölçegden ybarat bolan çig kerpiçden bina edilip, her bir kerpiçiň ýüzünde tagma goýlupdyr. Tagmalar “P”, “S”, “X” ýa-da bir barmak, iki barmagyň, kähalatlarda bäş barmagyň yzlary şekillendirilipdir. Şol tagmalar barada alymlaryň arasynda dürli-dürli çaklamalar bar. Alymlaryň bir topary haçan-da gala salnanda, şol oazisde ýaşaýan hojalyklara kerpiç salgydy salnyp, olar hem öz oňarýan kerpiçlerine şol tagmalary goýupdyr diýen çaklama bar. Gadymy Merw oazisinde irki Orta asyrlara degişli Çilburç galasy, häzirki Baýramaly etrabynyň “Polk ata” diýen ýerinde ýerleşen ýadygärlikdir. Bu gala hem Durnaly galasy ýaly şol ölçegde çig kerpiçden bina edilipdir. Çilburç galasynda galanyň her burçunda (günorta, gündogar, günbatar, demirgazyk) 6-8 sany garagul durýan başnýalar (diňler) bolup, olaryň iç ýüzünden girelgesi hem ýokaryk çykalgasy bolupdyr. Çilburç galasy irki Orta asyrlarda Merw Horezm söwda ýolundaky uly söwda şäherleriniň biri bolupdyr. Ol ýerde arheologiki gazuw-barlag işleri netijesinde gala diwarlarynyň ozalky beýikligi we galanyň merkezi bölegindäki saklanan beýikligi hem öwrenmekde galanyň içinde manat pullaryň zikgelenendigini aňlamak bolýar. Ol ýerde 1975-1976-njy ýyllar men özüm gazuw işlerini alyp bardym.

Gadymy Merwiň giň harabaçylygynyň ortasynda Baýramalynyň etrap merkezinden daş bolmadyk ýerde üsti gümmezli ägirt uly desgalar görünýär. Ol bişen kerpiçden gurlupdyr. Ol desganyň berk diwarlary we nagyşly örtülen daýançlary (kolonnalar) owadan arkalar hem şol bişen kerpiçden örülipdir. Seljuk döwletiniň iň kuwwatly hökümdarlaryndan biri hasaplanan Soltan Sanjaryň guburhanasy bolan bu jaýyň tehniki taýdan kämilligi, berkligi

we gözelligi munuň eýýäm sekiz ýüz ýyldan-da köp wagtdan bäri durandygyna şaýatlyk edýär. Ýer ýüzünde munuň ýaly ägirt uly guburhanalar onçakly köp däldir. Köşgüň golaýyndaky millionlarça gullaryň gol zähmetiniň önümi bolan Müsür piramidalary, Rimdäki Adrian guburhanasy (perişde köşgi), hindi guburhanasy Täçmahal we ýene birnäçeleri gözbaşyny biziň eýýamymyzdan ozalky ikinji müňýyllgyň çuň jümmüşlerini başdan geçiren Soltan Sanjaryň beýik mawzoleýini öz hatarlaryna goşmalydyrlar. Soltan Sanjar mawzoleýi Seljuk döwletiniň we biri-birini çalşyryp duran döwletleriniň ençeme gezek paýtagty bolan köp müň adamly şäheriň ýokary gülläp ösüşini suratlandyrypdyr. Soltan Sanjar barada köp-köp rowaýatlar bardyr. Soltan Sanjaryň mawzoleýi W.A.Žukowskiý tarapyndan 1890-njy ýylda öwrenilipdi. 1929-1930-njy ýyllarda A.A.Semýonow tarapyndan öwrenilýär we belli bir derejede rejeleýiş işi geçirilýär. Mawzoleý 1147-nji ýylda Muhammet ibn-Atsyz tarapyndan bina edilendir. Has takygy arhitektura diýlende çyg kerpiçden bina edilen ymaratlar irki Orta asyrlara degişlidir. Biz Durnaly, Çilburç galalary bilen bir hatarda, Kiçi we Uly gyz galalary, Kiçi we Uly Nagym galalary ýatlamalydyrys. Bu agzalan soňky galalar Oguz han döwrüniň soňky basgançaklarynda VI-VII asyrlar ýa-da Gorkut ata zamanynda bolup geçen arhitektura özgerilişikleri. Bu agzalan irki Orta asyr ymaratlary 2 gat (etaž) jaýlardan ybarat bolupdyr, galanyň daşky diwarlary gasyn-gasyn (gofr) nagyşlar bilen bezelipdir. Galalaryň demirgazyk hem-de günorta taraplarynda girelgeleri bolup, olar ýarym aý (arka) görnüşinde bolupdyr. Bu galalar barada birnäçe rowaýatlar bar. Gadymy Marynyň sebitindäki köp sanly harabaçylyklardan ozaly bilen Soltan galanyň uly diwarlary IX-XII asyrlara degişlidir.

***Şähriýardaky*** köşk gönüburçly bolup, seljuklar döwründe bu köşk iki gat (etaž) bolup häzir hem onuň gatlaklary saklanyp galypdyr. Bu gala XII asyra degişlidir. Ýaşalýan öý howly – Soltangalanyň günbatarynda ýerleşmek

bilen XI-XII asyrlara degişlidir. Soltangalanyň günbatarynda ýerleşen Gyzbibi mawzoleýi hem XI-XII asyrlara degişlidir. Bu mawzoleý halk arasynda hem belli mawzoleýleriň biridir. Öz taryhy döwri boýunça hem gadymy täsin ymaratlaryň biridir. Rowaýatlara görä, 1156-njy ýylda bu ýerde Soltan Sanjaryň aýaly Türkanhanym jaýlanypdyr diýen çaklama bar.

Mary oazisiniň çig kerpiçden bina edilen X-XI asyrlara degişli ýadygärliklerden biri hem Gurtly depedir. Bu ýerde metjit hem bolupdyr. Gurtly depe harabaçylygy ozal öz döwründe ýaşap geçen Başan döwleti bolan bolmagy ähtimaldyr. XI asyryň başynda ýaşap geçen jemgyýetde uly orun tapan Muhammet ibn-Zeýdiň mawzoleýidir. Bu mawzoleý M.Ýe.Masson tarapyndan hem G.A.Pugaçenkowa bolsa, onuň arhitekturasyny öwrenen alymdyr. Şol asyra degişli Hudaýnazar öwülýä Soltangalanyň demirgazygynda ýerleşendir.

XII asyryň belli arhitektura ýadygärligi Talhatanbaba metjididir. Ol Marydan Baýramala tarap gidýän ýoluň ugrundaky gadymy gonamçylykda, Soltangaladan 30-40 km uzaklykda ýerleşýär. Orta asyr çeşmelerinde “Dalgatana” diýip hem atlandyrýarlar. Ol ilkinji gezek W.A.Žukowskiý tarapyndan öwrenilipdir, soň 1950-nji ýyllarda A.M.Pribytkowa tarapyndan öwrenildi.

Soltan Sanjar mawzoleýi – Soltangalanyň merkezinde Soltan Sanjar mawzoleýidir. Sanjar 1157-nji ýylda ölýär, taryhçy Ibn-al-Asyryň (XII asyr) berýän maglumatlaryna görä, “Ol gümmezli jaýda jaýlanypdyr. Şol jaýy ol özi üçin gurdurypdyr we özüniň o dünýädäki jaýy Sanjar ýogalandan soň ol ýerde Gurhandan dogalary okamak we onuň (Sanjaryň) ruhuna bagyşlamak üçin, alkyşlar aýtmak üçin dindarlardan adam görkezilipdir” diýip ýazýar. Mawzoleý 1157-nji ýylda Sanjar ýogalandan soň bina edilipdir. Gadymy Merwde XV asyra degişli Buzhanyň ýykyndylary saklanyp galypdyr. XV

asyra degişli Askablaryň jaýlanan ýeri G.A.Pugaçenkowa tarapyndan öwrenildi.

XVI asyra degişli Ýusup Hemedanynyň metjidi Isgender galanyň demirgazygynda ýerleşendir. Hemedan şäherinde doglan derwüş Abu-Ýakup Ýusup ibn Aýýup şäher barada köp maglumatlar galdyrypdyr. Bu metjit öz gurluşy boýunça Talhatanbaba, Änew metjitleriniň äheňinde gurlupdyr.

Taryhy döwri doly anyklanmadyk Tagtabazar etrabynda ýerleşen Ýeke deşik ýadygärligidir.

Atsyz mawzoleý – has gadymy ýadygärliklerden biri köne Amulyň ýakynyndaky atsyz mawzoleý şäher diwarynyň günorta-günbatarynda ýerleşendir. Bu atsyz çaklaňrak üsti bişen kerpiçden örülen gümmezli mawzoleýdir. Mawzoleýiň günorta-günbatar diwarynda mihrab ýerleşipdir (namaza durulýan tarap). Alym G.A.Pugaçenkowanyň kesgitlemesine görä, bu mawzoleý X-XI asyrlar bilen kesgitlenýär. Orta asyr Amuldan Horezme gidýän ýoluň boýunda, häzirki Darganata etrabynda Darganata kerwensaraýy ýerleşendir. Onuň taryhy senesi XIV asyrdyr.

***Darganata mawzoleýi*** – mawzoleý däp boýunça planynda inedördül, bişen kerpiçden bina edilen. Alym M.Ýe.Masson tarapyndan öwrenildi, ýadygärlik XIV asyr bilen, ýagny 1371-1372-nji ýyllar bilen kesgitlenýär.

***Alamberdan mawzoleýi*** – Türkmenabat şäheriniň gündogarynda ýerleşen, häzirki Atamyrat etrabynda ýerleşen, halk arasynda Alamberdan ýa-da Alamdartugçynyň mazary ýerleşipdir. Rowaýatlara görä, ol halyf Alyda harby başlyk bolupdyr.

***Astanababa mawzoleýi*** – häzirki Atamyrat (Kerki) etrabynda ýerleşendir. Ýerli ilat kä ony Astanababa mazary diýip, käte bolsa iki dogan Zeýdaly we Zuweýdaly mawzoleýi diýip hem-de olaryň aýallarynyň Gyzlarbibi mawzoleýi diýip atlandyrýarlar. Bu mazar barada birnäçe rowaýat bar. Bu mawzoleýde XIII-XIX asyrlar arasynda ençeme gezek rejeleýiş

işleri geçirilipdir. Mawzoleý XII-XIV asyrlar bilen kesgitlenýär.

Arheologiýanyň esaslary diýen sapak boýunça berlen leksiýalaryň möçberi deň däldir. Käbir leksiýalar 2 sagada hasaplanan bolsa, käbirleri 6 sagada hasaplanandyr. Bu çaklaňja gollanmada her bir taryhy döwrüň maglumatlaryna görä göwrüm berlendir. Arheologiýanyň esaslary diýen ozalky okuw kitabyndan bu gollanmanyň tapawudy, ozalky Russiýanyň ýerindäki (Nowgorod, Pskow, Kiýew we başgalar) taryhyň dürli döwürlerine degişli ýadygärlikleriň ornuna, Merkezi Aziýanyň, umuman Aziýa ýurtlaryň ýadygärlikleriniň sagat sanyny artdyryp berdim. Şu hödürlenýän sapaklaryň beýan edilişi onçakly doly we gutarnykly däldir.

## Kawkaz irki demir asyrynda

### 1. Urartunyň arheologiýasy.

GDA-nyň territoriýasynda b.e.öň I müňýyllygyň başlarynda gadymy gul eýçilik döwleti bolan urartu esaslandyrypdyr. B.e.öň I müňýyllygyň dowamynda ol Alynky Aziýanyň beýleki döwletlerine garanyňda hasda ösüpdir. Onuň medeni we syýasy tarapdan ösmegine Zakawkaziýanyň we alynky aziýa halklarynyň täsiri örän uly bolupdyr.

Urartu döwletini öwrenmeklik we ol ýerde arheologiki derňew işlerinmi geçirmeklik geçen asyrda ýola goýlupdyr. Şol döwürde sewan kölüniň kenarynda ýerleşen beýik gaçýdan ilkinji urartu ýazgylarynyň üsti açyldy. Ol gaýa ýazgylary b.e VIII asyrda ýaşan Rusy I atly patyşa tarapyndan ýazylypdyr. Biraz soň ýerewanyň golaýynda ýerleşen kaýmir-blur baýryndan ýüzüne urrtunyň soňky patyşalarynyň biriniň ady ýazylan ýazgy plitanyň döwükleri tapyldy.

Bu ýerde geçirilen soňky gözlegler goramak üçin niýetlenip gurlan taýşebany şäheriniň galyndylarynyň üstüniň

açylmagyna getirdi. Bu şäher patyşa rusy II buýrugy boýunça takmynan b.e.öň 675-650-nji ýyllarda gurlupdyr.

Bu ýerde köop ýyllaryň dowamynda geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde şäheriň hojalygy we syýasaty barada birnäçe maglumatlar toplandy. Onuň merkezinde tutýan meýdany 4 ga barabar daşdan we toýundan gurlan gala ýerleşipdir. Onuň töwreginde bolsa daşdan salnan jaýjagazlardan ybarat şäheriň biri kwartaly ýerleşipdir. Onuň merkezinden urartu adamsynyň howlusynyň harabalygy tapyldy. Howly uly kompleksleýin gurluşdan ybarat bolup, onuň gurluşynda çig kerpiç ulanypdyrlar. Howlyň içinde ýüzden gowrak otaglar bolupdyr. Howlynyň esasy ambar bölegi has gowy saklanypdyr. Ol ýerden urartu sungat esrlerinden habar berýän galyndylar tapyldy. Tapylan owadan bezegleriň aglabasynyň ýüzünde gaplaňyň we öküziň bürünçden şekilleri çekilen bulardan başgada metaldan edilen şlemlar, ata goşulýan tekerli arabalary ýasapdyrlar we sagdaklary ýasapdyrlar.

Şol ýerde ýerleşen ambarlaryň birinden ýüzüne ýazgylar ýazylan birnäçe bürünç pyýalalaryň (ram-käse) üsti açyldy. Howlynyň çäginden tapylan tapyndylaryňp arasynda assiriýadan we müsürden getirilen zatlar hem duş gelýär. Duş gelýän zatlaryň arasynda toýnuň ýüzüne belgi görnüşinde ýazylan klinopis hem duş gelýär. Kamir bulur baýyrlarynda urartu döwletiniň demirgazyk böleginiň administratiw merkezi ýerleşipdir. Merkezde ýerlerşen galada şol ýere gözegçilik edýän dikme ýasapdyr. Arheologiki maglumatlara görä teýşebany şäheri demirgazyk welaýatyň hojalyk merkezi bolupdyr. Örän uly ammaryň ýerleşne ýerinden ýörite ýere gömlen äpet uly hum tapylyp, onda bugdaý miwe we wino saklanypdyr. Wino saklamaka üçin niýetlenen toýundan edilen humlar özüniň göwrüminiň ululygy boýunça haýran galdyrýar. Olaryň käbuiriniň sygymy 1500 litre çrnli baryp ýetýär. Şeýlede ol ýerden oba hojalygynda ulanylýan zähmet gurallary

hem tapyldy. Önüm öndürmäge niýetlenen şol gurallar demirden ýasalan arak zernatýorka we sokydaşy köp duş gelýär. Azyk önümleriniň köp mukdardaky zapasy galanyň şol astyndaky territoriýalarda ýygnalypdyr.galanyň töwereginden sada görnüşde salnan ýaşaýyş jaýlarynyň üsti açyldy. Adatça ol jaýlar 2-3 bölekden ybarat bolupdyr. Urartarlylaryň öýlerinde hiç hili öý goşlary ýok diýen ýaly. Bu ýagdaý diňe Urartua häsiýetli bolman gadymy gündogaryň ähli ýerleri üçin häsiýetli bolupdyr. Öýüň esasy goş golamy toýundan edilen önümler bolup olarda azyk önümleri we ownuk zatlar saklanypdyr, agaçdan we süňkden ýasalan (gurallar) her bir öýde bolupdyr.

Zakawkaziýada urartunyň beýleki galalary hem bellidir. Şeýle galalaryň ikisi sewan kölüniň kenarynda ýerleşip olatryň biri beýik gaýadan uzakda bolmadyk Ner-Baýezera şäherinde beýlekisi bolsa kölüň günorta kenaryna ýerleşýär. Araksyň sag kenarynda armawir baýrynda irki döwürlerden bäri paýtagt şäher bolan Argeşti paýtagt şäheri ýerleşýär. Şäherde gazuw-agtaryş işleri geçirilen wagtynda ol ýerden klinopis görnüşinde ýazylan ýazgylaryň üsti açyldy. Ol ýazgylarda galanyň gurluşygy ol ýerdäki ybadathanalarda we şuňa meşzeş zatlar barada maglumatlar bar.

b.e.öň 783-nji ýylda Argeşti patyşanyň döwründe GDA-nyň territoeriýasynda iň gadymy şäher bolan Erbini (Ýerewan) esaslandyrylypdyr. Gadymy Ýerewanyň gurluşynyň galyndylary häzirki döwür şäheriniň golaýyndan tapyldy. Şeýle klinopis ýazgyly daş tapyldy. Onda “Beýik holda hudaýa mindanyň ogly Argiştinden şu salynan sarsmaz galaly Eribuny şäheri diýip at berdim. Bianta döwletiniň ösüşi üçin we beýleki. Şeýlelikde ýerewanyň esaslandyrylan wagty aýdyň anyklanyldy. Oňa 2700 ýyldan gowrak wagt bolupdyr.

Urartardaky ähli belli galalar birmeňzeş äheňde gurlupdyr. Olar: galadan ambardan, ybadathanadan we ýaşaýyş jaýlaryndan ybarat bolupdyr. Bu bolsa şäherleriň bir-birleri bilen belli bir baglanyşugyň bardygyny aňladýar.

Uratar ýerlerine zähmetiň dürli görnüşleri hünär hökmünde ýaýrapdyr. Bu ýerden esasanam zähmetiň metaly işläp bejermek görnüşi has ýaýbaňlanypdyr. Adamlar metaly işläp bejerenlerinde ondan ýarag ýasamaklyga aýratyn uly üns beripdirler. Ondan gylyç, kellä geýilýän demir şlemlary, gorag üçin niýetlenen sowutlary, peýkamyň uçlaryny we hanjarlary ýasapdyrlar. GDA-nyň territoriýasynda metaly işläp bejermekde aňrybaş üstünligi gazanan we ony Kawkazyň beýleki halklaryna ýaýradan halk urartarlylatr bolupdyr. Urartarlylaryň ýörite toýundan gap-gaç ýasaýan küýzegärçilik merkezleri bolupdyr.

Urartarlylaryň sungaty assiriýalylaryňka örän ýakyn bolupdyr. Bu bolsa Urartar we Assiriýa sungatynyň öz gözbaşyny gadymy Wawilon sungatyndan alyp gaýdýandygyny görkezýär. Muňa klinopis görnüşli ýazgylaram degişlidir. Urartar klinopis ýazgylarynda wawilon ýazgy ýazyş usuly mese-mälim görnüpdir.

B.e. öňki VI asyrda Urartu döwlet hökmünde we syýasy birleşik hökmünde öz güýjüni ýitirdi. Midiýanyň zarbasy netijesinde skifler syndyrylýar.

Urartu döwleti zakawkaz halklatry bilen uzak gatnaşyklary ýola goýupdyr.

## Kawkaz halklary b.e.öňki I müň ýyllykda

Zakawkaz halklary Urartilerden köp zatlary kabul edipdirler. Olara Urartarlylardan galalar we ybadathana salmagyň usuly geçipdir. Şeýlede ösen bagbançylyk we suwaryş ýaplaryny çekmegiň usullary geçipdir.

B.e.öňki IV Ermenistanyň üsti tekiz belentliklerinde birnäçe döwletler emele gelipdir. Onuň dagly ýeri Kiçi Ermenistan diýlip atlandyrylypdyr. Ermenistanyň jülgeliklerinde özbaşdak patyşalyklar döräpdir. Günorta Ermenistan Selewkiler döwletiniň düzümine Beýik Ermenistan ady bilen girdi.

B.e.öňki II-I müňýyllykda Beýik Ermenistan özüniň gülläp ösüşini başdan geçirýär. Şol döwürlerde Ermenistanyň territoriýasyndaky beýleki ownuk döwletleri birleşipdir we Bitewi Ermenistan döwleti döräpdir.

Ýerewanyň golaýyndaky Gorni diýen şäher gadymy Ermenistanyň taryhynda ýeke-täk öwrenilen şäher. Ol ýerden b.e.öňki III-II asyrlara degişli galanyň diwarlary tapyldy. Onuň gurluşygynda dagda duşýan basalt daşlaryny ulanypdyrlar. Olar biri-birine gurşun we demir halkalary bilen birikdirilipdir. Şol ýerden b.e.öňki II asyra degişli ajaýyp ybadathananyň harabalygy hem tapyldy.

Ybadathana grek äheňinde gurlupdyr. Onuň ýokaryk çykylýan basgançaklary asman toplumyny saklap duran atlantlylara baralef şekilleri bilen bezelipdir. Gönüburçluk ybadathananyň beýik beýik frantony bolupdyr.

B.e.öňki III asyrda Kury derýasynyň orta akymynda özbaşdak Ibreý döwleti emele gelýär. Bu döwleti esaslandyryjy Kuranyň kenarynda Armazis-Sihe şäherini döredipdir. Şu şäher Ibreý döwletiniň paýtagtyna öwrüldi. Onuň harabalyklarynyň üsti gündogar Gruziýanyň Msheti şäheriniň töwreginden

açyldy. Şäher Aragby we Kur derýalarynyň aralygynda örän amatly geografiki şertlerde ýerleşipdir.

Gazuw-agtaryş mahaly şol şäherden galanyň daş diwarlary we minara hem-de uzyn zally kaşaň köşgüň üsti açyldy. Gazuw-agtaryşlardan belli bolşy ýaly, daşdan jaý salmak usulyny diňe köşk salmakda ulanman eýsem,ýönekeý jaýlary guranlarunda-da bu usuly ulanypdyrlar. Salan daşdan jaýlarynyň üstüni çerepisa bilen basyrypdyrlar. Şeýle-de rimlileriň äheňinde salnan hammamyň üstu açyldy. Onuň gizlin ýyladyjy turbalary bolup, onda sowuk we gyzgyn suwy akdyrmak mümkin bolupdyr. Armazydan uzakda bolmadyk ýerden Kawkazda iň kaşaň Samtawr gonamçylygynyň üsti açyldy. Bu gonamçylykdaky mazarlaryň köp bölegi Ibriý döwletiniň we Armazy şäheriniň gülläp ösen döwrüne degişli. Şol döwürde mazarlar çerepitsadan, bişen kerpiçden we daş plitalaryndan gurupdyrlar. Merhumy uzynlygyna ýatyryp jaýlapdyrlar. Baýlar bilen pukaralaryň jaýlanyşy uly tapawut edipdir. Ibris hökümdarlarynyň mazarlary beýlekileriňkä garanyňda özleriniň kaşaňlygy bilen tapawutlanypdyr. Olary kümüş aýajykly daş tabytda (sarkofag) goýup jaýlapdyrlar. Daş plitalarynyň ýüzüne olaryň ady oýulyp ýazylypdyr. Mazarlardan gymmatbaha zatlar: kümüşden, tokalar (blýaşki), bukaw gulakhalkalar we ýüzükler tapylypdyr. Esasanam çeper ýerine ýetirilen gap-gaçlar köp duş gelýär. Toýundan ýasalan gap-gaçlar grekleriň we rimlileriň keramika äheňinde ýörite küýze ýasalýan çarhlarda taýýarlanypdyr.

Dürli formadaky we reňkdäki aýna gap-gaçlaram duş gelýär. Şol gap-gaçlary ibreý han-begleri ulanyp bilipdirler. Mazarlaryň arasynda garyp, pukaralaryň mazarlary aýratyn bildirip dur.

B.e.öň I müňýyllygyň II ýarymyndaky mazarlardan rimlileriň sene ýazylan teňňeleri tapylypdyr. Ýazuw we arheologiki ýadygärlikler Gündogar Gruziýada we iberiýada b.e.öň I müňýyllygyň II ýarymynda synpy jemgyýetiň we

döwletiň has-da çylyşyrymlaşandygyny habar berýär. Bu döwürde Rimde we Gresiýda bolşy ýaly gulçulyk uly bir ähmiýete döretmändir. Aýratynam uly güýç dolandyryjylaryň elinde bolupdyr.

B.e.öň I asyryna köp epigrafiki ýadygärlikler degişlidir. Şol döwürde olaryň resmi dili grek dili bolupdyr. Iberiýda grek haty gelmezden öň, olaryň özleriniň armaz haty bolupdyr.

Irki demir asyrynda günbatar Gruziýanyň taýpalarynyň arasynda birnäçe çylyşyrymly taryhy wakalar bolup geçipdir. Zakawkaziýäniň bu bölegi gadymy döwürden bäri Kalhida ady bilen bellidir. Bu gaty belli bolmadyk ýurt bilen altyn ýüňli hyýaly zatlary baglanyşdyrypdyrlar.

B.e.öň VII asyrda kimmiristler bu sungata güýçli täsir edipdirler, ondan soň skifler öz täsirini ýetiripdirler. Bu ýagdaý Gagryň töweregindäki mazarçylykda Kulanurhwin jaýlaýyş dessurlarynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Bu mazarlardan skiflaryň zatlaryna meňzeş önümler ornamaent bilen örtülen demir hanjar, söweşde ulanylan ýaraglar we pyçaklar tapyldy.

Kolhidalylaryň has gadymy medeniýetiniň ilki b.e.öň IV asyrda grekler has güýçli täsir edipdir. Soňra rimliler täsir edipdir. Şol döwürde ýaşan halkyýetler grek medeniýetiniň ýol görkezijileri hasaplanýar. Bu ýagdaýa arheologiki tapyndylar şaýatlyk edýär. B.e.öň IV-III asyrlarda Kolhidada adamlary ullakan tovundan edilen gaplarda jaýlamak dessury saklanypdyr.

Günbatar Gruziýa b.e.öň III asyrda özbaşdaklygyny gazanypdyr. Munuň şeýledigi arheologiki tapyndylaryň esasynda ýagny kolhidanyň ýerli zikgehanasynda zikgelenen teňeler esasynda bilinýär. B.e.öň III asyryň II ýarymynda şalyk süren Aka patyşanyň adyndan zikgelenen teňňelerem bar.




**Gadymy teňňeler**

Kolhidanyň böleklere bölünen ownuk knýazlyklary b.e.öň I asyrda tiz wagtda Mitridat şa tarapyndan basylyp alynýar. Şondan soň kolhidanyň ýerleri rimliler tarapyndan basylyp alynýar. Şol döwürde giňden ýaýran küýzede jaýlaýyş dessury düýbünden diýen ýaly ýitipdir.

Kawkazda öz döwrüne häsiýetli medeniýet hökmünde Azerbaýjan medeniýeti ýüze çykýar. Kuranyň we Araksyň aşak akymyny Mygan çöllügini grek we rim awtorlary Alban diýip atlandyrypdyrlar. Bu ýeriň ýaşaýjylary ekerançylyk medeniýetini esaslandyryjylar hasaplanýar. Azerbaýjan ýerlerine göçüp gelen halklar edil şol ýeriň ilaty ýaly ýaşapdyrlar.

Arheologiki maglumatlara görä albanlaryň öri meýdanlary bolupdyr. Ujyna demir berkidilen agaç kündelerde olar ýeri sürüpdirler. Şeýlede üzümdarçylyk hem giňden ýaýrapdyr. Araksda emeli ýer bejeriş usuly ulanylypdyr.

B.e.öň I asyrda D.g Kurada ýaşan urug taýpalar albanlar bilen bitewi soýuzy emele getirýärler. Alban döwletinde gul eýeçilik hem bolupdyr. Zakawkaz halklarynyň arasynda feodal gatnaşyklar bu ýerde örän uzak dowam edipdir. Has irki döwürde orta zakawkaz hal;klary daşary ýurt basybalyjylary bilen haýbatly uruşlary alyp abarypdyrlar. Olar ilki rimliler soňra wizantiýa we eýran bilan has soň arap basybalyjylary bilen uruşlar alyp barypdyrl;ar.

b.e.öňki IV asyrda Beýik Ermenistan döwletine eýran sasanydlarynyň çozmagy netijesinde köp şäherler weýran edliopdir. Täze şäherleriň dikeldilmegi b.e.öň VI asyra degişli. Şäherleriň arasynda gündogarda iri söwda merkezleriniň birine öwrülen Dwin şäheri hasda ösüpdir.

b.e IV-V asyrlarynda hristian dininiň berkemegi şäherleriň medeniýetine täsir edip gruziýada feodal gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna getiripdir. Esasanam bu ýagdaý orta asyrklarda Mshetada we Rutabada hasda duýlupdyr.

Zakawkaziýäbiň beýleki ýerlerine garanyňda azerbaýjanyň köp bölegi Eýran Sasanidleriniň täsiri astynda bolupdyr.

VII asyrda arap basybalyjylarynyň çozuşlary zakawkaz halklarynyň esasanam Azerbaýjan we Ermeni halklarynyň medeniýetine has uly täsir edipdir. Şol döwürden musulmanlaryň uly täsiri astyndan ýerli medeniýetiň täze gülläp ösüş döwri başlanýar.

### *Kawkaz, Gündogar Ýewropa, Alynky Aziýa ýurtlarynyň ýadygärlikleri.*

Irki demir asyry zamanynda Kawkaz hem-de Gündogar Ýewropa ýurtlarynda ilkidurmuş obşina dargap, onuň ýerine täze synpy jemgyýet döreýär. Kawkaz ýerlerinde ilkinji dörän döwlet Urartu döwletidir. Biraz wagtdan Gündogar Ýewropa ýurtlarynxda Gara deňiz kenarlarynda gadymy grek şäherleri döredi. Ösen grek medeniýeti we siwilizasiýasy Kawkaz we Gara deňiz kenarlaryndaky halklaryň we halkyýetleriň medeniýetiniň ösmegine ösen siwilizasiýa täsir edipdir.

Jemgyýetiň täze jemgyýetçilik gurluşyna geçmegi durmuşy uly-uly özgerişlere alyp bardy. Halk hojalygynda täze has öndürijilikli zähmet gullary, beýik owadan binalar, täze şäherleriň döremegi, hatyň durmuşa doly ornaşmagy bolup geçipdir. Netije: b.e. öňki I müňýyllygyň başynda Alynky Aziýada ilkinji bolup dörän Urartu döwletidir. Bu döwletiň garamagynda syýasy we ykdysady tarapdan bagly bolan halklar ýaşapdyr. Ermenistanyň Sewan kölüniň kenaryndaky Urartu patyşasy Rusy I ömri we döredijiligi bilen bagly hatlar tapylandyr. Ýerewanyň golaýynda Karmir-Bulur diýen ýerden ýüzi hatly plitalar we daş bölekleri tapyldy. Şol Sewan kölüniň ýanynda Teýbany diýen şäher hem bina edilýär. Ol patyşa Rusy II görkezmesi boýunça b.e.ö. 675-650-nji ýyllarda bina edilipdir. Arhiologik maglumatlaryň esasynda, şol zamanlarda bina edilen Teýşebany şäheridir. Ol ýerde gala gök, çakyr saklanan hum küýzeleri hem tapylypdyr. Olaryň ölçegleri dürli-dürli bolup, hat-da käbirlerinde 150 litr çakyr saklanypdyr. Baş şäheriň töwereginde oba hojalygy bilen meşgul bolan garamaýak halkyň ýaşan ýerleri öwrenilende, ol ýerden ýaşalan jaýlaryndan zähmet hem-de ýarag gurallary tapyldy. Baý adamlaryň ýaşan otaglarynda hem baýlygy aňladýan öý bezeýji (mebel) goşlar bolman, öýde diňe zat saklanýan küýze gaplary saklanypdyr. Beýle düzgün diňe bir Kawkazda däl, hat-da

gadymy gündogarda hem şeýledir. Ermenistanyň Araksa diýen derýasynyň boýunda ýerleşen Argiştihinim şäheri öz gadymylygy we berkitmeleri bilen tapawutlanýandyr. B.e.ö. 783-nji ýylda patyşa Argiştiniň hökümi boýunça Erabuny şäheri bina edilýär. Alymlaryň kesgitlemelerine görä, ol häzirki Ýerewanyň ýerinde dörän şäherdir. Arheologik gazuw-barlag işi netijesinde şine şekilli (Kliporis) hatlar tapyldy. Hatlaryň berýän manysy patyşa Argiştiniň kimiň ogludygy we Erabuny şäherini bezemekde we berkitmekde edilen işler barada. Şol hatlaryň berýän maglumatlaryna görä, Ýerewan şäheriniň döredilenine 2700 ýyl bolandygyny kesgitlediler. Urartu döwleti öz döwründe has tanymal, dünýä belli döwlet bolandyr. Kawkaz halklarynyň merkezleşmeginde uly orun tapandyr.

### *B.e. öňki I müňýyllykda Kawkaz halklary*

Kawkaz ýerlerinde iň irki dörän döwletleriň biri bolan Urartu döwleti Zakawkazýe ýerinde beýleki antiki zamanyna degişli şäherleriň döremegine we ösmegine esasy şertleri döredendir. B.e. öňki IV asyrda Ermenistanyň daglyk etraplarynda we Ararat jülgelerinde birnäçe özbaşdak patyşalyklar döräpdir. Gadymy Ermeni şäherleriniň içinde Garny şäherjigidir. Bu şäheriň daşyna edilen berkitme adaty edilýän berkitmelerden beýikligi boýunça tapawutlanypdyr. Ol ýerden dini hramlaryň galyndylary öwrenilende, ol desgalaryň arhitekturasy gadymy grek arhitekturasyna çalymdaş bina edilipdirB.e. öňki III asyrda Kury derýasynyň orta akymynda özbaşdak Iberiýa döwleti döräpdir. Gündogar Gruziýanyň ýerinde Mshet döwleti döräpdir. Jaýlar bina edilende, ýörite daglaryň gerişlerinde, baglyk ýerlerde bina edilipdir. Armazy şäherinden daş bolmadyk Samtawar guburynda gazuw-barlag işleri geçirilende, jaýlanan adamlaryň ýanyndan gymmat bahaly bezeg şaý-sepleri tapylandyr. Iberiýa patyşalyklaryna degişli guburlyklardan tapylan küýze gaplary özleriniň daşky görnüşleri boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. B.e. öňki I

müňýyllygyň 2-nji ýarymynda manat pullary peýda bolýar. Netijede ýokarda agzalan sene boýunça G.d. Gruziýada, Iberiýada şol zamanda synpy gatlaklaryň dörändigine şaýatlyk edýär. Ýöne bellemeli zat, ol hem Gruziýada, Iberiýada gul eýeçilik zamany öz gurluşy boýunça gadymy Gresiýadaky ýaly bolmandyr. Gul eýeleriniň hukugy çäklendirilipdir.

Zakawkazýe ýerinde ýene-de bir belli medeniýetleriň biri Kolhida medeniýetidir. Grek söwdagärlerine iň bir ýaran Kolhida şäheridir. Çünki onuň ýerleşen ýeri adamlar üçin ýaramly we gözel olupdyr. Gruziýanyň Gagir şäheriniň golaýynda Kulanurhiwinski diýen mazarystanlykdan tapylan baýlyklar özleriniň dürli-dürli zähmet we ýarag gurallarynyň öndürijiligi bilen tapawutlanypdyr. Kolhid medeniýetiniň ösmegine gadymy grek we rim medeniýetlerine çalymdaşlygy, olaryň köp täsir edendiklerinden ybaratdyr. Gyzyl manatdan Kolhid monetalary hem zikgelenipdir.

### *Gara deňiz kenaryndaky antiki döwletler we şäherler*

B.e. öňki VII asyrda D.g. Gara deňiz kenarynda grek söwda şäherleri döreýär. Olar birbada diňe söwdagärleriň merkezi bolupdyr. Olardan Olwiýa, Feodosiýa, Pantikonat, Tritana, Mirmekiý başga-da Kawkaz ýerlerinde Gara deňiz boýlarynda Abhaziýada, Dioskuiada hem-de Fasis şäherleri döräpdir. Bu şäherleriň adamlary balyk önümlerini öndüripdirler.

Kerç aýlagynyň golaýynda Bospor patyşalygy döräp, ol öz geografik ýerleşişinden ugur alyp, onuň ilata söwda porty bolup hyzmat edendigine şaýatlyk edýär. Bospor patyşalygy Gun taýpalary bilen irginsiz harby çaknyşykda bolupdyr. Ýene-de bir şäherleriň biri, ol hem Pantikopeýdir. Bu şäher dag gerişlerinde belent ýerde bina edilip, grek arhitekturasyny ýada salýar. Bina edilen beýik ymaratlar gymmat bahaly daşdan salnypdyr. Bu şäherlerde çakyrçylyk has giňden ösdürilipdir. Gara deňziň G.d. kenarynda ýerleşen antiki grek

koloniýalarynyň içinde Fanagoriýa hem uly şäherleriň biridir. Arheologik işler netijesinde täjirler üçin salnan daşdan jaýlar öwrenildi. Şol jaýlaryň arasynda harby gimnaziýa jaýlarynyň galyndylary hem bar. Fanagoriýadan düýbi çüýri hun küýzeleri tapyldy. Olar çakyry daşary ýurda çykarmak ýa-da has suwuk dermenlary (simap) saklamakda agzy dar küýzeleri – amforlary ulanypdyrlar. Tapylan mis, kümüş metallaryň ýüzünde oba hojalygynda ulanylýan gurallardan azalyň, oragyň şekilleri şekillendirilipdir. B.e.ö. VIII-VI asyrlarda ýasalan küýze gaplarynyň ýüzünde gara reňk bilen nagyş çekilipdir. B.e.ö. II asyrda Bospor patyşalygynda gullaryň uly gozgalaňy bolýar. Ol gozgalaňa asly skif Sowlean ýolbaşçylyk edýär. Gozgalaňçylar patyşany tagtdan agdaryp, Pantikopeýi eýeläpdirler. B.e.ö. III asyrda Bospor patyşalygy hem ykdysa, hem durmuş taýdan gowşaýar. Grekleriň uzak wagtlap Gara deňziň kenarynda ýaşandygy üçin, olar etniki taýdan ýerli halk, ýagny sarmatlar we meotlar bilen garyşypdyrlar.

### *Olwiýa*

Be.ö. VI asyra Gara deňiz kenarynda dörän Olwiýa şäheridir. Arheologik gazuw-barlag işi netijesinde hünärmentçileriň kwartallary öwrenildi. Ol ýerde öndürilen küýzeler, beýleki gap-gaçlar özleriniň ýokary hilliligine görä, daşar söwdada uly orun tapypdyrlar. Kwartallar bir-biri bilen uly bolmadyk köçeler bilen tapawutlanypdyr. Köçeleriň iki gapdalynda dini ymaratlar, jemgyýetçilik jaýlary bina edilipdir. Olwiýa şäherinde gyzyldan, kümüşden zikgelenen manatlar haryt hökmünde grek şäherlerine äkidilipdir.

### *Hersones.*

B.e.ö. V asyra degişli Hersones şäheri Krymyň günorta-günbatarynda ýerleşipdir. Ol beýleki şäherlerden tutýan meýdany boýunça tapawutlanypdyr. Onuň meýdany 38 gektar bolupdyr. Köçeleri ownuk daşlar bilen düşelen, iki tarapy heýkeller (statuýalar) bilen bezelipdir. IV-III asyrlarda

Hersones şäheri öz ösüşi boýunça iň ýokary derejä ýetýär. Jaýlaryň diwary gaty galyň bolupdyr. Kähalatlarda 3-8 metr, beýikligi 8-10 metre golaý bolupdyr. Krymyň golaýyndaky patyşalyklar öz aralarynda oňuşman bir-birleriniň üstüne çozup başlapdyrlar. B.e.ö. II asyrda Hersones özüniň syýasy özbaşdaklygyny ýitirýär we b.e.ö. 63-nji ýylda Rimiň golastyna düşýär.

### *Buhara we Samarkantyň arhitektura ymaratlary*

Müň ýyl mundan ozal Buharanyň taryhy Abubakr Narşahy (899-959) "Buharanyň taryhy" diýen taryhy eserini ýazypdyr. Gadymy Buharanyň taryhy barada birnäçe rowaýatlar saklanyp galypdyr.

XI asyryň ahyrlarynda XII asyryň başlarynda Buhara wagtlaýynça Garahytaýlylar dinastiýasynyň golastyna düşýär. Soň 1220-nji ýylda mongollaryň düzümine düşýär we şäheri derbi-dagyn edipdir. XIV-XV asyrlarda Timuryň ýa-da Timuritler döwletiniň düzümine girmek bilen ol din baradaky esasy merkeze öwrülýär.

Buharanyň arhitektura ýadygärlikleriniň arasynda iň gadymylarynyň biri ol hem Ark ýa-da gadymy gala. Onuň galyndysy beýik depe görnüşinde bolup, beýikligi 20 metr, tutýan meýdany bolsa 4,2 gektar bolupdyr.

Arkyň daşky görnüşi köpburçlydyr. Ark ilki bilen çig kerpiçden, soň bolsa rejeleýiş işi wagtynda bişen kerpiçden gurşapdyrlar. Depäniň daşy beýik gala bilen gurşalandyr.

Ark araplaryň düzümine girýänçä, döwlet ýolbaşçylarynyň jemlenýän ýeri ýa-da maslahatlaşýan jaýy bolupdyr. Has takygy, şol zamanda döwlet ýolbaşçylaryny (Buharada) – Buhar-hudaý diýip atlandyrypdyrlar. Buharada Samanitler zamanynda (IX-X asyrlar) Ark esasy merkez bolupdyr we belli bir derejede rejeleýiş işleri geçirilipdir. Arka girmek üçin pandus görnüşli ýapgyt ýer bilen gapa barypdyrlar. Esasy girelgesiniň agzynda, sagynda we çepinde uly tegelek

diň bolupdyr. Häzirki döwürde Arkda Buhara oblast muzeýi ýerleşýär.

***Ismail Samaniniň mawzoleýi (IX-X asyrlar)*** Buharanyň merkezi seýilgäjhinde ýerleşendir. Mawzoleýiň maňlaý fasady ýok, özem bişen kerpiçden bina edilipdir. Mawzoleýiň daşky görnüşi dörtburçlukdyr. Girelgeleri ýarym aý görnüşde bolup (arka), özem mawzoleýiň iki tarapynda ýerleşipdir. Mawzoleýiň dört diwary hem içinden, hem daşyndan owadan nagyşly kerpiç bilen gurşalypdyr. Mawzoleýiň diwarynyň iç tarapynda mawzoleýiň dört diwary hem günüň düşmegi bilen ýapylypdyr, lowurdap dur, ol arhitektoryň ussatlygyny aňladýar. Ol diňe bir günüň şöhlesine lowurdaman, aýyň ýagtysyna hem şöhle saçýandyr. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu mawzoleýi Ismail Samani ýaşap ýörkä, kakasynyň guburynyň üstüne bina edipdir. 1920-nji ýylda bu mawzoleý seredilmän ýkylypdyr. Soň ýerli dindarlar tarapyndan rejelenip, töweregi hem bişen kerpiçden meýdança bejerop, syýahata baran adamlar üçin aýlanara, görere ýer açypdyrlar.

***Mazar Gasma-Anod*** – bu mazaryň taryhy senesi XII asyr bilen kesgitlenýär. Bu hem şol Buharanyň seýilgäh dynç alyş ýerinde ýerleşendir. Häzirki günlere çenli mazaryň gapdalynda suw çeşmesi bardyr. Ol barada halk arasynda köp rowaýatlar bardyr. Bu mazarda birnäçe gezek rejeleýiş işleri geçirilendir.

***Magoki-Attaryň metjidi*** – munuň XII, XVI, X asyrlar bilen kesgitlenýär. Orta asyr alymy Narşahy bu mazaryň ýerinde ozal metjit bolupdyr, ondan hem ozal ol ýerde otparazlar dinine mahsus bolan ymarat bina edilen pikire öňe sürýär. Bu ýerde 1934-1935-nji ýyllarda W.A.Şişkin tarapyndan arheologik gazuw-barlag işleri geçirilip, ol ýerde birnäçe medeni gatlaryň bolandygyny anyklady. Buhara şäheriniň günorta tarapynda, şäheriň çäginden daşary Namazgah diýen metjit bolupdyr. Ol XII. XIV, XVI asyrlar

bilen kegitlenipdir. Alymlaryň çaklamalaryna görä, bu ýerde haçan-da uly dini baýramçylyklar bolanda, namaza durýan adamlara şäher metjidi darlyk eden mahaly Namazgaha baryp, namaz okapdyrlar.

***Kolýanyň mirasy*** – bu minara 1127-nji ýylda bina edilipdir. Bu minarad namaz wagty çagyrmak üçin jarçy adam jar çekipdir. Bu minarad 104 sany basgançak bar. Berilýän maglumatlara görä, bu minaranyň iň ýokarsyndan günä iş eden adamlary ýere taşlap öldüripdirler. Käwagtlarda bu diňe ölüm dini diýip hem atlandyrypdyrlar.

***Medrese Miri-Arab*** – munuň bina edilen wagty 1535-nji ýyl. Bu medrese Samarkantdaky Ulugbekiň medresesine çalymdaşdyr. Bu medresäniň gapdalynda alymlaryň çaklamalaryna görä, Ýemenden gelen Şeýh Abdullah jaýlanyldy. Miri-Araby okuwçylary Ubaýdulla han Şeýbany öz mugallymlary Miri-Arabyň aýak ujunda jaýlanypdyrlar. Miri-Arabyň gündogar tarapynda Modoryhan atly mederese ýerleşip, ol 1566-njy ýylda bina edilip, şol döwürde Taki-Zargaran, Taki-Tilpan Fruşan, Taki-Sarrafan, Hanaka Diwan Begi, Medrese Kükeldaş 1578-nji ýylda bina edilen. Ulugbekiň medresesi 1417-nji ýylda bina edilen. Bu Buhara boýunça üç sany medreseleriň iň gadymysydyr.

***Gadymy Samarkant ýa-da Marakanda*** Orta Aziýanyň ýerinde iarhitektura ýadygärliklere in baý ýurduň biridir. Şahi-Zinda özbekçe “Janly patyşa” diýmekdir. Bu mazar Samarkantyň günortasynda ýerleşendir. Bibi-Hanym metjidi XVI asyryň ahyrlaryna degişlidir. Samarkantda Gur-Emiriň mederesesini XV asyrda Timur öz agtygy Muhammet Soltana bagyşlap gurdurýar. Ak-Saraý mazary Registan XIV asyrlarda bina edilen binadyr. Ak-Saraý, Hezreti_Ymamy we Gök-gümmez XIV-XV asyrlar bilen kesgitlenýär. Hywadan hem birnäçe ymaratlar öwrenilendir. Seýit Allauddiniň mawzoleýi, Juma metjidi, Köne-Ark, Daş-Auli, Pälwan-serweze,

Pahlawan-Mahmut gümmezi, Pälwan derwezesi, Nurylla-baý köşgi XIX asyr bilen kesgitlenilýär.

## Edebiýat


***1.*** Berdimuhammedow G. Ösuşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I-II jilt. Aşgabat, 2008-2009.

***2.*** Berdimuhamedow G. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

***3.*** Berdimuhammedow G. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007

***4.*** Berdimuhammedow G. Ahalteke bedewi biziň buysanjymyz we şöhradymyz. Aşgabat, 2009

***5.*** Berdimuhammedow G. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat, 2009

***6.*** Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2006.

***7.*** Türkmenistanyň Bitaraplygy we Aziýadaky halkara gatnaşyklary.

***8.*** Halkara ylmy-praktiki konferensiýanyň materiallary. Türkmenistan, 11.09.1995.

***9.*** Внешная политика Нейтрального Туркменистана. Ашгабат, 1999 (Реч., выступления и интервью Президента Туркменистана С.Ниязов).

***10.*** Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy. XXI asyr üçin “Maksatnama”. Aşgabat, 1999.

***11.*** Туркменистан сегодня и завтра. Ашгабат, 1999.

***12.*** Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenbaşynyň harby doktrinasy. Aşgabat, 1994.

***13.*** Ak – bugdaý halkara ylmy maslahatynyň maglumatlary. Aşgabat, 2004

***14.*** Soltan Sanjar we onuň zamanasy. Halkara ylmy maslahatynyň maksatnamasy. Aşgabat, 2004

***15.*** Sarahs kerwen ýollarynyň çatrygynda. dosent, G.N. Hanmyradow. Aşgabat, 2004

**16.** Türkmensitan Änew medeniýetiniň we Ak – bugdaýyň watanydyr. Aşgabat, 2004
**17.** Малькольм Колледж. Парфяне. Москва 2004.
**18.** Овез Гундогдыев. Прошлое Туркмен. Москва 1998

## Mazmuny:

**Giriş.**
Gadymy mirasymyzyň Täze Galkynyşlar eýýamynda öwrenilişi. ........................................................................7-25
**Daş asyrynyň arheologiýasy**
Paleolit, Irki, Orta we Giçki Paleolit.................................26-39
Mezolit eýýamy...............................................................40-46
Neolit eýýamy..................................................................47-53
Neolit döwrüniň esasy ýadygärlikleri(Jeýtun, Kelteminar)..55-67
Eneolit eýýamy...............................................................67-85
Türkmenistanyň arheologiki ýadygärlikleri ilkidurmuş döwri..........................................................................86-88
Bürünç asyrynyň arheologiýasy.......................................89-112
Gadymy Günorta-gündogar ýurtlaryň arheologiýasy. (Mesopotamiýa, Gündogar. Ortaýer deňzi, Kiçi Aziýa, Eýran, Owganystan, Merkezi Aziýa ýerleri.)............................113-121
**Mis-demir asyry**
Altyn depe we Marguş siwilizasiýalary..........................122-125
Gara deňziň demirgazyk kenaryndaky şäherleriň we döwletleriň arheologiýasy.......................................125-133
**Demir asyrynyň arheologiýasy...................................134-157**
Gadymy–Rus şäherleriniň arhelogik öwrenilişi (Nowgorod)..............................................................158-169
Gadymy slawýanlaryň arhelogiýasy...............................170-178
Irki demir asyry..............................................................178-183
Irki demir asyry Dünýäniň Ýewropa böleginde..............184-191
Merkezi Aziýa ýerindäki gul eýeçilik zamanyna degişli arheologiki ýadygärlikler(Termez, Halçaýan, Horezm).192-236
Merkezi Aziýada we ýakyn gündogarda antiki medeniýet (Parfian, Greko-Baktriýa, Kuşan)..................................237-247
Günorta Aziýa. Gadymy Hindistanyň medeniýeti.
**Günorta-gündogar Aziýanyň arheologiýasy.**

Wýetnam, Dongoşon swilizasiýasy. (Mongoliýa, Hytaý, Koreýanyň gadymy medeniýeti, Gadymy Ýaponiýanyň arheologiki medeniýetleri)...........................................248-254
**Günorta Sibir, Merkezi Aziýa we Uzak Gündogar ýerleriniň arheologiýasy.............................................255-260**
**Gündogar Ýewropa ýurtlarynda gadymy gul eýeçilik we feodal jemgyýetçilik döwrüniň arheologiýasy...........260-262**
Aziýanyň gul eýeçilik we irki feodalçylyk döwletleriniň arheologik ýadygärlikleri..............................................263-268
Merkezi Aziýanyň Orta asyr ýadygärlikleri. .................268-285
Beýik ýüpek ýoly..........................................................287-290
Gadymy Merw Beýik ýüpek ýolunda.............................291-336
Merkezi Aziýa ýerlerindäki Orta asyr arhitektura ýadygärlikleri. Köneürgenç, Maşady-Misserian, Ahal we Etek, Saragt, Gadymy Merw, Penjikent Türkmenabat (Amul), Sogd-Samarkant, Buhara, Otrar, Türkistan, Owganystan, Eýran...........................................................................337-357
Kawkaz irki demir asyrynda..........................................357-360
Kawkaz halklary b.e.öňki I müň ýyllykda.....................361-366
Kawkaz, Gündogar Ýewropa, Alynky Aziýa ýurtlarynyň ýadygärlikleri...............................................................367-371
Buhara we Samarkandyň arhitektura ymaratlary………371-374
**Peýdalanylan edebiýatlar……………………………375-376**